**G. Eýeberdiýew, H. Hajygurbanow**

# BANK IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat-2012

UOK 336:378
E 86

**G. Eýeberdiýew, H.Hajygurbanow**
E 86 **Bank işi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.–A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012

«Bank işi» okuw kitaby iki bölümden, 32 bapdan ybarat bolup, onuň birinji bölüminde banklaryň peýda bolmagy we ösüş taryhy, bank işiniň ykdysady we hukuk esaslary açylyp görkezilip, ýurdumyzda hereket edýän iki derejeli bank ulgamynyň esasy düzüm bölegi bolan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we täjirçilik banklarynyň işiniň esasy ugurlary we aýratynlyklary hem-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe olaryň işlerini kämilleşdirmek barada gürrüň edilýär.

Kitabyň ikinji bölüminde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, täjirçilik banklarynyň işini guramak, karzlaşdyrmak ulgamy, onuň düzüm bölekleriniň häsiýetnamasy, täjirçilik banklarynyň karz syýasaty, karzlaşdyrmak we onuň aýratynlyklary, Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň maglumatlary halkara tejribesine esaslanyp açylyp görkezilýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplara niýetlenilip, ondan bank ulgamynda işleýän hünärmenler hem peýdalanyp bilerler.

TDKP № 250, 2012 KBK 65.9 (2) 262 ýa73

© G Eýeberdiýew, H.Hajygurbanow, 2012.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Häzirki zaman bazar ykdysadyýeti şertlerinde pul-karzy kadalaşdyrmak pul dolanyşygynyň guralyşyna we banklaryň esasy rol oýnaýan töleg-hasaplaşyk amallaryna daýanýar.*

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ykdysadyýetde düýpli özgertmeler bolup geçýär. Ykdysady syýasatyň esasy strategik meselesi milli ykdysadyýeti hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak hem uzak möhletli geljekde ýurdumyzyň durnukly ösüşi üçin ykdysady binýady döretmek bolup durýar. Döwletimiziň ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrylyp, diwersifikasiýalaşdyrylyp, täzeden guralma we radikal özgertmeler tapgyryna girdi. Ykdysady ulgamlar bilen bilelikde häzirki döwürde ösüşi gazanmakda halkyň durmuş, ýaşaýyş derejelerini ýokarlandyrmaklykda beýleki ulgamlar bilen bir hatarda bank ulgamynyň we onuň gurallarynyň orny we ähmiýeti artýar.

Islendik döwletde özgertmeler ykdysadyýetiň obýektiw kanunlaryna esaslanýar. Häzirki döwürde dünýäde maliýe çökgünligi, onuň zyýanly netijeleriniň öwezini dolmak meselesi birnäçe döwletlerde esasy wezipe bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli we oýlanşykly ykdysady syýasatynyň netijesinde ýurdumyzda ykdysady ösüşiň ýokary derejeleri saklanýar. Şeýle ösüşleri gazanmak ýurtda ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak netijesinde gazanylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda dünýä tejribesine laýyk gelýän bank kanunçylyk binýady we iki derejeli bank ulgamy döredilendir. Bu ulgamda esasy orun Türkmenistanyň Merkezi bankyna we täjirçilik banklaryna degişli bolup, olaryň işleýşi döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýar. Bank hyzmatlarynyň bazarynda sagdyn bäsleşik esasynda täjirçilik banklary müşderiler bilen şertnama esasynda olara bank hyzmatlarynyň we amallarynyň giň toplumyny teklip edýärler. Şu nukdaýnazardan, bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň bilim we hünär özgertmelerinden ugur alyp, bank ulgamynda işlejek hünärmenlerden ýokary ussatlyk, ylmy potensialy yzygiderli artdyrmaklyk, döredijilikli oýlanmak, ylmyň, tehnikanyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmak talap edilýär.

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» nusgalyk okuw gollanmasynda şeýle ýazýar: «Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank ulgamy Täze Galkynyş eýýamynyň düýpli özgertmeleriniň akymynda ykdysadyýetiň depginli ösýän ulgamy bolup durýar. Milli ykdysadyýetiň ösüşiniň islegleriniň maliýe üpjünçiligi, milli manadyň hümmetiniň durnuklylygyny saklamak, bank hyzmatlarynyň häzirkizaman toplumyny bermek we çekilen serişdeleri netijeli peýdalanmak Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarydyr.»

Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösdürilmegi eýeçiligiň döwlet we döwlete dahylsyz görnüşleriniň subýektlerine, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirkizaman bank hyzmatlarynyň berilmegini üpjün eder, ykdysadyýetiň ösýän isleglerine laýyklykda bank hyzmatlarynyň hilini kämilleşdirmäge, pul dolanşygyny çaltlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmaga, netijeli pul-karz syýasatyny geçirmäge we milli manadyň satyn alyjylyk ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam berer.

Bank ulgamyny ösdürmegiň strategiýasynyň esasy ugurlary Türkmenistanyň bank ulgamyny özgertmegiň esasy netijesi bolup, onuň ygtybarlygynyň düýpli ýokarlandyrylmagy, ulgamlaýyn bank çökgünlikleriniň öňüni almak maksady bilen durnuklylygyň pugtalandyrylmagy, ilatyň we kärhanalaryň süýşürintgilerini jemlemek

we olary karzlara hem-de maýa goýumlaryna geçirmek boýunça bank ulgamynyň wezipeleriniň durmuşa geçirilişiniň hiliniň ýokarlandyrylmagy, maýadarlar, şol sanda daşary ýurtly maýadarlar, goýumçylar, ilkinji nobatda ilat tarapyndan bank ulgamyna ynamyň dikeldilmegi we pugtalandyrylmagy durýar. Şol bir wagtyň özünde bank ulgamynyň wezipe ornuny ýokarlandyrmak zerurdyr, kem--kemden ýurduň bank ulgamynyň işiniň görkezijilerini geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň ösen toparlarynyň ykdysady ösüş derejesi boýunça öňdebaryjy ýurtlaryň bank ulgamlarynyň ölçeglerine ýakynlaşdyrmak hem zerurdyr. Bank ulgamy üçin çelgi bolup bank ulgamynyň aktiwiniň JIÖ – 45-50%, bank ulgamynyň kapitalynyň (maýasynyň) JIÖ – 5-6%, ykdysadyýetiň anyk ulgamynyň JIÖ – 15-16% gatnaşygy durýar. Bu maksatlara ýetmegiň mümkinçiligi JIÖ-niň ösüşine degişli döwletiň çaklamasy we anyk ykdysady ulgamdaky durmuş özgertmeleriniň depginleri, şeýle hem kanunçylygy kämilleşdirmegiň barşy we onuň iş ýüzünde durmuşa geçirilişi bilen kesgitlenilýär.»

Hormatly Prezidentimiziň nusgalyk kitaplaryndan ruhlanyp taýýarlanylan «Bank işi» okuw kitaby ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde ykdysady hünärleri boýunça okaýan talyplar we şu ulgamda işleýän hünärmenler üçin niýetlenendir.

Okuw kitaby iki bölümden ybarat bolup, birinji bölüminde banklaryň peýda bolmagy, bank işiniň ykdysady we hukuk esaslary, täjirçilik banklarynyň işleri, olaryň aýratynlyklary, likwidliligi, töwekgelçilikleri we olary dolandyrmagyň usullary barada aýdylýar.

Ikinji bölümde Merkezi bankyň, tajirçilik banklarynyň we karz edaralarynyň işini guramagyň esaslary, aktiw we passiw amallary, karzlaşdyrmak ulgamy, karz syýasaty, banklaryň nagt we nagt däl hasaplaşyklary, banklarda hasap we hasaba alşy guramak, bank menejmentiniň we marketinginiň esaslary, bank gözegçiligi we bank auditini hem-de bank işiniň maglumat ulgamlary beýan edilýär.

# I BÖLÜM

## I BAP. BANKLARYŇ PEÝDA BOLMAGY WE ÖSÜŞ TARYHY

### 1.1. Bank amallarynyň başlangyjy

Biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllykdan başlap, adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda *haryt pullary* (mal, däne, bagana, gön-deri we beýlekiler) peýda bolup ugrapdyr. Olaryň artykmaçlygy uzak wagtyň dowamynda jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilen, hemişe çalşyp bolýan haryt hökmünde çykyş edip bilmek ukybyndan ybaratdyr. Beýleki pullaryň, şol sanda metal pullaryň ornaşmagy haýal bolup geçipdir. Söwda üçin guýma gymmat baha metallar ýetmezçilik edipdir. Bu bolsa harytlary göni alşyp-çalyşmaga geçmäge mejbur edipdir. Haryt pullary ilatyň arasynda gündelik dolanyşyk serişdesi, halkara alyş-çalyş üçin önüm, şeýle hem döwletleriň ätiýaçlyk gory bolup hyzmat edipdir.

Pul hojalygynyň başky döwürlerine degişli materiallary biz desgalaryň, ybadathanalaryň işinde tapýarys. Ybadathanalar özleriniň pul amallaryny hem haryt ölçeginde, göni alyş-çalyş arkaly hasaba alypdyrlar. Olar haryt pullaryny saklamagy üpjün edipdirler, kassa amallaryny geçiripdirler, hasaba alyş we hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetiripdirler. Bu amallar agram birliklerinde alnyp barlypdyr. Pullaryň görnüşleriniň kämil däldigi sebäpli emele gelen kynçylyklar (saklanýan zatlaryň möçberiniň köp bolmagy, olary ýerleşdirmek, hasaba almak) wagtal-wagtal bir ekwiwalentleri beýleki ekwiwalentlere çalşyp durmaga mejbur edipdir. Şol bir wagtyň özünde haryt pullarynyň bölünmegini, birleşdirilmegini, birmeňzeşligini we iň esasysy hem haryt pullarynyň köp harajat talap edýän saklamak meselesini üpjün etmeli bolupdyr. Metallar (mis, bürünç, gurşun, altyn) ählumumy ekwiwalent häsiýetine eýe bolupdyr. Kem-kemden kümüş bilen altyn ählumumy ekwiwalent bolup başlaýar, olar haryt pullarynyň dürli görnüşleri bilen bir wagtda dolanyşykda bolup ugraýarlar.

Pullaryň köp sanly dürli görnüşleriniň dolanyşykda bolýan şertlerinde pul dolanyşygyny ýönekeýleşdirmek we ýeňilleşdirmek üçin pullaryň bir görnüşiniň beýleki bir görnüşe çalt çalşylmagy zerur bolýar. Kem-kemden ybadathanalarda täze pul amallary – *çalşyk amaly*, soňra bolsa h*aryt pullaryny tölegli saklamak amaly* peýda bolýar we güýçlenýär. Ybadathanalar *karz bermek* bilen hem meşgullanypdyrlar. Karz amallarynyň artmagy olara ýer böleklerini satyn almaga we satmaga, salgytlary töletdirmäge, döwlet emlägini dolandyrmaga mümkinçilik beripdir. Ybadathanalaryň karz amallary aýratyn hukuk kadalaryny berjaý etmek bilen resmileşdirilýär. Karz bermegiň şertleri gaty berk, bergi borçlary boýunça jogapkärçilik bolsa örän ýokary bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki XVIII asyrdan başlap, şunuň ýaly düzgünleşdirme wawilon patyşasy Hammurapiniň kanunlar ýygyndysynda gabat gelýär. Kanunçylyk çäreleri diňe bir pul amallaryny ýöretmegiň kadalaryny bellemän, eýsem süýthorluga garşy hem gönükdirilipdir.

*Süýthorlyk (göterimine bermek)* gadymy pul hojalygynyň çäklerinde döräp ugran bank işinden tapawutlandyrylmalydyr. Göterimine beriji (süýthor) öz maýasyny karzyna beripdir. Şonda onuň karz berip bilýän pul möçberiniň ýokary derejesi berk çäklendirilipdir we bu pul möçberi örän uly möçberlerde artyp bilmändir. Geljekki bankçynyň tapawutly tarapy beýleki adamlardan pul goýumlary hökmünde alan serişdelerini karz bermeginden we adatça öz maýasyny karzyna bermänliginden ybaratdyr. Göterimine beriji bilen deňeşdirilende onuň üçin has köp möçberdäki karz serişdeleri elýeterli bolupdyr. Ol näçe köp adamy goýum goýmaga yryp bilse, şol derejede hem köp karz berip bilipdir.

Pul serişdelerini ybadathanalara ynanmagyň emele gelen däpleri diňe bir gadymy Gündogarda ýaýraman, eýsem gadymy Gresiýada we gadymy Rimde, soňra bolsa orta asyr Ýewropasynda hem işjeň özleşdirilipdir. Belli grek ybadathanalary (Delfiý, Efes we ş.m.) pul amallaryny ýerine ýetirmegi aýry-aýry adamlara ynanypdyrlar, aýry--aýry pul amallaryny geçirmegi olara beripdirler.

Ybadathanalaryň pul amallaryny geçirmekdäki agalyklaryny ýatyrmagyň barşynda döwletler biziň eramyzdan öňki VII asyrdan başlap puly özbaşdak zikgelemek (ýasamak) hukugyny durmuşa geçirip ugraýarlar. Pul dolanyşygyny standartlaşdyrmak we monet-

leşdirmek döwletiň ygtyýaryna geçýär. Pullaryň zikgelenmegi ýurtlaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam edýär. Pul serişdeleriniň jemlenmegi saklamagyň we toplamagyň amatly görnüşleri bilen ýeňilleşdirilýär. Döwletleriň ykdysady aragatnaşyklary birsyhly we durnukly häsiýete eýe bolýar.

Zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiniň ösmegi, hünärleriň we senetleriň aýrybaşgalaşmagy söwda geleşikleriniň we tölegleriň sanyny artdyrýar. Pul dolanyşygy söwda we töleg dolanyşyklaryny çaltlandyrmak üçin esas döredýär. Täjirçilik töwekgelçilikleriniň we kynçylyklarynyň bolmagynda pul ätiýaçlyklarynyň jemlenmesi bolup geçýär. Pul amallary bilen söwda öýleri meşgullanyp başlaýarlar. Mysal üçin, Egibi we Muraşu atly wawilon öýleri (b.e.ö.VII-V asyrlar) aýry-aýry pul amallaryny ýerine ýetirýärler, karz hojalygy bilen meşgullanýarlar. Olar harytlary satyn almak-satmak boýunça *komission amallary* geçirýärler we dil haty ýazdyryp hem-de harytlary we gozgalmaýan emlägi girewine goýduryp karz berýärler. Müşderileriň hasabyna satmak we töleg geçirmek we işi maliýeleşdirýän goýumçy hökmünde söwda işlerine gatnaşmak olar üçin häsiýetli bolupdyr. Olar ykrarhatlary we geleşikler düzülende maslahatçylar ýa-da ynanylan adamlar bolup çykyş edipdirler.

Gadymy Wawilonda döwlet pul eýeleriniň bähbitlerini beýan etmek bilen, karz gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirip başlaýar. Söwda öýleri üçin belli bir bazar gymmatlyklary bolan harytlary girewine goýmak bilen karz bermek ýaly pul amallary ähmiýete eýe bolýar. Söwda öýleri täjirçilik amallaryny amala aşyrmak bilen hasaplaşyk we karz hasaplaryndan yzygiderli girdeji alýarlar. Erkin pul serişdeleri gozgalmaýan emläge we gullara (gul satyn almaga) goýulýar.

Pul tölegleriniň çeýeligini emele getirýän *karz amallary* prinsipial ähmiýete eýe bolýar. Töleg serişdeleri barada alada etmek döwletiň wezipesine öwrülýär. Söwda öýleri ýitgi çekýändiklerini bilip dursalar-da, müşderilere karz bermäge taýýardyklaryny mälim edýärler. Içerki söwda dolanyşygynda metal pullaryň ähmiýetine eýe bolan *ýörite dil hatlarynyň* („gudu») çykarylmagy söwda öýleriniň pul amallaryny bölüp aýyrýar we pugtalandyrýar.

Gadymy Gündogarda söwda öýleri bilen bir hatarda söwda agentleri (ýa-da tamkarlar) hem täjirçilik amallaryny ýerine ýetirip

başlaýarlar. Guýma metal görnüşindäki pullary satmak we satyn almak olaryň möhüm amallaryna öwrülýär. Olar täjirçilik işlerini döwletiň hasabyna hem, öz hasaplaryna-da alyp barýarlar. Wagtyň geçmegi bilen iri tamkarlar öz söwda öýlerini döredýärler, döwlete «karz berýärler» we olarda gündelik harajatlar üçin pul serişdeleriniň ätiýaçlygy bolýar. Öz kömekçileriniň, ýagny öz pul serişdeleri bolmadyk täjirleriň (şamallu) kömegi bilen tamkarlar köp amallary, şol sanda karz amallaryny geçiripdirler. Şeýle etmek bilen olar halkara söwda we karzlaşdyrma işlerine goşulyşypdyrlar. Ýer eýesinden ýeri almazdan ony (ýeri) girewine goýmak arkaly karz bermek *(ipoteka)* ýaýrapdyr.

Gönüden-göni söwda alyş-çalyş işlerini, esasan, gullar ýerine ýetiripdirler. Olar **obrok** töläpdirler, ähli howplary we töwekgelçilikleri boýunlaryna alyp, özbaşdak hereket edipdirler we döwlet hem-de söwda öýleri üçin peýdaly bolupdyrlar. Berlen emläge ygtyýar etmek bilen olar özi ýalylara pul we haryt görnüşinde karz beripdirler we alypdyrlar. Söwda bilen meşgullanmak, ol ýa-da beýleki pul amallarynda şaýat hökmünde çykyş etmek bilen, olar hukuk obýektleri we subýektleri hökmünde ykrar edilipdirler. Olara emlägi (şol sanda gozgalmaýan emlägi: öýleri we ýer böleklerini) girewine goýmak we satyn almak, emlägiň girew saklaýjysy bolup çykyş etmek mümkinçiligi berlipdir. Bilelikde karz alan halatlarynda gul öz eýesiniň kepilçisi bolup bilýär ekeni.

Gadymy Gresiýada trapezitleriň (gadymy grek dilinden terjime edilende *trapezit* - «stoluň başyndaky adam» diýmekdir) peýda bolmagy bilen pul hojalygy möhüm döwlet ähmiýetine eýe bolýar. Trapezitler 33 şäherde öz amallaryny ýerine ýetirýärler. Belli bir derejede ýöriteleşme görnüp ugraýar. Müşderileriň hasabyna goýumlary kabul etmegi we tölegleri geçirmegi trapezitler amala aşyrýarlar, pul çalyşmak işi bilen argiramoýslar meşgullanýarlar.

Trapezitleriň işi b.e.ö. III asyrdan başlap has giň ýaýraýar. Batyp galmagyň ýa-da kazyýetde işe seredilmegiň netijesinde olaryň käbiri öz işini bes edýär. Çalşyk amallaryny – *dürli döwletleriň pullaryny satmak satyn almak* amallaryny ele almak bilen, trapezitler ýokary girdeji alypdyrlar. Şaýy (monet) pullardaky metalyň düzümini,

aýry-aýry şäherleriň (polisleriň) dürli-dürli pullarynyň (1136 polis öz puluny çykarypdyr) hümmetini bilmekleri, könelme derejesini kesgitlemek ukyplary, gaýtadan zikgelemek mümkinçiligini öňden görmekleri, olary öz işiniň hakyky ussady edipdir.

Pul hojalygyny ýöretmegiň däpleri gadymy Rimde hem bolupdyr. Ybadathanalaryň we söwda öýleriniň çäklerinde töleglerde araçyllyk işiniň kämilleşmesi bolup geçýär, toplanýan serişdeleriň artmagy we olaryň jemlenmegi höweslendirilýär. Hususy eýeçilik institutynyň hukuk taýdan berkidilmegi we onuň netijeli peýdalanylmagy pul hojalygynyň ösüşine ýardam edýär.

Döwlet tarapyndan mejbury görnüşde mülkleri hususy eýeçilige satyn almak üçin gönükdirilýän pul maýasynyň toplanýan şertlerinde pul hojalygynyň hünärmenleri (argentariýler) assosiasiýalar döredýärler. Olarda telekeçilik töwekgelçiligi ähli gatnaşyjylara deň bölünýär. Assosiasiýalar döwlet salgytlaryny töletdirmek borçlaryny öz üstlerine alýarlar. Kabul edilýän goýumlaryň atlandyrylyp çäklendirilmeýändigi netijesinde pul serişdelerinden peýdalanmak ýeňilleşýär. Assosiasiýalar miras işlerini alyp barýarlar, olara gatnaşyjylar nika şertnamalary baglaşylanda şaýat bolup çykyş edýärler. Olar köpçülikleýin söwdalarda harytlary satmaga hem gatnaşýarlar. Alnan pullar ynanç hatyny bereniň karzyna ýazylýar.

Pul dukanlarynyň (lawka) sany argentariýleriň sanyna laýyklykda düzgünleşdirilipdir. Pul çalyşmak işi bilen meşgullanýan beýleki hünärmenleriň (numulýariýleriň) pul amallaryny geçirmäge hukuklary bolmandyr. Gadymy Rimde 50-ä golaý assosiasiýalar we 800 töweregi göterimine pul berýänleriň (pul çalyşýanlaryň) edaralary bolupdyr. Olar ownuk karz alyjylar üçin özara bäsleşipdirler. Pul goýumlaryny çekmek we täjirler kollegiýalary, döwlet edaralary bilen şertnamalary ýerleşdirmek ugrunda bäsleşik gidipdir. Durnukly pul dolanyşygy şertlerinde assosiasiýalar belli pul amallaryndan peýdalanypdyrlar. Assosiasiýalaryň telekeçilik işiniň esasy döwlet tarapyndan hemişe goldanypdyr.

Ybadathanalaryň tersine, döwlet çökgünlik döwürlerinde assosiasiýalary goldapdyr. Goldawyň girew häsiýeti bolupdyr. Rim raýatlarynyň ogullaryna tohumlyk çigit satyn almak üçin gaznanyň döredilmegi bilen karzy üpjün etmek hökmünde alnan karz pula satyn

alnan dänäniň ekilýän ýer bölegi kabul edilipdir. Içerki we halkara töleglerini geçirmek bilen şertlendirilen söwda-komission amallar (gymmat metallary, daşary ýurtlaryň metal pullaryny satyn almak we satmak) işjeň peýdalanylypdyr. Assosiasiýalar zamun hatlaryny, kepilnamalary we pul görnüşinde ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan, üçünji taraplaryň beýleki borçnamalaryny bermegi we buhgalterlik we geňeşdarlyk hyzmatlaryny goşmak bilen, ynanç haty boýunça amallary amala aşyrypdyrlar.

Karz amallarynyň özüniň süýthorlyk häsiýeti bolupdyr. Karzyň esasynda karz berijiniň talaby arkaly iki tarapyň ýerine ýetirýän şertleşigi ýatyr. Süýthor üçin karz amallary baýlyk toplamak serişdesi bolup hyzmat edipdir we telekeçilige gyzyklanmagy höweslendirmändir. Katolikleriň buthanasy (V a.) göterimine karz berme baradaky kanuny gadagançylygy ähli hristianlara degişli edipdir. Wizantiýanyň imperatoryÝustian (VI a.) täjirlere ýyllyk 8%, galan adamlara 6%-den ýokary bolmadyk möçberde karz bermäge rugsat edýär.

Gadymy Rimiň assosiasiýalarynyň işi pul telekeçiliginiň esasyny goýupdyr. Olar tarapyndan hasaplaşyk we karz üpjünçiligi hem-de döwlet tarapyndan hukuk taýdan düşgünleşdirme amala aşyrylypdyr. Altyn ätiýaçlygynyň artmagynyň, daşary ýurtlarda zikgelenen metal pullaryň dolanyşykdan çykarmagyň hasabyna pul maýasynyň toplanmagyny höweslendirmek we pul ulgamynyň pugtalanmagy bolup geçipdir. Söwda geleşikleri üçin goýum kagyzlarynyň çykarylmagy, gaýtadan zikgelemegiň ýerine milli pula içerki gaýtadan baha berme, üçünji taraplaryň hasabyna tölegler,  bular şol döwür üçin häsiýetli amallardyr.

## 1.2. Ilkinji karz edaralary

Aýratyn alnan bir karz berijiniň banka öwrülmegi taryhy babatda siwilizleşen jemgyýetiň ösüşiniň haryt alyş-çalşynyň tötänden bolmagyny bes edýän, karz bermek işiniň geriminiň bolsa onuň täjirçilik söwdasyndan aýrybaşgalaşmagyny talap edýän döwründe bolup geçýär. Orta asyr şäheriniň ykdysadyýeti üçin pul hasap-

laşyklarynyň guralmagy aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýar. Bank işiniň özi diňe bir özüniň däl, eýsem kesekiniň pul serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylypdyr.

Bank işiniň ýüze çykmagy diňe bir «wakuum» ýa-da emele gelýän pul (monet) dolanyşygynyň şertlerinde däl-de, adam durmuşynyň we önümçilikleriň beýleki aýry-aýry ugurlary – altyny we kümüşi gazyp almak, kagyz öndürmek, gatnaşyk serişdelerini ýola goýmak bilen gönüden-göni baglanyşykda bolup geçýär. Şeýle hem ylmyň aýry-aýry pudaklarynyň – matematikanyň, astronomiýanyň, fizikanyň, himiýanyň we alhimiýanyň ösüş prosesinde olar bilen özara baglanyşyk bolýar. Ähli jemgyýetçilik görnüşleri telekeçiligiň görnüşi hökmünde bank işiniň emele gelmegine amatly ýagdaý döredýär.

Rim imperiýasynyň ýykylmagy bilen pul hojalygynyň çökgünligi peýda bolýar. Ol IX asyrdan başlap, Demirgazyk Italiýanyň iri şäherlerinde (Genuýa, Wenesiýa, Florensiýa, Milan, Siena we beýl.) söwdanyň we senagatyň gülläp ösmegi bilen ýeňlip geçilýär. Şäher häkimiýetleriniň aýratyn hukuklar bermegi netijesinde italýan assosiasiýalary ykdysadyýetde öňdebaryjy ähmiýete eýe bolýarlar. Kem-kemden pul maýasyny paýlamak göterimine berýänlerden (süýthorlardan) assosiasiýalara geçýär. Assosiasiýalar hem pul serişdelerini çekmegiň we olary şäherleriň bähbitlerine laýyk ulanmagyň kepili bolup çykyş edýärler. Bu bolsa assosiasiýalaryň jogapkärçiligini artdyrýar, olara bolan ynamyň derejesini kesgitleýär.

Karz pullaryň hemişelik görnüşi hökmünde weksellere geçilende süýthorluk bilen karz geleşikleriň arasynyň kesgitli çäklendirilmegi bolup geçýär. X-XI asyrlardan başlap, Ýewropada ykdysady maglumaty berkitmegiň serişdesi hökmünde kagyzyň peýdalanylmagy pul amallaryny (täjirçilik borçnamalaryny kabul etmek, şertnamalary resmileşdirmek, hasapçylyk we beýlekiler) ýönekeýleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Şunuň bilen bir wagtda assosiasiýalaryň, aýratyn-da Wenesiýa bilen Genuýanyň assosiasiýalarynyň arasynda bäsleşik güýçlenýär.

1171-nji ýylda Wenesiýada birnäçe onýyllyklaryň dowamynda hereket eden ýapyk görnüşli paýçylar şereketi depozit (goýum) bankynyň keşbine eýe bolýar. Döredilýän şereketler (banklar) şäherli

baý adamlaryň eýeçiliginde bolupdyr. Şeýle-de bolsa, şäher häkimiýetleri tarapyndan olara jemgyýetçilik kassasy hökmünde garalypdyr. Şäher häkimiýetleri bank işini tertipleşdirmeli we düzgünleşdirmeli bolupdyrlar. Şereketleri şäheriň wekiline-söwda konsulyna girew beripdirler. Wagtyň geçmegi bilen onuň bahasy ýokarlanypdyr.

Orta asyr Italiýasynyň köp şäherlerinde şereketleriň işi şäher häkimiýetleriniň agalygynda diýip yglan edilipdir. Häkimiýetlerden alynýan karzlar soňy bilen şereketleriň tozup gitmeklerine getiripdir.

Orta asyrlar döwründe *nagt däl hasaplaşyklar* ösüşe eýe bolýar, ýagny  olara gatnaşyjylara hasap iberilipdir, bir hasapdan beýleki hasaba puluň geçişi bolsa müşderileriň gatnaşmagynda şereketleriň kitaplaryna ýazylypdyr. Pul goýumlarynyň kabul edilmegi we olaryň hasaplarda görkezilmegi işiň tehnologiýasyny üýtgedýär. 1619-njy ýylda Wenesiýada hereket eden jemgyýetçilik şereketi **žirobank** (dolanyşyk) diýip atlandyrylypdyr. Pul tölegleri we olary çalyşýan hasaplaşyk resminamalary onuň esasy alamatlary bolupdyr.

## 1.3. Merkezi banklaryň gelip çykyşy

Bank işiniň ösüşiniň çäklerinde XVII asyrda merkezi banklar taryhy taýdan möhüm orna eýe bolýarlar. Wagtlaýyn gündelik kynçylyklar we likwidli (likwid) görnüşinde pul ätiýaçlyklarynyň bolmagynyň zerurlygy töleg serişdelerine bolan islegi güýçlendirýär. Töleg dolanyşygynda peýda bolan wekseller çalşygy ýeňilleşdiripdirler, ýöne pul dolanyşygyny çaltlandyrmaga mümkinçilik bermändir. Wekseliň çäkli dolanyşyk çygry lomaý söwda bolupdyr. Wekseliň kömegi bilen bölek harytlary karzyna alyp bolmandyr. Karz gatnaşyklary ösdügiçe weksel dolanyşygynyň giňelip, öwezi dolunýan haryt dolanyşygy bilen dolanyşykdaky doly bahaly pullaryň möçberiniň arasyndaky nätakyklyk güýçlenipdir.

Dolanyşykdaky pullaryň çalt sürtülip ulanyşdan çykmagy sebäpli pul hojalygy durnukly bolmandyr. Döwletiň ygtyýarynda bar bolan metalyň çäklidigi, zikgehanalaryň sanynyň köpelmegi we pul zikgelemegi üpjün edýän tehniki serişdeleriň bolmazlygy hem muňa ýardam edipdir. Şeýle-de bolsa, XV-XVI asyrlaryň beýik geografiki

açyşlarynyň barşynda bank işi mundan beýläk hem ösüşe eýe bolýar. Iri banklaryň hereketleri bäsleşigi güýçlendirýär, pul amallarynyň ýöriteleşmegini höweslendirýär.

Bank işiniň hakyky ösüşi pul dolanyşygynyň kämilleşdirilmegi bilen başlanýar. Metal pullaryň dolanyşygy bilen bir hatarda kagyz pullar peýda bolýar. Gynansagam, kagyz pullaryň artyk çykarylmagy olaryň gymmatynyň peselmegine we pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegiň mümkin bolmazlygyna getiripdir. Kagyz pullar bilen bir hatarda *karz pullar* hem peýda bolýar. Olar dolanyşykda wagtlaýyn bolýan kagyz pullardan tapawutlylykda puly doly çalşypdyrlar. *Karz dolanyşyk serişdelerini* çykarmak banklaryň emission wezipesi bolýar. Karz pullaryň emissiýasynyň ilkinji esasy täjirçilik karzlaşdyrmasy üçin wekselleriň dolanyşygy boldy. Bergi borçlary hökmünde wekseller hereketiň aýratyn görnüşine eýe bolmak bilen, puluň roluny oýnap başlaýarlar. Olar wekselde görkezilen üzülmeli möhlete çenli töleg serişdesi hökmünde peýdalanylýar. Weksel likwidlilik häsiýetine eýe bolan ýagdaýynda oňa puluň häsiýeti berilýär.

Wekseliň jemgyýet tarapyndan pul ekwiwalenti hökmünde ykrar edilen banknota öwrülmegi *banklaryň emission amallary* tertibinde amala aşyrylýar. Banklarda wekseller metal pullaryň we kagyz pullaryň deň gymmaty bolan möçberine çalşylýar (hasaba alyş göterimini aýyrmak bilen). Bergi borçlaryny jemlemek bilen, banklar hasaba alyş wekselleri boýunça ahyrky hasaplaşyklar üçin jogapkärçiligi öz üstlerine alýarlar. Banklar tarapyndan çykarylýan banknotlar ählumumy peýdalanyş ulgamyna girýärler we olara nagt pullar hökmünde seredilip başlanýar.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Şwesiýada we Angliýada *emission işiň döwlet görnüşiniň* ilkinji nusgalary peýda bolýar. Banklaryň ikisi hem hususy telekeçiligiň esasynda döreýär. Emma örän tiz wagtda, ýagny  birnäçe onýyllyklaryň dowamynda döwlet (patyşalyk) banklarynyň derejesini alýarlar.

Hususy banklaryň banknot dolanyşygynyň düýpli ýetmezçiligi bolupdyr, ýagny  banknotlary hemişe kabul etmek we çykarmak zerurlygy, bank bilen banknotlary satyn alýan müşderileriň ara-

syndaky gatnaşyklar tarapy häsiýete eýe bolmandyr. Banknotlaryň eýeleriniň köp ýagdaýda bankyň karza ukyplydygyny bilmäge ýagdaýlary bolmandyr. Jemgyýet tarapyndan banknotlara bildirilen ynamyň hususy emission banklaryň dörän döwri we işiniň gerimi bilen kesgitlenýän ykdysady esasy gowşak bolupdyr.

Stokgolmyň banky (geljekki Riksbank) 1650-nji ýylda wekselleriň görnüşi hökmünde *depozit sertifikatlaryny* peýdalanmak bilen baglanyşykly oňaýsyzlyklardan (gysga dolanyşyk möhleti, üzülende karz göterimini hasaplamak talap edilmegi) dynmak maksady bilen, gymmatly kagyzlar hökmünde görkezijä degişli bolan göterimsiz çekler çykarypdyr. Çekleriň (biletleriň) töleg güýji bolupdyr. Olar metal pullaryň ähli wezipelerini ýerine ýetirip we wekseller üzülende kabul edilip başlanypdyrlar. Diňe 1668-nji ýylda bu bank patyşalyk (korollyk) banky diýip atlandyrylyp başlapdyr.

Angliýada hem şunuň ýaly ýagdaý emele gelýär. Bu ýagdaý korol Karl II Londonyň hususy bankçylaryndan uly möçberde karzyna pul almagy, soňundan bolsa gaýtaryp bermekden boýun gaçyrmagy bilen çuňlaşypdyr. Bu bolsa iňlis bankçylarynyň maliýe ýagdaýyny ýaramazlaşdyrypdyr. Parlament bu işe goşulyşmaly bolupdyr. Bar bolan hususy bankyň esasynda korollyk banky döredilýär. Ol döwlete ýyllyk 8% bilen 11 ýyl möhlete öz serişdelerini karzyna beripdir. Bank öz töleg serişdeleriniň emissiýasyny ýola goýmagy başarypdyr. Bu serişdeleriň möçberi hasaba alyş amallarynyň möçberine bagly bolupdyr. 1694-nji ýylda Angliýanyň banky hakykat ýüzünde öz işine başlaýar. Telekeçiligi guramagyň emele gelen görnüşinden (paýdarlar jemgyýeti) peýdalanmak bilen ol döwletden belli bir monopoliýa görnüşinde aýratyn ýeňillik alýar. Bu ýeňillik hökümete karz bermegiň ýerine maýany artdyrmaga hukuk berilmegini göz öňünde tutupdyr.

Ýedi we ondan köp hyzmatdaşlardan durýan hiç bir bankyň banknotlary çykarmaga hukygy bolmandyr (ýarym ýyldan az üzülmeli möhlet bilen). Bu iş ýüzünde paýdarlar jemgyýetleriniň emission işden çykarylmagyna getiripdir. 1742-nji ýyldan başlap Angliýanyň banky banknot çykarmak boýunça ýeke-täk paýdarlar jemgyýeti bolýar. Angliýanyň bankynda «aýratyn ýeňillikleriň jemlenmegi» banknot çykarmakda onuň ýagdaýyny güýçlendirýär. Ownuk banklar onda öz pul serişdelerini saklamaga geçýärler.

XIX asyryň başyna çenli Angliýanyň banky ýurduň merkezi bankynyň alamatlaryny alýar. Angliýanyň bankynyň banknotlary kanuny töleg serişdesi bolýar. 1812-nji ýylda hökümet olary ählumumy (uniwersal) töleg serişdesi diýip yglan edýär. Banklar merkezi bankyň banknotlaryna emission işi üpjün etmegiň serişdesi hökmünde seredip başlaýarlar. Ýerli pul dolanyşygynda Angliýanyň bankynyň borçlary aýgytlaýjy rol oýnap başlapdyrlar. 1844-nji ýylda kabul edilen Pilliň kanuny Angliýanyň bankynyň emission işiniň monopoliýasyny gutarnykly yglan edýär. Altyn bilen üpjün edilmedik banknotlaryň emissiýasy çäklendirilýär. Banklar beýleki banklar bilen goşulanlarynda ýa-da birikdirilenlerinde, şeýle hem emissiýa hukugyndan meýletin boýun gaçyranlarynda emissiýa hukuklaryny ýitirýärler. Täze döredilen banklara emissiýa hukugyny almak gadagan edilýär.

Bölünmeýän banknotlar ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň çäklerinde karz pullara öwrülýärler. Olaryň içerki gymmaty bolmaýar we milli söwda maýasynyň we baýlygynyň hereketi bilen ýakyndan bagly bolup, döwlet karz ulgamynyň pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün edipdir we gymmat häsiýeti boýunça gaznaçylygyň kagyz pullary bilen deň bolupdyr.

Angliýanyň bankynda emission wezipäniň karz işinden aýrylmagy merkezi bank tarapyndan düzgünleşdirilýän pul dolanyşygynyň esasyny emele getirýär. Pul dolanyşygynyň durnuklylygyny saklamak üçin içerki döwlet bergisi işjeň peýdalanylyp başlanýar. 1844-nji ýyldan 1921-nji ýyla çenli aralykda Beýik Britaniýanyň 207 sany hususy bank öýleri we 72 sany paýdarlar banklary emissiýa hukygyny ýitiripdirler.

Beýleki ýurtlarda hem merkezi banklar döräpdir, ýöne bu has gijiräk bolup geçipdir. Meselem, Fransiýanyň banky 1800-nji ýylda, Germaniýanyň banky 1875-nji ýylda, Italiýanyň banky 1893-nji ýylda döredilipdir, ABŞ-da bankyň wezipesini 1913-nji ýylda dörän Federal ätiýaçlyk ulgamy ýerine ýetiripdir.

Merkezi bankda aýratyn ýeňillikleriň jemlenmegi pul maýasynyň merkezleşmegini öňünden kesgitledi, şunuň bilen banklaryň karz

amallary ösüş üçin goşmaça itergi alýarlar we durnuklylyga eýe bolýarlar. Bu bank hyzmatlarynyň edilýän çäkleriniň giňelmeginiň we iri müşderiler üçin ýeňillikleriň bellenmeginiň hasabyna üpjün edilýär. Karz işiniň mundan beýläk hem kämilleşmegi maliýe bazaryndaky bäsleşigiň netijesinde Londonyň (paýtagtyň) banklary bilen welaýatlardaky banklaryň arasynda aram-aram ýüze çykýan gapma-garşylyklary aradan aýyrmaga we ýeke-täk bank ulgamyny döretmäge mümkinçilik beripdir.

Ilkinji merkezi banklaryň tejribesi bu karz institutlarynyň işlemeginiň zerurlygynyň döwlet häkimiýetiniň hereket etmegi we onuň haryt-pul gatnaşyklaryna täsiriniň güýçlenmegi bilen baglydyr. Edil şonuň ýaly ilkinji merkezi banklaryň emission işi hem milli ykdysadyýetiň durnuklylygyny saklamaga gönükdirilendir.

Russiýada XIII asyryň başyndan başlap nemes şäherleri bilen işjeň söwda edilmeginiň netijesinde pul amallarynyň merkezleri – Nowgorod we Pskow  emele gelipdir. Monastyrlarda we buthanalarda söwda öýleri açylypdyr. Haryt we metal pullar bilen berilýän karzlar goýlan emläk bilen resmileşdirilmeýär. Russiýa wizantiýa hukugynyň düzgünlerini, onuň pul amallaryny guraýşyny kabul edýär. Döwlet amallary we göterimleriň ýol berilýän derejesini düzgünleşdirýär. Bu iş bilen meşgullanmak hukugy pul almak bilen tabşyrylýar. XII––XVI asyrlarda ykjam (mobil) pul maýasynyň ýokdugy bellenýär. Pul dolanyşygynyň gümrük paçlary we harytlara goýulýan aksizler görnüşinde daşary ýurt  pullarynyň importyna baglylygy saklanyp galýar. Döwlet tarapyndan belli bir döwür aralygynda geçirilýän reformalar we ýurduň işewür merkezleriniň geografiýa babatda üzňeligi hususy pul telekeçiliginiň ösmegini bökdäpdir.

Russiýada bank işi döwletiň işi hökmünde ösüpdir. Hususy we emissiýa banklary bolmandyr. Merkezleşdirilen Rus döwletiniň döreýän şertlerinde ykdysady aragatnaşyklaryň güýçlenmegi bolup geçýär. Pýotr I-niň  reformalary ýeke-täk monet ulgamyny döredýär, söwdanyň we karz bermegiň ösmegine ýardam edýär.

1754-nji ýylda imperator Ýelizaweta Petrownanyň permany bilen iki sany döwlet banky – *Dworýanlaryň karz banky* we *Täjirler banky*

döredilýär. Birinji bank mülkleri we krepostnoý daýhanlary girew goýdurmak bilen, dworýanlara uzak möhletli karzlary beripdir. Ikinji bank täjirlere rus portlarynyň üstünden daşary söwda amallaryny geçirmek üçin täjirlere karz pul beripdir. Döwlet banklary birnäçe gezek reforma edilipdir, beýleki banklar bilen üsti ýetirilipdir ýa-da çalşyrylypdyr (saklaýyş banky, gaznalary, jemgyýetçilik hossarlygy edaralary). Olar öz aktiw amallaryny gazna tarapyndan berilýän serişdeleriň hasabyna geçiripdirler. Döwlet banklarynyň serişdeleri, köplenç halatda döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň üstüni ýapmaga gönükdirilýär. XVIII asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap döwlet banklary («Mednyý», «Assignasionnyý» we beýlekiler) uzak möhletli karzlaşdyrmak bilen meşgullanýarlar.

XIX asyryň 40-njy ýyllarynda *süýşürintgiler kassalarynyň* döredilmegi kesgitleýji ähmiýete eýe bolýar. Olaryň esasy wezipesi ilatyň pul süýşürintgilerini çekmekden ybarat bolupdyr. Olara saklaýyş gaznalarynyň, döwlet demir ýol stansiýalarynyň, soňra bolsa Döwlet bankynyň bölümleriniň, gaznaçylygyň, okuw mekdepleriniň ýanlarynda döredilýär. 1913-nji ýyla çenli olaryň sany 8 müňden gowrak bolupdyr.

1860-njy ýylda esaslandyrylan *Döwlet banky* döwlete degişli köp sanly banklary çalşypdyr. Döwlet bankynyň esasy wezipesi ýurtda pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek we döwletiň ykdysady syýasatyna laýyklykda hojalygy karz serişdeler bilen üpjün etmek bolupdyr. Döwlet banky gaznanyň komissioneri we gaznaçylyk biletleriniň emitenti bolup çykyş edýär. Hereket edýän kanunçylyk Döwlet bankynyň emission wezipelerini düzgünleşdirmändir. Bankyň ähli işini maliýe ministri ugrukdyrypdyr. Iki onýyllygyň dowamynda bankyň ähli işi ozal hereket eden döwlet banklaryny ýapmaga bagyşlanypdyr. 1894-nji ýyldan Döwlet banky *merkezi emission bankyň* wezipesini alýar, döwletiň kredit biletleri berk çäklendirilen möçberde çykarylýar. 1897-nji ýylda Döwlet banky tarapyndan kredit biletlerini emissiýa etmek boýunça monopol hukuk gutarnykly bellenýär. Bu bank tarapyndan paýdarlar täjirçilik banklaryny karzlaşdyrmak güýçlendirilýär. Soňra oňa banklaryň banky wezipesi berilýär.

XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap täjirçilik banklarynyň işi işjeňleşýär. Ýurtda 50-den gowrak bank hereket edýär, olaryň

bölümleriniň sany 40-dan 1914-nji ýyla çenli 822-ä ýetipdir. Gymmatly kagyzlary girewine alyp karz bermek, karz bermegiň ýaýran görnüşi bolupdyr. Beýleki karz edaralary tarapyndan bäsleşik yzygiderli duýlupdyr. Döwlet iri banklara maliýe goldawyny beripdir we paýdarlar jemgyýetlerini berk düzgünleşdiripdir.

Hususy täjirçilik banklarynyň depozit amallarynyň esasy möçberiniň çeşmesi Gaznaçylygyň goýumlaryny kabul edýän Döwlet banky bolýar. Goýumçylaryň pul serişdelerini täjirçilik banklaryna geçirmek maksady bilen, goýumçylary höweslendirmek üçin ol gündelik hasaplar boýunça göterimleri hasaplap ýazmagy bes edýär. 30 ýylyň (1885-1917 ý.) dowamynda täjirçilik banklarynyň goýumlary 11,1 esse köpelip, olaryň maýasy bolsa 7 esse artypdyr.

Uzak möhletleýin karz berýän edaralaryň hataryna döwlet ipoteka banklary (Dworýanlar we Täjirler banklary), şeýle hem paýdarlar ýer banklary (10) giripdirder. Bu banklar oba hojalyk ýerlerini ýa-da şäherdäki gozgalmaýan emlägi girewine goýdurmak bilen ipoteka girew listleriniň emissiýasynyň hasabyna karz beripdirler.

Özara karzlaşdyryş jemgyýetleri (1000-den gowrak edara), şäher jemgyýetçilik banklary (300-den gowrak), bankçylar öýleri (300-den gowrak) has giň ýaýraýar. Karz berýän kooperasiýalaryň dürli görnüşleri, ýagny karz berýän we karz-süýşürintgiler şereketleri, az möçberli karz berýän ýerli (zemskiý) kassalar (20 müňe golaý) işjeň hereket edýär. Özara karzlaşdyryş jemgyýetleriniň (ÖKJ) käbiri öz serişdeleri boýunça orta derejedäki paýdarlar täjirçilik banklaryndan pes bolmandyr, ýöne ,esasan, kiçi jemgyýetler agdyklyk edipdir. ÖKJ-niň kanuny we **tarapy taraplar** görnüşindäki doly hukukly agzalarynyň sany 650 müň adama golaý bolupdyr. Kiçi şäherlerde we uly obalarda işlemek, kiçi telekeçiligiň hajatlaryndan ugur almak bilen olar ýurduň bank ulgamynyň döremegine goşantlaryny goşupdyrlar.

Karz we bank ulgamynyň millileşdirilmeginiň netijesinde XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap Döwlet banky halk hojalygyny gysga möhletli karzlaşdyryş edarasyna öwrülýär. Täjirçilik karzy göni bank karzy bilen, täjirçilik banklary ulgamy bolsa ýöriteleşdirilen döwlet banklarynyň ulgamy bilen çalşyrylýar. Bu döwrüň başynda döwlet tarapyndan geçirilen täze ykdysady syýasatyň barşynda hu-

susy karz guramalary kem-käsleýin täzeden döredilýär. Özara karzlaşdyryş jemgyýetleri, paýdarlar täjirçilik banklary, karz kooperasiýasy ýaýraýar. Emma 1930-njy ýyllaryň başyndaky karzlaşdyrma reformasy kärhanalaryň özara karzlaşdyrylmagyny, olaryň wekseller arkaly gytaklaýyn karzlaşdyrylmagyny ýatyrýar, göni bank karzlaşdyrmasyny girizýär, ony döwletiň direktiw meýilnamalaşdyrmagy bilen baglaýar. Uzak möhletli karz berýän ýöriteleşdirilen banklar, ýagny SSSR Senagat banky, SSSR Oba hojalyk banky, SSSR Söwda banky, Kooperatiw bank, Kommunal we ýaşaýyş jaý gurluşygyny maliýeleşdiriş banky döredilýär.

Döwletiň ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmegiň barşynda býujet serişdeleriniň ileri tutulandygyna garamazdan, ýörite banklar ulgamy ýurtda industrizasiýa, oba hojalygyny kollektiwleşdirmek işlerini geçirmekde, ykdysadyýetiň harby potensialyny ýokary götermekde möhüm rol oýnadylar. Beýik Watançylyk urşy döwründe we uruşdan soň halk hojalygyny dikeldiş döwründe Döwlet banky we ýörite banklar hojalygy ýöretmegiň merkezleşdirilen ulgamyny goldamaga önjeýli goşant goşýarlar. Bank ulgamy yzygerli kämilleşdirilýär. XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda SSSR Gurluşyk bankynyň döredilmeginiň we Döwlet bankynyň Russiýa respublikan kontorasynyň guralmagynyň möhüm ähmiýeti bolýar. Süýşürintgiler (amanat) kassalar ulgamy Döwlet bankynyň garamagyna berilýär. Olar bank ulgamynyň ýurduň ilatynyň isleglerine, olaryň pul toplanmalaryny çekmäge gönükdirilen möhüm halkasy bolýarlar.

XX ýüzýyllygyň 80-nji ýyllarynyň ahyryna çenli SSSR-iň düzüminde bolan öňki Türkmenistanyň bank ulgamy Daşary ykdysady bankdan, Agrosenagat bankyndan, Ýaşaýyş jaý-sosial bankyndan, Senagat-gurluşyk bankyndan we Süýşürintgiler bankyndan durýardy. Olaryň her biri karz edaralarynyň giň ulgamy bolan merkezleşdirilen ulgamy emele getirýärdi. Wagtal-wagtal döwlet tarapyndan kabul edilen ýöriteleşme üýtgedilip guralýardy. SSSR Döwlet bankynyň edaralarynyň ulgamynyň hasabyna 1980-nji ýylda ýörite banklaryň şahamçalarynyň we agentlikleriniň sany artdyryldy, Döwlet bankynyň ýerli kontorasynda ýa-da bölüminde haýsy bankyň müşderileri agdyklyk edýän bolsa, şoňa baglylykda hem berkidilme geçirildi.

Türkmenistan döwletiniň döredilmegi bilen ýörite döwlet banklarynyň we bölümleriniň bir bölegi *täjirçilik banklaryna* we olaryň şahamçalaryna öwrülýär. Täjirçilik banklarynyň ulgamynyň ösüşi kem-kemden öňegidişlikli häsiýete eýe bolýar.

**Soraglar**

1. Ilkinji bank amallaryny kimler geçiripdir?
2. Bank işiniň emele gelmeginiň nähili görnüşleri bolupdyr?
3. Gadymy dünýäde bank üçin häsiýetli nähili amallar geçirilipdir?
4. Gadymy döwürlerde we orta asyrlarda bank işi nähili düzgünleşdirilipdir?
5. Göterimine bermegiň (süýthorlugyň) bank işinden nähili tapawudy bar?
6. Banklaryň döremegine näme sebäp bolupdyr?
7. Ilkinji merkezi banklaryň guralmagyna haýsy faktorlar ýardam edipdir?
8. Türkmenistanda banklaryň nähili görnüşleri bolupdyr?

# II BAP. BANK IŞINIŇ YKDYSADY WE HUKUK ESASLARY

## 2.1. Bank işiniň mazmuny

Bank işi ykdysady gatnaşyklar ulgamyna degişlidir. Ol pullaryň hereketi, karz bermek, haryt toplumlarynyň we maýalaryň ondan--oňa geçmegi bilen baglydyr. Pul we maddy (material) akymlar näçe köpdürli, haryt-pul gatnaşyklarynyň derejesi näçe ýokary boldugyça, haryt öndürijileriň bähbitlerine hyzmat edýän bank işi hem şonça köpdürli we baý mazmunly bolýar.

Ykdysady subýektleriň arasynda pul serişdelerini we maddy gymmatlyklary gaýtadan paýlamak bilen, banklar önümçiligi we dolanyşygy giňeltmek we çaltlandyrmak üçin zerur bolan esaslary döredýärler.

Şunda banklaryň işiniň netijesine diňe ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşi däl, eýsem jemgyýetdäki sosial ýagdaý hem bagly bolup durýar. Umumy ykdysady we bank çökgünlikleriniň uly ýitgilere, kärhanalaryň we karz guramalarynyň batyp galmagyna, raýatlaryň toplan serişdeleriniň we goýumlarynyň hümmetiniň gaçmagyna ýa-da

ýitirilmegine getirýändigi, şonuň netijesinde bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklarynda dartgynlylygyň ýüze çykýandygy mälimdir. Şonuň üçin hem banklaryň işiniň äşgär sosial öwüşgini bardyr.

Haryt-maddy gatnaşyklaryň peselýän şertlerinde bank işiniň çägi hem kiçelýär. Köp zat syýasy faktorlara, agalyk edýän ideologiýa, jemgyýetde kabul edilen ykdysady ösüş modeline bagly bolup durýar. Önümleri alyş-çalyş etmekden paýlamaga geçilende bank işiniň ösüşi haýallaýar.

Ýaragly çaknyşyklar we uruşlar ýaramaz faktorlardyr. Düzgün bolşy ýaly, uruşýan döwletiň çäklerinde banklar öz ýaşamagyny bes edýärler. Olaryň ýerini çäkli amallary geçirýän, esasan, harby gullukçylara nagt pullary töleýän we nagt pullary kabul edýän ýörite meýdan edaralary eýeleýär. Bank işi asudalyk ýagdaýynda, parahat durmuş şertlerinde, düýpli syýasy özgermeleriň we ykdysady çökgünlikleriň ýok wagtynda gowy ösýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerinde bank ykdysady ulgamda merkezi ýagdaýy eýeleýär. Bu üç sebäp bilen şertlendirilendir:

*Birinjiden,* banklaryň üstünden ähli pul dolanyşygy geçýär, banklar kärhanalaryň we ýurduň ilatynyň nagt we nagt däl görnüşdäki hasaplaşyklaryny geçirýärler. Pul dolanyşygynda önümi öndürmegiň we ýerlemegiň ähli prosesleri öz beýanyny tapýar. Banklar tarapyndan çykarylýan töleg serişdeleri dolanyşyk «çarhy» mysalynda bolmak bilen, onsuz haryt öndürijileriň arasyndaky alyş-çalyş mümkin däldir. Hasaplaşyklaryň merkezi hökmünde banklaryň hyzmatyndan ykdysady subýektleriň ählisi, ýagny aýry-aýry kärhanalar hem, raýatlar hem peýdalanýarlar. Eger banklar bolmadyk bolsa, onda olary barybir «oýlamaly», pikirlenip tapmaly bolardy, çünki olar häzirkizaman siwilizasiýasynyň nyşany bolmak bilen, üznüksiz önümçilik işi üçin şertleri döredýärler.

*Ikinjiden,* banklar diňe bir töleglerde araçy bolup çykyş etmeýärler. Olar maýalaryň hereketinde hem esasy orun eýeleýärler. Olaryň üstünden ýöne bir pul hasaplaşyklary geçmeýär. Öz müşderileriniň haýyşy boýunça tölegleri amala aşyrmak bilen, banklar maýalary hem ondan-oňa geçirýärler. Bank karzynyň netijesinde pul serişdeleri diňe pul (töleg gurallary) hökmünde däl-de, eýsem maýa hökmünde

hereket edýärler. Bankdan alnan karzy karz alyjy artygy bilen, karz göterimi görnüşinde artygy bilen gaýtarmaga borçludyr. Bu bolsa karzlary sarp edijileriň alnan karz pul serişdelerini olaryň kömegi bilen täze önüm, karz alyja diňe bir bergini yzyna gaýtarmaga däl, eýsem karz göterimini tölemäge mümkinçilik berer ýaly täze – ýokary gymmat alar ýaly ulanmalydyklaryny aňladýar.

*Üçünjiden,* ykdysady ulgamyň merkezinde bolmak bilen, banklar ägirt uly maýa saklanýan ýerler bolup hem durýarlar. Ol maýalar hereketsiz ýatmaýar, olar dolanyşyk we esasy maýa goýmak üçin işjeň peýdalanylýar. Goşmaça maýa zerurlyk bolan ýagdaýynda bank serişdeleri kärhanalar tarapyndan zawodlary we fabrikleri gurmak, önümçilik materiallaryny satyn almak üçin peýdalanylýar. Raýatlar gozgalmaýan emläkleri (öýleri, jaýlary), awtomobilleri, ýahtalary, uzak wagtlap ulanylýan harytlary satyn almak üçin bankdan pul serişdelerini işjeň alýarlar. Banklaryň puly bilen täze ýerler özleşdirilýär, täze senagat önümçilikleri döredilýär. Diňe bir kärhanalar hem-de raýatlar däl, eýsem maliýe edaralary, şeýle hem birnäçe ýurtlaryň hökümetleri banklaryň karz alyjylary bolup durýarlar. Bazar şertlerinde banklar maliýe-karz işlerini dolandyrmagyň merkezinde bolýarlar. Olaryň maýalary ykdysadyýete goýulýan uly möçberdäki goşmaça maýa goýumlarynyň esasy bölegi bolup hyzmat edýär.

## 2.2. Bank işiniň aýratynlyklary

Bank işiniň belli bir aýratynlyklary bolýar. Bu aýratynlyklar aşakdakylar bilen baglydyr:

1. bank önümçilik ulgamynda däl-de, alyş-çalyş ulgamynda işleýär. Elbetde, gytaklaýyn görnüşde önümçilige hem galtaşýar, çünki bank dürli önümçilik isleglerine (önümçilik materiallaryny toplamak, täze tehnikany we enjamlary satyn almak) hyzmat edýär, ýöne işiň özi ykdysady subýektleriň döredilen maddy nygmatlary gaýtadan paýlamak (alyş-çalyş etmek) boýunça işlerini görkezýär;

2. bank, munuň özi belli bir manyda *söwda institutydyr.* Söwda (täjirçilik) äheňleri onuň işinde agdyklyk edýär. Maddy akymlaryň hereketini görkezýän pul serişdeleriniň eýesi bolmazdan, bank olary

«satyn alýar» we beýleki ykdysady subýektlere «satýar». Onuň ähli «alhimiýasy» serişdeleri bir bahadan satyn alyp, has gymmat bahadan satmakdan ybaratdyr.

3. *bank, bu täjirçilik kärhanasydyr.* Emissiýa banklarynyň hem, täjirçilik banklarynyň hem amallary tölegli esasda amala aşyrylýar. Berilýän karzlar üçin olar karz göterimini alýarlar, hasaplaşyk, kassa we öz müşderileriniň tabşyrygy boýunça ýerine ýetirilýän beýleki amallar üçin belli bir hyzmat hakyny alýarlar;

4. bank işiniň *telekeçilik häsiýeti* bardyr. Bankyň işi netijesinde bir ykdysady subýektiň hereket etmeýän maýasy beýlekilerde «işläp» başlaýar. Ykdysady subýektleriň, pudaklaryň, çäkleriň we ýurtlaryň arasynda maýany gaýtadan paýlama energiýasynyň netijesinde banklar maddy, zähmet we pul serişdeleriniň öndürijilik hereketini güýçlendirýärler, dürli ykdysady taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ýardam edýärler;

5. bank diňe bir täjirçilik kärhanasy bolman, eýsem *jemgyýetçilik instituty* hem bolup durýar. Bank jemgyýetçilik bähbitleriniň berjaý edilmegine kömek edýär, jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin işleýär, şonda bank işiniň syýasy däl-de ykdysady häsiýeti bardyr.

Alyş-çalyş ulgamynda işlemek bilen bank öndüriji institut hökmünde hereket edýär, ol nagt we nagt däl görnüşde pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegi amala aşyrýar.

Bank işiniň mazmuny onuň düýp manysy bilen kesgitlenýär. Bu bolsa bank işiniň aýratyn, özüne mahsus bolan, ony beýleki edaralaryň işinden tapawutlandyrýan häsiýetiniň bardygyny aňladýar.

Bank aşakdaky aýratynlyklara (düýp manysy) eýedir:

1) onuň işiniň ugry;
2) aýratyn wezipeleri;
3) onuň öndürýän önüminiň häsiýeti;
4) onuň gurluşy.

## 2.3. Banklaryň işiniň çygry

Bank işiniň çygry alyş-çalyş bolup durýar. Maddy önümçilik ulgamynda hereket edýän senagat kärhanasyndan tapawutlylykda,

bank kanuny we şahsy taraplaryň (kärhanalaryň we raýatlaryň) hereket edýän we öz önümlerini öndürýän döwründe olara hyzmat edýär. Bank ykdysady dolanyşyga gatnaşyjylara önüm öndürmek üçin zerur bolan önümçilik materiallary satyn alnanda, şeýle hem ony sarp edijilere satmagyň barşynda olara öz borçnamalary boýunça öz wagtynda hasaplaşmaga mümkinçilik bermek bilen, alyş-çalşy ýeňilleşdirýär we ösdürýär.

Banklar söwda kärhanasyna garanyňda söwda, araçy guramalara ýakyndyr. Söwda alyş-çalşy, harytlary satyn almagy we satmagy, şeýle hem satyjy bilen alyjynyň arasyndaky islegleri kanagatlandyrmagy göz öňünde tutýar. Bankyň öz «satyjylary», saklanýan ýerleri, aýratyn «haryt ätiýaçlygy» bar, onuň işi köp babatda dolanyşyga baglydyr. Emma bank maddy önümçilik harytlaryny satmaýar we satyn almaýar. Ol pul bilen iş salyşýar. Ol serişdeleri «satyn alýar» we «satýar», harytlaryň alşylmagyna ýardam edýär. Bankyň söwda kärhanasyndan düýpli aýratynlygy onuň meşgullanýan işiniň esasy görnüşinde – karz bermek işinde jemlenýär. Bu iş belli bir taryhy döwürde aýratyn guramanyň bolmagyny talap edipdi.

## 2.4. Bankyň wezipeleri

Bank beýleki kärhanalardan öz wezipeleri (latynça *funkcio* – iş, işiň ugry diýmekdir) bilen tapawutlanýar. Bu wezipeler oňa mahsus wezipelerdir. Mysal üçin, banklar maliýe dellaly hökmünde senagat kärhanasyndan ýa-da söwda guramasyndan tapawutlylykda wagtlaýyn erkin pul serişdelerini jemleýär (toplaýar), soňundan olary ykdysady dolanyşyga beýleki gatnaşyjylara gaýtadan paýlaýar. Emma senagat kärhanasy ýa-da söwda guramasy işleri kadaly ýola goýanda wagtlaýyn erkin pul serişdelerini beýleki hojalyk sübýektlerine bermek üçin däl-de özleri üçin toplap (jemläp) bilerler.

Wagtlaýyn erkin pul serişdelerini jemlemek bilen, bank, bellenip geçilişi ýaly, olary trasformirlemek arkaly beýleki kärhanalara we raýatlara gaýtadan paýlaýar.

Bankyň ikinji wezipesi serişdeleri transformirlemekden, wagtlaýyn peýdalanylmaýan, hereketsiz ýatan serişdeleri dürli önümçilik

hajatlary üçin ulanylýan maýa öwürmekden ybaratdyr. Bank işiniň we onuň berýän karzynyň netijesinde pul serişdeleri öndürijiligi pes serişdelerden has öndürijilikli maýa öwrülýärler.

Bankyň üçünji wezipesi pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek bolup, ol hem işiň mahsus aýratynlyklaryny görkezýär. Diňe bank pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek boýunça hereketleri amala aşyrýar. Ol nagt pullary dolanyşyga goýberýär, öz müşderileriniň tabşyrygy boýunça tölegleri geçirýär, nagt däl hasaplaşyklary guraýar, karz bermek arkaly töleýjiniň wagtlaýyn maliýe kynçylyklaryny aradan aýyrýar. Belli bir kärhanalaryň, ykdysadyýetiň pudaklarynyň, sebitleriň wagtlaýyn erkin pul serişdelerini beýleki kärhanalara, pudaklara, sebitlere geçirýär. Şu amallary we beýleki hereketleri geçirmek bilen bank nagt we nagt däl görnüşlerinde pullaryň dolanyşygyny, şeýle hem maddy nygmatlaryň dolanyşygyny çaltlandyrýar.

Olaryň yzyna gaýtarylmagy esasynda pul serişdeleriniň jemlenmegi we gaýtadan paýlanmagy, serişdeleriň transformirlenmegi, pul dolanyşygynyň düzgünleşdirilmegi banky ýokary öndürijilikli kärhana öwürýär. Öz serişdelerinde işleýän beýleki kärhanalardan tapawutlylykda bank, köplenç, karz alnan serişdeleriniň hasabyna işleýär.

## 2.5. Bankyň önümi

Bankyň beýleki kärhanalarda esasy onuň öndürýän önüminiň häsiýeti bilen baglydyr. Özüne mahsus aýratynlygy bolan kärhana hökmünde bank öz işiniň netijesinde madda önümçilik ulgamyndan tapawutlanýan aýratyn önüm öndürýär. Ol beýleki ykdysady subýektleriň hiç biriniň öndürmeýän önümini, pul, töleg serişdeleri görnüşindäki harydy öndürýär. Bu önümden başga-da banklar, köplenç, pul häsiýetli hyzmatlary edýärler.

Bank işiniň bir tarapdan telekeçilik, täjirçilik, beýleki tarapdan jemgyýetçilik häsiýeti bar.

Ýerine ýetirýän amallary we hyzmatlary üçin bankyň belli bir möçberde hak (dürli hyzmat haklary, karz göterimi görnüşinde) alýandygy sebäpli, bu iş telekeçilik, täjirçilik işi bolup durýar. Şonuň

netijesinde bank belli bir peýda alýar. Emma bankyň gazanmak isleýän peýdasy onuň ähli täjirçilik işini kesgitlemeýär. Işiň häzirkizaman teoriýasyna laýyklykda, bank üçin onuň bazardaky bäsleşikli ornunyň, durnukly ösýän ykdysady subýekt hökmündäki abraýynyň uly ähmiýeti bardyr.

Bankyň işiniň jemgyýetçilik häsiýeti bardyr. Mälim bolşy ýaly, bank adamlaryň (jemgyýetiň) aýratyn edara (instituta) islegleri (zerurlyklary) netijesinde ýüze çykypdyr. Ol jemgyýete gerekdigi sebäpli peýda bolupdyr. Jemgyýetçilik islegleri bilen bagly ýüze çykmak bilen, bank diňe bir öz bähbitlerini däl, eýsem jemgyýetiň bähbitlerini hem goramalydyr.

Işiň esasy ugrunda bank önümi bolup karzlar, depozitler, maýa goýumlar çykyş edýärler. Goşmaça ugurlarda inkassasiýany, pul çalyşmagy, resminamalary äkitmegi, hasaplaşyklary we töwekgelçilikleri dolandyrmak işlerini agzap bolar. Esasy däl ugurlarda faktoringi, forfeýtingi, maslahat bermegi, kepillendirmeleri, gymmatlyklary saklamagy we beýlekileri görkezip bolar.

Önümiň her birine hyzmatlar, ýagny bank önümini döretmek boýunça hereketleriň jemi laýyk gelýär. Karzlaşdyrmak, hasaplaşyk işini guramak, goýum we beýlekiler bank hyzmatlary bolup durýar. Hyzmat amallaryň geçirilmegini göz öňünde tutýar.

**Amal** – bu bank önümini döretmek boýunça hereketleriň anyk bir görnüşidir. Bank işi – amallary geçirmegiň ýeke-täk kadalaryna bagly bolan çylşyrymly işdir. Amallar maliýe, buhgalter we tehniki tärler we usullar arkaly amala aşyrylýar. Bilelikde alnanda bu tärler bank hyzmatlarynyň tehnologiýasyny emele getirýär.

Bank amallaryna belli bir kriterilere baglylykda seredilýär:

– öz tebigaty boýunça amallar bank we bank däl amallara bölünýärler. Bank amallary bankyň düýp manysyndan gelip çykmak bilen, pul-karz instituty hökmünde oňa taryhy taýdan bagly bolup galypdyr. Bu goýum üçin pul serişdelerini çekmek we yzyna gaýtarmak esasynda olary ýerleşdirmek, hasaby açmak we ondan tölegleri geçirmek boýunça amallardyr. Bank däl amallary bank beýleki edaralar bilen bir hatarda ýerine ýetirýär. Meselem, ol gymmatly kagyzlar bazarynda amallar bilen meşgullanýar, ýöne olar bank üçin däl-de birža üçin mahsusdyr;

– esasy manysy boýunça bank amallaryny ykdysady, hukuk, tehniki we bankyň içki howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça amallara (proteksionist, gorag amallary) bölüp bolar;

– hukuk taýdan guralyşy boýunça binýatlyk we kömekçi amallar (binýatlyk amallar bankyň hukuk derejesini kesgitleýär); ygtyýarnama talap edýän we talap etmeýän amallar (ähli binýatlyk we käbir beýleki amallar üçin Merkezi bankyň ygtyýarnamasy zerurdyr); ýerine ýetirilmegi rugsat edilen we kanunda gadagan edilen amallar;

– müşderiler babatynda göni we araçy amallar. Göni amallarda bank öz serişdeleriniň hasabyna taslamany maliýeleşdirýär, araçy amallarda–hojalyk subýektleriniň arasyndaky amallar olaryň tabşyrmagy boýunça bankyň üstünden guralýar we müşderi banka beýleki tarap bilen gepleşikleri geçirmegi tabşyrýar;

– işi meýilnamalaşdyrmak boýunça strategiki we taktiki amallar. Karz edarasyny ösdürmegiň strategiýasy möhüm resminamalaryň biri bolup durýar. Taktiki amallaryň hataryna bankyň öz likwidliligini dolandyrmak boýunça gündelik amallary degişlidir;

– amala aşyrylýan tapgyrlary boýunça ilkinji nobatdaky we soňraky amallar. Adatça, bank iş düzgünini (reglament) işläp taýýarlaýar we onda işleri alyp barmagyň tapgyrlary giňişleýin beýan edilýär;

– zerurlygy (ileri tutmak) boýunça esasy (baş) we kömekçi amallar. Müşderini öwrenmek boýunça amallar *baş amallar*, maglumat, usulyýet, işgärler, ylmy, tehniki üpjünçiligi we beýlekileri döretmek bilen baglanyşykly amallar *kömekçi amallar* hasap edilýär. Bularyň ählisi bank infrastrukturasy diýlip atlandyrylýar;

– ýerine ýetirilýän işiň häsiýeti boýunça seljeriş, marketing, dolandyryş, gözegçilik, bank infrastrukturasyny emele getirmek (maglumatlary toplamak we işlemek) işleri guramagyň tertibi hakynda usulyýet düzgünnamalaryny işläp taýýarlamak), hasap, buhgalterlik we beýlekiler boýunça amallar. Bu amallaryň häsiýeti bank işiniň ýöriteleşmegini we bankiçi dolandyryşyň gurluş aýratynlyklaryny döredýär;

– amala aşyrmagyň döwürleýinligi boýunça birwagtlaýyn (bir gezeklik) we köp gezeklik (gaýtalanýan) amallar. Meselem, bankda

hasap açmak boýunça amal bir gezeklik, bu hasaba serişdeleri geçirmek we almak köp gezeklik amallar bolup durýar;

– girdejililigi boýunça girdejili (ýokary girdejili) we ýitgili amallar. Banklaryň ýitgileriniň öwezi ýokary girdejili amallardan gelip gowşan serişdeler bilen dolunýar;

– özüne düşýän gymmaty boýunça ýokary çykdajyly, ýagny köp serişdeleri talap edýän we az çykdajyly, ýagny düýpli serişde goýulmagyny talap etmeýän amallar. Banklar öz amallarynyň özüne düşýän gymmatyny peseltmäge we amallary tehniki taýdan kämilleşdirmäge çalyşýarlar. Bu hemişe bankyň peýdasynyň birden artmagyna getirmeýär, ýöne pul-karz edarasyny bäsleşige has ukyply edýär;

– töwekgelçilik bilen baglylygy boýunça ýokary töwekgelçilikli we pes töwekgelçilikli amallar. Amallaryň töwekgelçilik şkalasyny banklaryň özleri belleýärler. Köplenç, gymmatly kagyzlar bazaryndaky amallar ýokary töwekgelçilikli bank amallary bolup durýarlar;

– gatnaşýanlaryň sany boýunça aýratyn we toparlaýyn amallar. Bank aýratynlykdaky amallary başga gatnaşyjylar bolmazdan ýerine ýetirýär, toparlaýyn amallar toparlaýyn esasda geçirilýär;

– milli bazara gatnaşygy boýunça içerki we halkara amallar. Içerki amallar ýurduň haryt öndürijilerine we raýatlaryna hyzmat etmek, halkara amallar daşary söwda, halkara hyzmatdaşlygyna, halkara syýahatçylyga hyzmat etmek bilen baglydyr. Täjirçilik banklary şunuň ýaly amallary ileri tutýarlar, sebäbi olarda töwekgelçilik pes, girdeji bolsa ýokarydyr;

– peýdalanylýan pul boýunça milli puldaky, daşary ýurt pulundaky we garyşyk puldaky - multiwalýuta amallar. Milli we daşary ýurt pulundaky amallar buhgalter hasaba alşynda aýratynlykda görkezilýär;

– amala aşyrmak düzgüni boýunça geçiriliş tertibi Merkezi bank tarapyndan (onuň görkezijileri, düzgünnamalary we buýruklary bilen) bellenen we hereket edýän hukuk kadalaryna laýyklykda geçirilýän, ýöne olary alyp barmagyň tertibi täjirçilik banklarynyň özleri tarapyndan işlenip taýýarlanan amallar;

– tärleri we usullary boýunça maliýe, buhgalterlik, statistik amallar;

– bankyň balansyna gatnaşygy boýunça aktiw, passiw we balansdan daşary amallar.

Umumy meseleleri çözmek üçin karz guramasyny ýa-da banklar toparyny, bank holdingini döretmek, banklary üýtgedip guramak we batmagy netijesinde olary ýatyrmak boýunça işler bankyň işine degişlidir.

Geleşikler belli bir özara borçnamalary göz öňünde tutýan hereketler bolup durýar. Geleşik işiň özbaşdak görnüşi bolup çykyş edýär we bank tarapyndan ýerine ýetirilýän goşmaça hyzmatlardan we amallardan ybaratdyr.

Bankyň işiniň ugry banklaryň görnüşlerine baglylykda üýtgäp biler. Mälim bolşy ýaly, köp dürli banklaryň arasynda öňi bilen, merkezi we täjirçilik banklary tapawutlanýar.

# III BAP. TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNYŇ IŞINIŇ ESASY UGURLARY WE AÝRATYNLYKLARY

## 3.1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň esaslary

Türkmenistanyň Merkezi banky kanuna laýyklykda döwletde beýleki banklar bilen gatnaşygy düzgünleşdirýär, algydarlaryň (kreditorlaryň) we goýumçylaryň bähbitlerini goramagy kepillendirýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky kanunyň ikinji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi banky kanuny tarap bolup durýar we Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda hukuklardan doly peýdalanýar. Türkmenistanyň Merkezi banky eýeçiligiň we hojalygy ýöretmegiň ähli görnüşlerdäki kärhanalary hem-de guramalary bellige alýan ýeke-täk döwlet organynyň düzümine girýär. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan alnyp barylýan Türkmenistanyň pul syýasatynyň döredilmegi, kabul edilmegi we durmuşa getirilmegi üçin aýratyn jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky, bank hökmünde onuň düýp mazmunyny kesgitleýän birnäçe esas goýujy syýasaty işläp düzýär.

Bank nazaryýet (teoriýa) nukdaýnazaryndan uzak taryhy ösüşiň dowamynda özüniň ykdysady dolanyşygynyň esasyny düzýän pul-karz amallarynyň özüne degişli bolandygy üçin merkezi bolupdyr. Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklaryny karzlaşdyrmagy amala aşyryp, hasaplaşyklary geçirip, döwletiň ätiýaçlyk gorlaryny, pul serişdelerini saklamak üçin kabul edip, töleg serişdelerini dolanyşyga goýberip (emisiýa) we pul-karz syýasatyny ýöredip, açyk bazarda amallary geçirip bilýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky pul-karz edarasy bolmak bilen, amallaryň arasyndaky gatnaşygy üýtgedýär. Olary köp babatda pul amallaryny ýerine ýetirmäge tarap özgerdýär, şol sanda nagt pullary dolanyşyga emitirlemek arkaly özgertdýär. Ykdysadyýete makroderejesinde hyzmat etmek bilen baglanyşykly aýratyn ýörileşmegi sebäpli  Merkezi bank täjirçilik bankyndan tapawutlylykda düýp manysy boýunça bitewi ykdysady gurluş hökmünde bankdan tapawutlanýan haýsydyr bir başga edara öwrülmeýär.

## 3.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik bankyndan tapawudy

Türkmenistanyň Merkezi banky beýleki banklardan tapawutlanýar. Bu tapawut onuň ykdysady gatnaşyklaryň makroderejesinde işleýändiginden, umumy halk hojalyk isleglerine hyzmat edýändiginden, ykdysadyýete nagt pullary emitirlemek bilen başga hiç bir bankyň ýerine ýetirmeýän işini amala aşyrýandygyndan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky  täjirçilik bankyndan aşakdaky ölçegler boýunça hem tapawutlanýar.

*Gözükdirilýän maksady boýunça.* Mälim bolşy ýaly, peýda gazanmak Merkezi bankyň işiniň esasy maksady däldir. Ondan tapawutlylykda täjirçilik banky, tersine, peýda gazanmagyň hatyrasyna işleýär.

*Eýeçilik görnüşi boýunça.* Merkezi banklaryň maýasy (bu barada soňra durlup geçiler) döwlete degişli bolýar, täjirçilik banklary üçin bolsa bazar ykdysadyýetinde maýa babatynda eýeçiligiň paýdarlar görnüşi has häsiýetlidir.

*Işgär sany we düýpli binýady boýunça.* Aýratyn alnan her bir ýurduň özüniň ýeke-täk milli merkezi banky bolýar, emma munuň tersine milli däplere, ykdysadyýetiň gerimlerine we çäkleriň möçberlerine baglylykda täjirçilik banklary onlarça, ýüzlerçe hat-da müňlerçe hem bolup biler. Şonuň üçin hem täjirçilik banklarynyň uly, orta we kiçi karz edaralaryna bölünmegi tebigy ýagdaýdyr. Merkezi banklary maýanyň möçberi boýunça bölmeýärler, çünki aýratyn alnan her bir ýurtda merkezi bank ýeke -täk bolýar.

*Işiň ugurlary boýunça.* Täjirçilik banklary hyzmatlaryň belli bir toplumyny amala aşyrmak bilen *uniwersal* hem-de *ýöriteleşdirilen* banklar bolup bilerler. Türkmenistanyň Merkezi banky toparlanma bölmek üçin şunuň ýaly ölçeg kabul ederlikli däldir, çünki öz derejesi, özüne berlen ygtyýarlyklar boýunça ol amallaryň we hyzmatlaryň giň möçberini ýerine ýetirýän özboluşly pul-karz edarasy bolup durýar.

*Pudaklaýyn ugry boýunça.* Täjirçilik banklary, köplenç hojalygyň belli bir pudagyna hyzmat etmekde ünsi jemleýärler. Işleriniň pudaklaýyn ugruny olar öz atlarynda hem görkezýärler. Dürli ýurtlarda *daşary söwda, eksport-import, senagat, oba hojalyk, nebit, gaz, deňiz, awiasiýa* banklary ýaly dürli banklar hereket edýärler. Olaryň esasy ýa-da baş müşderileri bolup, ykdysadyýetiň degişli pudagynyň kärhanalary çykyş edýärler. Emma ýokarda belleýşimiz ýaly esasy wezipesi umumy halk hojalygynyň isleglerine hyzmat etmek bolan Merkezi bank öz tebigaty boýunça pudaklaýyn bolup bilmez.

*Sebitleýin alamaty boýunça.* Öz işiniň häsiýetine laýyklykda, Merkezi banklar ýurduň ähli çäklerindäki ykdysady subýektlere hyzmat edýän milli edaralardyr. Öz öňlerinde goýlan wezipeler bilen baglylykda olar halkara pul-karz gatnaşyklaryna hem goşulýarlar. Täjirçilik banklary sebitleýin (ýerli), şäher, sebitara, halkara banklara bölünip bilerler.

*Müşderileri boýunça.* Merkezi banklaryň hem, täjirçilik banklarynyň hem müşderileri kanuny we şahsy tarap bolup durýar. Merkezi banklaryň haryt öndürijilere gönüden-göni hyzmat etmeýändikleri (ol ýa-da beýleki ýerde işewürlik banklarynyň edarasynyň ýok halatlary muňa girmeýär) üçin, ykdysadyýetiň anyk agentlerine, hökümet, harby we beýleki edaralara hyzmat edýän täjirçilik banklarynyň

Merkezi bankyň müşderileri bolup çykyş edýändikleri ýörelgeleýin (prinsipial) tapawut bolup durýar.

*Kanunçylyk boýunça.* Merkezi we täjirçilik banklary, köplenç, kanunçylygyň dürli görnüşleri bilen düzgünleşdirilýär. Merkezi bankyň işi köpçülikleýin hukugyň ulanylýan ugrudyr. Täjirçilik bankynyň işi hojalyk hukugynyň ulanylýan, banklaryň işiniň täjirçilik gurluşlar hökmünde düzgünleşdirilýän aýratyn kanunlaryň ugrudyr.

*Tabynlyk häsiýeti (hasabat berýän ýeri) boýunça Merkezi bank* pul ulgamynda döwlet häkimiýetine wekilçilik edýän subýekt hökmünde, köplenç, Prezidente kanun çykaryjy häkimiýete (parlamente, Döwlet dumasyna we ş.m.) hasabat bermelidir. Belli bir döwür aralygynda oňun öňünde öz işiniň netijeleri barada hasabat berýär. *Täjirçilik banklary* diňe öz paýdarlaryna hasabat berýärler, ýyllyk ýygnakda olaryň öňünde hasabat döwründäki işiniň jemlerini yglan edýärler.

*Öz işiniň başynyň hukuk taýdan üpjün edilişi boýunça.* Merkezi bankyň işiniň başlanmagy ýokary döwlet häkimiýetiniň namasy bilen esaslandyrylýar. Mysal üçin, Russiýa imperiýasynyň Döwlet banky Russiýa imperiýasynyň permany bilen, Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky (Russiýanyň banky) Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň permany bilen esaslandyryldy. Mysal üçin, Napoleon Fransiýanyň bankyny kanun arkaly üýtgedip guramak bilen, ony banklaryň bankyna öwürdi. Angliýanyň bankynyň döredilmegi parlamentiň kanuny bilen makullanyldy. Täjirçilik bankynyň işi onuň Merkezi bankdan ygtyýarnama almagy bilen başlanýar. Şunuň ýaly ygtyýarnamalar birnäçe, mysal üçin, walýuta amallary üçin ygtyýarnama we ş.m. bolup biler.

*Ýokary ýolbaşçynyň bellenilişi boýunça.* Merkezi bankyň milli ähmiýetiniň bardygy we onuň maýasynyň köp böleginiň döwlet esasynda jemlenýändigi bilen baglylykda, Merkezi bankyň ýolbaşçysy ýurduň prezidenti we ýokary kanun çykaryjy edarasy tarapyndan bellenýär we tassyklanylýar. Täjirçilik bankynyň ýolbaşçysy onuň paýdarlary tarapyndan bellenýär.

*Gözegçilik boýunça.* Merkezi bankyň işine döwlet tarapyndan gözegçilik edilýär. Täjirçilik banklarynyň işine gözegçiligi ýörite ygtyýar berlen döwlet edaralary ýa-da Merkezi banklar amala aşyryp bilerler.

Şu ýagdaýlar Merkezi banky jemgyýetçilik bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen nagt we nagt däl görnüşde pul dolanyşygyny düzgünleşdirýän jemgyýetçilik pul-karz instituty hökmünde kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

## 3.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maksatlary, esasy borclary we wezipeleri

1. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maksatlary aşakdakylardan ybaratdyr:

   1) manadyň durnuklylygyny üpjün etmek:

   2) Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmek we pugtalandyrmak.

2. Peýda almak Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň maksady däldir.

3. Şu aşakdakylar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy borçlarydyr:

   1) Türkmenistanyň bank ulgamynyň işlemegi üçin zerur hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmek;

   2) netijeli ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny geçirmek;

   3) nagt pul dolanyşygyny guramak;

   4) hasaplaşyk-töleg ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün etmek;

   5) bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny guramak;

   6) bahalaryň durnuklylygyny saklamak;

   7) karz edaralarynyň kreditorlarynyň we goýumçylarynyň bähbitlerini goramak;

   8) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek;

   9) döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) netijeli dolandyrylmagyny üpjün etmek.

Şu maksatlardan ugur alyp Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türklmenistanyň Merkezi bankynyň öňünde aşakdaky wezipeler durýar:

1) ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatynyň esasy ugurlarynyň taslamasyny işläp taýýarlaýar we ony Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň garamagyna berýär;
2) ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar;
3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklarda pul kadalaşdyrmasynyň we pul gözegçiligini özbaşdak we bank ulganynyň üsti bilen guraýar hem-de amala aşyrýar;
4) Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ýagdaýyna seljerme we çaklama geçirilmegine gatnaşýar;
5) milli pula gatnaşykda daşary ýurt pullarynyň resmi hümmetlerini belleýär;
6) pul belgileriniň emissiýasyny we olaryň dolanyşykdan aýrylmagyny amala aşyrýar hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň ýeke-täk emitenti bolup durýar;
7) Türkmenistanyň çäginde nagt pul dolanyşygyny guraýar;
8) pul belgilerini we beýleki gymmatlyklary hasaba almagyň, daşamagyň we inkassasiýa etmegiň düzgünlerini belleýär;
9) pul belgileriniň we beýleki gymmatlylaryň döwlet ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär;
10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda karz edaralaryny bellige almagy we ygtyýarlylandyrmagy amala aşyrýar;
11) Türkmenistanda hasaplaşygy geçirmegiň düzgünlerini belleýär we olaryň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;
12) Türkmenistanyň Maliýe ministliginiň hasaplaryna, karz edaralarynyň we beýleki müşderileriniň hasaplaryna hyzmat edýär;
13) döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) saklanmagyny we hyzmat edilmegini üpjn edýär;
14) Türkmenistanda kanunçylygyna we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda

Türkmenistanda bellige alnan karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyş we maliýe hasabatlylyk ulgamynyň kadalaşdyrylmagyny amala aşyrýar;

15) bank hasaplaryny aşmagyň we bank amallaryny geçirmegiň umumy düzgünlerini belleýär;

16) halkara guramalary we daşary ýurt döwletleri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär;

17) karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmegi amala aşyrýar we olar üçin soňky basganjakdaky karz beriji bolup durýar;

18) Türkmenistanyň töleg balansynyň düzülmegini guraýar;

19) bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny amala aşyrýar;

20) karz edaralary tarapyndan jenaýatçylyk ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy çäreleriň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

21) daşary ýurt korrespondent banklaryndan we beýleki karz edaralaryndan şertnamalaýyn şertlerde depozitleri kabul edýär;

22) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda karz edaralary tarapyndan gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny bellige alýar;

23) Türkmenistanyň bank ulgamy üçin işgärleri taýýarlamaga gatnaşýar;

24) bank amallarynyň we geleşikleriň ähli görnüşlerini amala aşyrýar;

25) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz ygtyýaryna

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bankiri, geňeşçisi we fiskal agenti bolup durýar.

Özüniň düýp we gönükdirilen maksadyna laýyklykda Merkezi bankyň wezipeleri, esasan, üç ugur boýunça kesgitlenilýär:

1) tutuşlygyna alanyňda ykdysadyýet;
2) hökümete gatnaşygy boýunça;
3) banklar we bank ulgamy.

Tutuş ykdysadyýete degişli meseleler öňi bilen, ykdysady dolanyşygy zähmet önümlerini çalyşmagy amala aşyrmak üçin ýeterlik bolan zerur pul serişdeleri bilen üpjün edilişine baglydyr. Merkezi bankyň işi nagt pullary çykarmakda agalyk ediji (monopol) hukuga eýe bolmak, ýurduň altyn pul ätiýaçlyklaryny saklamak we hasaba almak bilen, diňe bir önümi öndürmek we onuň dolanyşygy üçin ýeterlik bolman, eýsem içerki we daşarky pul dolanyşygynda milli pul birliginiň durnuklylygyny üpjün etmek üçin ýeterlik bolan töleg serişdelerini emitirlemekden ybaratdyr. Merkezi bankyň şunuň ýaly bir bitewi iki wezipesi baş wezipe bolup durýar. Ol onuň ýurduň emissiýa instituty hökmündäki ähli işini kesgitleýär.

Döwlet gurluşynyň bir bölegi bolmak, hökümet bilen bilelikde ykdysadyýeti ösdürmegi üpjün etmek arkaly Merkezi bank oňa, özüniň düýp manysynyň çäklerinde, ykdysady maksatnamalary durmuşa geçirmekde zerur kömegi berýär. Zerur bolan halatynda toplanmalarda möwsümleýin bolýan ýetmezçilikleriň üstüni ýapýar, döwletiň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirýär. Bu işleri ýerine ýetirende bank özüniň ýokarda bellenen esasy wezipesine zyýan ýetirmeli däldir.

*Banklara gatnaşygy boýunça* Merkezi bank «Banklaryň bankydyr». Onuň wezipesi zerur bolan halatynda iň soňky karz beriji bolmakdan, olaryň likwidliligini goldamakdan ybaratdyr. Özüniň gözegçilik edarasynyň ygtyýarlyklary bolan ýerinde onuň wezipesi karz edaralarynyň netijeli işini üpjün etmek bilen baglydyr. Täjirçilik banklaryna bank bazarynda işlemäge rugsat etmek tertibini bellemek, olaryň işiniň anyk ugurlary boýunça ykdysady ölçegleri (normatiwleri), amallary geçirmegiň kadalaryny we standartlaryny kesgitlemek bilen, merkezi bank olaryň işiniň hiline jogap berýär.

Iş ýüzünde köp ýurtlaryň kanunçylygynda Merkezi bankyň maksatlary we wezipeleri ýeterlik derejede takyk bellenendir. Diňe käbir ýurtlaryň (mysal üçin, ABŞ-nyň, Şwesiýanyň we Italiýanyň)

kanunçylygynda olar diňe umumy häsiýetde görkezilendir (ABŞ-da hümmetsizlenme bilen göreş ileri tutulýan wezipe bolup durýar), beýleki ýurtlarda olar has giňişleýin beýan edilendir.

Aýry-aýry günbatar ýurtlarynyň kanunçylygynda milli pul birligini berkitmek babatynda baş wezipe bilen bir hatarda ýörite durmuş-ykdysady wezipe, ýagny önümçiligiň ösüşini höweslendirmek arkaly işsizligi peseltmek wezipesi hem görkezilýär. Merkezi bankyň şunuň bilen baglanyşykly işiniň ugurlary bank ulgamynyň bähbitleri bilen çäklenmän, olar bazary haryt bilen doldurmaga, önümçiligi ösdürmäge hem gönükdirilýär.

## 3.4.Merkezi bankyň garaşsyzlygy

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Merkezi bank döwlet bilen ýakyndan baglydyr. Ykdysady mehanizmiň bir halkasy bolmak bilen, Merkezi bank bitewi ulgamyň özbaşdak halkasy hökmünde onuň bitewiligini üpjün edýär. Ol diňe bir özbaşdak ykdysady subýekt bolman, eýsem garaşsyz subýekt hem bolup durýar. Sebäbi oňa nagt pullary dolanyşyga goýberýän ýeke-täk edara bolmak ýaly aýratyn hukuk berlendir. Öz öňünde goýlan wezipeleriň durmuşa geçirilmegi üçin jogap berýän, karz-pul ulgamyndaky baş subýekt hökmünde ol öz pikir ýöretmelerinde we hereketlerinde özbaşdakdyr, hereketleri saýlap almakda erkindir. Onuň garaşsyzlygy beýlekileriň pikirlerini diňlemekden we hasaba almakdan, şol bir wagtyň özünde olaryň täsirinden erkin bolmakdan hem-de zelel ýetirmezlik, özüniň baş wezipesini onuň ýerine ýetirilişine mümkin boldugyça zyýan ýetirmezden amala aşyrmagy üpjün etmäge öz düşünişinden ugur almak bilen garaşsyz çözgüt kabul etmekdäki erkinliginden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň esasy manysy onuň garaşsyz häsiýeti bolup durýar. Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky kanunyň 8-nji bendiniň 5-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň kanunçylygy bilen özüne berkidilen wezipeleri durmuşa geçirende döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryndan, ýerli häkimiýet edaralaryndan garaşsyzdyr.

Bu ýerde esasy gürrüň Merkezi bankyň amallar işiniň garaşsyzlygy barada barýar. Ol ýörite işlenip taýýarlanan ölçegler (normalar) bo-

ýunça bank kanunçylygynda göz öňünde tutulan amallaryň bellibir möçberini amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallar garaşsyzlygy onuň işiniň hiç bir zat bilen çäklendirilmändigini aňlatmaýar. Onuň ýerine ýetirmeli amallarynyň gerimi kanun bilen çäklendirilendir.

Kanuny tarap hökmünde Merkezi bankyň maliýe garaşsyzlygy, ýagny onuň esaslyk maýasy, eýelik edýän, peýdalanýan we ygtyýar edýän emläkleri, girdejisi we amallary ähli salgytlardan ýygymlardan we döwlet paçlaryndan boşadylýar.

## 3.5. Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri

Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri, bu onuň bankyň pul-karz instituty hökmünde hereket etmeginiň düýp mazmuny bilen şertlendirilip, maksatlarynyň we wezipeleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän esas goýujy kadalarydyr.

Merkezi bankyň işiniň aşakdaky ýaly ýörelgeleri tapawutlandyrylýar:

– işi döwletiň ykdysady syýasaty bilen utgaşdyrmak;
– işi bar bolan serişdelere laýyklykda tertibe salmak;
– köplenç ýagdaýda, önümçiligi höweslendirmegiň we önümleriň dolanyşygynyň ykdysady usullaryndan peýdalanmak;
– pul-karz syýasatynyň ýeke-täk bolmagy;
– emissiýa we karz işiniň arasyny bölmek;
– peýda gazanman hereket etmek;
– ykdysady konýunktura laýyklykda üýtgemek;
– çözgütleriň kollegial kabul edilmegi;
– aýanlyk;
– işewür dolanyşygyň standartlaryna laýyk gelmek;
– kanunylyk;
– professional etikanyň kadalaryna laýyk gelmek;
– bank syryny berjaý etmek;
– jogapkärçilik.

Merkezi bankyň işiniň bu ýörelgelerine aýry-aýrylykda geçeliň.

*Işi döwletiň ykdysady syýasaty bilen utgaşdyrmak ýörelgesi* umumy ykdysady organizmiň bölegi hökmünde Merkezi bankyň

tutýan orny bilen şertlendirilendir. Döwletiň baş bankynyň ygtyýarlyklary berlen Merkezi bank, döwlete goldaw bermek bilen, elbetde, öz syýasatyny tutuş ýurduň wezipelerine laýyklykda guraýar.

*Işi bar bolan serişdelere laýyklykda tertibe salmak ýörelgesi* walýuta ýa-da karz geleşikleri amala aşyrylanda Merkezi bankyň maliýe mümkinçilikleriniň hasaba alynmagyny göz öňünde tutýar. Merkezi bank çäklendirilmedik «karz fabrigi» bolup bilmez. Onuň emissiýa etmek mümkinçilikleri ykdysady dolanyşyga goşmaça pul toplumynyň goşulmagyna getirip biljek netijeler bilen deňeşdirilip görülmelidir.

Ykdysady institut hökmünde Merkezi bank pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegi, öňi bilen höweslendirmegiň ykdysady usullaryny peýdalanmak ýörelgesiniň esasynda amala aşyrýar. Onuň ygtyýarynda dolandyryşyň administratiw usullarynyň hem bardygyna garamazdan, ykdysady usullar ýurduň baş bankynyň pul syýasatynda esasy orun tutýar.

*Pul-karz syýasatynyň ýeke-täk bolmak ýörelgesi*, ilkinji nobatda, bu syýasat düzülende-de, ol durmuşa geçirilende-de Merkezi bank bilen hökümetiň ýeke-täk konseptual çemeleşmegini göz öňünde tutýar. Pul-karz syýasatynyň çelgileri (bellän ugurlary) milli ykdysadyýet üçin ählumumydyr.

Merkezi bankyň işi emissiýa we karz işiniň arasyny bölmegiň zerurlygy hakyndaky ýörelgeleýin ideýanyň esasynda amala aşyrylýar. Merkezi bankyň hereket etmeginiň köpýyllyk taryhy döwri maddy ekwiwalenti döretmezden töleg serişdeleriniň artykmaç emissiýa edilmegine esaslanýan karzlaşdyrmagyň pul toplumynyň artmagyna we hümmetsizlenmä getirýändigini görkezdi.

Merkezi bankyň işi ykdysady konýunktura laýyklykda üýtgeýär. Ykdysady ösüşiň dürli döwürlerinde bank ätiýaçlyk gaznalaryna geçirimler boýunça täjirçilik banklaryna bildirilýän talaplary peseldýär ýa-da ýokarlandyrýar. Gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterim möçberlerini peseldýär ýa-da ýokarlandyrýar. Karz edaralarynyň likwidlilik tölegkgelçiligine gaýtadan seredýär, ykdysadyýetiň ýokary galýan döwründe ony giňden karzlaşdyrmakdan, zerur bolan hala-

tynda, ykdysady konýunkturanyň aşak gaçýan döwründe karzlary çäklendirmäge geçýär.

Merkezi bankyň işiniň aýanlyk häsiýeti bolmalydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýyllyk hasabatynda beýan edilýän işiniň mukdar we hil görkezijileriniň, şeýle hem ýurduň ähli bank ulgamynyň işiniň görkezijileriniň maglumatlary Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan çap edilýän «Bank habarlary» žurnalynyň üsti bilen köpçülige ýetirýändigi mälimdir.

Merkezi bankyň işinde işewür dolanyşygyň standartlaryna laýyk gelmek ýörelgesiniň möhüm ähmiýeti bardyr. Bank işiniň kadalary öňi bilen bank ulgamyna degişlidigine garamazdan, olar maliýe däl sektoryň ykdysady subýektleriniň işini düzgünleşdirýän kadalardan çetde galmaýarlar. Banklaryň işiniň özboluşlydygyna garamazdan, olar birek-birek bilen özara gatnaşyklaryň umumy kadalary boýunça hereket edýän ykdysady institutlaryň görnüşidir.

Ykdysady subýektleriň beýleki işleri ýaly, bank işi hem kanunylyk ýörelgesine (kanunalaýyklyk) laýyklykda amala aşyrylýar. Banklar üçin munuň aýratyn ähmiýeti bardyr. Çünki olar köplenç dellal hökmünde, üstesine-de iň ýiti ugurda – pul gatnaşyklary ulgamynda araçy hökmünde hereket edýärler. Şol sebäpli olar üçin diňe bir özleriniň (banklaryň) hukuk kadalaryny däl, eýsem ugurdaş hereket edýän institutlaryň kanunçylyk talaplaryny bilmek möhüm bolup durýar.

Bank işi üçin professional etikanyň kadalarynyň berjaý edilmegi, şol sanda banklar tarapyndan özleriniň jemgyýetiň, döwletiň öňündäki raýat we hünär borçlaryna düşünilmegi, öz üstlerine alan borçnamalarynyň we hyzmatlaryň ýokary hilini kepillendirmeleriniň, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we bank ulgamynda beýleki bikanun işlere garşy hereket etmegiň gürrüňsiz berjaý edilmegi wajypdyr.

Merkezi bankyň işinde bank syrynyň berjaý edilmegi möhüm orun tutýar. Mälim bolşy ýaly, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, kanunçylykda bank syryny kesgitleýän maglumatlaryň sanawy bellenýär, bank gullukçylary olary aýan etmeli däldirler. Merkezi bank

şu ýörelgä laýyklykda, öz işlerini wajyp täjirçilik maglumatynyň ýaýramagyna ýol bermez ýaly, bank syry bolup duran maglumatlaryň saklanmagyny üpjün eder ýaly derejede guramalydyrlar. Merkezi bank diňe bank syryny emele getirýän öz maglumatlaryny däl, eýsem syr toparyna girýän we öz müşderilerine, şol sanda täjirçilik banklaryna degişli bolan maglumatlary hem saklaýarlar.

Bank işiniň ýörelgeler ulgamynda banklar tarapyndan ýerine ýetirilýän iş üçin *jogapkärçilik ýörelgesi* belli orun eýeleýär. Merkezi bank öňi bilen, özüniň emission syýasaty üçin jogapkärdir.

Merkezi bankyň we täjirçilik banklarynyň işgärleri bank syrynyň berjaý edilmegi üçin kanunçylyga laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmekde düýpli taryhy özgertmeler amala aşyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda uly ösüşler gazanyldy hem-de halkyň maddy hal-ýagdaýy yzygiderli ýokarlandyrylýar. Milli manadymyzyň dolanyşyga girizilmegi bilen ykdysadyýetiň milli modelini esaslandyrmak we pulumyzyň dolanyşykdaky netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler amala aşyryldy. Şeýle özgertmelerde bank ulgamynyň işini döwrebap gurnamak, bank hyzmatlarynyň hilini täze halkara derejelerine çykarmak we bank hyzmatlarynyň görnüşini artdyrmak hem-de milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ileri tutulýan ugurlara degişlidir.

Ýurdumyzyň bank ulgamy döwlet ähmiýetli taslamalary maliýeleşdirmekde, ilata ýeňillikli ipoteka we sarp ediş karzlaryny bermekde, şeýle hem önümleri gaýtadan işleýän pudagy karzlaşdyrmakda netijeli işleri alyp barýar. Bazar ykdysady gatnaşyklarynda ýurtda kämil we ygtybarly bank ulgamynyň işlemegi örän wajyp bolup durýar. Şu nukdaýnazardan hem Türkmenistanyň Merkezi banky ýurdumyzda halkara ülňülerine laýyk gelýän bank hyzmatlaryny ornaşdyrmakda yzygiderli işleri alyp barýar.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, ýurdumyzy düýpli döwrebaplaşdyrmak maksady bilen görlen ähli çäreler eýýäm öz netijesini berýär. Soňky ýyllarda türkmen ykdysadyýeti depginli ösýär. Häzirki

wagtda halkara iri maliýe guramalary tarapyndan Türkmenistanyň ykdysady ösüşine ýokary baha berilýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň energiýa serişdeleriniň iberilýän bazarlarynyň diwersifikassiýasyna gönükdirilýän syýasaty tutuş ykdysadyýetiň ösüşine oňyn täsirini ýetirdi.

Daşary ýurt maýa goýumlary artdy. Inflýasiýa 0,1 göterime çenli peseldi. Ýurtda alyş-çalşyň hümmeti durnukly bolmagyna galýar. Salgyt, býujet syýasaty ykdysady we maliýe durnuklylygynyň gazanylmagyna, önümçiligiň durnukly ýagdaýda ösüşiniň üpjün edilmegine degerli ýardam berdi. Bu syýasat ykdysadyýetiň belli-belli ugurlaryna maýa goýumlarynyň çekilmegini höweslendirdi hem-de durmuş maksatnamalary üçin harajatlary artdyrmaga mümkinçilik berdi.

Oýlanşykly düzülen býujet syýasaty ýurduň Döwlet býujetiniň girdejileriň çykdajylardan ep-esli artyk bolan görnüşde ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça döredilen Durnuklaşdyrmak gaznasy ykdysady ýagdaýa we durnuklylyga oňyn täsirini ýetirýär. Döwlete degişli maliýe serişdelerini dolandyrmak boýunça reformalar amala aşyrylýar. Täze býujet kanunçylygy hem-de buhgalteriýa hasabatyny we maliýe hasabatlylygyny kämilleşdirmek bilen bagly kanunçylyk halkara standartlaryny göz öňünde tutmak arkaly işlenip düzülýär[1]».

Bank ulgamy maliýe araçysy bolmak bilen, maliýe önümleriniň we hyzmatlarynyň öndürijisi bolup çykyş edýär.

Bank ulgamyna degişli özgertmelerde ilkibilen ulgamy ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek, maliýe hasabatlaryň halkara ülňülerini ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek we onuň hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny kämilleşdirmek ýaly çärelerden ybaratdyr.

# IV BAP. TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ IŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

## 4.1. Täjirçilik banklarynyň işiniň hukuk tarapy

Täjirçilik banklary bank ulgamynyň ikinji derejesine degişlidir. Bellenip geçilişi ýaly, olar müşderilere-haryt öndürijilere hyzmat edýärler.

Bank kanunçylygy bank (karz guramasy) hukuk derejesini alyp biljek kanuny taraplaryň toparyny berk çäklendirýär. Şu derejäni almak üçin kanuny taraplar goýum, karz we hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirmelidirler.

Şol bir wagtyň özünde, mysal üçin, haryt söwdasyny edýän uly dukan hem öz satyn alyjylaryna karz berip biler. Ýöne şeýle etmek bilen dukan bank bolup bilmeýär. Sebäbi bank kanunçylygyna laýyklykda üç amaly bir wagtda ýerine ýetirýän edara **bank** diýilýär.

Sanalyp geçilen, adaty amallardan başga-da, bank aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:

1) müşderilere kassalaýyn hyzmat etmek;
2) pul serişdeleriniň töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmek;
3) gymmatly metallary goýum hökmünde kabul etmek we ýerleşdirmek;
4) daşary ýurt puluny satyn almak we satmak (nagt we nagt däl görnüşinde);
5) bank kepillendirmelerini bermek.

Bu bäş amal, goýum, hasaplaşyk we karz amallary bilen bilelikde (jemi sekiz amal) **bank amallary** hukugyny alan amallardyr. Kanuna laýyklykda, olary diňe banklar ýerine ýetirip bilerler. Bank däl karz guramalara aşakdaky hukuklar berilýär:

1) kliring hasaplaşyklaryny geçirmek;
2) pul serişdelerini inkassasiýa etmek bilen meşgullanmak;
3) pul çalyşmak boýunça amallary ýerine ýetirmek;
4) müşderileriň pul serişdelerini dolandyrmak.

Bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnama almak zerurdyr. Bikanun, ygtyýarnama alman geçirilýän iş üçin «Gizlin iş gör-

ýän galtamanlara» maliýe çäreleri ulanylýar, guramany ýatyrmaga baryp ýetýän temmi çäreleri görülýär.

Banklara gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek, ýazylyşyk geçirmek, satyn almak, hasaba almak we saklamak bilen meşgullanmaga rugsat edilýär. Bu amallaryň, aşakdaky amallar ýaly, bank amallary derejesi ýokdur:

1) üçünji tarap üçin pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan kepillendirmeleri bermek;
2) üçünji tarapdan pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini talap etmek hukugyny almak;
3) tarapy we kanuny taraplar bilen şertnamalar boýunça pul serişdelerini we beýleki emlägi ynanyp dolandyrmak;
4) gymmatly metallar we gymmatly daşlar bilen amallary geçirmek;
5) tarapy we kanuny taraplar ýörite jaýlary ýa-da olardaky seýfleri resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin kärendä bermek;
6) lizing amallary;
7) maslahat we maglumat hyzmatlaryny etmek.

Bu amallar we geleşikler işiň banklara meşgullanmak rugsat edilen goşmaça görnüşlerini düzýär. Kanun işiň banklara meşgullanmak gadagan edilen görnüşlerini hem belleýär, olar önümçilik, söwda we ätiýaçlandyryş işleridir. Birnäçe ýurtlaryň kanunçylygy boýunça bu işleri belli bir çäklerde alyp barmaga rugsat berilýär.

Her bir geleşik, amal we hyzmat boýunça baglaşylýan şertnama müşderi bilen bankyň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk resminamasy bolup durýar.

Bank bolmak üçin karz guramasynyň hem, onuň müşderileriniň hem howpsuzlygyny üpjün edýän belli bir çäreler geçirilmelidir. Bankyň howpsuzlyk ulgamy, hususan-da, banky esaslandyrmagyň we ýapmagyň, bank işini başlamagyň we bes etmegiň kadalaryny öz içine alýar.

**Bank işini başlamagyň we bes etmegiň kadalary.** Bank amallaryny geçirmäge ygtyýarnama alynmagy bank işini başlamak üçin esas bolup durýar. Bank amallaryny geçirmäge ygtyýarnama ber-

mek we olary yzyna almak boýunça hukuklar we borçnamalar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üstüne ýüklenendir. Täze bank Turkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýöredilýän, Karz guramalaryny döwlet tarapyndan bellige almak boýunça kitapda bellige alynmalydyr, diňe şondan soň onuň amallary ýerine ýetirmäge haky bardyr.

Bank amallaryny geçirmäge ygtyýarnama ýörite reýestrde (sanawda) hasaba alynýar we ol «Bank habarlary» atly resmi neşirde çap edilýär. Ygtyýarnamada bu karz guramasynyň haýsy bank amallaryny ýerine ýetirip bilýändigi hem görkezilýär. Şunuň ýaly ygtyýarnama möhleti çäklendirilmezden berilýar.

Bank kanuny bank ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek we müşderileriň bähbitlerini goramak bilen, dünýa tejribesinde döwletiň Merkezi bankyndan bikanun, ygtyýarnama alman bank amallaryny geçirýän kanuny taraplara aşakda görkezilen meseleler boýunça talap arzalaryny bermäge mümkinçilik hem berýär:

1) şunuň ýaly kanuny tarapa bu amallary geçirmegiň netijesinde alnan ähli pul möçberini töletdirmek hakynda;
2) şu pul möçberiniň iki essesi möçberinde jerimäni býujete töletdirmek hakynda;
3) şu kanuny tarapy ýatyrmak (ýapmak) hakynda.

**Ygtyýarnama almak.** Ygtyýarnama almaga we döwlet tarapyndan bellige alynmaga dalaş edýän kanuny taraplar Türkmenistanyň Merkezi bankyna resminamalaryň sanawyny bermäge borçludyrlar, şeýle hem bankyň ýolbaşçylary, bankyň maliýe ýagdaýy babatynda bellenen talaplara laýyk gelmelidirler.

Karz guramasyny döwlet tarapyndan bellige aldyrmak we bank amallaryny geçirmäge ygtyýarnama almak üçin aşakdaky resminamalar berilmelidir:

1) karz guramasyny döwlet tarapyndan bellige almak we bank amallaryny geçirmäge ygtyýarnama berilmegi barada towakganama;
2) bankyň ustawlaýyn fonduna goýlan maýa goýumlarynyň çeşmeleri hakyndaky jarnama;
3) bankyň ustawy-tertipnama;

4) esaslandyryş şertnamasy;
5) esaslandyryjylaryň ýygnagynyň ýygnaknamasy (protokoly);
6) bankyň döredilmeginiň ykdysady esaslandyrylmasy;
7) zerur pul möçberleriniň geçirilendigini tassyklaýan töleg resminamasynyň göçürmesi;
8) hasaplaşyk balansy;
9) bankyň peýdasynyň, girdejileriniň we çykdajylarynyň meýilnamasy;
10) resmi ady we kanuny salgysy;
11) beýleki zerur bolan resminamalar.

Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama ýok mahaly kanuny we şahsy taraplardan pul goýumlaryny ýa-da beýleki tölenilýän serişdeleri almak hem-de öz hasabyna karzlary bermek gadagandyr. Türkmenistanyň «Täjirçilik banklary we bank işi hakyndaky» kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda bank amallarynyň geçirilmegi üçin ygtyýarnamanyň berilmegi bilen Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik bankyny ýa-da beýleki banky bellige almagy tölegli esasda geçirýär.

**Ygtyýarnama bermekden boýun gaçyrmak.** Türkmenistanyň Merkezi banky hakdaky kanunyň 10-njy maddasyna laýyklykda bankyň ygtyýarnamasy hakyndaky towakganamany we ygtyýarnamanyň berilmegi üçin degişli resminamalary alan gününden başlap üç aýyň dowamynda karar kabul edýär hem-de öz karary hakynda arza berijä ýazmaça görnüşde habar berýär. Merkezi bank ygtyýarnamany bermekden boýun gaçyrmak hakyndaky ýa-da bankyň işini çäklendirmek hakyndaky kararda ygtyýarnamany bermekden boýun gaçyrmaga ýa bolmasa çäklendirmelere esas bolan sebäpleri hem görkezmelidir. Banklara ygtyýarnama bermekden boýun gaçyrmak hakyndaky kararyň üstünden kazyýete şikaýat etmek bolar.

**Ygtyýarnamany yzyna almak (çagyrmak).** Bank ulgamynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky banklardan ozal berlen ygtyýarnamany yzyna alyp biler. Bu aşakdaky ýagdaýlarda bolup biler:

1) ygtyýarnama hakykata laýyk däl ýa-da galp maglumatlar esasynda alnan bolsa;

2) bank ygtyýarnamany edinen döwründen başlap bir ýylyň dowamynda ony peýdalanmadyk ýa-da öz adyndan karzlary bermegi, kanuny we şahsy taraplardan pul goýumlaryny, ýa-da beýleki tölenilýän serişdeleri almagy bes eden bolsa;
3) banklaryň goşulmagy, birikmegi ýa-da bölünmegi ýüze çykan bolsa;
4) eger bir ýylyň dowamynda bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalary boýunça talap edilýän kapitaly we gorlary (rezerwleri) ýok bolsa ýa-da onuň işi durnukly däl bolsa we bank özüne ynanylan aktiwleriň howpsuzlygyny mundan beýläk kepillendirip bilmeýän bolsa;
5) eger daşary ýurt bankynyň şahamçasynyň esasy edarasynyň ýerleşýän ýurdunyň çäklerinden daşarda kanuny we şahsy taraplardan pul goýumlaryny ýa-da beýleki tölenilýän serişdeleri almaga ygtyýary ýok bolsa, ýa-da ol şeýle ygtyýary ýitiren bolsa.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarnamany yzyna çagyrmazdan ozal goýberilen bozulmalaryň düzedilmegi üçin öňünden duýduryş çäreleri görülmelidir.

## 4.2. Bankyň müşderiler bilen özara gatnaşyklarynyň aýratynlyklary

**Kim bankyň müşderisi bolup biler?** Bank hyzmatlaryndan peýdalanýan edara görnüşli we şahsy taraplara **müşderi** diýilýär. Hyzmatlardan peýdalanýan hem, töleg töleýän hem müşderi bolup durýar.

Hukuk nukdaýnazaryndan bankyň müşderisi bolup çykyş edýän subýekti kesgitläp bolýan käbir alamatlar bar.

1. Bankyň düýp mazmunyndan we ygtyýarlyklaryndan ugur almak bilen, banka haýsydyr bir işi tabşyrýan tarapy bankyň müşderisi diýip hasap edip bolar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda müşderiniň adyndan geçirilýän amallar bank amallarydyr.

2. Bankda hasap (goýum, gündelik, hasaplaşyk we ş.m. hasaplary) açan tarap bankyň müşderisidir.

3. Ol ýa-da beýleki tarap bilen bankyň arasynda işewür gatnaşyklar ýüze çykan ýagdaýynda ol bankyň müşderisi bolýar. Edara görnüşli we şahsy tarapyň bankda hasaby bolman hem biler, ýöne ondan, mysal üçin, maýa goýumlar ýa-da emlägi dolandyrmak boýunça maslahat alyp biler we bank onuň üçin jogapkärçilik çekip biler.

4. Bankyň müşderisi başga bir bank hem bolup biler.

**Bankyň müşderileriniň häsiýetnamasy.** Bankyň müşderilerini birnäçe toparlara bölüp bolar.

*Hukuk derejesi* boýunça müşderiler edara görnüşli we şahsy taraplara bölünýärler. Edara görnüşli müşderiler ykdysadyýetiň pudaklarynyň, sektorlarynyň, uly, orta we kiçi telekeçiligiň, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň (döwlet, paýdarlar, kooperatiw) wekilleri bolup bilerler. Şahsy tarap bolan müşderiler jynsyna, milletine, raýatlylygyna, ýaşyna garamazdan raýatlardan durýar.

Müşderiler hakyky ýagdaýa görä *hakykatdan bar* we *potensial müşderileri* diýen iki topara bölünýär.

Birinji topara bankyň işewür gatnaşyklary ýola goýan müşderileri, ikinji topara geljekde bank hyzmatyndan peýdalanyp biljek müşderiler girýär. Her bir ykdysady subýektiň bankyň müşderisi bolmak mümkinçiligi bar.

Bankyň müşderileri *möçberi* boýunça balansyň ululygyna, ykdysady subýektleriň professional işiniň ölçeglerine laýyklykda *iri, orta we kiçi* toparlara bölünýärler. Düzgün bolşy ýaly iri müşderiler bilen iri banklar, kiçi müşderiler bilen uly bolmadyk karz guramalary işleşýärler.

Bankyň hyzmat edip başlan wagtyna gorä *köne we täze müşderileri* tapawutlandyrýarlar. Köne müşderileriň bank bilen özara gatnaşyklarynyň uzyn taryhy bolýar. Täze müşderiler bankyň ozal aragatnaşyk saklamadyk müşderileridir.

*Karza ukyplylyk derejesi* boýunça müşderiler birnäçe gatlaklara (klaslara) bölünýärler. Banklar, köplenç, müşderileriň işini häsiýetlendirýän görkezijilere, girdejililigine, karzy üpjün etmegiň hiline we beýlekilere baglylykda olara berilýän bäş derejeden ybarat ölçegden peýdalanýarlar. Käbir banklar olara gyzyklanmanyň derejesine baglylykda, müşderilere belli bir sany ýyldyz (myhmanhanalarda bolşy ýaly) berýärler.

Hyzmatyň häsiýeti boýunça bankyň müşderilerini *däp bolan hyzmat edilýän topara* we *VIP-müşderiler toparyna* (bankyň has gyzyklanýan müşderileri) bölmek bolar. VIP-müşderiler goýuma goýulýan ýa-da bankyň plastik kartasyna ýerleşdirilýän uly möçberde şahsy girdejileri bolan şahsy taraplardyr.

Ykdysadyýetiň sektorlaryna degişliligi boýunça *maliýe we maliýe däl sektorlaryň* müşderileri tapawutlandyrylýar.

Banklar, köplenç, öz müşderilerini halk hojalygynyň pudaklaryna (senagat, oba hojalyk, söwda we ş.m.) bölýärler.

**Bankyň müşderiler bilen özara gatnaşyklarynyň ýörelgeleri** diýip, olaryň işiniň esasyna, olaryň gollanmaly kadalaryna düşünilýär. Bankyň müşderiler bilen özara gatnaşyklarynyň ýörelgeleri iki tarapa hem täsir edýär.

*Özara gyzyklanmak ýörelgesi* bankyň we müşderiniň özara gatnaşyklarynyň, geleşige gatnaşýanlaryň hakyky mümkinçiliklerine esaslanýan ylalaşyklaryň, oňuşmaklarynyň netijesinde saklanmagyny göz öňünde tutýar.

*Töleglilik ýörelgesi.* Bank hem-de kärhana täjirçilik birlikleri bolmak bilen, olaryň işiniň manysy diňe bir önüm öndürmek däl, eýsem peýda gazanmak bolup durýar.

*Rasional (rejeli) iş ýörelgesi*, bu öňi bilen bank işiniň ýörelgesidir. Ýöne ol diňe bir bankyň işi bilen bagly däldir. Müşderi öz işini netijeli guramak, ýagny pul-karz tölegleri arkaly öz önüminiň öndürilişini we dolanyşygyny çaltlandyrmak maksady bilen banka ýüz tutýar.

*Likwidliligi üpjün etmek ýörelgesi.* Borçnamalar boýunça hasaplaşmak ukyby hökmünde likwidlilik bank üçin hem, müşderi üçin hem birmeňzeş wajypdyr. Birek-birek bilen gatnaşyklarda iki tarap hem özüniň likwidligini saklap galmagy göz öňünde tutýar. Bankyň wezipesi öz likwidliligini saklap galmakdan we oňa zerur bolan töleg serişdelerini bermek bilen, öz müşderisiniň likwidligini üpjün etmekden ybaratdyr.

*Özara borçlulyk (hökmanylyk) ýörelgesi* beýleki tarapyň bähbitlerini nazara almagy, özara şertnamalaryň ýerine ýetirilmegini talap edýär. Taraplaryň özara gatnaşyklarynda hökmanylyk üstünlik gazanmak isleýän her bir adam üçin möhümdir.

Bu ýörelge *ynanyşyp gatnaşyk etmek ýörelgesine* golaýdyr. Ony köp ýagdaýda karz gatnaşyklary bilen baglanyşdyrýarlar. Karz gatnaşyklary köplenç ýagdaýda karz beriji bilen karz alyjynyň arasyndaky ynançly gatnaşyklar hökmünde düşündirilýär.

*Jogapkärçilik ýörelgesiniň* hem ähmiýeti pes däldir. Banklar we müşderiler kabul edilen şertleşikleriň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda birek-biregiň öňünde jogapkärçilik çekýärler.

Banklar hem-de müşderiler özbaşdak subýektler hökmünde *goşulyşmazlyk ýörelgesine* gollanýarlar. Olar diňe ylalaşykda göz öňünde tutulan zady talap edip bilýärler, ýöne birek-biregiň gündelik işine goşulmaga haklary ýokdur. Diňe maýanyň beýleki tarapyň işine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýän paýyna eýe bolan paýdarlar bolup durýan müşderiler we banklar üçin kadadan çykmalar göz öňünde tutulýar.

*Hyzmatdaş hökmündäki gatnaşyklar ýörelgesi* bankyň hem-de müşderiniň biri-birine hyzmatdaş hökmünde gatnaşyk etmeklerinden ybaratdyr. Her bir müşderi haýsy ýerde ýerleşýändigine garamazdan haýsy bankyň hyzmatyndan peýdalanjakdygyny özi kesgitleýär. Bu bank babatynda-da edil şonuň ýalydyr, ol hem müşderini özi saýlaýar. Müşderiniň isleglerinden ugur almak, onuň üçin işlemek bilen, bank onuň önümçiliginiň üznüksiz, ýokary hilli, bäsleşige ukyply bolmagyna, üznüksiz önümçilik üçin ýeterlik bolan girdejini almagyna ýardam edýär. Müşderiniň girdejisini üpjün etmek bilen, bank karz göterimi ýa-da hyzmat haky görnüşinde töleg almak arkaly özüniň täjirçilik bähbitlerini hem durmuşa geçirýär.

*Şertnamalaýyn gatnaşyklar ýörelgesine* laýyklykda, esasy bank amallary (karz, goýum we hasaplaşyk) özara şertnama bilen resmileşdirilýär. Has umumy manysynda aýdylanda bu ýerde hukuk nukdaýnazaryndan kanunalaýyklyk ýörelgesi barada gürrüň edilýär. Bank hem-de onuň müşderileri öz işlerini kanunda bellenen kadalary berjaý etmek bilen alyp barýarlar.

Bank işiniň ýene bir ýörelgesi müşderileriň hususy aýratynlyklary bilen bagly tapawutlandyryş (differensiasiýa) ýörelgesidir. Maýanyň dolanyşygynyň häsiýeti, müşderileriň işiniň ugurlary, olaryň karz–hasaplaşyk hyzmatyny guramaga dürlüçe çemeleşmegi, banky dolandyryş edarasynyň aýratyn guralyşyny talap edýär.

Bank işiniň etiki ýörelgeleri aşakdaky ýaly tapawutlandyrylýar.

– jemgyýetiň, döwletiň, ýurduň raýatlarynyň öňünde raýat we hünär borjuňa düşünmek;

– bank işiniň ulgamyna çekilen raýat dolanyşygyna gatnaşyjylaryň deňligini ykrar etmek, olaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine hormat goýmak;

– bank syryny düzýän gizlin maglumatlaryň saklanyşynyň doly ygtybarly bolmagynda professional işiň mümkin boldugyça aýdyňlygyny gazanmak;

– korporatiw dolandyryşy we bank hyzmatlaryna gatnaşyjylaryň päk ýürekli işleýändiklerine özara gözegçiligi kämilleşdirmek;

– öz üstüňe alan borçnamalaryňy gürrüňsiz ýerine ýetirmek we edilýän hyzmatlaryň ýokary hilini kepillendirmek;

– bank amallarynyň oýlanyşykly töwekgelçiligini üpjün etmek;

– öz işiniň hili we netijesi üçin doly jogapkärçilik çekmek;

– halal bäsleşik, bank işine gatnaşyjylaryň ynsapsyzlygyna garşy durmak we düzgünleriniň bozulandygy baradaky faktlary aýan etmek;

– jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we beýleki bikanun işlere garşy herekete gatnaşmak;

– şübheli iş abraýy bolan edara görnüşli we şahsy taraplar bilen hyzmatdaşlyk etmekden boýun gaçyrmak;

– özara hormat goýmak we özara kömek etmek esasynda milletara we halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak we ösdürmek.

Karz berýän guramalaryň işini düzgünleşdirýän kanunlary berjaý etmek bank işiniň ýörelgesi bolup durýar.

Işewür hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklarda banklar:

– öz üstlerine alan borçnamalaryny we işewür gatnaşyklardan ýa-da olar bilen şertlendirilen gatnaşyklardan gelip çykýan beýleki borçnamalary bozmazlyk ýörelgesine berk daýanýarlar;

– öz borçlaryny, şeýle hem jedeller ýüze çykanda kazyýýetiň çözgütlerini doly, öz wagtynda we kanuna laýyklykda ýerine ýetirýärler;

– düşünişmezlikler ýa-da jedeller ýüze çykan ýagdaýynda gepleşikleri we ylalaşyk ýoluny gözlemegi ileri tutýarlar.

Bank işiniň işewürlik we ahlak ýörelgeleriniň sazlaşygy banklara özleriniň ykdysadyýetdäki ornuny has netijeli durmuşa ge-

**2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä täjirçilik banklarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat.**

| Banklaryň ady | şahamçalaryň sany | Aşgabat | Ahal | Mary | Lebap | Balkan | Daşoguz |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Jemi** | **128** | **14** | **22** | **25** | **28** | **22** | **17** |
| «Daýhanbank» DTB | 54 | - | 9 | 13 | 15 | 7 | 10 |
| DT «Daşaryykdysady işbank» | 1 | - | - | - | - | 1 | - |
| «Türkmenistan» DTB | 23 | 8 | 4 | 3 | 3 | 4 | 1 |
| «Türkmenbaşy» DTB | 18 | 3 | 2 | 3 | 4 | 4 | 2 |
| «Halkbank» DTB | 24 | 3 | 5 | 5 | 5 | 3 | 3 |
| «Senagat» PTB | 8 | - | 2 | 1 | 1 | 3 | 1 |

çirmäge mümkinçilik berýär. Bank işi barada Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» barada şeýle diýýär: «Türkmenistanyň territoriýasynda hereket edýän täjirçilik banklary maliýe ulgamynyň işçi zwenosy bolup durýarlar. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä TMB we 11 sany täjirçilik banklary milli banky emele getirýärler. Türkmenistanyň banklarynyň umumy gurluşyny bäş sany döwlet-täjirçilik banky («Türkmenistan», «Türkmenbaşy», «Daşarykdysadybank», «Daýhanbank», «Halkbank»), üç sany paýdarlar-täjirçilik banky («Senagat», «Garagum» we «Türkmen-türk banky») we bir täjirçilik banky («Prezidentbank») we daşary ýurt banklarynyň iki şahamçasy («Sadaratbank» we «Pakistanbank») emele getirýärler. Bank guramalarynyň ulgamyny giňeltmek, esasan, ýurtda banklaryň şahamçalarynyň sanyny artdyrmak arkaly alnyp barylýar. Mysal üçin, 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda şahamçalarynyň sany 128 birlige barabar boldy».

**Türkmenistan boýunça täjirçilik banklarynyň şahamçalarynyň sany boýunça maglumat**




**Bankyň hukuklary we borçlary.** Banklaryň hem-de onuň müşderileriniň biri-biri bilen özara gatnaşyklarynda şertnama gatnaşyk-

laryndan gelip çykýan bank kanunçylygynda kesgitlenýän, berk bellenen hukuklary we borçnamalary bardyr.

Beýleki kanuny taraplar ýaly **banklaryň hukuklary** ýurduň kanunçylygy arkaly goralýar. Onyň kanunyň gadagan etmeýän we bank kanunçylygynda hem-de Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen kadalarda rugsat edilýän işleri ýerine ýetirmek bilen, öz hukuk derejesine laýyklykda ykdysady amallary we geleşikleri amala aşyrmaga haky bardyr.

**Bankyň borçlary.** Bank özüniň müşderisi bilen baglaşan şertnama gatnaşyklaryndan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmelidir. Bank işiň häsiýetinde yzygiderliligi saklamaga, kanuny tarapyň işini ýylda bir gezekden seýrek bolmadyk döwürde seljermäge borçludyr. Iş ýüzünde müşderiler baradaky maglumatlary ýygnamak we iri müşderileriň işini seljermek çärýekde bir gezek geçirilýär.

**Bank syry.** Bankyň wajyp borjy müşderiniň işiniň gizlinligini saklamak bolup durýar.

Müşderiniň garşysyna iş gozgaýyş hereketleri başlananda bankyň bähbitleri göz öňünde tutulyp maglumatlar aýan edilýär, ýagny bank özüni goramak üçin maglumatlary hiç hili çäklendirmezden habar bermäge mejbur bolýar.

Jemgyýetçilik bähbitleri göz öňünde tutulyp (terrorrizmi maliýeleşdirmek hereketleri baradaky maglumatlar, bikanun girdejiler mälim bolanda) maglumatlary aýan etmäge ýol berilýär.

Birnäçe ýagdaýlarda maglumatlaryň aýan edilmegi kanunyň mejbur edýändigi sebäpli gutulgysyz bolup durýar. Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça banklar we karz guramalary öz müşderileriniň we habarçylarynyň amallarynyň, hasaplarynyň we goýumlarynyň syryny kepillendirýärler.

Şahsy taraplaryň hasaplary we goýumlary boýunça maglumatlar şol taraplaryň özlerine, kazyýetlere, şeýle hem diňe hukuk goraýjy organlaryň razylygy bilen, önümçilikdäki işler boýunça deslapky derňew geçirýän edaralara berilýär.

Bank syrynyň aýan edilendigi üçin Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary, şeýle hem audlitor guramalary we olaryň wezipeli adamlary we işgärleri jogapkärçilik çekýärler, şol sanda ýetirilen zyýanyň öwezinii dolýarlar.

**Müşderiniň hukuklary we borçlary.** Bank kanunçylygy müşderiniň aşakdaky hukuklaryny üpjün edýär:

– bank hasaplaryny açmak;

–bank hasabynda ýerleşdirilen serişdelerini yzyna gaýdyp almak;

– banka töleg möhletini soňa süýşürmek;

– belli bir ýagdaýlarda – käbir bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirmek;

– bankyň geňeşine, bank assosiasiýalaryna gatnaşmak.

Makroderejede müşderiniň bähbitleri iri kärhanalaryň hojalygyň bank sektoryndaky agenti hökmünde bank assosiasiýalaryna gatnaşmaklary arkaly üpjün edilip bilner.

Müşderiniň borçlary belli bir derejede kesgitlidir. Müşderiler bank bilen baglaşylan şertnamalardaky öz gollary üçin kanunyň öňünde jogap berýärler. Olar biri-biri bilen göni däl-de bankyň üstünden (taslamalar bilelikde maliýeleşdirilýän wagtynda iki-üç bankyň üstünden) hasaplaşmalydyrlar.

Müşderiler ol ýa-da beýleki amallar geçirilende bank tarapyndan bellenen kadalary berjaý etmäge borçludyrlar. Karzlaşdyrma işinde müşderi dogry maglumaty, öz balansyny, zerur bolan ýagdaýynda onuň aýry-aýry maddalaryna degişli aýdyňlaşdyrmany, öz wagtynda bermäge, maliýe, önümçilik ýa-da söwda işindäki möhüm üýtgetmeler barada habar bermäge borçludyr.

Hasaplaşyk amallary geçirilende müşderi kezzaplyk ýa-da galplyk ýagdaýlarynyň öňüni almak we banky ýalňyşlyga getirmezlik üçin hasaplaşyk resminamalaryny dogry resmileşdirmelidir. Müşderi özüniň hasaplaşyk hasabynda ýeterlik möçberde serişde bar bolanda, töleg geçirmek barada tabşyryk bermäge borçludyr. Şeýle edilmedik ýagdaýynda müşderi bilen bankyň arasynda şertnama baglaşylmalydyr.

Müşderi töleg geçirmekçi bolan ýagdaýynda banka gelmelidir we ýerinde zerur bolan resminamalary doldurmalydyr ýa-da öz hasabyndan bellibir pul möçberini geçirmek barada banka öňünden görkezme bermelidir.

Özüniň pul serişdelerini ynanýan we onuň üstünden töleg geçirýän bankynyň işini seljermek müşderiniň borçlaryna girýär.

**Bank bilen müşderiniň arasyndaky özara gatnaşyklarynyň ösüş meýilleri.** Dünýäde bolup geçýän ykdysady we syýasy wakalar, täze bazarlar bank işinde, ýagny müşderileriň sanynda we düzüminde, bankyň müşderi bilen gatnaşyklar ulgamynda hem görünýär. Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

***Müşderileriň sanyndaky we düzümindäki meýiller.*** Hyzmat etmek ulgamyndaky meýilleriň biri hem bank amallarynyň geriminiň giňelmegidir. Ykdysady gatnaşyklarda bank segmentiniň artmagy ykdysady subýektleriň önümçilik, söwda, maliýe işinde gerimleriň giňelmeginiň we olaryň sanynyň artmagynyň hasabyna mümkin boldy. Maglumat tehnologiýalarynyň, elektron we kompýuter tehnikasynyň ösmegi netijesinde banklar täze müşderileri gazanmak bilen uzakda ýerleşen çäklere hem aralaşýarlar.

Bank müşderileriniň deňeçerleşmegi bilen, onuň gurluşynda düýpli üýtgetmeler bolup geçýär. Iri we kiçi kärhanalar bankyň müşderileri bolýarlar. Banklar barha köp möçberde girdejisi pes bolan müşderilere hyzmat edýärler. Girdejisi pes raýatlara az möçberde karz (minikarz) bermek has göze ilýän ýagdaýa öwrülýär.

Banklar şahsy taraplar bolup duran müşderilere ünsi güýçlendirýärler. Bank hyzmatlaryny sarp edijileriň arasynda 70 ýaşdan geçen adamlary-da, kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlary hem görmek bolýar. Bankyň müşderileriniň peýdalanýan hyzmatlarynyň sanawy görnetin giňelýär. Ýurduň ykdysadyýeti näçe ösen bolsa, bankyň şahsy taraplar bilen aragatnaşygy hem şonça ýokary bolýar.

Müşderileriň düzümindäki üýtgemeler hem olaryň birleşmeginiň netijesinde bolup geçýär.

**Banklaryň müşderi bilen gatnaşyklar ulgamyndaky meýiller üýtgeýär.** Bank önümlerine we hyzmatlaryna täze sarp edijileri çekmek üçin bankara bäsleşikler güýçlenýär.

Müşderi üçin göreş, banklaryň peýda gazanmak islegleri töwekgelçilikleriň ýokarlanmagyna getirýär. Müşderileriň ýaramaz netijelere getirmeginiň ähtimallygy ýokary bolan çylşyrymly hojalyk gatnaşyklary hyzmat etmegiň obýektine öwrülýär. Geleşikleriň obýektiniň diňe bir önümçilik we söwda amallary bolman, eýsem alyp-satarlyk (spekulýatiw) amallary bolup durýandygy töwekgelçiligi ýokarlandyrýar.

Banklaryň däp bolan pul-karz hyzmaty pul-karz we maliýe gatnaşyklary, şeýle hem ätiýaçlandyryş, syýahatçylyk, ilata durmuş taýdan hyzmat etmek babatynda müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak bilen utgaşýar. Banklar «müşderiniň pul sowýan ýerinde» bölümlerini açýarlar.

Ýene bir ýagdaý, bu däp bolan bank önüminiň bank däl önüm bilen birleşmegidir (garyşmagydyr).

*Bankyň müşderi bilen gatnaşyklarynyň tapawutlandyrmasyny* hem meýillere degişli etmek bolar. Bank olara ýeňillikli karz bermek bilen, has peýdaly müşderilerini tapawutlandyrýar. Müşderiler şübhe döreden babatynda bolsa bank, karz reýtingi peseltmek bilen, ätiýaçlyk çärelerini görýär. Şunuň ýaly aýratynlaşdyrmak banka öz tarapyna maliýe taýdan durnukly müşderileri çekmäge, durnuklylygy pes bolanlar bilen gatnaşyklaryň töwekgelçiligini peseltmäge mümkinçilik berýär.

*Jogapkärçiligi ýokarlandyrmak* ugry boýunça karz beren bank müşderiniň işini, onuň telekeçilik işiniň «arassalygyny» seljermelidir.

# V BAP. TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ GIRDEJILERI, ÇYKDAJYLARY WE PEÝDASY

## 5.1. Täjirçilik bankynyň girdejileri

Işleriň dürli görnüşleri täjirçilik bankynyň girdeji çeşmeleri bolup durýar. Bank işiniň görnüşlerine aşakdakylar degişlidir:

– karz işi;

– diskont işi;

– gorag işi;

– gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar;

– kepillendiriş işi;

– goýumlary çekmek we goýumçylaryň tabşyrygy boýunça amallary geçirmek;

– beýleki banklar bilen habarçy gatnaşyklara esaslanýan işler;

– däp bolmadyk beýleki bank hyzmatlaryny etmek.

**Karz işi** müşderilere (kanuny we tarapy taraplara) karz bermegi we erkin serişdeleri, göterim hakyny almak bilen, beýleki täjirçilik banklaryna wagtlaýyn peýdalanmaga bermegi öz içine alýar. Wagtlaýyn peýdalanmaga bermek bankara karz ýa-da beýleki bankda goýlan möhletli goýum görnüşinde bolup biler.

**Diskont işi** bank tarapyndan tölenmedik wekselleri, çekleri we talaplary ýeňillikli (diskont) satyn almak boýunça amallara esaslanýar. Faktoring amallary, wekselleri hasaba almak onuň görnüşleri bolup durýar.

**Gorag işi** trast (ynançly) we agent hyzmatlaryna esaslanýar. Olara bank amallary laýyk gelýär. Bu iş banka müşderiniň emlägini (gozgalmaýan emläk, gymmatly kagyzlar, hasapdaky serişdeler) dolandyrmak ýa-da tabşyryk boýunça şol emläk bilen baglanyşykly anyk amallary ýerine ýetirmek üçin hyzmat haky (komissiýa) görnüşinde girdeji berýär.

**Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar** bank tarapyndan gymmatly kagyzlaryň çykarylmagyny we olaryň bazarda ýerlenmegini, müşderiniň tabşyrygy boýunça onuň gymmatly kagyzlarynyň sanawyny ýöretmegi, yzygiderli girdeji almak üçin beýleki emitentleri gymmatly kagyzlara goýmagy ýa-da gaýtadan satmagy, hususylaşdyrmak boýunça hyzmat etmegi göz öňünde tutýar. Işiň bu görnüşinde bankyň girdejisi gymmatly kagyzlar satylanda hümmet tapawudyndan, söwda borçnamalary boýunça düşewüntlerden, göterim girdejisinden, gymmatly kagyzlary gaýtadan satmakdan alnan girdejiden (spekulýatiw girdeji), hususylaşdyrmak boýunça hyzmatlar üçin, gymmatly kagyzlaryň sanawyny ýöretmek üçin hyzmat hakyndan we ş.m., şeýle hem bankyň gymmatly kagyzlarynyň bukjasyna yzygiderli gaýtadan nyrh kesmegiň oňyn tapawudynyň hasabyna emele gelýär.

**Bankyň kepillendiriş işi** göni pul görnüşinde girdeji berýär ýa--da başga bir zadyň üstünden alynýan bähbit (peýda) bilen baglydyr. Müşderiler tarapyndan hasaplaşyklar geçirilende ýa-da karz alnanda öz müşderilerine dürli görnüşde kepillendirmeler we zamunlyklar berendigi üçin banka pul görnüşinde hyzmat haky tölenmelidir. Müş-

deri bank üçin abraýyny galdyrmak, peýdaly hyzmat etmek, serişdeleri çekmek nukdaýnazaryndan bähbitli bolanda kepillendiriş işi mugt hem geçirilip bilner.

**Goýumlary çekmek we goýumçylaryň tabşyrygy boýunça amallary geçirmek bilen bagly işler** hasaplary açmak, ýöretmek we ýapmak üçin, hasap boýunça amallar barada göçürmeleri bermek üçin we nagt pullary bermek boýunça ýa-da hasaplaşyk häsiýetli amallaryň geçirilendigi üçin hyzmat hakyny (belli bir döwür üçin kesgitli hyzmat haky – absolýut möçberde, dolanyşykdan alynýan hyzmat haky – dolanyşykdan göterim möçberinde) almaga mümkinçilik berýär.

**Beýleki banklar bilen habarçy gatnaşyklarda** bank beýleki bankdaky ýa-da bank birleşigindäki habarçy hasapdaky karz deňeçerliginden (saldo) göterim alýar. Girdeji göterim möçberiniň derejesine, göterimi hasaplap ýazmagyň tertibine, karz saldosynyň möçberine we uzaklygyna baglydyr.

**Däp bolmadyk beýleki bank hyzmatlaryny etmek.** Gürrüň lizingden (lizing tölegleri, göterim tölegleri, hyzmatlar üçin hyzmat haky), maglumat, geňeş hyzmatlaryndan, müşderileri okatmak üçin hyzmatlardan we ş.m. alynýan girdejiler barada barýar.

**Bankyň emlägini ýerlemek boýunça bir gezeklik geleşiklerden** alynýan adaty däl (garaşylmadyk) girdejiler bazar bahasynyň balans bahadan ýokary bolan ýagdaýynda emele gelýär. Tersine bolan ýagdaýynda amallar çykdajy bilen baglydyr, ol bankyň göni ýitgisini emele getirýär.

Bank telekeçiliginiň görnüşleri, girdejiniň görnüşi, amalyň häsiýeti, durnuklylyk derejesi, girdejiniň degişli bolan döwri, girdejileri hasaba almagyň ulgamy bankyň girdejilerini toparlara bölmegiň ölçegleri (kriterisi) bolup durýar.

*Görnüşi* boýunça täjirçilik banklarynyň aşakdaky girdejilerini tapawutlandyrýarlar:

– göterim;
– hyzmat haky görnüşinde;
– beýleki girdejiler.

Göterim girdejisi hyzmat haky bilen utgaşyp biler.

Hyzmatlardan alynýan girdejiler bankyň çykdajylarynyň öwezini dolmalydyr, töwekgelçilikleriň üstüni ýapmalydyr we peýda döretmelidir. Girdejiniň ähli görnüşleriniň umumy tarapy olaryň gymmatlyk häsiýeti bolup durýar.

*Amallaryň häsiýeti* boýunça bankyň girdejileri *amallar we amallar däl* girdejiler diýen toparlara bölünýär. Girdejileriň üç toparyny girizýär:

1) bank amallaryndan we beýleki geleşiklerden alnan girdejiler: karzlar boýunça we ýerleşdirilen goýumlar boýunça göterim girdejileri; gymmat kagyzlara goýmakdan alnan göterim girdejileri, beýleki amallardan we geleşiklerden (walýutany satmak-satyn almak, kepillendirme bermek we ş.m.) girdejiler;
2) amallardan gelen girdejiler.
3) beýleki girdejiler (jerimeler, puşman pullary, mugt alnan emlägiň tölegleri, kreditor bergini hasapdan öçürmek we ş.m.). Beýleki girdejileriň amallar däl häsiýeti bardyr.

Girdejileri toparlara bölmegiň esasynda **buhgalter hasaba alşy ulgamy** ýatýar. Birinji tertibiň balans hasabynyň hasaplar meýilnamasyna laýyklykda ikinji tertibiň ýedi hasabyny açýarlar. Olary amalyň häsiýeti ýa-da pul bazarynyň guralynyň görnüşi bilen kesgitlenýän, girdejileriň tebigatyna laýyklykda bölüp görkezýärler.

2003-nji ýyldan başlap girdejileri hasaba almagyň tertibi üýtgedildi. Birinji tertibiň balans hasaplarynyň çäklerinde (şu ýylyň maliýe netijeleri) we (geçen ýylyň maliýe netijeleri) şu girdejileri hasaba almak üçin ikinji tertibiň bäş hasaby açylýar (girdejiler we daşary ýurt pulundaky serişdelere oňyn gaýtadan nyrh kesmek we gymmatly metallara oňyn gaýtadan nyrh kesmek we goşmaça düzümleýin gurallary ulanmakdan alnan girdejiler).

Alnan wagty boýunça girdejiler häzirki döwrüň we geljek döwrüň girdejilerine, durnuklylyk derejesi boýunça durnukly we durnukly däl girdejilere bölünýär. Bank hyzmatlaryndan alynýan göterim we göterim däl girdejiler belli bir derejede durnukly girdejiler,

ikinji bazarda bank hyzmatlaryndan alynýan we garaşylmadak (adaty däl) amallardan alynýan girdejiler durnukly däl girdejiler diýip atlandyrylýar.

2008-nji ýyldan bäri bankyň girdejilerini hasap (ykrar) etmegiň aşakdaky ýörelgeleri ulanylýar:

a) girdeji almak hukugy şertnamadan gelip çykýar ýa-da başga bir usul bilen tassyklanylýar;

b) girdejiniň möçberi kesgitlenip bilner;

ç) girdeji almakda nämälimlik bar;

d) goýlan aktiwe eýeçilik hukugy karz guramasyndan satyn alyja geçýär ýa-da hyzmat buýrujy tarapyndan kabul edilýär.

## 5.2. Täjirçilik bankynyň çykdajylary

Täjirçilik bankynyň çykdajylaryny amallaryň häsiýeti, görnüşi, hasaba alyş usuly, olaryň degişli döwri, çäklendirmeleriň usuly boýunça toparlara bölüp bolar.

Bankyň çykdajylary **häsiýeti** boýunça toparlara aşakdaky ýaly bölünýär:

– amallar;

– bankyň hojalyk işini üpjün etmek boýunça çykdajylar;

– bankyň işgärlerine zähmet hakyny tölemek boýunça çykdajylar;

– ýörite ätiýaçlyklara geçirimler;

– beýleki çykdajylar.

Amallar çykdajylaryna bank amallary bilen göni baglanyşykly aşakdaky çykdajylar degişlidir:

1) goýum we karz amallarynyň we gymmatly kagyzlary çykarmak esasynda bank tarapyndan çekilen serişdeler üçin göterimleri tölemek;

2) gymmatly kagyzlar, daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, kassalaýyn we hasaplaşyk amallary boýunça, inkassasiýa üçin bank tarapyndan tölenen hyzmat haky;

3) beýleki amallar çykdajylary (wekseller boýunça diskont çykdajysy, gymmatly kagyzlara gaýtadan baha kesmek

boýunça we daşary ýurt pulundaky hasaplaryň ýaramaz netijesi, gymmatly kagyzlary gaýtadan satmakdan, gymmatly metallar bilen amallar boýunça çekilen ýitgi we ş.m.).

*Bankyň hojalyk işini üpjün etmek boýunça çykdajylar* aşakdakylary öz içine alýar:

1) esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy;
2) enjamlary kärendä almak, abatlamak boýunça çykdajylar;
3) kanselýariýa çykdajylary;
4) awtoulaglary saklamak üçin çykdajylar;
5) ýörite egin-eşikleri satyn almak üçin çykdajylar;
6) jaýlary saklamak üçin ulanyş çykdajylary;
7) beýleki çykdajylar.

*Bankyň işgärlerine zähmet hakyny tölemek boýunça çykdajylar* zähmet hakyny, baýraklary, zähmet hakyna hasaplap ýazmalary öz içine alýar.

*Salgytlary tölemek boýunça çykdajylar* emläk üçin salgytlar, ýer salgydy, awtoulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan salgyt, awtoýollardan peýdalanýanlardan alynýan salgyt we bank amallarynyň özüne düşýän gymmatyna degişli, ýagny bankyň çykdajy hasaplarynda görkezilýän beýleki salgytlar bilen baglydyr.

*Ýörite ätiýaçlyklara geçirimler* gymmatly kagyzlaryň arzanlamagy sebäpli ýitgileriň, karzlar boýunça ýitgileriň, beýleki aktiw amallar we debitor bergiler boýunça çekilýän zyýanlaryň üstüni ýapmak üçin zerurdyr.

*Bankyň beýleki çykdajylary* öz düzümi boýunça dürli-dürlüdir (mahabat üçin çykdajylar, işsapar we wekilçilik çykdajylary, işgärleri taýýarlamak üçin çykdajylar; auditor barlaglary boýunça çykdajylar we ş.m.).

Türkmenistanyň Merkezi banky amallaryň häsiýeti boýunça çykdajylaryň aşakdaky toparlanmasyny girizdi:

1) bank amallary we beýleki geleşikler boýunça çykdajylar (karz we goýum amallary, gymmatly kagyzlar boýunça göterim çykdajylary, walýuta satyn almak-satmak, talap hukuklaryny edinmek (satyn almak), gymmatly metallar bilen amallar, ynanç amallary boýunça çykdajylar);

2) amallar üçin çykdajylar (gymmatly kagyzlar, hasaplaşyk geleşikleri boýunça, aktiwlere gaýtadan nyrh kesmegiň ýaramaz netijesi, goşmaça gurallary peýdalanmak, hasaplaşyk-kassa hyzmaty boýunça çykdajylar, araçyllyk hyzmatlary, serişdeleri geçirmek üçin, karz guramasynyň işini üpjün etmek boýunça çykdajylar we ş.m.);

3) beýleki çykdajylar (tölenen jerimeler, puşman pullary, kem çykmalaryň hasapdan öçürilmegi, ýitgileriň öwezini dolmak, aktiwleri hasapdan öçürmek, haýyr-sahawat çykdajylary we ş.m.).

Görnüşi boýunça göterim, hyzmat haky we beýleki göterim däl çykdajylar tapawutlandyrylýar. Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**Göterim çykdajylary** alnan karzlar üçin bank tarapyndan tölenen göterimleri, talap edilýänçä hasaplarda we möhletli hasaplarda (şahsy tarapy we banklary hem goşmak bilen edara görnüşli taraplaryň hasaplary) serişdeleriň galyndylaryny, çykarylan wekseller, obligasiýalar, goýum we kassa sertifikatlary boýunça göterim tölegleri öz içine alýar.

Banklar gymmatly kagyzlar we daşary ýurt puly bilen geçirilýän amallar, kassa, hasaplaşyk hyzmatlary, inkassasiýa boýunça, alnan kepillendirmeler we ş.m. üçin **hyzmat hakyny** tölemek bilen çykdajy edýärler.

**Beýleki göterim däl çykdajylar,** munuň özi diskont, alyş-çalyş (spekulýatiw) häsiýetli (bazarda), dolandyryş edarasyny saklamak (zähmet haky, işgärleri taýýarlamak we ş.m.), hojalyk, aktiwlere gaýtadan nyrh kesmek, jerimeler, puşman pullary we tölegleri üçin çykdajylardyr.

Bankyň çykdajylaryny hasaba almak üçin balans hasabyna degişli ikinji tertibiň dokuz hasabyny açýarlar. Olary bölüp aýyrmagyň esasynda çykdajylaryň görnüşi we häsiýeti, passiw amallaryň görnüşi goýlandyr.

2003-nji ýyldan başlap çykdajylary hasaba almagyň tertibi üýtgedildi. Onda balans hasaplarynyň birinji tertibiň çäklerinde çykdajylary hasaba almak üçin ikinji tertibiň bäş hasaby açylýar we daşary ýurt pulundaky serişdelere gaýtadan nyrh kesmegiň oňyn däl netijeleri beýan edilýär.

Döwri boýunça häzirki döwrüň çykdajylaryny we geljek döwürleriň çykdajylary tapawutlandyrylýar. Soňky agzalan çykdajylar aktiwlere gaýtadan nyrh kesmegiň oňyn däl netijeleri, karz we goýum amallary, gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasaplanyp ýazylan, ýöne tölenmedik göterimler bilen baglydyr.

Çäklendirme usuly boýunça bankyň çykdajylary kadalaşdyrylan we kadalaşdyrylmadyk çykdajylara (wekilçilik çykdajylary, mahabat üçin, işsapar, işgärleri taýýarlamak, çykdajylaryň öwezini dolmak) bölünýär.

## 5.3. Göterim maržasy

**Göterim maržasy** täjirçilik bankynyň göterim girdejisi bilen çykdajysynyň, alnan we tölenen göterimleriň arasyndaky tapawutdyr. Göterim maržasy (bankyň peýdasynyň esasy çeşmesi) salgytlaryň, almak we satmak amallaryndan çekilen ýitgileriň we «ýüküniň» (göterim däl girdejiniň göterim däl çykdajylardan artyk gelmegi), şeýle hem bank töwekgelçilikleriniň üstüni ýapmalydyr. Onuň möçberi absolýut ululyk we birnäçe maliýe koffisiýentleri bilen häsiýetlendirip bilner.

Göterim maržasynyň koeffisiýentleri onuň hakyky we bank üçin ýeterlik bolan derejesini görkezýär.

Hakyky göterim maržasynyň koeffisiýenti ($K_{\mathrm{hgm}}$) bankyň peýdasynyň göterim çeşmesiniň otnositel hakyky ululygyny häsiýetlendirýär. Ol aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

**I wariant**

$$K_{hgm} = (G_{ah} - (G_{th} : O_{gg})) , \qquad (2.1)$$

bu ýerde $G_{ah}$ - döwürde alnan göterimler (hakykysy);

$G_{th}$ - döwürde tölenen göterimler (hakykysy);

$O_{gg}$ - döwürde girdeji getirýän aktiwleriň ortaça galyndysy.

*Girdeji getirýän aktiwler* – edara görnüşli we şahsy tarapy hem-de banklara berlen karzlaryň ähli görnüşleri, serişdeleri gymmatly kagyzlara goýmak, faktoring we lizing amallary, beýleki işler.

**II wariant**

$K_{hgm} = (G_{ah} - G_{th}) : O_{dg},$ (2.2)

bu ýerde $O_{dg}$ - döwrürde aktiwleriň ortaça galyndysy.

*Aktiwler* bankyň düzgünleşdiriji maddalaryndan arassalanan balansynyň jemidir.

**Ýeterlik göterim maržasynyň koeffisiýenti** ($M_d$) onuň bank üçin zerur bolan iň pes derejesini görkezýär. Bu koeffisiýenti hasaplamak maržanyň esasy maksadyndan, ýagny bankyň çykdajylarynyň üstüni ýapmak maksadyndan gelip çykýar. Koeffisiýent şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$M_ý = (Ç_b - G_t - B_g)\ 100 : O_{gg}$, (2,3)

bu ýerde $Ç_b$ – bankyň çykdajylary;

$G_t$ – tölenen göterimler;

$B_g$ – beýleki girdejiler;

$O_{gg}$ - girdeji getirýän aktiwleriň ortaça girdejisi.

Hakyky maržanyň aşak gaçma ýagdaýy, ýagny hakyky marža bilen ýeterlik maržanyň arasyndaky tapawudyň azalma ýagdaýy howsalaly duýduryş (kyn ýagdaý) bolup durýar.

## 5.4. Täjirçilik bankynyň girdejileriniň we çykdajylarynyň derejesine baha bermek

Täjirçilik bankynyň girdejilerine we çykdajylaryna baha bermegiň esasy usullary çykdajylary we girdejileri gurluş taýdan seljermek, olaryň hereketini, şol sanda görnüşler boýunça hereketini seljermek, girdejileriň we çykdajylaryň otnositel derejesini häsiýetlendirýän maliýe koeffisiýentlerini hasaplamak bolup durýar. Umuman, olar bankyň girdejilerine we çykdajylaryna mukdar we hil taýdan baha bermäge mümkinçilik berýär.

Bankyň girdejilerini gurluş taýdan seljermek girdeji çeşmesiniň durnuklylygyna baha bermek we olary geljekde hem saklap galmak üçin olaryň esasy görnüşlerini ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Seljerme geçen ýyllaryň hakyky maglumatlarynyň esasynda geçirilýär. Durnuklylygyna baha bermek üçin girdejiler aşakdaky iki topara bölünýär:

1) amallardan alynýan durnukly girdejiler;

2) bazarda geçirilýän (spekulýatiw häsiýetli) amallardan, aktiwlere gaýtadan nyrh kesmekden alynýan, adaty däl, bir gezeklik häsiýeti bolan durnukly däl girdejiler we beýleki bir gezeklik girdejiler.

Bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň derejesine baha bermek üçin 2.1-nji tablisada görkezilen maliýe koeffisiýentleri peýdalanylýar.

*2.1-nji tablisa*

**Maliýe koeffisiýentleriniň hasaplamasy**

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Koeffisiýentiň № | Sanawjy | Maýdalawjy |
| 1. | Döwürde göterim girdejisi | Girdeji getirýän aktiwleriň ortaça galyndysy (karzlar, serişdeleri gymmatly kagyzlara we beýleki işlere goýmak, faktoring, lizing) |
| 2. | Döwürde göterim däl girdeji | Serişdeleriň ortaça galyndysy |
| 3. | Döwürde göterim däl çykdajy | Şol öňki |
| 4. | Göterim däl girdejiler bilen göterim däl çykdajylaryň aratapawudy | Göterim maržasy |
| 5. | Göterim maržasy bilen göterim däl girdejiniň jemi | Serişdeleriň ortaça galyndysy |
| 6. | Döwürde tölenen düşewüntler | Durnuksyz girdejilerden başga girdeji |

| | | |
|---|---|---|
| 7. | Zähmet hakyny tölemek üçin çykdajylar | Serişdeleriň ortaça galyndysy |
| 8. | Amallar üçin çykdajylar | Şol öňki |

Bankyň girdejilik derejesine baha bermek banky dolandyrmagyň dürli derejelerine degişli bolup biler.

## 5.5. Täjirçilik bankynyň peýdasyny emele getirmek we peýdalanmak

Täjirçilik bankynyň peýdasynyň emele getirilişi bankyň aýratynlygy, amallarynyň gerimi, hereket edýän hasaba alyş usuly bilen kesgitlenilýär. Türkmenistandaky häzirki wagtdaky ulgam degişli hasaplarda bir çärýegiň ýa-da aýyň dowamynda girdejileriň we çykdajylaryň toplanmagyny göz öňünde tutýar. Döwrüň ahyrynda bu hasaplar ýapylýar, olaryň saldosy bolsa, «Hasabat döwrüniň peýdasy» atly hasaba ýa-da «Hasabat ýylynyň ýitgileri» atly hasaba geçirilýär.

Ýylyň dowamynda toplanýan balans peýda ahyrky maliýe netijäni görkezmeýär. Ýylyň dowamynda «Hasabat ýylynda peýdanyň ulanylyşy» atly hasabyň debeti boýunça şu ýylyň balans peýdanyň hasabyna çykdajylar (salgytlar, bankyň gaznalaryna deslapky (awans) geçirimler, haýyr-sahawat maksatly çykdajylar we ş.m.) görkezilýär. Ýyllyk hasabat tabşyrylandan soň ýa-da hasaplaryň saldosy «Geçen ýyllaryň peýdasy» atly hasaba ýa-da «Geçen ýyllaryň ýitgileri» atly hasaplara, hasabyň saldosy bolsa «Geçen ýyllaryň peýdasyny ulanmak» atly hasaba geçirilýär. Bu hasapda paýdarlaryň (paýçylaryň) ýygnagynyň çözgüdi boýunça peýdanyň goşmaça ulanyşy görkezilýär. Ýyllyk hasabat tassyklanandan soň hasap saldony hasaba degişli etmek ýoly bilen ýapylýar. Peýdanyň paýlanmadyk möçberi hasapdan hasaba alynýar.

Hasaba alşyň we hasabatlylygyň halkara standartlary boýunça bankyň işiniň ahyrky maliýe netijesi **arassa peýdadan** ybarat bolýar.

Onuň balans peýdadan birnäçe tapawutlary bardyr. Olardan esasysy iki sanydyr:

1) arassa peýdany emele getirmegiň modeli onuň ululygynyň ahyrky maliýe netijäni görkezýändigini, balans peýdany emele getirmegiň modeliniň bolsa ony bankyň harajatlarynyň üstüni ýapmak üçin mundan beýläk hem ulanylmagyny göz öňünde tutýandygyny kesgitleýär.

2) balans we arassa peýdanyň ululyklary hasaba alyşda girdejileriň we çykdajylaryň göterimlerini görkezmegiň usullary sebäpli tapawutlanýar. Balans peýda girdejileriň we çykdajylaryň göterimlerini hasaba almagyň kassalaýyn usulynyň, arassa peýda bolsa hasaplap ýazma usulynyň esasynda emele getirilýär (*Kassa usulynda* karz beriji bank tarapyndan hasaplanyp ýazylan göterimler diňe serişdeleriň hakykatdan gelip gowşan ýa-da geçirilen ýagdaýynda girdeji ýa-da çykdajy hasaplaryna hasaplanyp ýazylýar. *Hasaplap ýazmak* usuly şu aýda hasaplanyp ýazylan ähli göterimleriň olaryň müşderiniň (kotragentiň) hasabyndan alnandygyna ýa-da oňa hasaplanyp ýazylandygyna garamazdan, bankyň şu aýda hasaplanyp ýazylan ähli girdejilerine ýa-da çykdajylaryna degişlidir).

Arassa we balans peýdanyň ululyklarynyň tapawutlanmagyna täsir edýän beýleki faktorlar könelmäni hasaplap ýazmagyň we ätiýaçlyklary (rezerwleri) döretmegiň tertibi, ýurdumyzyň we dünýäniň standartlary boýunça aktiwlere balans baha berlişi bilen baglanyşyklydyr.

Ýyllyk hasabatyň düzülýän döwründe geçen ýylyň maliýe netijelerini görkezýän girdeji we çykdajy hasaplary we hasap ýapylýar, olaryň saldosy «Geçen ýylyň peýdasy» atly hasaby ýa-da «Geçen ýylyň ýitgileri» atly hasaba geçirilýär.

## 5.6. Täjirçilik bankynyň peýdasynyň derejesine baha bermek

Täjirçilik bankynyň peýdasynyň derejesine baha bermegiň esasy tärleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1) peýdanyň çeşmelerini gurluş taýdan seljermek;
2) maliýe koeffisiýentleri ulgamyny seljermek;
3) faktorlaýyn seljermek.

Gurluş taýdan seljermegiň maksady peýdanyň esasy çeşmesini ýüze çykarmakdan we durnuklylyk nukdaýnazaryndan oňa baha bermek bolup durýar (2.2-nji tablisa ).

*2.2-nji tablisa*

**Maliýe netijelerine gurluş taýdan baha bermek**

| T/b | Görkeziji | Sene | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 1-nji aprel | 1-nji awgust | 1-nji oktýabr | 1-nji ýanwar |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1 | Döwürde göterim maržasy (hakykysy) | 41,7 | 35,2 | 32,1 | 29,8 |
| 2 | Göterimsiz girdejiniň göterimsiz çykdajydan artyk gelmegi | - | - | - | - |
| 3 | Göterimsiz çykdajynyň göterimsiz girdejiden artyk gelmegi («ýük») | 23,7 | 40,6 | 16,0 | 21,5 |
| 4 | Peýdanyň durnukly däl çeşmeleri (girdeji+; çykdajy -) | 161,3 | 133,2 | 95,5 | 101,2 |
| 5 | Geçen döwür bilen deňeşdirilende ätiýaçlyklaryň möçberiniň üýtgemegi | +5,0 | -4,0 | +7,- | +3,0 |
| 6 | Döwürde bankyň tölän salgytlary | 12,1 | 9,8 | 8,4 | 9,8 |

*2.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 7 | «Ýüki» we salgytlary aýyrmak bilen, göterim maržasy (7 = 1 – 2 - 6) | 7,9 | -15,2 | 767 | -1,5 |
| 8 | Arassa peýda (7 – 1 + 2 – 3 +- 4 – 5 - 6) | 164,2 | 122 | 96,2 | 97,7 |

Getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, peýdany emele getirmegiň gurluş taýdan seljermesi birnäçe ýaramaz netijeleri ýüze çykardy. Olar bankyň ýagdaýynyň berk däldigine şaýatlyk etmek bilen, aşakdaky ýagdaýlary ýüze çykarýar:

– ýylyň dowamynda göterim maržasynyň pese gaçmagy;

– I ýarym ýylda we IV çärýekde «ýüküň» artmagy;

– «ýüküň» we salgytlaryň göterim maržasynyň köp bölegini ýa--da ony dolulygyna «iýýändigi»;

– peýdanyň, esasan, durnukly däl çeşmeleriň hasabyna emele getirilmegi;

– arassa peýdanyň üýtgäp durmagy we peselmegi.

Maliýe koeffisiýentleri ulgamyny seljermek aşakdakylary öz içine alýar:

1) maliýe koeffisiýentiniň hakyky hasaplama ulylygyny onuň kadaly (kritelial) derejesi bilen deňeşdirmek;
2) bu bankyň koeffisiýentlerini şol topara degişli bäsleşýän banklaryň koeffisiýentleri bilen deňeşdirip görmek;
3) koeffisiýentleriň hereketine baha bermek;
4) koeffisiýentleriň hereketini faktorlaýyn seljermek.

Peýdalylyk koeffisiýentleriniň ulgamyna aşakdakylar girýär:

a) peýdanyň we aktiwleriň gatnaşygy;

b) salgyt salynmazdan öň peýdanyň we aktiwleriň gatnaşygy;

ç) peýdanyň we öz maýasynyň gatnaşygy;

d) bir işgäre düşýän peýda.

Peýdalylyga baha bermek üçin peýdalanylan maliýe koeffisiýentlerine peýda (aktiwler), salgyt salynmazdan öňki peýda (aktiwler), peýda (öz maýasy), bir paýnama düşýän düşewünt degişlidir.

Peýda **faktorlaýyn seljerme** iki usul bilen geçirilýär.

1. Bankyň düşewüntliliginiň esasy faktorlary peýdalylyk koeffisiýentiniň sanawjysynyň hem-de maýdalawjysynyň mazmuny bilen baglydyr (aktiwlere garanyňda peýda). Ýerlerini çalyşmak usuly bilen koeffisiýentiň hereketini kesgitleýän faktor ýüze çykarylýar.

2. Bankyň peýdasynyň derejesine faktorlaýyn seljerme geçirmek usuly peýdalylyk koeffisiýentlerini köpeldijilere bölmekden ybaratdyr.

# VI BAP. TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ LIKWIDLILIGI

## 6.1. Likwidlilik hakynda düşünje

Bankyň goýumçylaryň, karzdarlaryň we beýleki müşderileriň öňündäki borçnamalaryny öz wagtynda we ýitgisiz ýerine ýetirmäge ukyplylygy **bankyň likwidliligi** diýlip atlandyrylýar. Bankyň borçnamalary hakyky we şertli borçnamalardan ybaratdyr.

Bankyň balansynda talap edilýänçä goýumlara, möhletli depozitlere, çekilen bankara serişdelere, karzdarlaryň serişdelerine *hakyky borçnamalar* diýilýär.

Balansdan daşary passiwlere (bank tarapyndan berlen kepillendirmeler we zamunlyklar we ş.m.) we balansdan daşary aktiw amallara (peýdalanylan karz liniýalary we berlen akkreditiwler) *şertli borçnamalar* diýilýär.

Bankyň görkezilen borçnamalary üzmek zerurlygy aşakdaky ýagdaýlarda ýüze çykyp biler:

– müşderiler öz hasaplaryndaky serişdeleri alan ýagdaýynda;

– çekilen bankara karz üzülende we olar boýunça göterimler tölenende;

– müşderiniň karz almak baradaky ýüztutmasy kanagatlandyrylanda, ýagny täze karz pul berlende;

– amallar çykdajylary geçirilende we salgytlar tölenende;

– paýdarlara düşewüntler berlende.

Borçnamalary ýerine ýetirmek üçin bank şu aşakdaky likwidli aktiwleri peýdalanýar:

– kassada we habarçy hasaplarda;

– tiz wagtda nagt pula öwrüp bolýan aktiwler;

– bankara karzlar, zerur bolanda olary bankara bazaryndan ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alyp bolýar;

– beýleki çekilen serişdeler, mysal üçin, goýum sertifikatlaryny we bank wekselleri çykarmak.

Bank tarapyndan *toplanan likwidliligi* (nagt pul, likwidliligi ýokary bolan gymmatly kagyzlar) we *satyn alnan likwidliligi* (täze çatyn alnan – çekilen bankara karzlar, bank wekselleri, goýum sertifikatlary çykarmak) tapawutlandyrylýar.

Bankyň likwidliliginiň esasy alamatlarynyň berjaý edilmegi (borçnamalaryň öz wagtynda we ýitgisiz ýerine ýetirilmegi) bankyň işiniň hilini we daşarky gurşawyň ýagdaýyny görkezýän içerki we daşarky faktorlaryň giň topary bilen şertlendirilýär.

Içerki faktorlara aşakdakylar degişlidir:

bankyň aktiwleriniň hili;

çekilen serişdeleriň hili;

aktiwleriň we passiwleriň möhletleri boýunça biri-biri bilen baglanyşygy;

sowatly menejment;

bankyň abraýy.

Bankyň aktiwleriniň hili aşakdaky üç häsiýeti görkezýär:

1) likwidlilik;

2) töwekgelçilik;

3) girdejililik.

**Aktiwleriň likwidliligi** – aktiwleriň ýerlenmegi ýa-da bergidar (karz alyjy) tarapyndan borçnamalaryň üzülmegi arkaly aktiwleriň nagt pula ýitgisiz öwrülmek ukyby. Şonda mümkin bolan ýitgileriň derejesi aktiwleriň hili bilen şertlendirilýär.

Bankyň aktiwleri likwidlilik derejesi boýunça dört topara bölünýär.

*Birinji topary* bankyň öz kassasynda bar bolan we beýleki banklardaky habarçy hasaplaryndaky pul serişdeleri, bankyň söwda bukjasynda bar bolan döwletiň gymmatly kagyzlary düzýär.

Likwidlilik aktiwleriniň görkezilen toparynyň has ýokary derejesi depozitleri köp we durnuksyz bolan ýa-da karz pula islegiň artmagyna garaşylýan banklar üçin zerurdyr.

*Ikinji topara* şular girýär: edara görnüşli we şahsy taraplara gysga möhletli karzlar; bankara karzlar; faktoring amallary; satmak üçin niýetlenen korporatiw gymmatly kagyzlar. Olaryň nagt pula öwrülmek döwri has uzak bolýar.

Aktiwleriň *üçünji topary* uzak möhletli goýumlary, banklaryň maýa goýumlaryny, şol sanda uzak möhletli karz pullary, lizing amallaryny, maýa goýum hökmündäki gymmatly kagyzlary öz içine alýar.

Aktiwleriň *dördünji toparyny* möhleti geçirilen karz pullar, gymmatly kagyzlaryň käbir görnüşleri, binalar we desgalar görnüşindäki likwidli däl aktiwler emele getirýär. Aktiwleriň likwidliligi näçe pes bolsa, olaryň töwekgelçiligi, ýagny aktiwler pul serişdelerine öwrülende ýitgileriň potensial mümkinçiligi şonça-da ýokary bolýar. Töwekgelçilik derejesi boýunça aktiwleriň bäş toparyny tapawutlandyryp bolýar.

**Aktiwleriň girdejililigi**, bu olaryň banka girdeji getirip bilmek ukybydyr. Şu ölçeg boýunça aktiwler girdeji getirýän (karz pullar, gymmatly kagyzlara goýumlar we ş.m.) we girdeji getirmeýän (Merkezi bankyň habarçy hasabyndaky pul serişdeleri, binalar we desgalar we ş.m.) aktiwlere bölünýärler.

Bankyň likwidliligi çekilen serişdeleriň hili bilen, ýagny borçnamalaryň likwidliligi, depozitleriň durnuklylygy we daşary karz almalara aram baglylyk bilen hem kesgitlenýär.

**Borçnamalaryň likwidliligi**, bu bank üçin çekilen serişdeleriň umumy möçberi belli bir derejede saklananda olaryň üzülmeginiň we gaýtadan dikeldilmeginiň çaltlygyny aňladýar, ýagny olaryň möhletli gurluşyny görkezýär. Bankda gysga möhletli, ýagny 1-5 günlük çekilen serişdeler näçe köp bolsa, bank aktiwleriniň we passiwleriniň zerur bolan deňeçerligini üpjün etmek üçin serişdeleri şol derejede çalt gözläp tapmaly bolýar.

Goýumlaryň hili olaryň durnuklylygyna hem baglydyr. Talap edilýänçä goýumlar has durnuklydyr, iş ýüzünde olar boýunça

göterim ýazylmaýar diýen ýalydyr. Hasaplaşyk ýa-da gündelik hasap açmak, hasapdaky serişdeleri yzygiderli sarp etmek we üstüni dolmak arkaly, müşderi bank bilen uzak wagtlyk aragatnaşygy ýola goýýar.

Möhletli we goýumlardaky galyndylaryň durnuklylygy pesdir. Olaryň anyk bir banka berkidilmegine şol bank ýa-da beýleki banklar tarapyndan bu goýumlar boýunça bellenen göterim möçberi täsir edýär. Geljekde beýleki bir bank möhletli we depozitler boýunça möçberi ýokarlandyranda, öňki bank bolsa ony ozalky derejesinde galdyran ýagdaýynda, müşderiler öz depozitlerini has ýokary göterim möçberini bellän banka geçirip bilerler.

Serişde binýadynyň hili *bankyň daşarky çeşmelere,* mysal üçin, bankara karzlaryna baglylygy bilen hem şertlendirilýär. Belli bir çäklerdäki bankara karzlary likwidlilige howp salmaýar, likwidli serişdeleriň gysga wagtlyk ýetmezçiligini aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär. Ýöne onuň çekilen serişdelerde esasy orun eýeleýän ýagdaýynda bankara bazaryndaky amatsyz ýagdaý bankyň batmagyna getirip biler.

Bankyň likwidliligine *aktiwleriň we passiwleriň möçberleri we möhletleri boýunça biri-birine baglylygy* hem täsir edýär. Bankyň müşderileriniň öňündäki borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi pul serişdeleriniň maýa goýuma gönükdirilýän möhletleriniň goýumçylaryň pullary goýan möhletleri bilen laýyk getirilmegini göz öňünde tutýar. Köplenç, çekilen serişdeler bilen işleýän banklar tarapyndan bu kadanyň inkär edilmegi olaryň kreditorlaryň öňündäki borçnamalarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmezligine getirýär.

Bankyň likwidliliginiň içerki faktorlaryna **menejment,** ýagny bankyň tutuş işini dolandyryş, hususan-da likwidliligi dolandyryş ulgamy hem degişlidiir. Dolandyryşyň hili köp babatda aktiwleriň, passiwleriň we balansdan daşarky amallaryň, şeýle hem olaryň deňeçerlik derejesiniň hilini kesgitleýär. Meselem, karz pula mätäçlik çekýän müşderileriň karz ýüz tutmalaryna seredilende potensial karz alyjylaryň karza ukyplylygyna we talap edilýän karz pullary üzmegiň mümkin bolan çeşmelerine ähli taraplaýyn

seljerme geçirilmegi, birinjiden, karzyň esassyz berilmeginiň öňüni alýar, ikinjiden, berilýän karz pullaryň töwekgelçiligine hakyky baha bermäge we karz şertnamalarynda olaryň öz wagtynda yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri bellemäge mümkinçilik berýär. Netijede möhleti geçirilen ýa-da uzaldylan karzlaryň paýy azalýar, karz bukjasynyň hili bolsa ýokarlanýar.

Bankyň likwidliligini abraý faktory hem şertlendirýär. Bankyň gowy abraýy serişdeleri çekmekde beýleki banklara garanyňda oňa artykmaçlyk berýär, depozit binýadynyň durnuklylygyny we daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen aragatnaşygyň ösdürilmegini üpjün edýär.

Seredilip geçilen faktorlar bankyň aýratynlyklaryna we işläp gelýän döwrüniň dowamlylygyna, esaslandyryjylaryň maliýe ýagdaýyna, müşderileriň toparyna, ýöriteleşmegine, menejerler toparynyň hiline we ş.m. baglylykda ýokary ýa-da pes ähmiýete eýe bolup biler.

Serişdeler binýadynyň gurluşy we hili, aktiwleriň hili, menejment, bu faktorlaryň jemi bankyň likwidligi meselesinde kynçylyk döredip bilerler. Bankyň likwidlilik meselesiniň köp ugurlylygyny ykrar etmek bilen, onuň aýratynlygyny göz öňünde tutmak, „ynjyk» ýerini tapawutlandyrmak möhümdir.

Bankyň likwidliligi bilen onuň balansynyň likwidligi tapawutlandyrylmalydyr. Bankyň balansynyň likwidliligi, bu bankyň likwidlilik şertleriniň biridir, ol aktiwleriň we passiwleriň likwidlilik derejesi boýunça olaryň içki deňeçerligini üpjün etmäge mümkinçilik berýän gurluşyny görkezýär.

Şunuň bilen birlikde müşderileriň banka ynamy näçe ýokary bolsa, bankyň bankara bazaryndaky abraýy hem şonça ýokary bolar, banky dolandyrmagyň ýokary hilli üpjün edilen ýagdaýynda bu şertiň bozulmagy bankyň likwidliligine az derejede täsir edýär.

Bankyň likwidliliginiň daşarky faktorlaryna aşakdakylar degişlidir: ýurtdaky syýasy we ykdysady ýagdaý, gymmatly kagyzlar bazarynyň we bankara bazarynyň ösüşi; Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik banklaryny gaýtadan maliýeleşdiriş ulgamy, Merkezi bankyň gözegçilik wezipeleriniň netijeliligi.

## 6.2. Bank likwidliligine baha bermek

Häzirkizaman iş tejribesinde likwidlilige baha bermegiň aşakdaky iki usuly peýdalanylýar: koeffisiýentler arkaly we nagt pul akymynyň esasynda.

Koeffisiýentler usulynyň esasyny likwidlige baha beriş görkezijileri düzýär. Merkezleşdirilen tertipde bellenen normatiwleriň üçüsi hem möhletli likwidliligi (çalt, gündelik (30 güne çenli), uzak möhletli (bir ýyldan gowrak döwürde) likwidlilik) düzgünleşdirmäge niýetlenendir.

Bu görkezijileri hasaplamak üçin, usulyýete laýyklykda, aktiwler we passiwler likwidlilik derejesi boýunça üç topara bölünýärler.

Aktiwlerde likwidliligi ýokary, gündelik we likwidliligi pes aktiwler, ýagny uzak möhletli karz talaplary görkezilýär. Degişlilikde, passiwlerde talap edilýänçä borçnamalar, talap edilýän möhleti 30 günüň çäklerinde bolan borçnamalar we uzak möhletli borçnamalar görkezilýär. Uzak möhletli çeşmelere bankyň öz maýasy hem degişlidir.

Likwidliligi ýokary, gündelik aktiwler hasaplananda likwidlilik töwekgelçiligine has dogry baha bermek we netijeli düzgünleşdirmek üçin diňe Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda I we II hil toparlaryna (töwekgelçilik topary) degişli edilen maliýe aktiwlerini görkezilen aktiwler diýip hasap etmeli diýip bellenilendir.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan likwidliligiň ýokarda getirilen hökmany kadalarynyň peýdalanylmagy ähli täjirçilik banklarynyň likwidligini gündelik düzgünde yzygiderli düzgünleşdirilmegi üpjün etmäge niýetlenendir. Bu olar tarapyndan Merkezi banka ýokarda görkezilen görkezijileriň ýagdaýy barada her aýda hasabat berilmegini aňladýar. Kadalaşdyryş derejeleriniň berjaý edilmedik halatynda Merkezi bank degişli çäreleri, ýagny jerimeleri, görkezmeleri, belli bir amallary geçirmekde çäklendirmeleri ýa-da gadagan etmeleri ulanýar.

Bankyň likwidliligine baha bermek üçin ýokarda getirilen koeffisiýentleriň ählisiniň peýdalanylmagy oňa ätiýaçlyk hökmünde seretmek üçin häsiýetlidir.

Mysal üçin, çalt likwidlilik derejesi (N2) likwidliligi ýokary bolan aktiwleriň ätiýaçlygynyň talap edilýänçä borçnamalarynyň, gündelik likwidliligiň (H3) galyndysyna – gündelik aktiwleriň ätiýaçlygynyň gündelik borçnamalaryň galyndysyna bolan gatnaşygyny häsiýetlendirýär (2.3-nji tablisa).

*2.3-nji tablisa*

**Banklaryň likwidliliginiň Merkezi bank tarapyndan bellenen normatiwleri**

| Ykdysady normatiw | Hasaplama algoritmi | | Aňryçäk ähmiýeti | Normatiwiň maksady |
|---|---|---|---|---|
| | sanawjy | maýdalawjy | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| N2 – bankyň çalt likwidliginiň normatiwi | AGm - likwidliligi ýokary aktiwler, ýagny ýakyndaky kalendar günüň dowamynda alynmaly we/ýa-da haýal etmän talap edilip bilinjek ýa-da bank tarapyndan ýerlenip bilinjek maliýe aktiwleri | TBm – talap edilýänçä borçnamalar (passiwler), olar boýunça goýumçy we/ýa-da kreditor olaryň haýal edilmän üzülmegini talap edip biler | 15%-den köp ýa-da şoňa deň | Bir amallar gününiň dowamynda bankyň geç-ginligi ýitirmek töwekgelçili gini düzgünleş-dirýär |
| N3 – bankyň gündelik likwidliginiň normatiwi | AGm – likwidli aktiwler, ýagny bank tarapyndan alynmaly we/ýa-da ýakyndaky 30 kalendar günüň dowamynda talap edilip biljek we/ýa-da zerur bolanda bank tarapyndan 30 kalendar günüň dowamynda ýerlenip biljek maliýe aktiwleri | TBm – talap edilýänçä borçnamalar (passiwler), olar boýunça goýumçy we/ýa-da kreditor olaryň haýal edilmän üzül-megini talap edip bilýär we bankyň karzdarlaryň öňündäki ýakyndaky 30 kalendar günüň dowamynda üzülmeli möhleti bolan borçnamalar | 50%-den köp ýa-da şoňa deň | Hasaplaşyk senesine golaýdaky 30 kalendar günüň dowamynda bankyň geçginligi ýitirmek töwek-gelçiligini düzgünleşdirýär |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| N4 – bankyň uzak möhletli likwidliginiň normatiw | Kt – üzülmeli senesine çenli 365 ýa-da 266 kalendar gün galan karz talaplary, şeýle hem üzülmeli möhleti uzaldylan, täze bellenen möhleti hasaba almak bilen, üzülmeli möhleti 365 ýa-da 366 günden köp bolan karzlar | K+DB, bu ýerde K – bankyň öz maýasy, DB – bankyň özüniň alan karzlary we depozitleri boýunça, şeýle hem bazarda dolanyşykda bolýan, üzülmeli möhleti 365 ýa-da 366 günden köp bolan borçnamalar boýunça borçnamalar (passiwler) | 120%-den köp däl ýa-da şoňa deň | Serişdeleri uzak möhletli aktiwlere goşmagyň netijesinde bankyň likwidligi ýitirmek töwekgelçiligini düzgünleşdirýär |

Ýöne bankyň likwidliligine akym hökmünde hem seredip bolar. Bu ýagdaýda degişli möhletde gelýän pul serişdeleri bilen gidýän pul serişdeleriniň arasyndaky tapawut kesgitlenýär. Gelýän pul serişdeleri diýip şertleşilen möhletlerde bankyň borçnamalarynyň üzülmegine düşünilýär.

Şu usulyň peýdalanylmagy hasaplyşyk balansynyň düzülmegini göz öňünde tutýar, onda aktiwler we passiwler belli bir möhletler boýunça toparlara bölünýärler.

Möhletleriň her biri babatynda bankyň likwidlilik orny (pozisiýasy) hasaplanylýar, ol bellibir döwürde onuň pul talaplarynyň we borçnamalarynyň gatnaşygyny görkezýär. Eger bellibir döwürde (bellibir senede) müşderilere bildirilýän talaplar (aktiwler) bankyň borçnamalaryndan artyk gelse, likwidliligiň artykmaçlygy bolar, eger pul serişdeleriniň gitmegini aňladýan borçnamalar talaplardan (gelip gowuşmalar) ýokary bolanda likwidliligiň ýetmezçiligi bolar.

Likwidliligiň häzirki senedäki ýagdaýyna we geljek döwürdäki ýagdaýyna baha berilýär. Bankyň likwidlilik pozisiýasyny kesgitlemegiň mysaly 2.4-nji tablisada getirilýär.

*2.4-nji tablisa*

**Talap edilýänçä goýumdan ugur almak bilen bankyň likwidlilik pozisiýasyny hasaplamak**

| Madda | Üzmek üçin galan möhletler boýunça pul möçberi (talap etmek) | | | | | | | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | goýumyň 1 güni | 7 gün | 30 gün | 90 gün | 180 gün | bir ýyla çenli | 3 ýyla çenli | |
| Likwidli aktiwler | 50,2 | 60,5 | 73,3 | 148 | 181 | 220 | 283,5 | 1210 |
| Borçnamalar | 90,3 | 103 | 106 | 151 | 169 | 179,3 | 179,3 | 1210 |
| Likwidlilik pozisiýasy: artyk/kem likwidlilik | -40,1 | -42,2 | -33,9 | -2,5 | +12w | +41 | +104 | h |
| Artyk/kem likwidlilik koeffisiýenti | 44,4 | 41.1 | 37,6 | 1,65 | 7,3 | 22.9 | 58,1 | h |

2.4-nji tablisa düzülende likwidlilik aktiwlerine pul serişdeleri, gymmatly söwda kagyzlaryna goýumlar, karz we oňa deňleşdirilen bergi, üzülýänçä tutulyp alynýan maýa goýum gymmatly kagyzlara goýlan goýumlar, beýleki aktiwler goşulýar, borçnamalara bolsa bankyň passiwleri (karz guramalaryň we müşderileriň serişdeleri, bergi we gaýry borçnamalar, balansdan daşary borçnamalar we karz guramasy tarapyndan berlen kepillendirmeler) goşulýar. Aktiwleriň we borçnamalaryň şunuň ýaly toparlanmasy pul serişdeleriniň gelýän we gidýän ugurlaryny seljermäge mümkinçilik berýär.

Akym usulynyň esasynda likwidlilik ýagdaýyna baha bermek üçin, öňi bilen, pul serişdeleriniň hereketindäki meýilleri seljermek zerurdyr.

Ýokarda getirilen mysalda üç aýyň dowamynda bankda (1-90 gün) likwidliligiň ýetmezçiligi (gysga möhletli serişdeler üzülmeli möhleti uzak bolan aktiwlere goýlupdyr), soňra uzak möhletli serişdeleriň has gysga möhletli goýumlara goýulmagy bilen baglanyşykly onuň ösüşi görünýär. Şu döwürde bank peýdany ýitirýär, ýöne oňa likwidlilik töwekgelçiligi howp salmaýar. Bu bolsa bankyň uzak wagtyň dowamynda özüniň likwidliligini üpjün etmegiň usullaryny gözläp tapmaly, ýagny likwidlilik babatynda ýeterlik töwekgelçiligi bolan syýasaty alyp barmaly boljakdygyny aňladýar.

Bankyň likwidliligi barada gutarnykly netije çykarmak üçin, likwidlilik ýetmezçiliginiň koeffisiýentiniň ýagdaýy hem öwrenilmelidir. Ol likwidlilik ýetmezçiliginiň absolýut ululygynyň degişli möhletdäki borçnamalaryň möçberine gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar.

Getirilen mysalda likwidlilik ýetmezçiliginiň koeffisiýenti yzygiderli peselýär, ýöne ilkinji üç döwrüň dowamynda onuň ululygy ep--esli ýokarydyr: iş ýüzünde bankyň borçnamalarynyň 40%-iniň üstüni ýapmak üçin çeşme ýok, ýagny olary gözläp tapmak zerurlygy bar.

Talaplaryň we borçnamalaryň jeminiň absolýut laýyk gelip bilmejekdigi sebäpli, mümkin bolan gyşarmalaryň ileri tutulýan ugurlary aşakdakylar bolup biler: *birinjiden,* artykmaçlygyň we ýetmezçiligiň gezekleşdirilmegi; *ikinjiden,* bu gyşarmalaryň ujypsyz derejesi.

Täjirçilik banklarynyň likwidliligini dolandyrmak iki derejede amala aşyrylýar:

– banklaryň özleri tarapyndan ähli bank ulgamynyň likwidliligini merkezleşdirip dolandyrmak;

–Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplarynyň esasynda we bu babatda öz syýasatyny hasaba almak bilen, merkeze bagly bolmazdan dolandyrmak.

Iki derejede hem likwidliligi dolandyrmagyň esasy maksady likwidliligi, ýagny her bankyň öz borçnamalaryny öz wagtynda üzmegini üpjün etmek bolup durýar. Bu bolsa maýa goýumçylaryň, karzdarlaryň, goýumçylaryň we beýleki müşderileriň tutuş bank ulgamyna, şeýle hem anyk bir banka ynamlaryny döredýär.

Likwidliligi dolandyrmak Türkmenistanyň Täjirçilik bankynyň ýa-da aýratyn alnan bir bankyň likwidlilige baha bermek, seljermek, oňa gözegçilik etmek we düzgünleşdirmek boýunça hereketleriniň jeminden ybaratdyr. Şonuň üçin hem likwidliligi dolandyrmak, munuň özi makro we mikro derejelerde guramaçylygy dürli-dürli bolan özara baglanyşykly birnäçe elementleri öz içine alýan ulgamdyr.

*Makroderejede* Türkmenistanyň Merkezi banky bankyň likwidliligine baha bermek üçin bellli bir ykdysady normatiwleri belleýär. Olary hasaplamagyň algoritmini we aňryçäk ähmiýetlerini berýär. Her bankda bu normatiwleriň ýagdaýyna her aýda gözegçiligi amala aşyrýar. Aňryçäk ähmiýetler berjaý edilmedik halatynda degişli täsir ediş çärelerini görýär.

Seljerişiň maglumatlary boýunça aýry-aýry görkezijileri hasaplamagyň algoritmine düzedişler girizilip bilner.

*Mikroderejede* likwidliligi dolandyryş ulgamy aşakdaky elementleri öz içine alýar:

– likwidliligi dolandyrmak baradaky syýasaty düzmek;
– likwidlilige yzygiderli baha bermegi geçirmek;
– seljerme işini amala aşyrmak;
– her aýda likwidliligi düzgünleşdirmegi geçirmek.

Bu elementleriň her biriniň mazmunyna seredip geçeliň.

*Likwidliligi dolandyrmak baradaky syýasat* bankyň öz likwidliligini üpjün etmek boýunça strategik we taktiki çärelerini kesgitleýän resminamadan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz guramalarynyň likwidliligini seljermek boýunça ündemelerine laýyklykda, her bank

likwidliligi dolandurmak baradaky syýasaty hakynda ýörite resminamany işläp taýýarlamalydyr we tassyklamalydyr. Bu resminamanyň mazmunyna bildirilýän esasy talaplary onda aşakdakylaryň görkezilmegine syrykdyrylýar:

– likwidliligi seljermäge, baha bermäge we düzgünleşdirmäge gatnaşýan, gözegçiligi amala aşyrýan we degişli çözgütleriň ýerine ýetirilişine jogap berýän birlikleriň we dolandyryş edaralarynyň gurluş taýdan guralyşy;

– karz guramalarynyň likwidli serişdelere rasional islegini kesgitlemegiň tertibi, likwidli serişdeleriň artykmaçlygynyň (ýetmezçiliginiň) aňryçäk ýol berilýän ähmiýetleri;

– çalt, gündelik, uzak möhletli we umumy likwidliliginiň ýagdaýyna, bankyň müşderilere bildirýän talaplarynyň (şol sanda möhleti geçirilen talaplara) we bankyň borçnamalarynyň ýagdaýyna (likwidliligiň ýagdaýy şolara bagly bolup durýar) seljerme geçirmegiň usullary;

– aýry-aýry ýaramaz meýilleri aradan aýyrmagyň, mysal üçin, ykdysady normatiwleriň aňryçäk ähmiýetleriniň ýerine ýetirilmezliginiň, karz guramasynyň likwidliligi bilen peýdalylygynyň arasynda bähbitleriň çaknyşygynyň ýüze çykmagyny aradan aýyrmagyň usullary;

– daşary ýurt pulundaky likwidlilige baha bermegiň, seljermegiň we düzgünleşdirmegiň tertibi; her bir bank görkezijileriniň düzümini, daşary ýurt pulunda likwidliligi hasaplamagyň we oňa baha bermegiň usullaryny kesgitlemelidir. Ähli pullar boýunça, her pul boýunça aýratynlykda likwidlilik koeffisiýentleriniň aňryçäk ähmiýetlerini bellemelidir;

– likwidlilik barada maglumatlary toplamak we seljermek üçin maglumat ulgamy, peýdalanylýan maglumat binýady karz guramasynyň likwidliligine laýyk baha bermek we dogry çaklamak üçin ýeterlik bolmalydyr.

*Likwidlilige baha bermek* bankda yzygiderli geçirilýär, ol koeffisiýent usulynyň we pul akymlary usulynyň peýdalanylmagyna esaslanýan iş bolmalydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen koeffisiýentleriň düzümi we olaryň hasaplamalarynyň algoritmi koef-

fisiýentleriň degişli derejesini kesgitlemegiň kompýuter programmasyny düzmek üçin peýdalanylýar.

Koeffisiýentleri hasaplamak gündelik esasda geçirilýär. Munuň üçin her günki balanslaryň maglumatlary, şeýle hem bankyň analitik hasaba alşynyň maglumatlaryndan ybarat bolan käbir görkezijileriň ýagdaýy barada dürli birlikleriň bankiçi maglumatlary peýdalanylýar.

Koeffisiýent usulynyň esasynda likwidlilige baha bermek, her gün degişli görkezijiniň hakyky ähmiýetini normatiw bilen deňeşdirmekden ybaratdyr. Olar laýyk gelen ýagdaýynda bankyň likwidliliginiň degişli derejesini berjaý edýändigi barada netije çykarylýar.

Pul akymy usulynyň esasynda likwidlilige baha bermek bankyň likwidlilik pozisiýasyny her gün hasaplamakdan ybaratdyr. Şu ýagdaýda bankyň likwidliligine likwidliligiň artykmaç (ýetmezçilik) koeffisiýentiniň, ony limit bilen deňeşdirmegiň binýadynda, şeýle hem gyşarma meýilleriniň hemişeligini öwrenmegiň (likwidliligiň uzak wagtlyk ýa-da gysga wagtlyk ýetmezçiliginiň (artykmaçlygynyň) bolmagy) esasynda baha berilýär.

*Likwidliligiň ýagdaýyna seljerme geçirmek* oňa baha bermegiň her usulyna, degişlilikde amala aşyrylýar we birnäçe tapgyry öz içine alýar.

***Banklaryň likwidliligini seljermeginiň tapgyrlary:***

1. Bankyň maliýe ýagdaýyny öwrenmek.
2. Likwidlilige täsir edýän faktorlary kesgitlemek.
3. Passiwleriň we aktiwleriň düzümini öwrenmek.
4. Passiwleriň we aktiwleriň dolandyrylyşynyň netijeliligini kesgitlemek.
5. Likwidliligiň görkezijilerini hasaplamak.
6. Likwidliligi dolandyrmak barada teklipleri taýýarlamak.

*Birinji tapgyrda* hökmany ykdysady normatiwleriň hakyky derejesini ýa-da olaryň aňryçäk ähmiýetleri bilen deňeşdirilende likwidlilik pozisiýasynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän şekil düzülýär.

*Ikinji tapgyrda* her görkezijiniň degişli normatiw (ýa-da aňryçäk) derejä laýyk gelýän hakyky ähmiýeti deňeşdirilýär. Likwidliligiň häzirki ýagdaýyny görkezýän iň soňky hasabat senesine aýratyn üns berilýär. Seljerişiň bu tapgyrynda karz guramasynyň likwidliligi

dolandyryş ulgamyny häsiýetlendirýän ýaramaz faktlar ýüze çykarylyp bilner, hususan-da:

– esasy görkezijileriň kadalaşdyryjy (normatiw) ähmiýetleriniň bozulmagy (hatda örän ujypsyz derejede bozulmagy), ol likwidlilik bilen bagly kynçylygyň bardygyny aňladýar;

– esasy we goşmaça görkezijileriň aňryçäk ähmiýetleriniň bozulmagy, ol karz guramasy tarapyndan likwidliligi dolandyrmakda özüniň bellän kadalarynyň berjaý edilmeýändigine ýa-da saýlanyp alnan ähmiýetleriň esassyzdygyna şaýatlyk edýär;

– likwidliliginiň «artyklygy» bilen şertlendirilen, görkezijileriň normatiw (ýa-da aňryçäk) ähmiýetlerinden ep-esli gyşarmalary.

*Üçünji tapgyrda* ýüze çykan ýagdaýyň durnuklydygyna ýa-da tötänden ýüze çykandygyna göz ýetirmek üçin her görkezijiniň ýagdaýy hereketde seljerilýär.

Şu aşakdakylar likwidliligiň ýagdaýynyň hereketini ýaramaz häsiýetlendirýärler:

– bir ýa-da birnäçe görkezijileriň normatiw görkezijileriniň ähmiýetiniň birnäçe gezek bozulmagy;

– bir ýa-da birnäçe görkezijileriň normatiw görkezijileriniň ähmiýetiniň bozulmagynda (şol sanda örän ujypsyz derejede bozulmagynda) ýüze çykýan, likwidliligiň ýaramazlaşma meýilleri.

*Dördünji tapgyrda* ýüze çykarylan ýaramaz faktorlara we meýillere faktorlaýyn seljerme geçirilýär. Ýaramaz meýilleriň durnukly bolan halatynda birnäçe seneler barada şunuň ýaly seljerme geçirilmelidir, bu bolsa likwidliligiň peselmeginiň has möhüm faktorlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berer.

*Likwidliligiň ýagdaýyna gözegçilik* düzgün bolşy ýaly, bankyň içerki gözegçilik gullugy tarapyndan amala aşyrylýar. Ol likwidliligi dolandyryş ulgamyndaky ýetmezçilikleri çalt ýüze çykarmaga we şeýtmek bilen bu ugurdaky töwekgelçilikleri peseltmäge niýetlenendir.

Içerki gözegçilik gullugy, birinji nobatda, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň likwidliligi dolandyryş ulgamynyň guralyşyna bildirýän talaplaryndan we bankda işleriň hakyky ýagdaýyndan ugur alýar.

Likwidliligi düzgünleşdirmek dolandyryş ulgamynyň jemleýji elementini häsiýetlendirýär. Onuň maksady likwidliligiň ýetmezçiligini ýa-da artykmaçlygyny aradan aýyrmak boýunça anyk çözgütleriň kabul edilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Şeýle çögütleri kabul etmek aktiwleri we passiwleri dolandyrmak boýunça komitet tarapyndan, ýagny karz guramada şu maksat üçin döredilen kollegial edara tarapyndan amala aşyrylýar.

***Türkmenistanyň banklarynyň likwidliligine täsir edýän makro ykdysady faktorlar:***

*1. Döwletiň içindäki ykdysady we syýasy ýagdaý.*
*2. Döwlet dolandyrylyşynyň netijeliligi we gözegçiligi.*

***Täjirçilik banklarynyň likwidliligine täsir edýän makro ykdysady faktorlar:***

*1. Bank işini dolandyrmagyň hili.*
*2. Bank aktiwleriniň töwekgelçiligi.*
*3. Hususy kapitalyň ýerliligi.*
*4. Bank aktiwleriniň girdejililigi.*
*5. Serişdeleriň durnuklylygy we hili.*
*6. Aktiwleriň düzümi we diwersifikasiýasy.*
*7. Passiwiň we aktiwiň möçberleri we möhletleri boýunça deňeçerligi.*
*8. Daşarky çeşmelerden çekilýän serişdelere baglylyk.*

**Soraglar**

1. Bank işiniň haýsy görnüşleri göterim girdejisini emele getirýär?
2. Bankyň girdejilerini we çykdajylaryny toparlara bölmegiň ölçegleri nämeden ybarat?
3. Göterim maržasynyň möçberi nähili kesgitlenilýär?
4. Göterim maržasynyň koeffisiýenti nähili hasaplanylýar?
5. Bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň derejesine baha bermek üçin peýdalanylyp bilinjek haýsy maliýe koeffisiýentlerini bilýärsiňiz?
6. Bankyň balans peýdasyny emele getirmek işi nämeden ybarat?
7. Bankyň balans peýdasy bilen arassa peýdasynyň arasynda nähili tapawut bar?

8. Bankyň peýdalylyk derejesine baha bermegiň nähili usullary bar?
9. Bankyň likwidliligi, bankyň balansynyň likwidliligi, aktiwleriň likwidliligi nämäni aňladýar?
10. Haýsy borçnamalar hakyky borçnamalara, haýsylary bolsa şertli borçnamalara degişli?
11. Bankyň borçnamalaryny ýerine ýetirmeginiň nähili çeşmeleri bar?
12. Haýsy faktorlar bankyň likwidliligini kesgitleýär?

# VII BAP. BANK TÖWEKGELÇILIKLERI

## 7.1. Töwekgelçiligiň düýp manysy

Islendik hojalyk işinde hojalyk amallarynyň aýratynlygy bilen şertlendirilen ýitgi çekmek howpy ýüze çykýar. Şunuň ýaly ýitgi çekmek howpy bolsa töwekgelçilik bolup durýar. Has giň manyda geljekde haýsydyr bir nämälimligiň ýüze çykmagy töwekgelçilik diýip atlandyrylýar. Mümkin bolaýjak netijä ynamsyzlyk we onuň nämälimligi, bu **täjirçilik töwekgelçiligidir.** Haýsydyr bir pul serişdelerini ýitirmek ýa-da olary doly almazlyk ähtimallygy bilen baglynyşykly maliýe töwekgelçiligi täjirçilik töwekgelçiliginiň düzüm bölegi bolup durýar.

Töwekgelçiligiň düýp manysy alnan netijäniň meýilnamalaşdyrylan netijeden gyşarma mümkinçiliginden ybaratdyr. Şonda gyşarmalar goşmaça peýda gazanmak bilen hem baglanyşykly bolup biler. Başgaça aýdylanda gürrüň diňe bir ýitirmek töwekgelçiligi däl-de, eýsem goşmaça peýda ýa-da girdeji almak töwekgelçiligi – bähbit töwekgelçiligi barada hem gidýär.

Şeýlelikde **töwekgelçilik**, munuň özi bankyň işiniň ýagdaýy bilen bagly häsiýetnamasy bolup, ol işiň netijesiniň nämälimligini we üstünlikli bolmadyk ýagdaýynda (ýa-da üstünlikli bolanda) amatsyz (ýa-da, tersine, amatly) netijelerini görkezýär. Bu töwekgelçilik oňa biziň düşünýändigimize ýa-da düşünmeýändigimize garamazdan obýektiw barlykdyr. Häzirkizaman bazaryny töwekgelçiliksiz göz öňüne getirmek hem mümkin däldir.

Bazar şertlerinde täjirçilik banklarynyň işinde esasy ýörelge köp peýda gazanmak islegi bolup durýar. Ol ýitgi çekmek mümkinçiligi

bilen çäklendirilýär. Şeýle-de bolsa bank, adatça, töwekgelçilikden gaça durmaga ýa-da bolmanda, ony iň pes derejä düşürmäge çalyşýar. Diýmek, töwekgelçilik, bu bolup biljek, ýitgä getirip biljek ýagdaýyň gymmat aňlatmasydyr. Peýda gazanmak mümkinçiligi näçe ýokary bolsa, töwekgelçilik mümkinçiligi hem şonça ýokary bolýar. Şundan görnüşi ýaly, banklar beýleki deň şertlerde, bir ýa-da birnäçe ýagdaýlardan töwekgelçiligi has pes ýagdaýy saýlap alanlarynda ýokary peýda gazanmak ähtimallygynyň hem pes bolýandygyny nazara almalydyrlar. Munuň üçin ol töwekgelçilik derejesi bilen işewürlik işjeňliginiň, girdejililigiň derejesiniň arasynda amatly gatnaşygy saýlap almalydyr. Bank amallarynyň girdejililigi bilen töwekgelçiliginiň arasyndaky arabaglanyşyk göni baglylyk bilen aňladylýar.

## 7.2. Amallaryň girdejililigi bilen bankyň töwekgelçiliginiň arasyndaky arabaglanyşyk

Töwekgelçilik hiç wagt nola deň bolup bilmez, ýöne bank onuň möçber häsiýetnamasyny kesgitlemelidir. Esasy zat göni baglylygyň bozulyp (göni liniýa parabola şekilini alýar), diňe ýitgi almak howpunyň ýüze çykýan, töwekgelçiligiň bellibir derejesinden geçmezlikden, ýol berilýän töwekgelçilik zolagyndan çykmazlykdan ybaratdyr.

Kynçylykly meseleler birden ýüze çykanda, öňde goýlan täze wezipeler bankyň ozalky tejribesine laýyk gelmedik ýagdaýynda töwekgelçilik derejesi ýokarlanýar. Bankyň ýolbaşçylygynyň, gyssagly suratda, ýagdaýy gowulyga tarap üýtgedip biljek zerur çäreleri görüp bilmedik ýagdaýynda-da, şeýle hem bankyň işiniň bar bolan tertibi ýa-da kanunçylygyň we kadalaşdyryjy namalaryň kämil däldigi anyk ýagdaý üçin amatly çäreleri görmäge päsgel berýän ýagdaýynda hem töwekgelçilik ýokarlanýar.

Şeýlelikde, diňe ýitgi çekmek mümkinçiligi (töwekgelçilik) öňünden göz öňünde tutulan we ätiýaçlandyrylan ýagdaýynda, ýagny töwekgelçilikleri dolandyrmak sowatly amala aşyrylan ýagdaýynda peýda gazanyp bolar.

## 7.3. Bank töwekgelçiliklerini toparlara bölmegiň ölçegleri

Bank işi bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň dürli-dürli toparlanmalary bar. Olaryň esasyna goýlan has möhüm ölçegler aşakdakylardan ybaratdyr:

– töwekgelçilikleriň döreýän çygry;
– täjirçilik bankynyň görnüşi;
– bankyň müşderileriniň düzümi;
– töwekgelçiligi hasaplamagyň usuly;
– bank töwekgelçiliginiň derejesi;
– töwekgelçiligi wagt boýunça bölmek;
– amallaryň hasaba alnyş häsiýeti;
– düzgünleşdirmek mümkinçiligi;
– töwekgelçilikleri dolandyryş serişdeleri.

Sanalyp geçilen elementleriň her birine baglylykda bank töwekgelçiligini toparlara bölmegiň aýratynlyklaryna seredip geçeliň.

*Hereket ediş* çygry boýunça bank töwekgelçilikleri içerki we daşarky töwekgelçiliklere bölünýär.

Banklaryň, olaryň müşderileriniň işleriniň netijesinde ýüze çykýan we banklar tarapyndan geçirilýän amallara bagly bolan töwekgelçilikler **içerki töwekgelçilikler** diýip atlandyrylýar. Bankyň öz ýolbaşçylygynyň işewürlik işjeňligi, amatly marketing strategiýasynyň, syýasatyň we taktikanyň saýlanyp alynmagy, beýleki faktorlar onuň derejesine täsir edýär. Bu ýagdaýda töwekgelçilikleri dürli toparlara bölüp bolar.

Bir tarapdan içerki töwekgelçilikler bankyň işiniň esasy we kömekçi işindäki töwekgelçiliklere bölünýär.

*Bankyň esasy işindäki töwekgelçilikler* olaryň has giň ýaýran görnüşlerinden (göterim, walýuta, faktoring we lizing amallary boýunça, bankyň hasaplaşyk amallary boýunça we gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça töwekgelçilikler) ybaratdyr.

*Bankyň kömekçi işindäki töwekgelçilikler* depozitleri emele getirmek boýunça töwekgelçilikleri, bank hyýanatçylyklarynyň töwekgelçiligini, balansdan daşary amallar boýunça töwekgelçilikleri, bankyň bazardaky ornuny ýitirmek töwekgelçiligini, bankyň abra-

ýyny, müşderilerini ýitirmek töwekgelçiligini, bankyň reýtinginiň peselmek töwekgelçiligini we ş.m. öz içine alýar. Olar esasy işdäki töwekgelliklerden diňe şertleýin, gytaklaýyn baha berilýändigi we ýitirilen bähbit görnüşinde aňladylýandygy bilen tapawutlanýarlar. Olar, köplenç, amallar töwekgelçiligi diýlip atlandyrylýar.

Beýleki tarapdan içerki töwekgelçilikler aşakdakylar bilen baglanyşykly töwekgelçiliklere bölünýärler:

– *bankyň aktiwleri* bilen bagly (karz, walýuta, bazar, hasaplaşyk, lizing, faktoring, kassa, töwekgelçilikleri, habarçy hasaby boýunça töwekgelçilik, maliýeleşdirmek we maýa goýum boýunça we ş.m. töwekgelçilikler);

– *bankyň passiwleri bilen bagly* (goýum we beýleki depozit amallary, çekilen bankara karzlar boýunça töwekgelçilikler);

– *bankyň* öz aktiwlerini we passiwlerini *dolandyryşynyň hili bilen bagly* (göterim töwekgelçiligi, deňeçerlenmedik likwidlilik töwekgelçiligi, tölege ukypsyzlyk, maýanyň gurluşy, leweraž, bankyň maýasynyň ýeterlik bolmazlygy bilen töwekgelçilikler);

– *maliýe hyzmatlaryny ýerlemek bilen bagly* (amallar, tehnologik, innowasiýalar töwekgelçiligi, strategik töwekgelçilikler, buhgalter, administratiw töwekgelçilikleri, hyýanatçylyklar, howpsuzlyk töwekgelçilikleri).

Soňky toparyň üstünde giňişleýin durup geçeliň.

*Amallar töwekgelçiligi* bankyň hyzmatlarynyň bahasynyň artmagy we gündelik harajatlaryň ýokarlanmagy bilen bagly töwekgelçilikleri (mysal üçin, administratiw-hojalyk çykdajylarynyň öwezini dolup bilmezlik bilen bagly töwekgelçilikler) öz içine alýar.

*Tehnologik töwekgelçiliklere* bank işinde dürli tehnikany we tehnologiýany peýdalanmak bilen bagly töwekgelçilikler degişlidir. Bu kompýuter ulgamyndaky näsazlyklar, SWIET ulgamyndaky näsazlyklar, saklanýan ýeriň ýa-da demir şkaflaryň ýokdugy sebäpli resminamalaryň ýitirilmegi, ulgamyň konsepsiýasyndaky ýalňyşlyklar, oýlanyşyksyz maýa goýumlar, ýitirilen ýa-da zaýalanan kompýuter enjamynyň bahasy, elektron audit ýa-da logiki gözegçilik ulgamynyň ýitirilmegi ýa-da üýtgedilmegi, ulgamyň ynjyklygy, kompýuteriň üsti bilen edilýän galplyk, kompýuterdäki maglumatlaryň ýok edilmegi ýa-da ýitmegi bilen bagly töwekgelçiliklerdir.

*Howpsuzlyk töwekgelçilikleri* bankyň umumy howpsuzlygynyň, içerki we ýangyn howpsuzlygynyň töwekgelçiliginden ybaratdyr.

*Innowasiýalar töwekgelçiligi* taslama töwekgelçiliklerinden (özboluşly taslamalaryň töwekgelçiligi, bankyň içindäki töwekgelçilik, bazar ýa-da bukja töwekgelçiligi), selektiw töwekgelçilikden (innowasiýalaryň ýalňyş saýlanyp alynmagynyň töwekgelçiligi), wagt töwekgelçiliginden (innowasiýalar üçin wagtyň nädogry kesgitlenmeginiň töwekgelçiligi), zerur bolan serişdeleriň ýetmezçilik etmek töwekgelçiligi, işiň bank üçin täze görnüşini ýatyrmak bilen bagly kanunçylygyň üýtgeme töwekgelçiliginden ybaratdyr.

*Strategik töwekgelçilik*, bu ýol berilýän töwekgelçiligiň bellenen çäkden artyk bolmagy netijesinde göz öňünde tutulan peýdany almazlyk mümkinçiligi, töwekgelçiligiň möçberini we derejesini ýalňyş saýlap almak we nädogry baha bermek töwekgelçiligi, bankyň ýalňyş çözgüt kabul etmek töwekgelçiligi (mysal üçin, şol bir nesýäniň üzülmeli möhletiniň birnäçe gezek uzaldylmagy), amallaryň möhletlerini ýalňyş kesgitlemek, bankyň ýitgilerine gözegçilik edilmezligi, töwekgelçilikleri düzgünleşdirmek usullarynyň ýalňyş saýlanyp alynmagy (mysal üçin, girew şertnamasyny resmileşdirmegiň ýerine kanuny tarapyň kepilini almak) we beýleki töwekgelçilikler. Bularyň ählisi belli-bir nukdaýnazardan bankyň dolandyrylyşynyň hilini häsiýetlendirýär. Gozgalmaýan emläge uly möçberde esaslandyrylmadyk maýa goýumlaryň goýulmagy ýa-da esassyz ýerden täze sebit bazarlaryna çykmak munuň klassyk mysaly bolup hyzmat edip biler.

*Buhgalter töwekgelçilikleri* ýalňyş ýa-da öz wagtynda geçirilmändigi sebäpli pul ýitirmek, üçünji taraplaryň öňünde bankyň abraýyny gaçyrmak töwekgelçiliklerini, şeýle hem gözegçilik edilmeýän geçirmeleriň köpdügini, buhgalteriýanyň ýöredilişiniň elýeterli we ýeňilleşdirilen shemasynyň bolmagy sebäpli galplyklaryň ýüze çykmak töwekgelçiligini öz içine alýar.

*Administratiw töwekgelçilikler* töleg we beýleki resminamalar ýitirilen ýagdaýynda ýüze çykýar. Töwekgelçilikleriň bu görnüşi bank hyýanatçylyklary, ol hem öz gezeginde walýuta, gymmatly kagyzlar, karzlaryň möçberini dolandyrmak we göterim möçberleri, müşderini gysmak bilen onuň maliýe ýagdaýyna täsir etmek, bank

tarapyndan karz we beýleki şertnamalaýyn gatnaşyklary bilkastlaýyn bozmak, ogurlyk etmek, biderek harçlamak, aldawçylyk maksady bilen dildüwşige, taslamalary ýalňyş seljermek we geňeş bermek töwekgelçilikleri bilen ýakyndan baglydyr.

Bankyň işi ýa-da anyk bir müşderi bilen göni bagly bolmadyk töwekgelçilikler **daşarky** töwekgelçilikler diýlip atlandyrylýar. Gürrüň syýasy, durmuş, ykdysady, geografik we beýleki ýagdaýlarda we degişlilikde, şolar sebäpli bankyň we onuň müşderileriniň ýitgileri barada barýar. Töwekgelçilikleriň bu görnüşine ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri (adatça, heläkçilikler (awariýalar), ýangynlar, ogurlyklar sebäpli ýüze çykýar), tebigy betbagtçylyklar töwekgelçiligi (ýer titremegi, suw basmagy, tupan turmagy we beýleki öňüni alyp bolmaýan tebigy hadysalar sebäpli), hukuk töwekgelçilikleri (kanunçylygyň üýtgemegi, onuň bozulmagy, işiň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň kanunçylykda düzgünleşdirilmändigi sebäpli), bäsleşik töwekgelçilikleri (banklaryň we bank däl edaralaryň goşulmagy, bank amallarynyň we geleşikleriň täze görnüşleriniň peýda bolmagy, beýleki banklaryň hyzmatlarynyň bahasynyň peselmegi, bank hyzmatlaryna bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy, täze bank edaralarynyň ýeňil döredilmegi, banklary batan hasap etmek işleriniň çylşyrymlylygy sebäpli). Daşarky ykdysady töwekgelçiliklere walýutanyň hümmetiniň durnuksyzlygy, hümmetsizlenmek, tölege ukypsyzlyk ýa-da bankyň müşderileriniň batmagy, müşderileriň hyýanatçylyklary ýa-da walýuta serişdeleriniň ogurlanmagy, galp çekler bilen töleg geçirilmegi we ş.m. bilen şertlendirilen töwekgelçilikleri degişlidir.

*Hereket edýän çygryna baglylykda* bank töwekgelçiliklerini:

**ýurtlaryň töwekgelçiligi;**

aýratyn bir bankyň **maliýe ygtybarlylygy töwekgelçiligi** (bankyň maýasynyň ýeterlik bolmazlygy, likwidliligiň deňeçer bolmazlygy, hökmany ätiýaçlyklaryň ýeterlik dällik töwekgelçiligi);

**bank amalynyň aýratyn bir görnüşiniň töwekgelçiligi** (töleg tölenmezlik, öwezini dolmazlyk, inkassasiýa töwekgelçilikleri - bank kepili, hukuk töwekgelçiligi, karzyň düşewüntsizlik töwekgelçiligi) ýaly toparlara hem bölüp bolar.

Içerki töwekgelçilikler bankyň görnüşine we aýratynlygyna, onuň işiniň häsiýetine we hyzmatdaşlarynyň düzümine baglydyr.

Häzirki wagtda bankyň işiniň ugruny hasaba almak bilen, täjirçilik banklarynyň üç tipi, ýagny ýöriteleşdirilen, pudaklaýyn, uniwersal tipleri barada gürrüň edip bolar. Degişlilikde, bu banklar üçin töwekgelçilikler toplumy hem dürli-dürli bolar.

Bank töwekgelçilikleriniň anyk möçberleri, ýüze çykyş formalary, utgaşygy karz edarasynyň ýöriteleşen ugruna baglylykda emele gelýär. Ýöriteleşdirilen banklar öz işini, esasan, haýsydyr bir anyk hyzmatlary ýerine ýetirmäge gönükdirýärler, ýagny takyk görkezilen haryt gözükmesi bolýar, mysal üçin, innowasion, maýa goýum, ipoteka, depozit, kliring we beýleki banklar. Ýöriteleşdirilen banklaryň beýleki bir görnüşi pudaklaýyn (senagat, söwda, gurluşyk we oba hojalygy) ýa-da funksional (birža, ätiýaçlandyryş, trast, kooperatiw, kommunal) alamatlar boýunça müşderileriň belli bir toparyna hyzmat edýärler. Bazaryň gerimine baglylykda, ol ýa-da beýleki bank onuň subýekti bolup durýar, ýöriteleşdirilen täjirçilik banklary sebitleýin, sebitara, transmilli banklar bolup bilerler. *Dürli täjirçilik banklarynyň gabat gelýän içerki töwekgelçilikleriniň derejesi we görnüşi olaryň aýratynlygyna baglydyr.* Mysal üçin, innowasion bankda durmuşa geçirilmegi birbada kynçylyk döredýän, töwekgelçilikli kärhanalary, tehnologiýalary karzlaşdyrmak boýunça töwekgelçilikler agdyklyk edýär. Bu bank töwekgelçiligini düzgünleşdirmegiň aýratyn usullaryny, mysal üçin, döwletden kepillendirmeler almagy, gozgalmaýan emläge girew hukugyny ornaşdyrmagy we ş.m. talap edýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda dellalçylyk we trast hyzmatlaryny etmek boýunça öz işlerini işjeňleşdiren banklar, birinji nobatda, gymmatly kagyzlar bukjasynyň geçginsizlik töwekgelçiligini hasaba almalydyrlar. Şeýlelikde, *ýöriteleşdirilen banklar* işleriniň ugruny düzýän özlerine mahsus bolan amallar boýunça töwekgelçilik çekmeli bolarlar.

*Pudaklaýyn banklar* belli bir pudak bilen ýakyndan baglydyrlar. Şonuň üçin hem olaryň töwekgelçilik çygry, erkin bank amallary boýunça töwekgelçiliklerden başga-da, köplenç ykdysady, ýagny bank üçin daşarky, bankyň müşderileriniň töwekgelçiligine baglydyr. Pudaklaýyn bankda pudagyň kärhanalarynda we edaralarynda peý-

dalanylmadyk serişdeleri kesgitlemek we bankyň işiniň esasy ugurlaryny işläp taýýarlamak üçin, ortaça pudaklaýyn töwekgelçiligiň möçberi hasaplanylmalydyr. Hususan-da, öz wagtynda milli we sebitleýin toplumlara hyzmat etmek üçin döredilen we passiwlerine düzediş girizmedik banklar esasy ýitgileri esaslandyryjylaryň we esasy müşderileriniň maliýe-ykdysady ýagdaýyna berk baglydyklary sebäpli çekýärler. Pudaklaýyn banklar köp babatda sebitdäki we ýurtdaky umumy syýasy-ykdysady ýagdaýyň täsirine hem düşýärler. Şonuň üçin hem karz edaralaryň bu toparyny iň töwekgelçilikli topara degişli edip bolar.

*Uniwersal banklar* öz işinde işiň uniwersallygy sebäpli bank töwekgelçilikleriniň ähli görnüşlerini hasaba almaga mejbur bolýarlar. Olar iş ýüzünde bank hyzmatlarynyň ähli görnüşleri bilen (karz, hasaplaşyk we maliýe hyzmatlary) meşgullanýarlar. Mundan başga-da, uniwersal täjirçilik banklary soňky döwürde gymmatly kagyzlaryň dürli görnüşleri bilen amallary, lizing, kliring, faktoring amallary ýaly däp bolmadyk amallary hem has işjeň amala aşyryp başladylar. Şol sebäbe görä uniwersal bankda bank töwekgelçilikleriniň ähli görnüşleri bar. Emma uniwersal banklaryň işiň bir görnüşinden çekilen ýitginiň üstüni işiň beýleki bir görnüşinden alnan girdejiler bilen ýapmaga mümkinçilikleri bar. Emma öz müşderisine we pudaga bagly bolan pudaklaýyn banklarynda şeýle mümkinçilik ýok.

Bankyň *müşderileriniň düzümi* hem bank töwekgelçiliginiň derejesine täsir edýär. Müşderileriň düzüminiň töwekgelçiligi bank hyzmatlarynyň marketingi we jemgyýetçilik bilen gatnaşyklara baglydyr. Kiçi, orta we iri müşderiniň talaplarynyň dürli-dürli bolmagy töwekgelçiligiň derejesini kesgitleýär. Meselem, kiçi karz alyjy iri karz alyja garanyňda bazar ykdysadyýetiniň tötänliklerine köp derejede baglydyr. Şol bir wagtyň özünde bir iri müşderä ýa-da özara baglanyşykly müşderiler toparyna berlen köp möçberdäki karz, köplenç ýagdaýda bankyň batyp galmagyna sebäp bolýar. Bank töwekgelçiligi köp babatda bankyň müşderileriniň dürli pudaga degişlidigine baglydyr. Muňa *pudaklaýyn töwekgelçilik* diýilýär. Ol pudagyň özüniň ykdysady we maliýe babatdaky ösüş depgini bilen baglanyşyklydyr. Pudagyň ösüş depgini näçe ýokary bolsa töwekgelçilik derejesi hem şonça ýokary bolýar. Pudaklaýyn

töwekgelçilik belli bir wagt aralygynda alternatiw pudaklaryň işi, pudakiçi bäsleşik, pudaga täze öndürijileriň girmeginiň çylşyrymlylygy, harytlary çalyşýan önümleriň bolmazlygy, satyn alyjylaryň bazar güýji, üpjün edijileriň reýtingi we ş.m. ýaly faktorlaryň täsirine düşýär. Pudaklaýyn töwekgelçiligi peseltmek üçin bank halk hojalygynyň dürli pudaklaryna degişli bolan dürli pudaklaryň müşderilerine hyzmat etmelidir.

Bank töwekgelçiliginiň toparlanmasynyň ýene bir ölçegi *hasap-laşyk usuly* bolup durýar. Bu ölçege baglylykda töwekgelçilikler toplumlaýyn we aýratyn töwekgelçilik bolup bilýär. *Toplumlaýyn töwekgelçilik* bankyň töwekgelçiligine baha bermegi we ony çak-lamagy we bank likwidliliginiň ykdysady normatiwleriniň berjaý edilmegini öz içine alýar. Aýratyn töwekgelçilik töwekgelçilikleriň koeffisiýentleriniň şkalasyny döretmäge we aýratyn bir bank amaly ýa-da amallar topary boýunça töwekgelçilikleri deňeşdirip görmäge esaslanýar.

Ölçegleriň ýene biri bank *töwekgelçiliginiň derejesidir.* Bu ölçeg boýunça, töwekgelçilikleriň şkalasynda ýerleşen ýerine bag-lylykda, **doly, aram we pes töwekgelçilikler** tapawutlandyrylýar. Ätiýaçlandyrmagy kepillendirmek mümkinçiligine we düzgünleş-dirmegiň beýleki usullaryna baglylykda töwekgelçilik şonuň ýaly görnüşlere bölünýär. Bank töwekgelçiliginiň derejesi bankyň amallar boýunça serişdeleri ýitirmegine getirýän ýagdaýlaryň ähtimallygy bilen häsiýetlendirilýär. Ol göterimlerde ýa-da belli bir koeffisiýentlerde aňladylýar. Şol bir amal töwekgelçiligiň dürli derejesi bilen bagly bolup biler. Mysal üçin, bankyň täze kärhanany gurmak üçin beren uzak möhletli karz pulunyň ýokary töwekgelçilik derejesi bolar. Şol pul möçberi döwlet edaralarynda ätiýaçlandyrylanda töwekgelçilik derejesi peselýär.

*Töwekgelçilikleriň wagt boýunça bölünmegi* bazar ykdysadyýeti şertlerinde möhüm faktor bolup durýar. Bankyň esasy amallary geçen we şu wagtky töwekgelçiliklere, käbir ýagdaýda bolsa geljekki töwekgelçilige hem duçar bolup biler. Şu wagtky töwekgelçilige kepillendirme bermek, geçirilýän wekselleri aksept etmek boýunça amallar duçar bolýar. Geljekdäki töwekgelçilik belli bir wagtdan soň kepillendirmäni tölemek, wekseli tölemek, karzy üzmek

ähtimallygyndan ybaratdyr. Düzgün bolşy ýaly, amallaryň wagty näçe uzak bolsa töwekgelçilik hem şonça ýokary bolýar. Töwekgelçilikleriň wagt boýunça bölünmegi bankyň geljekdäki ýitgilerini çaklamak üçin möhüm rol oýnaýar. Bu faktor hasaba alnanda geçen töwekgelçilikleriň ýetiren zyýanynyň täsirinden we bankyň geljekki işinde ýalňyşlyklardan gaça durup bolar.

*Amallary hasaba almagyň häsiýetine baglylykda* bank töwekgelçilikleri balans we balans däl amallar boýunça diýen töwekgelçiliklere bölünýärler. Bank amallary boýunça ýüze çykýan töwekgelçilikler, köp ýagdaýda balansdan daşary amallara hem, mysal üçin, müşderi batyp galandaky ýagdaýa hem degişlidir. Bu ýerde balans we balans däl hasaplar boýunça bir wagtda geçýän şol bir işden mümkin bolan ýitgileriň derejesini dogry hasaba almak möhümdir. Meselem, walýuta **opsionlar**y boýunça amallara baha bermek diňe walýuta däl, eýsem bazar töwekgelçiliginden ugur alnyp geçirilmelidir. Şonda aýry-aýry balans däl amallar, ýagny gaznaçylyk borçnamalary, birža indeksleri we ş.m. boýunça töwekgelçilikler hasaba alynmalydyr.

*Bankyň balans töwekgelçiligine* karz, göterim, likwidlilik, maýanyň gurluşy (maýanyň ýeterlik bolmagyny göz öňünde tutýan normatiwi berjaý etmezlik, maýanyň gurluşynyň rasional däl töwekgelçiligi) degişlidir. Soňky görkezilen töwekgelçilik goşmaça maýa (karz töwekgelçiliginiň üstüni ýapmak üçin ätiýaçlyk serişdeleri, gymmatly kagyzlaryň bahasy gaçan ýagdaýynda ulanylmaly ätiýaçlyk serişdeler) bankyň esasy maýasyndan ýokary bolanda ýüze çykýar.

*Balansdan daşary töwekgelçilikler* bankyň berlen kepillendirmeler, çykarylan gymmatly kagyzlar, şunuň ýaly kagyzlar bilen baglaşylan geleşikler, karz borçnamalary, baglaşylan walýuta geleşikleri boýunça jogap bermäge ýagdaýynyň bolmazlygynyň mümkinçiligini aňladýar.

Ölçege baglylykda *töwekgelçilikleri düzgünleşdirmek mümkinçilikleri* ýapyk ýa-da açyk bolup bilýär. *Ýapyk* töwekgelçilikleri düzgünleşdirip bolýar, *açyk* töwekgelçilikleri bolsa düzgünleşdirip bolmaýar, gowşak hem bolsa olaryň öňüni almak, täsirini azaltmak mümkinçiligi bar.

Ýokarda getirilen toparlaryň ölçegleri diňe bir bank töwekgelçilikleriniň ähli görnüşlerini gurşap alman, eýsem banklara täjirçilik

we önümçilik töwekgelçilikleriniň jemi möçberi kesgitlenende bank töwekgelçilikleriniň aýry-aýry görnüşlerini gözden salmazlyga mümkinçilik berýär.

## 7.4. Töwekgelçilige baha bermek we dolandyryş usullary

Bankyň kabul eden ähli töwekgelçilikleri bankyň syýasatynyň, şeýle hem Merkezi bankyň bellän kadalarynyň bozulmagyna ýol bermeýän berk dolandyryş ulgamynda bolmalydyr.

Töwekgelçiligi dolandyryş ulgamy täjirçilik bankynda strategik dolandyryş derejesinde, guramaçylyk birlikleriniň ýa-da birnäçe birlikleriň özara hereketiniň çäklerinde ol ýa-da beýleki amalyň töwekgelçiligine gözegçilik etmek üçin amala aşyrylýan anyk çäreler arkaly amala aşyrylýar.

Töwekgelçilikleri dolandyrmak – töwekgelçilik menejmenti öňi bilen, töwekgelçilikli bukjalary dolandyrmagy öz içine alýar, ýagny onuň gerimli häsiýeti bardyr. Meselem, töwekgelçiligi dolandyryş ulgamynda esasy maksat töwekgelçilikden gaça durmak; töwekgelçilik derejesini peseltmek; töwekgelçiligi saklamak bolup durýar. Her bir wezipäniň çäklerinde bank işgärleri belli bir gurallardan peýdalanýarlar, öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin çäreler geçirýärler. Mysal üçin, töwekgelçiligi pes derejä düşürmek üçin serişdeleri ätiýaçlyga goýmakdan, limitleşdirmekden, kepillendirmeler ulgamyny döretmekden peýdalanýarlar.

Töwekgelçilikleriň aýry-aýry görnüşleri, ýagny karz, walýuta töwekgelçilikleri, gymmat kagyzlar bilen amallary boýunça töwekgelçilik menejmenti guralanda işiň şu aşakdaky ugurlary aýratyn ähmiýete eýe bolýar:

1) karz guramasynyň töwekgelçilik babatdaky syýasatyny sowatly guramak;
2) doly we giňişleýin usulyýet binýadyny döretmek;
3) wezipe borçlaryny netijeli bölüşdirmek we gurluş birlikleriniň arasynda aragatnaşygy guramak;
4) töwekgelçilikleri dolandyryş işini guramak:
– töwekgelçilikleri dogry identifikasiýa etmek;
– töwekgelçilik derejesine baha bermek ulgamyny gurmak;

– töwekgelçilikleri dolandyryş usullaryny saýlap almak we esaslandyrmak;

– töwekgelçilige gözegçilik (monitoring);

– sowatly işgärleri taýýarlamak.

**Karz guramasynyň töwekgelçilik baradaky syýasaty** aşakdakylary içine alýar:

– töwekgelçilik menejmentini, hususan-da, töwekgelçiligiň aýry-aýry görnüşlerine (karz, walýuta, likwidlilik we ş.m.) baha bermek usullaryny döretmekde karz guramasynyň töwekgelçilik baradaky syýasatynyň esasy ugurlaryny döretmek;

– aýry-aýry amallar, işgärler, şahamçalar we ş.m. boýunça limitler ulgamyny döretmek;

– görnüşler, toparlar, iri geleşikler boýunça bank amallarynyň geografiýasyny we jemlenişini kesgitlemek;

– amallary administirirlemek (dolandyrmak) ulgamyny işläp taýýarlamak;

– amalyň bahasyny we möhletini kesgitlemek;

– amallaryň amala aşyrylyşynyň aýratynlyklaryna we töwekgelçiliklere gözegçilik etmek;

– usulyýet binýady;

– wezipe borçlaryny bölmek.

**Usulýet binýady:**

– amallary geçirmek, töwekgelçiliklere baha bermek, düzgünleşdirmek we gözegçilik etmek boýunça ýokary hilli bankiçi resminamalary işläp taýýarlamagy;

– wezipe borçlarynyň bölünişini öz içine alýar.

**Wezipe borçlaryny bölmek aşakdakylar bilen baglydyr:**

– amallar amala aşyrylanda iş ýerlerini guramak we ol durmuşa geçirilende hem-de oňa gözegçilik edilende karz guramasynyň köp sanly birlikleriniň gatnaşmagy;

– bölümleriň arasynda özara hereketiň shemasyny döretmek.

**Töwekgelçilikleri dolandyrmak işi:**

– töwekgelçilikleri identifikasiýa etmek amala täsir edýän töwekgelçilikleri ýüze çykarmagy aňladýar.

– töwekgelçiligiň derejesine baha bermek töwekgelçilige baha bermegiň ulanylýan usullarynyň (ball, belgileýin we indeks usullary)

peýdalanylmagyny we esaslandyrylan netijenamany ýazmak arkaly onuň esaslandyrylmagyny öz içine alýar;

– töwekgelçiligi düzgünleşdirmek karz guramasynyň degişli gurluş birlikleri tarapyndan aýratyn bank amaly boýunça töwekgelçiligi peseltmegiň usullarynyňwe tärleriniň öz wagtynda ulanylmagy bilen baglydyr. Meselem, karz töwekgelçiligini düzgünleşdirmek aýratyn bir karz ýa-da tutuş karz bukjasy boýunça karzlary ätiýaçlandyrmak, girewi gaýtadan resmileşdirmek we oňa gaýtadan baha bermek, çalyşmak amallary, kynçylykly karzlary satmak, dänmek işini, täzelikler şertnamalaryny resmileşdirmek (diwersifikasiýa, bukjasynyň bir bölegini satmak, çalyşmak, ýeterlik derejede ätiýaçlyk serişdelerini döretmek, iri karzlaryň paýyny azaltmak we ş.m.) bilen baglanyşyklydyr;

– töwekgelçilikleriň monitoringi amalyň geçirilýän wagtynyň ähli tapgyrlarynda töwekgelçilige syn etmegiň karz guramasy tarapyndan işlenip taýýarlanan ulgamyny aňladýar. Şonda maglumat akymlary aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu şert içerki seljerme we hasabatlylyk ulgamyny döretmek ýoly bilen has gowy ýerine ýetirilip bilner. Bu ulgam müdirlige we ýokary derejedäki menejerlere görkezmeleriň nähili ýerine ýetirilýändigi barada habar berip we aşaky basgançagyň gullukçylarynyň işine hem-de amallaryň we bank bukjalarynyň ýagdaýyna baha bermek üçin ýeterlik maglumat berip biler. Meselem, karz töwekgelçiligine monitoring karz bermek amalynyň durmuşa geçirilýän wagtynyň ähli tapgyrlarynda töwekgelçilige syn etmegiň karz guramasy tarapyndan işlenip taýýarlanan ulgamyny aňladýar (karzyň maksada laýyk peýdalanyşyny barlamak, girewe baha bermek, karz alyjynyň maliýe ýagdaýynyň üýtgemelere we onuň işiniň geljekde nähili üýtgejekdigine barlag geçirmek) (7.1-nji tablisa). Töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamynyň elementleri 7.2-nji tablisada görkezilendir.

7.1-nji tablisa

**Karz, walýuta we gymmatly kagyzlar bilen töwekgelçilikleri identifikasiýa etmek**

| Karz töwekgelçiligini identifikasiýa etmek | Walýuta töwekgelçiligini identifikasiýa etmek | Gymmatly kagyzlar bilen töwekgelçiligi identifikasiýa etmek |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| **Karz alyjynyň töwekgelçiligi:** gündelik işiň netijeliliginiň töwekgelçiligi; maliýe ýagdaýynyň töwekgelçiligi; işewürlik töwekgelçiligi; likwidlilik töwekgelçiligi; borçnamalaryň ýerine ýetirilmezlik töwekgelçiligi; karz alyjynyň batyp galan halatynda ýitgileriň töwekgelçiligi; galplyk (aldawçylyk) töwekgelçiligi. karz guramasynyň maliýe kärendesi (lizing) amallary boýunça lizing alýan (lizinge berýän) gurama bildirýän talaplarynyň bukjasy. **Karz berýän bankyň töwekgelçiligi:** bazar strategiýasynyň töwekgelçiligi; karz syýasatynyň töwekgelçiligi; | **Çalşyk hümmetiniň üýtgeme töwekgelçiligi:** walýutalaryň göni bahasynyň üýtgeme töwekgelçiligi; walýutalaryň dolanyşyk (gytaklaýyn) bahalarynyň üýtgeme töwekgelçiligi; kross-hümmetleriň üýtgeme töwekgelçiligi; satyn alyş we satyş hümmetiniň üýtgeme töwekgelçiligi; spredleriň üýtgeme töwekgelçiligi; walýutanyň hümmetiniň indiwidual indeksleriniň üýtgeme töwekgelçiligi. **Çalyşmak (konwertasiýa) töwekgelçiligi:** alyş-çalyş amallary geçirilende çäklendirmeleriň | **Ulgamlaýyn töwekgelçilik Selektiw töwekgelçilik:** gaýtadan nyrh kesmek töwekgelçiligi; hümmetiň üýtgeme töwekgelçiligi. **Karz töwekgelçiligi:** kontragentiň geleşikleri boýunça töwekgelçilik; borçnamalaryň ýerine ýetirilmezlik töwekgelçiligi; karz alyjynyň batan halatynda ýitgi çekmek töwekgelçiligi; galplyk töwekgelçiligi. **Likwidlilik töwekgelçiligi. Hümmetsizlenme töwekgelçiligi.** |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| gurluş töwekgelçiligi (karz bukjasyny diwersifikasiýa etmek);<br>amallar ýa-da selektiw töwekgelçilik;<br>wagt töwekgelçiligi;<br>yzyna almak töwekgelçiligi;<br>göterim töwekgelçiligi;<br>balans amallar boýunça töwekgelçilikler;<br>balansdan daşary amallar boýunça töwekgelçilikler;<br>bank hyýanatçylyklarynyň töwekgelçiligi.<br>**Bankyň karz bukjasynyň töwekgelçiligi:**<br>hususy karz pullar boýunça töwekgelçilikler we birmeňzeş karzlar boýunça töwekgelçilik;<br>ýerleşdirilen depozitler bukjasy boýunça, şol sanda bank karzlary (depozitler, karzlar) boýunça töwekgelçilik;<br>beýleki ýerleşdirilen serişdeler bukjasy boýunça töwekgelçilik;<br>karz şertnamasy | bozulma töwekgelçiligi;<br>gündiz we gije üçin bellenen pozision limitleriň we düzgünleşdiriji ölçegleriň we kadalaryň bozulma töwekgelçiligi;<br>ýitgileriň limitiniň bozulma töwekgelçiligi.<br>**Täjirçilik töwekgelçilikleri:**<br>geleşik boýunça kontragantiň töwekgelçiligi;<br>garşylyklaýyn tarapyň töwekgelçiligi;<br>galplyk töwekgelçiligi.<br>**Konwersiýa töwekgelçilikleri:**<br>açyk walýuta pozisiýalarynyň töwekgelçiligi;<br>geçirme töwekgelçiligi;<br>geleşikler töwekgelçiligi.<br>**Göterim töwekgelçilikleri.**<br>**Hasaplaşyk töwekgelçilikleri:**<br>ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri; | **Yzyna alma töwekgelçiligi.**<br>**Ýurt (ygtyýarlylyk) töwekgelçiligi.**<br>**Tehnologik töwekgelçilik.**<br>**Gymmatly kagyzlaryň söwda bukjasynyň töwekgelçiligi:**<br>paýnamalaryň töwekgelçiligi;<br>obligasiýalaryň töwekgelçiligi;<br>bergi borçnamalarynyň töwekgelçiligi;<br>goşmaça maliýe gurallarynyň töwekgelçiligi.<br>**Gymmatly kagyzlaryň maýa goýum bukjasynyň töwekgelçiligi:**<br>paýnamalaryň töwekgelçiligi;<br>obligasiýalaryň töwekgelçiligi;<br>bergi borçnamalarynyň töwekgelçiligi. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| boýunça berlen bergi gymmatly kagyzlaryny, paýnamalary we wekselleri almak (yzyna gaýtarmak) boýunça talaplary goşmak bilen, hasaba alnan wekselleriň bukjasy boýunça töwekgelçilik;<br>karz guramasy tarapyndan benefisiara bank kepillendirmeleri boýunça benefiýara tölenen, ýöne prinsipala töletdirilmedik pul möçberleriniň töwekgelçiligi;<br>pul talabyny bermek (faktoring) barada maliýeleşdirmek geleşikleri boýunça karz guramasynyň pul talaplarynyň bukjasy boýunça töwekgelçilik;<br>geleşik boýunça alnan hukuklar (talaplar) boýunça karz guramasynyň talaplar bukjasy boýunça töwekgelçilik (talaplary bermek); ikinji bazarda satyn alnan girewler (zamunlar) boýunça karz | habarçy hasaplar boýunça töwekgelçilik;<br>amallar töwekgelçiligi.<br>**Ýurt (ygtyýarlylyk) töwekgelçiligi.**<br>**Tehnologik töwekgelçilik.**<br>**Walýuta amallarynyň görnüşleri boýunça töwekgelçilik:**<br>walýutany getirmek we çykarmak<br>serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek amallary;<br>ätiýaçlyga goýmak amallary;<br>borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça amallar;<br>deslapdan hasaba almak boýunça amallar;<br>repatrasiýa amallary;<br>maýanyň hereketi bilen baglanyşykly walýuta amallarynyň töwekgelçiligi;<br>gündelik amallaryň töwekgelçiligi.<br>**Rezidentleriň we rezident dälleriň walýuta amallarynyň töwekgelçiligi:** | |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| guramasynyň talaplar bukjasy boýunça töwekgelçilik;<br>tölegi (maliýe aktiwlerini bermegi) soňa süýşürmek bilen, maliýe aktiwlerini satmak (satyn almak) boýunça karz guramasynyň talaplar bukjasy boýunça töwekgelçilik;<br>tölenen aktiwler (üsti ýapylmadyk eksport we import akkreditiwleri) barada, tölemek boýunça karz guramasynyň töleýjilere bildirýän talaplary boýunça töwekgelçilik;<br>gymmatly kagyzlaryň gymmaty gaçan ýagdaýynda olary hökmany suratda elden almak bilen, gymmatly kagyzlary ýa-da beýleki maliýe aktiwleri satyn almak boýunça geleşigiň ikinji bölegi boýunça pul serişdelerini yzyna gaýtarmak barada kontaragente bildirilýän talaplaryň bukjasy boýunça töwekgelçilik; | söwda däl walýuta amallarynyň töwekgelçiligi;<br>söwda walýuta amallarynyň töwekgelçiligi.<br>**Walýuta:**<br>akkreditiwleri inkasso geçirmeleri boýunça töwekgelçilikler.<br>**OWP töwekgelçiligi:**<br>bilelikdäki (jemi) pozisiýa boýunça töwekgelçilik;<br>aýratyn walýuta boýunça töwekgelçilik;<br>maýany ýitirme töwekgelçiligi. | |

*7.2-nji tablisa*

**Töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamynyň elementleriniň bölünişi**

| | | |
|---|---|---|
| Karzlaryň we geleşikleriň töwekgelçilik toparlary boýunça bölünişi | Işiň esasy görnüşlerini guramak | Limitleri bellemek |
| Karzlary we geleşikleri awtorlaşdyrmak | Töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamynyň elementleri | Maglumat dolandyryş ulgamy |
| Töwekgelçiliklere monitoring | | Karzlaryň we töwekgelçilikleriň bahasynyň emele getirilişi |
| Kynçylyk döredýän karzlar we geleşikler bilen işlemek | Müşderiniň ýa-da kontragentiň karza ukyplylygyny we tölege ukyplylygyny seljermek | Bukjalaryň jemi töwekgelçiligini dolandyrmak: töwekgelçiliklere baha bermek; ätiýaçlyk serişdeleri döretmek |

**Soraglar**

1. Karz guramasynyň daşarky töwekgelçilikleriniň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
2. Karz guramasynyň içerki töwekgelçilikleriniň haýsy görnüşleri size mälim?
3. Karz guramasynyň töwekgelçilikleriniň dürli toparlanmalarynyň deňeşdirme häsiýetnamasy nähili?
4. Karz guramasynyň töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamynyň elementleri nämeden ybarat?
5. Bank töwekgelçilikleriniň arasynda nähili arabaglanyşyklar ýüze çykýar?
6. Bank töwekgelçiligini peseltmegiň usullary haýsylar?

# II BÖLÜM

## VIII BAP. MERKEZI BANKYŇ IŞINI GURAMAGYŇ ESASLARY

### 8.1. Merkezi bankyň wezipeleri

Bankyň wezipeleri, bu onuň aýratynlygy bilen kesgitlenýän işdir. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» kanunda onuň wezipesi bellenilýär. Ol kanunlara laýyklykda beýleki wezipeleriň hem ýerine ýetirilmegini aradan aýyrmaýar. Bu wezipeleri Merkezi bankyň gözükdirilen maksadynyň aýratynlygyndan ugur alyp we bellenen maksadyny hasaba almak bilen toparlara bölmek bolar. Şeýle wezipeler bäş sanydyr:

1) düzgünleşdiriji (pul-karz düzgünleşdirmesi) ;
2) kadalaşdyryjy-döredijilik (kadalaşdyryjy düzgünleşdirme) ;
3) amallar;
4) maglumat-seljeriş;
5) gözegçilik.

*Pul-karz düzgünleşdirmesiniň çäklerinde* Merkezi bank, onuň işini kesgitleýän kanunlara laýyklykda aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– Turkmenistanyň hökümeti bilen bilelikde döwletiň ýeke-täk pul-karz syýasatyny işläp taýýarlaýar we durmuşa geçirýär;

– nagt pullaryň emissiýasyny ýeke-täk amala aşyrýar we nagt pul dolanyşygyny guraýar;

– täjirçilik banklary üçin iň soňky karzdar bolup çykyş edýär, olary gaýtadan maliýeleşdiriş ulgamyny guraýar. Bu wezipede bankyň pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek baradaky orny görünýär.

Emission merkez bolmak, nagt-pul dolanyşygynyň guramaçysy bolup çykyş etmek, olara gysga wagtlyk goşmaça pul serişdeleri zerur bolanda täjirçilik banklarynyň likwidliligine goldaw berýän institut bolmak bilen, şu wezipäni ýerine ýetirýän Merkezi bank özüniň ykdysadyýetde bellenen maksadyny durmuşa geçirýär.

*Kadalaşdyryjy düzgünleşdirmek* (kadalaşdyryjy-döredijilik wezipesi) wezipesi aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– bank amallaryny geçirmegiň kadalaryny işläp düzmek;

– bank ulgamy üçin buhgalter hasaba alşynyň we hasabatlylygynyň tertibini we kadalaryny kesgitlemek;

– Türkmenistanda hasaplaşyklary alyp barmagyň kadalaryny kesgitlemek;

– halkara guramalary, döwletler, şeýle hem edara görnüşli we şahsy taraplar bilen hasaplaşyklaryň kadalaryny işläp taýýarlamak.

Merkezi bankyň bank amallaryny, täjirçilik banklarynyň hasaba alşynyň we hasabatlylygynyň tertibini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy namalary döretmek boýunça işi oňa karz guramalarynyň işini düzgünleşdirmäge we ösdürmäge, umumy usulyýet binýadyny, karz guramalarynyň işiniň ýeke-täk standartyny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa karz guramalaryna öz müşderilerine kanunçylygyň çäklerinde hyzmat etmäge mümkinçilik döredýär.

*Amallar wezipesi* Merkezi banka:

– özbaşdak ýa-da Türkmenistanyň hökümetiniň tabşyrygy boýunça bank amallarynyň we beýleki geleşikleriň ähli görnüşlerini amala aşyrmaga;

– özüniň altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrmaga;

– ýerine ýetiriji häkimiýetiň we döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň ygtyýarly edaralarynyň tabşyrygy boýunça hasaplaşyklary alyp barmak arkaly ýurduň býujet ulgamynyň ähli derejeleriniň býujetleriniň hasaplaryna hyzmat etmäge mümkinçilik berýär.

Şu wezipe bilen kesgitlenýän ygtyýarlyklar Merkezi banka işiň giň toparyny alyp barmaga, ykdysady subýektleriň köpdürli isleglerine hyzmat etmäge, zerur bolan ýagdaýynda maliýe amallary barada hasaplaşyklary alyp barmak boýunça döwletiň ygtyýarly agenti bolup çykyş etmäge mümkinçilik berýär.

*Maglumat-seljeriş wezipesine* laýyklykda, Merkezi bank:

döwlet boýunça ykdysadyýetiň ýagdaýyny, öňi bilen, pul-karz we walýuta-maliýe gatnaşyklary, nyrh emele getirmek baradaky ýagdaýy seljerýär we çaklaýar hem-de degişli maglumatlary çap edýär;

ýurduň töleg balansynyň çaklamasyny işläp düzmäge gatnaşýar, ony düzmegi guraýar;

daşary ýurt pullarynyň manada bolan gatnaşygynyň resmi hümmetini belleýär we çap edýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky üçin bu wezipäniň aýratyn ähmiýeti bardyr. Ony ýerine ýetirmezden maddy we maliýe akymlaryna esaslanýan pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek iş ýüzünde mümkin däldir. Ýurduň ykdysady ösüşini seljermek we çaklamak pul-karz gatnaşyklarynyň depginini we gurluşyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän intellektual binýat bolup durýar. Merkezi bankyň ýurduň ykdysady ösüşiniň meýilleri, ykdysadyýetiň aýry-aýry sektorlarynyň ösüşi, töleg balansynyň depgini, walýutanyň hümmeti, bank işiniň esasy görkezijileri baradaky ykdysady subýektlere, berilýän maglumatlary, olara  zerur bolanda, öz ösüşiniň ugruna düzediş girizmäge mümkinçilik berýän möhüm maglumat bolup durýar.

*Gözegçilik wezipesi* Merkezi bankyň üstüne:

– banklaryň we bank toparlarynyň işine gözegçilik etmek;

– banklary döwlet tarapyndan bellige almak, olara bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnamalary bermek;

– olaryň işini togtatmak we ygtyýarnamalary yzyna almak;

– banklaryň gymmatly kagyzlarynyň emissiýasyny bellige almak;

– walýutany düzgünleşdirmek we walýuta gözegçiligini amala aşyrmak wezipeleri ýükleýär.

Şu wezipeler Merkezi banka maksatlary bellemäge, şol sanda ýurduň bank ulgamyny ösdürmäge we berkitmäge gönükdirilen ugurlary bellemäge mümkinçilik berýär. Yzygiderli syn etmek we olaryň işiniň kanunçylykda bellenen kadalara we kadalaşdyryjy namalara laýyk gelýändigi barada barlamak ýoly bilen täjirçilik banklarynyň işine gözegçiligi amala aşyrmak arkaly Merkezi bank hereket edýän bank kanunçylygyna laýyklykda goýumçylaryň we karzdarlaryň bähbitlerini goraýar. Karz guramalaryň işiniň durnuklylygyny üpjün edýär. Kanunçylygyň üpjün edilişine gözegçiligiň özbaşdak görnüşi hökmünde Merkezi bank tarapyndan gözegçilik etmek Merkezi bank bilen täjirçilik banklarynyň arasynda tabynlyk gatnaşyklaryna esaslanmaýar. Şonuň üçin hem ol täjirçilik banklarynyň gündelik işlerine goşulyşmaýar. Ol diňe Merkezi bank tarapyndan kadalyryň bozulandygy anyklanan ýagdaýynda, şeýle hem goýumçylaryň we

karzdarlaryň bähbitlerine howp bar bolanda amala aşyrylýar. Kanuna laýyklykda Merkezi bank täjirçilik banklaryny esaslandyryş resminamalarynda, kanunçylykda we kadalaşdyryjy namalarda göz öňünde tutulmadyk amallary ýerine ýetirmäge mejbur etmeli däldir.

Şonuň bilen baglylykda Merkezi bankyň işiniň:

– ykdysady häsiýetiniň bardygyny;

– zähmet önümleriniň çalşylmagyna gönüden-göni hyzmat edýändigini;

– oňa umumymilli institutyň işi hökmünde seredilýändigini;

– peýda gazanmagy öz maksady edip goýmaýandygyny;

– önümçilik häsiýetiniň bardygyny;

– esasan ykdysady gatnaşyklaryň makroykdysady derejesinde jemlenendigini;

– uniwersal häsiýetiniň bardygyny, öz tebigaty boýunça pudaklaýyn bolup durmaýandygyny;

– oňa ýurduň baş bankynyň işi hökmünde seredilýändigini;

– pul-karz gatnaşyklary we ähli milli bank ulgamynyň hereket etmegi babatynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýändigini;

– ýeke-täk bank ulgamynyň bir bölegi hökmünde seredilýändigini;

– hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ýeke-täk kadalaryna tabyndygyny;

– müşderileriň aýratyn düzümine hyzmat etmek bilen baglanyşyklydygyny ýatladýarys.

Ozal bellenip geçilişi ýaly, Merkezi bankyň müşderileri edara görnüşli we şahsy taraplardyr. Merkezi bankyň işiniň bu aýratynlygy onuň ykdysadyýetiň hakyky sektorynyň kärhanalary bilen gönüden-göni bagly däldiginden ybaratdyr. Merkezi bankyň esasy müşderileri karz guramalar bolup durýar; karz guramalar bolmadyk müşderilere diňe karz guramalarynyň ýok ýerlerinde hyzmat edilip bilner.

Merkezi bank döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, olaryň edaralary we guramalary, döwletiň býujetden daşary gaznalary, harby bölümler üçin bank amallaryny ýerine ýetirip biler. Kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň raýatlary bolup duran müşderileriň arasynda harby gullukçylar we beýleki taraplar bolup biler.

Halkara we daşary ykdysady işde merkezi bankyň müşderileri beýleki ýurtlaryň merkezi banklary, halkara banklary, halkara pul-karz guramalary bolup biler. Merkezi banklar daşary ýurtlaryň gatnaşmagynda täjirçilik banklaryny döretmek, şeýle hem olaryň işi bilen baglanyşykly amallary alyp barýarlar.

Işiň aýratynlygy bilen baglanyşykly, merkezi bankyň müşderileri ýurduň hökümeti bolup biler, onuň üçin onuň tabşyrygy boýunça pul-karz, walýuta-maliýe we baha gatnaşyklaryny çaklamak geçirilýär. Türkmenistanyň hökümeti bilen özara hyzmatdaşlykda Turkmenistanyň Merkezi banky, mysal üçin, ýeke-täk pul-karz syýasatyny işläp düzýär we durmuşa geçirýär. Şeýle hem bank işiniň aýratynlygy hemde düýpli alamaty onuň garaşsyz häsiýetde bolmagydyr.

## 8.2. Merkezi bankyň amallary

Hukuk babatynda ugrukdyrylýan iş hökmünde düşündirilýän wezipe birnäçe amallaryň we geleşikleriň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar. Kanunda bellenen wezipeleriň we öňde goýlan maksatlara ýetmegiň we wezipeleri amala aşyrmagyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezi banky:

– pullary dolanyşyga çykarmak boýunça amallary geçirýär;

– karz, hasaplaşyk, kassa we goýum syýasatyny geçirýär;

– açyk bazarda döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alýar we satýar;

– emitirlenýän obligasiýalary we goýum sertifikatlary satyn alýar we satýar;

– daşary ýurt puluny, şeýle hem daşary ýurt pulunda görkezilen, Türkmenistanyň  we daşary ýurt karz guramalary tarapyndan berlen töleg resminamalaryny we borçnamalaryny satyn alýar we satýar;

– gymmatly metallary we walýuta gymmatlyklarynyň beýleki görnüşlerini satyn alýar, saklaýar, satýar;

– gymmatly kagyzlary we beýleki aktiwleri saklamak we dolandyrmak üçin kabul edýär;

– zamunlyklary we bank kepillendirmelerini berýär;

– maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak üçin peýdalanylýan maliýe gurallary bilen amallary geçirýär;

– Türkmenistanyň Merkezi banky we daşary ýurtlaryň çäklerinde Türkmenistanyň we daşary ýurt karz guramalarynda hasaplary açýar;

– islendik puldaky çekleri we wekselleri berýär;

– beýleki bank amallaryny geçirýär.

Görkezilen amallaryň birnäçe düýpli aýratynlyklary bardyr.

*Birinjiden,* ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýan ähli amallaryň pul (gymmat) häsiýeti bolup, olar alyş-çalyş ulgamynda amala aşyrylýar. Satyn almak-satmak ulgamyny, onuň üsti bilen bolsa, önümçilik däl işiň ähli tapgyrlaryny gurşap alýar.

*Ikinjiden,* nagt pullary emissiýa etmek wezipesine laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi banky kagyz pullary (banknotlary) we monetleri emitirleýär, nagt pul dolanyşygyny guramak boýunça amallary geçirýär. Bellenilişi ýaly, bu wezipäni (we şonuň bilen baglanyşykly amallary) diňe şu bank ýerine ýetirýär.

*Üçünjiden,* bank tarapyndan amala aşyrylýan amallar makro we mikro derejedäki ykdysady gatnaşyklara hyzmat edip biler. Meselem, nagt pullary emitirlemek boýunça amallaryň umumymilli häsiýeti bardyr. Bu ýerde Türkmenistanyň Merkezi banky haýsydyr bir ykdysady agent bilen haýsy hem bolsa bir geleşik baglaşmaýar. Tersine, onuň geçirýän karz, hasaplaşyk, goýum we käbir beýleki amallarynyň salgylaýyn (niýetlenen) häsiýeti bolup, gönüden-göni anyk subýektler bilen geçirilýär.

*Dördünjiden,* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň özara gatnaşyklarynyň subýektleri, esasan, Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň karz guramalary bolup durýar. Ähli karz guramalarynyň bank amallaryny geçirmek üçin ygtyýarnamasy bolmalydyr. Türkmenistanyň Merkezi banky haryt öndürijilere, kärhanalara, guramalara şahsy taraplara gönüden-göni hyzmat etmeýär.

*Bäşinjiden,* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary, bellenip geçilişi ýaly, halkara bank ulgamynda kabul edilen işewürlik dolanyşygynyň adatlaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Olar ýurduň haryt öndürijileriniň arasyndaky gatnaşyklary hem, daşary ýurtly ykdysady agentler bilen gatnaşyklary-da öz içine alýar. Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek bilen, Türkmenistanyň Mer-

kezi banky daşary döwletleriň merkezi banklary, halkara banklar, halkara walýuta-maliýe guramalary bilen gatnaşyklary ýola goýýar.

*Altynjydan,* Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýerine ýetirilýän amallaryň şertnamalaýyn häsiýeti bardyr. Amallary geçirmek barada banklar bilen şertnamalary baglaşmagyň tertibi aýratyn alnan her bir ýagdaýda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň degişli düzgünnamalary bilen düzgünleşdirilýär.

*Ýedinjiden,* Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýerine ýetirilýän amallar hyzmat üçin hak almak (komission) esasda amala aşyrylýar.

*Sekizinjiden,* Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary görkezmeler, düzgünnamalar we görkezijiler görnüşinde onuň özbaşdak işläp taýýarlaýan tertipleri boýunça amala aşyrylýar. Bu kadalaşdyryjy namalarda bar bolan kadalar edara görnüşli we şahsy taraplaryň ählisi, şeýle hem döwlet häkimiýeti edaralary, onuň subýektleri we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary üçin hökmanydyr. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan işlenip taýýarlanylan kadalaşdyryjy namalaryň gaýdym güýji ýokdur.

*Dokuzynjydan,* Turkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary belli bir derejede täjirçilik banklarynyň amallaryndan tapawutlanýar.

Şeýle hem, Turkmenistanyň Merkezi bankynyň amallarynyň täjirçilik banklarynyň amallaryndan tapawudy aşakdakylardan ybaratdyr:

– ozal aýdylyp geçilişi ýaly, olar, esasan, karz guramalary bilen özara gatnaşyklarda ýerine ýetirilýär;

– merkezi banklar, düzgün bolşy ýaly, emlägi dolandyrmak bilen meşgullanmaýarlar (gymmat kagyzlary dolandyrmakdan başga);

– merkezi bank tarapyndan ýerine ýetirilýän amallaryň esasy toplumynyň umumy meňzeşliginde, olaryň käbirleri başga möçberde we başga şertlerde amala aşyrylýar.

*Onunjydan,* Turkmenistanyň Merkezi bankynyň müşderiler bilen gatnaşyklary hökmünde bank amallaryny onuň walýuta interwensiýasy, göterim möçberlerini üýtgetmek, ätiýaçlyk serişdelerine bildirilýän talaplary üýtgetmek ýaly gurallardan peýdalanmak bilen, pul dolanyşygyny we täjirçilik bankynyň işini düzgünleşdirmek tertibinde

amala aşyrýan hereketlerinden tapawutlandyrmak gerek. Elbetde, bu ýerde Turkmenistanyň Merkezi banky bilen täjirçilik banklarynyň arasynda hiç hili şertnama baglaşylmaýar. Şunuň ýaly hereketler Turkmenistanyň Merkezi bankynyň tarapyndan oňa kanunlar arkaly berlen ygtyýarlyklara laýyklykda geçirilýär.

Turkmenistanyň Merkezi bankynyň birnäçe amallary geçirmäge haky ýokdur. Olara şu aşakdaky amallar girýär:

– bank amallaryny geçirmek üçin ygtyýarnamasy bolmadyk şahsy taraplar bilen amallar;

– karz edaralarynyň bar sebitlerinde şahsy taraplar bilen amallar;

– karz we beýleki guramalaryň paýnamalaryny (paýlaryny) satyn almak boýunça amallar (kanunçylykda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär);

– gozgalmaýan emläk bilen amallar (Turkmenistanyň Merkezi bankynyň we onuň guramalarynyň işini üpjün etmek bilen bagly bolan ýagdaýlar muňa girýär);

– harytlaryň söwdasyny etmek we haryt öndürmek boýunça amallar (kanunçylykda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär);

– berlen karz pullaryň möhletini üýtgetmek (Turkmenistanyň Merkezi bankynyň geňeşiniň çözgüdi bilen bagly bolan ýagdaýlar muňa girmeýär).

Bellenilip geçilişi ýaly, Turkmenistanyň döwlet býujetiniň, Türkmenistanyň subýektleriniň býujetleriniň, ýerli býujetleriň, döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň býujetleriniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin karz bermäge haky ýokdur. Şeýle hem kanunçylyga laýyklykda, Turkmenistanyň Merkezi bankynyň döwletiň gymmatly kagyzlary ilkinji gezek ýerleşdirilende olary satyn alyp bilmeýär.

Her ýyl Turkmenistanyň Merkezi banky ýyllyk maliýe hasabatyny düzýär, ol onuň bellenen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirýän amallaryny görkezýär. Ýyllyk maliýe hasabatynyň düzümine aşakdakylar girýär:

– ýyllyk balans;

– peýdalaryň we ýitgileriň hasaby;

– alnan peýda we onuň paýlanylyşy barada hasabat;

– Turkmenistanyň Merkezi bankynyň ätiýaçlyk serişdeleriniň we gaznalarynyň emele getirilişi we peýdalanylyşy barada hasabat;

– Turkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan guramalaryň gymmatly kagyzlarynyň we olaryň maýalaryndaky paýlaryň dolandyrylyşy barada hasabat;

– Turkmenistanyň Merkezi bankynyň gullukçylaryny saklamak üçin çykdajylar barada hasabat;

– düýpli goýumlaryň çykdajy sanawynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat.

## 8.3. Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri

Merkezi bankyň işi belli bir ýörelgelere esaslanýar.

Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri pul-karz instituty hökmünde onuň düýp manysy bilen şertlendirilen we onuň maksatlarynyň we wezipeleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, onuň hereket etmeginiň esas goýujy kadalary bolup durýar.

Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– işi döwletiň ykdysady syýasatynyň wezipeleri bilen utgaşdyrmak;

– işi bar bolan serişdelere laýyklykda düzgünleşdirmek;

– önümçiligi we önümleriň dolanyşygyny höweslendirmegiň, köplenç, ykdysady usullaryny peýdalanmak;

– pul-karz syýasatynyň bitewiligi (ýeke-täkligi);

– emissiýa we karz işiniň arasyny açmak;

– çözgütleri kollegial kabul etmek;

– aýanlyk;

– hünär etikasynyň kadalaryna laýyk gelmek;

– bank syryny berjaý etmek;

– jogapkärçilik.

*Işi döwletiň ykdysady syýasatynyň wezipeleri bilen utgaşdyrmak ýörelgesi* umumy ykdysady organizmiň elementi hökmünde Merkezi bankyň tutýan orny bilen şertlendirilendir. Döwletiň baş bankynyň ygtyýarlyklary bilen üpjün edilen, oňa goldaw bermek bilen, merkezi bank hökmany suratda öz syýasatyny tutuş ýurtda ýüze çykýan wezipelere laýyklykda gurýar.

*Işi bar bolan serişdelere laýyklykda düzgünleşdirmek ýörelgesi,* mysal üçin, walýuta ýa-da karz geleşikleri amala aşyrylanda merkezi bankyň maliýe mümkinçiliklerini hasaba almagy göz öňünde tutýar.

Merkezi bank çäksiz «karzlar fabrigi» bolup bilmez, onuň emissiýa mümkinçilikleri goşmaça pul toplumynyň ykdysady dolanyşyga girmeginiň getirjek netijeleri bilen deňeşdirilip görülmelidir.

Ykdysady institut hökmünde merkezi bank pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegi, öňi bilen, *höweslendirmegiň ykdysady usullaryny peýdalanmak ýörelgesiniň* esasynda amala aşyrýar. Onuň ygtyýarynda dolandyryşyň administratiw usullarynyň bardygyna garamazdan, ykdysady usullar ýurduň baş bankynyň pul syýasatynda birinji derejeli orunda durýar.

*Pul-karz syýasatynyň bitewiligi (ýeke-täkligi) ýörelgesi,* birinji nobatda, bu syýasat işlenip düzülende hem-de ol durmuşa geçirilende merkezi bankyň we hökümetiň ýeke-täk konseptual çemeleşmeklerini göz öňünde tutýar. Pul-karz syýasatynyň gönükdirilýän ugurlary tutuş milli ykdysadyýet üçin ählumumy bolup durýar.

Merkezi bankyň işi *emissiýa we karz işiniň arasyny açmak* zerurlygy baradaky ýörelgeleýin ideýanyň esasynda amala aşyrylýar. Merkezi bankyň işleýän köp ýyllyk taryhy döwri maddy ekwiwalenti döretmezden töleg serişdeleriniň artyk emitirlenmegine esaslanýan karzlaşdyrmagyň pul toplumynyň artmagyna sebäp bolýandygyny, hümmetsizlenmä getirýändigini görkezdi.

Merkezi bankyň işi üýtgewsiz galmaýar, ykdysady ýagdaýa laýyklykda ol üýtgeýär. Ykdysady ösüşiň dürli döwürlerinde bank täjirçilik banklaryna ätiýaçlyk gaznalara geçirimler boýunça bildirilýän talaplary peseldýär ýa-da ýokarlandyrýar. Karz guramalaryň likwidlilik töwekgelçiligine gaýtadan seredýär, ykdysadyýetiň ösýän döwründe ony giňden karzlaşdyrmakdan ykdysady ýagdaýyň pese gaçýan döwründe zerurlyk ýüze çykanda karzlary çäklendirmäge geçýär.

Merkezi bankyň sebitleýin ýerleşişi çözgütleri kollegial kabul etmek ýörelgesine päsgel bermeýär.

Merkezi bankyň işiniň aýanlyk häsiýeti bolmalydyr.

Merkezi bankyň işinde işewür dolanyşygyň standartlaryna laýyk gelmek ýörelgesiniň möhüm ähmiýeti bardyr. Bank işiniň kadalarynyň öňi bilen, bank ulgamyna degişlidigine garamazdan, olar maliýe däl sektoryň ykdysady subýektleriniň işini düzgünleşdirýän kadalardan

çetde galmaýarlar. Banklaryň işiniň özboluşlydygyna garamazdan, olar bellenilip geçilişi ýaly, birek-birek bilen özara gatnaşyklaryň umumy kadalary boýunça hereket edýän ykdysady institutlaryň görnüşleridir.

Ykdysady subýektleriň beýleki işleri ýaly, bank işi hem kanunylyk ýörelgesine (kanunalaýyklyk) laýyklykda amala aşyrylýar. Banklar üçin munuň aýratyn ähmiýeti bardyr, çünki olar, köplenç, pul gatnaşyklary ulgamynda araçyl hökmünde hereket edýärler. Şol sebäpli olar üçin diňe bir özleriniň (banklaryň) hukuk kadalaryny däl, eýsem ugurdaş hereket edýän institutlaryň kanunçylyk talaplaryny bilmek möhüm bolup durýar.

Bank işi üçin *professional etikanyň* kadalarynyň berjaý edilmegi, şol sanda banklar tarapyndan özleriniň jemgyýetiň, döwletiň, raýatlaryň öňündäki borçlaryna düşünmegi, öz üstlerine alan borçnamalarynyň we hyzmatlaryň ýokary hilini kepillendirilmegiň, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we bank ulgamynda beýleki bikanun işlere garşy hereket etmegiň gürrüňsiz berjaý edilmegi wajypdyr.

Merkezi bankyň işinde bank syrynyň berjaý edilmegi möhüm orun tutýar. Mälim bolşy ýaly, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, kanunçylykda bank syryny kesgitleýän maglumatlaryň sanawy bellenýär. Bank gullukçylary olary aýan etmeli däldirler. Merkezi banklar şu ýörelgä laýyklykda, öz işlerini wajyp täjirçilik maglumatynyň ýaýramagyna ýol bermez ýaly, bank syry bolup duran maglumatlaryň saklanmagyny üpjün eder ýaly derejede guramalydyrlar. Merkezi banklar diňe bank syryny emele getirýän öz maglumatlaryny däl, eýsem syr toparyna girýän we öz müşderilerine, şol sanda täjirçilik banklaryna degişli bolan maglumatlary hem saklaýarlar.

Bank işiniň ýörelgeler ulgamynda banklar tarapyndan ýerine ýetirilýän iş üçin jogapkärçilik ýörelgesi belli orun eýeleýär. Merkezi bank öňi bilen, özüniň emission syýasaty üçin jogapkärdir. Merkezi bankyň ýolbaşçylaryny bellenen möhletinden öň yzyna çagyrmak senagat taýdan ösen ýurtlarda örän seýrek ulanylýar. Emma onuň öwezi jogapkärçiligiň häzirkizaman ösen jemgyýetde kabul edilen „ýumşak»

görnüşi bilen dolunýar. Ýagny, mysal üçin, hümmetsizlenmäniň bellenen depginleriniň ýerine ýetirilmedik, emissiýa syýasatynyň wezipelerine çapraz gelýän zor salmalar bilen ylalaşylmadyk ýgdaýlarynda meýletin iş başyndan gidilýär.

Elbetde, Merkezi bankyň işgärleri bank syrynyň berjaý edilmegi üçin kanunçylyga laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

# IX BAP. MERKEZI BANKYŇ GURAMAÇYLYK-HUKUK ESASLARY

## 9.1. Merkezi bankyň gurluş ýörelgeleri

Merkezi bankyň işini guramak ulgamynda onuň dolandyryş birliklerini gurmak, şol birlikleriň ygtyýarlyklary we özara hereketi möhüm orun tutýar. Elbetde, bu ýerde ýeke-täk nusga, ýeke--täk guramaçylyk ulgamy ýok. Munuň üstesine-de dünýä iş tejribesi emission işiň merkezi bank bolmadyk ýagdaýynda hem dolandyrylmagyna ýol berýär. Geçmişde şeýle hem bolupdyr. Nagt dolanyşyk serişdelerini dolandyrmak ygtyýarlygy häkimiýete ýakyn duran we puly emitirlemek boýunça artykmaç hukuk alýan banklara berlipdir. Diňe soňundan şunuň ýaly köp sanly banklaryň arasyndan bir bank - **merkezi** bank saýlanyp çykypdyr. Onuň çykarýan serişdeleri aýratyn häsiýete, ýeke-täk milli töleg serişdesi bolmak hukugyny alypdyr. Aýry-aýry ösüp barýan, pul ulgamlary gutarnykly ähmiýete eýe bolmadyk ýurtlarda şu wagt hem şonuň ýaly ýagdaý bar. Şeýle ýurtlara Gabon, Kamerun, Kongo, Merkezi Afrika Respublikasy, Ekwotorial Gwineýa ýaly ýurtlar degişlidir. Bu ýurtlaryň özleriniň merkezi banklary ýokdur. Olar Merkezi Afrika ýurtlarynyň banky diýlip atlandyrylýan umumy emissiýa merkezini döredipdirler. Singapur, Saud Arabystany ýaly ýurtlarda emissiýa amallaryny merkezi bank derejesi bolmadyk ýörite guramalar ýerine ýetirýärler.

Bellenip geçilişi ýaly, merkezi bank umumymilli jemgyýetçilik pul-karz institutydyr. Onuň emissiýa işi esas goýujy iş bolup çykyş

edýär. Bu işi guramagyň belli bir ýörelgelerini döredýär. Ol hem öz gezeginde dolandyryş bölekleriniň gurluşyny şertlendirýär.

Şu aşakdaky ýörelgeler aýratyn bölünip görkezilýär:

işi merkezleşdirmek ýörelgesi;

dolandyryşyň degişli derejeleri boýunça ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny bölmek ýörelgesi;

funksional ýörelge;

beýleki ykdysady subýektleriň bähbitlerine laýyk getirmek ýörelgesi.

Bu ýerde işi merkezleşdirmek ýörelgesi has möhüm bolup durýar. Merkezi bankyň işiniň umumymilli häsiýetiniň bardygy sebäpli, onuň gurluş birlikleri degişli ygtyýarlyklary bolan bir baş merkeziň görkezmelerine gollanmalydyr.

Ýurtlaryň her birinde merkezi banklaryň ýokary ýolbaşçylyk edarasynyň öz ulgamy kabul edilendir.

Mysal üçin, Germaniýa Federatiw Respublikasynda merkezi bankyň – Bundesbankyň ýokary edarasy merkezi banklaryň geňeşi bolup durýar. Oňa merkezi bankyň prezidenti (geňeşiň başlygy), wise-prezidenti, dolandyryjylar geňeşiniň agzalary we ýerleriň (landes merkezi banklaryň) merkezi banklaryň prezidentleri girýärler. Şu ýagdaýda ähli görkezmeler hem şu merkezden çykýar. Şeýle hem ol kabul edilen çözgütleri ýerine ýetirýän dolandyryjylar geňeşiniň azgalaryny bellemegi hem amala aşyrýar.

Fransiýada ýokary dolandyryş basgançagy Fransiýanyň Bankynyň dolandyryjysy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän baş geňeşdir. Bu ýerde dolandyryşyň merkezleşmegi Fransiýanyň Bankynyň dolandyryjysynyň ygtyýarlyklarynyň hasabyna güýçlenýär. Dolandyryja giň ygtyýarlyklar we hukuklar berlendir. Iş ýüzünde ol bankyň ähli birlikleriniň işiniň umumy ugruny kesgitleýär. Onuň iki orunbasary bolýar, olar hem Fransiýanyň Bankynyň dolandyryjysy ýaly, ýurduň Ministrler Soweti tarapyndan wezipä bellenýärler.

ABŞ-de Federal ätiýaçlyk ulgamynyň (FÄU) ýolbaşçy edarasy ýedi agzadan ybarat dolandyryjylar geňeşidir. Geňeşiň işinde esasy

wezipe pul-karz syýasatyny işläp düzmekdir. Onuň ygtyýarlygyna ätiýaçlyk talaplaryny kesgitlemek, göterim möçberini tassyklamak, federal ätiýaçlyk banklarynyň işine gözegçilik etmek, bank hyzmatlaryny sarp edijileri goraýan düzgünleri işläp taýýarlamak girýär. FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşi federal ätiýaçlyk banklarynyň işine umumy gözegçiligi amala aşyrýar. Şol sanda olaryň býujetlerini tassyklaýar, göterim möçberlerine gaýtadan seredýär, şeýle hem açyk bazarda gymmatly kagyzlar bilen amallarda syýasaty kesgitleýär.

Merkezleşdirilen gurluş ýörelgesi pul-karz syýasatynyň bitewüligini üpjün edýär. Sebäbi ýokary häkimiýet derejesinde kabul edilen çözgütleriň ulgam hökmünde Merkezi bankyň dolandyryş bölekleriniň ählisi üçin birmeňzeş güýji bardyr.

## 9.2. Ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny bölmek ýörelgesi

Merkezleşdirip gurmak ýörelgesi bilen bir hatarda bank işiniň tejribesinde dolandyryşyň dikligine (wertikal) gurluşyny emele getirýän, ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny degişli derejeler boýunça bölmek ýörelgesi hem bolýar. Dolandyryş edaralarynyň birinji derejesi hökmünde merkez tarapyndan (prawleniýe dolandyryjylar geňeşi, müdirlik we ş.m. görnüşde) wekilçilik edilýän ýokary ýolbaşçylykdan başga-da, beýleki derejeler hem bölünýär. Şol sanda çäklerdäki banklar (müdirlikler) we olaryň bölümleri, şeýle hem hasaplaşyk-kassa merkezleri (ikinji dereje), meýdan edaralary (üçünji dereje) we dördünji derejäni emele getirýän infrastruktura edaralary (hasaplaýyş merkezleri, inkassasiýa, ammarlar, okuw mekdepleri, howpsuzlyk gulluklary we beýlekiler) bölünip aýrylýar.

Russiýa Federasiýasynda dikligine dolandyryş gurluşy 59 sany çäklerdäki banklardan, 19 sany milli banklardan, 5 sany GTU bölümlerinden, 1165 sany HKM-den (ikinji dereje), bankyň meýdan edaralaryndan (üçünji dereje) we merkezi hem-de sebitara ammarlar, okuw merkezleri we ş.m. görnüşindäki infrastruktura kärhanalaryndan (dördünji dereje) ybaratdyr.

GFR-de dolandyryşyň ýokary derejesi hökmünde Bundesbankdan başga-da 9 sany merkezi bank  we olaryň 190 şahamçasy (ikinji dereje) hereket edýär.

Fransiýada Fransiýanyň Bankynyň Merkezi edarasyndan başga-da Parižde merkezi birlik hereket edýär we ýurduň dürli sebitlerinde 212 sany şahamça (ikinji dereje) işleýär.

ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamy öz guramaçylyk gurluşy boýunça birnäçe birliklere bölünendir. FÄU-ny dolandyryjylar geňeşinden başga-da, ol  12 sany federal ätiýaçlyk banklaryny we olaryň ýurduň has iri şäherlerinde ýerleşen 25 sany bölümlerini öz içine alýar. Bu banklar hem-de olaryň bölümleri guramaçylyk gurluşynyň ikinji halkasyny emele getirýärler. Üçünji halka bolup Açyk bazardaky amallar boýunça federal komitet çykyş edýär. Ol FÄU-nyň hem-de federal ätiýaçlyk banklarynyň geňeşi tarapyndan döredilýär.

Merkezi bankyň guramaçylyk gurluşynyň möhüm ýörelgesi funksional ýörelge bolup, ol onuň işiniň predmeti bilen şertlendirilendir. Merkezi bankyň pul dolanyşygyny düzgünleşdirýän institutdygy sebäpli, onuň funksional birlikleri ol ýa-da beýleki bir görnüşde ýurtda pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek, şeýle hem döwlet tarapyndan oňa berlen, kanunçylyk arkaly berkidilen ygtyýarlyklar bilen baglanyşyklydyr.

Funksional ýörelge merkezi banklaryň ulgamynyň beýleki derejesinde, ýagny çäklerdäki banklarda hem hereket edýär. Olar pul-karz düzgünleşdirmesi barada özlerine berlen ygtyýarlyklardan başga-da, ýurduň täjirçilik banklaryna gönüden-göni ýa-da özüniň amallar müdirlikleriniň üstünden ýa-da hasaplaşyk-kassa merkezlerine ynanmak tertibinde beýleki guramanyň üstünden karz-hasaplaşyk hyzmatyny etmegi amala aşyrýarlar.

## 9.3. Beýleki subýektler bilen bähbitleri laýyk getirmek ýörelgesi

Beýleki ykdysady subýektler bilen bähbitleri laýyk getirmek ýörelgesiniň merkezi bankyň işini guramakda möhüm ähmiýeti bardyr. Merkezi bankyň hukuk derejesiniň aýratynlygyna garamazdan ol öz işinde beýleki ykdysady subýektler, olaryň wezipeleri we bähbitleri

bilen ýüzbe-ýüz bolmaly bolýar. Biziň seredýän ýörelgämiz merkezi bankdan işi dolandyrmagy bir tarapdan, mümkin boldugyça beýleki subýektleriň bähbitlerini göz öňünde tutar ýaly, beýleki tarapdan bolsa, özüniň baş maksatlaryna we wezipelerine çapraz gelmez ýaly, olaryň ýerine ýetirilmegine päsgel bermez ýaly guramagy talap edýär.

Bähbitleriň balansyny berjaý etmek merkezi banky dolandyryş derejeleriniň işine dürli taraplaryň gatnaşmagy bilen gazanylýar.

Täjirçilik banklary bilen özara gatnaşykda Turkmenistanyň Merkezi banky kadalaşdyryjy häsiýeti bolan möhüm çözgütler kabul edilmezinden öň olar bilen geňeşleri geçirýär, zerur bolan düşündirişleri berýär, bank işini düzgünleşdirmek meseleleri boýunça teklipleri ara alyp maslahatlaşýar.

## 9.4. Merkezi bankyň gurluş infrastrukturasy

Merkezi bankyň işini guramakda onuň netijeli işlemegine goldaw berýän infrastruktura edaralary uly rol oýnaýarlar. Olara aşakdaky edaralar degişlidir:

– pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek barada onuň işine goldaw berýän edaralara hasaplaýyş merkezlerini, merkezi ammarlary, inkassasiýalar birleşigini degişli edip bolar;

– merkezi bankyň maglumat üpjünçiligini guraýan edaralar. Merkezi bankynyň dolandyryş gurluşynda Maglumat ulgamlary departamentiniň bolmagy tötänden däldir;

– tehniki babatda ulgamyň degerli derejede işlemegini üpjün edýän edaralar, Turkmenistanyň Merkezi bankynyň ýanynda dürli görnüşli tehnologik merkezler hereket edip biler;

– bank ulgamynda ylmy barlaglary guraýan edaralar.

**Soraglar**

1. Merkezi bankyň guramaçylyk gurluşynyň näçe blogy bar we olaryň elementleri nämeden ybarat?
2. Merkezi bankyň guramaçylyk gurluşynyň ýörelgeleri näme üçin onuň guramaçylyk ulgamynyň düýpli blogyna degişli bolýar?
3. Merkezi bankyň işini merkezleşdirmek ýörelgesine nähili düşünýärsiňiz we halkara tejribesinde ol nähili ýüze çykýar?

4. Türkmenistandaky we halkara iş tejribesinde ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny bölmek ýörelgesiniň aýratynlygyny nämede görýärsiňiz?
5. Turkmenistanyň Merkezi bankynyň we käbir daşary ýurtlaryň merkezi banklarynyň gurluşynda funksional ýörelge nähili ýüze çykýar?
6. Merkezi bankyň işini beýleki ykdysady subýektleriň bähbitlerine laýyk getirmek ýörelgesi iş ýüzünde nähili durmuşa geçirilýär?

# X BAP. TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ IŞINI GURAMAK

## 10.1. Banklary dolandyrmagyň ýörelgeleri

Bank hem belli bir düşünjede kärhana bolup durýar. Şoňa laýyklykda onuň dolandyryş edarasynda islendik kärhananyň dolandyryş edarasyndaky ýaly elementleri, ýagny direksiýasy, ýolbaşçylyk edýän we ýerine ýetiriji birlikleri, buhgalteriýasy, işgärler gullugy we beýlekileri bolýar. Onuň dolandyryş edarasynyň gurluşy onuň amala aşyrýan işiniň aýratynlygyny özüne birikdirýär. Munyň şeýledigine bankyň işini guramagyň ýörelgeleri hem şaýatlyk edýär.

*Funksional* ýörelge bankyň gurluşynyň onuň anyk işine baglydygyny aňladýar. Dolandyryş edarasynda karz ugry bolan işgärler birlikleri, uly möçberli kassa birligi bar.

*Goýlan maksatlara laýyk gelmek* ýörelgesi boýunça bankyň baş maksady durnukly ösüşi üpjün etmek bolup durýar (onuň likwidliligini, girdejililigini, bäsleşige ukyplylygyny saklamak we ş.m.). Bu bankda onuň tölege ukyplylygyny düzgünleşdirýän, bazaryň islegini öwrenýän we şol bir wagtyň özünde «pul gazanýan» birlikleriň işlemelidigini aňladýar.

*Birlikleriň ýolbaşçylyk ygtyýarlyklarynyň basgançaklary* ýörelgesi boýunça iki ýolbaşçy bölegiň, ýagny ýokary dolandyryş birliginiň we bankyň beýleki birlikleriniň bolmagy göz öňünde tutulandyr. Ýokary birlige bankyň geňeşi we müdiriýeti, derňew topary, işgärleriň hünär derejesi has ýokary bolan bölegini birleşdirýän we ýörelgeleýin häsiýetdäki meseleleri çözýän komitetleri, beýleki birliklere müşderilere hyzmat edýän, beýleki işleri ýerine ýetirýän müdirlikler (bölümler) degişlidir.

*Bilelikdäki we utgaşykly hereketleri üpjün etmek* ýörelgesini durmuşa geçirmek üçin käbir banklar dolandyryş (administratiw) komitetini döredýärler.

*Dolandyryşy rejelemek* ýörelgesine laýyklykda bankyň işi täze hyzmatlary ornaşdyrmak, harajatlary azaltmak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, bazarda ylmy barlaglary geçirmek ugurlary boýunça onuň ösüşini üpjün eder ýaly guralýar. Käbir banklarda bilermenler geňeşi bolýar.

*Bitewüligi we daşky gurşawyň şertlerine laýyk gelmegi üpjün etmek* ýörelgesi ösüşiň ýeke-täk strategiýasynyň çäklerinde her birligiň öz işini daşky gurşawda şertleriň üýtgeýşine laýyklykda kämilleşdirýändigini aňladýar.

Banky guramak ulgamy *gözegçiligi üpjün etmek* ýörelgesine laýyk gelmelidir. Içerki gözegçilik, audit we daşarky audit bankyň gurluşynda hökmany element bolup durýar.

*Işgärleriň işiniň düzgünleşdirilýändigi* bilen baglanyşykly bankyň birlikleriniň hereketlerini gabat getirmek tertipnama, bölümler we gulluklar hakynda düzgünnamalara, hünär häsiýetnamalaryna, wezipe görkezijilerine boýun bolmak arkaly üpjün edilýär.

Ony işlemegiň täze usullary bilen *gündelik we ýeterlik maglumatlar üpjünçilik* ýörelgesi bankyň durnuklylygyny, ygtybarlylygyny saklamak boýunça guramaçylyk we ykdysady çäreleri öz wagtynda görmäge mümkinçilik berýär. Munuň üçin maglumatlary toplamak we işlemek boýunça birlikler döredilýär.

Täjirçilik banklarynyň dolandyryş gurluşyna täsir edýän faktorlaryň arasynda esasylaryny belläp geçeliň.

*Bankyň möçberi we işgärleriniň sany*. Iri bankda bölümleriň we müdirlikleriň sany köp bolýar. Kiçi bankda diňe esasy bölümler (karz, amallar, buhgalteriýa) döredilýär.

*Işgärleriň hünär derejesi.* Köp ýagdaýlarda banklar hünärli işgärleriň ýetmezçiligi sebäpli giňelip we doly derejeli gurluş birliklerini döredip bilmeýärler.

*Banklaryň uniwersallaşma we ýöriteleşme derejesi.* Uniwersal bank öz düzüminde bank hyzmatlarynyň köp sanly görnüşlerini guraýan birnäçe birlikleri döretmelidir.

*Harajatlary tygşytlamak we bank işgärleriniň netijeli işlemegi üçin iş bilen üpjünçiligiň zerurlygy.* Bank işleriň talap edilýän möçberini ýerine ýetirmek üçin ýeterlik bolan işgärleri işe almalydyr we olary ýeterlik derejede iş bilen üpjün etmelidir.

**Bankyň dolandyryş edarasynyň gurluşy.** Ýerine ýetirilýän amallaryň belli bir tipine degişlidigine, hukuk görnüşine we bankyň öndürýän önüminiň aýratynlygyna garamazdan banklarda hemmeler üçin hökmany bolan dolandyryş bloklarynyň aşakdaky toplumy bolmalydyr:

– bankyň geňeşi;
– bankyň müdiriýeti (dolandyryjylar geňeşi);
– dolandyryşyň umumy meseleleri;
– täjirçilik işi;
– maliýe;
– awtomatlaşdyryş;
– edara ediş (administrasiýa).

Düzgün bolşy ýaly, *bankyň geňeşine* onuň esaslandyryjylary (bir döredijiden onlarça döredijilere çenli) girýärler. Bankyň geňeşi ýyllyk hasabaty tassyklaýar, esaslandyryjylaryň we paýçylaryň her ýylky ýygnagyny guraýar, bank işiniň strategik meselelerini çözmäge gatnaşýar (ýa-da gatnaşyp biler).

*Bankyň müdiriýeti (dolandyryjylar geňeşi)* banka umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar, onuň işiniň strategik ugurlaryny kesgitleýär. Müdiriýetiň düzümine bankyň ýokary ýolbaşçylary (menejerler) girýärler.

*Dolandyryşyň umumy meselelerine* bankyň işini meýilnamalaşdyrmagy we çaklamagy guramak, usulyýeti taýýarlamak, howpsuzlygy üpjün etmek, hukuk gullugy girýär.

*Täjirçilik işi* bank hyzmatlarynyň guralyşyny, ýagny karz bermek, maýa goýmak, walýuta, trast, beýleki aktiw amallar ýaly hyzmatlary içine alýar. Muňa täjirçilik (tölegli) başlangyçlar esasynda müşderilere hyzmat etmek bilen baglanyşykly ähli işler girýär. Bankyň girdejileriniň gazanylýan bu merkezi blogyna karz, amallar müdirlikleri, gymmatly kagyzlar bilen amallar, walýuta amallary müdirligi we beýlekiler girýär.

*Maliýe blogy* bankyň içerki çykdajylaryny, täjirçilik kärhanasy hökmünde bankyň öz işini hasaba almagy üpjün edýär. Bu bloga buhgalteriýa, bankiçi hasaplaşyklar we habarçy gatnaşyklary, kassa, inkassasiýa bölümi (nagt pullary toplamaga rugsady bolan banklarda) girýär.

*Awtomatlaşdyrmak* täjirçilik banklarynyň düzüminde hökmany elementdir. Pul akymlaryny işlemek üçin (karz bermek, hasaplaşyklar we beýleki amallar) tehniki serişdeler toplumy, kompýuterler ulgamy zerurdyr.

*Administrasiýanyň* düzümine işgärler bölümi (işgärler müdirligi) girýär. Ol işgärleri toplamagy, olaryň hünärini ýokarlandyrmagy, gulluk boýunça ýokary wezipelere bellemek we işden çykarmak boýunça çäreleri üpjün edýär. Bankara bäsleşik şertlerinde ýokary derejeli işgärleri jemlemek täjirçilik kärhanasy hökmünde bankyň strategiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bu bloga sekretariat, kanselýariýa, hojalyk birlikleri hem degişlidir.

Häzirkizaman täjirçilik banklarynyň düzüminde *derňew topary hem-de karz komiteti* hem bolýar. Olaryň birinjisi bankyň işine gözegçiligi (tutuş bank boýunça we onuň aýry-aýry birlikleri boýunça çykdajy sanawlarynyň berjaý edilişine) gözegçiligi amala aşyrýar. Ikinjisi bolsa, dolandyryşyň derejesini we hilini ýokarlandyrmak, karz amallary ulgamynda strategiýany kesgitlemek, karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça işleri utgaşdyrmak we ýörelgeleýin meseleler boýunça çözgütleri kabul etmek üçin döredilýär. Onuň düzümine bölümleriň wezipeli işgärleri we bankyň geňeşi tarapyndan tassyklanan beýleki adamlar girýärler.

## 10.2. Bankyň serişdeleri: olaryň gurluşy we häsiýetnamasy

Täjirçilik banklarynyň serişdeleri (bank serişdeleri) bankyň ygtyýaryndaky öz serişdelerinden, çekilen we karz alnan we işjeň amallary geçirmek üçin peýdalanylýan serişdelerden ybaratdyr.

Täjirçilik banklarynyň ähli serişdeleri emele getiriliş usuly boýunça öz serişdelerine, çekilen (bankyň müşderileriniň serişdeleri) we karz (bank sektorynyň serişdeleri) serişdelerine bölünýär.

## Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri

| H№ | GÖRKEZIJILER | Ölçeg birligi | 01.01. 2009 | 01.04. 2009 | 01.07. 2009 | 01.10. 2009 | 01.01. 2010 | 1.01.10. 1.01.09. %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Bellige alnan banklar,** | sany | **11** | **11** | **11** | **11** | **11** | *100* |
| | şol sanda<br>- döwlet täjirçilik | sany | 5 | 5 | 5 | 5 | 5 | *100* |
| | - paýdarlar-täjirçilik | sany | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | *100* |
| | - täjirçilik | sany | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | *100* |
| | - daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar. | sany | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | *100* |
| 2 | **Banklaryň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany** | sany | **120** | **124** | **125** | **128** | **128** | *106,7* |
| 3 | **Banklaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany** | sany | **1 214 397** | **1 226 070** | **1 228 121** | **1 329 374** | **1 353 554** | *111,5* |
| 4 | **Banklaryň işgärleriniň sany** | adam | **5401,0** | **5648,5** | **5623,0** | **5833,5** | **5908,0** | *109,4* |
| 5 | **Banklaryň jemlenen aktiwleri** | mln. manat | **8 405,6** | **9 452,6** | **9 771,5** | **9 888,7** | **11 184,6** | *133,1* |

**Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 6 | **Banklaryň hususy serişdeleri** | mln. man | **466,5** | **489,9** | **520,5** | **546,9** | **530,0** | *113,6* |
| 7 | **Banklaryň hakyky toplanan esaslyk maýasynyň möçberi** | mln. manat | **253,4** | **262,5** | **270,0** | **275,6** | **296,4** | *117,0* |
| 8 | **Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan Türkmenistanyň banklarynyň aragatnaşyk galyndysy (milli pulda)** | mln. manat | **249,3** | **818,8** | **481,2** | **307,6** | **601,2** | *241,1* |
| 9 | **Kärhanalara, guramalara we karz edaralara maýa goýumlar** | mln. manat | **40,2** | **14,7** | **24,1** | **24,1** | **26,7** | *66,2* |
| 10 | **Täjirçilik banklarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlary** | mln. manat | **4534,1** | **4622,8** | **5316,4** | **5510,6** | **6580,6** | *145,1* |
| 11 | **Täjirçilik banklarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (daşary ýurt puluny hasaba almazdan)** | mln. manat | **1219,1** | **1880,5** | **1703,3** | **1625,9** | **1978,2** | *162,3* |

Täjirçilik banklarynyň serişdeleriniň esasy çeşmesi çekilen we karz serişdeler bolup, ol ähli bank serişdeleriniň 80%-den köp bölegini tutýar. Bankyň öz serişdeleriniň paýyna olaryň 10%-den 20%-e çenli bölegi düşýär. Bu bolsa, umuman alanyňda, dünýä banklarynyň iş tejribesinde emele gelen ýagdaýa laýyk gelýär. Bankyň öz serişdeleri dürli gaznalardan we paýlanmadyk peýdadan ybarat bolýar. Gaznalaryň birnäçesi banklaryň ýanynda döredilýär (esaslyk maýa), beýlekileri bankyň işiniň barşynda emele getirilýär.

Täjirçilik banklarynyň çekilen serişdeleriniň gurluşy üçin gündelik hasaplaşyk hasaplarynda we talap edilýänçä goýumlarynda saklanýan serişdeleriň tutýan ornunyň ýokary bolmagy häsiýetlidir. Serişdeleriň bu toparynyň paýy ortaça 50%-den ýokarydyr. Bank serişdeleriniň gurluşy aýry-aýry täjirçilik banklary boýunça köp dürlüligi bilen tapawutlanýar, bu bolsa onuň özboluşly aýratynlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Serişdeleriniň gurluşyna baglylykda täjirçilik banklaryny aşakdaky ýaly häsiýetlendirip bolar:

*hasaplaryň hereket ediş düzgüni* boýunça:

– talap edilýänçä hasaplaryň tutýan orny ýokary bolan banklar;

– möhletli goýumlaryň tutýan orny ýokary bolan banklar;

*müşderileriň häsiýeti* boýunça:

– şahsy adamlaryň goýumlarynyň agdyk gelmegi;

– bankara karzlaryň (BAK) tutýan ornunyň ýokary bolmagy.

Dünýä banklarynyň iş tejribesinde ähli çekilen serişdeler olary jemlemegiň (akkumulýasiýa) usuly boýunça aşakdaky toparlara bölünýär:

– çekilen goýum serişdeler;

– çekilen goýum däl serişdeler.

Täjirçilik banklarynyň çekilen serişdeleriniň esasy bölegini müşderiler – şahsy we edara görnüşli taraplar (kärhanalar, şereketler, paýdarlar jemgyýetleri) tarapyndan bankdaky belli bir hasaplara geçirilen we olar tarapyndan hasabyň düzgünine we bank kanunçylygyna laýyklykda peýdalanylýan pul serişdeleri tutýar. Çekilen serişdeleriň bu bölegi **depozit serişdeler** diýlip atlandyrylýar.

**Goýum däl** çekilen serişdeler – bankyň karz görnüşinde alan serişdeleridir. Bank serişdeleriniň goýum däl çeşmeleri depozit çeşmelerden, birinjiden, atma-at (personal) häsiýete eýe däldigi, ýagny bankyň müşderisi bilen bagly däldigi, bäsleşikli bazarda satyn alynýandygy, ikinjiden, bank serişdelerini çekmek başlangyjynyň bankyň özüne degişlidigi, üçünjiden, düzgün bolşy ýaly, uly möçberlerde çekilýändigi (birnäçe million rubl.), lomaý häsiýetiniň bardygy bilen tapawutlanýarlar. Goýum däl çekilen serişdelerden, köplenç, iri banklar peýdalanýarlar.

Bankyň müşderileriniň serişdeleri bankda açylýan dürli hasaplarda ýerleşýär. Hasaplaşyk we gündelik hasaplary, talap edilýänçä hasaplar müşderileriň serişdeleriniň jemlenen esasy hasaplarydyr.

Hasaplaşyk we gündelik hasaplardan olaryň eýeleri pul we hasaplaşyk resminamalaryny bermek ýoly bilen nagt däl tölegleri geçirip we birinji talap boýunça nagt pullary alyp bilerler. Şonuň ýaly hasaplary açmak başlangyjy müşderileriň özünden gelip çykýar. Bu hasaplarda saklanýan serişdeler önümçilik, hojalyk we maliýe işine (satyn alynýan maddy gymmatlyklar üçin hasaplaşyklar, zähmet hakyny tölemek, býujete we býujetden daşary gaznalara tölegler we ş.m.), banklaryň araçyl bolmagynda pul serişdelerini almaga hyzmat edýärler. Mundan başga-da, pul serişdeleriniň talap edilýän anyk möhleti görkezilmedik bolsa, bankyň müşderilerine talap edilýänçä hasaplary açylýar.

Hasaplaşyk we gündelik hem-de talap edilýänçä hasaplardaky serişdeleriň galyndysy bankyň hereketdäki serişdeleri hasap edilýär. Hasaplaryň eýeleri islendik pursatda serişdeleri yzyna alyp bilerler. Şunuň bilen baglanyşykly banklar şunuň ýaly hasaplaryň eýelerine iň pes göterim töleýärler ýa-da hiç zat tölemeýärler. Emma täjirçilik banklary boýunça ortaça olaryň likwidliliginiň ýokarydygyna garamazdan, şu toparyň serişdeleri durnukly bolup durýar. Şonuň üçin hem banklar müşderileriň, aýratyn hem maliýe taýdan durnukly, hasaplarynda hemişe pul serişdeleri bolýan müşderileriň bolmagyna gyzyklanýarlar we hasaplaryň eýelerine goşmaça hyzmatlary etmek we hyzmat etmegiň hilini ýokarlandyrmak ýoly bilen kärhanalary çekmäge çalyşýarlar.

Müşderileriň serişdeleri möhletli goýumlar we depozitler görnüşinde hem saklanyp biler. Möhletli depozitler, munuň özi edara görnüşli we şahsy taraplaryň şertnamada kesgitlenen möhletlere goýlan pul serişdeleridir. Kesgitlenen möhlet dürli-dürli, ýagny bankyň depozitleri dünýäniň bank tejribesi boýunça bir gün we ondan köp, bankyň müşderileriniň depozitleri boýunça 30 gün we ondan köp bolup biler. Karz guramalarynda buhgalter hasaba alnyşyny alyp barmagyň kadalaryna laýyklykda möhletli depozitler şu aşakdaky möhletler boýunça toparlara bölünýärler (30 güne çenli (bank depozitleri boýunça), 31 günden 90 güne çenli; 91 günden 180 güne çenli; 181 günden bir ýyla çenli; 1 ýyldan 3 ýyla çenli; 3 ýyldan ýokary). Plastik kartlar bilen hasaplaşyklaryň ýaýramagy hasaplaşyklaryň şu görnüşine hyzmat edýän depozitleriň bölünip aýrylmagyny talap etdi.

Goşmaça gatanç geçirilýän möhletli goýumlaryň hem bardygyna garamazdan, möhletli depozitlerdäki pul möçberleri şertleşilen möhletiň dowamynda üýtgemeli däldir. Talap edilýänçä depozitler bilen deňeşdirilende möhletli depozitler boýunça bank has ýokary göterim töleýär. Möhletli depozitler boýunça girdejiniň derejesi göterim möçberi bilen kesgitlenýär, onuň ululygy bank tarapyndan depozitiň möhletine (goýumyň saklanýan möhleti näçe ýokary bolsa, onuň göterim möçberi hem şonça ýokary bolýar) we pul möçberine baglylykda üýtgedilýär. Edara görnüşli taraplara açylan depozitiň hereket edýän möhletiniň dowamynda goşmaça gatançlar, düzgün bolşy ýaly, kabul edilmeýär. Kanuny taraplaryň möhletli depozitleri boýunça pul serişdelerini yzyna gaýtarmak, goýum baradaky şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, möhleti tamamlanandan soň amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda edara görnüşli taraplaryň depozit hasaplardaky serişdeleri beýleki taraplara geçirmäge haky ýokdyr.

Jemlenýän serişdeleriň umumy möçberinde möhletli depozitleriň paýynyň artmagy, göterim üçin çykdajylaryň artýandygyna garamazdan gowy ýagdaý bolup durýar. Möhletli depozitler çekilýän serişdeleriň has durnukly bölegidir. Bu bolsa has uzak möhletlere

karzlaşdyrmaga, diýmek, has ýokary göterim bilen karzlaşdyrmagy amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

**Şahsy taraplaryň – ilatyň goýumlary**, bu ilat tarapyndan bank goýumlary baradaky şertnamanyň şertlerinde saklamak we girdeji almak maksady bilen ýerleşdirilýän, milli ýa-da daşary ýurt pulundaky pul serişdeleridir. Ilatyň pul serişdelerini manat (süýşürintgi) goýumlar we möhletli depozitler barada baglaşylýan şertnamalaryň görnüşleri boýunça toparlara bölüp bolar. Ilatyň goýumlaryny diňe şu işleri geçirmäge Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasyny alan täjirçilik banklary kabul edip bilýär.

Banklar goýumlary dürli möhletlere, ýöne Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda, hasabyň eýesiniň birinji talaby boýunça yzyna gaýtarmak şerti bilen, kabul edip bilerler. Ilat tarapyndan açylýan goýumlaryň dürli görnüşleri, ýagny möhletli, goşmaça gatanç geçirilýän möhletli, utuşly, maksatlaýyn, serişdeleriň yzyna alynjakdygy barada deslapdan habar bermek bilen goýulýan goýumlar bardyr. Banklar üçin ilatyň goýumlarynyň ähmiýeti olaryň kömegi bilen ilatyň peýdalanylmaýan girdejileriniň jemleýändiginden we önümçilik maýasyna öwrülýändiginden ybaratdyr.

2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky hasabata görä Türkmenistanda hereket edýän täjirçilik *banklarynyň sany* 11-e , *banklaryň şahamçalarynyň sany* 128-e deň boldy. Bu geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 6,7 % ýokary diýmekdir.

2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky hasabata görä Türkmenistanda hereket edýän nagt *daşary ýurt puluny çalyşmak boýunça alyş-çalyş nokatlarynyň sany* 178-e deň bolup, olaryň 8 sanysy gijegündiz düzgüninde işleýär.

*Täjirçilik banklarynyň jebislendirilen aktiwleri* 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky hasabata görä 11 184,6 mln. manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 33,1 % artdy. *Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan Türkmenistanyň banklarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky* milli puluň galyndysy 601,2 mln. manada deň boldy.

**Banklaryň passiwleriniň ösüşi we düzümi.** *Banklaryň hususy serişdeleriniň* möçberi 530,0 mln. manada deň bolup, geçen ýylyň

degişli döwri bilen deňeşdirilende 13,6 % , şol sanda esaslyk maýa 17%, ätiýaçlyk gory 10,5 %, ýöriteleşdirilen gory 8,6 % ýokarlandy.

**Täjirçilik banklary tarapyndan çekilen serişdeler.** 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky hasabata görä *täjirçilik banklary tarapyndan milli pulunda çekilen galyndysy* 1978,2 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwrüne görä 62,3% artdy. Çekilen serişdeleriniň esasy bölegini *talap edilýän serişdeler* düzýär (61,6%) we ol geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 39,5% artdy. *Möhletli goýumlaryň* paýyna 38,4% düşýär we geçen ýylyň degişli döwrüne görä 2,2 esse artdy. *Döwlet bölegine degişli* kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleri 1620,6 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 51,7% artdy.*Döwlete degişli bolmadyk* kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleri 357,6 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwrüne görä 2,4 esse artdy, bu ýerde şahsy we edara görnüşli tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeleriň 52,3% artyp, 72,6 mln. manada deň bolandygyny bellemek gerek.

Goýma çekilýän serişdeleriň rejeli peýdalanyşylyna baha bermek üçin täjirçilik banklary goýlan *rubluň ortaça saklanyş möhletini we goýumlara gelip gowşan serişdeleriň ornaşma derejesini* hasaplap çykarýarlar. Hasaplama aşakdaky formulalar boýunça geçirilýär:

$$S_g = G_{or} : B \cdot G, \qquad (4.1)$$

bu ýerde $S_g$ – ortaça saklanyş möhleti, günler;
$G_{or}$ – goýumlaryň ortaça galyndysy;
$B$ – goýumlary bermek boýunça dolanyşyk (debet dolanyşygy);
$G$ – hasaplanýan döwürde günleriň sany.

$S_g$ görkezijisi bar bolan serişdeleri degişli möhlete karz bermek üçin serişde hökmünde peýdalanmak mümkinçiligine baha bermäge ýardam edýär.

Goýumlara gelip gowşan serişdeleriň ornaşma derejesine aşakdaky formula boýunça baha bermek teklip edilýär:

$$D_o = (O_a - G_b) : G \cdot 100\% \;, \qquad (4.2)$$

bu ýerde $D_o$- goýumlaryň ornaşma derejesi, %-de;

$O_a$ – döwrüň ahyrynda goýumlaryň galyndysy (ortaça hronologiýa boýunça kesgitlenýär);

$G_b$ – döwrüň başynda goýumlaryň galyndysy;

$G$ – goýumlaryň gelşi boýunça dolanyşyk.

Goýumlaryň ornaşma derejesi serişde binýadyny emele getirmegiň möhüm görkezijisidir. Ornaşma derejesi näçe ýokary bolsa bank üçin gowudyr. Bu görkezijiniň san ähmiýetiniň artmagy goýumlaryň gelip gowşuşynyň olaryň yzyna alnyşyndan ýokarydygyna, nul ähmiýeti bolsa goýumlaryň üýtgemeýändigine şaýatlyk edýär.

Hasaplaşyk, gündelik we talap edilýänçä depozit hasaplaryndaky serişdeleriň peselmeýän galyndysyny aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$P_g = \frac{O_g}{K} \cdot 100\% , \qquad (4.3)$$

bu ýerde $P_g$ – peselmeýän galyndy;

$O_g$ – hasaplama döwründe hasaplardaky ortaça galyndy;

$K$ – talap edilýänçä hasaplary boýunça karz dolanyşygy.

Bu görkeziji müşderileriň serişdeleriniň hemişelik peselmeýän, uzak möhletli serişde görnüşinde peýdalanyp boljak bölegini görkezýär.

Karz guramasynyň goýum binýadyna baha bermek üçin sanalyp geçilen görkezijiler bilen bir hatarda goýum binýadynyň durnuklylyk görkezijileri hem peýdalanylýar. Olar aşakdaky koeffisiýentler görnüşinde aňladylýar:

$K_1$ = Esasy depozitler : Depozitleriň umumy möçberi (75%);

$K_2$ = Hemişelik däl depozitler : Depozitleriň umumy möçberi (25%);

$K_3$ = *BAK*-nyň ortaça möçberi, Bölek dolanyşyklar banky üçin çekilen serişdeleriň ortaça möçberi (10%).

Halkara tejribesinde ähli serişdeler *esasy depozitlere* we *hemişelik däl goýumlara* bölünýär. **Esasy depozitlere** (durnukly (gaýtadan dikelýän) we olaryň bankdan gitmeginiň ähtimallygy pes bolan goýumlar) aşakdakylar degişlidir:

– gündelik we hasaplaşyk hasaplaryndaky galyndylar;
– talap edilýänçä goýumlar;
– süýşürintgi hasaplary;
– az möçberdäki möhletli goýumlar;
– nominaly 100 müň dollara çenli bolan depozit sertifikatlary.

Hemişelik däl (durnuksyz, möçberi çalt azalyp biljek) goýumlar:
– dellalçylyk (broker) goýumlary;
– nominaly ABŞ-nyň 100 dollaryndan köp bolan depozit sertifikatlary;
– pul bazarynyň depozitleri.

Serişdeleri çekmegiň depozit usullary bilen deňeşdirilende paýdarlar-täjirçilik banklary üçin gymmatly kagyzlar bankyň serişdeleriniň düzüminde has köp bölegini tutýarlar. Daşary ýurtlarda esasy mesele gymmatly kagyzlaryň girdejililigi bolup durýan bolsa, kynçylykly meseleler hümmetsizlenme, töwekgelçilik, süýşürintgileri toplamagyň pes derejesi bilen baglydyr. Emma bu ýerde öňegidişlik bar we gazna bazarynyň ösmegi bu serişdeleriň paýyny artdyrmaga mümkinçilik berer.

Serişdeleri çekmegiň depozit däl çeşmeleriniň ýene biri bankara bazarynda karz almalar, REPO amallary bolup durýar. Olar karz alnan serişdeleriň toparyny emele getirýärler.

Bankyň karz serişdeleriniň çeşmeleriniň arasynda Merkezi bankyň karzlary hem bolup biler. Olar banklar tarapyndan ykdysady kadalar we ätiýaçlyk serişdeleri baradaky talaplaryň hökmany suratda berjaý edilmeginde gaýtadan maliýeleşdirmek tertibinde berilýär.

Dünýä banklarynyň iş tejribesinde serişdeleri çekmegiň depozit däl çeşmeleriniň aşakdaky  görnüşleri ösendir:
– bankara bazarynda karz almak;
– soňundan satyn almak bilen gymmatly kagyzlary satmak baradaky ylalaşyk (REPO amallary);
– wekselleri hasaba almak we merkezi banklardan karz almak;
– bank akseptlerini satmak;
– ýewrodollar bazarynda karz almak;
– düýpli notalary we obligasiýalary çykarmak.

Bu amallaryň esasy maksady bankyň likwidliligini gowulandyrmak bolup durýar.

**Bankara bazarynda karz almak.** ABŞ-nyň bank iş tejribesinde bu bazar «federal ätiýaçlyk gaznalary» diýip atlandyrylýar. Olar merkezi bankdaky ýa-da federal ätiýaçlyk banklaryndaky ätiýaçlyk hasaplarynda saklanýan täjirçilik banklarynyň depozit serişdelerinden ybaratdyr. Ätiýaçlyk hasabynda hökmany iň az möçber bilen deňeşdirilende artyk serişdeleri bolan täjirçilik banklary olary gysga möhletlik karzyna berýärler. Bu olara goşmaça girdejileri almaga, karz alan banka bolsa likwidlilik görkezijilerini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

**Soňundan satyn almak bilen gymmatly kagyzlary satyn almak barada ylalaşyk (REPO)** gymmatly kagyzlar arkaly üpjün etmek bilen (köplenç ýagdaýda gaznaçylyk borçnamalary bilen) gysga möhletli karz bermek görnüşi bolup durýar. Şonda üpjün etmek hukugy karz berijä geçýär. Bu geleşigiň üýtgewsiz şerti karz alyjynyň bellenen senede we öňünden kesgitlenen baha boýunça gymmatly kagyzlary satyn aljakdygy bolup durýar. Üpjün ediji resminama hökmünde çykyş edýän gymmatly kagyzlara bazar bahasynyň 1%-inden 3%-ine çenli girew maržasy bilen baha kesilýär.

**Wekselleri hasaba almak we Merkezi bankdan karz almak** serişdeleriň möwsümleýin üýtgäp durmagyny başdan geçirýän ýa-da adatdan daşary ýagdaýa düşen täjirçilik banklary tarapyndan ulanylýar. Şonda Merkezi bank onuň karz beren pullarynyň hemişelik girdeji çeşmesine öwrülmezligine gözegçilik edýär. Şunuň ýaly karz alnanda täjirçilik banklary gaznaçylygyň dürli hili gymmatly kagyzlary, federal we ýerli häkimiýet edaralarynyň borçnamalary, gysga möhletli täjirçilik wekselleri görnüşinde üpjün ediji resminamalary berýärler.

**Bank akseptlerini hasaba almak. Bank aksepti**, munuň özi eksport ediji ýa-da import ediji tarapyndan olary aksept etmäge ylalaşan banka berlen möhletli tratta ýa-da geçirilýän wekseldir. Bank akseptleri daşary söwda geleşiklerini maliýeleşdirmek üçin peýdalanylýar. Täjirçilik banky federal ätiýaçlyk ulgamynda akseptleri gaýtadan hasaba aldyryp we şu ýol bilen olaryň hasabyna karz alyp biler. Eksport-import amallary ýa-da ýurduň içinde haryt geleşikleri boýunça alty aýa çenli möhleti bolan akseptler hasaba almak üçin kabul ederlikli diýip hasap edilýär.

**Ýewrodollar bazarynda karz almalar**, bu serişdeleri çekmegiň iri, daşary ýurtlarda şahamçalary bolan ýa-da şahamçalary bolmadyk täjirçilik banklaryna elýeterli bolan usulydyr. **Ýewrodollarlar**, munuň özi ABŞ-nyň dollarynda aňladylýan, ýöne ABŞ-nyň daşynda ýerleşen banklara we ýa-da bank eýelerine degişli goýumlardan ybaratdyr. Muňa amerikan banklarynyň şahamçalary hem girýär. ABŞ-nyň iri banklary ýewrodollardaky goýumlaryň bazaryny, adatça, içerki bazarda kynçylyklar ýüze çykan döwründe karz almak üçin peýdalanýarlar. Ýewrodollaryň baş bazary Londonda ýerleşýär.

Öz maýasyny artdyrmak we netijede, bank serişdelerini artdyrmak maksady bilen, täjirçilik banklary **düýpli notalary we obligasiýalary** çykarýarlar. Notalary we obligasiýalary, köplenç, iri banklar çykarýar.

**Öz serişdeleri**, bu bank döredilende onuň paýdarlaryndan (esaslandyryjylardan) alnan, onuň işiniň barşynda emele getirilen we möhleti çäklendirmezden bankyň ygtyýarynda bolan serişdelerdir. Bankyň öz serişdeleriniň gurluşy öz düzümi boýunça birmeňzeş däldir (4.1-nji šekil) we aktiwleriň hiline we öz peýdasynyň peýdalanyşyna baglylykda üýtgäp biler.

Täjirçilik banklarynyň öz serişdeleriniň gurluşy:

Esaslyk maýa.

Emission girdeji.

Ätiýaçlyk gaznasy.

Ýörite maksatly gaznalar.

Toplaýyş gaznasy.

Emläge gaýtadan nyrh kesmekden alnan serişdeler.

Geçen ýyllaryň peýdasy.

Şu ýylyň peýdasy.

Işiň ähli görnüşleri boýunça döredilen ätiýaçlyklaryň umumy möçberi.

Täjirçilik bankynyň öz serişdeleriniň 4.1-nji şekilde getirilen gurluşy olaryň esasy bölegini esaslyk maýanyň, emission girdejiniň we ätiýaçlyk maýasynyň tutýandygyny görkezýär. Bankyň öz serişdelerini emele getirýän beýleki elementlere emläge gaýtadan nyrh kesmekden alnan serişdeler, toplaýyş we ýörite maksatly gaznalar, geçen ýyllaryň

we şu ýylyň paýlanmadyk peýdalary, işiň dürli görnüşleri boýunça töwekgelçilikleriň üstüni ýapmak üçin döredilen ätiýaçlyklar girýär.

**Esaslyk maýa (gazna)** bankyň işlemeginiň ykdysady esasyny düzýär we kanuny tarap hökmünde ony döretmegiň hökmany şerti bolup durýar. Onuň ilkibaşky ululygy merkezi banklaryň kanunçylyk namalarynda düzgünleşdirilýär.

Täze döredilýän bankyň esaslyk maýasy milli we daşary ýurt pulundaky pul serişdelerinden we maddy aktiwlerden emele getirilip bilner. Maddy aktiwler hökmünde esaslyk maýanyň bir böleginiň tölegi görnüşinde bankyň ýerleşjek jaýy berlip bilner. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň rugsady bolan ýagdaýynda hereket edýän karz guramasyna gatnaşýanlar özlerine degişli pul serişdeleri we bankyň jaýy bolmadyk beýleki aktiwler bilen esaslyk maýanyň tölegini geçirip bilerler.

Paýdarlar jemgyýeti görnüşinde döredilýän täjirçilik banklary esaslyk maýany paýnamalary çykarmak we satmak arkaly emele getirýärler. Paýnamalary çykarmagyň we ýerleşdirmegiň tertibi kanunlar bilen düzgünleşdirilýär.

Bank diňe *atly paýnamalary*–resminamalaşdyrylan ýa-da resminamalaşdyrylmadyk görnüşdäki *adaty we aýratyn hukukly paýnamalary* çykaryp biler. Adaty paýnamalaryň olaryň çykarylan wagtyna we tertip belgisine garamazdan birmeňzeş nominal bahasy bolmalydyr we olary saklaýjylara hukuklaryň birmeňzeş möçberini bermelidir.

Bank üçin paýnamalary emissiýa etmegiň maksady ilkibaşda (bank döredilende) esaslyk maýany emele getirmek ýa-da bankyň maýasyny artdyrmak üçin ony köpeltmek we şeýlelikde, karz guramasynyň işini giňeltmek üçin şert döretmek bolup durýar.

Jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetler görnüşinde döredilen banklar esaslyk maýany paýlaryň esaslandyryş şertnamasynda bellenen möçberini geçirmek ýoly bilen emele getirýärler.

**Ätiýaçlyk maýasy (gaznasy)** arassa peýdadan (salgytlar tölenenden soň) esaslyk maýanyň tölenen möçberiniň 5%-inden az bolmadyk möçberde döredilýär we garaşylmadyk ýitgileriň üstüni ýapmak, serişdeler ýetmezçilik edende öz obligasiýalaryny satyn almak we bankyň durnukly işlemegini üpjün etmek üçin niýetlenendir.

Bankyň ätiýaçlyk maýasynyň aňryçäk ululygy onuň tertipnamasynda kesgitlenýär we banka gatnaşyjylaryň umumy ýygnagynyň çözgüdi bilen üýtgedilip bilner. Ätiýaçlyk maýasynyň iň pes möçberini gazanmak üçin bank her ýylda oňa arassa peýdanyň 5%-inden az bolmadyk serişdeleri geçirmäge borçludyr. Bu gazna ähli täjirçilik banklary tarapyndan kanunçylyga laýyklykda hökmany suratda döredilýär.

**Emission** girdeji diňe islendik guramaçylyk-hukuk görnüşindäki bankyň esaslyk maýasy artdyrylanda emele getirilýär.

Emission girdeji aşakdaky ýaly emele getirilýär:

– paýnamalar ilkinji eýelerine satylanda olaryň bellenen gymmaty (bahasy) bilen paýnamalaryň nominal bahasynyň arasyndaky oňyn tapawut görnüşinde (paýdarlar banklarynda);

– gatnaşyjylar tarapyndan tölenen wagtynda paýlaryň gymmaty bilen esaslyk maýanyň düzüminde paýlaryň hasaba alnan bahasynyň arasyndaky oňyn tapawut görnüşinde (jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet hökmünde döredilen banklarda);

– paýnamalar ýa-da paýlar daşary ýurt pulunda tölenende paýnamalaryň ýa-da paýlaryň esaslyk maýa serişdeleriň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä daşary ýurt pulunyň manada bolan resmi hümmeti boýunça hasaplanan gymmatynyň we paýnamalaryň ýa-da paýlaryň paýnamalary çykarmak ýa-da paýlary tölemek barada çözgütde bellenen gymmatynyň arasyndaky tapawut görnüşinde;

– paýnamalaryň ýa-da paýlaryň tölegi hemişelik girdeji kupony bolan federal zaýomyň obligasiýalary bilen geçirilende görkezilen obligasiýalaryň bankyň DEPO(1) hasabyna olaryň geçirilen günündäki ýagdaýa görä bazar bahasy boýunça gymmaty bilen paýnamalar tölenende obligasiýalaryň bahasynyň arasyndaky tapawut görnüşinde.

**Ýörite maksatly gaznalar we toplaýyş gaznalary** kanunçylyga laýyklykda bankyň arassa girdejilerinden, esaslandyryş resminamalarynda bellenen tertipde döredilýär. Ýörite maksatly gaznalar maddy höweslendiriş maksatlary we bankyň durmuş üpjünçiligi üçin peýdalanylýar. Toplaýyş gaznasy bankyň maddy we tehniki binýadyny ösdürmegiň we täze bank önümlerini döretmek we ornaşdyrmak boýunça çykdajylaryň üstüni ýapmagyň maliýe çeşmesi hökmünde onuň ygtyýarynda goýlan, bankyň arassa girdejisiniň bir bölegi bolup durýar. Toplaýyş gaznasy, adatça,

azalmaýar, diňe olaryň görnüşleriniň üýtgemegi bolup geçýär, ýagny olar pul görnüşinden maddy görnüşe (täze enjam, bina we beýlekiler) öwrülýärler.

**Emläge gaýtadan nyrh kesmekden alnan gymmatyň artmagy.** Dünýä tejribesinde banklaryň ýylda bir gezek, 1-nji ýanwardaky ýagdaýa görä emläge gaýtadan nyrh kesmegi geçirmäge haky bardyr. Gaýtadan nyrh kesmekden alnan pul möçberine barabarlykda bankyň öz maýasy artýar. Gaznanyň bolmagy we onuň ululygy ýurtda hümmetsizlenmäniň derejesini görkezýär. Özüniň ykdysady tebigaty boýunça bu gaznanyň serişdelerine kesgitlenen aktiwleriň (esasy serişdeleriň) bahasynyň gaçan ýagdaýynda ätiýaçlyk hökmünde seredip bolar.

Karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk kadalaşdyryjy namalarynda bellenenlere laýyklykda döredilýär. Karz alyja berlen karz serişdeler yzyna gaýtarylmadyk ýagdaýynda banka ony ýitgilere degişli etmäge esas bolar. Bu ýitgiler döredilen ätiýaçlygyň hasabyna üzülýär.

## 10.3. Banklaryň passiw amallarynyň gurluşy we umumy häsiýetnamasy

**Täjirçilik bankynyň passiw amallary**, bu amallaryň (usullaryň, tärleriň) jemi bolup, olaryň üsti bilen bankyň serişdeleri emele getirilýär. Şeýle amallaryň netijesinde bankyň balansynyň passiw hasaplarynda duran pul serişdeleri (ýagny bankyň öz serişdeleri we onuň balans borçnamalary) artýar.

Passiwleri emele getirmek islendik bankyň binýatlyk wezipesi bolup durýar. Passiw amallar möhüm rol oýnaýarlar, çünki banklar olaryň kömegi bilen aktiw amallary geçirmek üçin serişde alýarlar.

Paýdarlar täjirçilik banklarynyň passiw amallarynyň dört görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) bankyň esaslyk gaznasyna gatançlar – paýdarlar bankynyň paýnamalarynyň ýa-da jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet hökmünde döredilen banklaryň paýlarynyň ilkibaşky satylyşy;
2) bankyň peýda almagy, şeýle hem bank tarapyndan gaznalaryň emele getirilmegi ýa-da öz işiniň barşynda olaryň artdyrylmagy;

3) depozit amallary – bankyň müşderilerinden serişdeleri almak;
4) serişdeleri çekmek boýunça depozit däl amallar – merkezi bankdan we pul bazarynda serişdeleri almak.

Passiw amallaryň görnüşleriniň (1) we (2) kömegi bilen bankyň öz serişdeleri döredilýär, passiw amallaryň görnüşleri (3) we (4) çekilýän (karz) serişdeleri emele getirýärler.

Passiw amallaryň *birinji görnüşi* bankyň esaslyk maýasyny emele getirmegiň ýa-da artdyrmagyň barşynda paýnamalaryň (paýlaryň) birinji eýelerine satylýan wagtynda ýüze çykýar. Eger soňy bilen paýdar ýa-da paýçy paýnamany (ýa-da paýy) başga tarapa satan ýagdaýynda şu sebäbe görä bankyň esaslyk maýasy üýtgemez we bu amal täjirçilik bankynyň amalyna degişli bolmaz, diňe paýnamanyň ýa-da paýyň eýesi çalşar.

Täjirçilik bankynyň passiw amallarynyň *ikinji görnüşi* bankyň işiniň barşynda, çykdajylaryň hasabyna bankyň amortizasiýa (ulanyş) gaznasyny, mümkin bolan ýitgiler üçin (karz berlen serişdeler, gymmatly kagyzlaryň bahasynyň gaçmagy, gaýry işjeň amallar bilen baglanyşykly) ätiýaçlyklary emele getirýän, peýda alýan (ol paýlanýança serişde hökmünde peýdalanylyp bilner), bellenen tertibe laýyklykda peýdanyň hasabyna gaznalary döredýän döwründe ýüze çykýar. Şeýle amallar beýleki kärhanalaryň we guramalaryň amallaryna meňzeşdir.

*Üçünji görnüş* – depozit amallar (latynça *depositum* – saklamak üçin berlen zat), bu banklaryň müşderilerden serişdeleri almak boýunça amallarydyr.

Täjirçilik banky bank hasabynyň we bank goýumynyň şertnamalaryny baglaşmagyň şertlerini yglan edýär.

Müşderi bolup durýan şahsy we edara görnüşli taraplar, şol sanda beýleki banklar, hasaplaşyklary amala aşyrmak ýa-da olaryň saklanyşyny üpjün etmek we girdeji almak üçin (süýşürmek maksady bilen) ýa-da beýleki maksatlar (mysal üçin, ätiýaçlyk depozitleri) üçin banka pul goýýarlar.

Bankyň müşderi bilen baglaşýan şertnamalary *ýönekeý şertnamalar* (bank hasabynyň ýa-da bank goýumynyň şertnamasy ýaly) ýa-da *toplumlaýyn şertnama* (şertnama birnäçe raýat-hukuk gurnamalary öz içine alýan bolsa) bolup biler.

[1] Bu hasapda gymmatly kagyzlar sany boýunça hasaba alynýar.

Bank hasabynyň şertnamasy pul serişdeleri bilen hasaplaşyk amallarynyň tertibini, bank goýumynyň şertnamasy bolsa goýumçynyň süýşürintgileriniň we onuň toplanmalarynyň artmagynyň tertibini kesgitleýär.

Toplumlaýyn şertnama peýdalanylanda bank seýfiň gutusyny (çekerini) kärendä bermek barada ýa-da goşmaça şerti bolan, ýagny ätiýaçlyk depozitli saklamak baradaky şertnama baglaşyp biler. Şeýle ylalaşyk esasy şertnamanyň (kärende ýa-da saklamak) şertlerini hem, pul serişdelerini saklamagyň şertlerini hem öz içine alyp biler.

Dünýä tejribesinde passiw amallaryň *dördünji görnüşi* depozit däl serişdeleri, ýagny bankyň karz pul görnüşinde ýa-da özüniň bergi borçnamalaryny pul bazarynda satmak ýoly bilen alýan pul serişdelerini çekmek boýunça amallardyr.

Şeýle amallara aşakdakylar degişli edilýär:

a) beýleki täjirçilik banklaryndan karz almak;

b) merkezi bankdan karz almak, şeýle hem merkezi bankda wekselleri hasaba aldyrmak (täjirçilik banky serişdelere mätäçlik çekýän wagty bu bankyň ygtybarly müşderileriniň weksellerini bank satýar, merkezi bank bolsa olary «hasaba alýar», ýagny belli bir ýeňillik bilen satyn alýar);

ç) bergi görnüşde gymmatly kagyzlary (obligasiýalary, wekselleri, sertifikatlary) çykarmak;

d) ylalaşyklary baglaşmak–soňundan satyn almak bilen gymmat kagyzlary satmak barada ylalaşyk, bankyň müşderilerden alan pul serişdeleri, ýagny REPO amallary, şunda wagtlaýyn serişde gerek bolan bank gymmatly kagyzlary satýar we şol bir wagtyň özünde bellenen senede öňünden kesgitlenen baha boýunça satyn almaga borçlanýar (adatça, 1-3% gymmat satyn alýar, bu bolsa beýleki banka wagtlaýyn berlen serişdeler üçin hak tölendigi bolar).

## 10.4. Täjirçilik bankynyň goýum amallary

**Goýum amallar**, munuň özi täjirçilik bankynyň kanuny we şahsy taraplaryň serişdelerini belli bir möhlete ýa-da talap edilýänçä çekmek boýunça amallarydyr. Olar bank hasabynyň şertnamasy ýa-da bank goýumynyň şertnamasy bilen resmileşdirilýär.

10 Sargyt № 2031

Diňe Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama laýyklykda şunuň ýaly hukuk alan banklaryň pul serişdelerini goýuma çekmäge haklary bardyr.

Bank bilen şahsy taraplaryň arasynda baglaşylan bank goýumy şertnamasy *goýum,* şahsy taraplar bilen baglaşylan şertnama bolsa *süýşürintgi* goýumlary diýlip atlandyrylýar.

Bank goýumy şertnamasy birinji talap boýunça goýumlary bermek şertlerinde (talap edilýänçä goýum) ýa-da şertnamada baglaşylan möhlet tamamlanandan soň goýumy yzyna gaýtarmak şertlerinde (möhletli goýum) baglaşylýar.

Şertnamada goýumlaryň olary yzyna gaýtarmagyň kanuna çapraz gelmeýän beýleki şertlerde goýulmagy hem göz öňünde tutulmalydyr.

**Talap edilýänçä goýumlar**, bu müşderi tarapyndan deslapdan habar berilmezden islendik pursatda bankdan talap edilip bilinjek serişdelerdir. Olara hasaplaşyk, gündelik, býujet we amallar geçirmek ýa-da serişdeleri maksatlaýyn ulanmak bilen baglanyşykly beýleki hasaplardaky serişdeler, beýleki banklaryň şu bankdaky habarçy hasaplaryndaky (şular ýaly serişdeler hasaplaşyk hasaby däl-de habarçy hasaplar diýlip atlandyrylýar, çünki banklar şu hasaplar boýunça diňe bir özleriniň töleglerini däl, eýsem öz müşderileriniň tölegleri hem geçirýärler) galyndylar, şeýle hem goýumçylar tarapyndan bankda talap edilýänçä şertlerinde ýerleşdirilen goýumlar degişlidir.

**Möhletli bank goýumlary** banka şertnamada kesgitlenen möhletde geçirilen serişdelerdir. Olar boýunça onuň eýesine talap edilýänçä depozitleri boýunça tölenýän göterime garanyňda has ýokary göterimler tölenýär we düzgün bolşy ýaly, möhletinden öň almak, kähalatlarda bolsa goýumyň üstüni doldurmak boýunça çäklendirmeler bolýar.

Möhletli goýumlar boýunça banklaryň amallar çykdajylary, adatça, talap edilýänçä goýumlary boýunça çykdajylardan pes bolýar, ýöne göterimler boýunça tölegler ýokary bolýar, şonuň üçin hem olar bank üçin gymmat serişdelerdir. Banklar bu serişdeleri olary uzak möhletleýin goýumlar üçin peýdalanyp boljakdygy sebäpli çekýärler.

Bankyň ýolbaşçylary müşderilere hasaplary açmak we ýapmak boýunça müşderiler bilen işleýän jogapkär wezipeli işgäri belleýärler.

Bankyň wezipeli işgärleri degişli görnüşdäki hasaby açmak üçin zerur bolan resminamalary kabul edýärler, resminamalaryň bolmalysy ýaly resmileşdirilendigini, berlen maglumatlaryň dolulygyny we olaryň dogrulygyny barlaýarlar, hasaplaşyk hasaplarynyň açylandygy barada salgyt edaralaryna hasaba berýärler, şeýle hem beýleki wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Bank hasaby, goýum boýunça hasap açylanda bankyň wezipeli işgärleri müşderileriň öz bähbidini arap ýa-da *peýda görýäniň* (bank amallary ýa-da beýleki geleşikler geçirilende agent şertnamasynyň, kepillendiriş, komissiýa we ynanyp dolandyrmak şertnamalarynyň esasynda müşderiniň onuň peýdasy üçin hereket edýän adamy) bähbidini arap hereket edýändigini anyklamalydyrlar.

Bank hasaby, goýum boýunça hasap açylanda karz guramasy bank kadalaryny**,** ýagny öz içine şu aşakdakylary alýan karz guramasynyň içerki resminamasyny kabul edýär:

– bank hasabyny, goýum boýunça hasaby açmak barada ygtyýarlyklary bankyň gurluş birlikleriniň arasynda paýlamak, şol sanda müşderilere açylan hasaplaryň hasaba alynýan kitabyny ýöretmegiň we saklamagyň tertibi barada;

– edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýerinde onuň hemişelik hereket edýän dolandyryş edarasynyň, edara görnüşli tarapyň adyndan ynanç haty almazdan hereket etmäge hukugy bolan başga bir edaranyň ýa-da adamyň bardygyny anyklamagyň düzgünleri barada;

– bank hasabyny, goýum boýunça hasaplary açmagyň we ýapmagyň tertibi barada;

– bank hasaplarynyň açylandygy, bank hasaplarynyň üýtgändigi barada salgyt edaralaryna habary taýýarlamak we ibermek boýunça işleriň guralyşy barada;

– bank hasaby, goýum boýunça hasaplar açylan, ýöredilýän we ýapylan wagtynda alnan resminamalary (şol sanda elektron görnüşdäki resminamalary) hasaba almagyň we saklamagyň tertibi barada;

– müşderileriň kanuny işleriniň elýeterli bolmagynyň tertibi barada;

– bank hasabynyň, goýum boýunça hasaplaryň açylyşyny we ýapylyşyny düzgünleşdirýän beýleki düzgünler.

Bankyň kadalary Türkmenistanyň kanunçylygyna çapraz gelýän düzgünler bolmaly däldir.

Bankda müşderileri *identifikasiýa etmegiň*, peýda görýäni anyklamagyň we identifikasiýa etmegiň maksatnamasy işlenip taýýarlanylmalydyr we tassyklanylmalydyr.

Müşderiniň, peýda görendigi baradaky maglumatlar onuň *anketasynda* görkezilýär, onuň görnüşi bank tarapyndan kesgitlenilýär. Müşderiniň anketasy bankda müşderi bilen gatnaşyklar bes edilenden soň azyndan bäş ýyl saklanmalydyr.

Müşderiniň bank hasabynyň, goýum boýunça hasaplarynyň her biri boýunça bank tarapyndan hukuk işi düzülýär.

Bir müşderiniň bir bankda açylan birnäçe bank hasaby, goýum boýunça hasaplary bolan ýagdaýynda müşderiniň birnäçe hasaplary boýunça bir hukuk işi düzülip bilner.

Müşderiniň hukuk işine bankyň kadalaryna laýyklykda tertip belgisi berilýär.

Hukuk işine aşakdakylar goşulýar:

– bank hasaby, goýum boýunça hasaplar açylanda müşderi tarapyndan (onuň wekili tarapyndan) berilýän resminamalar, şeýle hem görkezilen maglumatlar üýtgedilen ýagdaýynda berilýän resminamalar;

– bank hasabynyň, goýum boýunça hasaplaryň şertnamalary, görkezilen şertnamalara girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar, bank bilen müşderiniň arasynda bank hasabyny, goýum boýunça hasaplary açmak, ýöretmek we ýapmak boýunça gatnaşyklary kesgitleýän beýleki şertnamalar;

– bank hasabynyň açylandygy (ýapylandygy) barada salgyt edarasyna bank tarapyndan iberilen habarlara degişli resminamalar;

– güýjüni ýitiren kartoçkalar;

– bank hasabyny, goýum boýunça hasaplary açmak, alyp barmak we ýapmak meseleleri boýunça bankyň müşderiler bilen alşan hatlary;

– bank hasabyny, goýum boýunça hasaplary açmak, alyp barmak we ýapmak meseleleri boýunça müşderi bilen bankyň gatnaşyklaryna degişli beýleki resminamalar.

Bank müşderileriň hukuk işiniň saklanýan wagtynda olaryň elýeterli bolmagyny aradan aýyrmaga (elýeterli bolmazlygyny üpjün etmäge) borçludyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly kitabynda:

«Çekilen we karz serişdeleriniň galyndysy 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 32,4% artdy we 9903,3 mln manada barabar boldy. Täjirçilik banklaryndaky çekilen serişdeler 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda milli manada 1978,2 mln manada barabar boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 62,3% artdy. Täjirçilik banklarynda milli manada çekilen serişdeleriň gurluşykda esasy jemi agramy talap edilýän goýumynyň serişdeleri düzýär – 61,6%, möhletli serişdeler bolsa 38,4%-e barabardyr. Täjirçilik banklaryndaky ilatyň goýumy 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna 114,7 mln manada barabar boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 32,4% artdy. Umumy goýumlaryň gurluşynda esasy jemi agramy talap edilýän gpýumynyň serişdeleri düzýär – 62%, 1 ýyla möhlete çenli goýumlar 33,8%, bir ýyldan köp möhlete çenli goýumlar 4,2%-e barabardyr» diýip belleýär.

**Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda jemlenen jemi balans aktiwleriň gurluşy, %**




***10.4.1-nji diagramma***

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda ilatyň goýumlary, mln manatda:

Döwlet täjirçilik banklarynda – 82,5;

Paýdarlar-täjirçilik we paýly banklarda – 25,7;

Daşary ýurt banklarynda – 6,5.

## 10.5. Müşderilere açylýan goýum hasaplarynyň görnüşleri we düzgünleri

Bank manatda we daşary ýurt pullarynda hasaplaryň aşakdaky görnüşlerini açýar:

– gündelik;
– hasaplaşyk;
– býujet;
– habarçy;
– habarçy hasapiçi hasaplar;
– ynanyp dolandyryş hasaplary;
– ýörite bank hasaplary;
– goýumlar boýunça hasaplar.

*Gündelik hasaplar* telekeçilik işi ýa-da özbaşdak iş alyp barmak bilen bagly bolmadyk hasaplaşyk amallaryny geçirmek üçin şahsy adamlara açylýar.

*Hasaplaşyk hasaplary* karz guramalar bolup durmaýan edara görnüşli taraplara, şeýle hem hususy telekeçilere ýa-da kanunçylykda bellenen tertipde şahsy iş bilen meşgullanýan şahsy taraplara telekeçilik işi ýa-da şahsy iş boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin açylýar.

*Býujet hasaplary* kanunçylykda bellenen halatlarda býujet ulgamynyň ähli derejeleriniň býujetleriniň we döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň serişdeleri bilen amallary geçirýän taraplara açylýar.

*Habarçy hasaplar* karz guramalaryna açylýar. Türkmenistanyň Merkezi bankyna daşary ýurt pulunda habarçy hasaplar açylýar.

*Habarçy hasapiçi hasaplar* karz guramalaryň şahamçalaryna açylýar.

*Ýörite bank hasaplary* kanunçylykda bellenen ýagdaýlarda we tertipde kanuny we tarapy taraplara olaryň göz öňünde tutulan degişli görnüşdäki amallary geçirmekleri üçin açylýar.

*Goýumlar boýunça hasaplar* tarapy we kanuny taraplara açylýar, olar banklaryň şahamçalarynyň ýerleşdirilen pul serişdelerine hasaplanyp ýazylýan göterimler görnüşinde girdeji almak maksady bilen ýerleşdirilýän pul serişdelerini hasaba almak üçin peýdalanylýar.

Banklar tarapyndan müşderilere bank hasaplaryny goýumlar boýunça hasaplary açmak müşderiniň hukuk ukyby (işe ukyby) bar bolan ýagdaýynda geçirilýär.

Bank hasaby we bank goýumy baradaky şertnamalarynyň baglaşylmagy we kanunçylykda bellenen tertipde ähli resminamalaryň berilmegi bank hasabyny, goýumlar boýunça hasaplary açmak üçin esas bolup durýar.

*Bank hasaby barada şertnama* boýunça bank müşderä (hasabyň eýesine) açylan hasaba gelip gowuşýan pul serişdelerini kabul etmäge, hasaba ýazmaga, müşderiniň görkezmesi boýunça hasapdan serişdeleri geçirmäge, bermäge we hasap boýunça beýleki amallary geçirmäge borçlanýar.

Hasap açylanda aldawçylykdan goranmak maksady bilen banklar müşderiden belli bir maglumatlaryň berilmegini talap edýärler. Daşary ýurt bankynda korporatiw hasap açylanda köp ýagdaýda müşderiden şol bankyň müşderisinden ýa-da banka mälim bolan aklawjydan ýa-da başga bir bankdan hödürnamanyň (rekomendasiýa) berilmegi talap edilýär. Banklaryň birnäçesi müşderiden ýurduň reýestrinde hasaba aldyrmagy we ygtybarlydygy barada sertifikatyň berilmegini talap edýärler. Käbir banklar hasapda serişdeleriň galyndysynyň ýeterlik derejede ýokary bolan iň pes möçberini belleýärler.

Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda, bank tarapyndan yglan edilen, kanunda göz öňünde tutulan we şoňa laýyklykda bank kadalarynda bellenen talaplara laýyk gelýän şertlerde hasap açmak barada teklip bilen ýüz tutan müşderi bilen bank hasaby baradaky şertnamany baglaşmaga borçludyr.

Bank hasaby boýunça amallaryň geçirilmegi kanunda, bankyň esaslandyryş resminamalarynda we oňa berlen rugsatlarda (ygty-

ýarnamalarda) göz öňünde tutulan hasaplary açmakdan ýüz öwürmäge haky ýokdur. Bankyň bank hyzmatyny etmäge mümkinçiliginiň ýok ýagdaýynda, kanunda ýa-da beýleki hukuk namalarynda ýol berilýän ýagdaýlar muňa girmeýär.

Bankyň müşderiniň pul serişdeleriniň peýdalanylýan ugurlaryny kesgitlemäge, oňa gözegçilik etmäge we müşderiniň pul serişdelerini öz garaýşyna görä ygtyýar etmek hukugynyň kanunda ýa-da bank hasaby baradaky şertnamada göz öňünde tutulmadyk çäklendirmelerini bellemäge haky ýokdur.

*Dahylly (rezident) edara görnüşli tarap* hasaplaşyk hasabyny açmak üçin banka aşakdaky resminamalary berilýär:

a) edara görnüşli tarapyň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakynda şahadatnama;

b) edara görnüşli tarapyň esaslandyryş resminamalary;

ç) kanunçylykda bellenen tertipde edara görnüşli taraplara ygtyýarlylandyrmaga degişli işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama (rugsat);

d) pul resminamalaryna birinji (ýolbaşçy, onuň orunbasary) we ikinji (baş buhgalter, onuň orunbasarlary) gol çekmäge hukugy bolan adamlaryň gollarynyň nusgalary bolan bank kartoçkasy, şeýle hem möhüriň nusgalary;

e) kartoçkada görkezilen adamlaryň bank hasabyndaky pul serişdelerine eýeçilik etmäge ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminama, şertnamada bank hasabyndaky pul serişdelerine eýeçilik etmäge ygtyýarlyklarynyň öz golunyň nusgasy bilen tassyklanmagy göz öňünde tutulan ýagdaýynda öz golunyň nusgasyny peýdalanmak hukugy berlen adamlaryň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminama;

ä) edara görnüşli taraplaryň özbaşdak ýerine ýetiriji edarasynyň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalar;

f) salgyt edarasynda hasaba goýlandygy barada şahadatnama.

Bank hasaby, goýum boýunça hasap bank hasabynyň, goýum boýunça hasabyň açylandygy barada «Açylan hasaplaryň hasaba alynýan kitabyna» ýazgy edilenden soň açyldy diýip hasaplanýar.

Bank hasaby baradaky şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýlarda müşderi bankyň hasapda duran pul serişdeleri bilen amallary geçirmek boýunça hyzmatlarynyň tölegini töleýär.

Bank hasaby baradaky şertnama müşderiniň arzasyna laýyklykda, islendik wagtda ýatyrylýar.

Bank hasaby baradaky şertnama bankyň talap etmegi boýunça kazyýet tarapyndan aşakdaky iki ýagdaýda ýatyrylyp bilner:

1) müşderiniň hasabynda saklanýan pul serişdeleriniň möçberi bank kadalarynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan iň pes möçberden az bolanda (eger ol bankyň bu barada duýduran gününden soň bir aýyň dowamynda bolmaly derejesine ýetirilmese);

2) şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, bir ýylyň dowamynda bu hasap boýunça amallar geçirilmedik ýagdaýynda.

Bank hasabyny, goýum boýunça hasaby ýapmak üçin bank hasaby, goýum boýunça hasap baradaky şertnamanyň bes edilmegi (ýatyrylmagy) esas bolup durýar, bu barada «Açylan hasaplaryň hasaba alynýan kitabyna» ýazgy edilýär.

*Bank goýmy baradaky* şertnama boýunça beýleki tarapdan (goýumçydan) onuň üçin gelip gowşan ýa-da gelip gowuşýan pul serişdelerini kabul edýän beýleki tarap (bank) goýmuň möçberini yzyna gaýtarmaga we şertnamada göz öňünde tutulan şertlerde we tertipde göterimleri tölemäge borçlanýar.

Bank goýumy baradaky şertnama ýazmaça görnüşde baglaşylyp bilner, bolmasa ol hakyky däl, ýagny ähmiýetsiz hasap edilýär.

*Dahylly (rezident) edara görnüşli tarapa goýum boýunça* hasap açmak üçin banka aşakdaky resminamalar berilýär:

a) edara görnüşli tarapyň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakynda şahadatnama;

b) salgyt edarasynda hasaba goýlandygy barada şahadatnama.

Edara görnüşli taraplaryň goýumlarda duran pul serişdelerini beýleki taraplara geçirmäge, şeýle hem olardan nagt pullary almaga haklary ýokdur. Goýum hasaplaryndan pullar diňe hasaplaşyk hasaplaryna geçirilýär.

Bank goýumça goýmuň möçberine görä göterim töleýär we onuň möçberi bank goýmy baradaky şertnamada kesgitlenýär. Şertnamada tölenýän göterimleriň möçberi barada şertler görkezilmedik bolsa,

bank Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdiriş möçberine deň derejede göterim tölemäge borçludyr.

Bank bilen edara görnüşli taraplaryň baglaşan möhletli bank goýumy baradaky şertnama boýunça göterimleriň möçberi birtaraplaýyn üýtgedilip bilinmez. Kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan başga ýagdaýlar muňa girmeýär.

## 10.6. Şahsy taraplaryň goýumlary boýunça amallar

Türkmenistanyň raýatlary manatda we daşary ýurt pulunda goýumlary goýup bilerler.

**Täjirçilik banklary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri**

| Görkezijiler | 2009-njy ýylyň dekabr aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterimi | | 2009-njy ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterimi | |
|---|---|---|---|---|
| | möçberi (mln.manat) | ortaça göterimi (%) | möçberi (mln.manat) | ortaça göterimi (%) |
| **Jemi çekilen serişdeler:** | **5582,40** | **0,08** | **38875,79** | **0,06** |
| Talap edilýänçä | 5417,65 | 0,01 | 38072,54 | 0,01 |
| Edara görnüşli taraplardan | 5107,19 | 0,00 | 35912,50 | 0,00 |
| **raýatlardan** | 310,46 | 0,10 | 2160,04 | 0,13 |
| **Möhletli** | **164,75** | **2,48** | **803,25** | **2,73** |
| Edara görnüşli taraplardan | 159,16 | 2,19 | 743,90 | 2,13 |
| raýatlardan | 5,59 | 10,69 | 59,35 | 10,17 |

Tablisadan görnüşi ýaly Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda raýatlaryň täjirçilik banklaryndaky goýumlary ýokary depginler bilen ösýär. Bu bolsa ilatyň bank ulgamyna bolan ynamynyň ýokarlanýandygyny görkezýär. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä raýatlaryň goýumlarynyň möçberi 114,7 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 32,4% artdy. Raýatlaryň goýumlarynyň düzüminde *talap edilýänçä* serişdeleriň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 28,3% artdy. *1 ýyla çenli möhletli* goýumlaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 39,6% artdy. *1 ýyldan ýokary* möhletli goýumlaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 45,5% artdy.

Raýatlaryň goýumlarynyň banklar boýunça bölünişine seredenimizde, raýatlaryň jemi goýumlarynyň düzüminde has ýokary paý *döwlet-täjirçilik banklaryndaky* goýumlara degişli bolup, ol 71,9%-e deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 31,2% artdy. *Paýdarlar-täjirçilik banklaryndaky* goýumlaryň paýy 22,4%-e deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 46,8% artdy. *Daşary ýurt banklaryndaky* goýumlaryň paýy 5,7%-e deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 4,8% artdy.

Ilatyň pul serişdelerini çekmäge Türkmenistanyň diňe degişli ygtyýarnamasy bolan banklarynyň hukuklary bardyr (ýagny bankyň ilatdan manatda ýa-da manatda we daşary ýurt pulunda, şeýle hem gymmatly metallarda pul serişdelerini çekmek hukugy onuň ygtyýarnamasynda ýazylmalydyr).

Bütin dünýäde, raýat goýumçylaryň bähbitlerini goramaga aýratyn üns berilýär. Raýatlaryň köpüsi bankyň müşderileriniň ykdysady sowady pes bolan bölegi hasap edilýär. Olara hyzmat edýän banky saýlap almak, pul bazarynda ýagdaýlaryň üýtgeýşine syn etmek kyn düşýär, raýatlaryň köp sanlysynyň süýşürintgilerini ýitirmekleri bolsa agyr sosial netijelere getirip biler.

Daşary ýurtlarda banklar aýry-aýry müşderilere, mysal üçin, bellibir hünärleriň wekillerine artykmaçlyk berip bilýärler.

Möhletli goýmuň goýumçynyň *talap* etmegi boýunça möhletinden öň ýa-da bank goýmy barada şertnamada görkezilen başga

ýagdaýlaryň ýüze çykmagyndan öň yzyna gaýtarylýan ýagdaýlarynda goýum boýunça göterimler, şertnamada göterimleriň başga bir möçberi göz öňünde tutulmadyk bolsa, bank tarapyndan *talap edilýänçä* goýumlar boýunça tölenýän göterimleriň möçberine laýyk gelýän möçberde tölenýär.

Goýumçynyň möhletli goýmunyň pul möçberini möhletinden öň ýa-da başga bir şertlerde goýlan goýmuň möçberini şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň ýüze çykandygy bilen bagly yzyna gaýtarylmagyny *talap etmeýän* ýagdaýlarynda, şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, şertnama *talap edilýänçä goýmuň şertlerinde* uzaldyldy diýip hasap edilýär.

Raýat tarapyndan belli bir möhlet tamamlanandan soň ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly tölemek şertlerinde goýlan goýma göterimleriň bank goýmy barada şertnamada kesgitlenen möçberi, şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, bank tarapyndan bir taraplaýyn azaldylyp bilinmez.

Häzirki wagtda banklaryň köpüsi goýumçylara goýumlary bölekleýin almak  we olaryň üstüni ýetirmek, goýumlary goýumçy tarapyndan bellenen senä çenli kabul etmek, multiwalýuta goýumlaryny goýmak, konserwatiw (köneçil) goýumçylar üçin däp bolan atlary saklap galmak  we ş.m. şertleri teklip edýärler.

Ilatyň goýumlarynyň köp bölegini bir ýyldan köp möhleti bolan goýumlar düzýär.

Ilata *gündelik hasap* açmak üçin banka aşakdaky  resminamalar berilýär:

a) raýatyň şahsyýetini tassyklaýan resminama;

b) zerur ýagdaýynda bank kartoçkasy;

ç) kartoçkada görkezilen adamlaryň bank hasabyndaky pul serişdelerine eýeçilik etmäge ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalar (eger şunuň ýaly ygtyýarlyklar üçünji taraplara berilýän bolsa);

d) salgyt gullugynda hasaba goýlandygy hakynda şahadatnama (bar bolanda).

***Türkmenistanda sebitler boýunça milli puldaky hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeler***

2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä jemi milli pulda çekilen serişdeleriň düzüminde **sebitler boýunça çekilen serişdeleriň** tutýan paýy aşakda görnüşi ýaly emele geldi:

– Aşgabat ş. – 72,8%;
– Ahal welaýaty – 6,3%;
– Balkan welaýaty – 4,1%;
– Daşoguz welaýaty – 2,9%;
– Lebap welaýaty – 7,7 %;
– Mary welaýaty – 6,2%.

***Milli puldaky hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriň*** düzüminde *talap edilýän* serişdeleriň paýy ýokary bolup, ol 61,6%-e deň boldy. Talap edilýän serişdeleriň esasy bölegi Aşgabat şäherine (61%) degişli bolup, onuň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 38,3% artdy. 11,3%-i Lebap welaýatyna degişli bolup, ol geçen ýyla görä 30,2% artypdyr.

Jemi çekilen serişdeleriň düzüminde *möhletli serişdeleriň* paýy 38,4%-e deň bolupdyr. Sebitler boýunça seredilende iň uly paý Aşgabat şäherine (91,7%) degişli bolup, onuň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2,3 esse artýar. Möhletli serişdeleriň möçberi geçen ýyl bilen deňeşdirilende Mary welaýatynda 2,6 esse we Balkan welaýatynda 2 esse artýar.

## 10.7. Banklar tarapyndan bergi borçnamalarynyň çykarylmagy

Halkara bank tejribesinde täjirçilik banklary, aýratyn hem paýdarlar täjirçilik banklary bergi borçnamalaryny çykarmak ýoly bilen serişdeleri çekýärler. Olaryň düzümine obligasiýalar, bank sertifikatlary we wekseller girýär.

Möhletli goýumlar bank sertifikatlary we wekseller bilen resmileşdirilip bilner.

**Bank wekselleri**, bu weksel berijiniň (bank) anyk we görkezilen möhletde wekseli saklaýja kesgitlenen pul möçberini tölemek baradaky hökmany borjuny öz içine alýan gymmatly kagyzdyr.

Serişdeleri çekmek maksady bilen banklar manatda we daşary ýurt pulunda nominaly görkezilen ýönekeý göterim we diskont (dikskont – ýeňillik) wekselini berýärler.

Bankyň weksel bermegi üçin satyn almak-satmak baradaky şertnama esas bolup durýar. Müşderi wekseli satyn alanda göterimli weksel üçin onuň nominal bahasyny, diskont wekseli üçin nominaldan pes bahasyny (diskontyň möçberine deň bolan baha) töleýär. Diskont wekseller boýunça bank göterim tölemeýär, ýöne olary üzülmeli möhleti gelende nominal bahasy boýunça satyn alýar.

Bank wekselleri harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklarda töleg serişdesi hökmünde peýdalanylyp bilner. Şeýle hem müşderiler tarapyndan beýleki banklarda karzlar resmileşdirilende girew bolup hem hyzmat edip biler (bu barada kitabyň beýleki baplarynda giňişleýin durlup geçilýär).

**Bank sertifikaty**, bu bankda goýlan goýmuň pul möçberini we goýumçynyň (sertifikaty saklaýjynyň) bellenen möhlet tamamlanandan soň goýumyň pul möçberini we göterimleri almaga hukugyny tassyklaýan gymmatly kagyzdyr.

Sertifikatlar aşakdaky ýaly bölünýärler:

– goýumçylaryň toparlary boýunça (edara görnüşli taraplar üçin – goýum, şahsy taraplar üçin süýşürintgiler sertifikatlary);

– resmileşdiriliş usuly boýunça (atly we görkezijä);

– çykarylyş usuly boýunça (bir gezeklik tertipde ýa-da tapgyrlaýyn çykarylýanlar).

Halkara tejribesinde täjirçilik banklary tarapyndan sertifikatlary bermek hukugy diňe Merkezi bank tarapyndan bellenen şertleri berjaý edýän banklara berilýär. Banklaryň sertifikatlary möhletli bolmalydyr.

Sertifikatlar satylan harytlar ýa-da edilen hyzmatlar üçin hasaplaşyk ýa-da töleg serişdesi bolup hyzmat edip bilmez.

Bankyň süýşürintgiler sertifikatlaryny diňe olary çykarmagyň we sertifikatlaryň dolanyşykda bolmagynyň şertleri Merkezi bank tarapyndan hasaba alnandan soň ýerleşdirmäge haky bardyr.

**Bankyň bergi borçnamalary-obligasiýalary,** eger emitent bankyň tertipnamasynda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa (emissiýa – dolanyşyga çykarmak diýmekdir) täjirçilik banklary ta-

rapyndan bankyň dolandyryjylar geňeşiniň (gözegçilik geňeşiniň) çözgüdi boýunça ýerleşdirýär. Diňe esaslyk maýa doly tölenenden soň obligasiýalary çykarmaga rugsat edilýär.

Bank dürli häsiýetnamalary bolan aşakdaky obligasiýalary çykaryp biler:

– atly we görkezijä tölemek şertli obligasiýalar;

– öz emlägini girew goýmak bilen üpjün edilen ýa-da üçünji tarapyň banka beren üpjünçiligi bolan obligasiýalar;

– ipoteka bilen üzlüşilýän obligasiýalar;

– üpjünçiliksiz obligasiýalar;

– göterimli we diskont obligasiýalar ;

– paýnamalara çalşylýan obligasiýalar;

– birwagtda üzülmeli ýa-da belli bir möhletlerde tapgyrlar boýunça üzülmeli möhleti bolan obligasiýalar;

– möhletinden öň üzmek mümkinçiligi bolan obligasiýalar.

## 10.8. Bankara karzlar

**Bankara karzlar** halkara bank tejribesinde bir bank tarapyndan beýleki banka berilýän karzlardyr. Wagtlaýyn erkin serişdeleri bolan banklar bu serişdeleri bankara bazarynda satýarlar. Türkmenistanyň täjirçilik banklary öz serişdelerini içerki bazarda Türkmenistanyň Merkezi bankyna satýarlar.

Türkmenistanyň Merkezi banky hökmany suratda karz alan bankyň maliýe ýagdaýyna gözegçilik edýär, baha bermegiň tassyklanan usullarynyň esasynda onuň karza ukyplylygyny kesgitleýär we her bir karz alýan banka bellenen möçberleriň (limit) çäklerinde serişdeleri berýär.

Bankara karzlar üpjün etmek bilen (köplenç, likwidliligi ýokary bolan gymmatly kagyzlar bilen), şeýle hem üpjün etmezden (blank karzlary) berilýär.

Bankara amallary aşakdaky dürli usullar bilen geçirilip bilner:

– aýry-aýry karz ýa-da goýum şertnamalarynyň esasynda;

– bir ýyl ýa-da ondan gowrak möhlete baglaşylan, içerki walýuta we pul bazarynda amallary geçirmegiň umumy şertleri barada baş ylalaşygyň we oňa degişli goşmaça ylalaşyklaryň esasynda;

– karz liniýalaryny açmak bilen, ýagny karz alan bankyň şertleşilen möhletde we ylalaşygyň belli bir şertlerini berjaý edilen ýagdaýynda peýdalanyp biljek karzynyň aňryçäk möçberi hakynda ylalaşyk (şertnama) baglaşmak bilen;

– beýleki bankyň habarçy hasabynda serişdeleriň galyndysyny azaltmazlyk hakynda ylalaşyk baglaşmagyň esasynda. Şonda bu hasabyň açylan banky pullary azalmaýan galyndynyň çäklerinde wagtlaýyn peýdalanyp bilýär;

– habarçy hasap boýunça owerdraft (iňlisçe ower draft – çäkden ýokary, bar bolan galyndydan artyk diýmekdir) görnüşde karz bermek bilen, ýagny banklaryň arasynda habarçy gatnaşyklar barada şertnama baglaşmagyň (ýa-da goşmaça ylalaşygyň) esasynda, bu şertnamanyň şertlerinde beýleki bankyň habarçy hasaby boýunça owerdrafta ýol berilýär. Şu ýagdaýda hasabyň açylan bankynyň serişdelerinden hasabyň açylan banky wagtlaýyn peýdalanyp bilýär.

Karz serişdeleriň bahasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş derejesi boýunça kesgitlenilýär.

Tablisadan  görnüşi ýaly 2009-njy ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda bankara karz bazarynda milli pulda geçirilen amallaryň möçberi 111 240,0 müň manada, onuň ortaça göterim derejesi 5,3%-e deň boldy we geçen ýylyň degişli görkezijilerinden 2,76 % ýokarlandy. Banklara karz bazarynda seljerme geçirilýän döwürde 16 sany geleşik geçirildi.

2009-njy ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda banklara karz bazarynda geçirilen amallaryň düzüminde esasy paý 6 aýdan 1 ýyla çenli möhletli karzlara degişli bolup, onuň möçberi 63 987,0 müň manada ýa-da jemi karzlaryň 57,5%-ine deň boldy. Şeýle hem 1 ýyldan ýokary möhletli karzlar bolup, onuň möçberi 20000,0 müň manada  ýa-da bankara jemi karzlaryň 18%-ine deň boldy. Iň pes paý 6 aý möhletli karzlara degişli bolup, ol jemi bankara karzlaryň 0,5%-ine deň boldy.

Daşary ýurtlaryň bankara bazarynda has belli we giň ýaýran möçber LIBOR (London Interbank Offered Rate) möçberidir (Oferta (Offered) –teklibiň möçberi). Londonyň bankara möçberi, ýagny Londonyň has iri banklarynyň beýleki banklara – birinji derejeli karz alyjylara berýän karzlary boýunça göterim möçberleri Grinwiç

**2009-njy ýylyň ýanwar – dekabr aýlarynda banklara karz bazarynda milli pulda geçirilen amallar**

| Berlen karzlaryň möhleti | dekabr | | | ýanwar – dekabr | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Geleşikleriň möçberi (müň manat) | Geleşikleriň sany | Ortaça göterim derejesi (%) | Geleşikleriň möçberi (müň manat) | Geleşikleriň sany | Ortaça göterim derejesi (%) |
| 1 aý we ondan az möhletde | | | | 17400,0 | 5,0 | 5,3 |
| 2 aýlyk | | | | 6253,0 | 3,0 | 5,1 |
| 3 aýlyk | | | | 3000,0 | 1,0 | 6,0 |
| 4 aýlyk | | | | | | |
| 5 aýlyk | | | | | | |
| 6 aýlyk | | | | 600,0 | 1,0 | 5,0 |
| 6 aýdan bir ýyla çenli | | | | 63987,0 | 5,0 | 5,1 |
| 1 ýyldan köp | | | | 20000,0 | 1,0 | 6,0 |
| **JEMI:** | | | | **111240** | **16,0** | **5,31** |

boýunça sagat 11.00-daky ýagdaýa görä hakyky geleşikler boýunça olaryň kesilen nyrhlarynyň ortaça arifmetikasy hökmünde hasaplanyp çykarylýar. Möçberler dürli walýutalar we wagt aralyklary boýunça hasaplanylýar. Şunuň ýaly möçberler Parižde (PIBOR), Tokioda (TIBOR), Maýn boýundaky Frankfurtda (FIBOR) we ş.m. hem hasaplanyp çykarylýar.

# XI BAP. AKTIW AMALLAR, OLARYŇ GÖRNÜŞLERI WE YKDYSADY MAZMUNY

## 11.1. Aktiw amallar düşünjesi, olaryň mazmuny we gurluşy

Karz guramalarynyň işiniň möhüm ugry girdeji almak, likwidliligi we maliýe durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, öz serişdelerini we çekilen serişdeleri aktiwlere ýerleşdirmek bolup durýar.

Aktiwler hojalyk subýektiniň serişdeleriň hasabyna emele getirilen we geljekde olardan ykdysady peýda alynmagyna garaşylýan emläk serişdeleriniň jemlenen görnüşidir.

Başga sözler bilen aýdylanda, aktiwler karz guramalarynyň emläginden we hukuklaryndan ybaratdyr. **Emläk**, bu özüniň şahsy we töleg häsiýetleri boýunça gymmaty bolan serişdeleriň (jaýlar, enjamlar, nagt we nagt däl görnüşdäki pullar) jemidir. **Hukuklar** öz gezeginde, haýsydyr bir aktiwe, mysal üçin, gymmatlyklary almaga hukuk berýän gymmatly kagyza (weksele, çeke, obligasialara, paýnamalara we ş.m.) eýeçilik etmäge ýa-da girdeji almaga (beýleki hojalyk subýektleri bilen bilelikdäki iş, gymmatly kagyzy üzmek) hukuk berýän ýa-da bergi talaplary bilen aňladylyp biljek (debitorlaryň karzyň dürli görnüşleri boýunça karz bergileri, lizing, faktoring we ş.m.) hukuklardan ybaratdyr. Mukdar taýdan baha berlen we ölçenen aktiwler buhgalter balansynyň bir böleginde, ýagny aktiwler böleginde görkezilýär.

Bankyň aktiwleri bilen passiwleriniň arasynda ýakyn arabaglanyşygyň bardygyny belläp geçmek gerek. Mysal üçin, serişdeleri

ýerleşdirmek boýunça amallary geçirmek bilen, bankyň menejmenti olary çekmegiň möhletleri, erkin serişdeleriň bolmagy, karz alynýan serişdeleriň bahasy barada passiwlere yzygiderli gözegçilik etmelidir. Çünki şeýle edilmedik ýagdaýynda bu girdejileriň we peýdanyň peselmegine, likwidlilik töwekgelçiliginiň ýüze çykmagyna we hat-da ýitgilere hem getirip biler. Başga sözler bilen aýdylanda, karz guramalarynyň çekilen serişdeleri ýerleşdirmek boýunça hereketleri maksada gönükdirilen we oýlanyşylan hereketler bolup durýar. Olar işiň deňeçerlenen maliýe durnuklylygyny gazanmak we ony saklamak, girdeji we peýda almak üçin amala aşyrylýar, aktiwleriň özi bolsa bankyň ykdysady potensialyny görkezýär.

Karz guramalarynyň işiniň şu görnüşi (çekilen serişdeleri aktiwlere maýa goýum görnüşinde ýerleşdirmek) karz we maliýe institutlarynyň arasynda müşderilere hyzmat etmekdäki bäsleşigiň has ýitileşen, teklip edilýän önümleriň we hyzmatlaryň girdejiliginiň peselen häzirkizaman şertlerinde aýratyn ýitilige eýe bolýar.

**Banklaryň aktiwleriniň ösüş yzygiderliligi we düzümi.** 2010--njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä **Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň aktiwleriniň** düzüminde esasy serişdeleriň we maýa goýumlaryň ösüş depginleri ýokarlanyp, ol geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 74,6% artdy, TMB-niň aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleriň möçberi 39,4% artdy. Aktiwleriň düzüminde esasy paýy kärhanalara, guramalara we raýatlara berlen karzlar düzýär (79,8%) we ol geçen ýylyň degişli döwrüne görä 27% artdy.

**Türkmenistanyň bank ulgamynyň karz goýumlary**

2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň milli puldaky karzlarynyň galyndysy 6 580,6 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwrüne görä 45,1% artdy.

Milli manatdaky karzlaryň düzüminde *gysga möhletli karzlaryň* möçberi 3 203,5 mln. manada deň bolup, umumy karzlaryň 48,7%-ini düzýär we ol geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 41,9% artdy. *Uzak möhletli karzlaryň* möçberi 3369,2 mln. manada ýa-da umumy karzlaryň 51,2%-ine deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri

bilen deňeşdirilende 48,5% artdy. *Möhleti geçen karzlaryň* möçberi 8,7% peseldi we 7,8 mln. manada deň boldy.

**Sebitler boýunça berlen karzlar.** 2010-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä jemi milli pulda berlen karzlaryň düzüminde welaýatlara berlen karzlaryň tutýan paýy aşakda görnüşi emele geldi:

– Aşgabat ş.– 81,3%;
– Ahal welaýaty – 5,2%;
– Balkan welaýaty – 1,6%;
– Daşoguz welaýaty – 3,5%;
– Lebap welaýaty – 3,9%;
– Mary welaýaty – 4,5%.

**Uzak möhletli karzlaryň** sebitler boýunça bölünüşine seredenimizde, has uly paý Aşgabat şäherine – 88,2%, Ahal welaýatyna – 3,7%, Mary welaýatyna – 2,6% degişli bolýar. **Gysga möhletli karzlaryň** düzüminde ýokary paý Aşgabat şäherine – 74,1%, Ahal welaýatyna – 6,7%, Mary welaýatyna – 6,6%, Lebap welaýatyna – 6% degişli bolup durýar.

Şeýle hem, täjirçilik banklarynyň welaýat dolandyrmalarynyň karz bukjalarynyň ýokarlanandygyny bellemek zerur. Bu ýerde, karzlaryň düzümindäki **möhleti geçen karzlaryň** geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende Aşgabat şäheri boýunça – 3,1%, Ahal welaýary boýunça – 19,5%, Balkan welaýaty boýunça – 22,5%, Lebap welaýaty boýunça – 81,3%, Mary welaýaty boýunça – 81% peselýändigini belläp geçmek bolar.

**Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça gysga möhletli karzlarda** esasy paý (72,8%) senagat pudagyna degişli bolup, onuň möçberi 2 338,6 mln. manada deň boldy. Taýýarlaýyş kärhanalaryna berlen karzlaryň paýy 9,5%, maddy-tehniki üpjünçilik bölegine berlen karzlaryň paýy 9,7%-e deň boldy. Geçen ýyl bilen deňeşdirilende has hem taýýarlaýyş kärhanalaryna berlen karzlar 3,2 esse, senagat pudagyna berlen karzlar 37,9%, gurluşyga berlen karzlar 31,6% artdy.

Täjirçilik banklarynyň aktiwleri bilen aktiw amallarynyň arasynda tapawut bar.

**Karz guramalarynyň aktiw amallary**, bu girdeji almak, likwidliligi we maliýe durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen,

öz serişdelerini we çekilen serişdeleri aktiwlere ýerleşdirmek boýunça maksada gönükdirilen hereketlerdir.

Gurluşy we mazmuny boýunça aktiw amallar karz we maýa goýum we beýleki amallara bölünýär. Görkezilen toparlaryň her birinde, degişlilikde, olaryň anyk görnüşlerini bölüp görkezip, şeýle hem olaryň üýtgeme meýillerini kesgitläp bolar.

Türkmenistanyň täjirçilik banklary üçin karzlaryň esasy amallardygyna bank sektorynyň aktiwleriniň gurluşynda olaryň paýynyň yzygiderli artýandygy şaýatlyk edýär. Maýa goýum häsiýetli amallaryň (gymmatly kagyzlar) tutýan ornunyň peselme meýli bar, emma olar hemişe ikinji orny eýeleýärler. Pul we olara deňleşdirilen serişdeleriň paýy (Merkezi bankdaky habarçy hasapdaky galyndylar, karz guramasynyň pul serişdeleri, NOSTRO hasaplaryndaky galyndylar) üýtgäp durýar we olaryň azalma meýli bar, bu bolsa banklaryň goşmaça girdejiler almak boýunça mümkinçiliklerini giňeldýär.

## 11.2. Aktiw amallaryň toparlara bölünişi we olaryň häsiýetnamasy

Aktiw amallar şu aşakdaky ölçegler boýunça toparlara bölünýärler:

– balansda hasaba alyş ýörelgeleri;
– sazlaşdyryş talaplary;
– likwidlilik derejesi;
– töwekgelçilik;
– ýerleşdirmek möhleti boýunça;
– subýektler boýunça.

Hasaba alyş babatynda aktiw amallary balans we balansdan daşary amallara bölüp bolar. Aktiw amallaryň agdyklyk edýän bölegi karz guramasynyň balansynyň aktiwinde görkezilýär, olaryň arasynda:

– karz amallar;
– gymmatly kagyzlar bilen amallar;
– beýleki banklar bilen habarçy gatnaşyklary;

– lizing amallary;
– faktoring amallary;
– bilelikdäki işe gatnaşmak we beýlekiler bar.

**Kepillendirmek** haýsydyr bir subýektiň pul borçnamalarynyň ýerine ýetiriljekdigine kepillendirijiniň zamun bolýandygyny (kepil geçmegini) aňladýar. Borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda kepillendiriji üçünji tarapyň öňünde doly ýa-da bölekleýin jogapkärçilik çekýär.

Täjirçilik banklary müşderileriň borçnamalary boýunça kepillendiriji bolup çykyş edip bilerler, emma bankyň üçünji tarapyň öňündäki kepillendiriş borçnamalaryny diňe müşderi tarapyndan şertnama şertleri bozulan ýagdaýynda ýerine ýetirjekdigini nazara alyp, şunuň ýaly ýagdaýlaryň ýüze çykýan pursadyna çenli bank tarapyndan berlen kepillendirmeleri balansdan daşary hasaplarda görkezýärler. Balansdan daşarda, has takygy, bankyň analitik hasaba alşynda ynanylyp geçirilýän amallar görkezilýär.

**Ynanylyp geçirilýän amallar,** bu müşderä degişli bolan emlägi we beýleki aktiwleri dolandyrmak boýunça amallardyr.

Häzirkizaman bank işiniň tapawutly tarapy müşderä berilýän önümleriň we hyzmatlaryň gerimini giňeltmek bolup durýar. Belli bir derejede täze hyzmatlaryň hataryna ynanylyp geçirilýän amallar hem girýär. Olar müşderiniň tabşyrygy boýunça emlägi dolandyrmak, şol sanda pul serişdelerini we beýleki aktiwleri dolandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

Karz berijileriň we goýumçylaryň bähbitlerini goramak maksady bilen, bank işi gözegçilik edaralary tarapyndan düzgünleşdirilýär. Şunuň bilen baglanyşykly *sazlaşdyryş talaplary nukdaýnazaryndan* täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň bir bölegi merkezi banklaryň talaplaryna, mysal üçin, karz guramasynyň aktiwinde emele getirilýän we borçnamalardan geçirimleriň gözegçilik edarasy tarapyndan bellenen ölçegleriniň esasynda hasaplanýan iň pes borçnama ätiýaçlyklary gaznasyny döretmek boýunça talaplara laýyklykda geçirilýär. Bu gazna Merkezi bankyň göterimsiz hasabynda saklanýar we karz guramasynyň balansynyň aktiwinde görkezilýär. Mundan başga-da, täjirçilik banklary, Merkezi bankyň kadalaşdyryjy resmi-

namalaryny hasaba almak bilen, karzlar boýunça ýitgileriň we gymmatly kagyzlaryň ýa-da beýleki aktiwleriň bahasynyň gaçmagynyň ýüze çykmak mümkinçiligini göz öňünde tutup, ätiýaçlyklary döredýärler.

Käbir aktiw amallar gytaklaýyn, mysal üçin, Merkezi bank tarapyndan bellenilýän likwidlilik normatiwlerini hasaba almak bilen, emele getirilýän ätiýaçlyklaryň hasabyna karz guramasynyň likwidliligini goldamak boýunça aktiwler gytaklaýyn düzgünleşdirilýär.

*Likwidlilik derejesine* baglylykda aktiw amallary:

– likwidliligi ýokary;

– likwidli;

– likwidliligi pes;

– likwidli däl amallara bölüp bolar.

*Likwidliligi ýokary aktiwlere* birinji derejeli likwidli serişdeler we nagt, nagt däl görnüşdäki pul serişdeleri degişlidir. Olara kassadaky, bankomatlardaky, pul çalşylýan nokatlardaky serişdeleriň galyndysyny, ýoldaky pul serişdelerini, Merkezi bankyň habarçy we goýum hasaplaryndaky serişdeleri degişlidir.

*Likwidli* serişdelere ýeterlik derejede çalt pul serişdelerine öwrüp bolýan *aktiwler* degişlidir. Olara likwidliligiň ikinji ätiýaçlygy , ýagny Hökümetiň ýa-da Merkezi bankyň likwidliligi ýokary bolan gymmatly kagyzlary, bankyň bukjasynda saklanýan (guramaçylykly nyrh kesilen, bahalarynyň durnuklylygy bilen tapawutlanýan) gymmatly kagyzlaryň bir bölegi, bankara karzlar we bankyň peýdasyna bolan, ýerine ýetirilmeli möhleti 30 günden ýokary bolmadyk beýleki tölegler degişlidir.

*Likwidliligi pes aktiwler* diýlip uzak möhletli aktiwler, ýagny bankyň ýerine ýetirilmeli möhletleri bir ýyldan geçýän talaplary (maýa goýumlar, karzlar we goýumlar, şübheli we möhleti geçirilen bergi) hasap edilýär.

*Likwidli däl aktiwlere* maddy aktiwler, hökmany ätiýaçlyklar gaznasy, tölenjegine ynam bolmadyk talaplar, ýitgiler we käbir beýleki aktiwler degişlidir.

Likwidli we likwidliligi pes bolan aktiwleriň paýynyň ýokary bolmagynyň bankyň girdejileri we peýdany artdyrmaga ukybyny

peseldýändigi hem-de karz guramasynyň işiniň töwekgelçiligini artdyrýandygy mälimdir. Şonuň bilen bir wagtda likwidliligi ýokary bolan aktiwleriň tutýan orny näçe ýokary bolsa, bankyň öz borçnamalary boýunça laýyk gelmek ukyby hem şonça ýokary bolýar. Şu ýagdaýy hasaba almak bilen bank özüniň serişdelerini ýerleşdirmek boýunça amallaryny aktiw amallaryň möhletlerini we töwekgelçiligini müşderiler tarapyndan borçnamalaryň talap edilmeginiň möhletleri we töwekgelçiligi bilen laýyk geler ýaly meýilnamalaşdyrmalydyr.

*Aktiw amallaryň girdejiligi* boýunça bankyň ähli amallaryny iki topara, ýagny girdeji getirýän we girdeji getirmeýän aktiwlere bölüp bolar. Täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň köp bölegi potensial derejede girdeji getirmäge ukyplydyr. Olara öňi bilen karz amallary, ýagny bankyň dürli debitorlara berlen karzlary, aktiw goýum amallary, faktoring, lizing we beýlekiler degişlidir. Berilýän käbir bahalara görä, girdeji getirýän aktiwleriň tutýan orny 60%-den pes bolmaly däldir, ýöne bankyň aktiwleri barada aýdylanda bu san 80-85%-den hem geçmeli däldir. Pes möçber bolan 60% aktiw amallaryň şunuň ýaly derejesinde bankyň girdejileriniň, çekilen serişdelere hyzmat etmek boýunça harajatlaryň üstüni ýapmak üçin ýeterlik bolup bilmejekdigini aňladýar. Tersine, bu sanyň 80-85%-den ýokary bolmagy karz guramasynyň girdeji gazanmaga we peýda almaga, düýpli binýady berkitmäge potensial mümkinçiliginiň bardygyna şaýatlyk edýär, ýöne şonuň bilen birlikde aktiw amallary geçirmek töwekgelçiliginiň hem örän ýokarydygyny aňladýar. Şonuň üçin hem aktiw amallaryň töwekgelçilik derejesine berilýän baha, olaryň hilini hasaba almak bilen takyklanmalydyr.

Aktiw amallaryň hili düşünjesi töwekgelçilik, likwidlilik, girdejililik, diwersifikasiýalaşdyrmak bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Başga sözler bilen aýdylanda, hiliň özi aktiw amallaryň toplumlaýyn häsiýetnamasydyr.

Aktiw amallaryň hili diňe bir olaryň yzyna gaýdyp gelmäge potensial ukyby bilen däl, eýsem girdeji getirip bilmek ukyby, töwekgelçiligiň pes derejesi, ýagny olaryň yzyna gaýdyp gelmeginiň ýokary derejesi bilen hem kesgitlenilýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda aktiw amallaryň toparlaryny bölüp görkezip bolar, olar sanalyp geçilen ölçegleri dürli derejede kanagatlandyrýarlar.

Aktiw amallaryň birinji toparyna töwekgelçiligiň derejesi pes, likwidliligi ýokary bolan, täjirçilik bankyna girdeji getirmeýän ýa-da az möçberde girdeji getirýän aktiwler girýär.

Olaryň hataryna öňi bilen aşakdakylar degişlidir:

– kassadaky, ýoldaky, bankomatlardaky, pul çalşylýan nokatlardaky pul serişdeleri;

– Merkezi bankyň habarçy we goýum hasaplaryndaky pul serişdeleriniň galyndylary;

– gymmatly metallar, monetler, daşlar;

– NOSTRO hasaplaryndaky galyndylar.

Ýokarda sanalyp geçilen serişdeleriň ählisiniň likwidliligi ýokary däldir. Mysal üçin, bu gymmatly metallara we daşlara we ş.m. degişlidir, çünki şunuň ýaly aktiwleriň bazar bahasy hemişe üýtgäp durýar we mydama durnukly artyş meýli bolmaýar, satyn alnyp satylýan möçberleri köp däldir, diýmek karz guramalarynyň şu amallary töwekgelçilikli amallardyr. Bu toparyň aktiwleriniň birnäçesi absolýut likwidlidir, hususan-da, kassadaky pul serişdeleri we olara deňleşdirilen, şol bir wagtyň özünde harajatlar bilen bagly bolan, Merkezi bankda açylan hasapdaky galyndylar (kassadaky serişdeler olary saklamak, hasaba almak we ş.m. üçin harajatlary talap edýär) likwidli bolup durýarlar, beýleki serişdeler - Merkezi bankda açylan hasapdaky galyndylar ýa-ha asla girdeji getirmeýärler (habarçy hasapdaky galyndylar) ýa-da ol örän ujypsyz bolýar (Merkezi bankda açylan goýum hasapdaky galyndy). Aktiwleriň bu topary bankyň likwidliligi saklamak boýunça ukybyny üpjün edýärler, ýöne onuň işiniň girdejiligini çäklendirýärler.

Aktiw amallaryň beýleki bir topary girdejililigiň, töwekgelçiligiň we likwidliligiň oýlanyşykly sazlaşygy bilen tapawutlanýar. Bu topara aşakdakylar degişlidir:

– serişdeleri Türkmenistanyň likwidliligi ýokary bolan bergi borçnamalaryna goýmak;

– likwidli korporatiw gymmatly kagyzlar;

– ýokary ygtybarlylyk abraýy bolan karz guramasy tarapyndan berlen bankara karzlar;

– REPO amallary;

– owerdraft görnüşdäki karzlar.

Birinji derejeli emitentleriň gymmat kagyzlaryna goýulýan maýa goýumlarynyň ýokary bolmadyk töwekgelçilik derejesi, aram girdejiligi we ýeterlik derejede likwidliligi bolýar. Iri kompaniýalaryň (ýangyç-energetika, telekommunikasiýa we beýleki kompaniýalar) ikinji. Şol bir wagtyň özünde olaryň nyrhynyň üýtgeýşindäki meýillere, bergi we paýly gymmat kagyzlar bazarynyň likwidlilik ýagdaýyna seljermeleri hasaba almak bilen, bank gündelik bazar konýunkturasyna düzedişler girizip biler.

Bankara amallara karz töwekgelçiligi häsiýetlidir, emma kontragent bankyň maliýe durnuklylygyny hasaba almak bilen, bu amallaryň töwekgelçilik derejesi peselýär, şunda aram girdejililik we ýokary likwidlilik gazanylýar. REPO amallarynyň we talap edilýänçä şertlerinde müşderilere berlen karz serişdeleriniň şuňa golaý häsiýetleri bardyr.

Agzalyp geçilen iki topar bilen deňeşdirilende aktiw amallaryň üçünji toparynyň töwekgelçiligi has ýokarydyr, ýöne şol bir wagtyň özünde täjirçilik bankyna esasy girdeji getirýär, degişlilikde, bu amallaryň likwidlilik derejesi pesdir. Aktiw amallaryň bu toparyna şular goşulýar:

– karz alýanyň hukuk derejesine (kanuny we şahsy taraplaryň) garamazdan karz amallary,

– kontragentleriň maliýe durnuklylylygyna garamazdan bankara amallar.

Karz amallarynyň töwekgelçilik derejesiniň ýokary bolýandygy mälimdir, emma olaryň girdejililigi hem, bellenip geçilişi ýaly, töwekgelçilik derejesine laýyk bolup, karz guramasynyň maliýe netijesiniň esasy bölegini emele getirýär. Töwekgelçilik derejesini hasaba almak bilen, aktiw amallaryň bu toparynyň likwidliligi ýokary däldir, köplenç bolsa (çözülmesi kyn karz bergileri babatynda) nol derejä golaýlaýar.

Aktiw amallaryň üçinji topary goşmaça harajatlar bilen baglydyr, olaryň ýokary töwekgelçilik derejesi we pes likwidlilik derejesi bolýar. Bu topara maddy we maddy däl aktiwler, balansdan daşary amallar, beýleki debitor bergiler we  başga birnäçe amallar girýär.

Bankyň menejmentiniň aktiw amallar bukjasynyň amatly gatnaşygy baradaky düşünjesini hasaba almak bilen bukjanyň gurluşy

emele getirilýär, ýagny görkezilen toparlar bilen olaryň häsiýetnamalarynyň, ýagny girdejililigiň, töwekgelçiligiň we likwidliligiň arasyndaky gatnaşyklar emele getirilýär. Ösüşiň belli bir tapgyrlarynda karz guramasynyň likwidlilik we kabul edilýän töwekgelçilik, diýmek maliýe durnuklylygy babatynda çekiljek zyýana garamazdan, serişdeleri ýerleşdirmek boýunça has agressiw syýasaty geçirip biljekdigi we aktiwiň gurluşynda ýokary girdejili aktiw amallaryň paýyny artdyryp biljekdigi mälimdir, başga bir ykdysady şertlerde özüňi alyp barmagyň strategik ugruna gollanmak bilen, bankyň menejmenti balansyň aktiwiniň has konserwatiw, likwidlilik we ygtybarlylyk talaplaryna laýyk gelýän gurluşyny emele getirip biler. Başga sözler bilen aýdylanda, aktiw amallary diwersifikasiýa etmegiň derejesi bankyň strategiýasyna we taktikasyna, anyk ykdysady şertlere we gözegçilik edaralarynyň talaplaryna bagly bolar.

Aktiwleri we passiwleri diwersifisirlemegiň möhüm alamaty olaryň möhletliligi bolup durýar. Bu ölçeg boýunça ähli aktiw amallary möhletsiz we möhletli ýerleşdirilen aktiwlere bölüp bolar. Karz guramalarynda buhgalter hasaba alşynyň hasaplar meýilnamasyna laýyklykda müşderileriň bankyň öňündäki borçnamalarynyň anyk möhletleri görkezilýär:

– talap edilýänçä;

– möhletli;

Aktiwleriň talap edilýän möhleti näçe uzak bolsa, aktiw amallarynyň töwekgelçiligi ýokary we likwidlilik derejesi pes bolýar. Şol bir wagtyň özünde bank işini dolandyrmakda aktiwleriň we passiwleriň möhletler boýunça deňeçerliginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Kontragentleriň borçnamalarynyň möhletliligi olaryň düýpli derejede deň bolmadyk ýagdaýynda çuň seljerme geçirmegiň we dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň predmeti (meselesi) bolup durýar.

Aktiw amallaryň toparlanmasyny ölçege – subýekte baglylykda hem geçirip bolar. Şu ölçege laýyklykda, birleşdirilen aktiw amallary aşakdakylar ýaly bölüp bolýar:

– serişdeleri beýleki subýekt tarapyndan wagtlaýyn peýdalanmak üçin ýerleşdirmek boýunça amallar;

– karz guramasynyň özi tarapyndan amala aşyrylýan amallar;

– döwlet we döwlet eýeçiligindäki edaralarda serişdeleri ýerleşdirmek boýunça amallar.

Serişdeleri beýleki subýekt tarapyndan wagtlaýyn peýdalanmak üçin ýerleşdirmek boýunça amallar aşakdakylara berlip bilner:

– döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara:
– maliýe guramalaryna;
– täjirçilik kärhanalaryna we guramalaryna;
– täjirçilik däl kärhanalara we guramalara;
– şahsy taraplara;
– hususy telekeçilere;
– dahylsyzlara (rezident dälläre).

Aktiw amallary bu ölçeg boýunça toparlara bölmek subýektler boýunça aktiwleriň gurluşyny has giňişleýin seljermäge, aktiw amallaryň diwersifikasiýa derejesini we onuň karz guramasynyň borçnamalarynyň subýektleri boýunça diwersifikasiýasyna laýyk gelşini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

# XII BAP. KARZLAŞDYRMAK ULGAMY, ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERINIŇ HÄSIÝETNAMASY

## 12.1. Karzlaşdyrmak ulgamynyň häsiýetnamasy

Bu ulgam düzüm bölekleriniň belli bir jemini öz içine alýar. Olary üç bloga, ýagny düýpli (fundamental), ykdysady-tehnologik, guramaçylyk bloklaryna birleşdirip bolar. Bu bloklar biri–birine baglanyşyklydyr.

Düýpli (fundamental blok esasy başlangyç blok bolup, ol ulgamyň ähli soňky gurluşyny kesgitleýär. Ol karz üçin mahsus häsiýetleri görkezýär. Gürrüňiň karzlaşdyrmak (karz bermek, ony peýdalanmak we üzmek) barada gidýändigi sebäpli, bu bloguň wezipesi karz serişdesiniň doly we öz wagtynda gaýtarylmagyny üpjün etmek bolup durýar.

Düýpli (fundamental) blogyň düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1) karzlaşdyrmak ýörelgesi;

2) karzlaşdyrmagyň subýektleri;

3) karzlaşdyrmagyň obýektleri;

4) karzy üpjün etmek.

Sanalyp geçilen bölekler karzlaşdyrmak işini çäklendirýär. Diýmek, karz serişdeler diňe belli bir ýagdaýlarda, onuň rejeli peýdalanyljakdygynyň kepillendirilýän ýagdaýynda berlip bilner.

Karz alyjy, şeýle hem karz beriji tarapyndan berjaý edilmeli kadalara **karzlaşdyrmagyň ýörelgeleri** diýilýär. Bu kadalar aşakdakylardan ybaratdyr:

– karzy gaýtarmagyň möhletli bolmagy;

– karz üpjünçiligi;

– karzyň maksatlaýyn häsiýeti;

– töleglilik;

– karzlaşdyrmakda tapawutlandyrmak.

Karza berlen serişdeleriň yzyna gaýtarylmagy ýaly häsiýetiň mahsusdygy sebäpli, möhletlilik ýörelgesi olaryň ahyr netijede karz berijä (banka) gaýdyp gelmegini we bellenen möhletlerde yzyna gaýtarylmagyny (karz alyjyda haçan pul bolanda däl) üpjün eder ýaly peýdalanylmagyny talap edýär.

Karzlaşdyrmagyň kadalaryna (ýörelgelerine) laýyklykda, karz serişdeler belli bir üpjünçilik (girew) bilen kepillendirilmelidir. Ol ýerlenen ýagdaýynda karz berlen serişdeleri yzyna gaýtarmak üçin ýeterlik bolmalydyr. Karz serişdäniň maksatlaýyn häsiýeti bolup, ol bankdan wagtlaýyn peýdalanmak üçin alynýan pul serişdeleriniň rejeli ulanylandygyny görkezmelidir. Karzlaşdyrma ýörelgelerine laýyklykda karz alyjy karz beren banka berlen serişdeler üçin töleg tölemelidir (şeýlelikde karz guramasynyň öz gezeginde töleglilik esasda çekilen, wagtlaýyn erkin serişdeleri jemlemek boýunça çykdajylarynyň öwezi dolunýar).

Karzyň häsiýetini durmuşa geçirmek üçin karzlaşdyrmagyň tapawutlandyrylmagynyň hem ähmiýeti uludyr. Karz alyjylar bolup dürli ykdysady subýektleriň çykyş edýändigi mälimdir, karzlar örän köp dürli geleşikleri amala aşyrmak üçin gönükdirilip bilner. Şunuň

bilen baglanyşyklylykda, karz berýän bank, şeýle hem karz alyjy üçin töwekgelçilikler  dürli-dürli bolup biler. Şol sebäbe görä hem karzlaşdyrmagyň tejribesinde karz serişdeleri bermegiň şertleriniň we mehanizminiň üýtgäp, anyk ýagdaýlara görä tapawutlanyp biljekdigi geň däldir.

**Karzlaşdyrmagyň subýektleri.** Düýpli (fundamental) blogyň ikinji bölegi karzlaşdyrma subýektleri bolup durýar. Karzlary rejeli peýdalanmak nukdaýnazaryndan we ony yzyna gaýtarmak talaplary babatynda ähli subýektler däl-de diňe birinjiden, işe ukyply, ikinjiden, ykdysady, şol sanda karz geleşiklerini amala aşyrmak üçin maddy ýa-da başga bir kepillendirmeleri bolan edara görnüşli we şahsy taraplar karzlaşdyrmagyň subýektleri bolup bilerler.

Bankda ynam döredýän, belli bir maddy we hukuk kepillendirmeleri bolan, karz üçin göterim tölemäge we ony karz guramasyna gaýtarmaga islegi bolan islendik eýeçilik subýekti karz alyjy bolup çykyş edip biler. Karz alýan subýektler şahsy adamdan we kärhanadan başlap, döwlete çenli dürli derejede bolup bilerler.

**Karzlaşdyrmagyň obýektleri.** Obýekt (latynça objectum – predmet, zat) diýmek dar manyda zat diýmegi aňlatmak bilen, karzyň haýsy emlägiň hasabyna berilýändigini we nämäniň hatyrasyna karz geleşiginiň baglaşylýandygyny aňladýar. Täjirçilik banklarynyň iş tejribesinde maddy ätiýaçlyklaryň dürli görnüşleriniň hasabyna karzlar berilýär.

Karz serişdeleri aşakdaky ýaly *düýpli harajatlary* karzlaşdyrmaga hem gönükdirilip bilner:

– önümçilik desgalaryny gurmak;

– önümçilik desgalarynyň durkuny täzelemek, olary tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, giňeltmek we ş.m.

Bank karzlaşdyrmasynyň obýektleri *bölek* (karz nämäniň hasabyna berilýän bolsa, şol zat beýleki karzlaryň obýektlerinden aýrybaşgalanýar, aýrylýar) ýa-da *bilelikdäki* (karz biri-birinden aýrybaşgalanmadyk birnäçe desgalaryň hasabyna berilýär) karzlaşdyrma bolup biler.

Giň manyda obýekt tutuşlygyna maddy prosesi aňladýar. Ol karz serişdä bolan islegi emele getirýär we onuň üznüksizligini we

çaltlandyrylmagyny üpjün etmegiň hatyrasyna hem karz geleşigi baglaşylýar. Şeýle ýagdaýda karzlaşdyrmagyň obýekti kärhananyň öz serişdeleriniň we gelip gowuşýan düşewündiň (girdejiniň) gündelik ýa-da öňde duran tölegleri amala aşyrmak üçin ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda *töleg dolanyşygyndaky wagtlaýyn bozulma* bolup biler. Şunuň ýaly bozulmanyň sebäpleriniň obýektiw häsiýeti bardyr (önümçiligiň, üpjünçiligiň we önümleriň ýerlenişiniň möwsümleýinligi; töleg serişdelerine gündelik wagtlaýyn islegler).

**Karzy üpjün etmek.** Üpjün etmek karzlaşdyrmak ulgamynyň fundamental bölegidir. Onuň hiliniň möhüm ähmiýeti bardyr. Eger hili bar bolsa, ol likwidli we ýeterlik bolsa, onda bu karz üçin gowudyr. Üpjünçilik doly bolmalydyr. Bankyň ynanyp (blank karzy) karz berýän ýagdaýynda hem onuň karzyň öz wagtynda yzyna gaýtaryljakdygyna gürrüňsiz ynamy bolmalydyr.

Üpjün edilmedik karzlar uly möçberlerde iri kärhanalara, söwda kompaniýalaryna, ýagny ýokary hünärli ýolbaşçylary we örän gowy ösüş taryhy bolan birinji derejeli karz alyjylara berlip bilner.

**Karzlaşdyrma şertleri.** Karzlaşdyrma şertleri diýip karzlaşdyrmagyň *belli bir (binýatlyk) elementlerine,* ýagny subýektlerine, obektlerine we karz üpjünçiligine bildirilýän talaplara düşünilýär.

Bu bankyň islendik müşderini karzlaşdyryp bilmejekdigini we diňe karz alyjynyň wagtlaýyn töleg kynçylyklary, önümçiligi ösdürmegiň we önümiň dolanyşygyny artdyrmagyň zerurlygy bilen baglanyşykly isleginiň karzlaşdyrmagyň obýekti bolup biljekdigini aňladýar.

Karzlaşdyrmagyň mümkin bolmagy üçin *karzlaşdyrmagyň şertlerini* berjaý etmek zerurdyr. Olara aşakdakylary degişli edip bolar:

1) karz geleşiginiň iki tarapyň hem bähbitleriniň laýyk gelmegi;

2) karz berýän bankyň we karz alýanyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilikleriniň bolmagy;

3) karzlaşdyrma ýörelgelerini berjaý etmek;

4) girewi ýerlemek mümkinçiligi we kepillendirmeleriň bolmagy;

5) bankyň täjirçilik bähbitlerini üpjün etmek;

6) karz ylalaşygyny baglaşmak;

7) karz geleşiginiň taraplarynyň özara gatnaşyklaryny meýilnamalaşdyrmak.

## 12.2. Karzlaşdyrmagyň umumy ykdysady-tehnologik esaslary

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, karzlaşdyrmak ulgamyna ykdysady-tehnologik blok girýär. Karzlaşdyrmak ulgamynyň ykdysady-tehnologik blogunda aşakdaky düzüm bölekleri görkezilýär:

1) karzlaryň görnüşleri;
2) karzlaşdyrma usullary we karz hasaplarynyň görnüşleri;
3) banka berilýän karz resminamalary;
4) karz bermegiň düzgünleri;
5) karzy üzmegiň tertibi;
6) karzlaşdyrmagyň barşyna gözegçilik etmek.

**Karzlaryň görnüşleri.** Banklaryň iş tejribesinde karzlaryň örän köp dürli görnüşlerine duş gelmek bolýar. Olary bermegiň we üzmegiň tertibi birmeňzeş bolman biler hem-de olar ol ýa-da beýleki görkeziji bilen düzgünleşdirilip bilner. Karzlar diňe bir olary alýan subýektler boýunça tapawutlanman, eýsem beýleki ölçegler boýunça hem tapawutlanyp bilerler.

Bank karzlaryny toparlara bölmegiň ölçeglerine seredip geçeliň. Olara aşakdakylar degişlidir:

– karzyň maýanyň hereketi bilen baglanyşygy;
– karzyň ulanylýan çygry;
– karzyň möhleti;
– karzyň tölegliligi;
– karzyň üpjünçiligi.

Karzyň maýanyň hereketi bilen baglanyşygy boýunça ony iki görnüşe, ýagny puly we maýany karz bermek görnüşlerine bölüp bolar.

**Pul karz bermek** sarp ediş ýa-da başga bir maksatlar bilen baglydyr. Şonda karz serişdesi jemgyýetçilik önüminiň artmagyna getirmeýär-de, ozal döredilen toplanmalaryň hasabyna harçlanýar we üzülýär.

**Maýany karz bermek** önümiň artmagyny göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda karz alyjy karzy onuň kömegi bilen täze gymmaty almak, karzy yzyna gaýtarmak we bank serişdelerini peýdalanmagyň

netijesinde goşmaça alnan peýdanyň bir bölegi hökmünde karz göterimini tölemek üçin peýdalanmaga borçludyr. Maýany karz bermek bankyň tipik karzydyr.

**Ulanylýan çygry** boýunça karzlar *önümçilik* we *dolanyşyk ulgamlaryna* berilýän karzlara bölünýärler. Täjirçilik banklarynyň häzirkizaman iş tejribesi üçin serişdeleri dolanyşyga goýmak häsiýetlidir. Bu ýerde amallaryň dolanyşygy we peýdalylygy has ýokarydyr.

Möhletine baglylykda bank karzlary gysga möhletli, uzak möhletli we orta möhletli karzlara bölünýärler.

**Gysga möhletli karzlar,** bu peýdalanylýan möhleti bir ýyldan köp bolmadyk karzlar bolup, esasan, dolanyşyk maýasynyň dolanyşygyna, müşderileriň gündelik isleglerine hyzmatedýärler.

**Uzak möhletli karzlar,** bu möhleti 5 ýyldan ýokary bolan karzlardyr (käbir ýurtlarda 8 ýyldan gowrak möhlete karzlar berilýär). Beýle karzlar esasy maýany, maliýe aktiwlerini, dolanyşyk serişdeleriniň dürli görnüşlerini emele getirmek üçin zerur serişdelere bolan isleglere hyzmat edýärler.

**Orta möhletli karzlar**, bu peýdalanylýan möhleti bir ýyldan 5 ýyla çenli bolan karzlardyr. Olaryň ulanylýan çygry uzak möhletli karz arkaly isleglere hyzmat etmek bilen gabat gelýär.

*Karzyň töleglilik* ölçegi boýunça bazar göterim möçberi, ýokary we ýeňillikli göterim möçberi bolan karzlar tapawutlandyrylýar.

*Karzyň bazar bahasy* bazarda dürli bank karzlary boýunça islegiň we teklibiň esasynda emele gelýär. Hümmetsizlenmäniň ýokary bolan şertlerinde bu üýtgäp durýan baha bolmak bilen, onuň üçin ýokarlanma mahsusdyr.

*Göterim möçberi ýokary bolan karzlar,* adatça, müşderini karzlaşdyrmak töwekgelçiligi ýokary bolmagy, müşderi tarapyndan karzlaşdyrmagyň şertleriniň bozulmagy, karz serişdelerinň bahasynyň ýokarlanmagy barada çaklamalar we ş.m. bilen baglanyşykly ýüze çykýar.

*Ýeňillik göterim möçberi bolan karzlar* emissiýa bankynyň merkezleşdirilen karzlary gaýtadan maliýeleşdirilende (olaryň bazar bahasy bilen deňeşdirilende pes baha bolan şertlerinde) paýdarlar bilen özara gatnaşyklarda, bankyň işgärlerine karz berlende (aýratyn ýagdaýlarda banklar olara göterimsiz karz berýärler) ýüze çykýar.

Karzyň peýdalanylandygy üçin töleg, töletdiriş usullary boýunça hem tapawutlanyp biler. Şonuň bilen baglanyşykly karzlaryň aşakdaky görnüşleri bardyr:

– karzyň peýdalanylýan döwrüniň dowamynda deň paýlar bilen göterimleri tölemek (ýörite şertleşilen grafik boýunça ýa-da her çärýekde ýa-da ýarym ýylda bir gezek);

– karz üzülen pursadynda göterimleri tölemek;

– karz berlen pursadynda göterimleri almak.

*Karz üpjünçiligi* hem karzlary toparlara bölmegiň ölçegi bolup durýar. Karzlaryň *göni üpjünçiligi, gytaklaýyn üpjünçiligi* bolup biler ýa-da *üpjünçilik bolman biler.*

Dünýä banklarynyň iş tejribesinde toparlara bölmegiň beýleki ölçegleri hem bar. Ýurtlaryň köpüsinde karzlar *şahsy* we *edara görnüşli taraplara berilýän karzlara* bölünýär.

Karzyň möçberi ony bermek üçin düýpli esas bolup durýar. Bankyň iş tejribesinde *iri karzlar* düzgünleşdirilýär. Dünýä tejribesinde bank işinde iri karzlara bir karz alyja (ýa-da karz alyjylar toparyna) berilýän möçberi bankyň maýasynyň 5%-inden ýokary bolan karzlar degişlidir.

**Karzlaşdyrma usullary we karz hasaplaryň görnüşleri.** Bankyň iş tejribesinde karzlaşdyrma usulyny görkezmek kabul edilendiir.

Karzlaşdyrma usuly, bu tärleriň jemi bolup, olaryň kömegi bilen banklar karzlary bermegi we üzmegi amala aşyrýarlar. Karzlaşdyrmagyň üç usuly bar:

1) dolanyşyk boýunça karzlaşdyrmak;
2) galyndy boýunça karzlaşdyrmak;
3) dolanyşyk-saldo karzlaşdyrmasy.

*Dolanyşyk boýunça karzlaşdyrylanda* karz karzlaşdyrylýan obýektiň hereketi, dolanyşygy bilen bagly amala aşyrylýar. Ol borçnamalary (töleg resminamalaryny) tölemek üçin berilýär. Bu ýagdaýda karzyň töleg häsiýeti bar diýilýär. Şu usul peýdalanylanda karzyň möçberi nesýä bolan hakyky islegiň artyşyna görä ýokarlanýar we bu islegiň peselişine görä üzülýär.

*Galyndy boýunça karzlaşdyrylanda* karz haryt-maddy gymmatlyklarynyň galyndysy we nesýä bolan islegi döreden harajatlar bilen

baglydyr. Mysal üçin, kärhana öz maliýe çeşmeleriniň hasabyna özüne zerur bolan gymmatlyklary satyn alyp we soňra olary üpjün etmek üçin banka karz berilmegi barada banka ýüz tutup biler, şeýlelikde ol çykarylan çykdajylaryň öwezini dolar. Bu ýagdaýda karzyň öwezini doluş häsiýeti bolup, ol zerur bolan materiallary satyn almak ýa-da olaryň tölegini geçirmek üçin harajatlary deslapdan serişde bermek däl-de, haryt-maddy gymmatlyklaryň eýýäm toplanan galyndylarynyň hasabyna, olary satyn almak üçin çykarylan harajatlaryň öwezini dolmak tertibinde berilýär.

Dolanyşyk we galyndy boýunça karzlaşdyrmagyň utgaşygynda *dolanyşyk-saldo usuly* emele geýär. Şonda karz birinji döwürde oňa islegiň ýüze çykyşyna görä berilýär. Ikinji döwürde berk bellenen möhletlerde üzülýär, bellenen möhletler boşaýan serişdeleriň möçberine laýyk gelmän biler.

Karzyň guramaçylyk hereketi (bermek we üzmek) bankyň müşderä açýan karz hasaplarynda görkezilýär. **Karz hasaby**, bu müşderiniň alnan karzlar boýunça banka bergisi, karzyň berlişi we üzülişi görkezilýän hasapdyr. Karz hasaby üçin aşakdaky *umumy konstruksiýa* häsiýetlidir: karzy bermek debet boýunça, üzmek kredit boýunça geçýär, müşderiniň banka bergisi hemişe karz hasabynyň çep tarapynda görkezilýär.

*Açylan maksady* boýunça karz hasaplary goýum-karz hasaplary (bankda goýuma goýlan öz serişdeleri gutaran ýagaýynda müşderi belli bir möçberde karz almaga hukuk alýar) we karz puluny harçlamak maksatlary üçin hasaplar, ýagny peselýän debet saldosy bolan *karz dolanyşykly özboluşly hasaplar* bolup biler.

Maksatlar boýunça *toplaýyş-sarp ediş* karz hasaplary tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, müşderiniň goýumynyň üsti täze toplanmalaryň hasabyna yzygiderli ýetirilýär, ýöne olaryň sarp edilişi gelip gowuşýan serişdelerden hemişe köp bolýar, şunuň bilen baglanyşykly hasapdaky saldo debet bolmagynda galýar.

**Kontokorrent,** bu kärhananyň ähli tölegleriniň görkezilýän hasabydyr. Esasy önümçilik işi, esasy gaznalary giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça ähli harajatlar şu hasap boýunça geçýär.

Müşderiniň özi karzlaşdyrmagyň haýsy görnüşiniň, haýsy karz hasabynyň, nesýäni bermegiň we üzmegiň nähili düzgüniniň özüne laýyk gelýändigini saýlap alýar.

**Banka berilýän karz resminamalary.** Islendik ykdysady, şol sanda karz geleşigi resminamalaryň esasynda resmileşdirilmegi talap edýär.

Başlangyç tapgyrda müşderiniň bank bilen dil üstünden geçirýän gepleşikleri karz edarasyna ýazmaça towakganama bermek (karzyň belli bir maksatlar üçin zerurdygyny esaslandyrmak) bilen tamamlanýar.

Müşderi tarapyndan banka berilýän resminamalaryň toplumy Merkezi bankyň görkezijilerinde kesgitlenýär. Şol görkezijilere laýyklykda resminamalar üç topara bölünýär.

*Birinji topara* karz alyjynyň hukuk ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamalar girýär. Bu resminamalar aşakdakylardan ybaratdyr:

– esaslandyryş resminamasy;
– karz alýan kärhananyň tertipnamasy;
– onuň hasaba alnandygy hakynda şahadatnama;
– kärhananyň ýolbaşçylary barada maglumatlar;
– önüm ibermek barada şertnama;
– önümleri eksport etmek üçin ygtyýarnama (eger gürrüň eksport etmek barada gidýän bolsa).

*Ikinji topara* girýän resminamalar müşderiniň ykdysady ýagdaýyny we onuň karzyň yzyna gaýtarylmagyny maddy taýdan kepillendirmek mümkinçiligini häsiýetlendirýär:

– balans we oňa degişli käbir aýdyňlaşdyrmalar we goşundylar;
– peýdalar we ýitgiler barada hasabat;
– pul akymlarynyň çaklamasy;
– şahsy hasaplardan (manatdaky we daşary urt pulundaky) göçürmeler;
– telekeçilik meýilnamasy;
– önümçilik we dolandyryş marketinginiň meýilnamasy;
– tehniki-ykdysady esaslandyrmalar;
– ammar jaýlaryny kärendä almak barada şertnama;
– harytlary ibermek barada ýanhatlary;
– beýleki banklar bilen karz şertnamalary;
– kepillendirmeler, zamunlyklar, ätiaçlandyryş polisleri.

Resminamalaryň *üçünji topary* karzlary resmileşdirmek boýunça resminamalardan (karz resminamalary) ybaratdyr:

– möhletli borçnamalar;

– karz şertnamasy;

– girew hakynda şertnama;

– gollaryň we möhürleriň nusgalary bolan kartoçkalar.

«Karz guramalar tarapyndan pul serişdelerini bermegiň (ýerleşdirmegiň) we olary yzyna gaýtarmagyň (üzmegiň) tertibi hakynda» düzgünnama banklaryň aşakdaky içerki resminamalarynyň bolmalydygyny belleýär:

– bankyň karz bermek boýunça syýasaty;

– hasaba alyş syýasaty we ony durmuşa geçirmäge çemeleşmeler;

– karzlaşdyrmak boýunça çözgütleri kabul etmegiň düzgün-tertibi;

– birlikleriň we wezipeli işgärleriň arasynda ygtyýarlyklaryň paýlanyşy;

– karz guramasynyň müşderilerini karzlaşdyrmagyň tertibi.

Subýekte we obýekte berilýän oňyn baha, karz üpjünçiliginiň hili, ykdysady we hukuk ölçeglerini kesgitleýän karz ylalaşygynyň baglaşylmagy karz bermek üçin esas bolup durýar. Karz bankyň işgäriniň *ýazmaça görkezmesiniň* kömegi bilen berilýär. Görkezmede karzyň ugry görkezilýär. Ol anyk ýagdaýda müşderiniň islegine baglydyr.

Müşderiniň ygtyýaryna gelip gowşan karzyň möçberi birnäçe ykdysady ýagdaýlara baglydyr. Ol karz şertnamasynda bellenýär. Onda bellenen pul möçberi adaty tertipde müşderiniň almagy göz öňünde tutýan iň ýokary möçberi bolup durýar. Bu hakykatda *karzlaşdyryş limitidir* (karz liniýasy, gözegçilik sanlary). Karzlaşdyryş limitini (karz liniýasy) aşakdaky ýaly toparlara bölýärler.

*Bellenen maksadyna baglylykda* berginiň we karz bermegiň limitlerini bölüp görkezýärler. Birinjisi belli bir senedäki ýagdaýa görä karz bergisini çäklendirýär, ikinjisi berilýän karzlaryň möçberini (karz hasabynyň debeti boýunça) kesgitleýär.

*Hereket edýän möhletleri* boýunça *çykyş* we *ýylyň içindäki* (çärýegiň içindäki, aýyň içindäki) limitler aýratyn görkezilýär. Birinji limitler boýunça müşderileriň bellibir döwrüň çäklerinden (mysal

üçin, ýylyň ýa-da çärýegiň başynda) çykmaga hukuklary bardyr. Ikinji, ýagny *çärýegiň içindäki* we *aýyň içindäki* limitler karz alyjynyň karzy degişli döwrüň çäklerinde peýdalanmak hukugyny belleýär.

Karz alyja berilýän *karzyň möçberiniň üýtgeýiş derejesi* boýunça *peselýän (üýtgeýän)* we *ýokarlanýan limitler* görkezilýär.

*Karzy peýdalanmak mümkinçiligi* boýunça *durnukly, goşmaça , ony artdyrmak hukugy bolan* we *erkin limitler* tapawutlandyrylýar. Durnukly limit karz almagyň aňryçäk hukugyny belleýär we bankyň aýratyn görkezmesi bolmasa ony artdyrmaga ýol bermeýär. Müşderiniň özi üçin bellenen çäklerde almaga hukugy bolan karz möçberi erkin limit hasap edilýär.

Müşderiniň bankdan karz almaga hukugy hökmünde limitiň bir görnüşi hem *karz liniýasy* bolup durýar. Ol karzlaşdyrmagyň bellibir möhletiniň dowamynda karzyň karz alýan tarapyndan peýdalanylýan aňryçäk möçberini kesgitleýär.

**Karzy üzmegiň tertibi.** Karzy üzmegiň ýeke-täk modeli ýok, aşakdaky ýaly iş tejribesi bar:

1) karz şertnamasynyň (möhletli borçnamalaryň) esasynda bölekleýin (epizodik) üzmek;
2) öz serişdeleriniň hakyky toplanyşyna we karz serişdelerine islegiň azalyşyna görä üzmek;
3) ozal kesgitlenen pul möçberleriniň (meýilnamalaýyn tölegleriň) esasynda yzygiderli üzmek;
4) gelen girdejileri hasaplaşyk hasabyna geçirmän karz bergisini azaltmagyň hasabyna geçirmek;
5) karzy üzmegi soňa süýşürmek;
6) möhleti geçirilen bergini «Möhleti geçirilen karzlar hasabyna geçirmek»;
7) möhleti geçirilen bergini bankyň ätiýaçlyklarynyň hasabyna hasapdan öçürmek.

Karz bergisini üzmek işi dürli-dürli bolup biler.

*Karzy doly we bir gezekde üzmek* berginiň möçberi ujypsyz bolanda, pullaryň müşderiniň hasabyndan alynmagy onuň töleg dolanyşygy üçin kynçylyklar döretmeýän ýagdaýynda ulanylýar.

*Karzy bölekleýin we köp gezekde* üzmek karzy üzmek üçin ýeterlik bolan serişdeleriň boşamagy kem-kemden bolup geçýän bank

bilen doly hasaplaşyk geçirmek üçin wagt gerek bolan ýagdaýlarda ulanylar.

*Karzyň yzygiderli üzülmegi* müşderiniň üznüksiz töleg dolanyşygy şertlerinde ýüze çykýar. Bu ýagdaýda dolanyşyk-töleg karz hasaby peýdalanylýar. Ol meýilnamalaýyn tölegleri karz hasabyna geçirmek arkaly ýa-da ähli girdejini karz bergisiniň töleginiň hasabyna geçirmek ýoly bilen gazanylýar (häzirkizaman tejribesinde soňky usuldan seýrek peýdalanylýar).

*Karzy bölekleýin (epizodik) üzmek* saldo-öwezini doluş hasaplary bilen maksatlaýyn hajatlar üçin berlen karzlara häsiýetlidir.

*Karzy möhletli üzmek* (kesgitlenen möhletler bilen şertlendirilen üzüliş) ähli karzlarda gabat gelýär. Bu tötänden däldir, çünki karz diňe onuň yzyna gaýtarylmagynyň (şeýle hem karz göterimleriniň tölenmeli) möhletleri şertleşilen ýagdaýynda ýüze çykýar. Möhletler dürli-dürli bolup biler. Karz şertnamasynda karzyň möhletliligini durmuşa geçirmegiň belli bir tertibi kesgitlenilýär.

Iş tejibesinde *möhleti soňa süýşürilen, möhleti geçirilen* we *möhletinden öň üzülýän* karzlar mälimdir. Karzy möhletinden öň üzmek isleýän müşderi öz maksady barada banka öňünden duýdurmalydyr. Bu karz gurmasynyň öz peýdasyna zyýan ýetirmezden karzy başga bir karz alyja berip bilmegi üçin edilýär.

Karzy üzmegiň has giň ýaýran (we ahyrky) *çeşmesi karz alyjynyň öz pul serişdeleri* bolup durýar. Olaryň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda karzy yzyna gaýtarmagyň çeşmesi täze karz bermek bolup biler, öňki nesýäniň tölenmeli möhletini uzaltmak däl-de, täze obýektiň, başga üpjünçiligiň, başga bir girewiň hasabyna karz bermek bolup durýar. Üpjünçiligi ýokary bolan täze karz şertnamasyny düzmäge rugsat berilýär.

Karzy alyjynyň karzy öz serişdeleriniň ýa-da täze karzyň hasabyna üzmäge ýagdaýy ýok bolsa, onda bank karz şertnamasynyň *serişdeleri kepillendirijiniň hasabyndan almagy* göz öňünde tutýan düzgünini peýdalanyp biler (kepillendiriji bankdan kepillendiriş borçnamalaryny karz ylalaşygy taýýarlanýan wagty alýarlar).

**Karzlaşdyrmagyň tapgyrlary.** Guramaçylyk bloguna karzlaşdyrmagyň tapgyrlarynyň mazmuny we guralyşy, karzy we onuň bilen

baglanyşykly töwekgelçilikleri dolandyrmak we karz infrastrukturasy girýär.

Karzlaşdyrmagyň tapgyrlary taýýarlyk döwrüne, karzyň berilýän we resmileşdirilýän tapgyryna, karzyň peýdalanylýan tapgyryna bölünýär.

Karz bermek işi gönüden-göni karzyň birinji gezek berlen gününden başlanýar. Şu pursada çenli we onuň soňundan karz berýän bank hem-de karz alýan müşderi tarapyndan ýerine ýetirilýän iş gidýär.

*Karz bermek baradaky gepleşikler* anyk çözgüt kabul edilmezinden has öň başlanýar. Karz bermek baradaky teklibi bank hem, müşderi hem berip biler.

Nobatdaky tapgyr *anyk taslama seretmek* bolup durýar. Ykdysady ýagdaýyň durnuksyzlygy, hümmetsizlenme banklardan aýratyn seresaplylygy we müşderiniň karza ukyplylygyna, karzlaşdyrma obýektine we üpjünçiligiň ygtybarlylygyna, girewiň we kepilleriň hiline baha bermekde tejribäni talap edýär. Täjirçilik banklarynda bu meseläni çözmek karz bölüminiň (müdirliginiň) üstüne ýüklenilýär.

Deslapky döwürde işiň giň ýaýran görnüşi bankyň *işgärleriniň belli bir ygtyýarlyklarynyň çäklerinde* müşderilere karz bermek barada çözgüdiň kabul edilmegi bolup durýar. Şonda taslama bankyň ýolbaşçylary tarapyndan hukuk berlen işgär tarapyndan seredilýär we ol karzlaşdyrmak mümkinçiligi barada meseläni çözýär.

Taýýarlyk döwründen soň *karz resminamalaryny resmileşdirmek döwri* gelýär. Bankyň işgärleri karz şertnamasyny resmileşdirýärler, karz bermek barada bank boýunça görkezmäni ýazyp berýärler, karz alýan müşderiniň resminamalar bukjasyny (karz işini) açýarlaar.

**Karzlaşdyrmagyň barşyna gözegçilik etmek.** Üçünji tapgyrda-karzlaryň peýdalanylýan döwründe karz amallaryna, ýagny karzlaşdyrmagyň (karz liniýasynyň) çäklerine (limit), karzyň maksadalaýyk peýdalanylyşyna, karz göteriminiň tölenilişine, karzlaryň doly we öz wagtynda yzyna gaýtarylyşyna gözegçilik amala aşyrylýar. Bu tapgyrda müşderiniň karza ukyplylygyny we maliýe netijelerini gündelik we däp bolşy ýaly seljermek boýunça iş bes edilmeýär, zerur bolan ýagdaýynda müşderi bilen duşuşyklar, gepleşikler geçirilýär, karzlaşdyrmagyň şertleri we möhletleri takyklanylýar.

# XIII BAP. KARZ SYÝASATY WE ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERI

## 13.1. Karz syýasaty hakynda düşünje

Bazar şertlerinde karz syýasatynyň işiniň esasy görnüşi wagtlaýyn erkin pul serişdelerini jemlemek we olary ykdysady subýektleriň arasynda gaýtadan paýlamak bolup durýar. Şonda goşmaça serişdelere bolan isleg, esasan, karza bolan barha artýan isleg bilen baglydyr. Şunuň bilen baglanyşykly karzlaşdyrmak karz guramalarynyň ileri tutulýan we üznüksiz amala aşyrylýan wezipeleriniň birine degişlidir. Karz we oňa deňleşdirilen bergileriň paýynyň bank sektorynyň aktiwleriniň gurluşynda 70%-e golaýlaýar. Şol bir wagtyň özünde täjirçilik banklarynyň şunuň ýaly maýa goýumlarynyň töwekgelçiligine ýokary baha berilýär we ol 100%-e barabardyr. Şonuň bilen bir wagtda serişdeleriň çeşmelerini karzlara ýerleşdirmekden alynýan girdejiler häzirkizaman täjirçilik banklarynyň jemi girdejisiniň esasy bölegini tutýar.

Goýumlaryň, töwekgelçiligiň we girdejililigiň paýy nukdaýnazaryndan karz guramalarynyň işiniň esasy ugrunyň ähmiýetini nazara alanyňda, seredilýän ulgam makro we mikro derejelerde degişli düzgünleşdirmegi talap edýär. Bu düzgünleşdirme Merkezi bankyň, şeýle hem aýratyn alnan karz guramasynyň derejesinde işlenip taýýalanylýan karz syýasatynyň esasynda amala aşyrylýar.

Makro derejede karz syýasaty döwletiň ykdysady syýasatynyň bir bölegi bolmak bilen, ykdysady ösüşi düzgünleşdirmäge, hümmetsizlenmegi saklamaga, iş bilen üpjünçilige we ýurduň deňeçer töleg balansyny saklamaga gönükdirilendir. Merkezi banklar degişli gurallaryň toplumynyň kömegi bilen ykdysady işjeňligiň pese gaçýan döwründe karz işjeňligini giňeltmegi we onuň tersine, «ykdysadyýetiň öte batlanýan» döwründe «karz restriksiýasy» syýasatyny, ýagny täjirçilik banklarynyň karz işlerini bökdemek syýasatyny alyp höweslendirip bilerler.

Mikro derejede karz syýasaty umumybank syýasatynyň bir bölegi hökmünde karz işi baradaky düşünjäni, onuň ýörelglerini, täjirçilik

banky tarapyndan bu işi üpjün etmegiň usullaryny açyp görkezýär. Karz işini amala aşyrmak we dolandyrmak boýunça oýlanyşykly ugruň saýlanyp alynmagyna karz syýasaty diýilýär. Şeýle hem bu ulgamyň häzirkizaman täjirçilik banky üçin ähmiýetini nazara almak bilen, ýazmaça resminama hökmünde karz syýasatynyň mazmuny we gurluşy oňa ýörite garalyp geçilmegini talap edýär.

Strategik maksatlary we wezipeleri göz öňünde tutmak bilen, karz syýasatynyň esasy ugurlaryny täjirçilik bankynyň dolandyryjylar geňeşi düzýär. Karz syýasatynyň täjirçilik bankynyň ösüş strategiýasyny esaslanýandygy sebäpli, bir bitewülik hökmünde bankyň maliýe durnuklylygyny üpjün etmek bilen baglylykda, onda bazaryň anyk böleginde – karz hyzmatlar böleginde strategiýada goýlan maksatlara ýetmegiň ýollary anyklanylýar.

## 13.2. Karz syýasatynyň düzüm bölekleri

Karz syýasatynyň mazmunyny açyp görkezmek üçin onuň esasy bloklaryny bölüp görkezeliň:

– karz gatnaşyklary babatynda ileri tutmalar;
– karz töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy;
– karzlaşdyrmagyň gurallary we çäkleri.

Karz syýasatynyň görkezilen bloklaryndan onuň örän takykdygy, olaryň hukuk derejesi we pudaklaýyn degişliligi nukdaýnazaryndan pudaklaryň, müşderileriň toparyny, karzlaşdyrmagyň mehanizmini we karz töwekgelçiligini dolandyryş ulgamynyň gurluşyny aýdyň görkezýändigi gelip çykýar.

Karzlaşdyrmakda *ileri tutmalar* babatynda her bir karz guramasy goýlan strategik maksatlara laýyklykda, müşderiler bilen işlemek boýunça geografik artykmaçlyklary, pudaklaýyn barabarlyklary we maksatlaýyn bazarlary kesgitleýär. **Geografik artykmaçlyklar** diýip beýleki geografiki zolaklarda hojalyk işini alyp barýan müşderiler bilen özara gatnaşyklaryň olaryň karz tekliplerini makullamak ýa-da makullamazlyk nukdaýnazaryndan düzgünleşdirilmegine düşünilýär.

Karz işiniň ähmiýeti pes bolmadyk ýene bir düzüm bölegi pudaklaýyn artyk tutmalardyr. Olar bankyň karz bukjasynyň amatly gurluşynda pudaklaýyn alamat boýunça görkezilýär.

**Karz bukjasy,** munuň özi karz we oňa deňleşdirilen, töwekgelçilik derejesi boýunça tertibe salnan bergileriň jemidir.

13.1-nji tablisa pudaklara bölmek bilen, karz bukjasynyň amatly pudaklaýyn gurluşy barada düşünje berýär.

Ol ýa-da beýleki pudaga goýulýan karzlaryň paýynyň anyklanmagy bu barabarlyklaryň (proporsiýalar) berkdigini, hemişelik berlendigini we bazar konýunkturasynyň üýtgemegi we bankyň garaýşynyň tassyklanmagy bilen baglanyşykly olara gaýtadan seredilmejekdigini, diýmek, ileri tutmalara düzedişleriň girizilmejekdigini aňlatmaýar. Bankyň görüş nukdaýnazaryndan karz bukjasynyň amatly pudaklaýyn gurluşyny emele getirmek, karzlaşdyrmagyň emele gelen hakyky möçberlerini göz öňünde tutmak bilen, goýumlaryň möçberlerine we ugurlaryna düzediş girizmäge ýa-da bukjanyň gurluşyny takyklamaga mümkinçilik berýär.

Karz bukjasynyň amatly pudaklaýyn gurluşynyň maksatlaýyn bazarlar we degişli karz önümlerini teklip etmekde we öňe sürmekde artyk tutmalar bilen baglydygy mälimdir. Häzirkizaman şertlerinde ilat tarapyndan karz önümlerine bolan isleg artýar. Şonuň üçin hem, bankyň özüni alyp barşynyň strategiýasyndan we taktikasyndan hem-de karz syýasatyndan ugur almak bilen, müşderileriň hut şu topary artyk saýylyp bilner we sarp ediş we ipoteka karzlaşdyrmasyna üns berlip bilner.

Karz syýasatynyň ýene bir blogy anyk bir bankda karz töwekgelçiligini dolandyryş ulgamynyň emele getirilmegi bilen baglydyr.

**Karz töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy,** munuň özi töwekgelçiligi we girdejililigi netijeli dolandyrmak mümkinçiligini guramaçylyk we usulyýet babatda üpjün edýän çäreler toplumydyr.

Karz töwekgelçiliginiň karz guramasynyň maliýe durnuklylygy üçin düýpli howp bolup durýandygyny we beýleki töwekgelçilikleri, mysal üçin, likwidlilik, tölege ukypsyzlyk töwekgelçiliklerini döredip biljekdigini nazara almak bilen, karz töwekgelçiligini göterim we amallar babatda dolandyrmak ulgamlaýyn çemeleşmegi talap edýär. Dolandyryş ulgamlaýynlygy guramaçylyk, usulyýet we gurallar düzüm böleklerine esaslanýar.

Dolandyrmagyň özüne degişli guramaçylyk gurluşy bolan ýagdaýynda üpjün edilip bilinjekdigi mälimdir. Bu gurluş, adatça, iki

*13.1-nji tablisa*

**Pudaklaýyn ýörelge boýunça karz bukjasynyň gurluşy, mln. manat.**

| **Pudagyň ady** | 01.01.2009 | 01.04.2009 | 01.07.2009 | 01.10.2009 | 01.01.2010 | 1.01.10. 1.01.09. %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Gysga möhletli karzlar** | **2266,1** | **2272,1** | **2363,6** | **2436,3** | **3211,4** | *141,7* |
| Senagat | 1695,61 | 1691,74 | 214,12 | 114,76 | 2338,56 | *137,9* |
| Oba hojalygy | 2,42 | 58,96 | 1466,07 | 1563,37 | 116,20 | - |
| Gurluşyk | 31,33 | 35,71 | 37,38 | 39,70 | 41,24 | *131,6* |
| **Söwda** | 25,15 | 22,00 | 21,57 | 20,51 | 19,87 | *79,0* |
| Bilelikdäki kärhanalar | 4,32 | 2,58 | 2,30 | 3,88 | 3,36 | *77,8* |
| Maddy tehniki üpjünçilik we ýerlemek | 330,37 | 323,86 | 320,12 | 317,03 | 311,00 | *94,1* |
| Ulag we aragatnaşyk | 36,34 | 20,82 | 2,08 | 0,96 | 11,50 | *43,6* |
| Taýýarlaýyş kärhanalary | 96,68 | 72,29 | 246,18 | 313,06 | 306,61 | *317,1* |
| Ỳekebara iş (raýatlaryň hususy zähmet işleri) | 45,67 | 37,44 | 43,91 | 49,36 | 49,84 | *109,1* |
| Halk hojalygynyň gaýry pudaklary | 8,20 | 6,68 | 9,91 | 13,72 | 13,21 | *161,1* |

derejeli bolýar. Ýokarky dereje Karz komiteti bolup, onuň wezipesine karzy (düzgün bolşy ýaly, uly möçberdäki karzlary, halkara karzlaryny, aýratyn üns berilmegini talap edýän karzlary) makullamak girýär. Ikinji derejede karz bermek bilen gönüden-göni meşgullanýan birlik ýerleşýär. Guramaçylyk gurluşynyň netijeli işlemegi üçin her bir dereje üçin ygtyýarlyklar (ygtyýarlygyň çygry) we jogapkärçilik kesgitlenýär. Şeýle hem olaryň wezipeleriniň usulyýet üpjünçiligi görnüşinde degişli gollanmasy bardyr.

Usulyýet üpjünçiligi karz alyjylaryň karza ukyplylygyny seljermäge çemeleşmeleri, dürli pudaklarda işleýän, dürli hukuk derejesi bolan müşderileriň maliýe ýagdaýyna baha bermegiň we seljermegiň usulyýetini, töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek we mümkin bolan ýitgiler üçin ýeterlik derejede ätiýaçlyklary emele getirmek maksady bilen müşderileriň maglumatlar binýadyny düzmäge bildirilýän talaplary, karzlary yzyna gaýtarmagyň dürli görnüşleri bilen işemegiň görnüşlerini, girew goýlan zatlara baha bermegiň usullaryny saýlap almakda artyk tutmalary belleýär.

Karz syýasatynyň şu bloguna goşmaça içerki normatiwler kesgitlenip we içerki peýdalanyş üçin kadalaşdyryjy resminamalar döredilip biler. Hususan-da, çarçuwaly häsiýeti bolan içerki normatiwlere anyk bank üçin karz bergisiniň ortaça galyndysy bilen goýum hasaplardaky ortaça galyndylaryň (olaryň düzümine bankyň emitirlän gymmatly kagyzlary we bankara karz almalar girmeýär) arasyndaky amatly gatnaşygy görkezýän koeffisiýenti degişli edip bolar.

Bu koeffisiýent aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$\frac{\text{Karz bergisiniň ortaça galyndysy}}{\text{Goýum hasaplaryndaky ortaça galyndy}} \times 100 = 80\% \qquad (4.1)$$

Karz syýasaty görkeziji bankyň bazardaky syýasatynyň häsiýetini (agressiw ýa-da konserwatiw) hasaba almak bilen, töwekgelçiligi ýokary bolan amallara goýum serişdeleriniň ýerleşdirilmegini çäklendirýär we onuň amatly, aňryçäk we iň pes ölçeg ähmiýetleri bolup biler. Karz bukjasynyň likwidlilik ýagdaýyny görkezýän şu görkeziji bilen bagly görkeziji maýanyň we karz bergisiniň gatnaşygynyň görkezijisidir. Koeffisiýentiň manysy maýany likwidliligi pes aktiwlere – karzlara goýmak baradaky bankyň taktiki (strategik) garaýşyndan

ybaratdyr. Başga sözler bilen aýdylanda, bankyň karz syýasatynda karzlaşdyrmagyň çäkleri, çekilen serişdeleri, karz amallaryna goýmakda artyk tutmalar görkezilmelidir.

Bankyň içerki kadalaşdyryjy binýady karzlaşdyrmagyň mehanizmini we tertibini, bankyň girew we karzy yzyna gaýtarmagyň üpjünçiliginiň beýleki görnüşleri bilen işlemeginiň tertibini üpjün edýär.

Karz syýasatynyň blogy – karzlaşdyrma gurallary we çäkleri karzyň görnüşlerini, yzyna gaýtarmagy üpjün etmegiň usullaryny, şeýle hem karzlaşdyrmagyň limitleri bellenilende çäkleri kesgitleýär.

Limitiň esasynda karz töwekgelçiligini çäklendirmek, düzgün bolşy ýaly, bukjanyň töwekgelçiligini we aýry-aýry müşderileri çäklendirmek görnüşinde bellenilýär.

Mysal üçin, kontragenti, ýagny bankara karzlaşdyşdyrmada beýleki bankyň limiti, köplenç, koeffisiýent görnüşinde bellenýär. Bu ýerde bankyň iş tejribesi köp dürlüdir. Kontragent bolan bankyň töwekgelçiligini çäklendirýän görkeziji saýlanyp alnanda esasy zat menejementiň artyk tutmalary bolup durýar. Limit bankyň maýasyna baglanyp ýa-da balansyň we işiň girdejililiginiň esasy parametrlerini hasaba alýan belli bir sintetiki koeffisiýentinden ybarat bolup biler.

Bank tarapyndan usulýýet nukdaýnazaryndan sowatly gurlan karz syýasaty onuň işi bilen utgaşykly bolan towekgelçiliklere gözegçilik etmäge, olaryň işiň esasy görkezijilerine edýän ýaramaz täsirini çäklendirmäge mümkinçilik berýär.

# XIV BAP. BANKYŇ MÜŞDERILERINIŇ KARZA UKYPLYLYKLARYNA BAHA BERMEK

## 14.1. Müşderiniň karza ukyplylygy düşünjesi we onuň ölçegleri

Täjirçilik bankynyň müşderisiniň karza ukyplylygy, munuň özi karz alyjynyň öz bergi borçnamalary (esasy bergi we göterimler) boýunça doly we möhletinde hasaplaşmak ukybydyr. Müşderiniň karza ukyplylyk derejesi bankyň anyk bir karz alyja karz bermek bilen baglanyşykly töwekgelçilik derejesini kesgitleýär.

Dünýädäki we ýurdumyzdaky bank işiniň tejribesi karz töwekgelçiligine we müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermegiň ölçeglerini aşakdaky ýaly bölüp görkezmäge mümkinçilik berdi:

– müşderiniň häsiýeti;

– serişdeleri karz almak ukyby;

– bergini üzmek üçin serişdeleri gazanmak ukyby (maliýe mümkinçilikleri);

– maýa;

– karzy üpjün etmek;

– karz amalynyň geçirilýän şertleri;

– gözegçilik.

Müşderiniň edara görnüşli tarap hökmündäki abraýyna, bergini üzmekde jogapkärçilik derejesine, karzyň anyk düşünjesine, bu maksadyň bankyň karz syýasatyna laýyk gelmegine **müşderiniň häsiýeti** diýilýär.

**Serişdeleri karz almak ukyby** müşderiniň karz almak barada ýüztutma bermäge, karz şertnamasyna gol çekmäge ýa-da gepleşikleri geçirmäge hukugynyň bardygyny, karz alyjy bolup duran şahsy tarapyň işe ukyplygyny aňladýar.

**Gündelik işiniň barşynda bergini üzmek üçin serişdeleri gazanyp bilmek ukyby** balansyň likwidliligi, karz alyjynyň işiniň netijeliligi (peýdalylygy), onuň pul akymlary bilen kesgitlenilýär.

Müşderiniň karza ukyplylygynyň maýa hökmündäki ölçegi üçin baha bermegiň maýanyň ýeterlik bolmagy (maýanyň iň pes derejesine bildirilýän talaplaryň we maliýe leweražynyň koeffisientleriniň esasynda kesgitlenýär) we karzlaşdyrylýan amala öz maýasyny goýmagyň derejesi (töwekgelçiligiň bank bilen karz alyjynyň arasynda paýlanyşyna şaýatlyk edýär) diýen iki ýagdaýy has möhümdir.

Karz alyjynyň aktiwleriniň gymmatyna we karz şertnamasynda göz öňünde tutulan, bergileri üzmegiň anyk ikinji çeşmesine (girew, kepil, zamunlyk, ätiýaçlandyryş) k**arzy üpjün etmek** diýilýär. Ikinji çeşmäniň hili, maliýe kynçylyklary ýüze çykan ýagdaýynda, karz alyjy tarapyndan özüniň borçnamalarynyň ýerine ýetiriljekdigini kepillendirýär.

**Karz amalynyň geçirilýän şertleri**, bu ýurtdaky, sebitdäki we pudakdaky gündelik ýa-da çaklama ykdysady ýagdaý, syýasaty faktorlardyr.

Iň soňky ölçeg bolan **gözegçilik** ölçegi karz alyjynyň işiniň kanunçylyk esasy, karzyň häsiýetiniň bankyň we gözegçilik edarasynyň standartlaryna laýyk gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermegiň usullary aşakdakylardan ybaratdyr:

– menejmente baha bermek;
– müşderiniň malie durnuklylygyna baha bermek;
– pul akymyny seljermek;
– müşderi barada maglumat toplamak;
– ýerine baryp görmek bilen, müşderiniň işine gözegçilik etmek.

Edara görnüşli we şahsy taraplar, iri, orta we kiçi müşderileriň karza ukyplylygyna baha bermegiň aýratynlygy baha bermegiň ulanylýan usullarynyň sazlyşygyny kesgitleýär.

## 14.2. Iri we orta kärhanalaryň karza ukuplylygy

Iri we orta kärhanalaryň karza ukyplylygyna baha bermek balansyň, peýdalar we ýitgiler baradaky hasabatyň maglumatlaryna, karz ýüztutmasyna, müşderiniň we onuň menejerleriniň taryhy baradaky maglumatlara esaslanýar. Karza ukyplylyga baha bermegiň usuly hökmünde maliýe koeffisiýentleri ulgamy, pul akymynyň seljermesi, işewürlik we menejementiň töwekgelçiligi peýdalanylýar.

**Täjirçilik banklarynyň müşderileriniň karza ukyplylygyna baha bermegiň maliýe koeffisiýentleri.** Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermek üçin peýdalanylýan koeffisiýentler toparynyň aşakdaky bäşisini görkezip bolar:

I topar – likwidlilik;
II topar – netijelilik ýa-da dolanyşyk;
III topar – maliýe leweriji;
IV topar – peýdalylyk;
V – bergä hyzmat etmek.

*Gündelik likwidlilik koewffisiýenti* ($K_{gg}$) karz alyjynyň bergi borçnamalary boýunça hasaplaşyp bilmek ukybyny görkezýär. Ol aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$K_{gg} = \frac{\text{Gündelik aktiwler}}{\text{Gündelik passiwler}} \qquad (14.1)$$

Gündelik likwidlilik koeffisiýenti gündelik aktiwleri, ýagny müşderide bar bolan dürli görnüşdäki serişdeleriň (pul serişdeleri, ýakyn wagtlarda üzülmeli debitor bergileri-netto, maddy-tehiki gymmatlyklaryň ätiýaçlyklarynyň we beýleki aktiwleriň gymmaty) gündelik passiwler, ýagny ýakyn wagtlarda üzülmeli borçnamalar (karz serişdeleri, üpjün edijilere bergiler, wekseller boýunça bergi, býujete, işçilere we gullukçylara bergiler) bilen deňeşdirilip görülmegini göz öňünde tutýar. Eger bergi borçnamalary müşderiniň serişdelerinden ýokary gelýän bolsa, onda ol karza ukypsyzdyr.

*Çalt (operatiw) likwidlilik koeffisiýenti* $K_{çg}$) aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$K_{çg} = \frac{\text{Gündelik aktiwler}}{\text{Gündelik passiwler}} \qquad (14,2)$$

*Likwidli aktiwler*, munuň özi gündelik aktiwleriň karzy üzmek üçin çalt nagt pula öwrülýän bölegidir. Dünýä banklarynyň iş tejribesinde likwidli aktiwlere pul serişdelerini we debitor bergileri ýa-da çalt ýerlenip bolýan ätiýaçlyklaryň bir bölegini hem oňa degişli edýärler. Çalt likwidlilik koeffisiýenti arkaly karz alyjynyň banka bergisini möhletinde üzmek üçin pul serişdelerini dolanyşykdan çalt çykarmak ukyby çaklanýar.

*Netijelilik (dolanyşyk) koeffisiýentleri* likwidlilik koeffisiýentiniň üstüni ýetirýär we netijenamany has esasly etmäge mümkinçilik berýär. Likwidlilik görkezijileri debitor berginiň we dolanyşygyň peselýän wagtynda ätiýaçlyklaryň gymmatynyň artmagynyň hasabyna çalt ýokarlanýan bolsa, onda karz alyjynyň karza ukyplylyk derejesini ýokarlandyrylmaly däldir. Netijelilik koeffisiýentleri aşakdaky ýaly hasaplanylýar.

***Ätiýaçlyklaryň dolanyşygy:***

a) *dolanyşygyň dowamlylygy* (günlerde) =

$$= \frac{\text{Döwürde ätiýaçlyklaryň ortaça galyndysy}}{\text{Ýerlemekden alynýan bir günki girdeji}} \qquad (14.3)$$

b) *döwürde dolanyşyklaryň* sany =

$$= \frac{\text{Döwürde ýerlemekden alnan girdeji}}{\text{Döwürde ätiýaçlyklaryň ortaça galyndysy.}} \quad (14.4)$$

Debitor berginiň dolanyşygy (günlerde) =

$$= \frac{\text{Döwürde bergileriň ortaça galyndysy}}{\text{Ýerlemekden alynýan bir günki girdeji}} \quad (14.5)$$

***Esasy maýanyň (kesgitli aktiwleriň) dolanyşygy =***

$$= \frac{\text{Ýerlemekden alnan girdeji}}{\text{Döwürde esasy gaznalaryň ortaça galyndy bahasy}} \quad (14.6)$$

***Aktiwleriň dolanyşygy =***

$$= \frac{\text{Ýerlemekden alnan girdeji}}{\text{Döwürde aktiwleriň ortaça möçberi}} \quad (14.7)$$

Netijelilik koeffisiýentleri hereketde seljerilýär, şeýle hem bäsleşýän kärhanalaryň koeffisiýentleri we ortaça pudaklaýyn görkezijiler bilen deňeşdirilýär.

*Maliýe lewerjiniň koeffisiýenti* karz alyjynyň üpjünçilik derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Bu koeffisiýenti hasaplamagyň görnüşleri köp dürli bolsa-da, ykdysady manysy birdir. Ol hem müşderiniň öz maýasyna we onuň çekilen serişdelere baglylyk derejesine baha bermekden ybaratdyr. Bu koeffisiýent hasaplananda bankyň müşderisiniň ähli bergi borçnamalary olaryň möhletlerine garamazdan hasaba alynýar. Çekilen serişdeleriň (gysga möhletli we uzak möhletli) paýy näçe ýokary bolsa müşderiniň karza ukyplylyk derejesi şonça-da pes bolýar. Gutarnykly netije peýdalylyk koeffisiýentleriniň depginini hasaba almak bilen çykarylýar.

Peýdalylyk koeffisiýentleri ähli maýanyň, şol sanda onuň çekilen böleginiň peýdalanyşynyň netijeliligini görkezýär. Şu aşakdaky *koeffisiýentler* olaryň görnüşleridir:

– *peýdanyň normasy* – peýdanyň we ýerlemekden alnan girdejiniň gatnaşygy;

– *düşewüntlilik* – peýdanyň we aktiwleriň gatnaşygy;

– *Paýdarlar banky üçin paýnamadan alynmaly peýdanyň normasy.*

Ýeremekden alnan girdejide peýdanyň paýy ýokarlanýan, aktiwleriň peýdalylygy artýan bolsa, onda maliýe lewerijiniň koeffisiýenti ýaramazlaşan ýagdaýynda hem müşderiniň reýtingi peseldilmese bolar.

Bergä hyzmat etmek koeffisiýenti (bazar koeffisiýentleri) peýdanyň haýsy bölegini göterim we kesgitlenen tölegleriň tutýandygyny görkezýär. Olar aşakdaky ýaly hasaplanylýar.

***Göterimi ýapmak koeffisiýenti =***

$$= \frac{\text{Döwürdäki peýda}}{\text{Döwürdäki göterim tölegleri.}} \qquad (4.8)$$

***Kesgitli maliýe töleglerini ýapmagyň koeffisiýenti =***

= Döwürdäki peýda

(Göterimler + Lizing tölegleri + Artykmaç hukukly paýnamalar boýunça düşewüntler(diwidentler)+Beýleki kesgitlenen tölegler +kesgitli tölegler). (4.9)

Tölenen göterimleriň we beýleki kesgitli tölegleriň üstüni ýapmak üçin peýdanyň köp bölegi gönükdirilse, bergi borçnamalaryny üzmek we täwekgelçilikleriň üstüni ýapmak üçin peýdanyň şol derejede az möçberi galar. Bu müşderiniň karza ukyplylygyna ýaramaz täsir eder.

**Pul akymyny seljermek** täjirçilik bankynyň karza ukyplylygyna baha bermek usuly bolup, onuň esasynda müşderiniň hasabat döwründe dolanyşyk serişdelerini häsiýetlendirýän hakyky görkezijileri peýdalanmak ýatýar. Ol şu sebäbe görä hem maliýe koeffisiýentleri ulgamynyň esasynda müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermek usulyndan tapawutlanýar.

**Karza ukyplylyga baha bermegiň usuly hökmünde pul akymyny seljermek,** adatça soralýan karzyň möhletine laýyk gelän döwürde karz alyja gelýän we ondan gidýän pul serişdelerini deňeşdirmekden ybaratdyr. Bir ýyllyk nesýe berlende pul akymyny seljermegi bir ýyla bölmek, 90 günlük berlende çärýege bölmek bilen geçirýärler.

Döwürde serişdeleriň gelýän düzüm bölekleri aşakdakylardyr:

1) şol döwürde alnan peýda;

2) döwürde hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumy (amortizasiýa);
3) serişdeleri boşatmak (ätiýaçlyklardan, debitor bergilerden, esasy gaznalardan, beýleki aktiwlerden serişdeleri almak);
4) kreditor berginiň artmagy;
5) beýleki passiwleriň artmagy;
6) paýdarlar maýasynyň artmagy;
7) täze karzlaryň berilmegi.

Serişdeleriň gidýän düzüm bölekleri hökmünde aşakdakylar görkezilýär:

1) salgytlary, göterimleri, diwidentleri, jerimeleri we puşman pullaryny tölemek;
2) ätiýaçlyklara, debitor bergilere, beýleki aktiwlere, esasy gaznalara goşmaça serişdeleri goýmak;
3) kreditor bergini azaltmak;
4) beýleki passiwleri azaltmak;
5) paýdarlaryň maýasynyň gitmegi;
6) karzlary üzmek.

Gelýän serişdeler bilen gidýän serişdeleriň arasyndaky tapawut umumy pul akymynyň ululygyny görkezýär. Ätiýaçlyklaryň, debitor we kreditor bergileriň, beýleki aktiwleriň we passiwleriň, esasy gaznalaryň möçberiniň üýtgemegi umumy pul akymyna dürli hili täsir edýär. Bu täsiri kesgitlemek üçin ätiýaçlyklaryň, debitor we kreditor bergileriň maddalary boýunça döwrüň başyndaky we ahyryndaky galyndylary deňeşdirýärler. Döwrüň dowamynda ätiýaçlyklaryň, debitor we kreditor bergileriň we beýleki aktiwleriň galyndysynyň artmagy serişdeleriň gidýändigini aňladýar we hasaplamalarda «–» belgisi bilen, olaryň azalmagy «+» belgisi bilen görkezilýär. Kreditr bergileriň we beýleki aktiwleriň artmagyna serişdeleriň gelmegi («+»), olaryň azalmagyna bolsa serişdeleriň gitmegi («–») ýaly seredilýär.

Serişdeleriň gelmeginiň we gitmeginiň düzüm böleklerini kärhanany dolandyryş ulgamlary boýunça toparlara bölmäge esaslandyrylan pul akymyny seljermegiň usuly **gytaklaýyn seljerme** diýlip atlandyrylýar (14.1-nji tablisa). Bu ýagdaýda seljeriş ulgamynda bäş blok bölünip görkezilýär:

*14.1-nji tablisa*

## Gytaklaýyn usul bilen pul akymyny seljermek

| Setir № | Görkezijiler |
|---|---|
| | **I. Peýda getirýän amallardan alnan serişdeler:** |
| 1 | Önümçilik işinden alnan peýda (amallardan alnan peýda). |
| 2 | Ulanyş (amortizasiýa). |
| 3 | Öňde duran çykdajylaryň üstüni ýapmak üçin ätiýaçlyk serişdeleri (geljekki çykdajylar üçin ätiýaçlyklar). |
| 4 | Jemi gündelik (operasion) pul akymy (1 set + 2 set + 3 set). |
| | **II. Gündelik amallar boýunça gelip gowuşmalar (çykdajylar):** |
| 5 | Geçen döwür bilen deňeşdirilende debitor berginiň köpelmegi ( - ) ýa-da azalmagy ( + ). |
| 6 | Geçen döwür bilen deňeşdirilende ätiýaçlyklaryň we harajatlaryň köpelmegi ( - ) ýa-da azalmagy ( + ). |
| 7 | Geçen döwür bilen deňeşdirilende kreditor berginiň köpelmegi ( - ) ýa-da azalmagy ( + ). |
| 8 | Arassa gündelik (operasion) akym (4 set + 5 set + 6 set +7 set). |
| | **III. Maliýe borçnamalary** |
| 9 | Şu döwrüň peýdasynyň hasabyna ýörite gazananlardan çykdajylar. |
| 10 | Göterimleri tölemek boýunça çykdajylar ( - ). |
| 11 | Diwidentler. |
| 13 | Bergiler we diwidentler tölenenden soňky galan pul serişdeleri 8 set – 9 set – 10 set – 11 set). |
| | **IV Beýleki serişde goýumlary:** |
| 13 | Salgytlar. |
| 14 | Esasy gaznalara goýumlar. |
| 15 | Gaýry gysga möhletli we uzak möhletli aktiwler boýunça azalma ( - ) ýa-da köpelme ( + ). |
| 16 | Gaýry gündelik we uzak möhletli passiwler boýunça azalma ( - ) ýa-da köpelme ( + ). |
| 17 | Maddy däl aktiwleriň azalmagy ( - ) ýa-da köpelmegi ( + ). |
| 18 | Gaýry girdejiler ( + ) we çykdajylar ( - ). |
| 19 | Maliýeleşdirmäge bolan umumy isleg (12 set – 13 set + - 14 set + - 15 set + - 16 set + - 17 ser + - 18 set). |
| | **V Maliýeleşdirmek boýunça talaplar:** |
| 20 | Gysga möhletli karzlar: geçen döwür bilen deňeşdirilende azalma ( - ) ýa-da köpelme ( + ). |
| 21 | Orta we uzak möhletli karzlar: azalma ( - ) ýa-da köpelme ( + ). |
| 22 | Esaslyk gaznanyň köpelmegi ( + ) ýa-da azalmagy ( - ). |
| 23 | Umumy pul akymy (19 set + - 20 set + - 21 set + - 22 set). |

Pul akymyny seljermegiň beýleki bir usulynyň mazmuny aşakdakydan ybaratdyr.

Umumy pul akymy (Arassa pul serişdeleri), bu önümçilik-hojalyk işiniň netijesinde pul serişdeleriniň artmagy +, ýagny maýa goýum işiniň netijesinde pul serişdeleriniň artmagy (azalmagy) +, maliýe işiniň netijesinde pul serişdeleriniň artmagy (azalmagy).

*Umumy pul akymynyň birinji goşulyjysynyň hasaplanyşy:*

Ýerlemekden alnan girdeji – Üpjün edijilere we işgärlere tölegler + + Alnan göterimler – Tölenen göterimler – Salgytlar.

*Ikinji goşulyjynyň hasaplanyşy:*

Alnan karzlar – Bergi borçnamalaryny üzmek + Obligasiýalaryň emissiýasy + + Paýnamalaryň emissiýasy – Diwidentleri tölemek.

Pul akymyna seljerme geçirmek üçin azyndan geçen üç ýylyň maglumatlary alynýar. Gelýän serişdeleriň gidýän serişdelerden durnukly ýokary bolmagy müşderiniň karza ukyplylygyna şaýatlyk edýär.

**Müşderiniň karza ukyplylyk derejesini kesgitlemek** esasy görkezijileriň esasynda amala aşyrylýar we goşmaça görkezijileri hasaba almak bilen düzediş girizilýär. Bankyň saýlap alan esasy görkezijileri belli bir derejede uzak döwrüň dowamynda üýtgewsiz bolmalydyr. Bankyň karz syýasaty baradaky resminamada we ýa-da beýleki resminamalarda bu görkezijiler we olaryň normatiw derejeleri kesgitlenmelidir. Olar dünýä standartlaryna gözükdirilen bolýarlar, ýöne şol bank we şol döwür üçin aýratyn hem bolýar. Goşmaça görkezijileriň toplumy (işewürlik töwekgelçiligine we menejmente, bankyň uzak wagtlyk möhleti geçirilen bergilerine baha bermek, netijeler hasabynyň esasynda hasaplanyp çykarylan görkezijiler, balansyň seljermeleri) ýagdaýa baglylykda gaýtadan seredilip bilner.

Esasy görkezijileriň derejesi boýunça karza ukyplylygy ball şkalasy boýunça kesgitläp bolar. Ballary hasaplamak üçin görkezijiniň synpy (klasy) peýdalanylýar. Ol hakyky ähmiýeti normatiw, görkezijiniň reýtingi (ähmiýeti) bilen deňeşdirmek bilen kesgitlenýär (%).

Karza ukyplylyga umumy baha ballarda berilýär. Ball, munuň özi her görkezijiniň karza ukyplylygyň klasyna köpeltme hasylynyň jeminiň möçberidir. I klas 100-150 ball bolanda, II klas 151-250, III klas 251-300 ball bolanda berilýär.

## 14.3. Kiçi telekeçilik kärhanalarynyň karza ukyplylygyna baha bermek

Kiçi kärhanalaryň karza ukyplylygy karza ukyplylygyň maliýe koeffisiýentleriniň, pul akymlaryny seljermegiň we işewürlik töwekgelçiligine baha bermegiň esasynda kesgitlenilýär.

Bank tarapyndan maliýe koeffisiýentlerini we pul akymyny seljermek usulynyň peýdalanylmagy bankyň şu müşderilerinde hasaba alyş we hasabatlylyk ýagdaýy sebäpli kyn bolýar. Kiçi telekeçilik kärhanalarynda, düzgün bolşy ýaly, ygtyýarnamaly buhgalter bolmaýar. Auditor barlagy üçin çykdajylar müşderilere elýeterli däldir, karz alyjynyň hasabaty auditor tarapyndan tassyklanmaýar. Şol sebäbe görä, müşderiniň karza ukyplylygy onuň maliýe hasabatyna däl-de, bankyň işgäriniň telekeçilik işini bilşine baglydyr. Işi bilmek müşderi bilen hemişelik esasda gatnaşygyň bolmagyny, onuň bilen şahsy söhbetdeşligi, kärhana yzygiderli barlyp durulmagyny göz öňünde tutýar.

Kiçi kärhananyň ýolbaşçysy bilen söhbetdeşligiň barşynda karz almagyň maksady, bergini yzyna gaýtarmagyň çeşmesi we möhleti anyklanylýar. Müşderi karzlaşdyrylýan ätiýaçlyklaryň belli bir möhlete çenli azaljakdygyny, karzlaşdyrylýan harajatlaryň bolsa ýerlenen önümiň özüne düşýän bahasyna goşulyp hasapdan öçüriljekdigini subut etmelidir.

Kiçi kärhanalaryň ýene bir aýratynlygy olaryň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň, köplenç ýagdaýda, bir maşgalanyň agzalary ýa-da garyndaşlar bolup durýandyklary, onuň eýesiniň şahsy maýasynyň, köplenç, kärhananyň maýasy bilen goşulyp gidýändigi bilen baglydyr. Kiçi müşderiniň karza ukyplylygyna baha berlende eýesiniň maliýe ýagdaýy hasaba alynýar, ol şahsy tarapyň maliýe hasabatynyň maglumatlary bilen kesgitlenilýär.

Bank tarapyndan kiçi karz alyjylaryň karza ukyplylygyna baha bermek ulgamy aşakdakylardan emele gelýär:

– müşderiniň işine syn etmek;

– bankçynyň kärhananyň eýesi bilen söhbetdeş bolmagy;

– eýesiniň şahsy maliýe ýagdaýyna baha bermek;

– ilkinji resminamalaryň esasynda kärhananyň maliýe ýagdaýyna seljerme geçirmek.

## 14.4. Şahsy taraplaryň karza ukyplylygyna baha bermek

Şahsy taraplaryň karza ukyplylygyna baha bermek soralýan karz serişde bilen onuň şahsy girdejisiniň gatnaşygyna, karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna berilýän umumy baha we onuň emläginiň gymmatyna, maşgalanyň düzümine, şahsy häsiýetnamalaryna, karz taryhyny öwrenmäge esaslanýar. Şahsy taraplaryň karza ukyplylygyna baha bermegiň esasy üç usuly görkezilýär:

1) skorring baha bermek;
2) karz taryhyny öwrenmek;
3) tölege ukyplylygyň maliýe görkezijileri boýunça baha bermek.

**Skorring - baha bermek**. Bu baha bermede karz alyjynyň ukubynyň ölçegler ulgamy we olara laýyk gelýän görkezijiler kesgitlenilýär. Görkezijilere ball boýunça, bank tarapyndan bellenen maksimumyň çäklerinde baha berilýär. Ballaryň jemi karza ukyplylygyň umumy bahasyny berýär. Şahsy taraplaryň karza ukyplylygynyň görkezijileriniň ähmiýeti aňryçäk ball bahasynyň derejesini tapawutlandyrmak arkaly kesgitlenýär. Mysal üçin, karz alyjynyň ýaşy – aňryçäk ball 50, onuň käri – 60, hasapdaky ortaça galyndy – 190 we ş.m.

**Şahsy taraplaryň karz taryhyny öwrenmegiň esasynda karza ukyplylyga baha bermek.** ABŞ-da şähsy tarapyň karza ukyplylygyna baha bermegiň esasy onuň karz taryhyny öwrenmek bolup durýar. Bu taryh harytlary karzyna satyn almak bilen baglydyr. Bank karz bermek baradaky arzada bar bolan maglumatlary, ýagny adyny, ýerleşýän ýeriniň salgysyny, durmuş üpjünçiligi kartasynyň belgisini peýdalanýar. Bu parametrleriň esasynda karz kartlaryny çykarýan banklardan, guramalardan, töleg tölenmändigi barada öý eýelerinden, tölegiň näçe wagtlap tölenmändigi, berginiň üzülýän çeşmeleri barada maglumatlary toplaýar we karz taryhyny düzýär.

Türkmenistanda banklaryň raýatlaryň karz taryhy barada maglumat alyp bilmekleri üçin täjirçilik banklarynyň başlangyjy boýunça ýöriteleşdirilen topar döredilýär.

**Şahsy taraplaryň karza we tölege ukyplylygyna onuň maliýe görkezijileriniň esasynda baha bermek.** Tölege ukyplylyk görkezijileriniň esasynda şahsy taraplaryň girdejisi we bu girdejini

ýitirmek töwekgelçiliginiň derejesi baradaky maglumatlar ýatýar. Täjirçilik banklary birwagtlaýyn karz berende aýratyn karz alyjynyň karza ukyplylygyny onuň mundan öňki alty aýda ortaça aýlyk girdejisi baradaky maglumatlaryň esasynda hasaplap çykarýar, ortaça girdeji ol zähmet haky baradaky kepilnama ýa-da salgyt beýannamasy boýunça kesgitlenýär. Girdeji hökmany tölegleriň derejesine azaldylýar we koeffisiýente laýyklykda düzediş girizilýär, ol girdejiniň ululygyna baglylykda tapawutlanýar. Girdeji näçe ýokary bolsa, düzediş hem şonça ýokary bolýar.

## XV BAP. KARZ ŞERTNAMASYNYŇ MAZMUNY

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, bankyň müşderiler bilen karz geleşikleri olaryň arasynda baglaşylan karz şertnamalarynyň esasynda amala aşyrylýar.

Karz şertnamasy karz geleşigi boýunça meseleleriň toplumyny düzgünleşdirýär. Ol ýazmaça görnüşde baglaşylýar. Oňa gol çekmek boýunça ygtyýar berlen adamlar gol çekýärler.

Mazmuny we görnüşi boýunça her bir karz şertnamasy hukuk esasy; geleşige goşulmagyň (karz şertnamasy baglaşmagyň) meýletinligi; taraplaryň özara gyzyklanmalary; geleşigiň şertleriniň ylalaşylmagy diýen dört sany esasy ýörelgelere esaslanýar. Karz şertnamasynyň mazmuny emele getirilende düýpli we goşmaça şertleri bölüp görkezýärler.

*Düýpli şertler* karz şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligini kesgitleýärler. Taraplaryň atlary, möhleti, şertnamanyň meselesi we karzy bermegiň tertibi we möhletli karzyň peýdalanylandygy üçin tölegiň derejesi, taraplaryň jogapkärçiligi düýpli şertleri emele getirýärler.

*Goşmaça şertler* karzy yzyna gaýtarmak üçin goşmaça esaslary döretmäge gönükdirilendir. Bu şertler anyk karz alyjy babatynda tapawutlandyrylýar we karz alyjynyň karza ukyplylygyň bellenen derejesine ýetmek, hasaba alşyň we hasabatlylygyň zerur

bolan ýagdaýyny döretmek, girew goýlan emlägi saklamak, bank gözegçiliginiň kadalaryny berjaý etmek baradaky borçnamalaryny, banky habardar etmezden kärhanany üýtgedip gurmagyň gadagan edilmegini öz içine alýar.

Türkmenistanyň täjirçilik banklary müşderiniň we karz geleşiginiň aýratynlygyny we karz töwekgelçiligini peseltmegiň köpdürli usullaryny görkezýän karz şertnamaryny düzmekde tejribe topladylar.

Karz liniýasyny peýdalanýan edara görnüşli taraplara (korporatiw müşderilere), degişlilikde karz şertnamasyny düzmegiň mysaly nusgasy aşakdaky görnüşde berlip bilner:

*Giriş*

I – «Preambula»;

II – «Mazmuny»;

III – «Şertleri»;

IV – «Taraplaryň hukuklary we borçlary»;

V – «Jedelleriň çözülişi»;

VI – «Beýleki şertler»;

VII - «Taraplaryň hukuk salgylary we bank maglumatlary».

*Giriş (preambula)* resminamanyň «Karz şertnamasy» diýen adyndan başlanýar. Soňra şertnamanyň senesi we belgisi, onuň baglaşylan ýeri; karz geleşigine gatnaşyjylar (olaryň tertipnamalaryna salgylanmak bilen, karz berijiniň we karz alyjynyň atlary), şeýle hem olaryň karz şertnamasynyň şertlerinde gepleşigi geçirmäge we oňa gol çekmäge ygtyýarly wekilleri görkezilýär.

*«Esasy düşünjeler» atly bölümde* karz şertnamasynyň tekstinde peýdalanylýan esas goýujy adalgalaryň mazmuny açylyp görkezilýär. Olar käbir kesgitlemelere (karzlary üzmegiň grafigi we karzyň berilýän senesi, göterimleriň tölenmeli senesi, karzyň üzülmeli senesi, resminamalaryň toplumy we ş.m.), şeýle hem käbir adalgalara düşündirişlere (karz we onuň görnüşleri, kadalaşdyryjy nama, iş güni, karz liniýasynyň hereket edýän möhleti, karz liniýasynyň limiti, göterim döwri we ş.m.) degişlidir.

*«Karzyň möçberi we ony bermegiň tertibi» atly bölümde* karz şertnamasynyň düýpli şertleri (pul möçberi, maksady) we käbir goşmaça şertleri, ýagny karz hasabynyň belgisi görkezilýär. Onda karzyň

berlendigi (onuň görnüşinden ugur almak bilen), onuň haýsy içerki bank resminamasy bilen resmileşdiriljekdigi, karz bölekleýin berilýän bolsa, tranşlaryň möçberleri, karz liniýasynyň hereket edýän iň soňky güni peýdalanylmadyk karz liniýasy babatynda karz berijiniň karz bermek boýunça borçnamalaryny bes etmek hukugyny we beýlekiler görkezilýär.

*«Göterimler we göterim döwri» atly bölümiň* mazmuny karzyň peýdalanylandygy üçin göterim möçberleriniň derejesine, olaryň tapawutlandyrylyşyna, göterimleri hasaplap ýazmagyň we tölemegiň tertibine degişli meselelerden ybaratdyr.

Karz şertnamalary bilen aşakdakylar düzgünleşdirilýär:

– kesgitli möçber peýdalanylanda we kesgitli möçber bolmadyk ýagdaýynda göterim möçberini bellemegiň ýörelgesi barada umumy düzgünler;

– göterim döwrüniň  dowamlylygy (aýlaryň sany);

– karzyň öz wagtynda gaýtarylmadyk ýagdaýynda ýokarlandyrylan göterim möçberi we ýokarlandyrylan göterim möçberiniň tölenýän döwri.

*«Karzy üzmegiň tertibi we möhletleri» atly bölümde* karzy üzmegiň tertibi (karz alyjynyň özüniň töleg tabşyrygy bilen ýa-da karz alyjynyň karz beren bankdaky we beýleki banklardaky hasaplaryndan serişdeleri akseptsiz almak üçin bankyň töleg talaplary bilen), karz alyjyda olary doly üzmek üçin pul serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda esasy bergini we ol boýunça göterimleri tölemegiň nobatlylygy; karzy möhletinden öň üzmegiň şertleri kesgitlenilýär.

*«Karz bermegiň öň ýanyndaky şertler» atly bölümde* Türkmenistanyň täjirçilik banklary üçin täzelik bolan we daşary ýurtlarda we ýurduň içinde toplanan tejribäni hasaba almak bilen ulanylýan şertler görkezilýär. Bu zerur bolan resminamalar doly berilmedik ýagdaýynda karz bermek baradaky meseläni oňyn çözmäge we müşderi bilen özara gatnaşyklaryň başlangyç döwründe töwekgelçilikleri peseltmäge mümkinçilik berýär.

Karz bermegiň öň ýanyndaky şertler aşakdakylara degişlidir:

– ýörelgeleýin möhüm resminamalaryň nusgalaryny bermek, mysal üçin, karz alyjynyň esaslandyryş resminamalarynyň we ähli

ygtyýarnamalarynyň kepillendiriş edarasynda (notariusda) tassyklanan nusgalaryny bermek;

-karz alyjynyň özüniň hukuk derejesi we işewürlik abraýy barada aýdanlary ýalňyş bolan ýagdaýynda karz berijini karz bermek borçnamalaryndan boşatmak.

*«Kanuny tarapa we karz alyjynyň işewürlik abraýyna bildirilýän talaplar» atly bölümde* şu talaplara karz alyjy tarapyndan hukuk derejesiniň we özüniň karz şertnamasyny baglaşmak üçin zerur bolan hukuklarynyň bardygyny tassyklamak; özüniň karz berijä beren maliýe we beýleki maglumatlarynyň dogrudygyny tassyklamak; soňky çärýek balansy düzülenden soň onuň maliýe ýagdaýyndaky düýpli ýaramaz üýtgemeleriň bolmazlygy degişlidir.

*«Taraplaryň hukuklary we borçlary» atly bölümde* karz berijiniň we karz alyjynyň hukuklary we borçlary görkezilýär.

Karz berijiniň aşakdaky hukuklary bardyr:

– karzyň maksadalaýyk ulanylýandygyna we onuň üpjünçiligine barlaglary geçirmek, şol sanda karz alyjynyň ýerine baryp barlamak;

– karz alyjy tarapyndan karz şertnamasynyň şertleri bozulan ýagdaýynda täze karzlaryň berilmegini bes etmek;

– Merkezi bank tarapyndan göterim möçberiniň derejesi, Merkezi bankda täjirçilik banklary tarapyndan bellenilýän hökmany ätiýaçlyklaryň normalary üýtgedilen ýagdaýynda karzyň peýdalanylandygy üçin göterim möçberlerine bir taraplaýyn tertipde gaýtadan seretmek;

– karzyň tölenmeli möhleti uzaldylan ýagdaýynda karz alyjydan degişli öwezini doluş hakyny almak, şeýle hem karzyň goşmaça üpjünçiligini talap etmek.

Karz beriji aşakdakylara borçludyr:

– karz alyja karz şertnamasynda göz öňünde tutulan möçberlerde we möhletlerde karz bermek;

– bank tarapyndan karzyň möhletinden öň töletdirilmegi we onuň sebäpleri barada karz alyja habar bermek;

– her aýda, karz şertnamasynda bellenen möhletde karz alyja berlen karz üçin göterimleri hasaplap ýazmak.

Karz alyjynyň:

– karz boýunça bergisini möhletinden öň (doly ýa-da bölekleýin) üzmäge;

– zerur bolan esaslar bar bolanda karzyň möhletiniň uzaldylmagyny talap etmäge;

– karzy üzmegi we onuň üçin göterimleri tölemegi özüniň islendik hasabyndan, şol sanda başga bankda açylan hasaplaryndan geçirmäge;

– bank tarapyndan şertnamanyň şertleri berjaý edilmedik ýagdaýynda karz şertnamasyny bozmaga haky bardyr.

Karz alyjy:

– belli bir kesgitlenen möhletde karz berijä auditorlar tarapyndan tassyklanan ýyllyk buhgalter balanslaryny bermäge;

– karz berijä onuň talap etmegi boýunça karz alyjynyň maliýe – hojalyk işi barada beýleki resminamalary bermäge;

– emläge haýsydyr bir ýüküň düşmegine ýol bermezlige borçludyr;

– karz berijiniň deslapdan ýazmaça ylalaşygyny almazdan telekeçilik işini (emlägi ýa-da beýleki aktiwleri) tutuşlygyna ýa-da islendik düýpli bölegini satmaga, sowgat etmäge, karzyna we kärendesine bermäge haky ýokdur.

*«Karzyň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmek» atly bölümde* degişli resminamalaryň senesine we belgisine salgylanmak bilen, üpjün ediş borçnamalarynyň esasy görnüşleri (müşderiniň emlägini girewine goýmak, üçünji taraplaryň kepillendirmeleri we zamunlyklary) görkezilýär.

Karz alyjy tarapyndan birwagtda karzy yzyna gaýtarmagyň birnäçe görnüşleri peýdalanylyp bilner.

*«Jogapkärçilik» atly bölümde* karz alyjynyň jogapkärçilik çygry we ýol berlen bozulmalar üçin karz berijiniň temmi çäreleri kesgitlenilýär. Temmi çärelerine karz bermegi togtatmak we şertnama boýunça islendik borçnamanyň bozulmagynyň, karz alyjynyň batan diýlip hasap edilmeginiň, girew saklaýjy tarapyndan karz alyjynyň bar emläginiň ýa-da bar emläginiň diýen ýaly tutulyp alynmagynyň esasynda karzyň möhletinden öň üzülmegini talap etmek degişlidir.

*«Şertnamanyň goşmaça şertleri» atly bölümde* karz şertnamasynyň beýleki bölümlerde görkezilmedik şertleri, ýagny şertnama boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibi (karz alyjy tara-

pyndan karz berijä şertnamanyň şertleriniň düýpli bozulmagy, karzyň töletdirilmegi bilen baglanyşykly ähli çykdajylaryň we ýitgileriň öwezini dolmak we ş.m.), karz geleşigine täsir edýän ýagdaýlaryň üýtgän ýagdaýynda karz berijiniň hereketleri (mysal üçin, karzlaşdyrma boýunça çykdajylaryň artmagyny şertlendiren täze kanunçylygyň ýa-da Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň güýje girmegi karz alyja öz wagtynda hasabat berilmegini göz öňünde tutýar) we beýlekileri kesgitlenilýär.

*«Jedelleri çözmek» atly bölümde* taraplaryň arasyndaky jedelleri kazyýete ýüz tutmak arkaly çözmegiň tertibi bellenilýär.

*«Taraplaryň hukuk salgylary, gollar» atly bölüm* karz berijiniň we karz alyjynyň atlaryny, olaryň hukuk salgylaryny, hasaplaryň belgilerini karz şertnamasyna gol çeken adamlaryň wezipelerini we gollaryny, möhüri öz içine alýar.

Karz alyjyda karz şertnamasynyň käbir şertlerini üýtgetmek zerurlygy ýüze çykanda müşderi esaslandyrylan towakganama bilen banka ýüz tutýar, bank oňa seredýär we oňyn çözgüde gelnen ýagdaýynda goşmaça ylalaşyk baglaşýar.

Karz şertnamasynyň kanuny taraplara degişlilikde beýan edilen esasy düzgünleri, köp babatda, ilat bilen baglaşylan şertnamalara hem degişli bolýar.

# XVI BAP. KARZYŇ YZYNA GAÝTARYLYŞYNA GÖZEGÇILIK WE ONUŇ GAÝTARYLMAGYNY ÜPJÜN ETMEK

## 16.1. Karzyň yzyna gaýtarylyşyna gözegçilik

Karzyň yzyna gaýtarylmagy karz gatnaşyklaryny ykdysady gatnaşyklaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrýan esas goýujy häsiýet bolmak bilen, ol öz-özünden bolup geçmeýär. Ol durmuşa geçirmegiň aýratyn mehanizmini we gözegçilik edilmegini talap edär.

Bu mehanizm bir tarapdan karzy gaýtarmak hereketiniň esasynda ýatan ykdysady proseslere, beýleki tarapdan, karz berijiniň we karz alyjynyň karz geleşiginde tutýan orunlaryndan gelip çykýan, olaryň

arasyndaky hukuk gatnaşyklaryna esaslanýar. Karzy gaýtarmagyň ykdysady esasyny üznüksiz önümçilik işine gatnaşyjylaryň dolanyşygy we olaryň gaznalarynyň dolanyşygy, şeýle hem karzyň hereket ediş kanunlary düzýär. Emma karzy gaýtarmagyň hakyky ykdysady esasynyň bolmagy aýratyn karz geleşigi babatynda karz töwekgelçiliginiň ýüze çykmak mümkinçiligini aradan aýyrmaýar. Diňe karz berlen gymmatyň hereketini maksadalaýyk dolandyrmak onuň saklanyşyny, berilýän karz serişdesiniň we yzyna gaýtarylýan gymmatyň ekwiwalentligini (deň gelmegini) üpjün edýär.

Karz geleşigine iki tarapyň, ýagny karz berijiniň we karz alyjynyň gatnaşýandygy sebäpli, karzy gaýtarmagy guramagyň mehanizmi olaryň her biriniň bu işdäki ornuny göz öňünde tutýar.

Karz beriji karz bermek bilen, karz işini guraýjy bolup çykyş edýär we öz bähbitlerini goraýar. Ol karz serişdeleriniň goýlan ugruny, ony üzmegiň usullaryny we karz geleşiginiň şertlerini karz berlen gymmatyň öz wagtynda we doly yzyna gaýtarylmagy üçin esas döredip biler ýaly derejede saýlap alýar. Emma görkezilen gymmatyň yzyna tarap hereketi ony öz dolanyşygynda peýdalanýan karz alyjynyň karza ukyplylygyna, karz bazarynyň umumy ykdysady konýunkturasyna baglydyr.

Karz geleşigi karz alýanyň degişli bergini gaýtarmak borjunyň ýüze çykmagyny göz öňünde tutýar. Iş tejribesi borçnamalaryň bolmagynyň (dürli görnüşde) yzyna gaýtarmagyň kepillendirilendigini we öz wagtynda gaýtaryljakdygyny aňlatmaýandygyny görkezýär. Ykdysadyýetdäki hümmetsizlenme ýagdaýlary berlen karzyň pul möçberiniň bahasynyň gaçmagyna, karz alyjynyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň bolsa karzyň yzyna gaýtarylmaly möhletleriniň bozulmagyna getirip biler. Şonuň üçin hem banklaryň köp ýyllyk iş tejribesi karzy gaýtarmagy guramagyň mehanizmini işläp taýýarlady. Bu aşakdakylary öz içine alýar:

– karz berilýän döwründe karz töwekgelçiligini anyklamak, bu karz alyjnyň maliýe ýagdaýyny seljermegi, onuň pul akymlaryny çaklamagy, karz taryhyny, işewürlik töwekgelçiligini, menejmetiň hilini öwrenmegi göz öňünde tutýar;

– berlen karzyň hiline yzygiderli baha bermegiň esasynda karz töwekgelçiligine gözegçilik etmek we karz şertnamasynyň şertleriniň berjaý edilişini seljermek;

– birinji we ikinji çeşmeleri peýdalanmagyň esasynda karzy üzmegi guramak.

Şeýlelikde, karzy gaýtarmagy guramagyň mehanizmi karz bermegiň ähli tapgyrlarynda, ýagny onuň berilýän, peýdalanylan we üzülýän döwürlerinde karz töwekgelçiligini peseltmek boýunça bankyň maksada gönükdirilen hereketlerini gurşap alýar.

Şonda karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň ähli tapgyrlarynda karzlary üzmegiň birinji we ikinji çeşmelerini peýdalanmak mehanizmi aýratyn görkezilýär. *Birinji çeşmelere* önümleri ýerlemekden ýa-da hyzmatlary etmekden alynýan girdeji (edara görnüşli taraplar babatynda), girdejileriň dürli görnüşleri (şahsy taraplar babatynda) degişlidir.

Girdejileriň *ikinji çeşmelerine* karz alyjynyň girew goýan emlägini ýerlemekden alnan girdeji, üçünji taraplaryň kepillendirmeleri we zamunlyklary degişlidir.

Daşary ýurt bank tejribesinde karz geleşigini baglaşmak mümkinçiligine seredilende öňi bilen, birinji çeşmeden ugur almagy «altyn» kada hasap edýärler.

Emma diňe maliýe taýdan durnukly müşderilerde birinji çeşme (düşewünt, girdeji) karzy gaýtarmagyň hakyky kepili bolup durýar. Şolar ýaly müşderilere ýokary düşewüntlilik derejesi we öz maýasy bilen üpjünçiligi ýokary bolan kärhanalar degişlidir. Şonuň ýaly kärhanalarda diňe bir pul serişdeleriniň yzygiderli gelmegi bolup geçmän, eýsem peýdanyň emele gelmegi babatynda pul serişdeleriniň artmagy, şeýle hem öz maýasynyň üstüniň ýetirilmegi-de bolup geçýär.

Şeýle-de bolsa, önümçilikden we gymmatlyklary ýerlemekden alynýan girdejiniň öz wagtynda gelip gowuşmagy, satyn alyjylar bilen hasaplaşyklaryň ýagdaýy, bazarda konýunkturanyň üýtgemegi, möwsümleýin bolýan üýtgemeler we ş.m. bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň ýüze çykýan ýagdaýy seýrek bolmaýar. Şunuň ýaly ýagdaýda karzy gaýtarmagyň goşmaça kepillendirmelerine zerurlyk ýüze çykýar, bu bolsa ikinji çeşmäni we ony peýdalanmagyň usullaryny gözläp tapmagy talap edýär.

## 16.2. Karzyň üpjünçiliginiň görnüşleri

**Müşderiniň emlägini girew goýmak** bank karzyny ikinji çeşme arkaly yzyna gaýtarmagy üpjün etmegiň has giň ýaýran görnüşidir. Emlägi girewine goýmak girew hakyndaky şertnama bilen resmileşdirilýär, oňa iki tarap hem gol çekýär. Bu şertnama karz beriijiniň karz alyjy tarapyndan töleg borçnamalarynyň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda girew goýlan emlägiň bahasyndan talaplaryny kanagatlandyrmak hukugyny tassyklaýar.

Girew goýmagy peýdalanmak ony ulanmagyň mehanizminiň bolmagyny talap edýär. **Girew mehanizmi,** ýagny girew hakyndaky şertnamany taýýarlamak, baglaşmak we peýdalanmak işi karz şertnamasyny baglaşmagyň şerti hökmünde karz ýüztutmasyna seredilýän pursadyndan hereket edip başlaýar.

Girew mehanizmini peýdalanmagyň esasy tapgyrlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1) girew predmetlerini we görnüşlerini saýlap almak;
2) girew predmetlerine baha bermegi amala aşyrmak;
3) girew hakynda şertnamany düzmek we ýerine ýetirmek;
4) girewiň hasabyna töletdirmegiň tertibi.

Dürli görnüşdäki emläkler, şol sanda zatlar we emläk hukuklary (talaplary) **girew predmeti** bolup biler. Dolanyşykdan alnan emläk, şeýle hem başga tarapa berilmegi kanunda gadagan edilen hukuklar, girew goýany geljekde edinjek zatlary we emläk hukuklary muňa girmeýär.

Müşderiniň emläginiň girew predmeti bolup bilmegi üçin ol kabul ederlik we ýeterlik bolmak ölçeglerine laýyk gelmelidir. *Kabul ederlik ölçegi* girew predmetiniň hil babatda anyklygyny, *ýeterlik bolmak ölçegi* bolsa mukdar anyklygyny görkezýär. Girew predmetiniň hil we mukdar anyklygyna bildirilýän umumy we özüne mahsus talaplary bardyr.

Olaryň maddy-zat mazmunyna garamazdan, girew predmetleriniň hil tarapyna bildirilýän umumy talaplar girew predmetleriniň (zatlaryň we emläk hukuklarynyň):

1) karz alyja (girew goýýan tarapa) degişli ýa-da onuň hojalyk garamagynda bolmalydygyna;

2) pul bahasynyň bolmalydygyna;

3) likwidli bolmalydygyna syrykdyrylýar.

Predmetleriň hil babatda anyklygyna bildirilýän umumy talaplar girew goýlan emlägiň bahasynyň karzyň we onuň üçin tölenmeli göterimleriň möçberinden köp bolmalydygy bilen aňladylýar.

Girew mehanizmi girewiň görnüşleriniň saýlanyp alynmagyny öz içine alýar. Girewiň ýene bir görnüşi **zat goýmy** girewi bolup, ol goýlan gymmatlyklaryň karz berijä, ýagny banka berilmegini göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda karz alyjy goýlan emlägiň eýesi bolup galýar, ýöne oňa ygtyýar edip we ony peýdalanyp bilmeýär. Karz beriji zat goýlanda goýlan emlägi peýdalanmak hukugyny alýar, goýlan zady saklamak, onuň ýitirilendigi we zaýalanandygy üçin jogapkärçilik çekmek borjy oňa geçýär.

Bankda ammar jaýlarynyň ýokdugy sebäpli haryt-maddy gymmatlyklary girew goýmak çäkli derejede ulanylýar. Zat goýmak girewiniň predmeti bolup köp ýurtlarda daşary ýurt puly, gymmatly metallar, sungat eserleri, bezeg şaýlary çykyş edýär.

Girew berijide goýlan predmetlere olaryň girew goýlandygy barada bellik goýlan bolsa, onda bu *durnukly girew* bolýar. Bu ýagdaýda karz alyjynyň goýlan gymmatlyklary peýdalanmaga (harçlamaga) haky ýokdur. Durnukly girewiň ulanylýan çygry çäklidir, çünki ol gündelik sarp etmek üçin niýetlenen gymmatlyklara degişli däldir.

Gymmatlyklar girew berijide galdyrylanda zat goýma girewiniň has giň ýaýran görnüşi *dolanyşykdaky harydy girew goýmak* bolup durýar. Bu ýagdaýda girew beriji girew goýlan gymmatlyklara gönüden-göni eýeçilik edýär we olary harçlap bilýär. Dolanyşykdaky harytlary girew goýmak daşary ýurtlaryň banklarynyň iş tejribesinde söwda guramalary karzlaşdyrylanda ulanylar. Bu guramalarda satuwa çykarmak üçin gymmatlyklaryň ätiýaçlyklary hemişe bolmalydyr. Girewiň bu görnüşinde girewe goýlan bir gymmatlyklary başga bir gymmatlyk bilen çalşyp bolar, ýöne harytlary satmagyň şerti sarp edilen gymmatlyklaryň möçberinde olaryň gaýtadan dikeldilmegi bolup durýar.

*Gaýtadan işlenýän harytlary girew goýmak daşary ýurtlarda* senagat kärhanalary, hususan-da, oba hojalyk çig malyny gaýtadan

işleýän kärhanalar karzlaşdyrylanda ulanylýar. Girewiň bu görnüşiniň aýratynlygy karz alyjynyň girewiň predmetine goşulan, girew goýlan çig maly we materiallary önümçilikde peýdalanyp we olary taýýar önüme çalşyp bilmek hukugyndan ybaratdyr. Gaýtadan işlemek üçin niýetlenen gymmatlyklaryň ammardan kärhananyň sehine geçirilmegine ýol berilýär.

Girewi peýdalanmagyň käbir aýratynlyklary ipoteka karzlarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaýda gozgalmaýan emlägiň girew goýulmagy (*ipoteka*) bolup geçýär. Ol şahsy taraplara, ýagny ilata ýaşaýyş jaýlaryny edinmek, gurluşyk ýa-da ýer gurluşyk işlerini geçirmek üçin uzak möhletli karzlar berlende peýdalanylýar. Türkmenistanda ipotekany karz şertnamasy borçnamalarynyň üpjünçiligi hökmünde peýdalanmak Bank kanunlary we Raýat kodeksi bilen düzgünleşdirilýär.

Dünýäniň bank tejribesinde ipotekanyň obýektleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– ýer bölekleri;

– kärhana, şeýle hem binalar, desgalar we telekeçilik işinde peýdalanylýan beýleki gozgalmaýan emläkler;

– ýaşaýyş jaýlary, öýler we ýaşaýyş jaýlarynyň we öýleriň bir bölegi;

– bag öýleri, garaž we sarp ediş maksatly beýleki ymaratlar;

– howa we deňiz gämileri, içerki suwlarda ýüzýän gämiler we kosmos obýektleri.

Karz berlende diňe bir müşderiniň emlägi däl, eýsem emläk hukuklary hem girew predmeti bolup çykyş edýär. Şonuň netijesinde girewiň özbaşdak görnüşi – *hukuklaryň girewi* bölünip aýrylýar. Bu ýagdaýda girew obýekti bolup kärendeçiniň binalara, desgalara, ýere, awtoryň hak almaga bolan hukuklary, buýrujynyň potrat şertnamasy boýunça, komissioneriň komissiýa şertnamasy boýunça hukuklary, beýleki hukuklar çykyş edýär. Karzyň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmek üçin hukuk girewi peýdalanylanda bank pul serişdeleriniň karz alyja gelip gowuşýan möhletiniň karzyň üzülmeli möhletine laýyk gelýändigine göz ýetirmelidir.

*Girew goýlan predmete baha bermek* girew mehanizminiň möhüm bölegi bolup durýar. Halkara iş tejribesi aşakdaky ýörelgeleri işläp taýýarlady:

1) girew predmetleriniň köp bölegine bazar bahasy boýunça nyrh kesilýär;
2) karz töwekgelçiliginiň üstüni islendik wagtda ýapmak üçin, kabul edilen üpjünçilige yzygiderli gaýtadan nyrh kesilýär;
3) girew predmetlerine nyrh kesmegi degişli hünäri bolan hünärmenler geçirmelidir;
4) sungat eserleriniň, antikwariatlaryň we beýleki predmetleriň hakykylygy we gymmaty tassyklanmalydyr;
5) girew hökmünde haryt-maddy gymmatlyklar peýdalanylanda onuň gymmaty girew üpjünçiligine döwürleýin nyrh kesmegi geçirmek üçin çykdajylary, aýratyn hem nyrh kesmäge garaşsyz bilermenler çekilen ýagdaýynda çykdajylar goşulmalydyr;
6) girewe nyrh kesilende ýatyryş gymmaty we emlägi ýerlemek üçin çykdajylar dogry kesgitlenmelidir.

*Girew hakynda şertnamany düzmek we ýerine ýetirmek* girew mehanizminiň möhüm bölegidir. Kanunçylyga laýyklykda girew hakyndaky şertnama görnüşi we mazmuny boýunça belli bir talaplara laýyk gelmelidir.

Girew hakynda şertnamanyň görnüşine aşakdaky talaplar bildirilýär:

1) girew hakynda şertnama ýazmaça görnüşde taýýarlanylýar. Düzgün bolşy ýaly, iki tarapyň gol çekýän we möhür basyp tassyklaýan ýeke-täk resminamasy düzülýär;
2) ipoteka hakyndaky şertnama hökmany suratda kepillendiriş edarasynda (notariusda) tassyklanylýar.
3) ipoteka hakyndaky şertnama emlägi dolandyrmak boýunça ýerli edaralarda hasaba alynýar;
4) döwlet emläginiň ipoteka şertnamasy degişli edara tarapyndan rugsat berlen ýagdaýynda hakykydyr.

Emlägi ýa-da girew goýujynyň emläk hukuklaryny girewine goýmagyň görnüşine bildirilýän talaplaryň berjaý edilmezligi şertnamanyň hakyky däl diýip hasaplanmagyna getirer.

Girew hukugyny we girew mehanizmini durmuşa geçirmegiň jemleýji tapgyry *girewiň hasabyna töletdirmek tertibi* bolup durýar. Karz alyjy tarapyndan özüniň girew bilen üpjün edilen borçna-

malarynyň ýerine ýetirilmezligi goýlan emlägi we emläk hukuklaryny töletdirmek üçin esas bolup durýar.

Karz berijide (bankda) girew goýlan emlägiň hasabyna töletdirmek hukugynyň ýüze çykýan möhleti aşakdakylardyr:

1) borçnamalaryň ýerine ýetirilmeli möhletiniň (karzyň möhletiniň) tamamlanýan pursady;

2) karzyň üzülmeli möhleti, girew hakynda şertnamada görkezilen möhleti goşmak bilen.

Halkara tejribesinde girewiň hasabyna töletdirmegiň iki usuly bellenýär.

*Birinji usul* kazyýete talap arzasyny bermek usuly. Ol aşakdaky ýagdaýlarda peýdalanylýar:

– girewiň predmeti gozgalmaýan emläk bolsa;

– girew hakynda şertnama baglaşmak üçin başga bir tarapyň ýa-da edaranyň ylalaşygy ýa-da rugsady talap edilýän ýagdaýynda;

– jemgyýetçilik üçin uly çeperçilik, taryhy ýa-da başga bir gymmaty bar bolan emläk girewiň predmeti bolsa;

– girew goýujy ýok we onuň ýerleşýän ýerini anyklamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda.

Karz beriji kazyýete talap arzasy bilen ýüz tutýar, arzanyň ýanyna zerur bolan resminamalar goşulýar.

*Ikinji usul* kazyýetiň çözgüdi kabul edilmezden, aşakdaky ýagdaýlarda peýdalanylýar.

– gozgalýan emläk babatynda, eger bu girew şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa ýa-da bank bilen girew goýujynyň arasyndaky goşmaça ýazmaça ylalaşykda bellenen bolsa;

– gozgalmaýan emläk barada, bank bilen girew goýujynyň arasyndaky karz şertnamasy boýunça töleg möhleti tamamlanandan soň kepillendiriş edarasynda (notariusda) tassyklanan şertnama baglaşylan bolsa.

Girew goýlan emläk töletdirmegiň iki usulynda hem köpçülikleýin söwdalarda satmak ýoly bilen ýerlenýär. Emlägiň başky satuw bahasy, emlägiň hasabyna töletdirmek kazyýet tertibinde geçirilýän bolsa, kazyýetiň çözgüdi, galan ýagdaýlarda bolsa girew saklaýjy bilen girew goýujynyň ylalaşygy bilen kesgitlenilýär.

Girew goýlan emläk söwdalarda iň ýokary bahany teklip eden tarapa satylýar.

Girew goýlan emlägi ýerlemekden alnan girdeji karz berijini (banky) kanagatlandyrýan möçberden ýokary bolsa, onda galan serişdeler girew berijä berilýär.

Karzyň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmegiň **kepillendirme** we **zamunlyk** ýaly görnüşlerinde karz alyjynyň emläk jogapkärçiligini üçünji tarap çekýär. Kepillendirmeleriň görnüşleri kepillendiriş borçnamasynyň subýekti, kepilleri resmileşdirmegiň tertibi, tölegi kepillendirmek üçin peýdalanylýan serişdeleriň çeşmeleri boýunça tapawutlandyrylýar.

Zamunlyk bankyň edara görnüşli hem-de şahsy taraplar bilen özara gatnaşyklarynda ulanylýar we ýazmaça görnüşdäki şertnamada resmileşdirilýär. Zamunlygyň ýazmaça görnüşiniň berjaý edilmezligi şertnamanyň hakyky däl hasap edilmegine getirýär. Şu şertnama laýyklykda zamun bolýan tarap bergidaryň borçlarynyň karzlaryň we ol boýunça göterimleriň doly ýa-da olaryň bir böleginiň (mysal üçin, diňe göterimleriň) möçberinde tölenjekdigi üçin karz berijiniň öňünde jogap bermäge borçlanýar. Zamunlyk şertnamasy karz beriji bank bilen zamun bolýanyň arasynda, karz alyjy gatnaşmazdan baglaşylyp bilner.

Zamunlyk şertnamasy boýunça bergidaryň (karz alanyň) bankyň öňündäki borçnamalary boýunça raýdaşlyk jogapkärçiligi ýüze çykýar. Bu zamyn bolýan karz alyja bergini tölemek barada gönüden-göni ýüz tutanyndan we karzy üzmekden boýun gaçyrýandygy barada habar alandan soň bankyň zamun bolýana talap bildirip bilýändigini aňladýar.

Zamunlyk onuň üpjün eden karz borçnamalary tamamlanan pursatynda bes edilýär.

Zamunlyk şertnamasy alnandan banklar onuň mazmunyny, resmileşdirilişini we gollaryň dogrulygyny we öz gollaryny goýan adamlaryň ygtyýarlyklaryny doly barlamalydyrlar. Daşary ýurt banklarynyň iş tejribesinde bu maksatlar üçin ygtyýarly adamlaryň (gollaryň) kitaby bolýar, onda töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan adamlaryň topary, olaryň gollarynyň nusgalary bolýar. Şertnamada şu

zamunlygyň kime we näme üçin, haýsy borçnamanyň ýerine ýetirilmegi üçin berlendigi, karz alyjy üçin jogap bermäge maksadyň bardygy takyk kesgitlenmelidir.

# XVII BAP. EDARA GÖRNÜŞLI TARAPLARY KARZLAŞDYRMAGYŇ HÄZIRKIZAMAN USULLARY

## 17. 1. Owerdraft boýunça karzlaşdyrmak

Karzlaşdyrmagyň häzirkizaman ulgamynda edara görnüşli we şahsy taraplara berilýän karzlar tapawutlandyrylýar.

Edara görnüşli taraplara berilýän karzlaryň toparyna owerdraft boýunça, karz liniýasynyň çäklerinde birikdirilen obýektler boýunça, kontokorrent boýunça karzlar, jebislendirilen, maksatlaýyn, şeýle hem beýleki karzlar degişlidir.

**Owerdraft,** bu müşderide erkin pul serişdeleriniň bolmadyk ýagdaýynda bank tarapyndan serişdeleriň berilmegidir.

Bu müşderiniň hasaplaşyk hasabynda otrisatel (ýaramaz) balans emele gelende, serişdeleriň sarp edilen, ýöne üzülmegini talap edýän goşmaça töleg borçnamalarynyň bar ýagdaýynda bolýar. Tehniki ýagdaý barada aýdylanda hasabyň debeti boýunça tölegleriň jemi möçberi hasabyň karz boýunça serişdeleriniň möçberinden artyk gelýär we debet galyndysy ýüze çykýar. Owerdraft boýunça karz bu galyndynyň üstüni ýapýar.

Owerdraft boýunça karzlaşdyrmak karzlaşdyrmagyň beýleki görnüşlerinden hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň ýetmezçiligi karzlaşdyrylanda bank bilen karz alyjynyň özara gatnaşyklarynyň bank hasabynyň şertnamasy (hasaplaşyk-kassa hyzmaty barada şertnama) ýa-da oňa goşmaça ylalaşyk bilen düzgünleşdirilýändigi bilen tapawutlanýar. Karz şertnamasy şunuň ýaly ýagdaýda bank hasaby şertnamasyna goşmaça hökmünde çykyş edýär.

Owerdraftda maksatlaýyn häsiýet ýörelgesi aýdyň ýüze çykmaýar. Bank hasabynyň şertnamasy boýunça bank, käbir çäklendirmeler bilen,

*töleg dolanyşygyndaky ýetmezçiligiň üstüni ýapýar* (müşderiniň borçnamalary boýunça tölenmedik hasaplaşyk resminamalarynyň saldosy).

Hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň ýetmezçiligini karzlaşdyrmagyň aýratynlyklarynyň biri hem müşderiler-karz alyjylar bilen baglydyr. Halkara iş tejribesinde şunuň ýaly karzlary esasy alyjylar bolup iri kärhanalar, köplenç ýagdaýda söwda we hyzmat kärhanalary, seýrek ýagdaýda senagat kärhanalary çykyş edýärler. Karz alyjylar diňe ygtybarly müşderilerdir.

Iş tejribesi banklaryň:

– şu bankda hasaplaşyk hasabyna açýan müşderileri;

– durnukly karza ukyplylygy bolan müşderileri;

– borçnamalarynyň üstüni ýapýan durnukly pul akymy bolan müşderileri;

– býujete bergileri boýunça, harytlar we hyzmatlar üçin, bank karzlary boýunça möhleti geçirilen bergileriň bolmagyna ýol bermeýän müşderileri;

– özüniň esasy önümini ýerlemek boýunça bazarda durnukly ýagdaýy bolan müşderileri ileri tutýandyklaryny görkezýär.

Banklar diňe öz karzlary bilen töleg dolanyşygyndaky *wagtlaýyn* ýetmezçiligiň, has takygy karz serişdelerine bolan *gysga wagtlyk* (köplenç, birnäçe günlük) islegiň üstüni ýapýarlar. Karzlaşdyrmagyň bu görnüşine töleg häsiýeti, karza ukyplylygyň birinji derejesine degişli karz alyjynyň obýektiw we aram-aram ýüze çykýan gysga wagtlyk isleginiň üstüni ýapma häsiýeti mahsusdyr.

**Karzlaşdyrma limiti – çäkleri.** Bank karzlarynyň seredilýän görnüşiniň möhüm aýratynlygy olaryň çäklendirilmeginden ybaratdyr. **Limit,** munuň özi karz alyjy müşderiniň bankdan belli bir möçberde serişde almaga bolan aňryçäk hukugydyr. Bu hukuk karz alyjy müşderiniň gelip gowuşýan pul serişdeleriniň (öňi bilen hem, önümi ýerlemekden alynýan girdejiniň) hasabyna karzy üzmek mümkinçiliginden ugur almak bilen kesgitlenilýär.

Şunda karz alyjynyň hasaplaşyk hasabyna her aýda gelip gowuşýan karzlaryň ortaça ähmiýeti esas edilip alynýar. Bu gelip gowuşmalaryň paýy banklar boýunça hasaplaşyk hasaby boýunça halkara tejribesinde karz dolanyşygynyň her aýdaky möçberiniň 5%-inden 35%-ine çenli üýtgäp durýar.

Limitiň möçberini uzak döwre (halkara kadalary boýunça bir ýyla, käbir banklar 180 güne) hasaplaýarlar we oňa her aýda düzediş girizýärler.

Banklaryň iş tejribesinde limitleriň *standart limit* (serişdeleriň bir deň dolanyşygy bolan subýektler üçin bellenýär, her çärýekde seredilýär), *üýtgäp durýan limit* (möwsümleýin önümçiliklerde şertnamanyň şertleriniň bozulandygy üçin çäre hökmünde ýa-da karz alyjynyň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşanda önümçiligiň we önümleri ýerlemegiň möçberiniň artmagy bilen baglanyşykly karz serişdä isleg artanda) ulanylýar, *inkassasiýa üçin limit (k*arz alyjynyň hasaplaşyk hasaby boýunça karz dolanyşyklaryň 50%-inden az bolmadyk möçberini banka tabşyrylýan pul serişdelerini inkassasiýa etmekden alynýan girdejiniň tutýan ýagdaýynda) we beýleki görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Karz hasabyndan tölegler.** Karzlaşdyrma limiti karz şertnamasynda görkezilýär. Iki tarap oňa gol çekenden soň karz alyja karz serişdesi berilýär. Bankyň karzlar boýunça hünärmeni hasaplaşyk bölümine karz hasabyny açmak barada görkezme berýär, şondan soň karzy tehniki taýdan bermek bolup geçýär. Karz hasabyndan:

1) önümçilik işinde peýdalanylýan harytlar we hyzmatlar üçin töleg tölenýär;
2) salgytlar we beýleki hökmany geçirimler tölenýär;
3) gündelik çykdajylar boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylýar;
4) kärende tölegi geçirilýär;
5) karz alyjy tarapyndan berilýän akkreditiwler boýunça tölegler geçirilýär.

Müşderiniň hasaplaşyk hasabynda öz serişdeleriniň gutaryp, galan borçnamalary tölemek zerurlygy ýüze çykanda karz hasaby „işe girizilýär». Günüň ahyryna çenli tölenmedik töleg resminamalarynyň möçberi aýratyn açylan karz hasaby boýunça bergi görnüşinde karz bermek hökmünde görkezilýär. Şonda, karz alyjynyň maksatly karzlar boýunça beýleki karz hasaplary bolup biler.

**Karzlary üzmek we karzlaşdyrmak möhleti.** Karzlar müşderiniň hasaplaşyk hasabyna gelip gowuşýan pul serişdeleriniň hasabyna, tölegleri geçirmegiň kanunçylykda bellenen nobatlylygyna we

hasaplaşyk hasabyny karzlaşdyrmak baradaky ylalaşyga laýyklykda üzülýär.

Karzlary üzmegiň möhleti kanunçylykda bellenen däldir. Halkara kadalaryna görä owerdraft boýunça üznüksiz berginiň möhleti 3 günden 14 güne çenli, käbir ýagdaýlarda 30 günüň çäklerinde bellenilýär.

**Karzy üpjün etmek.** Hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýetmezçiligini karzlaşdyrmak mümkinçiligini banklaryň köpüsi karzy üpjün etmek bilen baglanyşdyrýarlar. Bank karzlarynyň yzyna gaýtarylmagyny karzy alyjynyň bankdaky hasabyna pul serişdeleriniň durnukly gelip gowuşmagy, şeýle hem müşderiniň haryt girewi, gozgalmaýan emläk, gymmatly kagyzlar, edara görnüşli we şahsy taraplara kepillendirmeleri ýa-da ýerleşdirilen goýumlar üpjün edýär. Halkara iş tejribesinde bu karzlar üpjünçiligi hasaba almazdan, diňe birinji derejeli karz alyjylara berilýär.

**Karzyň peýdalanylandygy üçin töleg.** Karz alyjy karzy üzmekden başga-da, banka karz göterimini hem töleýär, ol her günde we amallar gününiň ahyrynda karz bergisiniň galan möçberine hasaplanyp ýazylýar. Karz üçin töleg az bolýar, çünki töleg diňe hakyky peýdalanylýan karz serişdeler üçin geçirilýär. Karz göterimi karz bergisi her gezek üzülende tölenýär.

Karz üçin töleg bilen bir hatarda karz alyjy owerdraft karzlaşdyrmasy düzgüninde hasaplaşyk hasabyny alyp barandygy üçin bellenen limitiň möçberiniň kesgitlenen möçberinde hyzmat hakyny (komissiýa) töleýär. Göterim limitiň peýdalanylmandygy üçin hem tölenýär. Ol islendik pursatda müşderiniň hasabyna geçirilmäge taýýar bolan serişdeleri ätiýaçlykda goýmak, olary dolanyşykdan çykarmak bilen baglanyşykly bankyň çekýän çykdajylarynyň öwezini dolmak hökmünde tölenýär. Bu hyzmat haky karz alyjy tarapyndan tassyklanan limitiň hereket edýän möhletiniň dowamynda her aýda tölenýär.

Käbir banklar hyzmat hakyny bellemeýärler-de hasaplaşyk-kassa hyzmatynyň möçberini we beýleki bank karzlary boýunça möçberleri artdyrýarlar.

Tölegleriň yzyna gaýtarylmagynyň gijikdirilendigi üçin karz alyjy banka tölegiň geçirilmeli gününden başlap onuň geçirilen gü-

nüne çenli töleg möhletiniň geçirilen her güni üçin tölenmedik tölegi üçin bellenilen möçberde puşmana tölegini töleýär.

**Karzlaşdyrmagyň barşynda gözegçilik etmek.** Karzlaşdyrmagyň seredilýän görnüşinde gözegçilik edilýän obýektleri beýleki karz berme görnüşlerindäki ýaly obýektler bolup durýar, ýöne şu görnüşiň aýratynlygyna mahsus bolan öwüşgin alýar.

Karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna, onuň hasaplaşyk hasabyna gelip gowuşýan serişdeleriň möçberine we hereketine, ýagny karzlaşdyrma limitiniň berjaý edilişine üns bermek gerek.

*Karz hasaby boýunça dolanyşyklar* hem gözegçilik obýekti bolup durýar. Hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýetmezçiligini karzlaşdyrmagyň gysga möhletli häsiýeti bolýar we ol diňe önümleri ýerlemekden alynýan girdeji bilen öwezi dolunýan önümçilik harajatlary babatynda mümkindir.

*Maddy ätiýaçlyklar, debitor bergiler* banklaryň aýratyn üns berýän obýektleridir.

Bank seljerişiniň maglumatlary töwekgelçilikleri peseltmek we ýeterlik derejede girdeji almak isleýän banklara öňüni alyş çärelerini (karz alyja öz talaplaryny bildirmek, olaryň ýerine ýetirilmändigi üçin jerime çärelerini girizmek) görmäge, karzlary has özüne çekiji şertlerde täze karzlary bermäge, göterim möçberini peseltmäge (bellenen karzlaşdyrma limitiniň çäklerinde karzyň işjeň peýdalanylan ýagdaýynda) mümkinçilik berýär.

**Karz alyjynyň nukdaýnazaryndan owerdraftyň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri.** Edil beýleki karzlaşdyrmalar ýaly, hasaplaşyk hasabynda erkin pul serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda karzlaşdyrmak hem karz alyjynyň dolanyşyk maýasynyň dolanyşygynyň üznüksizligini we çaltlandyrylmagyny üpjün edýär. Şu görnüşde karzlaşdyrma köp babatda, karz serişdeleri peýdalanmagy olara bolan islegiň ýüze çykyşyny hasaba almak bilen üpjün edilýär. Bu çeýe görnüş  karz alyjyda her pursatda karza bolan hakyky islegi görkezýän gündelik berginiň bolmagyna mümkinçilik berýär.

Müşderiler üçin karzlaşdyrmagyň şu görnüşiniň öňünden görülýän häsiýeti bardyr. Karz bankyň talap etmegi boýunça üzülýär we karz alyjy kyn wagtda öz borçnamalary boýunça töleg çeşmesinden kesilip biler.

Şunuň ýaly karz karz alyjynyň hojalygynda diňe onuň dolanyşyk maýasynyň dolanyşygynyň durnukly we birsydyrgyn ösýän şertlerinde peýdalanylýan gysga möhletli töleg çeşmesi hökmünde netijeli işleýär.

**Karz edarasynyň nukdaýnazaryndan owerdraftyň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri.** Hasaplaşyk hasabynda erkin pul serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda bu hasaby karzlaşdyrmagyň artykmaçlyklary *karzy resmileşdirmegiň ýönekeýligi* bilen baglydyr. Karzlaşdyrmagyň bu gadymy görnüşi karzy açmagy, bermegi we üzmegi resmileşdirmegiň tehnologiýasy netijesinde bank üçin hemişe özüne çekiji görnüş bolupdy. Ol karz berilýän pursatda serişdeleriň ýetmezçiliginiň emele gelmeginiň sebäplerini seljermegiň zerur däldigi sebäpli, karzy resmileşdirýän işgäre hem, müşderiniň hasabyny ýöredýän hünärmene-de amatlydyr.

Karzy resmileşdirmegiň ýönekeýligi ony *bermegiň we üzmegiň çaltlygy* bilen utgaşýar.

Owerdraft bank üçin *müşderini höweslendiriş guraly* bolup durýar. Bu birinji derejeli karza ukyply müşderiler üçin ýeňillik bolup, täze müşderileri çekmegiň we oňa karz-hasaplaşyk hyzmatyny etmekden girdeji almagyň goşmaça usulydyr. Owerdraftyň kömegi bilen banklar özleriniň gysga möhletli likwidliligini netijeli dolandyryp bilerler.

Hasaplaşyk hasabynda erkin pul serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda bu hasaby karzlaşdyrmagyň ýetmezçiliklerine karzyň karz alyjynyň göz öňünde tutulmadyk harajatlaryna çekilip biljekdigini, kynçylyk döredýän karzlaryň emele gelmeginiň hasabyna bankyň karz bukjasynyň hiliniň ýaramazlaşmagyny, bu görnüşiň peýdalanylýan çäkleriniň bozulmagyny degişli edip bolar.

## 17.2. Karz ugrunyň çäklerinde birikdirilen obýektler boýunça gysga möhletli karzlaşdyrmak

**Karz alýan müşderileriň häsiýetnamasy.** Guramaçylyk-ykdysady babatda karz ugrunyň çäklerinde birikdirilen obýektler boýunça gysga möhletli karzlaşdyrmagyň birnäçe aýratynlyklary bardyr. Karz diňe edara görnüşli taraplara berilýär, köplenç iri kärhanalar müşderi bolýarlar. Bir gezeklik we gysga möhletli däl-de hemişe karz

serişdelere mätäçlik çekýän kärhanalar karz alyjylar bolup durýarlar. Olar diňe bir dolanyşyk maýasynyň birmeňzeş dolanyşygy bolan ykdysady subýektler bolman, eýsem önümçiligiň möwsümleýin häsiýeti bolan kärhanalardyrlar. Diňe karz edarasynda öz hasabyny açan müşderiler bu karzy sarp edijiler bolýarlar. Karz alyjylar diňe maliýe babatda ygtybarly (karza ukyplylygy I we II derejeli) müşderiler bolup bilerler. Gysga möhletli karzlar karzlaşdyrmagyň karz bermegi meýilnamalaşdyrmak we bermek işinde, şeýle hem olary üzmegiň barşynda aýratyn üns berilmegini talap edýän töwekgelçilikli görnüşlerine degişlidir.

**Karz ugry** karz alyjyny karzlaşdyrmagyň çäklerini kesgitlemekde möhüm tapgyrdyr. Hasaplamalar bank tarapyndan her bir müşderi üçin aýratynlykda, onuň dolanyşyk maýasynyň dolanyşyk häsiýetini, karz serişdelerine islegiň möçberini, karzy doly möçberde üzmek mümkinçiligini hasaba almak bilen geçirilýär.

Iş ýüzünde karz ugrunyň we olary hasaplamaga çemeleşmeleriň birnäçe görnüşleri ulanylýar.

Karz ugruny hasaplamaga iki çemeleşme bar.

**Hasaplamanyň birinji usuly** göz öňünde tutulýan harajatlaryň möçberini hasaplap çykarmaga we öz serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda karzyň hasabyna döredilip bilinjek maddy ätiýaçlyklaryň emele getirilmegine esaslanýar. Şeýle ýagdaýda karz ugrunyň möçberi aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$K_l = (ÖÄ + TÖ + TG + DB + IH) - (KB + ÖS), \quad (4.11)$$

bu ýerde $K_l$ – karz ugrunyň möçberi;
*ÖÄ* – önümçilik ätiýaçlyklary;
*TÖ* – tamamlanmadyk önümçilik;
*TG* – taýýar önümleriň galyndysy;
*DB* - debitor bergi;
*IH* – iberilen harytlar;
*KB* – kreditor bergiler;
*ÖS* – öz serişdeleri.

Hasaplamanyň manysy bir tarapdan, balans maglumatlary we tehniki-ykdysady esaslandyrmalar boýunça karz alyjy tarapyndan maddy gymmatlyklaryň satyn alynmagy we taýýar önüme we iberilen harytlara serişde goýulmagy bilen başlanyşykly göz öňünde tutulýan harajatlaryň möçberini kesgitlemekden, beýleki tarapdan bolsa kreditor bergiler we öz serişdeleri görnüşinde onda bar bolan pul serişdelerini hasaba almakdan ybaratdyr. Göz öňünde tutulýan harajatlara bolan isleg bilen olaryň üstüni ýapmak üçin çeşmeleriň arasyndaky tapawut meýilnamalaşdyrylýan döwürde karz alyja gerek bolan karzyň aňryçäk möçberini emele getirer.

Karz ugruny hasaplamagyň ikinji usulynyň çemeleşmesi karz alyjynyň wagtlaýyn karz alnan pul serişdelerini üzmek mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga esaslanýar. Bu ýerde esasy üns karzyň hasabyna üsti ýapylýan harajatlary hasaplamaga däl-de, karzy yzyna gaýtarmak üçin karz alyjyda bar bolan çeşmelere baha bermäge gönükdirilendir.

Dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşyk häsiýeti boýunça bir deň we bir deň bolmadyk (möwsümleýin) önümçiligi bolan ykdysady subýektler üçin bellenilýän karz ugurlary tapawutlandyrylýar.

Banklar tarapyndan bellenilýän karz ugurlary karzlaşdyrmagyň erkin limitini peýdalanmak mümkinçiligi boýunça gaýtadan döreýän (rewolwer), gaýtadan döremeýän we çarçuwaly karz ugurlary tapawutlandyrylýar.

Hereket edýän möhleti boýunça karz liniýalary möhletli we hemişelik hereket edýän karz ugurlaryna bölünýär.

Karz ugrunyň hereket edýän möhleti gysga – bir ýyla çenli bolup biler. Daşary ýurt iş tejribesinde üzülmeli möhleti görkezilmeýän hemişelik hereket edýän karz ugurlary giňden peýdalanylýar. Karz doly üzülýänçä karz alyjynyň ygtyýarynda bolup biler. Ygtybarly karz alyjylar üçin rewolwer karz ugurlarynyň hereket edýän möhleti 5-10 ýyla deň bolup biler.

*Limitleşdirme subýekti* boýunça karz ugurlary aýratyn alnan ykdysady subýekt hem-de tutuş birleşik (konsern) üçin bellenilýär. Ikinji ýagdaýda topara girýän kärhanalar sublimitleriň çäklerinde karz alýarlar. Şunuň ýaly karzlar daşary ýurt iş tejribesinde «saýawan» diýip atlandyrylýar.

Karz ugurlaryny ulanmagyň şertlerinde *karzdan peýdalanylandygy üçin tölegiň* kesgitli göterim möçberiniň hereket edýän şertlerindäki töleg we erkin (üýtgäp durýan) göterim möçberiniň ulanylýan şertlerindäki töleg diýen iki görnüşi bolýar.

Karz ugurlarynyň peýdalanylandygy üçin karz alyjylar karz göteriminden başga-da hyzmat hakyny (komissiýa) töleýärler.

Karz ugurlarynyň başarnykly peýdalanylmagy banklara müşderiler bilen gatnaşyklary differensirlemäge, töwekgelçiligi peseltmäge mümkinçilik berýär.

**Karzlaşdyrmagy guramak.** Bu görnüşde karzlaşdyrmagyň ozal seredilip geçilen ähli tapgyrlary saklanyp galýar. Adatça, karzlaşdyrmak mümkinçiligi seljerilenden soň bank müşderi bilen şertnama baglaşýar, onda karz ugrunyň esasy elementleri, ýagny karzlaşdyrma subýekti, obýekti, möhleti, bahasy, üpjün edilişi görkezilýär.

Bank müşderi üçin karz hasabyny açýar, ondan müşderiniň hasaplaşyk hasabyna zähmet haky üçin harajatlary goşmak bilen, dürli görnüşli borçnamalar boýunça zerurlyk ýüze çykanda töleg geçirmek üçin pul serişdeleri geçirilýär.

Bir gezeklik karz bilen deňeşdirilende karzlaşdyrmagyň beýan edilýän görnüşi müşderä:

– karz serişdelerini diňe bir obýekt (aýratyn alnan isleg) üçin dälde, birikdirilen obýekt – önümçilik işi bilen şertlendirilen karzlaryň we harajatlaryň jemlenen görnüşi üçin almaga;

– borçnamalar boýunça hasaplaşyklary çalt (operatiw) amala aşyrmaga;

– goşmaça çykdajylar üçin serişdeleri we her bir maksatly karz boýunça we degişli karz şertnamasyny baglaşmak üçin sarp edilýän wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Karzy üzmek köp gezeklik (bölekleýin) we bir gezeklik (meýilnamalaşdyrylýan döwrüň ahyrynda ýa-da möhlet tamamlanandan soň) bolup biler.

Birikdirilen obýekt boýunça *karzy üzmek üpjünçiligi* karzlaşdyrylan haryt ätiýaçlyklary (girewiň dürli görnüşleri), kepillendirmeler, zamunlyklar bolup biler. Karzy yzyna gaýtarmagyň kepili bolup, köplenç ýagdaýda müşderiniň hasaplaşyk hasabyndaky iň

pes öwezini doluş galyndysy çykyş edýär we ol bankda onuň talap etmegi boýunça ýerleşdirilýär.

Karzlaşdyrmagyň barşynda *bank gözegçiligi* möhüm ähmiýete eýe bolýar. Däp bolşuna görä, aşakdakylar gözegçilik obýektleridir:

– karz alyjynyň maliýe ýagdaýy (karza ukyplylyk);

– balansyň görkezijileri, aýratyn hem karz ugruny hasaplamak üçin peýdalanylýan maglumatlar babatynda;

– müşderi tarapyndan karz ylalaşygynyň berjaý edilmegi, şol sanda şertnamanyň debitor bergini azaltmagyň zerurlygy babatynda göz öňünde tutulýan şertlerini berjaý etmek;

– karz alnan serişdeleriň maksadalaýyk peýdalanylyşy.

Bank gözegçiliginiň möhüm düzüm bölegi, soňundan jerimeleri ulanmak ýa-da ýeňillikleri bermek bilen, karz ugrunyň peýdalanyşyna (onuň artyk peýdalanyşyna ýa-da doly peýdalanylmazlygyna) gündelik syn etmek bolup durýar.

Ykdysady subýektleriň bilelikdäki isleglerine hyzmat edýän karz ygtybarly müşderilere birikdirilen obýektler üçin berilýär. Onuň töleg häsiýeti bardyr we ol çäklendirilýär. Onuň owerdraftdan tapawudy aşakdakylardan ybaratdyr.

1. Karz ugrunyň çäklerinde birikdirilen obýekti karzlaşdyrmak owerdraft boýunça karzlaşdyrmakdan giňdir. Owerdraft boýunça karzlaşdyrylanda bank, zähmet haky üçin harajatlaryň üstüni ýapmazdan, gelip gowuşýan serişdeler bilen olaryň sarp edilişiniň arasyndaky wagtlaýyn näsazlygy (disbalansy) karzlaşdyrýar.

2. Owerdraftda karz serişdelerini peýdalanmagyň möhleti 30 günden köp bolmaýar, birikdirilen obýekti karzlaşdyrmak 3 aýdan 12 aýa çenli geçirilip bilner.

3. Owerdraft boýunça karzlaşdyrma gysga möhletlidir, birikdirilen obýektler boýunça karzlar uzak möhletli berilýär.

## 17.3. Kontokorrent boýunça karzlaşdyrmak

Halkara tejribesinde birikdirilen obýekt üçin berilýän karzlara kontokorrent boýunça karzlar hem degişlidir. Bank tarapyndan kontokorrent karzy karz alyja ýeke-täk aktiw-passiw hasaby boýunça berilýär we karz hem-de hasaplaşyk hasaplarynyň utgaşmasyndan

ybaratdyr. **Kontokorrent karzy**, bu dolanyşyk serişdeleri üçin karz bolup, bankyň müşderisinde gündelik aktiwleriň dolanyşygyndaky ýetmezçilikde karzlaşdyrmak zerurlygynyň yzygiderli ýüze çykmagy bilen baglydyr. Ondan şu aşakdakylary goşmak bilen, ähli tölegler (debet boýunça) geçirilýär:

– haryt-maddy gymmatlyklar we esasy işi boýunça hyzmatlar üçin hasaplaşyk resminamalarynyň tölegi;

– akkreditiwleri açmak, hasaplaşyk çek depderçelerini satyn almak;

– zähmet hakyny we oňa deňleşdirilen tölegleri tölemek;

– özara talaplaryň hasaplaşygy boýunça debet saldosyny üzmek;

– haryt-maddy gymmatlyklar we edilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklar boýunça kreditor bergini üzmek;

– peýdany we dolanyşyk salgydyny býujete geçirmek;

– guramanyň esasy önümçilik işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly gündelik we beýleki çykdajylar boýunça tölegler;

– jerimeleri we neustoýkalary tölemek;

– bank karzynyň peýdalanylandygy üçin göterimleri tölemek.

Karz gelip gowşan ähli serişdeleri karz hasabyna geçirmek ýoly bilen üzülýär. Kontokorrentde saldo debet ýa-da kredit bolup biler.

*Debet saldosy* karz alyjyda gündelik tölegleri amala aşyrmak üçin özüniň pul serişdeleriniň wagtlaýyn ýokdugyna we oňa karz berlendigine şaýatlyk edýär.

*Kredit saldosy* özüniň gelip gowuşýan pul serişdeleriniň gündelik töleglere bolan islegden ýokarydygyny, müşderiniň karza mätäç däldigini we onuň hakykatdan, banky karzlaşdyrandygyny görkezýär. Kredit saldosy müşderiniň peýdasyna göterimleri tölemek üçin esas berýär. Bu saldo üçin töleg talap edilýänçä hasaplar boýunça göterimleriň möçberine laýyk gelýär.

Bank bilen karz alyjynyň arasyndaky karz şertnamasynda karzlaşdyrmagyň bu tertibi bellenen bolsa, kontokorrent boýunça senagat birleşikleri we kärhanalary, söwda we karza ukyplylygy I derejä deňleşdirilen üpjünçilik-ýerleýiş guramalary karzlaşdyrylyp bilner. Kontokorrent karzyna rugsat etmegiň ikinji şerti birinjiden gelip çykýar, ýagny serişdelere hemişelik islegiň 80-90%-i müşderiniň öz maýasynyň hasabyna ýapylmalydyr.

Birinji derejeli müşderilere kontokorrent karzy girewsiz berilýär. Bank aşakdaky ýagdaýlarda girew talap edýär:

– karza ukyplylygyň derejesi we hili boýunça bankyň bellikleri bar bolanda;

– hojalykda ýa-da pudakda durnuksyz ykdysady ýagdaý emele gelende;

– müşderiniň karza ukyplylygy I derejeden pes bolanda;

– karz serişdeler bazaryndaky ýagdaý ýaramazlaşanda.

Müşderiniň borçnamalary ýa-da serişdeleri kontokorrent karzyny yzyna gaýtarmagy üpjün etmek serişdeleri bolup durýar.

Kontokorrent karzy birikdirilen obýekt üçin berilýär we ol töleg dolanyşygyndaky ýetmezçiligiň möçberine laýyk gelýär. Kontokorrent karzy gündelik önümçilik işi boýunça harajatlaryň üstüni ýapmak üçin niýetlenendir. Uzak möhletli taslamalary gysga wagtlyk deslapdan karzlaşdyrmak üçin kontokorrent hakujylary bermek muňa girmeýär.

Müşderiniň kontokorrent boýunça borçnamalaryny tölemegiň çägi karz ugry (liniýasy) bolup durýar. Onuň aňryçäk möçberini dolanyşyk serişdelerine islegiň çak edilýän möçberi bilen çärýegiň ahyrynda dolanyşyk serişdelerini emele getiriş çeşmeleriniň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlemek maslahat berilýär. Karz ugry bir ýyllyk açylýar.

Kontokorrent boýunça karz bermek karzlaşdyrmagyň töwekgelçilikli görnüşidir. Şonuň üçin hem kontokorrent boýunça karzyň peýdalanylandygy üçin töleg beýleki gysga möhletli karzlar boýunça tölegden ýokarydyr.

Karzlaşdyrmagyň barşynda bank gözegçiliginiň obýekti, tutuşlygyna alanyňda, karz şertnamasynyň berjaý edilmegi bolup durýar. Şonuň üçin aşakdaky birnäçe düzgünler nazarda tutulmalydyr.

1. Bank karz alyjynyň tölege ukyplylygyna aýratyn üns berýär.

2. Müşderiniň hasabatyndaky beýleki görkezijiler hem gözegçilik obýekti bolup durýar. Her çärýekde bank dolanyşyk serişdeleriniň balansyna seredýär, ony meýilnama görkezijileri bilen deňeşdirýär, zerur bolan ýagdaýynda karz ugrunyň (liniýasynyň) möçberine düzediş girizýär.

3. Karz boýunça berginiň ýagdaýyna, onuň bellenen karz ugrundan gyşarmalaryna gündelik gözegçilik möhümdir. Kontokorrent

boýunça karzlaşdyrma düzgüni karz alyjynyň karz ugry 10%-den gowrak artdyrylan ýagdaýynda üýtgedilýär, ýagny bank karz ugruny ýokarlandyrmagyň aňryçäk derejesini belleýär, şertnamada görkezilen göterim möçberiniň üstüne jerime goşýar.

Karz ugrunyň doly peýdalanylmazlygy hem karz şertnamasyny bozmakdyr. Karz amallarynyň azalmagy sebäpli ýitirilen peýda üçin bank karz alyjydan hyzmat hakyny alýar.

Karz şertnamasynda bankyň özünde serişdeleriň ýokdugy sebäpli karz ugrunyň çäklerinde karz bermek boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýynda müşderä tölenýän jerimäniň möçberi hem görkezilip bilner.

*17.1-nji tablisa*

**Kontokorrent boýunça karzlaşdyrmanyň owerdraft boýunça karzlaşyrmadan tapawudy**

| | |
|---|---|
| Erkin pul serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda hasaplaşyk hasabyny karzlaşdyrmak | Kontokorrent boýunça karzlaşdyrmak |

**Alýan subýektler boýunça**

| | |
|---|---|
| Köplenç ýagdaýda, söwda kärhanalary we serwis hyzmatyny edýän kärhanalar | Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň kärhanalary |

**Karzlaşdyrylýan subýektler boýunça**

| | |
|---|---|
| Dolanyşyk maýasynyň dolanyşygy bilen şertlendirilen, gündelik gysga wagtlyk önümçilik zerurlyklary | Gündelik gysga wagtlyk önümçilik zerurlyklary we düýpli harajatlar |

**Töleg dolanyşygynyň guralyşy boýunça**

| | |
|---|---|
| Ähli tölegler hasaplaşyk hasabyndan we beýleki karz hasaplaryndan amala aşyrylýar. | Ähli tölegler ýeke-täk kontokorrent hasabyndan amala aşyrylýar, hasaplaşyk hasaby ýapylýar. |

**Karzlaşdyrmagyň möhletleri boýunça**

| | |
|---|---|
| Karzlar 30 güne çenli möhlet bilen berilýär. | Karzyň yzyna gaýtarylmaly möhleti bellenilmeýär. |

**Karzyň üzülişi boýunça**

| | |
|---|---|
| Karz hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň erkin galyndysynyň hasabyna üzülýär. | Karzy üzmek gelip gowuşýan ähli pul serişdelerini kontokorrent hasabyna geçirmek ýoly bilen üzülýär. |

**Göterimleri hasaplap ýazmagyň tertibi boýunça**

| | |
|---|---|
| Her günde | Her aýda |

Ýokarky tablisda kontokorrent boýunça karzlaşdyrmagyň beýleki görnüşler bilen deňeşdirilende karzlaşdyrmagyň has göwrümli görnüşi bolup durýandygy görünýär.

Kontokorrent boýunça karzlaşdyrmak karz ugrunyň çäklerinde birikdirilen obýekt boýunça karzlaşdyrmakdan hem giňdir. Bu ýerde karzlaşdyrmagyň täsirine, köplenç diňe bir dolanyşyk serişdeleri däl, eýsem düýpli harajatlar hem düşýär.

## 17.4. Maksatly karzlar

Maksatly karzlar anyk bir obýekt üçin (maksatly) berilýär. Karz alyjyda birnäçe maksatlaryň bolup biljekdigi sebäpli, onuň aýry-aýry maksatlaýyn obýektleri näçe bolsa, şonça hem karz hasaplary bolup biler. Tersine, bilelikdäki obýektler karzlaşdyrylanda belläp geçişimiz ýaly, bergi bir karz hasabynda görkezilýär.

Maksatly karzlary üç topara bölüp bolar.

*Birinji topara* töleg we hasaplaşyk hasaplary (zähmet hakyny tölemek, özara talaplaryň hasaplaşygyny tamamlamak maksady bilen býujete pul serişdelerini geçirmek üçin hasaplaşyk resminamalarynyň tölegini geçirmek, akkreditiwleri bermek we çek depderçelerini satyn almak, weksel dolanyşygy üçin berilýän karzlar) girýär.

*Ikinji topara* önümçilik we söwda işiniň barşynda karz alyjyda ýüze çykýan zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin niýetlenen karzlar degişlidir. Olar haryt-maddy gymmatlyklary toplamak, önümçilik harajatlary, düzüminde gymmatly metal bolan çig maly gaýtadan işlemek üçin önümçilik harajatlary, altyny gazyp almak üçin harajatlar oba hojalyk kärhanalarynyň gündelik zerurlyklary, söwda-araçyllyk amallary (içerki we daşarky söwda şertnamalaryny maliýeleşdirmäge,

bölek söwda kärhanalary tarapyndan uzak wagtlap peýdalanylýan harytlary, olaryň tölegini möhletlere bölüp tölemek şerti bilen satyn almaga niýetlenen karzlary goşmak bilen) üçin karzlardan ybaratdyr.

*Üçünji topara* maýany artdyrmak zerurlygy bilen baglanyşykly karzlar degişlidir.

Köplenç halatda, durnukly maliýe ýagdaýy, likwidlilik üpjünçiligi, işewürlik meýilnamasy bolan we karzlar we karzyň peýdalanylandygy üçin tölegler boýunça möhleti geçirilen bergisi bolmadyk iri we orta kärhanalar *karzlaşdyrma subýektdir*. Karz berlende banklar onuň her aýdaky dolanyşyk pul dolanyşygynyň möçberine, şol sanda bankyň üstünden geçýän pullara, hasaplaşyk hasabynyň bardygyna, karz alyjynyň karzlaşdyrylýan obýekti maliýeleşdirmäge gatnaşma paýyna üns berýärler.

*Däp bolan karz üpjünçiliginiň* esasy görnüşleri bolup, haryt-maddy gymmatlyklar, gozgalmaýan emläk, enjamlar, likwidli gymmatly kagyzlar, zamunlyklar we girewler çykyş edýärler. Haryt-maddy gymmatlyklary satyn almak karzlaşdyrylanda banklar, köplenç ýagdaýda, karz alyjydan emlägi, kepillendirýän şahsy taraplaryň ömrüni we saglygyny ätiýaçlandyrmagy talap edýärler. Daşary ýurt iş tejribesinde şunuň ýaly karzlara kähalatda öz-özüni üzýän karzlar hem diýilýär (olar satmak üçin niýetlenen harytlaryň hasabyna geçirilýär, olary ýerlemekden alnan girdeji bolsa gönüden-göni olary üzmek üçin peýdalanylýar).

Karz limitiň çäklerinde, nagt däl tertipde pul serişdelerini karz alyjynyň hasaplaşyk hasabyna ýa-da bellenen tertibe laýyklykda açylan hasaplaşyk hasabyna geçirmek bilen berilýär we karz şertnamasynda şertleşilen möhletlerde üzülýär. Karzyň yzyna gaýtarylmaly möhleti gelende bank pul serişdelerini karz alyjynyň hasaplaşyk hasabyndan karz bergisini üzmegiň hasabyna alýar.

*Töleg möhletini uzaltmak,* adatça, karz alyjynyň maliýe kynçylyklary bilen baglydyr. Uzaldylan möhletiň ilkibaşda bellenen möhletden ýokary bolmazlygy, uzaltmalaryň sanynyň bolsa ikiden köp bolmazlygy maksadalaýykdyr. Karzyň yzyna gaýtarylmaly möhletiniň soňa süýşürilmegi esaslandyrylmalydyr we soňa süýşürilýän pursadyna çenli karz alyjy karzyny bölekleýin üzmelidir.

# XVIII BAP. JEBISLENDIRILEN KARZLAŞDYRMAGYŇ AÝRTYNLYKLARY WE UZAK MÖHLETLI KARZLAR

## 18.1. Jebislendirilen karzlar hakynda düşünje

**Jebislendirilen karzlaşdyrma.** Halkara tejribesinde jebislendirilen karzlar karz alyja birnäçe banklaryň serişdelerini birleşdirmegiň hasabyna berilýär. Ol gysga möhletli, şeýle hem uzak möhletli karzlaşdyrma maksady bilen peýdalanylýar.

Täjirçilik banklarynyň **sindisirlemäge** gatnaşmaklary karz alyjynyň maýa goýum isleginiň, köplenç ýagdaýda uzak möhletli taslamalar üçin öz serişdeleriniň çäklidigi, Merkezi bankyň bankyň likwidliligi boýunça bar bolan çäklendirmeleri we bir karz alyja düşýän töwekgelçiligiň aňryçäk möçberi sebäpli doly derejede kanagatlandyrylyp bilinmeýändigi bilen şertlendirilendir. Aýry-aýry geleşikler boýunça ýokary we nämälim töwekgelçilik hem banklary jebislendirilen karzlardan peýdalanmaga mejbur edýär.

Jebislendirilen karzlaryň, esasan giň gerimli geleşikler maliýeleşdirilende berilýändigi sebäpli, banklary we döwleti goşmak bilen, uly çäreleri amala aşyrýan islendik hojalyk subýektleri jebislendirilen karzlary alyjylar bolup bilerler.

Döwletde şunuň ýaly karzlary almak islegi, öňi bilen, býujet maksatnamalaryny maliýeleşdirmek we serişdeleri halk hojalygynyň dürli pudaklaryndaky döwlet kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak üçin maýa goýma gönükdirmek zerurlygy bilen baglanyşykly ýüze çykýar.

Banklar jebislendirilen karzlaryň hasabyna, düzgün bolşy ýaly, daşary ykdysady iş, şeýle hem maýa goýum ulgamy, energetika, ekologiýa, çig mal serişdelerini gazyp çykarmak, ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary ornaşdyrmak ýaly pudaklarda giň gerimli çäreleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly zerurlyklary maliýeleşdirýärler.

Jebislendirilen karzlar bank karzlarynyň beýleki görnüşleriniň esaslanýan ýörelgelerine esaslanýar. Ýöne şonda karz serişdelerini jemlemegiň mehanizmi we karz bermegiň tehnikasy üýtgeýär.

Jebislendirilen geleşikler guralanda umumy şertler aşakdakylardan ybaratdyr: karz alyjynyň we maliýeleşdirilýän taslamanyň ygtybarlylygy; karzlaşdyrma işine gatnaşmaga beýleki banklaryň razylygyny almak mümkinçiligi; karzy bermegiň we üzmegiň möhletini we tertibini takyk kesgitlemek; karz alyjynyň maliýe işini we maýa goýum meýilnamalaryny dykgatly seljermek; mümkin bolan töwekgelçilikler we olary ätiýaçlandyrmagyň usullary.

Jebislendirilen karzlary bermek meselesi boýunça gatnaşyklar birnäçe şertnamalar bilen resmileşdirilýär. Jebislendirilen geleşige gatnaşýan banklaryň arasyndaky şertnama başlangyç şertnama bolup durýar. Onda karzlaşdyrmagyň maksatlary we oňa gatnaşyjylaryň düzümi bellenýär, karz geleşigine bergileýin gatnaşyk – serişdeleriň paýy, ýolbaşçylyk tertibi (bir ýa-da birnäçe bank ýolbaşçylyk edip biler, jebislendirilen geleşik uzak dowam edende ýolbaşçy çalşylyp bilner), onuň agzalarynyň öňündäki maliýe borçnamalary, gatnaşyjylaryň borçnamalary we hukuklary kesgitlenýär.

*Jebislendirilen karz bermegi guraýjylaryň borçlaryna* geleşigiň ähli ugurlaryny işlemek, olary ähli gatnaşyjylar bilen ylalaşmak, hukuk taýdan resmileşdirmek, gatnaşyjylaryň serişdelerini jemlemek girýär.

Karz berijiler bilen karz alyjylaryň arasyndaky geleşik amallaryň esasy şertlerini we taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän hukuk jähtini özünde jemleýän, *standart karz şertnamasy* bilen düzgünleşdirilýär.

Karzy yzyna gaýtarmak, karz amalyna gatnaşýan banklaryň çykdajylarynyň üstüni ýapýan göterimleri, hyzmat haklaryny tölemek olaryň tutýan ornuna we jebislendirilen karzlaşdyrma gatnaşýan pul möçberine barabarlykda amala aşyrylýar.

Guramaçy bank jebislendirilen geleşigi gurandygy we oňa ýolbaşçylyk edendigi üçin onuň gönüden-göni çykdajylarynyň üstüni ýapýan göterimlerden, hyzmat hakyndan başga-da ýörite hak alýar.

Banklaryň öz işinde jebislendirilen karzlaşdyrma usullaryny peýdalanmaklary banklaryň özleriniň jebislendirilen karzlardaky paýlaryny satmaklary babatynda ikinji bazary ösdürmek üçin düýpli esaslary döredýär. Bu bolsa bergi borçnamalarynyň likwidliligini

ýokarlandyrýar we banklara täze karzlaşdyrmalara we beýleki geleşiklere gatnaşmaga we hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklary has ýokary ynanyşmak derejesinde ösdürmäge mümkinçilik berýär.

## 18.2. Uzak möhletli karzlar

Uzak möhletli karzlar üzülmeli möhleti bilen kesgitlenilýär. Düzgün bolşy ýaly, bu möhlet üç ýyldan ýokary möhletdir. Olar önümçilik we önümçilik däl maksatly desgalaryň gurluşygyna, olary tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga, gozgalmaýan we gozgalýan emläkleri, şeýle hem ýer satyn almaga uzak möhletleýin maýa goýmak bilen baglydyr.

Maýa goýum karzlaryny bermegiň, resmileşdirmegiň we üzmegiň tertibi içerki bank düzgünnamalary bilen düzgünleşdirilýär. Bu ugurdaky dürli bank tehnologiýalyrynyň tapawutly tarapy maýa goýum serişdeleriniň çeşmeleri bolup durýar. Maýa goýum serişdeleriniň çeşmeleriniň görnüşine we olary çekmegiň formasyna baglylykda dürli karz tehnologiýalary (uzak möhletli maýa goýum karzy ýa-da taslamany karzlaşdyrmak (taslamany maliýeleşdirmek) peýdalanylýar.

Taslamany maliýeleşdirmek diýip birnäçe alamatlary bolan maýa goýum taslamalarynyň maliýeleşdirilmegine düşünilýär. Bu alamatlar aşakdakylardan ybaratdyr:

– taslamanyň başyny başlan tarapyň köp möçberde (30%-den az bolmadyk) pul serişdeleri bilen gatnaşmagy;

– pul akymlarynyň we aktiwleriň kärhananyň esasy işinden bölünip aýrylmagy;

– üzmegiň esasy çeşmesi taslamany durmuşa geçirmekden alynjak pul akymlary bolup durýar;

– banklar bilen bilelikde karz beriji hökmünde ykdysadyýetiň dürli subýektleri - döwlet edaralary we kärhanalar, bank däl karz guramalary (pensiýa gaznalary, maýa goýum, lizing kompaniýalary we ş.m.) çykyş edip bilýärler.

Maýa goýum karzy bilen deňeşdirilende taslamany maliýeleşdirmegiň has giň gurallary bolýar. Maýa goýum taslamasy mali-

ýeleşdirilende maliýeleşdirmäge diňe karz alyjynyň öz serişdeleri we banklaryň uzak möhletli goýumlary çekilýär, karzlaşdyrmagyň däp bolan görnüşleri peýdalanylýar. Kärhananyň gündelik işiniň netijeleri we maýa goýum taslamasyndan alynýan arassa peýda karzy üzmegiň çeşmesidir. Karz töwekgelçiligi karz berijiniň maliýe ýagdaýy we onuň beren üpjünçiligi bilen kesgitlenilýär.

Taslamany maliýeleşdirmegi guramak üçin, adatça, ýörite kompaniýa döredilýär we maliýeleşdirmegiň hem-de töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmagyň ähli shemasy düýpli işlenip geçilýär. Bu ýerde bank karzyndan başga-da täjirçilik karzlary, lizingler, faktoring we ş.m. peýdalanylyp bilner.

Taslama maliýeleşdirilende bank karz berlen serişdäniň yzyna gaýtarylmagy bilen kanagatlanmaýar. Ol taslama durmuş geçirilenden soň alynjak peýda gatnaşmak isleýär.

Täjirçilik banklary maýa goýum karzlaryny manatda we daşary ýurt pulunda aşakdaky şertlerde berýärler:

– bankyň maýa goýum taslamasyna gatnaşmak paýy, düzgün bolşy ýaly, harajatlaryň umumy bahasynyň 70-%-inden ýokary bolmaly däl;

– karzyň möhleti maýa goýum taslamasynyň özüne düşýän gymmatynyň ödelýän möhleti bilen (düzgün bolşy ýaly, bir ýyldan 10 ýyla çenli) çäklendirilýär;

– karzy yzyna gaýtarmagyň üpjünçiligi bolup girew çykyş edýär. Onuň möçberi esasy bergini üzmek we karz üçin göterimleri tölemek üçin ýeterlik bolmalydyr. Girew hökmünde gozgalmaýan emläk, emläk hukuklary, enjamlar, ulag serişdeleri we beýleki emläkler, şeýle hem subýektleriň zamunlyklary kabul edilýär. Goýulýan emläk ätiýaçlandyrylmalydyr.

Uzak möhletli maýa goýum karzlaryny bermek işi aşakdaky döwürleri öz içine alýar: maksatlaryny, pul möçberini, karzlaşdyrmagyň möhletlerini we mümkin bolan üpjünçiligi, şeýle hem karz alyjynyň maliýe ýagdaýy baradaky maglumatlaryny görkezmek bilen, karz almak baradaky arzany bermek. Mundan başga-da, maýa goýum taslamasy, maýa goýum taslamasynyň işewürlik meýilnamasy we bankyň karzlaşdyrmak boýunça kadalarynda görkezilen beýleki res-

minamalar berilýär. Bu resminamalaryň ählisi karz alyjynyň we maýa goýum taslamasynyň ygtybarlylygy, taslamanyň işlenip taýýarlanyş derejesi (dürli görnüşdäki netijenamalaryň, rugsatlaryň, marketing barlaglarynyň bolmagy, taslamanyň belli bir sikllerini üpjün edýän şertnamalaryň we ylalaşyklaryň bardygy we olaryň şertleri, ekologiýa gözegçiligi edaralarynyň netijenamasy, ygtyýarnamalar we ş.m.) nukdaýnazaryndan bankyň karz berýän, hukuk, seljeriş we howpsuzlyk gulluklary tarapyndan seljerilýär.

Karzyň möhleti karzlaşdyrylýan taslamada işleriň geçirilmeli we harajatlaryň özleşdirilýän wagtlaryndan hem-de özüni ödeýän möhletinden ugur almak bilen emele gelýär. Karzy üzmek çeşmesi bolup, diňe maýa goýum taslamasyndan alynýan arassa peýda çykyş edýän bolsa, karzlaşdyrylýan taslamanyň ulanylmaga berlen pursatyndan başlanýar.

Uzak möhletli karzlaryň bir görnüşi bolup ýeri goşmak bilen, gozgalmaýan emlägi girew goýmagyň hasabyna edara görnüşli we şahsy taraplara berilýän *ipoteka karzy* çykyş edýär. Karz geljekde ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin ýer satyn almak we abadanlaşdyryş işlerini geçirmek (ýer karzy), ýaşaýyş jaýyny gurmak (durkuny täzelemek), gurluşyk işlerini maliýeleşdirmek, ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin berilýär.

Ipoteka karzyny bermek barada karz alyjydan resminamalar alnanda bank olaryň dogrulygyny we hukuk taýdan resmileşdirilişini barlaýar. Şunda öýüň bahasyna nyrh kesilişine, onuň hukuk taýdan arassalygyna (ipotekanyň döwlet tarapyndan hasaba alnan pursadynda oňa üçünji taraplaryň hasaba alynmaga degişli hukugynyň ýokdugyny aňladýar), gozgalmaýan emläge we onuň bilen geleşikleri geçirmäge hukuklaryň döwlet tarapyndan hasaba alnyşyna, karz alyjynyň tölege ukyplylygyna aýratyn üns berilýär. Barlag geçirilenden soň karzyň aňryçäk möçberini we onuň üzülmeli möhleti hasaplap çykarylýar.

Karzyň aňryçäk möçberini kesgitlemek we karz boýunça her aýlyk tölegiň möçberiniň hasaplamak üçin umumy ölçegler (kriteriý) bolup maşgalanyň her aýdaky girdejileri çykyş edýär (karzy üzmek üçin girdejiniň 40-%-i peýdalanylýar), olar hem karzyň möhletini kesgitleýär.

Ipoteka karzlary berlende banklar töwekgelçilikleriň ätiýaçlandyrylmagyny talap edýärler.

Karz bermek mümkinçiligi we onuň parametrleri (möçberi, möhletleri, her aýlyk tölegiň möçberi, esasy we goşmaça üpjünçilik we ş.m.) barada gutarnykly çözgüdi bankyň Karz komiteti kabul edýär. Şonda karz alyjynyň girdeji çeşmeleri we onuň durnuklylygy, ýaşaýyş jaýynyň tölegine geçirýän ilkibaşky gatanjynyň möçberi, karz geleşigi bilen baglanyşykly harajatlar (ätiýaçlandyryş, ygtyýarly nyrh kesýänleriň, notariusyň hyzmatlary boýunça), şeýle hem satyn alynýan ýaşaýyş jaýynyň bazar bahasy we onuň likwidli girew hökmündäki ýaramlylygy hasaba alynýar. Banklar girewden başga-da, tölegiň kepili hökmünde, garyndyşlarynyň, iş berijiniň zamunlyklaryny, banklaryň kepillendirmelerini kabul edýärler.

Ipoteka karzyny berýän her bank ipoteka karzlaryny bermek boýunça öz shemasyny işläp taýýarlaýar. Olar karzlaşdyrylýan obýektler we subýektler, serişdeleri jemlemegiň, esasy bergini we göterimleri töletdirmegiň usullary boýunça köp dürlüdir.

# XIX BAP. ŞAHSY TARAPLARY KARZLAŞDYRMAK

## 19.1. Sarp ediş karzlary hakynda düşünje

Banklar ilata ulanylýan (sarp edilýän) harytlary satyn almak we dürli sarp ediş zerurlyklarynyň tölegini geçirmek üçin karz berýärler. Ilatyň tölege ukyply islegini artdyrmak bilen, karz öňinçä serişde toplamazdan maddy nygmatlary, harytlary almaga mümkinçilik berýär. Beýleki tarapdan karz haryt ätiýaçlyklarynyň, hyzmatlaryň ýerlenmegini çaltlandyrýar, şeýlelikde ýurduň ykdysadyýetinde giňeldilen üznüksiz önümçiligi üpjün edýär.

Sarp ediş maksatly karzlar raýatlaryň zähmet haklarynyň, her dürli paýnamalardan, telekeçilik işinden, goýumlardan, emlägi kärendä berip alýan girdejileriniň we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik girdejileriniň hasabyna karzy gaýtarylmagy göz öňünde tutup, raýatlaryň durmuş çykdajylaryny tölemek

we emläk satyn almak üçin berilýän karzlardyr. Bulara aşakdaky zerurlyklar, ýagny

– durmuşy çykdajylar – toý çäreleri, sadaka geçirmek dabaralary we däp-dessur çärelerini, dynç alyş we medeni çärelerini geçirmek;

– bazardan we dükanlardan dürli görnüşli emläkleri satyn almak;

– gurluşyk-gurnama we abatlaýyş işlerindäki çykdajylary tölemek;

– okuw we saglygy dikeldiş tölegleri üçin karzlar degişlidir.

## 19.2. Karzlaşdyryş ulgamy

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda bu maksatlar üçin berilýän karzyň möçberi 10000 manada çenli bolup, üç ýyl möhlete niýetlenendir. Karz almak üçin zerur şertler bolup:

girdeji çeşmesiniň bolmagy;

raýatyň 18 ýaşynyň dolmagy

ýeterlik gymmatly girew emläginiň bolmagy çykyş edýär.

Häzirki döwürde karzlaşyrmagyň has çalt ösýän ugurlary ekspress karzlar bolup,

– raýatyň işleýän hojalyk hasaplaşykly kärhanasynyň ýardamy bilen sarp ediş maksatlaryna berilýär;

– gysga möhletiň içinde resmileşdirilýär.

Karz almak üçin:

– kepil geçiji kärhananyň karz berilýän bankyň müşderisi bolmagy;

– kärhananyň kepillik haty ýa-da şol bankda ýerleşen goýum hasaplaryndaky pul serişdeleriniň bolmagy zerurdyr.

Häzirki wagtda täjirçilik banklary ilata gaýragoýulmasyz hajatlar üçin awtokarzlary, haryt karzlaryny, öý satyn almak üçin ipoteka karzyny (karzyň möçberi satyn alynjak öýüň ylalaşyk bahasynyň 70%-inden geçmeýär) we beýleki karzlary berýär.

Gaýragoýulmasyz hajatlar üçin karz almagyň hökmany şerti raýatyň 18 ýaşynyň dolmagy ýa-da hemişelik iş ýeri, ýeterlik girdeji çeşmesiniň bolmagy zerur ýagdaýlarda işjeňligi tassyklaýjy resminamalar bolup durýar.

Täjirçilik banklary raýatlara bilim almak üçin möhletli karz berýärler. Onuň möçberi bilim almagyň bahasy bilen kesgitlenilýär (karzyň aňryçäk möçberi bilim almagyň bahasynyň möçberi bilen kesgitlenilýär).

Ilata berilýän uzak möhletli karzlara gozgalmaýan emläkleri satyn almak, gurmak we onuň durkuny täzelemek üçin alynýan karzlar, ipoteka karzlary degişlidir.

Ilata karz bermek bankyň karz syýasatyna laýyklykda, ony maksadalaýyk peýdalanmak, üpjün etmek, möhletlilik, töleglilik, yzyna gaýtarmak esasynda amala aşyrylýar.

Karzlaşdyrmak hakynda çözgüdi kabul etmek bilen banklar karz alyjynyň karza ukyplylygyna berilýän bahadan ugur alýarlar. Çünki karzy yzyna gaýtarmagyň birinji çeşmesi bolup, karz alyjynyň öz girdejisi çykyş edýär, karz boýunça üpjünçilik ony üzmegiň ikinji çeşmesi bolup durýar.

Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermek üçin banklar karz alyjylary hakyna tutma işde işleýän (bellenen zähmet hakyny alýan) şahsy taraplar, edara döretmedik telekeçiler hökmünde hususy telekeçilik işi bilen meşgullanýan ýa-da hojalyk subýektleriniň eýeleri bolup duran şahsy taraplar diýen iki topara bölýärler.

Karz alyjynyň girdejisi telekeçilik işiniň hasabyna emele getirilýän bolsa, onda karz alyjynyň iş bilen üpjünçiliginiň durnuklylygy, onuň bazaryň durnukly ösýän we girdejililik potensialy bolan böleginde işleýändigi seljerilýär.

Karz alyjynyň zähmet hakynyň ýa-da girdejesiniň möçberi karzyň şahsy tarapa berlip bilinjek aňryçäk möçberini kesgitleýär. Banklar karzyň her bir görnüşi boýunça karz alýanlaryň ortaça aýlyk zähmet haklarynyň ýa-da girdejileriniň binýadynda hasaplama koeffisiýentlerini kesgitleýärler.

Üpjünçiligiň bolmagy karz bermegiň hökmany şerti bolup durýar we Täjirçilik banklary karzyň üpjünçiligi hökmünde aşakdakylary kabul edýärler:

– ýurduň hemişelik girdeji çeşmesi bolan raýatlarynyň kepillendirmeleri; kepillendirijileriň sany karzyň möçberine baglydyr;

– bankyň müşderileri bolup duran tölege ukyply kärhanalaryň we guramalaryň kepillendirmeleri;

– gozgalmaýan desgalar, awtomobil serişdeleri we girew goýulýan beýleki emläkler.

Karz üzülende zähmet hakynyň 50%-ini tutup galmaly bolanda bank karz bermekden boýun gaçyryp biler.

**Soraglar**

1. Serişdeler näme we täjirçilik bankynyň işi üçin olaryň ähmiýeti nämeden ybarat?
2. Täjirçilik banklarynyň serişdeleriniň emele getirilýän çeşmeleri boýunça nähili gurluşy bar?
3. Täjirçilik banklarynyň çekilen serişdelerini emele getirmegiň nähili esasy usullaryny bilýärsiňiz?
4. Täjirçilik banklarynyň çekilen serişdelerini emele getirmeginiň nähili goýum däl usullary bar?
5. Täjirçilik banklary müşderileriň we banklaryň serişdelerini çekmek üçin gymmatly kagyzlaryň haýsy görnüşlerini çykarýarlar?
6. Täjirçilik banklarynyň serişdelerini artdyrmagyň häzirkizaman meýilleri haýsylar?
7. Bankyň karz serişdeleri nähili häsiýetlendirilýär?
8. Bankyň öz serişdeleriniň elementleri haýsylar?
9. Bankyň esaslyk maýasynyň häsiýetnamasy we ony emele getirmegiň çeşmeleri barada näme bilýärsiňiz?
10. Bankyň peýdasyndan haýsy gaznalar döredilýär?
11. Karz guramasy özüniň esaslyk maýasyny emele getirmek üçin paýnamalaryň haýsy görnüşlerini çykaryp biler?
12. Bankyň emission girdejisini emele getirmegiň we peýdalanmagyň nähili tertibi bar?
13. Täjirçilik banklarynyň goýumlarynyň durnuklylygyna baha bermek üçin haýsy görkezijiler peýdalanylýar?
14. Näme üçin bankyň çeşmelerini emele getirmegiň çeşmesi hökmünde bankara karzlaşyrmalar peýdalanylýar?
15. Täjirçilik banklarynyň aktiwleri we aktiw amallary nämeden ybarat?
16. Täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň nähili gurluşy bar?
17. Ýurduň täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň ösüşiniň häzirkizaman meýilleri nämeden ybarat?
18. Aktiw amallary toparlara bölmegiň haýsy ölçeglerini görkezmek bolar?
19. Möhletine we subýektiň häsiýetine baglylykda aktiw amallary nähili häsiýetlendirmek bolar?
20. Düzgünleşdirmäge bildirilýän talaplary hasaba almak bilen, aktiw amallaryň haýsy toparlaryny görkezmek bolar?
21. Likwidlilik alamatlary boýunça aktiw amallaryň toparlaryny hähili häsiýetlendirmeli?
22. Girdejilik, töwekgelçilik we likwidlilik nukdaýnazaryndan aktiw amallary nähili häsiýetlendirilýär?
23. Karzlaşdyrma ulgamy haýsy bloklardan durýar?
24. Karzlaşdyrmagyň fundamental blogyna näme girýär?
25. Karz alyjynyň isleglerine hyzmat edýän karzlaryň görnüşlerini haýsy ölçegler boýunça toparlara bölüp bolar?

26. Karz bermegiň düzgün-tertibi nähili?
27. Karzlar nähili üzülýär?
28. Karzlaşdyrmak haýsy tapgyrlardan durýar?
29.Täjirçilik bankynyň „karz syýasaty» düşünjesi nämäni aňladýar?
30. Karz syýasatynyň esasy bloklary nähili häsiýetlendirilýär?
31.Karz işini amala aşyrmak boýunça ileri tutulýan ugurlaryň haýsylary karz syýasatynda öz beýanyny tapýar?
32. Karz bukjasynyň pudaklaýyn gurluşy bilen bir hatarda, haýsy ölçegler karz syýasatynda goşmaça göz öňünde tutulyp bilner?
33. Karz töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamy näme, olaryň düzüm bölekleri nämeden ybarat we olar nähili  häsiýetlendirilýär?
34. Karz töwekgelçiligini çäklendirmegiň nähili usullaryny bilýärsiňiz?
35. Müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermegiň ölçegleri haýsylar?
36. Bankyň müşderisiniň karza ukyplylyk derejesini häsiýetlendirýän nähili koeffisiýentleri bilýärsiňiz?
37. Umumy pul akymynyň ululygy nähili kesgitlenilýär?
38. Pul akymyny seljermegiň maksady nämeden ybarat?
39. Karz alyjynyň karza ukyplylygynyň umumy derejesini (klasyny) kesgitlemegiň ball usuly nämeden ybarat?
40. Kiçi telekeçilik kärhanalarynyň karza ukyplylygyna baha bermäge çemeleşmeler  haýsylar?
41. Şahsy taraplaryň karza ukyplylygyna baha bermegiň nähili usullaryny bilýärsiňiz?
42. Bank bilen müşderiniň arasynda baglaşylýan karz şertnamasynyň maksady nämeden ybarat?
43. Karz şertnamasy kimiň bähbidini goraýar?
44. Mysaly karz şertnamasynyň esasy bölekleri haýsylar?
45. Karz şertnamasynyň haýsy şertleri düýpli şertlere degişli?
46. Karz şertnamasynyň ykdysady ähmiyeti nämeden ybarat?

# XX BAP. TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ ADATY DÄL - LIZING WE FAKTORING AMALLARYNYŇ HÄSIÝETNAMASY

## 20.1. Adaty däl amallar hakynda düşünje

Harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklar amala aşyrylanda faktor tarapyndan üpjün ediji müşderä edilýän birnäçe komission-araçyllyk hyzmatlara **faktoring** diýilýär. Olar düzgün bolşy ýaly, müşderiniň dolanyşyk maýasyny karzlaşdyrmak bilen utgaşýar.

Halkara tejribesinde häzirki wagtda amala aşyrylýan faktoring amallaryny aşakdaky alamatlar boýunça toparlara bölmek bolýar:

– hereket edýän çäkleri;
– baglaşylýan şertnamanyň görnüşi;
– töwekgelçilik derejesiniň pesdigi;
– edilýän hyzmatlaryň möçberi;
– baglaşylýan şertnamalaryň görnüşleri.

*Içerki faktoring* faktoring gatnaşyklarynyň ähli subýektleriniň (satyn alyjy, üpjün ediji, faktoring kompaniýasy) bir ýurtda ýerleşýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Halkara faktoringi oňa gatnaşýanlaryň dürli döwletlerde ýerleşmegini göz öňünde tutýar. Halkara faktoringiniň iki faktorly ulgamy iki faktoring kompaniýasynyň – eksport edýäniň ýurdunda geleşige hyzmat edýän faktor bilen import edýäniň ýurdunda geleşige hyzmat edýän faktoryň özara hereket etmegini göz öňünde tutýar.

Baglaşylýan şertnamanyň görnüşi boýunça konwension (açyk) we konfidensial (ýuwaş, ýapyk) faktoring tapawutlandyrýar.

*Konwension* (açyk) faktoring, bu müşderiniň debitor bergisine maliýe taýdan hyzmat etmegiň köptaraply (uniwersal) ulgamydyr. Debitor puly talap etmek hukugynyň berlendigi barada habarly edilýär we öz borçnamalary boýunça bergini faktora töleýär.

*Konfidensial* (ýuwaş, ýapyk) faktoringde müşderiniň kontragentlerine puly talap etmek hukugynyň faktora berlendigi barada habar berilmeýär, töleg bolsa üpjün edijiniň adyna geçirilýär. Faktoringiň şunuň ýaly görnüşi, adatça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek bilen çäklenýär.

Edilýän hyzmatlaryň möçberi boýunça doly ýa-da bölekleýin faktoring aýratynlykda görkezilýär. *Doly* faktoring müşderä toplumlaýyn hyzmat etmegi içine alýar. Oňa iberilen harytlary karzlaşdyrmak, müşderi üçin buhgalter hasaba alşyny ýöretmek, hasaplaşyklary geçirmek, hojalyk şertnamalaryny baglaşmak, tölegleri öz wagtynda almak boýunça geňeş bermegi, şeýle hem haryt ýerlenýän bazar, harytlaryň bahalary, geljekki satyn alyjylaryň tölege ukyplylygy we ş.m. barada maglumat bermek girýär. Iş ýüzünde müşderide diňe önümçilik wezipesi galýar.

*Bölekleýin* (kem-käsleýin) faktoring aýry-aýry amallaryň ýerine ýetirilmegi, ýagny talap hukugynyň berilmegi, debitor berginiň inkassirlenmegi bilen çäklenýär.

Üpjün ediji bilen faktoryň arasyndaky ylalaşyk boýunça faktoring hyzmatyny etmek regres hukugyny, ýagny bank tarapyndan satyn alyjynyň tölegi geçirilmedik hasaplaryny yzyna gaýtarmak we üpjün ediji tarapyndan karzyň öwezini dolmak hukugyny göz öňünde tutup biler. Degişlilikde, *regres hukugy bolan* we *regres hukugy bolmadyk* faktoring amallary tapawutlandyrylýar. Dünýä tejribesinde regres hukukly faktoring seýrek ulanylýar. Düzgün bolşy ýaly, töleg tölenmezlik töwekgelçiliginiň ählisini banklar öz üstüne alýarlar.

## 20.2. Lizing we faktoring amallaryna häsiýetnama

Täjirçilik bankynyň faktoring amallarynyň hukuk esasy şertnamadyr. Ol taraplaryň borçnamalaryny we jogapkärçiliklerini kesgitleýär. Hususan-da, onda aşakdakylar görkezilýär:

– faktoringiň görnüşi, müşderä edilýän hyzmatlaryň goşmaça görnüşleri;

– şertnamanyň hereket edýän möhleti;

– hasaplary berilýän satyn alyjylaryň sanawy;

– resminamalary bermegiň we pullary geçirmegiň tertibi;

– karzlaşdyrma limiti;

– hakujynyň (awans) aňryçäk möçberi (adatça hasabyň möçberiniň 80%-inden köp däl);

– hyzmat hakynyň möçberi we tölemegiň tertibi (karz üçin göterim möçberi, dtskont, komissiýa; çykdajylaryň öwezini dolmak);

– regresiň bardygy ýa-da ýokdugy;

– satyn alyjy üçin tölegiň aňryçäk möhleti;

– debitorlara bölmek bilen, dolanyşyklar boýunça bank hasabatynyň tertibi;

– geleşigi tamamlamagyň ýa-da bozmagyň tertibi;

– taraplaryň jogapkärçilikleri we borçlary.

Täjirçilik banklary şertnamalaryň hususy, umumy, global görnüşlerini baglaşyp bilerler. *Hususy* şertnama boýunça müşderi anyk bir

kontragent babatynda bar bolan talaby faktora berip biler. *Umumy* şertnama baglaşylanda müşderi faktora belli bir möçberdäki talaplary yzygiderli bermäge borçlanýar. *Global* şertnamada (faktor tarapyndan doly hyzmat edilende) müşderi anyk kontragentlere bildirilýän talaplary, şol sanda geljekde ýüze çykyp biljek talaplary hem banka berýär.

Faktoring amalynyň mysaly mehanizmi üç tarapyň gatnaşmagyny içine alýar:

1) araçy bolup durýan faktory, şunda täjirçilik banky ýa-da ýöriteleşdirilen faktroring kompaniýasy faktor bolup biler;
2) üpjün edijini;
3) satyn alyjyny.

Faktoring hyzmatyny etmek barada şertnama baglaşylanda üpjün ediji faktor banka berilýän pul talaplary barada maglumatlary berýär, onda aşakdakylar görkezilýär:

– her bir töleýjiniň ady, salgysy we önümleri ibermegiň şertleri;

– pul borçnamalarynyň berilmegi göz öňünde tutulýan möçberleri;

–her töleýjiniň eýýäm bar bolan bergisiniň möçberi we hasaplaryň deňeşdirilendigi baradaky maglumatlar;

– töleýjiniň (satyn alyjynyň) maliýe ýagdaýyna, hasaplaşyklarynyň ýagdaýyna baha bermek üçin zerur bolan beýleki maglumatlar (hasaplaşyklar boýunça hat alyşmalar, bergileri töletdirmek we düzgünleşdirmek üçin ozal görlen çäreler).

Faktoring amallary tölegli esasda geçirilýär. Tölegiň anyk pul möçberi kesgitlenende bank göteriminiň möçberi, iberilen harytlar boýunça tamamlanmadyk hasaplaşyklarda üpjün edijiniň serişdeleriniň ortaça dolanyşyk möhleti we komission hyzmatlaryň töleginiň möçberi – hyzmat üçin töleg hasaba alynýar.

**Lizing** diýip, adatça, lizinge beriji tarapyndan lizinge alyjylar üçin olary önümçilikde peýdalanmak maksady bilen satyn alnan, şertnamanyň dowam edýän möhletinde olara bolan eýeçilik hukugynyň lizinge berijide saklanyp galmagynda maşynlaryň we enjamlaryň uzak möhletli kärendä berilmegine ýa-da maşynlary we enjamlary kärendä bermek baradaky şertnama düşünilýär. Başga sözler bilen aýdylanda, lizinge ýöriteleşdirilen (lizing) kompaniýanyň araçyl bolmagynda esasy serişdelere goýum goýmagy maliýeleşdirmegiň özboluşly görnüşi, ýagny maýa goýum işiniň bir görnüşi hökmünde seredilip bilner.

**Lizing** lizing şertnamasyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly, şol sanda lizing predmetini satyn almak bilen baglanyşykly ýüze çykýan ykdysady we hukuk gatnaşyklarynyň jeminden ybaratdyr.

**Lizing şertnamasy,** bu şertnama laýyklykda lizing beriji, lizing alyjy tarapyndan görkezilen emlägi onuň kesgitlän üpjün edijisinden eýeçilige satyn almaga we bu emlägi töleg tölemek bilen wagtlaýyn eýeçilik etmek we ulanmak üçin lizing alyja bermäge borçlanýar.

Lizing amalynyň esasyny aşakdakylar düzýär:

– amalyň obýekti (predmeti);

– amalyň subýekti (lizing şertnamasynyň taraplary);

– lizing şertnamasynyň möhleti (liz döwri);

– lizing tölegleri;

– lizing boýunça edilýän hyzmatlar.

Lizing amalynyň obýekti (predmeti**)** sarp edilmeýän islendik zatlar, şol sanda kärhanalar we islendik emläk toplumlary, binalar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri we telekeçilik işi üçin peýdalanylýan beýleki gozgalýan we gozgalmaýan emläkler bolup biler. Ýer uçastoklary we beýleki tebigy obýektler, şeýle hem federal kanunlarda erkin dolanyşyk üçin gadagan edilen ýa-da olar üçin dolanyşygyň aýratyn tertibi bellenen emläkler lizingiň predmeti bolup bilmez.

Geleşik obýektine gönüden-göni gatnaşygy bolan taraplar lizing amalynyň **subýektleri** bolup durýarlar. Şunda olary göni we gytaklaýyn gatnaşyjylara bölüp bolar.

Lizing amalynyň göni gatnaşyjylaryna aşakdakylar degişlidir:

– lizing beriji şahsy we edara görnüşli taraplar, olar lizing amalyny amala aşyrmak üçin emlägi eýeçilige satyn alýarlar we belli bir möçberde hak almak bilen ony lizing şertnamasyna laýyklykda wagtlaýyn eýeçilik etmek we peýdalanmak şertlerinde möhlet belläp ulanmaga berýärler;

– lizing alyjy şahsy we edara görnüşli taraplar, olar lizing şertnamasyna laýyklykda, belli bir möçberde hak tölemek bilen, belli bir möhlete we şertlerde wagtlaýyn eýeçilik etmek we peýdalanmak üçin kabul etmäge borçludyrlar;

– üpjün ediji (satyjy), şahsy we edara görnüşli taraplara olar lizing beriji bilen satyn almak-satmak baradaky şertnama laýyklykda,

bellenen möhletde lizing berijä lizingiň predmeti bolup duran emlägi satýarlar. Üpjün ediji (satyjy) satyn almak-satmak baradaky şertnamanyň şertlerine laýyklykda, lizingiň predmetini lizing berijä ýa-da lizing alyja bermäge borçludyr.

Lizing berijini karzlaşdyrýan we geleşikleriň kepillendirijisi bolup çykyş edýän täjirçilik we maýa goýum banklary lizing amalyna gytaklaýyn gatnaşyjylar bolup durýarlar. Olara ätiýaçlandyryş kompaniýalary; konsalting firmalary; dellalçylyk we lizing amalyny guramaga we geçirmäge işjeň gatnaşýan beýleki araçy firmalar degişlidir.

**Lizingiň möhleti.** Liz döwri diýip lizing şertnamasynyň hereket edýän möhletine düşünilýär. Lizingiň uzak möhletli kärendäniň aýratyn görnüşi bolup durýandygy sebäpli, geleşik obýektleriniň ýokary bahasyny we hyzmat edýän möhletiniň uzaklygyny liz döwrüniň wagt çäkleri kesgitleýär.

Lizing şertnamasynyň möhleti kesgitlenende lizing beriji we lizing alyjy enjamyň hyzmat etmeli möhletini, onuň amortizasiýa döwrüni, geleşigiň has öndürijilikli ýa-da arzan görnüşiniň (analog) peýda boljak döwrüni, hümmetsizlenmegiň depginini, karz maýalar bazarynyň konýunkturasyny we onuň ösüş meýillerini hasaba alýarlar.

**Lizingiň bahasy.** Islendik lizing töleginiň düzümine aşakdaky esasy elementler girýär:

– amortizasiýa;

– geleşigi amala aşyrmak üçin lizing beriji tarapyndan çekilýän serişdeler üçin töleg;

– lizing maržasy, ol lizing beriji tarapyndan edilen hyzmatlar üçin onuň alan girdejisini içine alýar (1-3%);

– töwekgelçilik baýragy, onuň ululygy lizing berijiniň üstüne düşýän dürli töwekgelçilikleriň derejesine baglydyr.

Serişdeler üçin töleg, lizing maržasy we töwekgelçilik baýragy lizing göterimini emele getirýär.

Lizing tölegleriniň umumy möçberiniň ($L_t$) aşakdaky görnüşi bardyr:

$$L_t = A + T_k + T_{kom} + T_h + GBÜS, \qquad (5.1)$$

bu ýerde *A* – hasaplanyp ýazylan amortizasiýa tölegi;
$T_k$ – çekilen karz serişdeler üçin töleg;
$T_{kom}$ – komission tölegleriň möçberi;
$P_h$ – goşmaça hyzmatlar üçin töleg;
*GBÜS* – goşulan baha üçin salgyt. Lizing alyjy kiçi kärhana bolsa, onda GBÜS lizing tölegleriniň hasaplamasyna goşulmaýar.

Lizing tölegleriniň häzirkizaman bazary lizingiň, lizing şertnamalarynyň modelleriniň we lizing amallaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň köpdürlüligi bilen häsiýetlendirilýär.

Dürli alamatlara baglylykda lizing amallaryny aşakdaky toparlara bölüp bolar:

*Gatnaşyjylaryň düzümi* boýunça:

– göni lizing, onda emlägiň eýesi lizing obýektini özbaşdak tabşyrýar (ikitaraplaýyn geleşik);

– gytaklaýyn lizing, bu ýagdaýda emläk araçynyň üsti bilen berilýär (üçtaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn geleşik).

Gaýtarma lizingi göni lizingde seýrek bolýan ýagdaýdyr, şonda lizing firmasy enjamy onuň eýesinden satyn alýar we ony ozalky eýesine kärendä berýär.

*Emlägiň tipi* boýunça:

– gozgalmaýan emlägi lizinge bermek;

– gozgalýan emlägi lizinge bermek;

– ulanyşda bolan emlägi lizinge bermek.

*Özüni ödeme derejesi* boýunça:

– doly özüni ödeýän lizing, bu ýagdaýda bir şertnamanyň dowam edýän möhletinde emlägiň bahasynyň doly tölenmegi bolup geçýär;

– özüni doly ödemeýän lizing, bu ýagdaýda bir şertnamanyň dowam edýän möhletinde emlägiň bahasynyň diňe bir bölegi özüni ödeýär.

*Amortizasiýa şertleri* boýunça:

– doly amortizasiýaly we degişlilikde, lizing obýektiniň doly bahasynyň tölenýän lizingi;

– doly däl amortizasiýaly, ýagny bahasy bölekleýin tölenýän lizing.

*Özüni ödeme derejesi* we a*mortizasiýa şertleri* boýunça:

– maliýe lizingi, ýagny lizing baradaky şertnamanyň hereket edýän döwründe kärendeçi kärendä berijä kärendä alnan emlägiň doly bahasyny (doly amortizasiýany) töleýär;

– operatiw lizing, ýagny emläk onuň amortizasiýa döwründen az möhlete berilýär. Şertnama 2 ýyldan 5 ýyla çenli möhlete baglaşylýar.

Şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň lizing alyjy:

– geleşik obýektini operatiw lizingde adalatly bazar bahasy boýunça ýa-da maliýe lizinginde galyndy bahasy boýunça satyn alyp biler;

– az möhlete we ýeňillikli möçber boýunça täze şertnama baglaşyp biler;

– geleşik obýektini lizing kompaniýasyna gaýtaryp biler.

Beýleki bank amallary ýaly, lizing amallary hem töwekgelçilikli amallar bolup durýar. Görnüşine görä lizing töwekgelçilikleri işewürlik we maliýe töwekgelçiliklerine bölünýär.

**Işewürlik töwekgelçilikleri:** marketing töwekgelçiligi; geleşik obýektiniň moral taýdan çalt könelmesi; baha töwekgelçiligi; emlägiň ýok bolmak ýa-da mundan beýläk ulanmagyň mümkin bolmazlyk töwekgelçiligi.

**Maliýe töwekgelçilikleri:** deňeçerlenmedik likwidlilik töwekgelçiligi; töleg tölenmezlik töwekgelçiligi; göterim töwekgelçiligi; walýuta töwekgelçiligi.

**Soraglar**

1. Faktoring näme?
2. Faktoring amallarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Faktoring amallarynyň düzüm bölekleri haýsylar?
4. Faktoring amallarynyň subýektleri näme?
5. Lizing näme?
6. Lizing amallarynyň nähili görnüşleri bar?
7. Lizing amallary haýsy böleklerden durýar?
8. Lizing amalynyň predmetleri (obýektleri) haýsylar?
9. Lizing geleşiginiň möhleti haýsy faktorlar bilen kesgitlenilýär?
10. Lizing amallary nähili görnüşlerde amala aşyrylýar?

# XXI BAP. BANKLARYŇ NAGT DÄL AMALLARY, NAGT PUL BILEN BAGLANYŞYKLY KASSA IŞINI MEÝILNAMALAŞDYRMAK WE GURAMAK

## 21.1 Nagt pul dolanyşygyny guramak we ony meýilnamalaşdyrmak

Nagt pul dolanyşygyny guramak täjirçilik banklarynyň kassalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Merkezi bankyň düzgünnamasyna laýyklykda, ähli guramalar, kärhanalar, edaralar erkin pul serişdelerini karz guramalaryndaky degişli hasaplarda saklamaga borçludyrlar.

Olary soňundan kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryna geçirmek bilen, nagt pullar her gün bankyň kassalaryna ýa-da şertleşilen şertlerde inkassasiýa gulluklaryna tabşyrylýar.

Hasaplaşyk-kassa hyzmatyny edýän her bir karz guramasy pul girdejisi bolan kärhanalaryň hasabyny ýöredýär we nagt pullary banka tabşyrmagyň tertibini we möhletini kesgitleýär.

Kärhanalar öz kassalarynda kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşyp, bank tarapyndan tassyklanylan *limitleriň* çäklerinde nagt pul saklap bilerler. Zerur bolan ýagdaýynda kassadaky galyndylaryň limitlerine gaýtadan seredilip bilner. Nagt pullaryň kassadaky galyndylarynyň limiti olaryň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine we işiniň ugruna garamazdan, kassasy bolan we nagt pul hasaplaşyklaryny amala aşyrýan, hyzmat edilýän ähli kärhanalar, edaralar boýunça her ýylda bellenilýär. Şu maksat bilen kärhanalar kassada galyndynyň limitini bellemek boýunça hasaplamany banka berýärler we öz kassasyna gelip gowuşýan girdejiden nagt pullary sarp etmäge rugsady resmileşdirýärler.

Kassadaky limitiň galyndysy kärhananyň iş düzgüniniň aýratynlyklary, nagt pul serişdelerini bank edaralaryna tabşyrmagyň tertibini we möhletlerini, gymmatlyklary saklamagyň üpjün edilişini we olaryň garşylyklaýyn daşalyşyny azaltmagy hasaba almak bilen, kärhananyň pul-karz dolanyşygynyň möçberlerinden ugur alnyp kesgitlenýär.

Nagt pullaryň bellenen limitden artyk möçberi diňe zähmet hakyny bermek, durmuş häsiýetli tölegleri we talap haklaryny tölemek üçin 3 iş gününden köp bolmadyk möhletde saklanyp bilner.

Kärhanalar bankyň hyzmat edýän edarasy bilen ylalaşyp, öz kassalaryna gelip gowuşýan pul serişdelerini hereket edýän kanunçylykda göz öňünde tutulan maksatlar üçin sarp edip bilerler, ýöne öňde duran çykdajylary amala aşyrmak üçin (şol sanda olaryň tölenmeli möhletinden öň zähmet hakyny bermek, durmuş töleglerini tölemek üçin) kassada nagt pullary toplamaga olaryň haky ýokdur.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşylan möhletlerden ugur almak bilen, bank nagt pullaryň berilmeli senenamasyny düzýär we ony Merkezi banka berýär.

Nagt pullary bermek bankyň kassalaryna gelip gowuşýan nagt pullaryň hasabyna amala aşyrylýar. Olar ýetmezçilik eden ýagdaýynda bank zähmet hakynyň we beýleki tölegleriň tölenmeli gününiň öňýanynda özüniň Merkezi bankdaky habarçy hasabyndan zerur bolan pul möçberini alýar.

## 21.2. Nagt pul dolanyşygyny çaklamak

Bank edaralarynyň kassalaryna gelip gowuşýan nagt pul serişdeleriniň möçberini we çeşmelerini we olaryň berilýän ugurlaryny kesgitlemek, şeýle hem olaryň dolanyşyga goýberilişini we dolanyşykdan aýrylyşyny kesgitlemek üçin tutuş ýurt boýunça kassa dolanyşygynyň çärýek üçin çaklamasy düzülýär (21.1-nji tablisa).

Täjirçilik banklary tarapyndan çaklama hasaplamalary onuň kassa dolanyşyklary baradaky hasabatynyň we nagt pullar bilen amallary geçirýän müşderilerinden alnan kassa ýüztutmalarynyň esasynda düzülýär.

*21.1-nji tablisa*

**_Kassa dolanyşyklarynyň banklar tarapyndan aýlara bölmek bilen her çärýekde düzülýän çaklama hasaplamalary_**

| Girdeji | Nyşanlar |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Döwlete dahylly kärhanalardan we edaralardan gelip gowşan söwda girdejisi. | 02 |
| Döwlete dahylsyz kärhanalardan we edaralardan gelip gowşan söwda girdejisi. | 03 |
| Daşary ýurt we bilelikdäki kärhanalardan gelip gowşan söwda girdejisi. | 04 |
| Demirýol, suw we howa ulaglaryndan gelip gowşan girdeji. | 05 |
| Ýerli gatnawlardaky ulaglaryndan gelip gowşan girdeji. | 06 |
| Ýangyç ýaglaýjy maddalaryň ýerlenmeginden gelip gowşan girdeji. | 07 |
| Ýaşaýyş jaý töleginiň we jemagat hyzmatlary üçin töleginiň nagt görnüşünde gelip gowuşmagy. | 08 |
| Tomaşa we hyzmat ulgamynyň kärhanalaryndan gelip gowşan girdeji. | 11 |
| Salgytlaryň we ýygymlaryň gelip gowuşmagy. | 12 |
| Oba hojalyk kärhanalarynyň we fermer hojalyklarynyň hasaplaryna gelip gowuşmalar. | 13 |
| Raýatlaryň goýum hasaplaryna gelip gowuşmalar. | 16 |
| Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň kärhanalaryndan gelip gowşan girdeji. | 17 |
| Edera görnüşündäki tarap döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan telekeçileriň hasaplaryna nagt görnüşinde gelip gowşan girdeji. | 18 |
| Gymmatly kagyzlary ýerlemekden gelip gowşan girdeji. | 20 |
| Sarp ediş karzynyň gaýtarylmagy. | 22 |
| Pul geçirmelerini amala aşyrmak üçin edara görnüşindäki tarap döretmedik telekeçilerden we raýatlardan gelip gowuşmalar. | 23 |
| Zähmet hakynyň gaýtarylmagy. | 28 |
| Altyn (kümüş) teňňeleriň ýerlenmeginden gelen girdeji. | 29 |
| Daşary ýurt pulunyň satylmagyndan gelen girdeji. | 30 |
| Beýleki girdejiler. | 32 |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Döwlet edara kärhanalarynyň zähmet haky boýunça töleglerine berleni. | 40 |
| Býujetden maliýeleşdirilýän guramalaryň zähmet haky boýunça töleglerine berleni. | 41 |
| Döwlet edara-kärhanalarynyň ähli görnüşdäki sylaglaryna, höweslendirmelerine we durmuş töleglerine berleni. | 42 |
| Býujetden maliýeleşdirilýän guramalaryň ähli görnüşdäki sylaglaryna, höweslendirmelerine we durmuş töleglerine berleni. | 43 |
| Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalaryň we guramalaryň iş sapary çykdajylaryna berleni. | 44 |
| Jemgyýetçilik we kärdeşler arkalaşygynyň guramalarynyň zähmet haky boýunça töleglerine berleni. | 45 |
| Oba hojalyk önümlerini satyn almaga berleni. | 46 |
| Oba hojalyk kärhanalarynyň hasaplaryndan zähmet haky boýunça töleglerine berleni. | 47 |
| Kärendeçileriň we mehanizatorlaryň goýum hasaplaryndan berleni. | 48 |
| Talyp haklaryna berleni. | 49 |
| Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly töleglerine berleni. | 50 |
| Döwlete dahylsyz kärhanalaryň zähmet haky töleglerine berleni. | 51 |
| Döwlete dahylsyz kärhanalaryň ähli görnüşdäki sylaglaryna, höweslendirmelerine we durmuş töleglerine berleni. | 52 |
| Beýleki maksatlar üçin berleni. | 53 |
| Sarp ediş maksatlary üçin raýatlara karzlaryň berilmegi. | 54 |
| Raýatlaryň goýum hasaplaryndan berleni. | 55 |
| Gymmatly kagyzlary satyn almaga berleni. | 56 |
| Daşary ýurt puluny satyn almaga berleni. | 57 |
| Goýum hasaplaryndan nagt pullaryň zähmet hakyna berleni. | 58 |
| Pul geçirimleri we beýleki amallar üçin Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministirliginiň kärhanalaryna berkitmeleriň berilmegi. | 59 |
| Banklaryň üsti bilen pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň berilmegi. | 60 |
| Edara görnüşindäki tarap döretmedik telekeçileriň hasaplaryndan berilmegi. | 61 |
| Gelip gowşan pul geçirmelerinden edara görnüşindäki tarap döretmedik telekeçilere we raýatlara nagt pullaryň berilmegi. | 62 |

Kassa ýüztutmasy banka her çärýekde meýilnamalaşdyrylýan çärýek başlanmazyndan 45 gün öňünden berilýär.

Banka kassa ýüztutmasy berlende söwda guramalary söwda girdejisiniň gelip gowşuşy, ulag kärhanalary, tomaşa, jemagat, durmuş

taýdan hyzmat edýän kärhanalar degişli hyzmatlary etmekden alynýan pul girdejisiniň gelip gowşuşy, maliýe edaralary salgytlaryň we ýygymlaryň gelip gowşuşy barada goşmaça hasaplamalary berýärler.

Kassa dolanyşyklarynyň we pullary emissiýa etmegiň çärýeklik çaklamalaryny Merkezi bank nagt pul dolanyşygyny guramak boýunça çäreler işlenip taýýarlananda, şeýle hem hasaplaşyk-kassa merkezlerine ätiýaçlyk serişdeleri getirmegiň meýilnamalary düzülende hasaba alýar.

## 21.3. Nagt pul bilen işleri guramak

Şahsy we edara görnüşli taraplara toplumlaýyn kassalaýyn hyzmatyny etmegi amala aşyrmak, şeýle hem nagt pullar we beýleki gymmatlyklar bilen amallary ýerine ýeirmek üçin karz guramalary merkezi bankyň ony gurnamaga we tehniki taýdan berkitmäge bildirýän talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrylan kassa birligini döredýärler.

Kassa birliginiň düzümine aşakdakylar girýär: gymmatlyklaryň saklanýan ýeri, amallar kassasy (girdeji, çykdajy, girdeji-çykdajy, agşamky kassalar, gaýtadan hasaplaşyklar kassasy); inkassatorlardan pullaryň kabul edilýän-berilýän jaýy, ammar ýa-da seýfiň durýan otagy we kassa amallaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan başga-da birnäçe jaýlar.

Ilata edilýän kassa hyzmatyny gowulandyrmak we giňeltmek üçin karz guramalary goýumlary kabul etmek we bermek (manatda we daşary ýurt pulunda), şahsy taraplardan jemagat (kommunal) tölegleri kabul etmek boýunça amallary geçirmek maksady bilen kassa merkeziniň daşynda hem enjamlaşdyrylan amallar kassasyny açyp bilerler.

Karz guramasy nagt pullary kabul etmek we bermek üçin bankomatlary, awtomatlary (şol sanda kassa işgäriniň iş ýerinde oturdylan şahsy kompýuteri (elektron kassirler) peýdalanmak bilen), awtomatik usulda işleýän we müşderilerden nagt pullary kabul etmäge we olary saklamaga niýetlenen terminallary (awtomatik seýfler) oturdyp bilerler.

Gymmatlyklaryň saklanyşy üçin jogapkär adamlar, ýagny karz guramasynyň ýolbaşçysy we kassa müdiri karz guramasynyň kassasy-

na gelip gowşan pullaryň öz wagtynda girdeji edilişine gözegçiligi amala aşyrýarlar, öz müşderilerine kassa hyzmatyny etmegi guraýarlar we ýurduň kanunlaryna we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

Kassa amallaryny alyp barmagyň tertibi Merkezi bank tarapyndan dlüzgünleşdirilýär. Ol emissiýany amala aşyrýar we pul dolanyşygyny düzgünleşdirýär. «Karz guramalarynda kassa amallaryny alyp barmagyň tertibi hakynda» Düzgünnama kassa işini guramak boýunça esasy resminama bolup durýar. Şol düzgünnamada karz guramalarynda we olaryň şahamçalarynda kassa işini guramak, inkassasiýa etmek, nagt pullary we gymmatlyklary daşamak we saklamak babatynda bank amallaryny geçirmegiň tertibi bellenilýär. Bu resminamanyň esasynda karz guramalary kassa birligi barada öz düzgünnamalaryny we kassa işgärleriniň wezipe borçlaryny işläp taýýarlaýarlar.

Karz guramasynyň nagt pullary we beýleki gymmatlyklary gymmatlyklaryň saklanýan ýerinde saklanmalydyr, ol Merkezi bankyň talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrylýar. Amallar güni tamamlanandan soň gymmatlyklaryň saklanýan ýeri goragyň (garawullaryň) gatnaşmagynda gymmatlyklaryň saklanyşy üçin jogapkär wezipeli adamlar tarapyndan ýapylýar we goramak üçin tabşyrylýar.

Nagt pullar bilen amallary gönüden-göni ýerine ýetirmegi karz guramasynyň kassa we inkassator işgärleri amala aşyrýarlar. Olar bilen doly maddy jogapkärçilik barada şertnama baglaşylýar. Olar kassa amallaryny alyp barmagyň tertibini berk berjaý etmelidirler, bu tertip nagt pullary kabul etmek we bermek boýunça amallaryň diňe *hasaba alyş-amallar işgäri tarapyndan bellenen tertipde resmileşdirilen girdeji we çykdajy kassa resminamasynyň esasynda* ýerine ýetirilip bilinjekdigini göz öňünde tutýar. Şonda kassa amallarynyň kanunalaýyk resmileşdirilişini barlamak hem onuň borjuna girýär.

Girdeji we çykdajy kassalarynyň kassa işgärleri girdeji we çykdajy resminamalaryna gol çekmäge ygtyýary bolan amallar işgärleriniň gollarynyň nusgalary bilen, girdeji we çykdajy resminamalaryny resmileşdirýän amallar işgärleri bolsa görkezilen kassalaryň kassa işgärleriniň gollarynyň nusgalary bilen üpjün edilýär. Gollaryň nusga-

lary ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň gollary bilen tassyklanylýar we oňa karz guramasynyň möhüri basylýar.

Mundan başga-da, amallar işgärlerinde öz hasaplaryndan nagt pulary alýan müşderileriň gollarynyň nusgalary we möhürleriniň şekili bolan kartoçkalary bolýar.

## 21.4. Nagt pullary kabul etmegiň we karz guramasynyň kassalaryndan nagt pullary bermegiň tertibi

Karz guramalarynda nagt pullary kabul etmek boýunça amallary amallar gününiň dowamynda girdeji kassalary, ol tamamlanandan soň bolsa agşamky kassalar geçirýärler.

Müşderiden nagt pullary kabul etmek nagt pullaryň geçirilýändigi barada bildirişiň esasynda amala aşyrylýar. Ol bildirişiň özünden, orderden, kwitansiýadan ybarat resminamalar toplumy bolup durýar. Amallar işgäri amalyň kanunylygyny, ony amala aşyrmagyň mümkinçiligini, nagt pul geçirmek baradaky bildirişiň dogry doldurylandygyny barlaýar, puluň möçberini girdeji kassa žurnalynda bellige alýar we ony kassa berýär. Kassa işgäri bu bildirişe, kwitansiýa we oňa degişli ordere gol çekýär, kwitansiýa möhür basýar we ony pul geçirýäne berýär. Nagt puly geçirmek baradaky bildirişi kassa işgäri özünde alyp galýar, bildirişiň ýany bilen berlen orderi amallar işgärine görkezilen pul möçberini nagt pul geçireniň hasabyna ýazmak üçin berýär.

Raýatlardan, şeýle hem karz guramasynyň işgärlerinden nagt pullary kabul etmek we bermek girdeji we çykdajy kassa orderleri boýunça geçirilýär.

Jemagat, salgyt we beýleki tölegleri kabul etmek bellenen görnüşlerdäki töleg hatlary we kwitansiýalar boýunça geçirilýär.

Karz guramasynda buhgalter hasaba alşyny alyp barmagyň kadalary girdeji kassa amallary boýunça resminamalaryň dolanyşygynyň müşderileriň hasabyna pul möçberini ýazmak üçin olara kwitansiýalary bermegiň diňe pullar kassa hakykatdan hem gelip gowşandan soň amala aşyrylar ýaly guralmagyny talap edýär. Muňa raýatlaryň goýum üçin geçirýän gatançlary girmeýär, olar goýum-

çylaryň atly hasaplaryna pullar kabul edilmezinden öň ýazylyp bilner. Şonda goýum üçin gatanjyň geçirilendigini tassyklaýan resminamalar we (ýa-da) bank depderçesi goýumça pullar bankyň kassasyna hakykatdan gelip gowşandan soň berilýär.

Amallar gününiň ahyrynda kassa işgäri kabul edilen pul serişdeleriniň möçberi we kassa gelip gowşan pul resminamalarynyň sany barada güwänama düzýär.

Güwänama boýunça umumy pul möçberi kabul edilen nagt pullaryň möçberi bilen gabat gelmelidir. Güwänamadaky maglumatlar amallar işgäriniň girdeji kassa žurnalyndaky ýazgylary bilen deňeşdirilýär. Deňeşdirmeler kassa žurnallarynda kassa işgäriniň we her işgäriň güwänamasynda amallar işgäriniň gollary bilen resmileşdirilýär.

Amallar gününiň dowamynda kassa kabul edilen nagt pullar girdeji resminamalary we kabul edilen pullaryň möçberi we kassa gelip gowşan pul resminamalarynyň sany baradaky güwänama bilen bilelikde kabul edilen we berlen pullaryň (gymmatlyklaryň) hasaba alynýan kitabynda gol çekdirilip kassa müdirine tabşyrylýar.

Amallar güni tamamlanandan soň kärhanalardan puly kabul etmegi agşamky kassalar amala aşyrýarlar. Pullary kabul etmek tamamlanandan soň kassir hem-de amallar işgäri nagt pullary kassa žurnalynyň we girdeji resminamalarynyň (olarda «Agşamky kassa» möhüriniň şekili bolmalydyr) maglumatlary bilen deňeşdirýärler we kassa žurnalynda gol çekýärler. Gelip gowşan pullar, girdeji kassa resminamalary, kassa žurnaly we möhür agşamky kassanyň amallar güni tamamlanandan soň goralýan seýfde saklanýar. Ertesi güni irden pullar we girdeji kassa resminamalary gol çekdirilip kassa müdirine tabşyrylýar. Soňra girdeji kassa resminamalary baş buhgaltere berilýär, ol kassa žurnalyny barlandan soň oňa gol çekýär we ony nagt pullary geçirmek baradaky bildiriş bilen bilelikde amallar işgärlerine pul geçirenleriň hasaplarynda görkezmek üçin berýär.

Amallar gününiň dowamynda gelip gowşan ähli nagt pullar amallar kassasynda girdeji edilmelidir we şol iş gününde müşderileriň degişli hasaplaryna ýazylmalydyr. Pullar müşderilerden amallar gününden soň agşamky kassa kabul edilen bolsa, onda olar karz gura-

masynyň müşderileriniň degişli hasaplaryna ertirki iş gününden gijä galman geçirilýär.

Banka nagt pullaryň gelip gowuşýan başga bir ýoly inkassator gulluklary bolup durýar.

Nagt pullary we beýleki gymmatlyklary inkassasiýa etmek we getirmek karz guramasynyň özi tarapyndan ýa-da şertnama esasynda, Merkezi bankyň şu amallary geçirmäge rugsat berýän ygtyýarnamasy bolan ýörite inkassasiýa gulluklary tarapyndan geçirilip bilner.

Karz guramalary nagt pullary bermegi çekleriň esasynda amala aşyrýarlar, bankyň işgärlerine bolsa çykdajy bank orderleri boýunça nagt pul berýärler.

Bankda buhgalter hasaba alşyny alyp barmagyň kadalary çykdajy kassa amallarynyň guralyşynyň şu aşakdakylara ýol bermezligini göz öňünde tutýar:

a) ýalňyş resmileşdirilen resminamalaryň, bellenen nusgalara laýyk gelmeýän gollar we möhüriň şekilleri bolan çekleriň we şol müşderä degişli bolmadyk depderçeden göçürilen çekleriň tölegininiň geçirilmegine;

b) çekleriň we beýleki çykdajy kassa resminamalarynyň degişli amallar işgärlerine we bankyň gözegçisine berilmän kassa gelip gowuşmagyna;

ç) kassa reminamalaryna we žurnallaryna esaslandyrylmadyk düzedişleriň we goşmaça ýazgylaryň girizilmegine.

## 21.5. Karz guramasynyň müşderileri tarapyndan kassa düzgün – nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik

Nagt pul dolanyşygyny guramagyň kadalaryna laýyklykda karz guramalary 2 ýylda bir gezekden az  bolmadyk döwürde kärhanalar tarapyndan kassa amallaryny alyp barmagyň tertibiniň berjaý edilişini barlaýarlar.

Barlanmaga degişli kärhahalaryň topary nagt pul dolanyşygynyň möçberine we kärhanalar tarapyndan nagt pullar bilen işlemegiň bellenen tertibiniň berjaý edilişi barada bankda bar bolan maglumatlara

baglylykda kesgitlenilýär. Banklardan alynýan nagt pullar kärhananyň bankdan pul alýan çekinde görkezilen maksatlar üçin sarp edilmelidir.

Kärhanalarda we guramalarda kassa amallaryny alyp barmagyň tertibiniň berjaý edilişine barlagyň barşynda aşakdakylara seredilýär:

– bank edarasyndan alnan nagt pullaryň doly girdeji edilişi, kassa kitabyndaky ýazgylaryň möçberler we möhletler boýunça bank edarasyndaky maglumatlara laýyk gelmegi;

– pullaryň bank edarasynyň kassasyna doly tabşyrylyşy, pul girdejisini bank edarasyna tabşyrmagyň ylalaşylan tertibiniň we möhletleriniň berjaý edilişi. Zähmet hakyny bermek, durmuş häsiýetli tölegleri geçirmek üçin alnyp, öz wagtynda tölenmedik serişdeleriň, beýleki pul serişdeleriniň öz wagtynda yzyna gaýtarylýandygy, nagt pullaryň möçberiniň we banka tabşyrylan senesiniň kassa kitabyndaky ýazgylara laýyk gelýändigi barlanýar. Bank edarasyndaky maglumatlar bilen kassa kitabyndaky ýazgylaryň gabat gelmedik ýagdaýynda onuň sebäpleri anyklanylýar;

– kärhananyň kassasyna gelip gowşan nagt pul serişdelerini sarp etmegiň bank edarasy bilen ylalaşylan şertleriniň berjaý edilişi;

– ilkinji resminamalaryň esasynda, edara görnüşli taraplaryň arasynda nagt pullar bilen hasaplaşyklaryň bellenen aňryçäk möçberiniň berjaý edilişi;

– kärhananyň kassasynda nagt pullaryň galyndysynyň bank edarasy tarapyndan bellenen limitiniň berjaý edilişi;

– kassa kitabynyň we beýleki kassa resminamalarynyň ýöredilişi.

Bankyň işgäri kärhananyň kassasyndan nagt pullary bermek we kabul etmek boýunça amallary resmileşdirmegiň bellenen tertibiniň berjaý edilişini, kassa amallary boýunça ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň görnüşleriniň (girdeji we çykdajy kassa amallary, girdeji we çykdajy kassa amallarynyň hasaba alynýan žurnaly, kassa kitaby, kassir tarapyndan kabul edilen we berlen nagt pullaryň hasaba alynýan kitaby) alnyp barlyşyny, geçirilen kassa amallary boýunça kassiriň gündelik hasabatynyň girdeji-çykdajy resminamalaryna we hasaplaşyk-töleg wedomostlaryna laýyk düzülişini barlaýar.

Barlagyň netijelerine bankyň ýolbaşçylary tarapyndan seredilýär. Nagt pul bilen işlemegiň düzgünleriniň bozulan ýagdaýlary ýüze çykarylanda bank kanunçylykda bellenen jerime çärelerini görmek üçin bu barada salgyt edaralaryna habar berýär.

**Soraglar**

1. Nagt pul dolanyşygynyň guralyşy we onuň meýilnamalaşdyrylyşy barada näme bilýärsiňiz?
2. Kassa birliginiň düzümi nähili?
3. Nagt pullar bilen amallary gönüden-göni kim ýerine ýetirýär we olary ýöretmegiň tertibi nähili?
4. Kassa işgäriniň we amallar işgäriniň borçlary nämeden ybarat?
5. Kassa amallaryny alyp barmagyň tertibi nähili?
6. Kärhanalarda we guramalarda kassa amallaryny alyp barmagyň tertibiniň berjaý edilişine barlagyň barşynda haýsy meselelere seredilýär?

# XXII BAP. NAGT DÄL HASAPLAŞYKLARY GURAMAK WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI

## 22.1. Nagt däl hasaplaşyklar düşünjesi we olary guramak

Ykdysadyýetiň subýektleriniň arasyndaky içerki hem, halkara bazaryndaky hojalyk gatnaşyklarynyň köpdürlüligi hasaplaşyklary geçirmek bilen bilelikde bolup geçýär. Hasaplaşyklar kärhanalaryň we guramalaryň býujet, berlen karz serişdeler boýunça karz guramalary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we beýleki subýektleri bilen özara gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Olaryň görnüşlerine garamazdan ähli pul tölegleri pul dolanyşygyny görkezýär. Nagt pul gatnaşmazdan amala aşyrylýan tölegler pul dolanyşygynyň bir bölegi bolup duran nagt däl dolanyşygy emele getirýärler. Nagt pul görnüşi tölegleriň nagt pullar bilen geçiriljekdigini aňladýar. Bu bolsa ilatyň geçirýän amallary üçin häsiýetli bolup, olaryň girdejileri we çykdajylary bilen baglydyr. Emma nagt däl dolanyşyk pul dolanyşygynyň agdyklyk edýän bölegini emele getirmek bilen oňyň 90%-ini tutýar we nagt däl hasaplaşyklary geçirmek bilen üpjün edilýär.

Ykdysadyýet baradaky edebiýatda hasaplaşyklar has giň we anyk düşünje hökmünde görkezilýär.

Sözüň doly manysynda hasaplaşyklaryň özi töleýji bilen serişdeleri alyjynyň, şeýle hem maliýe araçysynyň (bank) arasynda borç-

namalary üzmegiň tertibi we usullary barada maglumat alyşmakdan ybaratdyr.

Has anyk düşündirilende nagt däl hasaplaşyklar özara hasaplaşyk nägileliklerini düzgünleşdirmek, şeýle hem töleýji tarapyndan alyja pul serişdelerini geçirmek ýoly bilen borçnamalary yzyna almazdan we gürrüňsiz tölenmegidir. Bu hasaplaşyklaryň jemlenmesi bolup, şonuň netijesinde hojalyk subýekti bergiden boşadylýar.

Hasaplaşyklaryň geçirilýän ulgamyna baglylykda hasaplaşyklary maliýe däl we maliýe sektorlaryndaky hasaplaşyklara bölüp bolýar.

Maliýe däl sektoryndaky nagt däl hasaplaşyklar haryt-maddy gymmatlyklaryň öndürijiden sarp edijä tarap hereketine ýardam etmäge, dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşygynyň üpjün edijide tamamlanmagyny üpjün etmäge, özara gözegçilik üçin şertleri döretmäge, şertnama şertleriniň bozulandygy üçin özara çäreleri göz öňünde tutmak bilen, kontragentleriň arasyndaky şertnamalaýyn gatnaşyklary berkitmäge niýetlenendir.

Maliýe sektorynda, ýagny haryt däl sektorda nagt däl hasaplaşyklar, düzgün bolşy ýaly, täjirçilik banklary bilen olaryň şahamçalarynyň, täjirçilik banklary bilen Merkezi bankyň arasynda amala aşyrylýar.

Nagt däl hasaplaşyklar kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylýar we Merkezi bankyň ýörite düzgünnamasy bilen düzgünleşdirilýär. Kanunçylyk üpjünçiligi babatynda nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň esasyny Raýat kodeksi we „Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» kanun düzýär.

Nagt däl hasaplaşyklary guramagyň esasyny nagt däl hasaplaşyklar ulgamy emele getirýär.

## 22.2. Nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň häsiýetnamasy

Nagt däl hasaplaşyklar ulgamy federal kanunlar we olary amala aşyrmak boýunça bank kadalary bilen düzgünleşdirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň guralyşyny görkezýär (22.1-nji tablisa ).

*22.1-nji tablisa*

<table>
<tr><th colspan="6">Nagt däl hasaplaşyklar ulgamy</th></tr>
<tr><td colspan="2">Nagt däl hasaplaşyklar ýörelgeleri</td><td colspan="2">Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri</td><td colspan="2">Nagt däl hasaplaşyklaryň mehanizmi</td></tr>
<tr><td>Töleg usullary</td><td colspan="2">Hasaplaşyk resminamalarynyň görnüşleri</td><td colspan="2">Tertip. Resminamalaryň dolanyşygy</td><td>Hasaplaşyklaryň amala aşyrylyşyna gözegçilik</td></tr>
</table>

22.1-nji tablisadan görnüşi ýaly nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň düzüm böleklerine olaryň ýörelgeleri, görnüşleri, guramaçylyk mehanizmi girýär.

Nagt däl hasaplaşyklar ulgamy harytlaryň ýerlenmegine we üpjün ediji tarapyndan ýerlenen harytlar we edilen hyzmatlar üçin serişdeleriň öz wagtynda alynmagyna ýardam etmelidir; maliýe, karz, ätiýaçlandyryş, administratiw-kazyýet we beýleki borçnamalar boýunça pul serişdeleriniň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmelidir; harytlary ibermek we hyzmat etmek baradaky şertnama gatnaşyklarynyň ýa-da ylalaşyklarynyň berjaý edilişine we töleg düzgünnyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek üçin şertleri döretmelidir; karz guramalary tarapyndan nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmagyň hereket edýän kadalarynyň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün etmelidir; özara berginiň emele gelmegine ýol bermezlik maksady bilen, haryt-maddy gymmatlyklaryň satyn alyjylar tarapyndan alynmaly pursadyny golaýlatmaga ýardam bermelidir.

Ýokarda görkezilen talaplary hasaba almak bilen, nagt däl hasaplaşyklar ulgamy aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

– kanunçylykda başga ýagdaý bellenilmedik ýa-da hasaplaşyklaryň peýdalanylýan görnüşi bilen şertlendirilmedik bolsa, ähli nagt däl hasaplaşyklar karz guramalarynyň (olaryň şahamçalarynyň) we (ýa-da) Merkezi bankyň üstünden, bank hasaby şertnamasynyň ýa-da habarçy hasaby (hasapiçi hasap) şertnamasynyň esasynda açylan hasaplar boýunça amala aşyrylýar;

– pul serişdeleri hasapdan onuň eýesiniň görkezmesi bilen ýa-da kanunçylykda we (ýa-da) bank bilen müşderiniň arasyndaky şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýlarda hasabyň eýesiniň görkezmesi bolmadyk ýagdaýda hasapdan alynýar;

– haryt-maddy gymmatlyklar üçin tölegler olar iberilenden soň ýa-da hyzmatlar edilenden soň geçirilýär;

– tölegler töleýjiniň serişdeleriniň hasabyna ýa-da bank karzynyň hasabyna geçirilýär;

– hasapdaky pul serişdeleri ýetmezçilik edende oňa bildirilen talaplary kanagatlandyrmak üçin, serişdeleri almak olaryň gelip gowşuşyna görä, kanunçylykda bellenen nobatlylyk tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

Agzalan ýörelgelere laýyklykda, satyn alyjyda zerur bolan pul serişdeleri ýa-da karz almaga hukuk bar bolsa, tölegler täjirçilik banklarynyň üstünden we olaryň gözegçiligi astynda geçýär. Nagt däl hasaplaşyklar diňe ýazmaça pul hasaplaşyk resminamarynyň esasynda geçirilýär. Elektron töleg resminamalaryny resmileşdirmegiň, kabul etmegiň, işlemegiň we olary peýdalanmak bilen hasaplaşyk amallaryny geçirmegiň tertibi Merkezi bankyň aýratyn kadalaşdyryjy namalary bilen düzgünleşdirilýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň we maglumatlary goramak serişdelerini peýdalanmak bilen elektron töleg resminamalaryny alyşmagyň tertibi Merkezi bank bilen karz guramalarynyň ýa-da karz guramalary bilen olaryň müşderileriniň arasynda baglaşylýan şertnamalarda kesgitlenilýär.

Nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň ýene bir görnüşi nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşidir.

**Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşi,** bu töleg usulyny we degişli resminamalar dolanyşygyny içine alýan, biri-biri bilen baglanyşykly elementleriň jemidir.

Tölegiň esasy usullary aşakdakylardyr:

– hasaplaşyk resminamasynyň esasynda pullary gönüden-göni töleýjiniň hasabyndan pullary alýanyň hasabyna geçirmek;

– hasaplaşylmadyk pul möçberini hasaplaşyga gatnaşyjylaryň degişli hasaplaryna geçirmek bilen, alyş-çalyş işinde biri-biri bilen bagly töleýjileriň we alyjylaryň özara talaplaryny hasaplaşmak;

– töleýjiniň ýerleşýän ýerindäki bank edarasyndaky aýratyn bank hasabynda pul serişdelerini öňünden deponirlemek bilen üpjün edijä kepillendirilen tölegi geçirmek we pullary alyjynyň hasabyna geçirilenden soň olary bu hasapdan öçürmek;

– töleýjiniň ýerleşýän ýerindäki bankda ýörite goýum döretmezden üpjün edijä kepillendirilen tölegi geçirmek we pullary alyjynyň hasabyna geçirilenden soň olary bu hasapdan öçürmek.

Düzgün bolşy ýaly, tölegiň amala aşyrylmagy bilen, töleýjide serişdeleriň dolanyşygy başlanýar we şeýlelikde, üpjün edijide serişdeleriň dolanyşygynyň tamamlanmagy üpjün edilýär.

Nagt däl hasaplaşyklaryň her görnüşiniň ikinji bir düzüm bölegi resminamalaryň dolanyşygy bolup durýar. Onuň dogry guralmagy hasaplaşyklaryň üznüksizligini we şertnama borçnamalarynyň ýerine ýetirilişine özara gözegçiligi üpjün edýär.

Resminamalaryň dolanyşygy hasaplaşyk resminamalaryny resmileşdirmekden we olaryň hereket ediş ulgamyndan ybaratdyr. Oňa üpjün ediji tarapyndan hasap-fakturasynyň ýazylyp berilmegi, nagt däl hasaplaşyga gatnaşýanlaryň biri tarapyndan hasaplaşyk resminamalarynyň düzülmegi, hasaplaşyk resminamasynyň mazmuny we onuň maglumatlary, hasaplaşyk resminamasyny düzmegiň möhleti we ony täjirçilik bankyna bermegiň tertibi, hasaplaşyk resminamasynyň karz guramalarynyň arasyndaky hereketi, hasaplaşyk resminamasyny tölemegiň tertibi we möhleti girýär. Nagt hasaplaşyklara gatnaşyjylar tarapyndan olaryň görnüşiniň saýlanyp alynmagy ähli taraplaryň bähbidi göz öňünde tutulyp geçirilýär.

**Hasaplaşyk resminamasy** kagyz göterijidäki resminama görnüşinde ýa-da töleg resminamasynyň elektron görnüşinde resmileşdirilen:

– töleýjiniň (müşderiniň ýa-da bankyň) öz hasabyndan pul serişdelerini almak we olary serişdeleri alýanyň hasabyna geçirmek baradaky görkezmesinden;

– serişdeleri alýanyň (töletdirýäniň) töleýjiniň hasabyndan pul serişdelerini almak we serişdeleri alýan (töletdirýän) tarapyndan görkezilen hasaba geçirmek baradaky görkezmesinden ybaratdyr.

Nagt däl hasaplaşyklarda olaryň tamamlanyşyna gözegçilik etmek hasaplaşyklara gatnaşyjylar tarapyndan amala aşyrylar. Karz

guramalary nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň Merkezi bank tarapyndan bellenen kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýärler.

Nagt däl hasaplaşyklaryň tapawutly tapary hasaplaşyk resminamalarynyň standartlaşdyrylmagy bolup durýar. Merkezi bankyň düzgünnamasynda hasaplaşyk resminamalarynyň görnüşi, ölçegleri (formatlary) we olary doldurmagyň tertibi bellenýär.

Her hasaplaşyk amalynyň möhüm elementi nagt däl hasaplaşyklara gatnaşýanlar tarapyndan açylýan bank hasaplarynda amallaryň geçirilýändigi bolup durýar.

Karz guramalarynyň üstünden pul serişdelerini geçirmek boýunça hasaplaşyk amallary aşakdakylary peýdalanmak bilen amala aşyrylyp bilner:

1) Merkezi bankda açylan habarçy hasaplar (hasapiçi hasaplar);

2) beýleki karz guramalarynda açylan habarçy hasaplar;

3) hasaplaşyklara gatnaşyjylaryň hasaplaşyk amallaryny geçirýän bank däl karz guramalarynda açylan hasaplary;

4) bir karz guramasynyň içinde açylan şahamçalara hasaplaşyk hasaplary.

## 22.3.Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri

Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakyndaky düzgünnama laýyklykda hojalygy ýöredýän (alyp barýan) edaralaryň (edara görnüşindäki taraplaryň we olaryň düzüm birlikleriniň) hususy, şonuň ýaly hem karz alan pul serişdeleri hökmany tertipde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda banklarda saklanmaga degişlidir. Olaryň nagt pul girdejileriniň ulanylmagy hyzmat ediji bank bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ylalaşylan bölegi we kassalaryndaky pul serişdeleriniň maksatlaýyn, geçirilýän galyndylarynyň bellenilen çäk möçberi muňa degişli däldir. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hojalygy ýöredýän (alyp barýan) edaralaryň ähli hasaplaşyklary olaryň esasy işine hyzmat etmek boýunça hasaplaşyklaryň üsti bilen geçirilýär.

Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

töleg tabşyryklary bilen hasaplaşyklar;
akkreditiw boýunça hasaplaşyklar;
çekler bilen hasaplaşyklar;
inkasso boýunça hasaplaşyklar;
töleg talapnamalary-tabşyryklary bilen hasaplaşyklar;
plastik kartlar bilen hasaplaşyklar.

Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri hasaplaşyklara gatnaşyjylar tarapyndan özbaşdak saýlanyp alynýar we olaryň öz kontragentleri bilen baglaşýan şertnamalarynda göz öňünde tutulýar.

Hasaplaşyk resminamalary bank tarapyndan kabul edilende, olaryň Türkmenistanyň kanunçylygy we şu bölümde bellenen talaplara laýyklykda barlag amala aşyrylýar. Türkmenistanyň kanunçylygy we şu bölümde bellenen talaplara laýyk gelmeýän hasaplaşyk resminamalary kabul edilmäge degişli däldir.

Bank tarapyndan pul serişdelerini hasapdan aýyrmak hasaplaşyk resminamalarynyň birinji nusgasynyň esasynda amala aşyrylýar.

Töleýjileriň hasaplaryndaky pul serişdeleri hasaba bildirilýän ähli talaplary kanagatlandyrmak üçin ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, pul serişdelerini hasapdan aýyrmak şu aşakdaky nobat boýunça geçirilýär:

*birinjiden*, ömrüne we saglygyna ýeterilen zyýanyň öwezini dolmak, alimentleri tölemek baradaky talaplary kanagatlandyrmak üçin hasapdan pul serişdelerini geçirmegi ýa-da bermegi göz öňünde tutýan resminamalar ýerine ýetirilýär;

*ikinjiden,* hasapdaky raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar esasynda işleýän adamlara zähmet hakyny we işden çykylanda berilýän hemaýat pullaryny, awtorlyk galam haklaryny we işgärlere öwezini doluş töleglerini, şeýle hem olara deňleşdirilen tölegleri (şahsy adamdan tutulýan tutumlaryň we geçirmeleriň ähli görnüşlerini, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeleri, pensiýa we kömek pullaryny tölemegi) tölemek üçin hasapdan pul serişdelerini geçirmegi ýa-da bermegi göz öňünde tutýan resminamalar ýerine ýetirilýär. Şonda zähmete hak tölemek üçin serişdeleriň berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda we tutumlary gyradeň ölçeglerde tölemek bilen bir wagtda amala aşyrylýar;

*üçünjiden,* karzdarlaryň hasabyň eýesine degişli emlägiň girew goýulmagy bilen üpjün edilen talaplaryny ýerine ýetirmegi göz öňünde tutýan hasaplaşyk resminamalary girew goýlan emlägiň ýerlenilmeginden gelýän pul serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýär;

*dördünjiden,* Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ähli derejelerine we býujetden daşary döwlet gaznalaryna tölegleri tölemegi göz öňünde tutýan resminamalar ýerine ýetirilýär;

*bäşinjiden,* desgalaryň goragy, ýangy-energetika önümleri üçin, şeýle hem banklaryň, hasabyň eýesine degişli emlägiň girew goýulmagy bilen üpjün edilen we edilmedik karzlary (ynanç karzlary) hem-de olaryň göterimleri boýunça tölegleri tölemegi göz öňünde tutýan resminamalar ýerine ýetirilýär;

*altynjydan* pul serişdelerini hasapdan aýyrmak boýunça nobatlylygyň ýokarda getirilen toparlarynda göz öňünde tutulmadyk beýleki ugurlar boýunça tölegleri göz öňünde tutulýan resminamalar ýerine ýetirilýär.

Ýerlenýän harytlar we edilýän hyzmatlar üçin, şeýle hem maliýe borçnamalary boýunça nagt däl hasaplaşyklar dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Olaryň her biriniň hasaplaşyk resminamalaryny döretmek we olaryň hereketi babatynda özlerine mahsus aýratynlyklary bardyr. Görnüşleriň her biri özara baglanyşykly elementlerden ybarat bolup, olara, bellenip geçilişi ýaly, töleg usuly we degişli resminama dolanyşygy degişlidir.

Täjirçilik bankynyň müşderileri öz kontragentleri bilen nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň görnüşini özbaşdak saýlap alýarlar. Başgaça aýdanyňda, banklar müşderileriň şertnama gatnaşyklaryna goşulmaýarlar. Töleýji bilen serişdeleri alyjynyň arasyndaky hasaplaşyklar boýunça özara nägilelikler (bankyň günäsi bilen ýüze çykan nägileliklerden başgasy) kanunçylykda bellenen tertipde, banklar gatnaşmazdan çözülýär.

Hasaplaşyk resminamalary olaryň ýazylyp berlen gününi hasaba almazdan, 10 senenama gününiň dowamynda hyzmat edýän banka berlip bilner.

Hasaplaşyk resminamalary banka hasaplaşyklara gatnaşýanlaryň ählisi üçin zerur bolan nusgalykda berilýär, şonda hasaplaşyk resminamasynyň ähli nusgalary birmeňzeş doldurylan bolmalydyr.

Hasaplaşyk resminamalary, gollaryň nusgalary we möhüriň şekili bolan kartoçkada görkezilenlere laýyklykda, birinji nusgada (çeklerden başga) hasaplaşyk resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan adamlaryň iki goly bolanda ýa-da bir gol (guramanyň işgär düzüminde ikinji gol çekmek hukugyny berer ýaly adam ýok bolsa) we möhüriň şekili (çeklerden başga) bolan ýagdaýynda banklar tarapyndan ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär.

Hasaplaşyk resminamalary banklar tarapyndan olaryň möçberine garamazdan ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär. Hasaplaşyk resminamalary kabul edilende olar buhgalter hasaba alşyny alyp barmagyň kadalarynda we Merkezi bankyň düzgünnamasynda bellenen talaplara laýyklykda barlanylýar.

### 22.3.1. Töleg tabşyrygy bilen hasaplaşyklar

**Töleg tabşyrygy,** bu hasabyň eýesiniň (töleýjiniň) özüne hyzmat edýän banka hasaplaşyk resminamasy bilen resmileşdirilen, belli bir pul möçberini serişdäni alýanyň ol ýa-da beýleki bankda açylan hasabyna geçirmek barada görkezmesidir. Töleg tabşyrygy bank tarapyndan kanunçylykda göz öňünde tutulan möhletde ýa-da bank hasaby şertnamasynda bellenen möhletde ýa-da işewür dolanyşygyň bank tejribesinde ulanylýan däpleri bilen kesgitlenýän möhletde ýerine ýetirilýär.

Töleg tabşyryklarynyň esasynda aşakdakylar üçin pul serişdelerini geçirmek amala aşyrylýar:

a) iberilen harytlar, ýerine ýetirilen işler, edilen hyzmatlar üçin;

b) ähli derejedäki býujetlere we býujetden daşary gaznalara;

ç) karzlary yzyna gaýtarmak (ýerleşdirmek) we olar üçin göterimleri tölemek maksady bilen;

d) Şahsy adamlaryň görkezmeleri boýunça ýa-da şahsy adamlaryň haýryna (şol sanda hasap açmazdan);

e) Türkmenistanyn kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki maksatlarda amala aşyrylyp bilner.

Kontragentleriň arasyndaky şertnamanyň şertlerine laýyklykda, töleg tabşyryklary harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň tölegini öňünden geçirmek ýa-da döwürleýin tölegleri amala aşyrmak üçin peý-

dalanylyp bilner. Töleg tabşyryklary töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan kabul edilýär. Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleri ýok bolanda ýa-da ýetmezçilik edende, şeýle hem bank hasaby şertnamasynda hasapda bar bolan pul serişdelerinden artyk hasaplaşyk resminamalarynyň tölegini geçirmegiň şertleri kesgitlenmedik bolsa, töleg tabşyryklary kartoteka ýerleşdirilýär.

Töleg tabşyryklary banka müşderiniň hasaplaşyk hasabynda serişdeleriň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan kabul edilýär. Bank töleg tabşyrygynyň dogry doldurylandygyny we resmileşdirilendigini barlaýar we onuň gelip gowşan senesi barada bellik edýär. Soňra tabşyrygyň iň soňky nusgasy töleg tabşyrygynyň ýerine ýetirmek üçin kabul edilendiginiň tassyknamasy hökmünde müşderä gaýtarylyp berilýär.

Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleri ýok bolsa ýa-da ýetmezçilik etse, şeýle hem bank hasaby şertnamasynda hasapda bar bolan pul serişdelerinden artyk hasaplaşyk resminamalarynyň tölegini geçirmegiň şertleri kesgitlenmedik bolsa, töleg tabşyryklary «Möhletinde töleg geçirilmedik hasaplaşyk resminamalary» atly 90902 belgili balansdan daşary hasap boýunça kartoteka ýerleşdirilýär. Şonda töleg tabşyrygynyň ähli nusgalarynyň ýokarky sag burçunda erkin görnüşde, senäni görkezmek bilen, onuň kartoteka ýerleşdirilendigi barada ýazgy edilýär.

Hasaplaşyklary geçirmegiň kadalary «Möhletinde töleg geçirilmedik hasaplaşyk resminamalary» atly 90902 belgili balansdan daşary hasap boýunça kartotekadaky töleg tabşyryklarynyň bölekleýin tölegini geçirmäge rugsat edýär. Töleg tabşyrygynyň bölekleýin tölegi geçirilende bank tarapyndan bellenen görnüşdäki töleg orderi peýdalanylýar. Bölekleýin töleg geçirmek üçin töleg orderi resmileşdirilende onuň ähli nusgalarynda «Bankyň bellikleri» diýlen ýerde bankyň ştampy, sene goýulýar, şeýle hem bankyň jogapkär ýerine ýetirijisi gol çekýär. Bölekleýin töleg geçirmek üçin töleg orderiniň birinji nusgasy bankyň gözegçilik edýän işgäriniň goly bilen tassyklanylýar.

Bölekleýin tölegi geçirilýän töleg tabşyrygynyň ýokarky sag burçunda «Bölekleýin töleg» diýen bellik edilýär. Bölekleýin töleg

baradaky ýazgy bankyň jogapkär ýerine ýetirijisi tarapyndan ýerine ýetirilýär. Töleg tabşyrygy boýunça bölekleýin töleg geçirilende töleg geçirilen töleg orderiniň birinji nusgasy bankyň şol günki resminamalarynyň arasynda ýerleşdirilýär, töleg orderiniň iň soňky nusgasy bolsa töleýjiniň şahsy hasabyndan göçürmä goşundy bolup hyzmat edýär. Töleg tabşyrygy boýunça iň soňky bölekleýin töleg geçirilende töleg geçirilen töleg orderiniň birinji nusgasy ozal bölekleýin töleg geçirilen töleg tabşyrygynyň birinji nusgasy bilen birlikde şol günüň resminamalarynyň arasynda ýerleşdirilýär. Töleg tabşyrygynyň galan nusgalary töleg orderiniň şahsy hasabyň göçürmesine goşulýan iň soňky nusgasy bilen bir wagtda müşderä berilýär.

Töleg tabşyrygy tölenende hasaplaşyk resminamasynyň ähli nusgalarynda pul serişdeleriniň töleýjiniň hasabyndan alnan senesi (bölekleýin töleg geçirilende iň soňky tölegiň senesi görkezilýär) goýulýar.

Töleýjiniň talap etmegi boýunça bank töleg tabşyrygynyň ýerine ýetirilendigi barada töleýjiniň banka ýüz tutan gününden soňky iş gününden gijä galman oňa habar berýär (bank hasaby şertnamasynda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa). Töleýjä habar bermegiň tertibi bank hasaby şertnamasynda kesgitlenilýär.

Töleg tabşyryklarynyň esasynda hasaplaşyklaryň resminamalarynyň dolanyşygy aşakdaky ýalydyr:

1 – şertnama baglaşmak; 2 – önümleri ibermek, hyzmat etmek, işleri tabşyrmak; 3 – üpjün edijä tölenmeli tölegiň möçberinde pul geçirmek baradaky tabşyrykly töleg tabşyrygyny banka bermek; 4 – bankyň pul serişdeleriniň geçirilendigi baradaky habary; 5 – serişdeleri alýanyň hasabyna geçirmek hukugyny berýän töleg tabşyrygynyň alýanyň bankyna gelip gowuşmagy; 6 – tölegiň geçirilendigi barada hasaplaşyk hasabyndan göçürme.

Töleg tabşyryklary arkaly hasaplaşyklary geçirmegiň artykmaç taraplary aşakdakylardan ybaratdyr:

– resminamalar dolanyşygyny guramagyň ýönekeýligi;

– pul serişdeleriniň hereketiniň çaltlanmagy;

– töleýjiniň tölegi geçirilýän harytlara we hyzmatlara deslapky gözegçiligi amala aşyrmak mümkinçiligi;

– haryt däl tölegler boýunça hasaplaşyklary ulanmak mümkinçiligi.

### 22.3.2. Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklar

**Akkreditiw,** bu müşderiniň tabşyrygy boýunça onuň şertnamanyň esasynda kontragentine berilýän şertli pul borçnamasydyr. Oňa laýyklykda akkreditiw açan bank (emitent bank) töleg geçirip ýa-da akkreditiwde göz öňünde tutulan resminamalary oňa bermek şerti bilen bu tölegleri geçirmek hukugyny başga bir banka berip bilýär.

Banklar akkreditiwleriň aşakdaky görnüşlerini açyp bilýärler:

– üsti ýapylan (deponirlenen) we ýapylmadyk (kepillendirilen) akkreditiwler;

– yzyna alynýan we yzyna alynmaýan (tassyklanan bolup biler) akkreditiwler.

*Üsti ýapylan (deponirlenen) akkreditiw* açylanda emitent bank töleýjiniň serişdeleriniň hasabyna ýa-da oňa berlen karzyň hasabyna akkreditiwiň hereket edýän möhletiniň bütin dowamynda akkreditiwiň pul möçberini (üsti ýapylan) ýerine ýetiriji bankyň ygtyýaryna geçirýär. Banklaryň arasynda habarçy gatnaşyklar ýola goýlanda ýerine ýetiriji bankda ýapylmadyk (kepillendirilen) akkreditiw açylyp bilner.

*Üsti ýapylmadyk (kepillendirilen) akkreditiw* açylanda emitent bank ýerine ýetiriji banka emitent bankyň şol bankda açylan habarçy hasabyndan akkreditiwiň pul möçberiniň çäklerinde serişdeleri hasapdan öçürmäge hukuk berýär ýa-da şol bankyň şertlerine laýyklykda, akkreditiw boýunça tölenen pul möçberlerini ýerine ýetiriji banka tölemegiň (öwezini dolmagyň) başga bir usulyny görkezýär.

Akkreditiwiň her birinde onuň yzyna alynýan ýa-da yzyna alynmaýan akkreditiw bolup durýandygy görkezilmelidir. Eger şunuň ýaly görkezme ýok bolsa, onda akkreditiw yzyna alynýan hasap edilýär. *Yzyna alynýan akkreditiw* emitent bank tarapyndan üpjün ediji bilen deslapdan ylalaşmazdan üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Yzyna alynýan akkreditiwiň şertlerini üýtgetmek baradaky ähli görkezmeleri töleýji üpjün edijä diňe emitent bankyň üstünden berip biler. Ol bu barada ýerine ýetiriji banka (üpjün ediji bank), ol hem öz gezeginde üpjün edijä habar berýär. Şol bir wagtyň özünde, ýerine ýetiriji bank akkreditiwiň şertlerine laýyk gelýän, üpjün ediji tarapyndan berlen we üpjün edijiniň banky tarapyndan kabul edilen resminamalary

akkreditiwiň üýtgedilendigi ýa-da ýatyrylandygy barada habarnama alynmazdan öň tölemäge borçludyr.

*Yzyna alynmaýan akkreditiwiň* şertleri öz peýdasyna akkreditiw açylan üpjün edijiniň razylygy bolmasa üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilinmez. Yzyna alynmaýan akkreditiwiň şertleri ýerine ýetiriji bank tarapyndan serişdeleri alyjynyň razylygy alnan pursadyndan üýtgedildi ýa-da ýatyryldy diýip hasap edilýär. Serişdeleri alýan tarapyndan yzyna alynmaýan akkreditiwiň şertleriniň bölekleýin üýtgedilmegine ýol berilmeýär.

Akkreditiwleri açmak we onuň şertlerini üýtgetmek, akkreditiwi tassyklamak, akkreditiwiň şertlerini üýtgetmek ýa-da ony ýapmak, şeýle hem bankyň berlen resminamalary kabul etmäge (kabul etmezlige) razylyk berendigi baradaky resminamalary bermek resminamalary ibereni dogry anyklamaga mümkinçilik berýän islendik aragatnaşyk serişdesi arkaly amala aşyrylyp bilner.

Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklarda bank hyzmatlarynyň töleginiň möçberi we tertibi müşderileriň arasynda baglaşylýan şertnamalaryň şertleri ýa-da we akkreditiw boýunça hasaplaşyklara gatnaşýan banklaryň arasyndaky ylalaşyklar bilen düzgünleşdirilýär.

Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi guralanda resminamalaryň dolanyşygy aşakdaky ýalydyr:

1 – hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşini görkezmek bilen şertnama baglaşmak;

2 – akkreditiw açmak barada arza; 3 – akkreditiw açylandygy barada hasaplaşyk hasabyndan göçürme; 4 – akkreditiw açylandygy barada habar; 5 – akkreditiwiň şertlerini üpjün edýäne habar bermek; 6 – akkreditiwiň şertlerine laýyklykda önümleri ibermek;

7 – akkreditiwiň pul möçberini peýdalanmak üçin zerur bolan ähli resminamalary banka bermek; 8 – akkreditiwi peýdalanmak barada habar; 9 – akkreditiwiň hasabyna tölegiň geçirilendigi barada hasaplaşyk hasabyndan göçürme; 10 – bankyň öz müşderisine akkreditiwiň peýdalanylandygy baradaky habary.

Akkreditiwi açmak baradaky arza akkreditiwiň şertlerini ýerine ýetirmek üçin töleýjiniň bankyna zerur bolan nusgada berilýär.

Akkreditiw beren bankyň töleýjiniň tabşyrygy boýunça serişdeleri başga banka – töleýjiniň bankyna geçiren ýagdaýynda, ha-

saplaşyklary amala aşyrmak üçin üpjün edijiniň bankynda «Töleg üçin akkreditiwler» atly aýratyn balans hasaby açylýar. Töleýjiniň bankynda müşderilerden gelip gowşan akkreditiwler «Berlen akkreditiwler» atly balansdan daşary hasapda hasaba alynýar. Şu ýagdaýda akkreditiwi ýerine ýetirmek gönüden-göni üpjün edijä hyzmat edýän bank tarapyndan amala aşyrylar. Akkreditiw boýunça serişdeleri almak üçin üpjün ediji, harytlary ýükläp ibermek bilen, özüne hyzmat edýän banka hasaplaryň sanawyny we akkreditiwiň şertlerinde göz öňünde tutulan beýleki iberiş resminamalaryny berýär. Akkreditiwden nagt pullaryň tölenmegine ýol berilmeýär.

Üpjün edijiniň bankynda akkreditiwi ýapmak aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:

– akkreditiwiň möhleti tamamlanandan soň, ýerine ýetiriji bank bu barada emitent banka habar berýär;

– akkreditiwiň möhleti tamamlanmazdan öň üpjün edijiniň akkreditiwi mundan beýläk peýdalanmakdan boýun gaçyrýandygy baradaky arzasy boýunça (ýerine ýetiriji bank bu barada emitent banky habarly edýär);

– satyn alyjynyň akkreditiwi doly ýa-da bölekleýin yzyna alýandygy baradaky arzasy boýunça.

Hasaplaşyklaryň taraplarynyň arasynda ýüze çykýan ähli nägilelikler bank gatnaşmazdan çözülýär.

### 22.3.3. Çekler bilen hasaplaşyklar

**Çek,** bu çek berijiniň banka çekde görkezilen möçberdäki puly çegi saklaýja tölemek hakynda hiç zat bilen şertlendirilmedik görkezmesini özünde jemleýän hasaplaşyk resminamasydyr. *Çek beriji* bolup bankda serişdeleri, çek bermek bilen oňa ygtyýar etmäge hukugy bolan edara görnüşli tarap çykyş edýär. *Çek saklaýjy* öz peýdasyna çek berlen edara görnüşli tarapdyr. Çek boýunça töleýji bolup çek berijiniň pul serişdeleriniň saklanýan banky çykyş edýär.

Çek berijiniň çeki töleg geçirmäge bermek üçin bellenen möhletinden öň yzyna almaga haky ýokdur. Töleg almak maksady bilen çekiň çek saklaýja hyzmat edýän banka berilmegi çekiň töleg üçin berlendigi hasap edilýär.

Çekleriň blanklary berk hasaby ýöredilýän blank hasap edilýär we banklarda «Berk hasabatda durýan blanklar» atly 9871 balansdan daşary hasapda hasaba alynýar. Çek berijiniň banklarynda çekleriň üstüni ýapýan serişdeler aşakdakylardyr:

– çek berijiniň pul serişdeleriniň we ( ýa-da) çek beriji tarapyndan alnan bank karzynyň hasabyna tölenilýär.

Çek berijiniň çäklendirilen çekler bilen hasaplaşyklar üçin pul serişdeleri 741-nji «Hasaplaşyk çek kitapçalary we güwähatlary» balans hasabynda deponirlenýär.

Çäklendirilmedik çekler çek berijiniň esasy işine hyzmat etmek boýunça bank hasabyna ýazylyp berilýär. Çek berijiniň degişli hasapdaky serişdeleri, çek berlende çek beriji bilen ylalaşylyp, bank tarapyndan kepillendirilen möçberden ýokary bolmaly däldir. Bu ýagdaýda bank çek berijä çekleriň tölegini çek berijiniň hasabynda serişdeleriň wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýynda bankyň serişdeleriniň hasabyna kepillendirip biler.

Çekleri almak üçin müşderi banka arza berýär. Bu arzada hasap boýunça amala aşyrmak üçin resminamalara gol çekmek hukugy berlen adamlaryň goly bolmalydyr. Arzada we onuň talonynda müşderi çekiň töleginiň getiriljek hasabynyň belgisini görkezýär. Çekleri bermek baradaky arza bilen birlikde çek berijiniň aýratyn şahsy hasabynda zerur bolan pul möçberini deponirlemek üçin töleg tabşyrygy berilýär.

Çekler bilen hasaplaşyklar peýdalanylanda resminamalaryň dolanyşygy aşakdaky ýalydyr:

1 – çek depderçesini satyn almak barada arza; 2 – limitiň pul möçberini deponirlemek bilen çek depderçesini bermek; 3 – harydy bermek, önümi ibermek; 4 – harytlaryň we hyzmatlaryň tölegini geçirmegiň hasabyna çek bermek; 5 – töleg geçirmek üçin resminamalary bermek; 6 – serişdeleri üpjün edijiniň hasaplaşyk hasabyna geçirmek, resminamalary satyn alyjynyň bankyna geçirmek; 7 – deponirlenen pul möçberi hasabyndan göçürme; 8 – üpjün edijiniň hasaplaşyk hasabyndan göçürme.

Çek onuň arka ýüzünde we çek depderçesinde görkezilen möçberden ýokary bolan pul möçberine ýazylyp berilmeli däldir. Töleg

geçirmek üçin çeki bank edarasyna bermegiň möhleti, onuň berlen gününi hasaba almazdan, 10 gündir.

Täjirçilik banklary çekleriň doldurylyşynyň dogrulygyny dykgatly barlaýarlar we çekleriň tölegini geçirýärler.

Halkara bank tejribesinde nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin karz guramalary tarapyndan çykarylýan çekler hem ulanylyp bilner. Şonuň ýaly çekler bu çekleri çykarýan karz guramalarynyň müşderileri tarapyndan, şeýle hem habarlaşyk gatnaşyklary bar bolanda bankara hasaplaşyklarynda peýdalanylyp bilner. Emma bu çekler Merkezi bankyň hasaplaşyk ulgamynyň birlikleriniň üstünden hasaplaşyklary geçirmek üçin ulanylmaýar.

Çekleriň dolanyşykda bolýan çygry karz guramasy we onuň müşderileri bilen çäklenýän ýagdaýynda, çekler karz guramasy bilen onuň müşderileriniň arasynda baglaşylýan şertnamanyň esasynda töleg dolanşygynda peýdalanylýar.

### 22.3.4. Inkasso boýunça hasaplaşyklar

**Inkasso boýunça hasaplaşyklar** bank amaly bolup, serişdeleri alýanyň (töletdirip alyjynyň) bankynyň müşderiniň tabşyrygy boýunça we onuň hasabyna, hasaplaşyk resminamalarynyň esasynda töleýjiden serişdeleri almak boýunça işleri amala aşyrýan bank amalydyr.

Inkasso boýunça hasaplaşyklar *töleg talapnamalarynyň* (olaryň tölegi töleýjiniň görkezmesi (aksept) ýa-da onuň görkezmesi bolmazdan (akseptsiz) geçirilip bilner) we *inkasso tabşyryklarynyň* (olaryň tölegi töleýjiniň görkezmesi bolmazdan (jedelsiz tertipde)) geçirilip bilner) esasynda amala aşyrylýar.

Töleg talapnamalary we inkasso tabşyryklary serişdeleri alýan (töletdiriji) tarapyndan serişdeleri alyja (töletdirijä) hyzmat edýän bankyň üstünden töleýjiniň hasabyna bildirilýär.

Inkasso tabşyryklary:

– serişdeleri töletdirmegiň jedelsiz tertibi kanunçylykda bellenen ýagdaýlarynda;

– ýerine ýetiriş resminamalary boýunça töletdirmek üçin;

– olaryň şertnamada görkezilen ýagdaýlarynda;

– töleýjä hyzmat edýän banka töleýjiniň hasabyndan pul serişdeleri olaryň görkezmesi bolmazdan geçirmek hukugy berlen ýagdaýynda ulanylýar.

Ýerine ýetiriş resminamalarynyň esasynda berlen hasaplardan pul serişdelerini töletdirmek üçin inkasso resminamalary töletdirijiniň banky tarapyndan ýerine ýetiriş resminamasynyň asyl nusgasy ýa-da onuň dublikaty (öwezligi) berlen ýagdaýynda kabul edilýär. Inkasso tabşyrygyna goşulýan ýerine ýetiriş resminamasy kanunçylykda bellenen möhlet geçenden soň berlen ýagdaýlarynda pul serişdelerini jedelsiz tertipde hasapdan öçürmek boýunça inkasso tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin kabul edilmeýär.

Döwürleýin tölegleri (alimentler, saglyga ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak we ş.m.) töletdirmek üçin ýerine ýetiriş resminamalary bu tölegleriň tölenmeli diýip bellenen wagtynyň bütin dowamynda öz güýjüni saklar. Ýerine ýetiriş resminamalaryny bermegiň möhletleri her töleg üçin aýratynlykda hasaplanylýar.

Inkasso boýunça hasaplaşyklar töleg talapnamalarynyň (olaryň tölegi töleýjiniň görkezmesi (aksept) ýa-da onuň görkezmesi bolmazdan (akseptsiz) geçirilip bilner) we inkasso tabşyryklarynyň (olaryň tölegi töleýjiniň görkezmesi bolmazdan (jedelsiz tertipde)) geçirilip bilner) esasynda amala aşyrylýar.

Töleg talapnamalary we inkasso tabşyryklary serişdeleri alýan (töletdiriji) tarapyndan serişdeleri alyja (töletdirijä) hyzmat edýän bankyň üstünden töleýjiniň hasabyna bildirilýär. Ol ony üç gün möhletde ýerine ýetirmelidir.

Hasaplaşyk resminamalarynyň tölegi töleýjiniň hasabyna pul serişdeleriniň gelip gowşuşyna görä, kanunçylykda bellenen nobatlylyga laýyklykda geçirilýär, talapnamalaryň we inkasso tabşyryklarynyň tölegini bölekleýin hem geçirip bolar.

Töleg talapnamasynyň we inkasso tabşyrygynyň esasynda töleg almak boýunça müşderiniň tabşyrygynyň ýerine ýetirilmedik ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda emitent bank kanunçylyga laýyklykda onuň öňünde jogapkärçilik çekýär.

Bank hasaby şertnamasynda ýa-da oňa goşmaça ylalaşykda jedelsiz tertipde pul serişdelerini hasapdan öçürmek barada şertleriň

bolmazlygy we algydar (kreditor) barada degişli maglumatlaryň berilmezligi inkasso tabşyrygy boýunça töleg geçirmekden boýun gaçyrmaga bank üçin esas bolup durýar. Bank aşakdaky ýagdaýlarda jedelsiz tertipde serişdeleri hasapdan öçürmegi togtadyp biler:

– gözegçilik funksiýalary üstüne ýüklenen edara tarapyndan şunuň ýaly çözgüt kabul edilen bolsa;

– töletdirmegi togtatmak barada kazyýet namasy berlende;

– kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki esaslar hem bar.

### 22.3.5. Töleg talapnama – tabşyryklary bilen hasaplaşyklar

Töleg talapnama-tabşyrygy üpjün edilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň, edilen hyzmatlaryň bahasyna we beýleki amallar boýunça geçirmeleri tölemek barada üpjün edijiniň satyn alyja talabydyr. Üpjün edijiniň talaby hasaplaşyk we ýükläp iberiş resminamalary esasynda bildirilýär we hyzmat ediji bankdan sowlup töleýjä berlip biler.

Töleg talapnama-tabşyrygy doly ýa-da bölekleýin tölemek hakyndaky ylalaşylan ýagdaýynda, töleýji ony ähli nusgalarynda goýulýan, hasaby dolandyrmaga ygtyýarlandyrylan taraplaryň gollary we möhüriniň yzy bilen resmileşdirilýär hem-de şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň çäklerinde töleg talapnama-tabşyrygynyň ähli nusgalaryny oňa hyzmat edýän banka tabşyrýar, olaryň:

– 1-nji nusgasy töleýjiniň hasabyndan serişdeleri aýyrmak üçin esas bolup hyzmat edýär we amal ýerine ýetirilenden soňra bankda günüň resminamalaryna ýerleşdirilýär;

– soňky nusgasy ýerine ýetirmäge kabul edilendigi hakynda dil haty hökmünde gaýtarylýar.

Galan nusgalary hasaplaşyklaryň amala aşyrylyşyna görä, maglumatlary bermegiň ulanylýan usulyna baglylykda üpjün edijä hyzmat edýän banka iberilip ýa-da eger, taraplar bir bank edarasynda hyzmat edilýän bolsa, gönüden-göni üpjün edijä berlip biler.

«Tölenmeli pul möçberi» meýdançasynda töleýjiniň hasabyndan aýrylmaga degişli pul möçberi sanlar we söz bilen ýazmalydyr.

Töleýjiniň töleg talapnama-tabşyrygyny banka tabşyrmaly möhletini taraplar şertnamada kesgitleýärler we oňa bank tarapyndan gözegçilik edilmeýär.

Töleg talapnama-tabşyrygy bank tarapyndan ýerine ýetirilmek üçin diňe töleýjiniň akseptlän pul möçberinde kabul edilýär.

Serişdeleriň bolmadyk ýa-da ýeterlik däl ýagdaýynda, töleg talapnama-tabşyrygy balansdan daşgary 9844-nji hasap boýunça kartoteka ýerleşdirilýär we kesgitlenen tertipde tölenýär.

Töleg talapnama-tabşyrygy doly ýa-da bölekleýin tölemekden boýun gaçyrýandygy hakynda töleýji gönüden-göni üpjün edijä, şertnamada kesgitlenen tertipde we öz wagtynda habar berýär.

# XXIII BAP. BANKARA HASAPLAŞYKLAR

## 23.1. Bankara hasaplaşyklary hakynda düşünje

Hojalyk subýektleriniň (kärhanalaryň, guramalaryň) arasynda geçirilýän hasaplaşyklar banklaryň arasyndaky özara hasaplaşyklary şertlendirýär. Bankara hasaplaşyklar töleýjä we serişdeleri alyja dürli banklar tarapyndan hyzmat edilýän wagtynda, şeýle hem banklar özara karzlaşdyrylanda ýüze çykýar.

**Bankara hasaplaşyklar,** bu karz guramalarynyň we olaryň şahamçalarynyň arasyndaky hasaplaşyklardyr. Banklaryň arasyndaky hasaplaşyk özara gatnaşyklarynyň derejeleriniň umumy taraplary we tapawutlary bardyr. Özara gatnaşyklaryň bu görnüşleri guramaçylyk görnüşi we ykdysady mazmuny boýunça tapawutlanýarlar.

Guramaçylyk tapawudy karz guramalarynyň arasyndaky hasaplaşyklarda olaryň ykdysady taýdan aýrybaşgalaşdyrylan subýektleriň arasyndaky özara gatnaşyklar hökmünde durmuşa geçirilýändiginden, şahamçara hasaplaşyklarda bolsa bir bankyň çäklerinde amala aşyrylýandygyndan ybaratdyr.

Täjirçiilk banklarynyň arasyndaky we bir bankyň içindäki (şahamçalara) hasaplaşyklar ykdysady mazmuny boýunça tölegiň çägi, özara gatnaşyklaryň usuly we amala aşyrmagyň tehnologiýasy bilen tapawutlanýar. Karzy guramalarynyň arasynda hasaplaşyklaryň çäklerinde tölegiň araçägi habarçy hasapda bar bolan pul serişdeleri bilen çäklendirilendir. Bir edaranyň şahamçalarynyň arasynda olar çäklendirilen däldir. Hasaplaşyklary geçirmegiň tertibini we usullaryny

hukuk taýdan resmileşdirmekde hem tapawutlar bardyr. Karz guramalarynyň arasynda hasaplaşyklarda olaryň hasaplaşyk özara gatnaşyklary şertnamalarda bellenilýär, şahamçara hasaplaşyklarda bolsa baş bank tarapyndan ähli birlikler üçin bellenýän kadalarda kesgitlenýär. Bir bankyň şahamçalarynyň tölegleri geçirmegiň usullaryny saýlap almakdaky mümkinçilikleri berk çäklendirilendir.

## 23.2. Bankara hasaplaşyklarynyň guralyşy

Özbaşdak karz guramalarynyň arasynda hasaplaşyklary guramak banklaryň arasynda döreýän habarçy gatnaşyklaryna esaslanýar.

Bankara hasaplaşyklar geçirilende aşakdaky üç esasy usul peýdalanylýar:

1) banklaryň Merkezi bankda açylan hasaplary boýunça serişdeleri almak (hasapdan öçürmek) we geçirmek;
2) NOSTRO we LORO hasaplaşyklary boýunça tölegleri geçirmek. Bu hasaplary banklar biri-biri üçin iki taraplaýyn esasda açýarlar;
3) hasaplaşyklar habarçy bankda açylan hasaplaryň üstünden amala aşyrylýar.

Karz guramalarynyň arasynda hasaplary geçirmegiň dürli-dürli bolmagyna garamazdan, olaryň ýeke-täk ýörelgelere esaslanmalydygy göz öňünde tutulýar. Bu ýörelgeler nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň ýörelgelerine laýyk gelýär, ýöne olaryň özüne mahsus aýratynlygy bardyr. Şunuň ýaly özboluşly aýratynlygy bolan ýörelgelere aşakdakylar degişlidir:

– bankara hasaplaşyklaryna gatnaşýanlaryň likwidligini saklamak;
– bankara hasaplaşyklaryň dogry geçirilýändigine gözegçilik;
– bankara borçnamalar boýunça hökmany tölegler;
– habarçy hasapda bar bolan serişdeleriň çäklerinde tölegleri geçirmek.

Sanalyp geçilen ýörelgeleriň berjaý edilmegi hasaplaşyk amallarynyň öz wagtynda we doly geçirilmegini üpjün eder.

Bankara hasaplaşyklaryny geçirmekde Merkezi banka esasy orun degişlidir. Kanunçylyga laýyklykda ol usulyýet merkezi bo-

lup durýar we özara gatnaşyklaryň bu ulgamyna gözegçiligi amala aýyrýar. Merkezi bank bilen banklaryň arasynda jemleme esasynda serişdeleri geçirmek ulgamy guralýar we dolandyrylýar, açylan hasaplar boýunça geçirmek ýoly bilen hasaplaşyklaryň netijeleri boýunça arassa borçnamalary we talaplary geçirýär. Karz guramalarynda zerurlyk ýüze çykanda Merkezi bank karz bermek bilen hasaplaşyklary tamamlamak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirip biler.

Karz guramalary tarapyndan göni amala aşyrylýan bankara hasaplaşyklaryň möhüm elementi habarçy hasaplarydyr. Habarçy hasaplary bankyň hasaplaşyk hasabydyr, onda kontragentler bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin niýetlenen erkin pul serişdeleri saklanýar. Habarçy hasaplar boýunça amala aşyrylýan amallaryň giň topary bar. Bu hasaplar boýunça:

– bankyň öz müşderilerine hasaplaşyk-kassa hyzmatyny, karzlaşdyrmak we başga ugurdan hyzmat etmek boýunça amallary, hususan-da:

* býujet we býujetden daşary gaznalar bilen hasaplaşyklar;
* ätiýaçlandyryş guramalary bilen hasaplaşyklar;
* merkezi bank bilen hasaplaşyklar geçirilýär;

– bankara karzlary we goýumlar, gymmatly kagyzlar, daşary ýurt puluny satyn almak-satmak boýunça, ätiýaçlyk talaplaryny geçirmek boýunça amallar;

– bankyň hojalyk amallary geçirilýär.

Müşderilere hyzmat etmek boýunça amallaryň bir bölegini bank nagt görnüşde amala aşyryp biler.

Täjirçilik bankynyň birnäçe habarçy hasaplary bolýar. Olaryň häsiýeti we mukdary bankyň bankara hasaplaşyklarynyň beýleki ulgamiçi ulgamlaryna gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Banklaryň arasyndaky hasaplaşyklar, ýokarda belläp geçilişi ýaly, Merkezi bank tarapyndan döredilen hasaplaşyk-kassa merkezleriniň üstünden amala aşyrylýar. Bankara hasaplaşyklarynyň birinji usuly peýdalanylanda serişdeleri geçirmekde araçy bolup Merkezi bank çykyş edýär. Bankara hasaplaşyklarynyň ikinji usuly olaryň göni habarçy hasaplary açmaklaryna we göni habarçy gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna esaslanýar.

Beýleki karz guramalar bilen habarçy gatnaşyklar barada şertnamanyň mazmuny taraplaryň özara gatnaşygyny düzgünleşdirýär, hususan-da:

– hasaplary açmagyň we ýapmagyň tertibini;

– zerur bolan resminamalaryň sanawyny;

– hasap boýunça geçirilýän amallaryň sanawyny;

– hasabyň hereket ediş düzgünini;

– elektron maglumatlary alyşmagyň tehnologiýasyny kesgitleýär.

Merkezi bankyň üstünden hasaplaşyklar geçirilende täjirçilik banky özüniň ýerleşýän ýeri boýunça bir habarçy hasabyny açýar. Mundan başga-da, karz guramasynyň şahamçasynyň ýerleşýän ýeri boýunça olaryň her biriniň adyna bir habarçy hasaby açmaga haky bardyr.

Merkezi bank bilen karz guramasynyň arasynda şertnama baglaşylýar, onda hasaplaşyk hyzmatyny etmegiň tertibi, taraplaryň hukuklary we borçnamalary, maglumatlary alyşmagyň usullary, şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmändigi üçin jogapkärçilik kesgitlenilýär.

Merkezi bank hasaplaşyk resminamalaryny karz guramasynyň habarçy hasabynda serişdeleriň galyndysynyň möçberine garamazdan kabul edýär. Tölegler serişdeleriň bar bolan galyndysynyň çäklerinde geçirilýär. Karz guramasynyň Merkezi bankyň hasaplaşyk ulgamynyň üstünden amala aşyrýan tölegi:

– karz guramasynyň habarçy hasabyndan serişdeler alnandan (hasapdan öçürilenden) soň yzyna alynmaýan hasap edilýär. Bu göçürme ýa-da elektron gulluk maglumatlary resminamalary bilen tassyklanmalydyr;

– serişdeler alyjynyň hasabyna geçirilenden soň gutarnykly hasap edilýär, bu degişli görnüşde tassyklanmalydyr.

Karz guramasynyň habarçy hasaby karz guramasynyň özüniň başlangyjy bilen ýa-da gurama ýatyrylanda ýatyryş toparynyň beýannamasynyň esasynda ýapylyp bilner.

Karz guramasynyň şahamçasynyň arasyndaky hasaplaşyklara şahamçara hasaplaşyklar diýilýär. Şahamçalaryň arasyndaky özara hasaplaşyklar iki görnüşe bölünýär:

1) bir bankyň çäklerinde serişdeleri geçirmek;
2) müşderileriň tabşyryklary boýunça amala aşyrylýan amallary geçirmek.

Şahamçara hasaplaşyklary geçirmekde (şahamçalara dolanyşyklar) boýunça awizo ulanylýar.

Halkara tejribesinde hasaplaşyklary geçirmegiň bir usuly hem kliring bolup durýar. **Kliring,** bu gatnaşyklar ulgamy bolup, onda oňa gatnaşyjylaryň pul talaplary (nägilelikleri) pullary peýdalanmazdan ýa-da az möçberde peýdalanmak bilen, olaryň özleriniň pul borçnamalary bilen üzülýär. Özara hasaplaşyklaryň geçirilýän döwrüne görä, kliring bir gezeklik ýa-da hemişelik hereket edýän görnüşde bolup biler. Bir gezeklik kliring, bölekleýin, debitor-kreditor berginiň toplanyşyna görä geçirilýär. Hemişelik hereket edýän kliring oňa gatnaşyjylaryň pul borçnamalaryna we pul talaplaryna (nägileliklerine) garamazdan döwürleýin amala aşyrylýar. Gatnaşyjylaryň düzümi boýunça kliring iki ýa-da köp taraply bolup biler. Köp taraply bolanda hasaplaşyklar, düzgün bolşy ýaly, pudaklaýyn ýa-da çäkleýin alamatlary boýunça birleşen kärhanalaryň toparlarynyň arasynda geçirilip bilner.

**Soraglar**

1. Nagt däl hasaplaşyklar näme we olary guramakda banklaryň tutýan orny?
2. Nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň we onuň elementleriniň nähili häsiýetli aýratynlyklary bar?
3. Nagt däl hasaplaşyklary guramagyň nähili ýörelgeleri bar?
4. Nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmagyň mehanizmine nähili elementler goşulýar? Her elemente häsiýetnama beriň.
5. Häzirkizaman şertlerinde nagt däl hasaplaşyklaryň haýsy görnüşleri ulanylýar?
6. Hasaplaşyklaryň çek görnüşine gatnaşýanlaryň düzümi we resminamalar dolanyşygynyň aýratynlyklary nämeden ybarat?
7. Töleg tabşyryklarynyň we töleg talapnamalarynyň esasynda geçirilýän hasaplaşyklaryň deňeşdirme häsiýetnamasy nämeden ybarat? Onuň görnüşleriniň her biriniň gowy we ýetmeýän taraplaryny siz nämede görýärsiňiz?
8. Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşinde resminamalar dolanyşygynyň aýratynlyklary, gatnaşýan taraplaryň her biri üçin onuň gowy we ýetmeýän taraplary nämeden ybarat?
9. «Bankara hasaplaşyklar» düşünjesi nämäni aňladýar we olary amala aşyrmagyň usullary nämeden ybarat?
10. Karz guramalarynyň arasynda hasaplaşyk-kassa merkezleriniň üstünden amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň mazmuny nämeden ybarat?

# XXIV BAP. BANKLARYŇ GYMMATLY KAGYZLAR BILEN MAÝA GOÝUM WE ARAÇYLLYK AMALLARY

## 24.1. Banklaryň maýa goýum amallary

Sözüň doly manysynda banklaryň öz adyndan we öz hasabyna guramaçylykly (GGKB) we guramaçylyksyz (emitentde) gymmatly kagyzlar bazarynda gymmatly kagyzlara islendik goýumlaryna **maýa goýum amallary** diýilýär. Bu amallaryň netijesinde bankyň maýa goýum we söwda bukjalary emele getirilýär.

*Dar manyda* banklaryň **maýa goýum** amallary, bu diwidentler ýa-da kupon girdejisi hökmünde hemişelik peýda almak maksady bilen, banklaryň gymmatly kagyzlara 180 günden köp möhlete goýum goýmagydyr. Bu ýagdaýda gürrüň bankyň maýa goýum bukjasyny emele getirmek barada barýar.

**Maýa goýum bukjasy,** bu maýa goýum girdejisini almak maksady bilen satyn alynýan gymmatly kagyzlar we olary 180 senenama gününden artyk saklamak, şeýle hem uzak wagtyň dowamynda ýa-da näbelli geljekde olaryň bahasynyň artmak mümkinçiligi göz öňünde tutulyp, satyn alynýan gymmatly kagyzlardyr.

**Maýa goýum girdejisi,** bu gymmatly kagyzlar boýunça göterim (kupon) girdejisi, diwidendler görnüşinde girdejidir. Maýa goýum bukjasynda nyrh kesilen we nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlar bolup biler.

**Nyrh kesilen gymmatly kagyzlara** aşakdaky şertleri kanagatlandyrýan gymmatly kagyzlar degişlidir:

– guramaçylykly gymmatly kagyzlar bazarynda (daşary ýurtlaryň açyk guramaçylykly bazaryny ýa-da söwdany guraýjylaryny goşmak bilen) dolanyşykda bolmagy rugsat edilen bolmaly, gymmatly kagyzlar boýunça döwlet toparynyň (komissiýa), daşary ýutlaryň guramaçylykly bazary ýa-da söwdany guraýjylary üçin – milli ygtyýarly edaranyň degişli ygtyýarnamasy bolmalydyr;

– gymmatly kagyzlar bazarynda ýa-da söwdany guraýjynyň üsti bilen soňky senenama aýynda dolanyşygy bir aýda geleşikleriň ortaça möçberinden pes bolmaly däldir, ol döwlet toparynyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda, gymmatly kagyzlary birnji derejäniň nyrh kesişine goşmak üçin bellenendir;

– bazar bahasy baradaky maglumatlar elýeterli bolmalydyr, ýagny ýurduň we daşary ýurtlaryň gymmatly kagyzlar bazary hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda olar açylmaga degişlidir ýa-da olaryň elýeterli bolmagy üçin peýdalanyjyda ýörite hukugyň bolmagy talap edilmeli däldir.

**Nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlar** diýip nyrh kesilen gymmatly kagyzlara bildirilýän talaplary kanagatlandyrmaýan islendik gymmatly kagyzlara düşünilýär.

Maýa goýum amallaryna aşakdakylar degişlidir:

– gymmatly kagyzlary satyn almak boýunça;

– zerur bolan ýagdaýynda satmak üçin olary söwda bukjasyna geçirmek;

– gymmatly kagyzlaryň emitentlerinden maýa goýum girdejisini almak;

– gymmatly kagyzlaryň bahasynyň gaçmagy göz öňünde tutulyp ätiýaçlyk döretmek;

– kagyzlary nyrh kesilen derejede nyrh kesilmedik derejä geçirmek (we munuň tersine) boýunça amallar.

Bir emitentiň paýnamalary we obligasiýalary satyn alnanda maýa goýumçy bolup çykyş edýän bank maliýe leweriji ýörelgesinden ugur almalydyr.

**Maliýe leweriji** bir tarapdan, obligasiýalar bilen artykmaç hukugy bolan paýnamalaryň, beýleki tarapdan ýönekeý (adaty) paýnamalaryň arasyndaky gatnaşyklardan ybaratdyr. Maliýe lewerijiniň derejesi aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$L= (O+P_a):P_ý, \qquad (8.1)$$

bu ýerde $L$ – lewerijiň derejesi;

$O$ – obligasiýalar,

$P_a$ – artykmaç hukukly paýnamalar;

$P_ý$ - ýönekeý (adaty) paýnamalar.

Maliýe leweriji emitentiň maliýe durnuklylygynyň görkezijisi bolup durýar, bu bolsa maýa goýum bukjalarynyň girdejililigine täsir edýär. Lewerijiň derejesi ýokary bolanda gymmatly kagyzlaryň emitentiniň maliýe durnuklylygyna howp döreýär.

*Maýa goýum bukjasynyň gymmatly kagyzlary* diňe satyn alyş bahasy boýunça satyn alynýar. Nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlaryň

karz guramasynyň maýa goýum bukjasy üçin satyn alnyşyny guramak olary satyn almak baradaky şertnamanyň aýratynlyklaryna we hukugyň geçýän senesine baglydyr.

Gymmatly kagyzlary satyn almak (olary çykarmak) boýunça amallaryň geçirilýän senesi *gymmatly kagyzlara bolan hukugyň geçýän senesi* bolup durýar, ol gymmatly kagyzlar hakyndaky kanunda kesgitlenýär. Kagyzlar üçin hasaplaşyklaryň senesi bilen olara bolan hukuklaryň geçýän senesi gabat gelýän bolsa, onda satyn alyjy bilen satyn alýanyň arasynda olar tarapyndan açylan hasaplaşyk ýa-da habarçy hasaplaryň üsti bilen göni aragatnaşyklar ýola goýlup bilner. Hasaplaşyklaryň senesi bilen hukuklaryň geçýän senesi gabat gelmeýän bolsa, onda gymmatly kagyzlary satmak-satyn almak üçin ýörite konwension hasaplardan peýdalanylmalydyr.

Maýa goýumçy bank gymmatly kagyzlary diler bankdan, onuň müşderisi bolmak bilen, satyn almak arkaly özüniň gymmatly kagyzlar bukjasyny emele getirýär. Maýa goýum maksatly gymmatly kagyzlary araçy banklaryň (dellallaryň) üsti bilen, ýörite dellalçylyk hasaplary arkaly satyn alyp hem bolar.

## 24.2. Banklaryň gymmatly kagyzlar bilen araçylyk amallary

Bankyň gymmatly kagyzlar bilen amallarda araçy hökmündäki häzirkizaman hyzmatlary öz müşderilerine dellalçylyk (brokerlik) hyzmatlaryny etmek we hakyky wagt düzgüninde geleşikleri geçirmek, bankyň weksel bazarynyň operatory hökmündäki işi, möhletli gurallaryň häzirki halkara bazaryndaky amallar, ynanyp dolandyrmak, amallar boýunça konsalting hyzmatyny etmek, gazna aktiwlerini we goýum amallary dolandyrmak bilen baglydyr.

*Internet-trading düzgüninde dellalçylyk hyzmatyny etmek,* köplenç halatda, likwidliligi ýokary bolan paýnamalar we beýleki emitentler; içerki walýuta karzynyň obligasiýalary, döwlet we korporatiw obligasiýalar we korporatiw wekseller bilen baglydyr.

*«Internet-dellal»* ulgamyndan peýdalanmak, *hakyky wagt düzgünindäki geleşikler* karz guramasynyň müşderilerine gymmatly ka-

gyzlaryň söwdasynyň gidişine hakyky wagt düzgüninde syn etmäge, Halkara pul biržasynda dolanyşykda bolýan kagyzlaryň ähli görnüşleri boýunça nyrhlary bilmäge, Internete çykýan islendik kompýuter bilen işlemäge, ýörite bank enjamyna goşulmak bilen döwletiň we korporatiwiň gymmatly kagyzlary boýunça hakyky wagt düzgüninde geleşikleri baglaşmaga mümkinçilik berýär.

Weksel bazarynyň operatory hökmünde bank bergi bazarynda dellalçylyk hyzmatyny amala aşyrýar, şol sanda:

– wekselleri depozitar saklamak;

– wekselleri üzmek;

– müşderiniň weksel bukjasyny dolandyrmak;

– wekselleri töleg üçin bermek we uzak möhletli hasaba almak;

– hukuk goldawyny bermek we geleşiklere hyzmat etmek;

– wekselleri peýdalanmak bilen hasaplaşyklary amatly etmek;

– aýratyn maliýe shemalaryny işläp taýýarlamak, salgydy meýilnamalaşdyrmak;

– REPO shemasy boýunça pul serişdelerini has likwidli bank we korporatiw weksellere ýerleşdirmek;

– wekselleriň buhgalter hasaby alnyşy meseleleri boýunça geňeş bermek;

– bankyň öz wekselleriniuzak möhletli hasaba almak;

– wekselleri awalirlemek;

– wekselleri inkassa kabul etmek boýunça amallary geçirýär.

Möhletli gurallaryň halkara bazaryndaky amallara aşakdakylar degişlidir:

– dünýäniň iri biržalarynda (CME, CBOT, NYMEX, NYBOT, LME) fýuçers we opsion şertnamalar bilen amallar;

– binýatlyk aktiwleriň ähli görnüşleri boýunça (bonds, walýuta, gazna indeksleri, metallar, nebit we ony gaýtadan işlemekden alynýan önümler, däne we beýleki haryt toparlary) möhletli şertnamalar bazarynda dellalçylyk hyzmatyny etmek;

– möhletli gurallar arkaly, ýagny fýuçersleriň we opsionlaryň kömegi bilen önümleriň eksport edilişini hedžilemek arkaly ýurduň haryt öndürijilerini we dilerlerini dürli töwekgelçilik toparlaryndan ätiýaçlandyrmak (hedžirlemek);

– fýuçersleriň we opsionlaryň kömegi bilen importdan satyn almalary hedžirlemek;

– fýuçersleriň we opsionlaryň kömegi bilen walýuta töwekgelçiliklerini hedžirlemek;

– çig mal gaýtadan işlenende we soňundan önümler satyn alnanda peýdanyň normasyny hedžirlemek;

– müşderiler üçin hedžirlemegiň dürli shemalaryny işläp taýýarlamak.

*Gazna bazarynda karz guramasyny ynanyp dolandyrmak* söwda strategiýasynyň we mehaniki söwda ulgamlaryny peýdalanmaga esaslanýan strategiýanyň esasynda üçünji taraplaryň gymmatly kagyzlaryndan döredilen gymmatlyklaryň (önümleriň) (fýuçers we opsion şertnamalar) bukjasyny emele getirmegi we dolandyrmagy içine alýar.

*Konsalting we amallara hyzmat etmek* müşderilere şu maglumatlary bermekden ybaratdyr:

– söwdanyň tehnikasy, söwda meýdançalarynyň reglamenti, birža şertnamalarynyň spesifikasiýasy;

– müşderiniň maýa goýum maksatlaryna baglylykda dürli söwda strategiýalaryny işläp taýýarlamak barada;

– dünýäniň iri biržalaryndaky nyrhlar barada «on-laýn» düzgüninde habar bermek;

– ykdysadyýetiň garaşylýan we hakyky görkezijileri barada;

– islendik döwür üçin bazaryň depgini;

– müşderilere söwda hasaplaryny açmak üçin zerur bolan resminamalary taýýarlamak we doly taýýar edip söwda hasabyny açmak.

*Gazna aktiwlerini dolandyrmak.* Şu günki gün serişdeleri gazna aktiwlerini ussatlarça dolandyryjylara dolandyrmak üçin bermek ýaly hyzmat giň meşhurlyga eýe bolýar. Gaznalary dolandyrmak boýunça hyzmatlar maýa goýumça dolandyryş işiniň barşynda olara doly gözegçilik etmek bilen bir wagtda, öz serişdelerini ýokary girdejili goýma goýumlara gönükdirmäge hakyky mümkinçilikleri berýär.

Karz guramasynyň depozitarisi döwlet kanunda görkezilen depozitariý hyzmatlaryny etmäge mümkinçilik berýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

– eýesiniň, ynanyp dolandyryjynyň, nominal saklaýjynyň DEPO hasaplaryny we DEPO emission hasaplaryny alyp barmak;

– hasabyň howandarynyň üsti bilen DEPO hasaplaryna hyzmat etmek;

– gymmatly kagyzlaryň ähli görnüşlerini, şol sanda döwletiň gymmatly kagyzlaryny, welaýatlaryň we ýerli obligasiýa zaýomlaryny, korporatiw gymmatly kagyzlaryň we wekselleri, halkara maliýe gurallaryny (ýewro obligasiýalar, ADR,GDR we ş.m.) saklamak we olary hasaba almak;

– gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň reýestrinde we depozit-habarçy hasaplarynda amallary geçirmek;

– gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri (geleşikler boýunça şertnamalar, tabşyryklar, geçiriş görkezmeleri) hasaba almak we resmileşdirmek;

– gymmatly kagyzlara borçlandyrmagyň dürli görnüşlerini (blokirlemek, girew, goýum girewi) hasaba almak we resmileşdirmek;

– gymmatly kagyzlar boýunça diwidentleri, göterimleri we beýleki girdejileri almak we tölemek;

– emitentleriň korporatiw hereketlerine hyzmat etmek, ynanç haty boýunça ses bermek hukugy bilen, paýdarlaryň ýygnaklaryna gatnaşmak arkaly müşderileriň bähbitlerine wekilçilik etmek;

– gazna bukjasyny alyp barmak, dürli shemalar boýunça gymmatly kagyzlary satyn almak-satmak amallaryny geçirmek we salgyt salnyşyny amatly etmek;

– obligasiýa zaýomlarynyň goýberilişine hyzmat edilende töleg agentiniň wezipelerini ýerine ýetirmek.

Karz guramasynyň depozitariý hyzmatlaryna ugurdaş hyzmatlara aşakdakylar degişlidir:

– gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmek we gymmatly kagyzlar boýunça girdeji almak bilen baglanyşykly deponent pul hasaplaryny alyp barmak;

– gymmatly kagyzlaryň sertifikatlaryny olaryň hakykylygy we tölege ukyplylygy babatynda barlamak;

– gymmatly kagyzlaryň sertifikatlaryny dolanyşykdan çykarmak, üzmek we ýok etmek;

– kanunçylykda bellenen tertipde kuponlary bölüp aýyrmak we üzmek;

– deponentlere emitent barada bar bolan maglumatlary, gymmatly kagyzlar bazaryndaky ýagdaý barada maglumat bermek.

## 24.3. Bank gymmatly kagyzlar bazaryna ussat (professional) gatnaşyjynyň ornunda

Guramaçylykly gymmatly kagyzlar bazarynda işlemek bilen, karz guramasy, özüniň alan ygtyýarnamasyna we karz guramasynyň öňünde goýlan wezipä laýyklykda, diler bank ýa-da maýa goýum bank hökmünde sykyş edip biler. Bankyň dilerlik, depozitariý we dellalçylyk işi üçin ygtyýarnamasy bolup biler. Diler bank, bu öz adyndan, öz hasabyna we öz başlangyjy bilen özüniň gymmatly kagyzlar bukjasyny emele getirmek boýunça maýa goýum ýa-da söwda amallaryny geçirýär, şeýle hem öz adyndan, müşderiniň adyndan we onuň tabşyrygy boýunça dellalçylyk amallaryny geçirýär. Karz guramasynyň amallary degişli döwlet kanunlary bilen düzgünleşdirilýär, olarda bankyň bukjalaryny emele getirmegiň tertibi bellenilýär.

Diler bank guramaçylykly (gazna) gymmatly kagyzlar bazarynda amallary geçirýär. Munuň üçin ol birža bilen şertnama baglaşýar, hasaplaşyk merkezine gatnaşyjynyň hasabyny açýar, amallar boýunça hasaplaşyklary üpjün etmek üçin şertnamada bellenen serişdeleri geçirýär, şeýle hem bazaryň aýry-aýry sektorlaryndaky amallar boýunça hasaplaşyklary kepillendirip üpjün etmek üçin şertnamada bellenen pul möçberlerini deponirleýär. Söwdalaryň we aýry-aýry geleşikleriň gönüden-göni guralyşy bazarda söwdany guraýja baglydyr.

Gymmatly kagyzlary satyn almak we satmak boýunça amallara gymmatly kagyzlaryň dürli görnüşleri bilen geçirilýän aşakdaky amallar degişlidir:

– döwletiň gysga möhletli kuponsyz obligasiýalary we döwlet zaýom obligasiýalary;

– döwletiň içerki walýuta zaýomynyň obligasiýasy;

– ýewrobligisiýalar;

– döwletiň süýşürintgiler zaýomynyň obligasiýalary;

– bankyň we korporatiwiň wekselleri;

– emitentleriň paýnamalary, şol sanda likwidliligi ýokary bolan paýnamalar. Bu amallar söwda bukjasynyň amallaryna degişlidir.

Bankyň **söwda bukjasy** olary ýerlemekden (gaýtadan satmakdan) girdeji almak maksady bilen satyn alynýan nyrh kesilen gymmatly kagyzlardan, şeýle hem bukjada 180 günden köp saklamak üçin niýetlenmedik we ýerlenip biljek gymmatly kagyzlardan ybaratdyr.

**Söwda bukjasyna** aşakdakylar geçirilýär:

a) 180 senenama gününiň dowamynda olary gaýtadan satmak üçin satyn alynýan nyrh kesilen gymmatly kagyzlar;

b) 180 senenama gününiň dowamynda olary yzyna satmak mümkinçiligini göz öňünde tutýan şertnamalar boýunça satyn alynýan, nyrh kesilen we nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlar;

ç) karz şertnamalary boýunça satyn alynýan, nyrh kesilen we nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlar (şertnamanyň möhletine we emitente garamazdan);

Söwda bukjasynyň gymmatly kagyzlary hemişe gaýtadan nyrh kesilmäge degişlidir.

**Gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesmek,** bu karz guramasynyň bukjasyndaky gymmatly kagyzlaryň iş gününiň ahyryndaky ýagdaýa görä balans bahasyny kesgitlemekdir. Gaýtadan nyrh kesmek gymmatly kagyzlaryň sanyny olaryň bazar bahasyna köpeltmek bilen geçirilýär. Aýrý-aýry goýberilişler arkaly çykarylan gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirilende bu goýberişleriň ähli gymmatly kagyzlary gaýtadan nyrh kesilmäge degişlidir.

**Bazar bahasy,** bu gymmatly kagyzlaryň bazar bahasy bolup, ol söwdany guraýjy (biržany guraýjy) tarapyndan Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda hasaplanyp çykarylan bahadyr. Söwda bukjasyna geçirilen nyrh kesilen gymmatly kagyzlar diňe bazar bahasy boýunça hasaba alynýar.

Söwda bukjasynyň amallaryna diler bankyň üstünden gymmatly kagyzlary satyn almak; gymmatly kagyzlary satmak; gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesmek; bukjaara geçirmeler degişlidir.

Gymmatly kagyzlar bazarynda bank amallarynyň esasy görnüşlerine gaýtadan satmak boýunça amallar degişlidir. Olar satyn almak we satmak boýunça amallary öz içine alýar.

**Satyn almak boýunça amallar:**

– geňeş, maglumat ýa-da satyn alynmazyndan öňki beýleki hyzmatlar;

– dellallara gymmatly kagyzlary satyn almak üçin şertnamalar boýunça pul geçirmek we geljekde olaryň hak-heşdek (woznagreždenie) tölegi üçin pul serişdelerini geçirmek;

– satyn alynjak kagyzlary saýlap almak we söwda bukjasyny emele getirmek;

– gymmatly kagyzlary satyn almak bilen baglanyşykly harajatlaryň we peýdanyň möçberini kesgitlemek;

– ýerine ýetirilen şertnamalar boýunça dellallar tarapyndan pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylmagy;

– dellallaryň möhleti geçirilen bergilerini görkezmek;

– gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesmek;

– gymmatly kagyzlary nyrh kesilmedik gymmatly kagyzlary hasaba almak boýunça hasaplara geçirmek.

**Satmak boýunça amallar:**

– gymmatly kagyzlary ýerlemek bilen baglanyşykly harajatlary hasaplamak;

– gymmatly kagyzlary olaryň özüne düşýän bahasyndan gymmat bahadan satmak:

* ýerlenen gymmatly kagyzlar üçin dellala bergini hasaplamak;

* gymmatly kagyzlaryň özüne düşýän bahasyny emele getirýän pul möçberini hasapdan öçürmek;

* dellalyň hyzmat hakyny hasaplamak;

– olary özüne düşýän bahasyndan pes bahadan satmak:

* gymmatly kagyzlaryň özüne düşýän bahasyny emele getirýän pul möçberini hasapdan öçürmek (dellalyň hyzmat hakyny hasaba almazdan);

* ýerlenen gymmatly kagyzlar üçin dellalyň bergisini hasaba almak we hyzmat hakyny hasapdan öçürmek;

– ýerlemekden alnan netijäni görkezmek, toplanan göterim (kupon) girdejisini hasaba almak boýunça hasaplary ýapmak;

– ýerine ýetirilen şertnamalar boýunça dellaldan gelip gowşan serişdeler;

– gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesilmegi hasaba alynýan balans hasaplarynda şahsy hasaplary ýapmak.

Gymmatly kagyzlaryň satylan ýagdaýynda **maliýe netijesi** gymmatly kagyzlaryň özüne düşýän bahasy bilen üzülen bahasynyň ýa-

da şertnamada görkezilen ýerleme bahasynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

Gymmatly kagyzlary göni satmak-satyn almakdan başga-da, GGMB-de geçirilýän beýleki amallara aýakdakylar degişlidir:

1) gymmatly kagyzlary karz bermek amallary;

2) gymmatly kagyzlary çalyşmak;

3) gymmatly kagyzlar bilen möhletli we nagt geleşikler.

Raýat kodeksine laýyklykda karz şertnamasy boýunça bir tarap (karz beriji) beýleki tarapyň eýeçiligine (karz alyja) pul ýa-da belli bir topara degişli alamatlary bolan gymmatly kagyzlary berýär. Karz alyjy bolsa karz berijä şonuň ýaly pul möçberini (karzyň pul möçberini) ýa-da şonuň ýaly görnüşi we hili bolan gymmatly kagyzlaryň deň möçberini yzyna gaýtarmaga borçlanýar. Gymmatly kagyzlary karz bermek amallary karz amallaryna deňleşdirilýär.

Raýat kodeksine laýyklykda çalşyk şertnamasy boýunça taraplaryň her biri beýleki tarapyň eýeçiligine bir gymmatly kagyzyň ýerine beýleki bir gymmatly kagyzy bermäge borçlanýar. Gymmatly kagyzlary çalyşmak amallaryna olary satmak we satyn almak boýunça amallar hökmünde seredilýär. Şonda deň gymmaty bolan çalşyk ýa-da deň gymmaty bolmadyk çalşyk bolup biler. Deň gymmaty bolan çalşykda çalşylýan kagyzlaryň bahasy deň gelýär. Deň bolmadyk çalşykda karz guramasynda peýda ýa-da ýitgi emele gelýär. Çalşyk amalyna gymmatly kagyzlary satmak-satyn almak amaly hökmünde hem seredilip bilner.

**Möhletli geleşikler,** bu gymmatly kagyzlary satmak we satyn almak boýunça amallar bolup, şol kagyzlar boýunça hukuklaryň şertlerde görkezilen geçmeli senesi we hasaplaşyklaryň senesi geleşikleriň baglaşylan senesi bilen gabat gelmeýär, nagt geleşiklerde bolsa gabat gelýän ýa-da iki iş güni tapawudy bolan ýagdaýynda amala aşyrylýan geleşiklerdir. Möhletli geleşikleriň bir görnüşi hem REPO geleşigidir.

**REPO amallary,** bu şertnamada görkezilen möhlet geçenden soň, şol goýberilişdäki gymmatly kagyzlary şol möçberde şol geleşigiň birinji bölegi baglaşylanda şertnamada görkezilen baha boýunça hökmany suratda yzyna satyn almak (satmak) şerti bilen gymmatly kagyzlary satmak (satyn almak) boýunça geleşikdir.

REPO amaly maýa goýum amallary bilen gymmatly kagyzlary girew goýmak arkaly karzlaşdyrmagyň arasyndaky geleşikdir. REPO amalynyň gymmatly kagyzlary satyn alýan tarapy gymmatly kagyzy satyn alyjyny hakykatdan karzlaşdyrýar, çünki geleşigiň ikinji tarapy amala aşyrylanda olar ilkibaşky eýesine gaýdyp gelýär, pullar bolsa ony satyn alyja bahasy gymmatlan görnüşde gaýdyp gelýär. Gymmatly kagyzlara bolan eýeçilik hukugyny wagtlaýyn bermek şunuň ýaly karzy üpjün edýär we karz berijiniň töwekgelçiligini peseldýär.

Gymmatly kagyzlary yzyna satyn almak başdaky satuw bahasyndan tapawutlanýan bahadan amala aşyrylýar. Bahalaryň arasyndaky tapawut hem REPO-nyň birinji böleginde gymmatly kagyzlary satyn alyjy (pul serişdelerini satyjy) hökmünde çykyş eden tarapyň girdejisini emele getirýär. Pul serişdelerini satyjynyň girdejisi REPO-nyň möçberiniň ululygy bilen kesgitlenilýär.

**Soraglar**

1. Diler bank haýsy amallary ýerine ýetirýär?
2. Maýa goýýan bank haýsy amallary ýerine ýetirýär?
3. Dellalçylyk hyzmatyny etmegiň çäklerinde bank tarapyndan haýsy amallar ýerine ýetirilýär?
4. Möhletli gurallaryň halkara bazarynda haýsy amallar amala aşyrylýar?
5. Bank nähili depozitariý hyzmatlaryny edýär?
6. Nähili kagyzlar nyrh kesilen kagyzlara degişli?
7. Gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesmek nämäni aňladýar?
8. Maýa goýum girdejisi näme?
9. REPO amaly näme?
10. REPO amaly boýunça girdejä näme bagly bolup durýar?

# XXV bap. WALÝUTA AMALLARYNY GURAMAK WE HUKUK TAÝDAN DÜZGÜNLEŞDIRMEK

## 25.1. Walýuta amallarynyň toparlara bölünişi (klassifikasiýasy) we görnüşleri

Daşary ýurt puly bilen geçirilýän amallar «Walýuta düzgünleşdirmesi hakyndaky» kanuna, Prezidentiň Permanlarynadyr Karar-

laryna, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda geçirilýär.

**Walýuta amallary** giň manysynda, bu daşary ýurt pulunda görkezilen (nominirlenen) resminamalary we geleşikleri resmileşdirmek we tölemek boýunça yzygiderli hereketlerden ybaratdyr. Dar manyda, bu daşary ýurt puluny satyn almak we satmak boýunça amallardyr. Walýuta amallarynyň toparlara bölünişi 25.1-nji tablisada berlendir.

*25.1-nji tablisa*

***Walýuta amallaryny toparlara bölmek***

| Toparlara bölmegiň ölçegleri | Walýuta amallarynyň görnüşleri |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Ýerine ýetirmegiň möhletleri boýunça | Gündelik.<br>Maýanyň hereketi bilen baglanyşykly.<br>Kassa.<br>Möhletli. |
| Subýektleri boýunça | Dahyllylar (Rezidentler).<br>Dahylsyzlar (Rezident däller).<br>Merkezi banklar.<br>Ygtyýarly banklar. |
| Bellenen maksady boýunça | Müşderileriň serişdeleri.<br>Öz serişdeleri.<br>Haryt üçin.<br>Haryt däl. |
| Häsiýeti boýunça | Aktiw.<br>Passiw. |
| Gerimi boýunça | Iri.<br>Ownuk. |
| Görnüşi (formasy) boýunça | Nagt.<br>Nagt däl. |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Görnüşleri boýunça | Müşderileriň walýuta hasaplaryny açmak we alyp barmak.<br>Täjirçilik banklarynyň söwda däl amallary.<br>Daşary ýurt puluny getirmek we çykarmak.<br>Daşary ýurt banklary bilen habarçy gatnaşyklary ýola goýmak.<br>Konwersiýa amallary.<br>Harytlary we hyzmatlary eksport we import etmek bilen baglanyşykly halkara hasaplaşyklary boýunça amallar.<br>Bank tarapyndan walýuta serişdelerini çekmek we ýerleşdirmek boýunça amallar.<br>Daşary ýurt pulunda görkezilen gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar.<br>Borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek.<br>Amallary öňünden hasaba almak.<br>Repatrasiýa. |
| Açyk walýuta pozisiýasyna edýän täsiri boýunça | Täsir edýär (açyk walýuta pozisiýasyny artdyrýar ýa-da peseldýär).<br>Täsir etmeýär. |
| Töwekgelçilik boýunça | Ýokary.<br>Ortaça.<br>Pes. |
| Hasaplaşyklaryň görnüşi boýunça | Akkreditiwler.<br>Inkasso.<br>Geçirme. |

Walýuta amallarynyň has giň ýaýran görnüşlerine seredip geçeliň.

## 25.2. Müşderileriň walýuta hasaplaryny açmak we alyp barmak

Islendik walýuta amallary ýörite walýuta hasaplary boýunça amala aşyrylýar. Walýuta hasabynyň görnüşine garamazdan olaryň

ählisini toparlara bölmegiň aşakdaky umumy ölçegleri bardyr:

– edara görnüşli we şahsy taraplara (dahyllylara we dahylsyzlara) walýuta hasaplaryny açmagyň tertibi;

– hasaplardaky galyndylar boýunça göterimleri hasaplap ýazmagyň aýratynlyklary;

– owerdraftlary bermek mümkinçiligi;

– göçürmeleri bermegiň ýygylygy;

– hasabyň arhiwini resmileşdirmegiň aýratynlygy;

– diňe müşderileriň tabşyrygy boýunça amallary ýerine ýetirmek;

– eksport-import amallaryna gözegçilik etmek.

Ýurduň dahyllylarynyň daşary ýurtlarda açylan hasaplary (muňa ygtyýarly banklaryň we biržalaryň hasaplary girmeýär) boýunça geçirilýän amallar barada birnäçe çäklendirmeler göz öňünde tutulýar:

1) diňe Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasyna ýa-da Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan pullaryň kanunlaşdyrylmagyna garşy maliýe çärelerini işläp taýýarlaýan topara girýän daşary ýurtlaryň çäklerinde ýerleşýän banklarda hasaby açmak;

2) hasaplaryň açylandygy barada ýurduň salgyt edaralaryna hasabat bermek;

3) ýurduň daşyndaky banklardaky hasaplar (goýumlar) boýunça serişdeleriň hereketi baradaky hasabatlary salgyt edaralaryna bermek;

4) hasabyň açylandygy barada hasaba alyş resminamasynyň bolmagy.

Ygtyýarly banklardaky walýuta hasaplary boýunça şahsy taraplaryň gadagan edilen amallaryna aşakdakylar degişlidir:

– walýuta gymmatlyklaryny döwlete, onuň subýektlerine we (ýa-da) ýerli birliklere peşgeş etmek;

– walýuta gymmatlyklaryny ýanýoldaşyňa we ýakyn garyndaşlaryňa peşgeş bermek;

– walýuta gymmatlyklaryny wesýet etmek ýa-da olary miras almak hukugy esasynda almak;

– kolleksiýa etmek maksady bilen pullary we monetleri satyn almak we elden almak (otçuždeniýe);

– bank hasaplaryny açmazdan pul geçirmek;

– ygtyýarly bankdan nagt daşary ýurt puluny satyn almak ýa-da satmak, çalyşmak, daşary ýurt döwletiniň pullaryny çalşyrmak, şeýle hem ýurduň çäklerinden daşyndaky banklara inkasso etmäge ibermek üçin nagt daşary ýurt puluny kabul etmek.

Dahylsyzlaryň ýurduň çäklerinde bank hasaplaryny (bank goýumlaryny), şol sanda ýörite hasaplary açmagynyň we alyp barmagyň tertibi Merkezi bank tarapyndan bellenýär.

## 25.3. Täjirçilik banklarynyň söwda däl amallary

Söwda däl amallara bankyň müşderileriniň harytlary we hyzmatlary eksport we import etmek boýunça hasaplaşyklaryny geçirmek ýa-da maýanyň hereketi bilen baglanyşykly bolmadyk amallar degişlidir.

Ygtyýarly banklar söwda däl häsiýetli şu aşakdaky amallary geçirip bilerler:

– nagt daşary ýurt puluny we daşary ýurt pulundaky töleg resminamalaryny satyn almak we satmak;

– nagt daşary ýurt puluny we daşary ýurt pulundaky töleg resminamalaryny inkasso etmek;

– bankyň müşderileriniň plastik kartlaryny çykarmak we olara hyzmat etmek;

– daşary ýurt banklarynyň ýol çeklerini satyn almak (tölemek); pul akkreditiwlerini tölemek we şonuň ýaly akkreditiwleri bermek.

## 25.4. Daşary ýurt puluny getirmek we çykarmak

Ýurduň içine walýuta gymmatlyklaryny getirmek we ýurduň puluny we içerki gymmatly kagyzlary daşyna çykarmak we ýurduň gümrük kanynçylygynyň talaplary berjaý edilende çäklendirilmeýär.

Şahsy taraplaryň (dahyllylaryň we dahylsyzlaryň) ýurtdan birwagtda nagt daşary ýurt pulunyň bellenen möçberini çykarmaga haklary bardyr. Çykarylýan pullaryň belli bir derejeden artyk gelýän möçberi beýannamada görkezilmelidir.

## 25.5. Daşary ýurt banklary bilen habarçy gatnaşyklary ýola goýmak

Halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrmak üçin bank daşary ýurt banklarynda we özünde NOSTRO we LORO habarçy hasaplaryny açýar.

**NOSTRO hasaby** habarçy bankda täjirçilik bankynyň adyna açylan gündelik hasapdyr.

**LORO hasaby** täjirçilik bankynda habarçy bankyň adyna açylan gündelik hasapdyr.

Respondent bank bilen habarçy bankyň arasynda LORO, NOSTRO habarçy hasaplary boýunça amallar geçirilende şertnama baglaşylmalydyr, mysal üçin, hasabyň walýutalaşdyrylan senesini bellemegiň tertibi, resminamalary (kagyz göterijidäki, elektron resminama görnüşindäki) alyşmagyň kadalary we geljekki tölegleriň reýestriniň görnüşi; ýerine ýetiriji bankyň iberiji banka (ony respondent bankdaky we habarçy bankdaky habarçy hasaby boýunça bir senede görkezmek üçin) hasaplaşyk amalynyň geçirilendigi baradaky tassyknamany ibermäge borçnamalary barada şertnamalar we ş.m.

## 25.6. Konwersiýa amallary

Konwersiýa amallary nagt we nagt däl manat serişdelerini ulanmak bilen nagt we nagt däl daşary ýurt pullaryny satyn almak we satmak (şol sanda çäklendirilen konwersiýasy bolan walýutalary) geleşiklerinden ybaratdyr.

Geleşikleriň ählisi *nagt we nagt däl* görnüşlere bölünýär. Nagt däl geleşikleriň dürli görnüşlerini görkezip bolar. Haýal etmän ibermek geleşikleri (nagt geleşik), bu geleşigiň baglaşylan gününden iki bank iş gününden köp yza galmaýan walýutalaşdyrylan senesi bolan konwersiýa amalydyr (TODAY – geleşigiň baglaşylan gününde walýutalaşdyrmak, TOMORROW – geleşigiň baglaşylan gününiň yzýanyndaky bank iş güni walýutalaşdyrmak, SPOT - geleşigiň baglaşylan gününden iki bank iş güni soň walýutalaşdyrmak).

Möhletli geleşiklere forward, swop, walýuta arbitražy degişlidir.

Möhletli (forward) geleşigi konserwisiýa amaly bolup, bu amal boýunça walýutalaşdyrma senesi geleşigiň baglaşylan senesinden iki bank iş güni gijä galýar. **Forward amaly** bir walýutanyň ýerine beýleki walýutany şertleşilen hümmet boýunça satyn almak barada geleşigi geljekde belli bir günde amala aşyrmak bilen häzirki pursatda baglaşylýan şertnamadyr. Öz gezeginde forward amaly aşakdakylara bölünýär:

– «autraýt» geleşikleri (walýutany bellenen senede ibermek şerti bilen);

– «opsion» geleşikleri (walýutanyň iberilmeli senesini bellemezlik şerti bilen).

«Swop» geleşikleri bir wagtyň özünde şol bir walýutany «forward» hümmeti boýunça möhlete satyn almak we satmak bilen, «spot» nagt geleşikleri şertlerinde walýutany satyn almagy ýa-da satmagy utgaşdyrýan walýuta amallaryndan ybaratdyr. «Swop» geleşigi aşakdaky birnäçe görnüşleri öz içine alýar:

– «report» geleşigi – şol bir wagtda «forward» şertlerinde satyn almak bilen, «spot» şertlerinde daşary ýurt puluny satmak;

– «dereport» geleşigi – «spot» şertlerinde daşary ýurt puluny satyn almak we ony şol bir wagtda «forward» şertlerinde satmak. Häzirki wagtda «forward» şertlerinde şertnamalary satyn almak-satmak, şeýle hem fýuçers şertnamalaryny satyn almak-satmak amala aşyrylýar.

## 25.7. Harytlary we hyzmatlary eksport we import etmek bilen baglanyşykly halkara hasaplaşyklary boýunça amallar

Halkara hasaplaşyklary boýunça amallar aşakdaky toparlara bölünýär:

– akkreditiwler boýunça amallar;

– inkasso;

– pul geçirmeleri;

– kepillendiriş amallary;

– tölegleri inkassasiýa etmek (tölegi almak);

– eksport we import geleşikleriniň pasportlaryny resmileşdirmek we barlamak;

– walýuta girdejisini satmak;

– geňeş hyzmatlary (hasaplaşyklaryň has netijeli görnüşlerini saýlap almak, daşary söwda şertnamalarynyň şertlerini seljermek, walýuta kanunçylygynyň üýtgeýşine syn bermek, hasaplaşyklarda çykdajylary azaltmak, täjirçilik we walýuta töwekgelçiliklerini peseltmek we ş.m.).

Ýokardaky toparlara laýyklykda walýuta amallary hasaplaşyklaryň görnüşleri boýunça hem tapawutlandyrylýar. Bu ýerde eksport-import amallarynda peýdalanylýan, resminamalaşdyrylan walýuta amallary (akkreditiwler, inkasso, kepillendirme) aýratyn toparda görkezilýär.

**Resminamalaýyn akkreditiw** – bu özüniň buýruk beriji müşderisiniň (import edijiniň) haýyşy boýunça akkreditiw açan bankyň (emitent bankyň) akkreditiwde görkezilen resminamalaryna derek eksport edijiniň (benefisiaryň) peýdasyna töleg geçirmek baradaky borçnamasydyr. Resminamalaşdyrylan akkreditiwiň görnüşleri 25.7.1-nji tablisada görkezilendir.

Resminamalaşdyrylan akkreditiwiň görnüşinde eksport boýunça hasaplaşyklarda daşary ýurt banky eksport ediji firmanyň tabşyrygy boýunça ony özünde açýar we bu barada banka akkreditiw hatyny iberýär. Her bir akkreditiwe iş (dosýe) açylýar.

Resminamalaşdyrylan akkreditiw boýunça amalyň düýp manysy eskport edijiniň eksport girdejisini öz wagtynda almaga kepillendirme alýandygyndan, import edijiniň tölegi harydyň iberilişine görä amala aşyrýandygyndan ybaratdyr.

*25.7.1-nji tablisa*

**Resminamalaşdyrylan akkreditiwiň görnüşleri**

| Ölçegler | Akkreditiwiň görnüşleri |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Möhleti | Görkezme bermeli.<br>Möhletinde tölenenler.<br>Tölegiň möhleti soňa goýlan. |
| Limitleşdirmegiň häsiýeti | Rewolwer (gaýtadan dikelýän).<br>Rewolwer däl. |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Resmileşdirmegiň aýratynlyklary | Tassyklananlar.<br>Tassyklanmadyklar. |
| Töleg çeşmesi | Serişdeleri öňünden deponirlemek bilen.<br>Bankyň kepillendirmeginiň hasabyna. |
| Yzyna almak mümkinçiligi | Yzyna alynýan.<br>Yzyna alynmaýan. |
| Aksept etmek mümkinçiligi | Ygtyýarlynyň aksepti.<br>Aksept edilmedik. |

Resminamalaşdyrylan akkreditiwiň artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

– täjirçilik töwekgelçiliklerinden goramak;

– eksport ediji tarapyndan pul serişdeleriniň çalt alynmagy;

– islendik nätanyş müşderi bilen işleşmek mümkinçiligi;

– hukuk goragynyň ýokary derejesi;

– şertnama boýunça resminamalaryň hünärmen (professional) barlagynyň geçirilmegi.

**Resminamalaşdyrylan inkasso** görnüşi boýunça hasaplaşyklarda emitent bank ynam bildireniň töleýjä (import edijä) beren resminamalaryny aksept etmek we pullary almak üçin bermek borçnamasyny öz üstüne alýar.

*Amalyň düýp manysy:* resminamalary (inkasso tabşyryklaryny we haryt-hasaplaşyk resminamalaryny) barlamak, aksept almak (öňünden ýa-da soňundan), tratta tölegini geçirmek. **Tratta** karz berijiniň (trassantyň) karz alyja (trassata) belli bir möçberdäki pul serişdelerini görkezilen möhletde remitente (wekselde görkezilen tarapa) ýa-da görkezen adama tölemek baradaky hökmany buýrugyny içine alýan resminamadyr.

Inkassonyň görnüşleri:

– nagt hasaplaşyk üçin resminama (H/R) (görkezilen wagtynda gaýra goýman tölemek);

– aksept almak bilen töleg geçirmek (R/A) – inkassotor bank tarapyndan diňe tratta akseptiniň esasynda resminamalaryň berilmegi;

– tölegi kepillendirmegiň hasabyna resiminamalar (geçirýän bank eksport edijiniň kepillendirmesiniň esasynda resminamalary berýär);

– tölegsiz resminamalar (onuň belli bir möhletde töleg geçirmek baradaky borçnamalarynyň hasabyna töleg geçirmezden import edijä resminamalary bermek).

**Bank geçirmesi** bir bankyň beýleki banka geçirilen puly alýana belli bir pul möçberini tölemek baradaky tabşyrygydyr. Bank geçirmeleriniň ykdysady taýdan esaslandyrmasy harytlaryň (hyzmatlaryň, işleriň, intellektual işiň predmetleriniň) töleginiň nähili görnüşde, ýagny iberilmezden öň (awans tölegler) ýa-da eksport ediji tarapyndan olar alnandan soň (açyk hasaplar görnüşindäki hasaplaşyklar) geçirilýändigine baglydyr.

Geçirmeleriň görnüşleri:

– yzyna gaýtarmak şerti bilen hakujy (awans) tölegler;

– açyk hasap boýunça tölegler.

Geçirmeleriň birnäçe artykmaçlyklary bardyr. Olara aşakdakylary degişlidir: amallar çalt geçirilýär; resmileşdirmek ýeňil (ýönekeý); karz guramasy üçin çykdajysyz. Tölegiň kepillendirilmezligi geçirmegiň ýetmezçiligidir.

Bank pul geçirijiniň hasabyna daşary ýurtly pul alýana (benefisiara) tölenen pul möçberini töleýji banka öwezini dolmagyň usullaryny görkezmek bilen, müşderi geçirmelerini amala aşyrýar. Geçirilen puly alýanyň banky töleg tabşyrygynda bar bolan anyk görkezmelere gollanýar. Töleg tabşyryklary banklaryň arasynda bank maglumatlaryny geçirmegiň telekommunikasiýa serişdeleri (swift, sprint, teleks) arkaly geçirilýär.

*Kepillendirilen amallara* hasaplaşyklara gatnaşýan ygtyýarly banklarda hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini kepillendirmäge ýüze çykýan zerurlyk degişlidir.

Ýurduň gümrük çäklerine getirilýän we ondan çykarylýan harytlaryň pasportlaryny resmileşdirmek we barlamak daşary söwda şertnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dahyllylaryň walýuta girdejisiniň bir bölegini hökmany suratda satmak walýuta girdejisiniň 25%-i möçberde amala aşyrylýar. Girdeji dahyllynyň görkezmesi boýunça gönüden-göni ygtyýarly banka satylýar ýa-da ygtyýarly bankyň üstünden walýuta biržasynda, biržadan daşary walýuta bazarynda ýerlenýär.

# XXVI BAP. GYMMATLY METALLAR BILEN GEÇIRILÝÄN AMALLARYŇ, GELEŞIKLERIŇ GÖRNÜŞLERI WE WALÝUTA KADALAŞDYRMASY

## 26.1. Gymmatly metallar bilen geçirilýän amallaryň we geleşikleriň görnüşleri

Ygtyýarly täjirçilik banklarynyň gymmatly metallar bilen aşakdaky amallary geçirmäge hukuklary bardyr.

1. Öz hasabyna, şeýle hem müşderileriniň hasabyna (komissiýa we tabşyryk şertnamalary boýunça) gymmatly metallary satyn almak we satmak.

2. Şahsy we edara görnüşli taraplaryň gymmatly metallary goýuma çekmek (talap edilýänçä ýa-da belli bir möhlete).

3. Öz adyndan we öz hasabyna gymmatly metallary beýleki banklarda açylan goýum hasaplara ýerleşdirmek we gymmatly metallarda karz bermek.

4. Gymmatly metallary girewine almak bilen manatda we daşary ýurt pulunda karz bermek we almak.

5. Sertifikatlaşdyrylan, saklanýan ýeri bolanda gymmatly metallary saklamak we daşamak boýunça hyzmatlary etmek.

Banklaryň gymmatly metallar bilen aşakdaky geleşikleri ýerine ýetirmäge hukuklary bardyr:

1. Olary şahsy görnüşde ibermek ýa-da hasaplar boýunça görkezmek bilen gymmatly metallary satyn almak-satmak geleşikleri:

2. Walýutalaşdyrma senesi (pul serişdeleriniň we gymmatly kagyzlaryň iberilmeli senesi) geleşigiň baglaşylan gününden iki iş gününiň çäklerinde bellenýän ýagdaýynda haýal etmän ibermek bilen satyn almak-satmak geleşikleri.

3. Geleşik boýunça hasaplaşyklaryň möhleti geleşigiň baglaşylan iki iş gününden köp bolanda möhletli satyn almak-satmak geleşikleri.

4. Gymmatly metallar bilen beýleki geleşikler (opsionlar, swoplar, fýuçersler).

Karz guramalarynyň (gymmatly metallar bilen amallary geçirmek üçin ygtyýarnamalarynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna gara-

mazdan) edara görnüşli we şahsy taraplaryň (dahyllylaryň we dahylsyzlaryň) borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek hökmünde gymmatly metallary we gymmatly daşlary kabul etmäge, şeýle hem olara aşakdaky hyzmatlary etmäge:

– gymmatly metallary we gymmatly daşlary karz guramalarynyň gymmatlyklar saklanýan ýerinde saklamak;

– karz guramalarynyň inkassatorçylyk gulluklarynyň güýji we serişdeleri bilen daşamak.

Affinirlenen gymmatly metallaryň hasaba alyş bahalary Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan altynyň, kümüşiň, platinanyň we palladiniň hasaplama geçirilýän pursatda hereket edýän bahasyndan ugur alnyp hasaplanýar, şu ugur alyş ähmiýetleri Londonyň nagt metal bazarynda bazar bahasyny bellemegiň standart düzgünlerini geçirmegiň barşynda kesgitlenilýär. Alnan pul möçberi gymmatly metallaryň her görnüşi üçin halkara bazaryna ibermek boýunça çykdajylaryň ortaça ähmiýetine deň bolan diskontyň möçberine azaldylýar we ABŞ-nyň dollarynyň manada bolan gatnaşyk hümmeti boýunça manada geçirilip hasaplanylýar.

## 26.2. Walýuta kadalaşdyrylmasy

Türkmenistanyň ygtyýarly karz guramalary gymmatly metallar bilen amallary metal hasaplaryny açmak bilen amala aşyrýarlar. **Jogapkär saklaýjynyň metal hasaplary** olaryň aýratyn alamatlaryny (ady, gymmatlyklaryň mukdary, probasy, öndüriji, tapgyr belgisi) saklap galmak bilen, jogapkär saklamaga karz guramasyna berilýän gymmatly metallary hasaba almak üçin müşderileriň hasabydyr. **Hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplary** karz guramasy tarapyndan gymmatly metallary hususy aýratynlyklaryny görkezmezden hasaba almak we olary çekmek we ýerleşdirmek üçin açylýan hasaplardyr.

Hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplarda hasaba alynýan gymmatly metallaryň metalyň massasynyň (agramynyň) mukdar häsiýetnamasy (monetler üçin mukdary sanlarda görkezilýär) we balans gymmaty bolýar.

Banklar hususy aýratynlygy görkezilmedik hasaplaryň aşakdaky görnüşlerini açýarlar:

– müşderileriň hasaplary (möhletli we talap edilýänçä hasaplar), şol sanda banklaryň habarçy hasaplary;

– gymmatly metallarda müşderilere berlen karzlaryň hasaba alynýan hasaplary.

Gymmatly metallary hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplar boýunça geçirmek bilen baglanyşykly amallary amala aşyrmak üçin karz guramalarynyň banklar bilen habarçy gatnaşyklary ýola goýmaga haklary bardyr.

Hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplara gymmatly metallary çekmek we ýerleşdirmek:

– gymmatly metallary hususy aýratynlygy görkezilmedik beýleki metal hasaplardan geçirmek;

– olar şahsy görnüşde iberilen ýagdaýynda hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplara geçirmek;

- müşderä satylan gymmatly metallary ýa-da bank tarapyndan satyn alnan gymmatly metallary geçirmek ýoly bilen amala aşyrylyp bilner.

Gymmatly metallarda karzlar gymmatly metallary müşderä şahsy görnüşde ibermek ýa-da şertnamada bellenen möhlet tamamlanandan soň gymmatly kagyzlary ibermek borçnamasynyň hasabyna hususy aýratynlygy görkezilmedik metal hasaplara geçirmek (ýazmak) ýoly bilen berilýär.

**Gymmatly metallary satyn almak-satmak geleşiklerini baglaşmak.** Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýurduň çäklerinde gymmatly metallary satyn almak-satmak geleşiklerini geçirmegiň umumy şertleri hakynda baş ylalaşyga laýyklykda, karz guramasy bilen gymmatly metallary satyn almak-satmak geleşiklerini baglaşmaga haky bardyr. Şertnamada geleşigiň görnüşi, aragatnaşyk kanallary, saklanýan ýer, dilerler, geleşigi tassyklaýan resminamalar, geleşigi baglaşmagyň we bozmagyň düýpli şertleri, kabul etmek-tabşyrmak ykrarhaty, spesifikasiýa, gymmatly metallaryň hili barada resminama, reklamasiýa resminamasy, geleşigi ýerine ýetirmegiň şertleri, gymmatly metallary almagyň we tölegini geçirmegiň möhletleri, taraplaryň jogapkärçiligi görkezilýär. Geleşigiň düýpli şertleri aşakdakylardan ybaratdyr: metalyň ady; 1 gramynyň bahasy, umumy

gymmaty; probasy; ligaturadaky umumy massasy ýa-da himiki babatda arassa görnüşde umumy massasy; guýmalaryň sany; geleşigiň baglaşylan we ýerine ýetirilmeli senesi.

Gymmatly metallary saklamak boýunça amallary geçirmegiň tertibi. Bank aşakdakylara borçludyr:

– saklamak üçin berlen gymmatly metallaryň saklanyşyny üpjün etmek;

– hasap boýunça amallaryň geçirilen gününden soňky iş gününden gijä galman müşderiniň şahsy hasabyndan oňa göçürme bermek;

– müşderiniň arzasy banka gelip gowşanyndan soňky üç iş gününiň dowamynda hasap boýunça müşderini gyzyklandyrýan maglumatlary görkezmek bilen, müşderiniň hasabynyň ýagdaýy barada oňa güwänama bermek;

– müşderiniň banka saklamaga berlen gymmatly metallary baradaky maglumatlaryň gizlinligini üpjün etmek;

- müşderiniň hasabynda saklanýan gymmatly metallary saklamagyň şertleriniň üýtgändigi barada müşderä ýazmaça görnüşde habar bermek.

Türkmenistanyň Merkezi banky aşakdakylary belleýär:

– gymmatly metallar bilen amallaryň buhgalter hasaba alşyny alyp barmagyň ýeke-täk kadalaryny;

– gymmatly metallaryň hasaba alynýan hasaplaryna gaýtadan nyrh kesmegiň tertibini;

– hasabatlylygyň görnüşini, ony bermegiň tertibini we möhletlerini;

– gymmatly metallar bilen amallar boýunça bank işiniň normatiwlerini;

– amallara gözegçilik etmegiň tertibini;

– banklar tarapyndan gymmatly metallary kabul etmegiň, saklamagyň we bermegiň tertibini.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplarynyň ýerine ýeririlmezligi gymmatly metallar bilen amallary geçirmäge berlen ygtyýarnamany (rugsatnamany) yzyna almak üçin esas bolup hyzmat edip biler.

**Walýuta düzgünleşdirmesi,** munuň özi döwletiň walýuta gymmatlyklary bilen hasaplaşyklary we geleşikleri amala aşyrmagyň

tertibini düzgünleşdirmäge gönükdirilen işidir. **Walýuta çäklendirmeleri** walýuta syýasatynyň görnüşleriniň biridir. Ol ýurduň walýuta kanunçylygynda bellenýär we döwletara düzgünleşdirme obýekti bolup durýar.

Walýuta çäkledirmeleriniň mazmuny olaryň esasy ýörelgeleri bilen kesgitlenilýär: merkezi we ygtyýarly banklarda walýuta amallaryny merkezleşdirmek; walýuta amallaryny ygtyýarlylandyrmak, daşary ýurt puluny satyn almak üçin walýuta gözegçiligi edarasynyň deslapdan rugsadynyň talap edilmegi; walýuta hasaplaryny togtatmak ( blokirlemek) we walýuta hasaplarynyň dürli görnüşlerini – saklama, içerki (milli pulda), klring, erkin çalşylýan toparlaryny girizmek; walýutany çalyşmagy çäklendirmek.

*Türkmenistanda walýutany düzgünleşdirmegiň we walýuta gözegçiliginiň esasy ýörelgeleri* aşakdakylardyr:

1.Walýuta düzgünleşdirmesi barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmekde ykdysady çäreleriň ileri tutulmagy.

2. Dahyllylaryň we dahylsyzlaryň walýuta amallaryna döwletiň we onuň edaralarynyň esassyz goşulmaklaryny aradan aýyrmak.

3. Ýurduň içerki we daşarky walýuta syýasatynyň bitewüligi.

4. Walýuta düzgünleşdirmesi we walýuta gözegçiligi ulgamynyň bitewüligi.

5. Walýuta amallary geçirilende dahyllylaryň we dahylsyzlaryň hukuklarynyň we ykdysady bähbitleriniň döwlet tarapyndan goralmagyny üpjün etmek.

Türkmenistanyň «Walýuta düzgünleşdirmesi» hakynda 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen kanuny walýuta kanunçylygynyň esasy bolup durýar. Kanunda ýurtda walýuta amallaryny geçirmegiň ýörelgeleri, walýuta gymmatlyklaryna eýeçilik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek barada edara görnüşli we şahsy taraplaryň hukuklary we borçlary, walýuta kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik bellenýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky we ýurduň hökümeti walýutany düzgünleşdirýän edaralar bolup durýarlar.

Ýurduň kanunçylylygyna laýyklykda, ähli walýuta amallary diňe Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýa-da ygtyýarly banklaryň, ýagny walýuta amallaryny geçirmäge ygtyýarnama alan banklaryň we beýleki karz edaralarynyň üstünden amala aşyrylmalydyr.

Ygtyýarnamalaryň ählisi:

– dahyllylaryň daşary ýurt pulunda hasaplaryny açmaga, ýurduň banklary tarapyndan daşary ýurt pulunda habarçy hasaplary açmaga, ýurduň çäklerinde daşary ýurt pulunda bank amallarynyň doly ýa-da çäklendirilen toparyny geçirmäge hukuk berýän içerki ygtyýarnamalara;

– täjirçilik banklaryna daşary ýurtlaryň çäkli banklary bilen daşary ýurt pulunda habarçy hasaplary açmaga we dahylsyzlara hyzmat etmäge hukuk berýän giňeldilen ygtyýarnamalara;

– täjirçilik banklaryna ýurduň çäklerinde, şeýle hem onuň çäklerinden daşarda daşary ýurt pulunda bank amallarynyň giň toparyny amala aşyrmaga hukuklaryny kepillendirýän baş ygtyýarnamalara bölünýär.

Daşary ýurt pulunda amallary geçirmäge ygtyýarnama alan bank mundan beýläk *ygtyýarly bank* diýlip atlandyrylýar we öz müşderileriniň walýuta amallaryna walýuta gözegçiligini amala aşyrýan agentiň wezipesini ýerine ýetirýär.

Gymmatly metallar bilen amallary geçirmek üçin karz guramasy ýörite ygtyýarnama almalydyr. Gymmatly metallary goýumlara çekmäge we ýerleşdirmäge ygtyýarnama almak üçin karz guramasy bank ygtyýarnamasyny almak üçin berilýän adaty resminamalara goşmaça bir nusgada aşakdakylary berýär:

– Maliýe ministrligi tarapyndan berilýän we karz guramasy tarapyndan gymmatly metallar bilen amallary geçirilmeginiň ylalaşylandygyny tassyklaýan resminamanyň tassyklanan nusgasy;

– agram ölçeýji gurallaryň we dürli terezileriň bardygy barada karz guramasynyň güwänamasy.

Türkmenistanyň Merkezi banky walýuta gözegçiligi boýunça esasy edara bolup durýar. Merkezi bank aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– ýurtda daşary ýurt pulunyň we daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň dolanyşykda bolýan çygryny we dolanyşyk tertibini kesgitleýär;

– dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kadalaşdyryjy namalary çykarýar;

– walýuta amallarynyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirýär;

– ýurtda dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar bilen amallary geçirmegiň

kadalaryny, şeýle hem dahylsyzlar tarapyndan ýurduň walýutasy (manat) bilen amallary geçirmegiň kadalaryny belleýär;

– banklara we beýleki karz guramalaryna walýuta amallaryny geçirmäge ygtyýarnama bermegiň umumy kadalaryny belleýär we şu ygtyýarnamalary berýär;

– walýuta amallaryny hasaba almagyň, hasabatlylygyň, resminamalarynyň we olaryň statistikasyny alyp barmagyň ýeke-täk görnüşlerini, şol sanda ygtyýarly banklar üçin hem, şeýle hem olary bermegiň tertibini we möhletlerini belleýär;

– beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

**Soraglar**

1. Dahyllylar haýsy bank amallaryny geçirip bilýärler?
2. Walýuta amallary haýsy ölçegler boýunça toparlara bölünýär?
3. Walýuta amallarynyň haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Halkara hasaplaşyklarynyň nähili görnüşleri bar?
5. Haýsy amallar maýanyň hereketi bilen baglanyşykly?
6. Gündelik walýuta amallary nähili häsiýetlendirilýär?
7. Walýuta girdejisiniň haýsy bölegi hökmany satylmaga degişlidir?
8. Walýuta düzgünleşdirmesi näme?
9. Walýutany düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgeleri haýsylar?
10. Karz guramasy gymmatly metallar bilen haýsy amallary geçirip biler?

# XXVII BAP. BANKLARDA HASABA ALŞY GURAMAGYŇ ESASLARY

## 27.1. Buhgalter hasaba alşynyň häsiýetnamasy we karz guramalarynda buhgalter hasaby alşynyň döwlet kadalaşdyrylyşy

Buhgalter hasaba alşy, bu guramalaryň emlägi, borçnamalary we ähli hojalyk amallaryny tutuşlygyna, üznüksiz we resminamalaýyn esasda hasaba almak ýoly bilen, olaryň hereketi barada pul manysyndaky maglumatlary toplamagyň, bellige almagyň we umumylaşdyrmagyň tertipleşdirilen ulgamydyr.

Häzirkizaman şertlerinde buhgalter hasaba alşy hojalyk durmuşyndaky faktlary ýönekeý bellige almakdan dolandyryşyň möhüm

elementleriniň birine öwrüldi. Ol täjirçilik banklarynyň çylşyrymly we köptaraply işini serişdeleriň ýagdaýy, olaryň ýerleşdirilişi, ätiýaçlyklar, emläk  borçnamalary we hojalyk amallary, şeýle hem alnan maliýe netijeleri baradaky maglumatlar bilen üpjün edýär. Bu maglumatlar gowy hilli, deňeşdirip bolýan we dogry bolmalydyr. Bu bolsa ähli karz guramalarynda hasaba alşyň birmeňzeş alnyp barylmagy bilen üpjün edilýär we kadalaşdyryş-hukuk düzgünleşdirmesi ulgamyna esaslanýar. Buhgalter hasaba alşy boýunça birnäçe meseleler Raýat we Salgyt kodeksleri bilen düzgünleşdirilýär. Buhgalter hasaba alşyny guramagyň we alyp barmagyň hukuk we usulyýet esaslaryny belleýän esasy resminama «Buhgalter hasaba alşy we hasabatlylygy hakyndaky» kanundyr. Şonuň bilen birlikde karz guramalary üçin buhgalter hasaba alşyny alyp barmagyň we hasabatlary düzmegiň kadalary, halkara ülňülerini hasaba almak bilen, Merkezi bank tarapyndan bellenilýär.

Hasaba alşyň umumy kadalary, karz guramalarynda buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynyň meýilnamasy we olaryň häsiýetnamasy, şeýle hem aýry-aýry bank we bank däl amallary hasaba almagyň tertibi Merkezi bank tarapyndan kabul edilen Düzgünnamada görkezilýär.

Bankda buhgalter hasaba alşyny guramakda bankyň içerki iş resminamalary möhüm orun tutýar, çünki olar onuň hasaba alyş syýasatyny emele getirýärler. Hasaba alyş syýasatynyň düzümine hasaplaryň iş meýilnamasy, ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň tipiki däl görnüşleri, şahamçalar we gurluş birlikleri  bilen hasaplaşyklaryň tertibi, resminamalar dolanyşygynyň we gözegçiligiň kadalary, şeýle hem anyk karz guramasynyň işiniň aýratynlygyny göz öňünde tutýan beýleki meseleler, onuň gurluşy, ululygy we beýleki faktorlary goşulýar.

Banklar her günde ýokary çaltlyk (operatiwlik) derejesinde emele getirilýän maglumatlaryň köp möçberlerini peýdalanýarlar. Amallar gününiň dowamynda bankda amala aşyrylan hasaplaşyk, karz we beýleki amallar şol gün analitik hasaba alnyşda müşderileriň şahsy hasaplarynda görkezilýär, buhgalter balansy bolsa her günde düzülýär.

Banklardaky hasaba alyş-amallar işiniň aýratynlygy guramalara we müşderilere hasaplaşyk-kassa hyzmatyny etmegiň ýokary dere-

jesini üpjün etmek zerurlygy bilen kesgitlenilýär, guramalara we müşderilere her günde şahsy hasaplardan göçürmeler görnüşinde şahsy hasaplar boýunça serişdeleriň hereketi barada maglumatlar berilýär.

## 27.2. Banklarda hasaba alyş-amallar işini guramak

Buhgalter hasaba alşy we amallar işini alyp barmak bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirmek boýunça işleriň jemi **hasaba alyş-amallar işi** diýip atlandyrylýar.

Banklarda hasaba alyş-amallar işiniň dogry guralmagy:

– buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynda amallary öz wagtynda we ýalňyşsyz görkezmäge;

– müşderilere çalt we takyk hyzmat etmegi guramaga;

– ýetmezçilikleriň, pul serişdeleriniň, maddy gymmatlyklaryň nädogry harçlanmagynyň ýüze çykmak mümkinçiliginiň öňüni almaga;

– dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin maglumatlary emele getirmäge we gowy hilli hasabaty düzmäge, şol sanda maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (MHHÜ) laýyklykda düzmäge mümkinçilik berýär.

Bankda hasaba alyş işi aşakdaky tapgyrlardan durýar:

– ilkinji hasaba alşy guramak;

– buhgalter hasaba alşynyň registrlerini alyp barmak;

– resminamalaryň dolanyşygyny guramak;

– tükelleme geçirmek;

– hasabat düzmek.

Ähli amallar buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynda diňe amallaryň geçirilýän pursatynda ýa-da onuň yzysüre düzülen ilkinji resminamalaryň esasynda görkezilýär. Buhgalterlik maglumatlary emele getirmek analitik hasaba alşyň şahsy hasaplarynda we buhgalter registrlerinde amala aşyrylýar.

Şahsy hasaplar açylanda olara at we belgi berilýär. Şahsy hasabyň belgisi 9 belgiden durýar. Ol aşakdaky derejeleri (razrýadlary) içine alýar:

1-njiden 3-nji derejä çenli – býujet, karz we beýleki hasaplaryň alamatlary;

4-njiden 6-njy derjä çenli – ikinji tertibiň balans hasabynyň belgisi;

7-nji belgi – gorag açary;

8- 9-njy belgi şahsy hasabyň tertip belgisi.

Müşderilere açylan hasaplar hasaplaryň hasaba alynýan kitabynda bellige alynýar. Amallar geçirilende müşderileriň şahsy hasaplary iki nusgalykda çap edilýär we olaryň biri buhgalteriýa berilýär, ikinji nusga şahsy hasapdan göçürme bolup durýar we müşderä bermek ýa-da ibermek üçin niýetlenýär. Müşderilere olaryň göçürmeleri berilmeýän şahsy hasaplar bir nusgalykda çap edilýär. Karz boýunça geçirilen pul möçberleri boýunça şahsy hasaplardan göçürmeleriň ýanyna hasap boýunça ýazgylar haýsy resminamalaryň esasynda geçirilen bolsa, şol resminamalar (olaryň nusgasy) goşulýar.

Bankda analitik hasaba alşy guramak analitik hasaba alşyň şahsy hasaplaryny alyp barmak bilen bir hatarda birinji, ikinji tertibiň hasaplary boýunça, tarapy, balans we balansdan daşary hasaplar boýunça her gün galyndylar wedomostlaryny we ýerleşdirilen (çekilen) serişdeleriň galyndylar wedomostyny düzmegi öz içine alýar.

Her gün balans we balansdan daşary hasaplaryň esasynda banklarda dolanyşyk wedomosty we balans düzülýär hem-de olarda bir günde geçirilen ähli amallar görkezilýär. Hasaba alşy guramagyň baş talaby analtitik hasaba alşyň hasaplary boýunça görkezilen pul möçberleriniň sintetiki hasaba alşyň hasaplary boýunça görkezilen pul möçberlerine laýyk gelmegi bolup durýar. Şonuň üçin dolanyşyk wedomostyna we balansa gol çekmezden öň baş buhgalter:

– ikinji tertibiň hasaplary boýunça balansda görkezilen galyndylaryň, dolanyşyk wedomostynda görkezilen galyndylara, hasaplar boýunça galyndylar wedomostyna laýyk gelşini;

– ikunji tertibiň hasaplary boýunça hasaplar boýunça galyndylar wedomostynda görkezilen galyndylaryň ýerleşdirilen (çekilen) serişdeleriň galyndylar wedomostynda görkezilen galyndylara laýyk gelşini barlaýar.

Buhgalter hasaba alşyny alyp barmak üçin karz guramasynyň ýolbaşçysy we baş buhgalteri buhgalter gullugynyň guramaçylyk

gurluşyny düzýärler. Buhgalter gullugynyň gurluşy, tabynlyk derejesi, buhgalteriýanyň işgärleriniň anyk borçlary we olar tarapyndan hyzmat edilýän hasaplaryň paýlanyşy hasaba alyş işiniň möçberine we sanawyna baglylykda karz guramasynyň baş buhgalteri tarapyndan kesgitlenilýär.

Karz guramasynyň hasaba alyş işiniň binýadyny **amallar işi,** ýagny bankda ýerine ýetirilýän amallar boýunça resminamalary kabul etmek, resmileşdirmek, bermek we gözegçilik etmek boýunça işler düzýär, bu işler hasaba alyşda görkezilýär.

Amallar işi aşakdakylary öz içine alýar:

– kärhanalardan, guramalardan we edaralardan pul resminamalaryny kabul etmek we olaryň dogry resmileşdirilendigini barlamak;

– resminamalary buhgalter hasaba alşynda görkezmek üçin taýýarlamak;

– tölegleriň öz wagtynda we nobata laýyk geçirilişine gözegçilik etmek;

– habarçy hasaplar boýunça we şahamçara hasaplar boýunça amallary resminamalaşdyrmak;

– müşderileriň şahsy hasaplaryndan göçürmeleri taýýarlamak we bermek, olarda bir günde ýerine ýetirilen ähli amallar görkezilmedir.

Amallar işi şeýle hem hasaplaşyk, kassa we beýleki pul amallaryna we tölеglerine gözegçiligi we olaryň hasaba alnyşyny öz içine alýar.

Hasaba alyş-amallar işi guralanda aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir:

– müşderilerden, şol sanda şahamçalardan amallar wagtynda gelip gowşan resminamalar bilen ähli amallar karz guramasynyň buhgalter hasaba alşynda hasaplar boýunça şol günde görkezilmäge degişlidir;

– banka amallar wagtyndan başga wagt gelip gowşan resminamalar buhgalter hasaba alşynda hasaplar boýunça ertirki iş güni hasaba alynýar;

– hasaplaşyk we kassa resminamalarynyň tölegi günüň başynda töleýjiniň hasabynda bar bolan serişdeleriň çäklerinde we töleýjiniň

hasabyna pul serişdeleriniň gelip gowşuşy boýunça ýa-da şertnamada görkezilen owerdraftyň möçberlerinde geçirilýär;

– müşderiniň hasabynda pul serişdeleri ýetmezçilik edende hasaplaşyk we kassa resminamalarynyň tölegi kanunçylykda bellenen nobatlylyga laýyklykda amala aşyrylýar.

# XXVIII BAP. KARZ GURAMALARYNYŇ HASAPLARYNYŇ MEÝILNAMASY, ONUŇ MAKSADY, GURLUŞ ÝÖRELGELERI. HASAPLARYŇ MEÝILNAMALARYNYŇ ESASY BÖLÜMLERINIŇ HÄSIÝETNAMASY

## 28.1. Kassa amallaryny hasaba almak

**Buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynyň meýilnamalary** buhgalter hasaba alşynyň sintetiki hasaplarynyň ulgamlaşdyrylan sanawydyr.

Buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynyň meýilnamalarynda baplar, bölümler, bölümçeler, birinji tertibiň hasaby, ikinji tertibiň hasaby, analitik hasabyň şahsy hasaplary diýen gurluşlar kabul edilendir.

Ähli hasaplar bölümlerden durýan baplara bölünýär:

1. Balans hasaby.
2. Balansdan daşary hasaplar.

Hasaplaryň meýilnamasy birinji we ikinji tertibiň hasaplaryndan durýar. Birinji tertibiň hasaplarynyň iki belgisi bardyr. Ikinji tertibiň hasaplarynyň bäş belgisi bolup, birinji tertibiň hasabynyň yzyna üç belgili sany goşmak ýoly bilen birinji tertibiň hasaplaryndan emele getirilýär. Şonuň üçin belginiň ady birinji tertibiň hasabynyň görkezilmegini göz öňünde tutýar. Mysal üçin, 760 «Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň bir ýyla çenli möhletli goýumlary» we ikinji tertibiň hasabynyň esasynda onuň aýdyňlaşdyrylmasy we jikme-jikleşdirilmegi 761 «Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň bir ýyldan köp möhletli goýumlary».

Hasabat, esasan, ikinji tertibiň hasabynyň esasynda düzülýär.

Hasaplaryň meýilnamasynyň ähli balans hasaplary *passiw* we *aktiw* hasaplara bölünýär. **Passiw hasaplarda** hususy we çekilen serişdeler, **aktiw hasaplarda –** olaryň ýerleşdirilişi hasaba alynýar.

Hasaplaryň meýilnamasy ýeke-täk kadalara we ýörelgelere esaslanýar, olar halkara kadalara mümkin boldugyça ýakynlaşdyrylandyr:

– işiň üznüksizligi;
– buhgalter hasaba alşynyň kadalarynyň üýtgewsizligi;
– seresaplylyk;
– amallaryň öz wagtynda görkezilmegi;
– aktiwleriň we passiwleriň aýratyn görkezilmegi;
– girýän balansyň yzygiderliligi;
– mazmunyň görnüşden ileri tutulmagy;
– açyklyk.

Karz guramalarynyň hasaplarynyň meýilnamasy düzülende bank işiniň aýratynlygyny görkezýän binýatlyk ýörelgeleriň birnäçesi ulanylýar.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň Meýilnamasy «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Täjirçilik banklary we bank işi hakynda» we «Buhgalter hasaby hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň, banklarda buhgalter hasabynyň halkara ölçeglerini peýdalanmak bilen maliýe statistikasy boýunça halkara guramalarynyň talaplarynyň esasynda işlenilip taýýarlanyldy. Ol banklaryň hojalyk amallaryny hasaba almagyň bitewi usulyýet esasy hakynda gözükdirijidir.

**Hasaplaryň meýilnamasy buhgalter hasabynyň aşakdaky ýörelgelerine esaslanýar:**

Emlägiň, borçnamalaryň, hojalyk amallarynyň buhgalter hasaby goşalaýyn ýazgy etmek usuly bilen amala aşyrylýar.

Hojalyk amallary bellenilýan ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň maglumatlary hasaba alyş registirlerinde ýazgy geçirmek üçin esas bolup durýar. Olar hojalyk amallarynyň amala aşyrylýan pursatynda ýa-da göniden-göni ony geçirmek tamamlanandan soň düzülmelidir hem-de onda hökmany maglumatlar bolmalydyr.

Emläk, borçnamalar we hojalyk amallary buhgalter hasabynda beýan etmek üçin hereket edýän kanunlara we kadalaşdyryjy res-

minamalara laýyklykda bellenilen tertipde pul görnüşinde (manatda) nyrh kesilmäge degişlidir.

Hasabat döwürde ähli hojalyk amallarynyň buhgalter hasabynda beýan edilmeginiň dolulygy.

Emlägi, maliýe borçnamalaryny tükellemegiň we onuň netijelerini buhgalter hasabynda beýan etmegiň hökmanylygy.

Hasabat ýylynyň dowamynda hojalyk amallaryny hasaba almakda we olara baha bermekde yzygyderlilik (üýtgemezlik) ýörelgeleri nukdaý nazaryndan hasaba alyş syýasatyny berjaý etmek.

Girdejileriň we çykdajylaryň hasabat döwürlerine degişli edilmeginiň dogrulygy.

Jikme-jik hasabyň we jemlenen hasabyň maglumatlarynyň deň bolmagy.

Balansda diňe hususy emläk beýan edilmelidir, başgalara degişli bolan we hojalyk işlerinde peýdalanylýan emläk bolsa balansdan daşgary hasaplarda görkezilýär.

Mundan başga-da hasaplaryň meýilnamasy buhgalter hasabynyň halkara tejribesinde ykrar edilen aşakdaky ýorelgelerine esaslanýar:

Işjeňligiň togtadylmazlyk ýörelgesi, hasaplamak usulyny ulanmak ýörelgesi (hojalyk amallary boýunça girdejileriň we çykdajylaryň tölenilen pursatynda däl-de, olaryň ýüze çykan wagtynda hasaba alynmagy) bellenilen tertipde käbir aktiwler babatda ulanylýar, birnäçe aktiwlere nyrh kesilende hakykat nukdaý nazaryndan bazar nyrhynyň ulanylmak usuly, seresaplylyk ýörelgesi (eserdeňlik, oýlanyşyklylyk) – bu ýörelge aktiwler boýunça ýitgileri ýapmak üçin ýörite ätiýaçlyk gorlar döredilende ýüze çykýär, maglumatlaryň mazmunynyň onuň görnüşlerinde ileri tutulmagynyň ýörelgesi we başgalar.

**Hasaplaryň meýilnamasynyň gurluşynyň şu binýatlaýyn ýörelgelerine üns bermek gerek:**

**1.** Buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy aşakdaky dört sany esasy topara bölünendir:

– bankyň aktiw amallary tölege ukyplylygyň we bank amaly hökmünde ähmiýetiniň peselmegine görä hojalyk amallary 15 bölümden ybaratdyr;

– bankyň passiw amallary ol ýa-da başga bir bank amalynyň esasy çeşmesi hökmünde ähmiýetli boluşyna görä hojalyk amallarynyň emele gelmeginiň çeşmeleri 11 bölümden ybaratdyr;

– hasaplaşyklardaky serişdeler ýa-da bankyň aktiw-passiw amallary bir bölümden ybarat. Onda birnäçe hojalyk amallary bolup, wagtlaýyn zerurlyk ýüze çykandygy sebäpli olar hasaplaryň köne meýilnamasyndan geçýär;

– passiw hususy maýa   maýalyk goryň, goşmaça we ätiýaçlyk gaznalaryň, şeýle hem paýlanylmadyk peýdanyň hasaby ýöredilýän bir bölümden ybaratdyr.

**2.** Buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy birinji tertipdäki 99 hasapdan ybarat bolup, olaryň her birinde ikinji tertibe degişli dokuz hasap bolup biler. Olar diňe Türkmenistanyň Merkezi bankynyň rugsat bermegi bilen zerurlyga görä açylýar. Birinji tertibiň hasaplary hojalyk amallarynyň ykdysady mazmunynyň birmeňzeşliginiň alamatlary boýunça maglumatlary toparlara bölýär, ikinji tertibiň hasaplara bolsa her bir hojalyk amalyny aýratynlykda beýan edýar. Öz alamatlary boýunça hasaplaşyk aktiw, passiw we aktiw-passiw bolup bilerler.

Mundan başga-da, buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy balansdan daşary hasaplaryň 10 bölüminde ybaratdyr. Olar hojalyk işleriniň doly beýan edilmeginiň ýörelgelerini ýerine ýetirmek üçin hyzmat edýärler we hereket edýän kanunlara we kadalaşdyryjy namalara laýyklykda buhgalter hasabynyň ol ýa-da beýleki talaplary boýunça balans hasaplarda görkezilmeýän hojalyk amallaryny özünde jemleýärler.

**3.** Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyny gollanmak boýunça esasy talaplar, aşakdakylardan ybaratdyr:

– buhgalter hasabynyň hasaplarynyň Meýilnamasynda hojalyk amallarynyň görkezilmegi milli pulda alnyp barylýar. Diňe daşary ýurt pulundaky amallar görkezilen hasaplaryň toparynda jikme-jik hasaby daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça alnyp barylýar.

– daşary yurt pulunda geçirilýän amallary hasaba almaga niýetlenilen hasaplar diňe birinji tertibiň hasaplarynyň ady we olary ulanmak boýunça görkezmeler bilen kesgitlenilýär. Bu hasaplar başga alamatlar boýunça kesgitlenilmeýär;

– «Walýuta kadalaşdyrylyşy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy nama-

laryna laýyklykda resident däl diýlip ykrar edilen hojalyk birliklerine diňe adynda daşary ýurt kärhanalaryna we guramalaryna (karz edaralaryna) ýa-da Türkmenistanyň rezidenti dällere degişlidigi görkezilýän hasaplarda açmaklyga rugsat edilýär.

– hasaplaryň meýilnamasyndaky «bellikler» diýen meýdançadaky «TB» ýa-da «TMB» diýen belgiler bu hasaplaryň Täjirçilik bankynyň (TB) ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň (TMB) balansynda açylýandygyny kesgitleýär;

– aktiw hasaplar boýunça kredit we passiw hasaplar boýunça debet galynda ýol bermeklik gadagan edilýär.

Hasaplar ykdysady taýdan birmeňzeş alamatlar, likwidlilik we möhletlilik boýunça ýedi topara bölünýär. Hasaba alynýan obýektleriň ykdysady aýratynlyklary bölümler boýunça hasaplaryň toparlara bölünmeginiň esasy bolup durýar. Her bölümde emlägiň, borçnamalaryň we hojalyk amallarynyň birmeňzeş aşakdaky görnüşleri görkezilýär:

1. Maýa we gaznalar.
2. Pul serişdeleri we gymmatly metallar.
3. Bankara amallar.
4. Müşderiler bilen amallar.
5. Gymmatly kagyzlar bilen amallar.
6. Serişdeler we emläkler.
7. Işiň netijeleri.

Ikinji tertibiň ähli balans hasaplary diňe aktiw hökmünde ýa-da diňe passiw hökmünde kesgitlenendir.

Debet we kredit galyndylary (saldo) ýüze çykyp biljek amallary görkezmek üçin jübüt hasaplar girizilýär. Açyk jübüt hasabyň diňe bir şahsy hasabynda, aktiwde ýa-da passiwde galyndynyň bolmagyna ýol berilýär. Hasabyň häsiýetine laýyk bolmadyk galyndy ýüze çykanda buhgalterlik düzediş geçirmeleri geçirilmelidir, olar geçirilen amalyň häsiýetini görkezmelidir.

Karz guramasynda sintetiki hasaplarda emlägi, borçnamalary hasaba almak we hojalyk amallaryny görkezmek diňe milli pulda alnyp barylýar. Buhgalter hasaba alşynyň hasaplarynyň meýilnamasynda daşary ýurt pullary bilen amallary hasaba almak boýunça ýörite

bölüm ýokdur. Daşary ýurt pulundaky amallary hasaba almak milli puldaky amallaryň hasaba alnyýan, ikinji tertibiň hasaplarynda, degişli pullarda aýratyn şahsy hasaplary açmak bilen alnyp barylýar.

Karz guramasynyň hasaplarynyň meýilnamasynyň gurluşy müşderileriň (hojalyk subýektleriniň) tipleri boýunça we müşderileriň dürli amallary boýunça hasaba alşy alyp barmaga we olar boýunça maglumatlary emele getirmäge mümkinçilik berýär.

Müşderiler toparlara bölünende eýeçiligiň guramaçylyk-hukuk görnüşi, işiň görnüşi we dahyllylygy hasaba alnyýar. Hasaba almak maksady bilen «dahylsyz» we «dahylly» düşünjeleri walýuta kanunçylygyna laýyk gelýär. Dahylsyzlaryň amallaryny hasaba almak üçin hasaplaryň meýilnamasynda hasaplar aýratyn görkezilýär, olaryň atlarynda «dahylsyz» kesgitlemesi bardyr. Beýleki ähli hasaplar diňe dahyllylaryň amallaryny hasaba almak üçin peýdalanylýar.

Karz guramalarynda hasaba alyş-amallar işiniň möhüm ugurlarynyň biri hem kassa amallaryny geçirmek we hasaba almak bolup durýar. Olar „Karz guramalarynda kassa amallaryny geçirmegiň tertibi hakynda» düzgünnama bilen düzgünleşdirilýär.

Müşderilere kassa hyzmatyny etmek we nagt pullar we beýleki gymmatlyklar bilen amallary geçirmek üçin karz guramalarynda kassa merkezi döredilýär. Ol girdeji, çykdajy we girdeji-çykdajy kassalarynyň, gaýtadan hasaplamalar kassalarynyň we agşamky kassalaryň ýörite enjamlaşdyrylan we tehniki taýdan berkidilen jaýlaryny öz içine alýar.

Karz guramalarynda nagt pullaryň hakyky galyndysy amallar gününiň ahyrynda pul serişdeleriniň galyndysynyň ýol berilýän iň pes möçberinden (limitden) az bolmaly däldir. Ol karz guramasynyň kassalarynyň üstünden geçýän pul serişdeleriniň dolanyşygyndan ugur almak bilen, karz guramasy tarapyndan özbaşdak bellenýär we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat dolandyrmasy bilen bilen ylalaşylýar.

Kassanyň netijenamasynyň jemleri boýunça amallar kassasynda nagt pul serişdeleriniň hakyky galyndysynyň galyndynyň ýol berilýän iň pes derejesine laýyk gelýändigine gözegçilik edilýär. Kassadaky nagt pul serişdesiniň galyndysy amallar kassasynyň limitinden pes

bolsa oňa goşmaça serişdeler berilmelidir. Amallar kassasyna goşmaça serişge bermek üçin nagt pullary karz guramasy özüniň habarçy hasabyndan alýar.

Edara görnüşli tarap bolan müşderilerden nagt pullary kassa kabul etmek nagt pullary geçirmek baradaky bildiriş boýunça amala aşyrylýar (0402001 görnüş). Müşderiler nagt pullary diňe özleriniň karz guramasyndaky hasabyna geçirip bilerler.

Buhgalter hasaba alşynda amallar gününiň dowamynda geçirilen nagt pullary müşderiniň hasabyna ýazmak şol iş gününde aşakdaky geçirmeler arkaly resmileşdirilýär:

Dt-011 ***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassa-lary».***

Kt-694 ***«Edara görnüşindäki taraplary döretmeýän ýeke-bara telekeçileriň hasaplary»*** – geçirilen pul serişdeleriniň möçberinde.

Müşderilere hyzmat etmek we nagt pully torbalary (sumkalary) kabul etmek amallardan soň, agşamky kassada geçirilip bilner. Agşamky kassanyň işgärleri tarapyndan nagt pullary we beýleki gymmatlyklary torbalarda kabul etmek torbalara degişli ýazgylaryň esasynda düzülen girdeji kassa orderleri boýunça amala aşyrylýar. Müşderilerden gelip gowşan pul serişdeleri ertesi güni irden olaryň hasabyna ýazylýar.

Edara görnüşli tarap bolan müşderilere olaryň hasaplaşyk (gündelik) hasaplaryndan nagt pullary bermek müşderilere olaryň ýüztutmalaryna laýyklykda berilýän çek depderçelerinden alnan pul çekleri boýunça geçirilýär. Bir amallar gününiň dowamynda müşderiniň hasaplaşyk hasabyndan tölenip biljek pul çekleriniň möçberi çäklendirilmeýär.

Bankyň kassasyndan berlen nagt pullaryň möçberi hasaba alyşda aşakdaky geçirmeler bilen görkezilýär:

1. Býujet edaralary üçin:

Dt-571***«Ýerli býujetiň serişdeleri».***

Kt-011***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary»*** – geçirilen pul serişdeleriniň möçberinde.

2. Telekeçiler üçin:

Dt-694 ***«Edara görnüşindäki taraplary döretmeýän ýekebara telekeçileriň hasaplary».***

Kt-011*«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary»*– geçirilen pul serişdeleriniň möçberinde.

Kassa hyzmaty guralanda müşderiniň birwagtda pul çekini bermegi we nagt pul geçirmek barada bildiriş bermegi bilen bagly amallaryň geçirilmegine ýol berilmeli däldir.

## 28.2. Müşderileriň amallary boýunça nagt däl hasaplaşyklary hasaba almak

Mälim bolşy ýaly, bankyň möhüm wezipeleriniň biri hem müşderileriň we özüniň nagt däl hasaplaşyklaryny amala aşyrmak bolup durýar. Nagt däl hasaplaşyklar bankyň Merkezi bankyň hasaplaşyk ulgamynyň birligindäki habarçy hasabynyň ýa-da beýleki banklar bilen göni habarçy gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly açylan habarçy hasaplarynyň (LORO we NOSTRO hasaplary) üstünden müşderileriň hasaplary boýunça geçirilýär.

Hasaplaşyk-kassa hyzmaty edilýän hasaby açmak üçin müşderi karz guramasynyň hukuk gullugyna zerur bolan resminamalary berýär. Olar barlanandan we bank hasaby şertnamasy baglaşylandan soň buhgalteriýa şahsy  hasaby açýar.

Pul serişdelerini hasapdan öçürmek (almak) hasapda bar bolan pul serişdeleriniň çäklerinde hasaplaşyk resminamalarynyň esasynda geçirilýär. Şonuň bilen birlikde karz guramalary bilen olaryň müşderileriniň arasynda baglaşylýan şertnamalarda hasaplaşyk reçminamalarynyň olaryň hasaplarynda bar bolan serişdelerden artyk bolan tölegini geçirmek göz öňünde tutulyp bilner. Bu ýagdaýda müşderiniň hasabyny owredraft karzlaşdyrmak amaly ýüze çykýar.

Tölegler:

– Merkezi bankyň hasaplaşyk ulgamynyň;

– LORO we NOSTRO habarçy hasaplarynyň (býujete we býujetden daşary gaznalara töleglerden başga);

– şahamçaara hasaplaşyklar hasabynyň üsti bilen ýerine ýetirilip bilner.

Bellenip geçilişi ýaly nagt däl hasaplaşyklar amala aşyrylanda müşderiler töleg tabşyryklaryndan, töleg talapnamalaryndan, akkreditiwlerden, çeklerden, inkasso tabşyryklaryndan peýdalanýarlar.

Hasaplaşyk resminamalaryny resmileşdirmäge aşakdaky birnäçe talaplar bildirilýär:

– hasaplaşyk resminamalary standart görnüşdäki blanklarda düzülýär we gollaryň nusgalary we oňa möhüriň şekili bolan kartoçkada görkezilen adamlar tarapyndan gol çekilýär;

– hasaplaşyk resminamalarynda düzedişlere, onuň hapalanmagyna we bozulyp düzedilmegine, düzediji jisimleriň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär;

– hasaplaşyk resminamalary olaryň ýazylyp berlen gününi goşmazdan 10 senenama gününiň dowamynda hyzmat edýän banka bermek üçin güýjüni saklaýar;

– hasaplaşyk resminamalary banka hasaplaşyklara gatnaşyjylaryň ählisi üçin zerur bolan möçberde berilýär. Ähli nusgalar birmeňzeş doldurylan bolmalydyr.

Hasaplaşyk resminamalary bank tarapyndan olaryň möçberine we töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň bardygyna garamazdan kabul edilýär. Bellenen talaplar bozulyp resmileşdirilen hasaplaşyk resminamalary kabul edilmäge degişli däldir.

Müşderileriň pul serişgelerini geçirmek baradaky tabşyryklary ýerine ýetirilendäki hasaplaşyk amallaryny hasaba almak aşakdaky buhgalter geçirmeleri bilen resmileşdirilýär:

Dt-694 ***«Edara görnüşindäki taraplary döretmeýän ýekebara telekeçileriň hasaplary»*** – müşderileriň şahsy hasaplary boýunça.

Kt-590 – ***«Türkmenistanyň energetika we senagat ministirligi***».

**Bankyň goýum we karz amallaryny hasaba almak.** Goýum we karz amallary karz guramalarynyň işinde esas goýujy amallardyr. Goýumlar we karzlar görnüşinde pul serişdeleri ýerleşdirilende aktiw balans hasaplarynda hasaba almak boýunça amallar ýerine ýetirilýär. Depozitlere, goýumlara çekilen serişdeler we çekilen karzlar passiw balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Karz amallaryny hasaba almak we karzlar, karza we oňa deňleşdirilen bergiler boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk serişdelerini emele getirmek Merkezi bankyň düzgünnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Müşderilere berlen karzlary hasaba almak 130-214 balans hasaplarynda alnyp barylýar. Mysal üçin, döwletiňki däl täjirçilik gura-

malaryna berlen karzlar 230-237 hasaplarda görkezilýär, möhletine baglylykda bolsa karzlar ikinji tertibiň hasaplary boýunça paýlanýar.

Karzlar pul serişdelerini bir gezekde geçirmek ýa-da karz liniýasyny açmak arkaly berlip bilner.

**Sarp ediş karzy berlende** hasaba alyşda aşakdaky buhgalter geçirmeleri resmileşdirilýär.

Raýatlar üçin:

Dt-245 ***«Raýatlaryň sarp ediş maksatly karzlary»*** – karzyň şahsy hasaby boýunça.

Kt-011 ***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary»*** – müşderiniň şahsy hasaby boýunça 3000 manat nagt görnüşinde karz berip bilner.

Telekeçiler üçin:

Dt-244 ***«Edara görnüşdäki tarapy döretmeýän ýekebara telekeçileriň hasaplary»*** – şahsy hasaby boýunça (gysga möhletli 1 ýyla çenli).

Kt-641 ***«Türkmenbirleşik»*** – karz beriji bankyň hasabyndan serişdeleri almak.

Müşderi karz guramasy bolup duran bolsa:

Dt - 231 ***«Eýeçiligiň hususy görnüşiniň kärhanalary»*** – şahsy hasaby boýunça.

Kt–640 ***«Türkmenistanyň söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi».***

Karz liniýasyny açmak arkaly karzlaşdyrylanda täzelenýän we täzelenmeýän liniýalar bolup biler.

**Täzelenmeýän karz liniýasy** karz bermek baradaky şertnama boýunça açylýar. Şunda „berilmeli limit» bellenýär we karz alan müşderä tranş görnüşinde berilýän pul möçberiniň umumy möçberi şol limitden artyk bolup bilmez.

**Täzelenýän karz liniýasy** açylanda pul serişdelerini bermek baradaky şertnamada «berginiň limiti» ýa-da «owerdraft» kesgitlenýär we karz boýunça müşderiniň birwagtdaky bergisi şol limitden geçmeli däldir.

Bankda müşderilere açylan karz liniýalaryny hasaba almak balansdan daşary hasaba alyş hasaplarynda şeýle resmileşdirilýär:

9820 «Karzlary bermek üçin açylan karz ugurlary» we «Owerdraft» görnüşinde we «bergileriň limitiniň hasabyna» karz bermek boýunça peýdalanylmadyk limitler.

Bank tarapyndan müşderä karz liniýasynyň açylmagy hasaba alyşda aşakdaky geçirmeler bilen resmileşdirilýär:

Dt – 114 ***«Bir bankyň edaralaryna berlen karzlar»***

Kt – 785 ***«Bir bankyň edarasyndan alnan karzlar»***

Karz hakykatdan tranş edilende (bir bölegi berlende) balans hasaplarynda hasaba almak bilen birwagtda açyk liniýalaryň hasaplardaky galyndylaryny azaldýarlar.

Esasy bergini borçnamalary bozmazdan (möhleti gelende) üzmek aşakdaky tertipde geçirilýär:

1) nagt görnüşinde

Dt-011 -telekeçi Dt-011

Kt-244 Kt-245-raýat

müşderiniň töleg tabşyrygy boýunça karz alan müşderiniň bank hasabyndan pul serişdelerini almak;

2) karz beriji bankyň töleg tabşyrygynyň esasynda pul serişdelerine başga hasap geçirmek.

Karzy üzmegiň hasabyna gelip gowşan serişdeleriň möçberine görä buhgalter geçirmesi geçirilýär (eger müşderiniň bankda hasaby bar bolsa):

Dt – 231 ***«Eýeçiligiň hususy görnüşiniň kärhanalary»***

Kt – 620 ***«Dokma senagaty ministrligi»***

**Bankara ýerleşdirilen gysga möhletli karzlar we depozitler** 110-njy hasapdan 126-njy hasaplara çenli bolan hasaplarda hasaba alynýar we karzyň möhletine görä ikinji tertibiň hasaplary boýunça görkezilýär. Hasaba almak edara görnüşli tarap bolan müşderilere berlen karzlaryň hasaba alnyşy ýaly alnyp barylýar.

Berlen ähli karzlar boýunça göterimler hasaplanyp ýazylýar we buhgalter hasaba alşynda görkezilýär.

Karzyň peýdalanylandygy üçin göterimler Merkezi bankyň düzgünnamasyna laýyklykda hasaplanyp ýazylýar.

Hasaplanyp ýazylýan göterimler bankyň buhgalter hasaba alşynda aýda bir gezekden seýrek bolmadyk döwürde we hasabat aýynyň iň soňky iş gününden gijä galman görkezilýär.

21 Sargyt № 2031 

Çekilen serişdeler boýunça hasaplanyp ýazylan göterimleri bankyň girdejilerine degişli etmek boýunça amallaryň buhgalter hasaba alnyşy **kassa usuly** ýa-da **hasaplap ýazma usuly** bilen amala aşyrylyp bilner.

Häzirki wagtda «kassa» usuly peýdalanylýar. Bu usul boýunça karz beriji bank tarapyndan ýerleşdirilen pul serişdeleri boýunça hasaplanyp ýazylan göterimleri onuň girdejilerine degişli etmek olaryň alnan senesindäki ýagdaýa gorä geçirilýär.

Müşderilere berlen karzlar boýunça göterimleri hasaplap ýazmak hasabat aýynyň 21-ine geçirilýär. Şunda aşakdaky geçirmeler ýerine ýetirilýär:

Dt-011 ***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary»***

Kt-870 «***„Amaly we dürli girdejiler»***

Eger göterimler wagtynda tölenmese, onda aşakdaky amal geçirilýär:

Dt-326 **«Şahsy adamlara berlen karzlar boýunça möhleti geçen göterimler»**

Kt-880 **«Geljekki döwürleriň girdejileri»**

Möhleti geçen göterim tölegi nagt görnüşinde gelende, onda aşakdaky amal geçirilýär:

Dt – 011 ***«Täjirçilik bankların amallaryny geçirýän kassalary»***

Kt – 326 ***«Şahsy adamlara berlen karzlar boýunça möhleti geçen göterimler»***

2) Dt – 880 **«Geljekki döwürleriň girdejileri»**

Kt – 870 ***«Amaly we dürli girdejiler».***

Gelip gowşan göterimleriň pul möçberleri şol bir wagtda bankyň girdejilerine degişli edilýär.

Yzyna gaýtarylmagyny kepillendirmek we mümkin bolan ýitgiler töwekgelçiligini peseltmek üçin, banklar berlen karzlar boýunça girew alynmagyny göz öňünde tutýarlar we karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin aşakdaky ätiýaçlyk serişdelerini emele getirýärler:

Dt-450 ***«Amaly we dürli çykdajylar»***

Kt-860 ***«Karzlar boýunça bolup biläýjek ýitgileriň ätiýäçlyk gory»***

**Girew alynmagy** kepillendirmegiň, üçünji tarapyň zamunlyklarynyň, gymmatly kagyzlaryň ýa-da başga bir emlägiň girewiniň

karzy yzyna gaýtarmak boýunça üpjünçilik bolup hyzmat edýändigine garamazdan balansdan daşary hasapda hasaba alynýar.

Berlen karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk serişdeleri döretmek Merkezi bankyň düzgünnamasynda göz öňünde tutulandyr. Berlen karz toparlara bölünende ol hiliň ýokary derejesine degişli edilen bolsa (standart karzlar), onda ätiýaçlyk serişde döredilmeýär we buhgalter hasaba alşynda hiç hili geçirmeler ýerine ýetirilmeýär. Eger karz hiliň 2-5 derejelerine degişli edilen bolsa, onda ätiýaçlyk serişdesi hasaplanylýan we ol hasapda görkezilýär. Döredilen ätiýaçlyk serişde buhgalter hasaba alşynda berlen karz boýunça müşderiniň hasabyna laýyk gelýän passiw balans hasaplarynda görkezilýär. Mysal üçin, täjirçilik guramasynyň müşderisine berlen karz boýunça ätiýaçlyk serişde 860 hasapda hasaba alynýar.

Karz alyjynyň maliýe ýagdaýy üýtgände ýa-da karza hyzmat edilişi ýaramazlaşanda, şeýle hem karz alyjynyň töwekgelçilikleri barada maglumatlar bolanda, karz guramasy karzy klassifikasiýadan çykarmaga we ätiýaçlyk serişdäniň möçberini artdyrmaga borçludyr.

Berlen karz boýunça berginiň möçberi yzyna gaýtarylanda aşakdaky karz boýunça döredilen ätiýaçlyk serişdesi bankyň girdejilerine goşulmaga degişlidir.

Dt-860 ***«Karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýäçlyk gory»***
Kt-985 ***«Hasabat ýylynyň peýdalary»***

**Möhleti geçirilen göterimleri we karzlary hasaba almak.** Karz alan müşderi tarapyndan şertnamada görkezilen möhletde göterimleri tölemek boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda şertnama boýunça göterimleriň tölenmeli iş gününiň ahyrynda göterimler boýunça möhleti geçirilen bergi bank tarapyndan möhleti geçirilen göterimleri hasaba almak boýunça balans hasaba geçirilmelidir (324,325,326,327).

Möhleti geçirilen göterimler, eger esasy karz möçberi boýunça bergi nobatdaky toparlara bölünende hiliň 2-nji toparyna ýa-da ondan ýokary toparlaryna degişli edilse, onda: 1) karz alan müşderi tarapyndan üzülip bilner ýa-da 2) balansdan öçürilip we alynmadyk göterimleri hasaba almak boýunça balansdan daşary hasaba geçirilip bilner.

**Müşderiniň möhleti geçirilen karzlaryny hasaba almak.** Karz şertnamasy boýunça esasy karzyň bergisi bellenen möhletde üzülmedik ýagdaýynda, onda berginiň üzülmeli senesi bolan iş gününiň ahyrynda ol möhleti geçirilen karzlaryň hasaba alynýan hasabyna geçirilýär.

Müşderilere berlen karzlar boýunça möhleti geçirilen bergi 320-nji balans hasabynda, şahsy adamlara berlen karzlar boýunça möhleti geçen bergi 322-nji balans hasabynda hasaba alynýar. Mysal üçin, buhgalter hasaba alşynda karzyny edara görnüşli tarap bolan müşderileriň möhleti geçirilen karzlaryny hasaba almak boýunça hasaba ýazmak aşakdaky geçirme bilen resmileşdirilýär:

Dt – 320 ***«Türkmenistanyň kärhanalaryna we guramalaryna karz boýunça möhleti geçen bergi».***

Kt – 190 ***«Türkmenistanyň söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi».***

Balans hasabynda möhleti geçirilen bergi karz alyjy müşderi tarapyndan üzülýänçä ýa-da döredilen ätiýaçlyk serişdesiniň hasabyna ýa-da başga bir çeşmäniň hasabyna bankyň balansyndan öçürilýänçä hasaba alynýar. Balans hasaplardan hasapdan öçürilen karzlar degişli balansdan daşary hasaplarda hasaba alynýar.

**Çekilen goýumlary we karzlary hasaba almak.** Banklar tarapyndan pul serişdelerini çekmek boýunça amallar edara görnüşli tarap bolan müşderileriň goýumlary, şahsy tarap bolan müşderileriň goýumlary we bankara karzlar we depozitler görnüşinde hasaba alynýar.

Goýuma ýa-da depozite pul serişdeleri gelip gowşanda goýumçy bilen şertnama baglaşylýar. Şahsy tarap bolan goýumça goýum kitapçasy berilýär, onda bank we goýumyň ýagdaýy barada maglumat bolýar. Her bir goýumça goýumyň her bir görnüşi üçin aýratyn şahsy hasap açylýar. Şahsy taraplaryň goýumlaryny hasaba almak 760 «Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň bir ýyla çenli möhletli goýumlary we depozitleri» we 761 «Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň bir ýyldan köp möhletli goýumlary we depozitleri» passiw hasaplarda alnyp barylýar. Bu hasaplar boýunça çekilen pul serişdeleriniň möhletlerine görä, ikinji tertibiň balans hasaplarynda alnyp barylýar.

Şahsy tarapdan depozit hasaplaryna pul serişdeleriniň nagt geçirilmegi aşakdaky buhgalter geçirmesi bilen resmileşdirilýär:

Dt-011 ***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary».***
Kt-760 ***«Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň 1 ýyla çenli möhletli goýumlary we depozitleri.»***

Depozitiň pul möçberleriniň nagt yzyna gaýtarylmagy tersine geçirme bilen resmileşdirilýär:

Dt-760 ***«Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň 1 ýyla çenli möhletli goýumlary we depozitleri.»***
Kt-011 ***«Täjirçilik banklarynyň amallaryny geçirýän kassalary.»***

Goýum yzyna gaýtarylanda şu pursada çenli hasaplanyp ýazylan ähli göterimler tölenýär. Göterimleriň möçberi we olary hasaplap ýazmagyň tertibi şertnamada degişli goýum boýunça kesgitlenýär.

Bankara gysga möhletli karzlar depozitler çekilende karz alan bankda hasaba alyş 110-njy hasapdan 112-nji hasap aralygyndaky aktiw hasaplarda alnyp barylýar.

Mysal üçin, bank tarapyndan alnan bankara karz aşakdaky geçirme bilen resmileşdirilýär:

Dt-110 ***«Merkezi bank tarapyndan Türkmenistanyň rezidentleri bolan beýleki banklara berilýän gysga möhletli karzlar.»***
Kt-781 ***«Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alnan gysga möhletli karzlar.»***

Çekilen gysga möhletli karzlar we depozitler boýunça bank göterimleri baglaşylan şertnama laýyklykda hasaplap ýazýar we töleýär.

Bankara karzlary üzülende pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylmagy hasaba alyşda aşakdaky göçürme berilýär.

Dt-781 ***«Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alnan gysga möhletli karzlar.»***
Kt-110 ***«Merkezi bank tarapyndan Türkmenistanyň rezidentleri bolan beýleki banklara berilýän gysga möhletli karzlar.»***

**Soraglar**

1. Bankda hasaba alyş-amallar işi nähili guralýar we onuň esasy wezipeleri nämeden ybarat?
2. Şahsy hasaplara atlar we belgiler nähili berilýär?
3. Bankda hasaba alyş-amallar işi guralanda haýsy talaplar berjaý edilmeli?
4. Hasaplaryň meýilnamasy näme we karz guramasynda onuň nähili gurluşy bar?

5. Karz guramalarynyň hasaplarynyň meýilnamasyny gurmagyň esasy ýörelgeleri nämeden ybarat?
6. Kassa boýunça girdeji we çykdajy amallary nähili hasaba alynýar?
7. Karz liniýalary haýsy hasaplarda hasaba alynýar?
8. Karzlary bermegiň usullary we bankyň müşderilerine beren karzlaryny hasaba almagyň tertibi barada näme bilýärsiňiz?
9. Çekilen depozitler we karzlar karz alan bankda nähili hasaba alynýar?

# XXIX BAP. BANK MENEJMENTINIŇ ESASLARY

## 29.1. Bank menejmentiniň esaslary

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde islendik täjirçilik bankynyň işi dolandyryşyň ýokary derejesini talap edýär. Ýokary hilli dolandyryş bolmasa kärhananyň öňünde goýlan maksatlara ýetmek we onuň bäsleşige ukyplylygyny we işiniň netijeliligini üpjün etmek mümkin däldir.

*Menejment* adalgasy (iňlisçe *management* – dolandyrma, edara etme, gurama) dürli hili kesgitlenilýär. Edabiýatlaryň birnäçesinde ol «Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanany dolandyrmak» diýip gysgaça häsiýetlendirilýär, beýleki bir işlerde bolsa «Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçiligi dolandyrmaga degişli düşünjeleriň, ýörelgeleriň, serişdeleriň we görnüşleriň jemi» hökmünde has giňişleýin düşündirilýär. Ikinji kesgitleme «menejment» düşünjesiniň mazmunyny has takyk açyp görkezýär, çünki ylmy esasy öz içine alýar. Hakykatdan hem çalt üýtgeýän bazar şertleri ýagdaýynda kärhanany dolandyrmak dolandyrylýan predmet we daşky gurşaw barada çuň ylmy bilimlere esaslanmalydyr. Şonuň üçin menejmente degişli obýekte dolandyryş ylmy we tejribesi hökmünde seredilmelidir.

Ylym hökmünde menejment işiň belli bir ugurlaryny dolandyrmagyň nazaryýet we usulyýet esaslaryny görkezýär. Iş ýüzünde ol kärhananyň guramaçylyk we dolandyryş ulgamyndan ybaratdyr.

Ulgam hökmünde bank menejmenti aşakdaky elementleri içine alýar: obýekt, subýekt, gurallar, iş düzgünleri, hukuk üpjünçiligi.

*Dolandyryş obýekti* aşakdakylardan ybaratdyr:

– bank tarapyndan amala aşyrylýan amallar (aktiw, passiw we balansdan daşary) netijesinde maksatlara ýetilýär we wezipeler amal edilýär;

– işiň bu maksatlary we wezipeleri görkezýän netijeleri;

– bankyň öz wezipeleriniň ýerine ýeririlmegini amala aşyrýan işgärler.

Soňky ýyllarda bank işiniň çylşyrymlaşmagy we bank ulgamynda bäsleşigiň güýçlenmegi bilen dolandyryş obýekti bankyň işiniň hil taraplaryny has giň derejede öz içine alyp başlady. Bu diňe bir aktiwleriň we passiwleriň möçberleriniň dolandyrylmagyny däl, eýsem olaryň hiliniň, ýagny töwekgelçiligiň, likwidliligiň we peýdalylygynyň dolandyrylmagyny aňladýar.

Bank töwekgelçiligini dolandyrmak bank menejmentiniň özbaşdak ugruna öwrülýär.

Banky dolandyrmagyň *subýektlerini* daşarky we içerki subýektlere bölüp bolar.

Daşarky subýektlere kanunçylyk edarasy hökmünde döwlet we gözegçilik edarasy hökmünde Merkezi bank degişlidir. Olar tarapyndan bank ulgamyny we anyk banklary dolandyrmak bank işini düzgünleşgirýän kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalary kabul etmek arkaly amala aşyrylar. Hukuk taýdan düzgünleşdirilmegine, gözegçilige syrykdyrylýan bu hili dolandyryşyň maksady bank ulgamynyň durnuklylygyny, jemgyýetiň oňa bolan ynamyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Bu dolandyryş öz işiniň barşynda bank tarapyndan özbaşdak çözgütleriň kabul edilmegine degişli däldir. Bu wezipeleri banky dolandyrmagyň içerki edaralary, ýagny bankyň dolandyryjylar geňeşi we bankyň ýerine ýetiriji ýolbaşçylygy (menejmenti) çözýär.

Bankyň menejmenti ýokary ýerine ýetiriji edarany (bankyň müdiriýeti), funksional we dolandyryş birlikleriniň, şeýle hem komitetleriň (Karz komiteti, Gaznaçylyk, Içerki gözegçilik gullugy, Karz müdirligi we ş.m.) ýolbaşçylaryny özüne birikdirýär.

Bank dolandyryşynyň ähli içerki edaralarynyň işi degişli görnüşde tassyklanýan ýörite kadalaşdyryjy resminamalar bilen düzgünleşdirilýär.

*Dolandyryş gurallary* umumybank gurallaryna we bankyň işiniň anyk ugurlaryna degişli gurallara bölünýär. Olar bank işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy resminamalaryň, kadalaryň, standartlaryň, normatiwleriň (koeffisiýentleriň) jemini kesgitleýär.

*Umumybank gurallaryna* bank syýasaty, düzgünnamalar, görkezijiler, reglamentler, usulyýetler we ş.m. degişlidir.

*Aýratyn gurallara* limitler, karzlaşdyrma, açyk walýuta pozisiýalarynyň limitleri, likwidlilik normatiwleri we ş.m. degişlidir.

Gurallaryň her birini peýdalanmak degişli *iş düzgünlerini,* ýagny belli bir hereketleri ulanmak bilen bilelikde alyp barylýar. Gural hökmünde bank syýasaty bankda emele gelen ýagdaýy we müşderileriň isleglerini öwrenmek, banky ösdürmegiň maksatlaryny we wezipelerini goýmak, bu maksatlara ýetmek we wezipeleri amal etmek boýunça her birlik tarapyndan teklipleri işläp taýýarlamak, hödürlenen teklipleri ara alyp maslahatlaşmak we utgaşdyrmak, çözgütleri kabul etmek ýaly iş düzgünleriniň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Bank menejmentiniň düzüm bölekleriniň biri hökmünde *hukuk taýdan üpjünçilik* banky dolandyryş işiniň hukuk esasyny kesgitleýär.

Töwekgelçiligiň ýokary derejesi bank işiniň tapawutly aýratynlygy bolup durýar. Bank serişdelerini emele getirmek we olary ýerleşdirmek makroykdysady häsiýetli köp sanly faktorlara, ýurtda syýasy we ykdysady durnuklylyga, hümmetsizlenmäniň derejesine, karz berijileriň we maýa goýumçylaryň bank ulgamyna bolan ynamyna, gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşine we durnuklylygyna we ş.m. baglydyr. Bu şertlerde, bankdaky pul goýumlarynyň we depozitleriň eýeleriniň bähbitlerini goramak maksady bilen, ähli ýurtlarda bank işi döwlet tarapyndan has düzgünleşdirilýän işe degişlidir. Kanunçylyk namalary we bank gözegçiligi edaralarynyň kadalaşdyryjy resminamalary bank işini merkezleşdirilen tertipde düzgünleşdirmegiň usullary bolup durýar.

Karz guramalarynyň işini düzgünleşdirýän esasy kanunçylyk namalaryna Türkmenistanyň «Merkezi banky hakynda», «Täjirçilik banklary we bank işi hakynda» kanunlar we beýleki hukuknamalar degişlidir. Bank işini düzgünleşdirýän bu kanunlar bank menejmentiniň

guralyşyna bildirilýän talaplary kesgitleýän *hukuk resminamalarynyň birinji toplumyny* emele getirýärler.

Merkezi bankyň karz guramalaryna bildirilýän kadalaryň we talaplaryň düzümini we mazmunyny kesgitleýän kadalaşdyryjy resminamalary **kadalaşdyryjy-hukuk amallarynyň ikinji toplumyny** emele getirýärler. Görkezilen kadalar arkaly karz guramalary tarapyndan kabul edilýän töwekgelçilikleriň aňryçäk ululyklary, olaryň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny üpjün edýän ätiýaçlyk serişdeleriniň derejesi we düzümi düzgünleşdirilýär. Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynda karz guramalaryny hasaba almagyň we ygtyýarlylylandyrmagyň, buhgalter hasaba alşyny we hasabatlylygy guramaga, karz amallaryny, nagt däl hasaplaşyklary we ş.m. amala aşyrmaga bildirilýän talaplar hem kesgitlenýär.

Bank menejmentiniň hukuk esasyny şertlendirýän resminamalaryň üçünji toplumyny karz guramalarynyň özleriniň kadalaşdyryjy resminamalary emele getirýärler, olaryň arasynda tutuş karz guramasynyň syýasatyny we işiň aýry-aýry ugurlary boýunça syýasatyny kesgitleýän dürli düzgünnamalar, görkezijiler, usulyýetler, meýilnama görkezijileri, aýry-aýry amallary ýerine ýetirmegiň we hyzmatlary etmegiň tertibi, seljeriş işläp taýýarlamalaryny amala aşyrmak üçin usulyýetler, bankiçi gözegçiligi geçirmegiň tertibi, karz resinamalaryna bildirilýän talaplar we beýlekiler bar.

Bank menejmentiniň hukuk esasy yzygiderli giňelýär we kämilleşýär, bu bolsa bank menejerleriniň professional derejesiniň ýokarlandyrylmagyny talap edýär.

Bank ulgamynda dolandyryş maliýe menejmentini we işgärleri dolandyrmagy içine alýar.

Bank menejmentiniň her toplumynyň birnäçe ugurlary bardyr. Bank menejmentiniň esasy ugurlary bankyň aýratyn maliýe instituty hökmündäki işiniň aýratynlygy bilen şertlendirilendir. Bu ugurlar bankyň öňünde duran umumy hem-de anyk wezipeler bilen baglydyr. Bankyň işgärlerini dolandyrmagyň esasy ugurlary adaty dolandyryş bolup, aýry-aýry ulgamlaryň mazmun tarapynyň özboluşly aýratynlygy bardyr. Bank menejmentiniň esasy ugurlary shema görnüşinde bu şekilde görkezilýär (29.1-nji tablisa).

*29.1-nji tablisa*

**Bank menejmentiniň esasy ugurlary**

| Maliýe menejmenti | Işgärleri dolandyrma |
|---|---|
| Strategik we gündelik meýilnamalaşdyrmak.<br>Marketing.<br>Aktiwleri dolandyrmak.<br>Passiwleri dolandyrmak.<br>Likwidliligi dolandyrmak.<br>Girdejiligi dolandyrmak.<br>Öz maýasyny dolandyrmak.<br>Karz bukjasyny dolandyrmak.<br>Gymmatly kagyzlar bukjasyny dolandyrmak.<br>Töwekgelçilikleri dolandyrmak.<br>Maglumat ulgamyny döretmek. | Bankyň guramaçylyk gurluşy.<br>Zähmetiň esaslandyrylyşy.<br>Işgärleri ýerli-ýerinde goýmak.<br>Işgärleri taýýarlaýyş we gaýtadan taýýarlaýyş ulgamy.<br>Zähmete hak tölemek, sylaglamak we höweslendirmek mehanizmi.<br>Içerki gözegçiligi guramak.<br>Wezipäni ýokarlandyrmak ulgamy.<br>Kollektiwde gatnaşyk etmegiň ýörelgeleri. |

Dolandyryş işi nukdaýnazaryndan maliýe menejmentiniň mazmuny meýilnamalaşdyrmakdan, seljerme geçirmekden, düzgünleşdirmekden we gözegçilikden ybaratdyr.

## 29.2. Bank menejmentinde meýilnamalaşdyrmak

Meýilnamalaşdyrmak bankyň geljegine seretmäge, çeşmelere we harajatlara baglylykda onuň işiniň maksatlaryny, ugurlaryny, gerimlerini we mümkin bolan netijelerini göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär. Meýilnamalaşdyrma işi geljege niýetlenen we gündelik meýilnamalaryň-çaklamalaryň düzülmegini içine alýar. Bu resminamalar bankyň kollektiwiniň wezipelere, olary ýerine ýetirmegiň strategiýasyna we taktikasyna umumy düşünmegini, işiň islenilýän netijeleri barada düşünje almagyny üpjün etmelidir.

Meýilnamalaşdyrmak kollektiwiň geljekde işlemeli şertlerini we çäklerini kesgitleýär. Ol jemleýji görkezijileriň üstünden zähmeti maddy taýdan höweslendiriş ulgamy arkaly bankyň işiniň ähli taraplaryny utgaşdyrmaga, olaryň ýerine ýetirilmegini kollektiwiň bähbitleri bilen baglanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Meýilnamalar

bank hyzmatlary bazarynda bäsleşik şertlerinde işiň täze jähtlerini we usullaryny gözlemegiň ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Meýilnamalaşdyrmak bankyň ähli birliklerini gurşap alýan we onuň ösüşiniň lokal (ýerli) we umumy ösüşini kesgitleýän köp derejeli işden ybaratdyr. Meýilnamalaşdyrmagyň netijesinde:

– bankyň öňünde durýan maksatlary we wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, uzak möhletli geljekde serişdeleri emele getirmäge we ýerleşdirmäge üns bermek bilen, geljege niýetlenen meýilnamalary;

– gysga möhletli geljekde bankyň işiniň anyk parametrlerini kesgitleýän we bankyň uzak möhletli maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirýän gündelik meýilnamalary (işewürlik meýilnamalary) işlenip taýýarlanylmalydyr.

Meýilnamada aşakdakylar öz beýanyny tapmalydyr:

– bankyň strategik maksatlarynyň we wezipeleriniň mazmuny;

– bankyň ýagdaýyna we umumyykdysady ýagdaýa seljerme;

– gündelik wezipeleri goýmak;

– bankyň strategiýasyny, ýagny degişli wezipeleri ýerine ýetirmäge umumy çemeleşmeleri emele getirmek;

– serişdeleri paýlamagyň mehanizmleri;

– meýilnama görkezijileriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik görnüşleri.

Tassyklanan meýilnamalary ýerine ýetirmek, bankyň işgärleriniň işine gözegçiligi amala aşyrmak üçin gurallaryň biri hem bankyň ýokary edarasy tarapyndan tassyklanýan, tutuşlygyna bankyň we işiň aýry-aýry ugurlary boýunça syýasatyny kesgitleýän ýörite resminamalar bolup durýar.

Bankyň syýasatyny kesgitleýän resminamalarda aşakdakylar görkezilmelidir:

– degişli ugry durmuşa geçirmäge gatnaşýan guramaçylyk gurluşlarynyň ýazgysy;

– bankyň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň borçlarynyň we jogapkärçiliginiň paýlanyşy;

– çözgütleri kabul etmegiň düzgünleri; töwekgelçilik limitini kesgitlemegiň usulyýeti;

– çözgütleri resminamalaşdyrmagyň we ýerine ýetirmegiň usullary;
– peýdalanylýan gurallaryň ýazgysy (olary ulanmak boýunça görkezijileri goşmak bilen);
– hasaba alyş we hasabatlylyk düzgünleri.

## 29.3. Bank menejementine seljerme

Seljerme hakyky gazanylan netijeleri çaklama görkezijileri bilen, geçen döwürleriň we iň gowy banklaryň netijeleri bilen deňeşdirmegiň esasynda bankyň tutuşlygyna we aýry-aýry ugurlar boýunça işine baha bermäge gönükdirilendir. Seljermäniň materiallary bankyň ösüşinde oňyn we ýaramaz meýilleri, ýitgileri, peýdalanylmadyk mümkinçilikleri, meýilnamalaşdyrmakdaky ýetmezçilikleri we çözgütleri kabul etmekdäki şowsuzlyklary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Bankyň jemleýji seljerme işiniň esasyny balansyň maglumatlaryna belli bir jähtden geçirilýän seljerme düzýär. Bank menejmentine seljerme geçirilende esasy ugurlar aşakdakylardan ybaratdyr:

– bankyň işiniň ösüşine (aktiwleriň, depozitleriň, öz maýasynyň, peýdanyň möçberine we ösüş depginine) baha bermek. Şunuň ýaly seljerme işiniň netijeleri anyk bir bankyň ösüş strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin peýdaly bolup biler;
– serişdeler binýadyna (möçberine, gurluşyna we olaryň ösüşinde esasy meýillere) baha bermek. Bu seljerme bankyň goýum syýasatyny, aktiwleri we passiwleri dolandyryş syýasatyny işläp taýýarlamak üçin peýdalanylýar;
– bankyň aktiwleriniň ýagdaýyna (möçberine, gurluşyna we olaryň ösüşinde esasy meýillere) baha bermek. Seljermäniň netijeleriniň esasynda bankyň karz we maýa goýum syýasaty, aktiwleri we passiwleri dolandyryş syýasaty işlenip taýýarlanýar;
– bankyň likwidliligine baha bermek, ol bankyň likwidliligi dolandyrmakdaky strategiýasyny we taktikasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär;
– bankyň girdejiligine baha bermek, ol bankyň peýdalylygy dolandyrmakdaky syýasatyny işläp taýýarlamak üçin peýdalanylýar;

– olary karzlaşdyrmagyň limitlerini bellemek maksady bilen, hyzmatdaş banklaryň işine seljerme geçirmek we baha bermek;

– bank töwekgelçiliklerine (karz, walýuta, göterim, gazna we ş.m. töwekgelçilikler) seljermek we baha bermek.

Jemleýji seljeriş işiniň sanalyp geçilen ugurlary bilen bir hatarda täjirçilik banklary bankyň işiniň aýry-aýry ugurlaryna, ýagny bankyň karz bukjasyna, gymmatly kagyzlar bukjasyna, müşderileriň karza ukyplylygyna, öz maýasynyň ýeterlikdigine, göterim maržasyna, aýry-aýry amallaryň we birlikleriň peýdalylygyna, likwidlilik görkezijilerine we ş.m. seljerme geçirýärler. Seljermeleriň materiallary bankyň işiniň dürli ugurlaryny dolandyrmakdaky syýasatyny işläp taýýarlamak üçin peýdalanylýar.

## 29.4. Bank menejmentinde düzgünleşdirmek we gözegçilik

Bank menejmenti ulgamynda düzgünleşdirmegiň täjirçilik banklarynyň işine döwlet gözegçiliginiň bardygy bilen şertlendirilen belli bir aýratynlyklary bardyr. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek banklaryň işini ygtyýarlylandyrmaga, olaryň işiniň çygyrlaryny çäklendirmäge, maýanyň ýeterlik bolmagyny üpjün etmäge, likwidliligе, hökmany ätiýaçlyk serişdelerini emele getirmäge birnäçe ýörelgeleýin talaplary göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglanyşykly, bankiçi düzgünleşdirmek işi (öz-özüňi düzgünleşdirmek), öňi bilen, Merkezi bank tarapyndan bellenen talaplaryň we normatiwleriň berjaý edilmegine gönükdirilendir.

Bank işine gözegçilik etmek daşarky we içerki gözegçilige bölünýär. Daşarky gözegçilik Merkezi bank we daşarky auditorlar tarapyndan amala aşyrylýar. Içerki gözegçilik bankyň özi tarapyndan guralýar. Bankiçi gözegçilik hem onuň menejmentiniň bir bölegi bolup durýar. Onuň wezipelerini bankyň dolandyryjylar geňeşi, ygtyýarnamalaryna laýyklykda menejerleri, şeýle hem Merkezi bankyň görkezmesine laýyklykda her bankda döredilen ýörite içerki gözegçilik gullugy ýerine ýetirýär. Bankiçi gözegçiligiň esasy maksady, olary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmek üçin, kanunçylygy, Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalaryny we bankiçi düzgünnamalary we görkezijileri

ýerine ýetirmekde gyşarmalary, bankyň işindäki ýaramaz meýilleri we ýetmezçilikleri ýüze çykarýan ulgamy döretmek ýoly bilen, maýa goýumçylaryň, banklaryň özleriniň we olaryň müşderileriniň bähbitlerini goramak bolup durýar.

## 29.5. Bank menejmentiniň hiline baha bermek

**Bank menejementiniň netijeliligi,** ýagny bankyň öz öňünde goýan maksatlaryny we wezipelerini amal etmek ukyby, köp babatda onuň hili bilen şertlendirilýär.

**Dolandyryşyň hili,** bu dolandyryş ulgamynyň özüniň, onuň subýektleriniň, obýektleriniň, çözgütleri kabul etmegiň mehanizminiň, gurallarynyň, tehnologiýasynyň häsiýetnamasydyr.

Dolandyryş ulgamynyň her bankda aýratyn bolýandygy sebäpli, emele gelen ulgamyň ýurduň kanunçylygyna, gözegçilik edarasynyň kadalaşdyryjy namalaryna, şeýle hem bankiçi standartlara laýyk gelmegi oňa baha bermegiň ölçegidir.

Düzgün bolşy ýaly, dolandyryşyň hiline baha bermek bankyň işiniň ahyrky netijelerini öwrenmekden başlanýar. Olar dolandyryşyň hiline baha bermek üçin dogry (obýektiw) esas döredýär. Eger netije pes bolsa, ýagny bank işinde ahyrky ýokary netijeleri gazanyp bilmaýan bolsa, onda dolandyryşyň hilini gowy diýip hasap edip bolmajakdygy düşnüklidir. Düzgün bolşy ýaly, ahyrky netijelere maýanyň ýeterlik bolmagy, aktiwleriň hili, likwidlilik, peýdalylyk, töwekgelçilikleriň derejesi ýaly görkezijiler degişlidir.

Şunuň bilen birlikde, bu görkezijileriň ýagdaýy, zerur bolup durýandygyna garamazdan, dolandyryşyň hili barada netijeleri emele getirmek üçin ýeterlik esas däldir.

Şonuň üçin bankyň işinde belli bir netijeler gazanmakda onuň ornuny kesgitlemek maksady bilen, seljermäniň nobatdaky tapgyrynda banky dolandyryş ulgamynyň özi seljerilýär.

Bankda emele gelen dolandyryş ulgamyna baha bermegiň ugurlary we usullary köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Dolandyryşyň hiline baha bermegiň gözegçilik edaralary tarapyndan peýdalanylýan usullary has kesgitli bellenendir.

Mysal üçin, Merkezi bankyň bank menejmentine baha beriş usulyna seredip geçeliň.

Banklaryň işine baha bermegiň bu usuly Merkezi bankyň Görkezmelerinde kadalaşdyryjy usul hökmünde bellenendir.

Şol Görkezmelerde banky dolandyrmagyň hilini häsiýetlendirýän üç blok görkezilýär, ýagny I blok – eýeçilik gurluşynyň aýdyňlygyna baha bermek; II – töwekgelçiligi dolandyryş ulgamynyň guralyşy; III blok – içerki gözegçilik gullugynyň guralyşy.

Bu ugurlar boýunça dolandyryşyň hiline baha bermek banklar tarapyndan berilýän maglumatlaryň we Merkezi bankyň işgärleriniň geçiren barlaglarynyň materiallarynyň esasynda ekspert usuly bilen amala aşyrylýar.

*Eýeçiligiň gurluşynyň aýdyňlygyna baha bermegiň esasy ölçegi* bankyň guramaçylyk-hukuk görnüşini hasaba almak bilen, ýurduň kanunçylygynyň we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň bankyň paýnamalaryna (paýlaryna) eýeçilik hukuklary bar bolan taraplar (taraplaryň topary) barada maglumatyň düzümi, onuň Merkezi banka berilmeli möhletleri we görnüşleri boýunça talaplarynyň berjaý edilişidir.

Eýeçiligiň gurluşynyň aýdyňlyk görkezijileri aşakdakylary öz içine alýar:

– eýeçiligiň gurluşy baradaky açylýan maglumatlaryň ýeterlikdigini häsiýetlendirýän, ýurduň kanunçylygynda we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynda göz öňünde tutulan parametrleri;

– bankyň dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilýän çözgütlere göni ýa-da gytaklaýyn (üçünji taraplaryň üsti bilen) düýpli täsir edýän taraplar (taraplaryň topary) barada maglumatyň elýeterliligi.

Eýeçiligiň gurluşynyň aýdyňlygyna baha bermek üç bally şkala boýunça amala aşyrylýar.

*Töwekgelçiligi dolandyryş ulgamyna baha bermek* hem ekspert usuly bilen, anketanyň soraglaryna berlen jogaplary seljermegiň esasynda geçirilýär. Bu soraglara aşakdakylar degişlidir:

– bankda bankyň töwekgelçilikli amallaryny (geleşikleri) amala aşyrýan birliklerine garaşsyz bolan, töwekgelçilikleriň kabul edilýän derejesine baha bermek üçin jogapkär birlikler barmy?

– bankyň dolandyryş edaralary tarapyndan dolandyryş çözgütlerini kabul etmekde peýdalanylýan hasabatlylyk barmy?

– bankda degişli derejede tassyklanan, esasy töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça içerki resminamalar barmy?

– tassyklanan içerki resminamalar ýerine ýetirilýärmi?

Bu we beýleki soraglara berlen jogaplara dört bally ulgam boýunça ähmiýet bermek ýoly bilen baha berilýär:

1 – hawa (hemişe, mydama doly möçberde);

2 – esasan (düzgün bolşy ýaly, ýeterlik derejede doly);

3 – bölekleýin;

4 – ýok (hiç wagt, hiç hili ýagdaýda).

Her soragyň agramyny we olara baha bermegiň ähmiýetlerini hasaba almak bilen, töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamynyň guralyşyna jemleýji baha çykarylýar.

*Içerki gözegçilik gullugynyň guralyşyna baha bermek* şonuň ýaly görnüşde, anketanyň soraglaryna berlen jogaplary seljermegiň esasynda geçirilýär. Bu soraglara, hususan-da, aşakdakylar goşulýar:

– bankda içerki gözegçilik gullugy hereket edýärmi?

– bank tarapyndan ýurduň kanunçylygynyň, şol sanda Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň talaplaryna laýyk gelýän, içerki gözegçilik kadalaryny düzgünleşdirýän içerki resminamalar işlenip taýýarlandymy?

– içerki resminamalar berjaý edilýärmi we bankda bikanun girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna hem-de terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça birlik (jogapkär işgär) işleýärmi?

– bankda bikanun girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek maksady bilen tassyklanan içerki gözegçilik kadalary barmy?

Içerki gözegçilik gullugynyň guralyşynyň görkezijileri, her soragyň Merkezi bank tarapyndan maslahat berlen agramyny hasaba almak bilen, anketadaky soraglara berlen jogaplara baha bermegiň ortaça ölçenen ähmiýetinden ybaratdyr.

Iş ýüzünde bu ulgamyň peýdalanylmagy banklaryň dolandyrylyş derejesini düýpli gowulandyrmaga mümkinçilik berdi.

**Soraglar**

1. Bank menejmentiniň düýp mazmuny näme?
2. Bank menejmenti ulgamy haýsy elementlerden emele gelýär?
3. Bank menejmentiniň obýekti näme?
4. Bank menejmentiniň subýektleri näme?
5. Bank menejmentiniň gurallary näme?
6. Bank menejmentiniň hukuk esasy näme?
7. Bank menejmentiniň haýsy esasy ugurlary bar?
8. Bank işini dolandyrmagyň mazmuny nämeden ybarat?
9. Bank menejmentiniň hiliniň we netijeliliginiň arasyndaky nähili gatnaşyklar bar?
10. Merkezi bank tarapyndan bank menejmentine baha bermek üçin nähili usul peýdalanylýar?

# XXX BAP. BANK MARKETINGI

## 30.1. Bank marketinginiň mazmuny

**Bank marketinginiň häsiýeti.** Bank marketingine birnäçe tarapdan, ýagny adamyň işiniň bir görnüşi, dolandyryş ulgamy, dolandyryş konsepsiýasy, pikirleniş filosofiýasy we ylym hökmünde seredip bolar.

Işiň görnüşi hökmünde bank marketinginiň mazmuny ony müşderileriň hakyky isleglerini hasaba almak bilen, bank önümleriniň has peýdaly bazarlaryny gözläp tapmak hökmünde kesgitlemäge, şeýle hem bu işiň aşakdaky üç düzüm bölegini bölüp görkezmäge mümkinçilik berýär:

1) bazar barada maglumatlary toplamak we şonuň esasynda bankyň strategiýasyny işläp taýýarlamak;

2) bazarda teklip edilýän önümleriň (hyzmatlaryň) görnüşlerini we olaryň bahalaryny kesgitlemek (haryt bahasy);

3) bank hyzmatlaryny ýerlemegi guramak. Bank marketinginiň mazmunyndan onuň bäş ýörelgesi gelip çykýar (30.1-nji tablisa).

*30.1-nji tablisa*

**Bank marketinginiň ýörelgesi**

| Marketingiň ýörelgesi | Ýörelgäniň mazmuny |
|---|---|
| 1.Bazar konýunkturasyny hasaba almak. | Islegiň we teklibiň hereketiniň, şeýle hem aýry-aýry bank hyzmatlary bazaryndaky bahalaryň esasynda bankyň strategiýasyny işläp taýýarlamak we gündelik çözgütleri kabul etmek. |
| 2. Harytlaryň öndürilişini we hyzmatlary etmegi bazar talaplaryna mümkin boldugyça uýgunlaşdyrmak. | Müşderiniň talaplaryna laýyklykda hyzmatlaryň mazmunyny kesgitlemek, olaryň hilini ýokarlandyrmak, bank önümleriniň köpdürlüligini gazanmak. |
| 3. Bazara maksadalaýyk täsir etmek. | Bank hyzmatlaryna islegi emele getirmek üçin müşderi bilen gatnaşykda bolmagyň dürli usullaryndan peýdalanmak, bank hyzmatlarynyň bähbitlidigini işjeň düşündirmek. |
| 4.Merketingiň maksatlarynyň uzak wagtlyk häsiýeti. | Bank bazarlaryna çaklama barlaglaryny geçirmegiň uly ähmiýeti, bank ulgamynda strategik meýilnamalaşdyrmagy ösdürmek. |
| 5.Aýdyň kesgitlenen täjirçilik netijesine gönükme. | Diňe bir tutuş bazarda däl, eýsem onuň aýry-aýry böleklerinde bankyň işiniň düşewüntliligini, bank hyzmatlarynyň her görnüşinden peýda alynmagyny üpjün etmek, bank hyzmatlarynyň özüne düşýän gymmatyna yzygiderli gözegçilik etmek. |

Dolandyryş konsepsiýasy hökmünde marketinge düşündiriş berlende konsepsiýalaryň bäş görnüşi görkezilýär (30.2-nji tablisa).

*30.2-nji tablisa*

**Bank marketinginiň konsepsiýasy**

| Konsepsiýanyň görnüşi | Bank ulgamy barada konsepsiýanyň mazmuny |
|---|---|
| **1** | **2** |
| 1.Önümçilik konsepsiýasy | Bank hyzmatlarynyň ykdysady netijeliligini kämilleşdirmek, olaryň özüne düşýän gymmatyny peseltmek. Bu bolsa öz gezeginde bank komissiýasynyň (tarifiniň) derejesini peseltmäge mümkinçilik berýär we banky bazarda bäsleşige ukyply edýär. |
| 2.Bank önümini kämilleşdirmek konsepsiýasy | Bankyň bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek we müşderileriň isleglerini has doly kanagatlandyrmak üçin hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak. |
| 3.Täjirçilik tagallalaryny jemlemek | Işi bank önümini mahabatlandyrmagyň, bank hyzmatlarynyň bahalarynyň nyrhnamalary düzülende dürli usullary peýdalanmagyň kömegi bilen önümi ýerleşdirmegi höweslendirmekde jemlemek, bank edaralarynyň amatly görnüşini saýlap almak. |

*30.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| 4.Maksatlaýyn bazaryň marketing konsepsiýasy | Bankyň işini bazaryň bir segmentinde jemlemek; bu maksat bilen bazaryň satyn alyjylarynyň isleglerini jikme-jik öwrenmek, şonuň esasynda hyzmatlaryň görnüşlerini differensirlemek, olaryň düşewüntliligini üpjün etmek, hyzmatlaryň ähli görnüşleriniň netijeliligi we hili, bazardaky paý nukdaýnazaryndan bu segmentde orny berkitmek |
| 5.Sosial-etiki marketinginiň konsepsiýasy | Tutuş jemgyýetiň bähbitlerini hasaba almak bilen, maksatlaýyn bank bazarlarynyň müşderileriniň isleglerini kanagatlandyrmak, ýagny sosial maksatnamalary karzlaşdyrmak, haýyr-sogap işlerini ösdürmek, goýumçylaryň we az möçberde paýnama saklaýjylaryň bähbitlerini goramak |

Karz guramalarynyň bank önümlerini satyn alyjylaryň isleglerini öwrenmäge we kanagatlandyrylmaga ugur almaklary müşderilere hyzmat edýän bank işgärinden täzeçe pikirlenmegi talap edýär. Täzeçe pikirlenme bäş ýörelgä – sabyrlylyk, diňläp bilmek ukyby, teklip edilýän maslahatlaryň müşderi üçin ýönekeý we elýeterli bolmagy, işe döredijilikli çemeleşmek, bazary öwrenmegiň usulyýetiniň esaslaryny bilmek ýörelgelerine esaslanmalydyr. Bu ýörelgeler bank işgärini müşderiniň talaplaryny doly anyklamaga, meseläniň çözgüdiniň müşderiniň hususy aýratynlyklaryny, bazar gatnaşyklaryndaky ýagdaýy we kanunlary göz öňünde tutýan çeýe wariantlaryny saýlap almaga gönükdirýär.

Seredilip geçilen häsiýetnamalary nazara almak bilen, **bank marketingi** bank işiniň bank hyzmatlarynyň bazaryna gönükdirilen

görnüşini, dolandyryş konsepsiýasyny we funksiýalaryny, şeýle hem bank gullukçysynyň aýratyn pikirleniş filosofiýasyny görkezýär.

Müşderi bilen gatnaşyk etmek ukuby, bu bankyň hyzmatlaryndan peýdalanylanda bäsleşýän edara bilen deňeşdirilende müşderä artykmaçlyk berilmegi, hyzmatlaryň düşewüntliligini we müşderiler bilen gatnaşyklary dolandyrmak, zähmete hak tölemegiň bank işgärini bank önümlerini mümkin boldugyça köp satmaga gyzyklandyrýan ulgamy bank marketinginiň esasy tärleri bolup durýar.

Banklar tarapyndan marketing tärlerini özleşdirmek zerurlygy aşakdakylary talap edýär:

– milli bank bazarlarynda daşary ýurt banklarynyň we bank däl guramalaryň wekilçiliginde bäsdeşleriň peýda bolmagy;

– müşderiler üçin üznüksiz göreş;

– banklaryň uniwersal banklara öwrülmegi we müşderiniň bähbitlerine laýyk gelýän tapawutlary gözlemek;

– bank işiniň globallaşmagy, bu diňe bir milli aýratynlyklary aradan aýyrman, eýsem beýleki ýurtlardaky bank önümlerini satyn alyjylaryň isleglerini öwrenmäge hem mejbur edýär;

– müşderi barada giňişleýin maglumat almaga mümkinçilik berýän täze bank tehnologiýalarynyň ösmegi;

– banky töwekgelçiliklerden goramak üçin bank telekeçiligini her taraplaýyn ösdürmek (diwersifikasiýa) islegi.

## 30.2. Bank marketinginiň düzüm bölekleri

Bank marketingi üç bölekden durýar:

1) bazar barada maglumatlary toplamak we şonuň esasynda bankyň strategiýasyny işläp taýýarlamak;

2) bazarda teklip edilýän önümleriň (hyzmatlaryň) görnüşlerini we olaryň bahalaryny kesgitlemek (haryt bahasy);

3) bank hyzmatlaryny ýerlemegi guramak.

**Bazar barada maglumatlary toplamak.** Maglumatlary toplamagyň maksady bu bankyň hakyky bar bolan (özleşdirilen) we potensial bazaryny kesgitlemek, bazaryň isleglerini we tamalaryny öwrenmek bolup durýar.

**Bazar** diýip çäkleýin ýa-da islegleriň häsiýeti bilen birleşen bank önümlerini satyn alyjylaryň toparyna düşünilýär.

Bazar barada umumy häsiýetli we has jikme-jik maglumatlar toplanýar. Birinjisi bankyň tutuş bazardaky we aýry maksatlaýyn bazarlardaky paýyny, bahalaryň depginini, müşderileriň tamalaryny, bazaryň konýunkturasyny, daşarky bank töwekgelçilikleriniň derejesini häsiýetlendirýär. Täjirçilik banklary umumy häsiýetli maglumatlary ýurduň merkezi bankyndan, döwürleýin metbugatdan alyp bilerler. Maglumatlary toplamak bankyň özi tarapyndan hem guralyp bilner. Jikme-jik maglumatlar bazaryň aýry-aýry segmentleri boýunça toplanýar.

Bazary segmentlere bölmegiň esasynda aşakdaky dürli görkezijiler bardyr:

– bank hyzmatlarynyň häsiýeti;
– müşderiler boýunça tapawutly alamatlar;
– geografiki aýratynlyk;
– demografik ölçeg;
– özüňi alyp baryş ölçegleri.

Bank hyzmatlarynyň häsiýetnamasyna laýyklykda bazaryň aşakdaky segmentleri görkezilip bilner:

– karz hyzmatlaryň bazary;
– amallar hyzmatlary;
– maýa goýum hyzmatlary;
– beýleki hyzmatlar.

Müşderileriň tapawutly alamatlarynyň esasynda hem birnäçe segmentler bölünýär:

– edara görnüşli taraplaryň bazary;
– şahsy taraplaryň bazary;
– habarçy banklaryň bazary;
– hökümet bazary.

Edara görnüşli taraplaryň has jikme-jik toparlara bölünmegi kärhanalaryň möçberine, olaryň pudaklaýyn degişliligine, eýeçilik görnüşine bagly bolup biler. Şahsy taraplaryň bazarynyň mundan beýläk hem segmentlere bölünmeginiň esasynda dürli demografik ölçegler ýatyr.

Demografiýa esasynda segmentlere bölmek ilatyň jynsy we ýaş tapawutlary boýunça bölünmegine esaslanýar. Emma her bir ýaş toparynda, aýallaryň we erkekleriň toparynda girdejiniň derejesine, maşgala we durmuş ýagdaýyna, belli bir hünäre degişliligine laýyklykda islegler dürli-dürli bolup biler. Girdeji näçe ýokary bolsa, bank hyzmatlaryna isleg hem şonça ýokary bolýar, maşgala uly boldugyça bolsa islegler köp dürli bolýar. Gowy iş (professional) ýagdaýy hem süýşürintgilere hyzmat etmek ýa-da karz häsiýetli hyzmatlar babatynda ýokary islegi döredýär. Şonuň üçin demorgrafiýa boýunça segmentlere bölmegiň ölçegleri jynsy, ýaşy, maşgala ýagdaýy, maşgala stažy, bilim derejesi, hünäri, durmuş ýagdaýy, girdejiniň derejesi bolup biler.

Şahsy taraplaryň bazaryny segmentlere bölmegi hem özüňi alyp baryş ölçeginiň esasynda geçirýärler we ol psiho-medeni (tarapyýetiň aýratynlygy) alamatlar bilen kesgitlenýär. Daşary ýurtlaryň bank iş tejribesinde özüňi alyp baryş boýunça segmentlere bölmek üçin müşderi baradaky maglumatlar esas bolup durýar. Onda hasabyň we bankyň üstünden geçýän amallaryň ýagdaýy görkezilýär. Bu ölçeg boýunça fransuz bankçylary ilaty aşakdaky toparlara bölýärler:

1) şu gün bilen ýaşaýan adamlar;
2) awantýuristler, ýagny entek nähilidigi belli bolmadyk harytlary we hyzmatlary satyn almaga töwekgelçilik edýän adamlar;
3) peýdalanyjylar ýa-da hakyky ýagdaýdan ugur alýanlar, täze harytlar we hyzmatlar babatynda passiw, ýöne synagdan geçen maddy we maddy däl gymmatlyklara hormat goýýan adamlar;
4) wakalaryň merkezinde bolmaga ymtylýan adamlar.

Geografiýa boýunça segmentlere bölmegiň birlikleri hökmünde ýurtlar, ykdysady etraplar, ýurduň dolandyryş çäkleri, şäherler, şäher etekleri, etrapçalar çykyş edip bilerler. Bank birinji nobatda banka golaý ýerleşen segmentleri öwrenýär we onda ornaşýar. Geografiki segmente bölmek aýry-aýry bank hyzmatlarynyň maksatlaýyn bazarlary, edara görnüşli we şahsy taraplaryň bazary öwrenilende peýdalanylyp bilner.

Bazaryň bu bankyň hyzmatlary bilen dolulyk derejesine, ýagny bazaryň özleşdiriliş derejesine baha bermek üçin ornaşma koeffisiýenti peýdalanylýar (Korn.):

$$(Korn.) = \frac{\text{Şu bazarda ýerlenen bank önümleriniň mukdary}}{\text{Şu bazarda bar bolan hakyky we potensial satyn alyjylaryň sany}}$$

Ornaşma koeffisiýentini, bazary eýelemekde yza galýan bölegi kesgitlemek üçin, tutuş bank, onuň birlikleri we geografik segmentler, edara görnüşli we şahsy taraplaryň bazarynyň segmentleri boýunça hasaplaýarlar.

Bazary öwrenmegiň esasynda **bankyň geljekki ösüş strategiýasynyň** bir tipi saýlanyp alynýar:

I. Hyzmatlaryň we bazaryň laýyk gelmegi:

– geografiýa ýa-da müşderiler alamatlary boýunça bölünip alnan öňki bazarda öňki hyzmatlary teklip etmek;

– öňki bazarda täze hyzmatlary teklip etmek;

– täze bazarda öňki hyzmatlary teklip etmek;

– täze bazarda täze hyzmatlary teklip etmek.

II. Beýleki banklar bilen bäsleşik ýörelgesi boýunça:

– liderlik strategiýasy;

– bäsdeşiň strategiýasy;

– yzyndan ýetjek bolýanyň strategiýasy.

Täze bazarda täze harytlary satmak bilen baglanyşykly strategiýa we liderlik strategiýasy bank üçin has töwekgelçilikli we gymmat düşýän ugurlar bolup durýar.

Saýlanyp alnan strategiýa strategik meýilnama we marketing meýilnamasy bilen resmileşdirilýär. Strategik meýilnama bankyň öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen çäreleri we dolandyryş çözgütlerini görkezýär. Strategik meýilnama marketing meýilnamasynda anyklaşdyrylýar. Marketing meýilnamasynyň birnäçe görnüşleri peýdalanylýar: bankyň birlikleriniň meýilnamasy, müşderiler bilen işleşmek meýilnamasy, aýry-aýry bank önümlerini işläp taýýarlamak we bazarda ornaşdyrmak meýilnamasy. Bu resminamalaryň ählisi amaly marketing işini guraýar. Olarda anyk maksatlaýyn bazarlaryň hereketi, bazaryň bu segmentinde bankyň ýagdaýy, hereketler maksatnamasy görkezilýär. Hereketler maksatnamasynda anyk çäreler, onuň bilen baglanyşykly harajatlar, ýerine ýetirilmeli möhletleri we jogapkär işgärler, garaşylýan netijä berilýän baha we ş.m. sanalyp geçilýär.

**«Haryt-baha»** gatnaşygy bank marketinginiň ikinji düzüm bölegi bolup durýar. Bank bazarynda bank önümleri haryt bolup çykyş edýär.

**Bank önümi,** bu karz guramasynyň işiniň netijesi bolup, ol bank bazarynyň dürli segmentlerinde harydyň hili hökmünde teklip edilýär, maddy däl pul häsiýeti bilen tapawutlanýar.

Karz, goýum, hasaplaşyk maýa goýum önümleri we beýleki önümler bolýar. Önümleriň sanalyp geçilen toparynyň bir görnüşi hem **bank hyzmatlarydyr.** Olar bankyň müşderileriň anyk isleglerini kanagatlandyrmak boýunça hereketlerinde ýüze çykýar. Bank hyzmatlaryny etmegiň tehnologiýasy bank amallaryndan, ýagny bankyň hereketleriniň dürli tärlerinden (buhgalter, maliýe, seljeriş we ş.m.) emele getirilýär.

Bank önümleri bazarda belli bir bahasy bolan harytdyr. Baha göterim we hyzmat haky (komissiýa) görnüşinde çykyş edýär. Bahasynyň görnüşine baglylykda bank hyzmatlaryny göterim getirýän girdejä we göterimsiz girdejä bölüp bolar.

**Bank hyzmatlaryny ýerlemegi guramak** bank marketinginiň üçünji düzüm bölegidir.

Bank hyzmatlarynyň satylmagyny üpjün edýän usullara mahabatlandyrmagyň ähli görnüşleri (aýratyn hem önümi mahabatlandyrmak), potensial satyn alyjylaryň «kynçylykly ýerlerine» gözegçilik etmek, bank edarasynyň görnüşini saýlap almak, bankyň işgärlerini hyzmatlaryň has köp möçberini ýerlemäge höweslendiriş ulgamy, bazaryň belli bir segmentinde bankyň işiniň strategiýasyny we taktikasyny saýlap almak degişlidir.

Mahabatlandyrmanyň mazmunynda bank önümlerini satyn almagyň netijeli we hyjuwly esaslary göz öňünde tutulmalydyr. Netijeli esaslar müşderiniň peýda almak ýa-da wagty tygşytlamak, edilýän hyzmatlaryň hilini kepillendirmek, onuň howpsuzlygyny üpjün etmek, belli bir amatlyklary edinmek, bankyň gowy abraýynyň bardygyna we onuň işgärleriniň gowy hünär derejesine ynam etmek mümkinçiliginden emele gelýär. Müşderiniň bu bankda hyzmatlardan peýdalanmak baradaky çözgüdinde hyjuwly esaslar – şahsy abraý, işewürler dünýäsindäki täsiri, jemgyýetiň belli bir toparlarynda kabul edilmek isleginiň hem belli bir ähmiýeti bardyr.

Bank önümleriniň satylyşyny aňrybaş derejä çykarmakda müşderileriň «kynçylykly ýerlerine», ýagny müşderide bankyň hyzmatlaryna isleg döreýän döwürlerine gözegçilik etmegiň uly ähmiýeti bardyr. Mysal hökmünde şu «kynçylykly ýerleri» görkezip bolar (30.3-nji tablisa).

*30.3-nji tablisa*

**Müşderide (şahsy tarapda we kärhanada) bankyň hyzmatlaryna isleg döreýän «kynçylykly ýerler»**

| **Şahsy taraplar** | **Kärhanalar** |
|---|---|
| Mekdebi tamamlamak<br>Öýlenmek<br>Öý satyn almak<br>Çaga dogulmagy<br>Gulluk wezipesiniň ýokarlanmagy<br>Ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi<br>Pensiýa çykmak<br>Maşgala agzasynyň aradan çykmagy<br>we ş.m. | Kärhanany paýdarlaşdyrmak<br>Hasaba alşyň we hasabatlylygyň täze görnüşleriniň ornaşdyrylmagy<br>Täze önümçiligi guramak<br>Ýerlemek ulgamyny giňeltmek<br>Beýleki firmany özüne birleşdirmek<br>Işgärleriniň sanynyň artmagy<br>Eksport amallarynyň başlanmagy<br>we ş.m. |

Hyzmatlaryny ýerlemegi guramagyň usullaryna bankyň bölümlerini we şahamçalaryny ýerleşdirmek, işgärleriň borçlary, iş wagty we ş.m. barada dogry çözgütleriň kabul edilmegi hem degişlidir.

## 30.3. Bank hyzmatlarynyň özüne düşýän gymmaty, bahasy we peýdalylygy

Mälim bolşy ýaly, bank hyzmatlarynyň bahasynyň görnüşleri göterimler we komissiýa bolup durýar. Bu bahanyň derejesine täsir edýän esasy faktorlar hökmünde aşakdakylary görkezip bolar:

– hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty;
– hyzmatlaryň banka zerur bolan düşewüntliligi;
– bazarda bu hyzmata bolan isleglериň we teklipleriň gatnaşygy.

**Hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyň modelleri.** Iş ýüzünde bank hyzmatlarynyň özüne düşýän gymmatynyň däp bolan model we funksional-baha seljeriş modeli diýen iki modeli ulanylýar.

Iki usul boýunça bank önümleriniň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemegiň aşakdaky umumy ýörelgelerini görkezip bolar:
– özüne düşýän gymmaty hasaplamaga tapgyrlaýyn çemeleşme;
– bankyň gurluşyny hasaba almak;
– býujetleşdirmegi peýdalanmak;
– hyzmatlary döretmegiň tehnologiýasyny kesgitlemek;
– hyzmatlary döretmäge gatnaşýan işgärleriň sarp edýän iş wagtyny kesgitlemek.

Bu tapgyrlaryň mazmunynyň dürli modellerde öz aýratynlyklary bardyr.

Býujetlemek bankyň harajatlary özüniň gurluş birlikleri boýunça paýlamak işinden ybaratdyr. Däp bolan model birligiň býujetini kesgitlemegi, funksional-baha seljeriş modeli bolsa harajatlary iş ýeriniň derejesinde, ýagny birligiň her bir işgäri we onuň ýerine ýetirýän amallary boýunça kesgitlemegi göz öňünde tutýar.

Hyzmatlary döretmegiň tehnologiýasy – hyzmat etmäge gatnaşýan gurluş birlikleriniň sanawy we olaryň wezipeleriniň, şeýle hem olaryň işleýän ýa-da döredýän resminamalarynyň beýany bolup durýar. Däp bolan modelde gurluş birlikleri hökmünde bankyň birlikleri (düzgün bolşy ýaly, dürli müdirlikleriň we departamentleriň bölümleri, funksional-baha seljeriş modelinde bolsa iş ýerleri) çykyş edýärler.

Her bir gurluş birligi boýunça hyzmatlary döretmek üçin sarp edilýän iş wagty döwürde (aý, çärýek) iş wagtynyň umumy ulylygynyň göterimlerinde kesgitlenýär. Iş wagtynyň tutýan paýynyň we funksional gurluş birliginiň býujetiniň esasynda hyzmatlary döretmek boýunça çykdajylar kesgitlenilýär. Bu çykdajylaryň we bankyň kömekçi birlikleriniň goşmaça çykdajylarynyň jeminden hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty emele gelýär. Muňa aşakdaky mysallarda göz ýetirmek bolar.

**I. Tabşyryklar bilen hasaplaşyklaryň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin däp bolan model**

*Amallar bölüminiň çykdajylary*

1.Çärýekde sarp edilen iş wagty hasaplaşyklar boýunça amallar bölüminde amallar boýunça, % 0,00994

2.Çärýekde bölümiň býujeti, manat 592,8

3. Bölümiň çykdajylary (1 · 2), manat 0,059

*Maglumatlary taýýarlaýyş bölüminiň çykdajylary*

1. Çärýekde sarp edilen iş wagty hasaplaşyklar boýunça maglumatlary taýýarlaýyş bölüminde amallar boýunça, % 0,00042

2.Çärýekde bölümiň býujeti, manat 364,6

3. Bölümiň çykdajylary (1 · 2), manat 0,0015

*Bankara hasaplaşyklar bölüminiň çykdajylary*

1. Çärýekde sarp edilen iş wagty hasaplaşyk amallary boýunça, % 0,00006

2.Çärýekde bölümiň býujeti, manat 60,9

3. Bölümiň çykdajylary (1 · 2), manat 0,0098

– Hasaplaşyk amaly boýunça merkezi bankyň tarifi, manat 0,0089

– Kömekçi birlikleriň hasaplaşyk amalyna degişli edilen harajatlary, manat 0,0010

– Bir hasaplaşyk amalynyň özüne düşýän gymmaty 0,0792

**II. Resminamalaýyn akkreditiw görnüşinde hasaplaşyklaryň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin funksional-baha seljeriş modeli**

1. Bankyň hasaplaşyk amalyna gatnaşýan funksional birlikleri: geçirmeler we resminamalaýyn hasaplaşyklar bölümi, bankara hasaplaşyklar bölümi, amallary hasaba almak we resmileşdirmek bölümi.

2. Bir birligiň (geçirmeler we resminamalaýyn hasaplaşyklar bölümi) amallary boýunça çykdajylaryň hasaplamalary.

Önümiň bank üçin peýdasy bahanyň we özüne düşýän gymmatynyň gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Aýry-aýry önümler boýunça maliýe netijesini kesgitlemegiň aýratynlyklary:

– önüm boýunça girdejiniň häsiýeti we görnüşleri boýunça;

– önümi döretmek boýunça çykdajylaryň düzümi;

| Iş ýeri we amallar | Iş ýerine degişli edilen bir aýdaky çykdajylar | Bir aýda iş sagatlarynyň sany | 1 sagadyň özüne düşýän gymmaty, manatda | Sarp edilen iş wagty, sagatlarda | Hasaplaşyk amallary boýunça çykdajylar |
|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| 1 | 2 | 3 | 4 = 2 : 3 | 5 | 6 = 4 x 5 |
| 1) Bölüm başlygy – resminamalary barlamak | 15500 | 176 | 88,07 | 0,5 | |
| 2) Baş ykdysatçy – akkreditiwi açmak we müşderiniň arzasyny barlamak | 13 500 | 176 | 76,70 | 1,0 | 76,70 |
| 3) Buhgalter -gozegçi – akkreditiwi hasaba almak we maglumat(dosýe) taýýarlamak<br>- hasaplar boýunça buhgalter geçirmesi | 12 500<br><br>0,5 35,5 | 176 | 71,0 | 1,6 | 71,0 |

*Dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 4)Ykdysatçy – 1<br>– berlen resminamalary barlamak – daşary ýurt banklary bilen hat alyşmak | 11500 | 176 | 65,3 | 1,0<br>0,5 | 65,3<br>32,56 |
| 5) Ykdysatçy - 2<br>- tölegleri geçirmek – resminamalary bermek | 11500 | 176 | 65,3 | 0,5<br>0,5 | 32,65<br>32,65 |
| 3.Ähli amallar boýunça çykdajylar, manat | | | | | 425,95 |
| 4.Beýleki funksional we kömekçi birlikleriň harajatlary, manat | | | | | 125,2 |
| 5. Bir amalyň özüne düşýän gymmaty | | | | | 551,15 |

– buhgalter amallarynyň we dolandyryş hasaba alşynyň aýratynlyklary bilen kesgitlenip biler.

**Soraglar**

1. Bank marketingi näme?
2. Marketing konsepsiýalarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Bank marketinginiň esasy düzüm bölekleri haýsylar?
4. «Bank önümi», «hyzmat» we «amal» düşünjeleri nähili kesgitlenilýär?
5. Bank hyzmatlarynyň bahalaryny emele getirmegiň nähili ýörelgesi bar?
6. Bank hyzmatynyň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemegiň esasynda haýsy ýörelge ýatýar?

# XXXI BAP. BANK GÖZEGÇILIGINI WE AUDITI GURAMAK

## 31.1. Bank düzgünleşdirmesiniň we gözegçiliginiň düýp manysy we maksady

Bank düzgünleşdirmesi kanunçylyk we gözegçilik edaralary, bank bileleşigi, banklaryň özleri tarapyndan tutuş bank ulgamynyň we aýratyn alnan bir bankyň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen işlenip taýýarlanan kanunçylyk kadalarynyň, düzgünleşdiriş talaplarynyň we ülňüleriniň jemidir.

Bank düzgünleşdirmesi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmä we öz-özüňi düzgünleşdirmä bölünýär.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek banklara degişli kanunlaryň kabul edilmegini, şeýle hem ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan karz institutlarynyň işiniň has düýpli taraplaryny görkezýän düzgünleşdiriş talaplarynyň bellenmegi öz içine alýar.

Bank düzgünleşdirmesini amala aşyrýan şunuň ýaly edara Merkezi bank ýa-da başga bir edara, mysal üçin, Maliýe ministrligi bolup biler.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi bilen bir hatarda öz-özüňi dolandyryş hem yzygiderli ösdürilýär. Ol banklaryň özleri we olaryň

birleşikleri tarapyndan bankiçi standartlary, kadalary we kodeksleri kabul etmek arkaly amala aşyrylýar. Döwletara derejesinde bank ulgamynda öz-özüňi dolandyryşy ösdürmegiň mysaly Bank gözegçiligi boýunça Bazel komitetiniň işi bolup durýar. Ol birnäçe möhüm ündemeleri, hususan-da, maýanyň ýeterlikdigine baha bermek, korporatiw dolandyryşy guramak boýunça ündemeleri kabul etdi.

Karz guramalary derejesinde düzgünleşdirmek işiň dürli taraplaryny, ýagny amallary we geleşikleri geçirmek; töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça kadalary we standartlary işläp taýýarlamak; içerki gözegçiligi guramak we ş.m. gurşap alýar.

Bank gözegçiligi bank işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň bir görnüşi bolup, tutuş bank ulgamynyň we aýry-aýry karz institutlarynyň ýagdaýyna gözegçilik etmek, bank sektoryndaky kynçylyklary çalt ýüze çykarmak we aradan aýyrmak, bank düzgünleşdirmesiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen teklipleri işläp taýýarlamak boýunça çäreleri öz içine alýar. Bank gözegçiligi gözegçilik subýektlerini, çygryny (predmetini), usullaryny, mehanizmlerini, hukuk esasyny gurşap alýan ulgam bolup durýar.

Gözegçilik subýektleri bolup gözegçiligi amala aşyrýan edara we gözegçilige degişli karz guramasy çykyş edýär. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bank işine gözegçilik edýän edara degişli kanunçylykda kesgitlenilýär.

Bank gözegçiligi boýunça Bazel komiteti bu edara babatynda birnäçe talaplary kesgitleýär. Bu edaranyň:

– kanunçylykda bellenen, takyk kesgitlenen wezipeleri we borçnamalary;

– operatiw özbaşdaklygy we öz wezipelerini ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän degişli maddy binýady;

– bank işine rugsat almak işlerini düzgünleşdirmegi we soňundan oňa gözegçilik etmegi içine alýan degişli gözegçilik hukuk binýady, gözegçilige degişli gurallaryň işiniň kanunçylyk, howpsuzlyk we durnuklylyk talaplaryna laýyk gelýändigini ýüze çykarmaga ygtyýarlyklary;

– degişli maglumatlary toplamak, olary gözegçilik edýän edaralaryň arasynda alyşmak, şunuň ýaly maglumatlaryň gizlinligini üpjün etmek üçin mehanizmleri bolmalydyr.

Ähli bank we bank däl milli karz guramalary, şeýle hem şol ýurtda amallary geçirýän daşary ýurt banklary **gözegçilik edilmäge degişli karz guramalary** hasap edilýärler.

Häzirki wagtda bank toparlary hem bank gözegçiliginiň subýektleri boldular.

Häzirki zaman şertlerde gözegçilik obýektleri aşakdakylardyr:

– karz guramalarynyň bank gurşawyna goşulmak (çykmak) işleri, ýagny bank ulgamyny emele getirmegiň guramaçylyk-hukuk işleri;

– gündelik iş we ony dolandyrmak;

– karz guramasynda hasaba alşyň we hasabatlylygyň ýagdaýy.

Bank gözegçiliginiň çygry onuň esasy ugurlarynyň beýan edilmegi bilen bir hatarda, olaryň hil parametrleriniň görkezilmegini öz içine alýar.

Bank gözegçiligi boýunça Bazel komitetiniň maslahatlaryna laýyklykda gözegçiligiň täze modeli emele getirilýär. Ol **töwekgelçilige gözükdirilen gözegçilik** diýlip atlandyrylýar. Bu modeliň düýp manysy bank ulgamynyň durnuklylygyna howp döredýän düýpli faktorlara ünsi jemlemekden ybaratdyr. Bank töwekgelçilikleri şunuň ýaly faktorlar bolup durýar. Şonuň üçin esasy ünsi aşakdakylary ýüze çykarmaga jemlemek göz öňünde tutulýar:

– dolandyryş, gözegçilik ulgamlaryndaky we (ýa-da) beýleki bankiçi ulgamlardaky ýetmezçilikler sebäpli, bankyň birlikleriniň işiniň bu bank üçin has töwekgelçilikli ugurlaryny we (ýa-da) bankyň işiniň töwekgelçilige ýakyn ýerlerini;

– gowşak banklary we ýagdaýy düýpli ynjalyksyzlyk döretmeýän banklar bilen deňeşdirilende olara has ýakyndan gözegçiligi amala aşyrmak.

Şonuň bilen baglanyşykly, bank töwekgelçiliklerini dolandyrmak babatynda banklaryň syýasatyna we işine garaşsyz baha bermek bank gözegçiliginiň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Şonda gözegçiligiň maksady, bankyň ýolbaşçylygynyň  çözgüdini öňünden kesgitlemezden, banklaryň öz üstüne esassyz alýan töwekgelçilikleriniň derejesini çäklendirmekden ybaratdyr.

Mümkin bolan ýitgileriň üstüni ýapmak ukubyny  hasaba almak bilen, bank gözegçiligi ulgamynda maýanyň ýeterlikdigine baha berlişine möhüm ähmiýet berilýär.

Yzygiderli hasaba alyş syýasatynyň esasynda düzülýän hasabatyň dogry we aýdyň bolmagy hem gündelik gözegçiligiň obýekti bolup durýar. Gözegçiligiň bu ugry gözegçilik edarasynyň hem-de bazara gatnaşyjylaryň bankyň maliýe ýagdaýy we onuň geçirýän amallarynyň peýdalylygy barada dogry maglumat almaklary üçin hasabatyň hiliniň möhümdigi bilen şertlendirilendir.

**Gözegçilik usuly** gatnaşyk etmek we gatnaşyk etmezden gözegçilik etmegiň aýratynlyklaryny kesgitleýär, ýagny degişli karz institutynyň ýagdaýyny gönüden-göni ýerinde öwrenmäge we daşyndan seretmek usuly bilen öwrenmäge esaslanýan gözegçilik usullary bolýar.

Birinji usul gatnaşyk etmek arkaly gözegçilikde, ikinji usul gatnaşyk etmezden gözegçilik etmekde peýdalanylýar.

Bu usullary peýdalanmagyň şertleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– gözegçilik edarasynda banklardan gelip gowuşýan hasabatlary we statistik maglumatlary toplamak, baha bermek we seljermek hukugynyň bolmagy;

– gözegçilik edarasynda ýerinde ýa-da daşarky auditorlaryň kömegi bilen barlag geçirmek arkaly gözegçilik edilýän maglumatlara garaşsyz baha bermek üçin gurallaryň bolmagy;

– gözegçilik edarasy tarapyndan iş düzgünleriniň kadalaryny we talaplaryny işläp taýýarlamak we olary banklara ýetirmek, öz çözgütlerine hökmanylyk häsiýetini bermek üçin ygtyýarlyklarynyň bolmagy;

– gözegçilik edaralarynyň bank işiniň düýp manysyna gowy düşünmegi.

Gözegçilik işleri geçirilende degişli edara, öňi bilen, belli bir aralykdan gözegçilik etmäge esaslanýar, soňundan onuň üsti gatnaşyk etmek arkaly geçirilýän gözegçilik bilen ýetirilýär.

Gözegçilik edarasynyň hereketleriniň jemlenen görnüşi hökmünde **gözegçilik mehanizmine** dürli jähtlerden seredip bolar.

Gözegçilik işiniň ugurlary nukdaýnazaryndan aşakdakylar görkezilmelidir:

– bank işini ygtyýarlylandyrmak we döwlet tarapyndan bellige almak;

– belli bir aralykdan gözegçilik etmek;
– gatnaşyk arkaly gözegçilik etmek.

Gözegçilik işiniň mazmuny nukdaýnazaryndan aşakdaky ugurlar görkezilýär:

– karz institutlaryny ygtyýarlylandyrmak üçin olara bildirilýän talaplary kesgitleýän usulyýet resminamalaryny; karz institutlaryna bildirilýän iş düzgüniň talaplary we kadalary; ygtyýarnamany yzyna almak üçin esaslar; seljeriş we institusional barlaglaryň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak;

– banklar tarapyndan berilýän hasabatlary, şeýle hem ispeksiýa we auditor barlaglarynyň materiallaryny öwrenmek, karz institutlarynyň maliýe durnuklylygyna baha bermek boýunça seljeriş işi;

– bank tarapyndan berilýän hasabatlaryň dogrulygyna, onuň maliýe ýagdaýyna we dolandyryşyň hiline baha bermegi öz içine alýan gözegçilik işi;

– seljeriş we gözegçilik işleriniň esasynda geçirilýän we netijesi banklary kynçylykly meseleleriň derejesi boýunça toparlara bölmek bolup durýan baha beriş işi;

– her bir bank bilen differensirlenen gatnaşyklary guramak: merkezi bankdan (eger ol gözegçilik edarasy bolup durýan bolsa) belli bir karzlary almak ýa-da karz guramasynyň işinde ýüze çykarylan ýetmezçilikler bilen şertlendirilen, görkezmeler we çäklendirmeler düzgünini girizmek hukugyny bermek.

**Gözegçilik gurallary** bank gözegçiliginiň amala aşyrylýan esasy ugurlarynda kesgitlenýär. Olaryň umumylaşdyrylyşyny aşakdaky ýaly görkezip bolar (31.1-nji tablisa).

Bank gözegçiliginiň ähli elementleri biri-biri bilen özara baglydyr. Gözegçilik ulgamynyň bitewüligi onuň hukuk esasy bilen üpjün edilýär, bu esasyň özi bu ulgama özbaşdak element hökmünde girýär.

Bank gözegçiliginiň hukuk esasy, öňi bilen, kanunçylyk namalaryny öz içine alýar. Olar gözegçiligiň subýektlerini we çygryny, gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryň wezipelerini we hukuklaryny kesgitleýärler.

*31.1-nji tablisa*

**Bank gözegçiliginiň we onuň gurallarynyň esasy ugurlary**

| **Gözegçilik ugry** | **Gurallar** |
|---|---|
| Ygtyýarlylandyrmak we döwlet tarapyndan bellige almak | 1. Ygtyýarnama almak we döwlet tarapyndan bellige aldyrmak üçin karz guramalaryna bildirilýän talaplar.<br>2. Ygtyýarnamalaryň görnüşleri.<br>3. Karz guramalary tarapyndan resminamalary gözegçilik edarasyna bermegiň tertibine bildirilýän talaplar we olara seretmegiň tertibi.<br>4. Ygtyýarnama bermekden boýun gaçyrmak ýa-da ony yzyna almak üçin esaslar. |
| Belli bir aralykdan gözegçilik etmek | 1. Karz institutlaryna bildirilýän iş düzgüniň talaplary we kadalary.<br>2. Hasabaty we karz guramasyna degişli beýleki maglumatlary seljermegiň usullary we usulyýeti.<br>3. Karz guramasynyň işine baha bermegiň we olary kynçylykly meseleleriň derejesi boýunça toparlara bölmegiň usullary we usulyýeti.<br>4. Iş düzgüniniň talaplaryny we kadalaryny bozýan karz guramalaryna täsir etmegiň duýduryş we mejbur ediş ulgamy. |
| Inspeksiýa barlagy | 1. Inspeksiýa barlagynyň maksatnamasy.<br>2. Banklary toplumlaýyn we tematiki barlamagyň usullary we usulyýeti.<br>3. Barlaglaryň netijeleri boýunça jemleýji netijenamany düzmek boýunça maslahatlar.<br>4. Barlaglaryň netijelerine seretmegiň we degişli çözgütleri kabul etmegiň düzgünleri. |

Gözegçilik mehanizminiň we gurallarynyň hukuk esasyny gözegçilik edaralarynyň kadalaşdyryjy namalary düzýär.

## 31.2. Belli bir aralykdan gözegçilik etmegiň esasy ýörelgeleri

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, gündelik bank gözegçiligi belli bir aralykdan (resminamalaýyn) edilýän gözegçilige we gatnaşyk etmek arkaly gözegçilige bölünýär. Olaryň her biri özbaşdak, şol bir wagtyň özünde bolsa özara baglanyşykly, özboluşly gurallar we guramaçylyk işleri arkaly belli bir wezipeleri çözmäge gönükdirilen özbaşdak ulgamdan ybaratdyr.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi bankyna belli bir aralykdan gözegçilik işi üçin karz guramalarynyň gündelik maliýe ýagdaýyny anyklaýyş (monitoring) ulgamyny döretmäge çalyşmak häsiýetlidir.

Türkmenistanda şonuň ýaly ulgam, esasan, işleýär. Onuň düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– Merkezi bankyň düzgünleşdiriş talaplary, olar iş düzgüniniň talaplary we kadalary hökmünde bellidir;

– karz guramalarynyň Merkezi banka hasabatlary bermek ulgamy;

– karz guramalarynyň maliýe ýagdaýyna anyklaýyş (monitoring) ulgamy;

– Merkezi bankyň gözegçilik çäreleriniň ulgamy.

Belli bir aralykdan gözegçilik etmek ulgamynyň başlangyç we örän möhüm bölegi Merkezi bankyň karz guramalaryna bildirýän düzgünleşdiriş kadalary we talaplary bolup, ol Merkezi bankyň Görkezijisinde göz öňünde tutulandyr. Bu Görkezijiniň hereket edýän döwründe oňa birnäçä gezek bank ulgamyndaky täzelikleri görkezýän üýtgetmeler girizildi.

Şeýle-de bolsa iş kadalary üç topara bölünýär.

*Birinji topary* karz guramalary tarapyndan kabul edilýän töwekgelçilikleriň aňryçäk ululygyny düzgünleşdirýän kadalar düzýär.

Häzirki wagtda hereket edýän hökmany kadalar:

– bankyň gurpsyzlyk töwekgelçiligini, bazar töwekgelçiliklerini (N1);

– çalt ýitgi töwekgelçiligini (N2), gündelik (N3) we uzak möhletli (N4) likwidlilik töwekgelçiligini;

– iri karz töwekgelçilikleriniň töwekgelçiligini (N6, N7, N9.1, N10.1) düzgünleşdirýär.

*Ikinji topary* karz guramalarynyň likwidliligini we mümkin bolan ýitgileriň üstüni ýapmagy üpjün edýän ätiýaçlyk serişdelerini döretmek boýunça kadalar düzýär.

*Üçünji topary* Merkezi bankyň talaplary düzýär, olaryň ýerine ýetirilmezligi karz guramalarynyň maliýe ýagdaýyna ýa-da olaryň maliýe işine dogry baha bermek mümkinçiligine ýaramaz täsir edip biler.

Merkezi bankyň belli bir aralykdan gözegçilik edýän birliklerinde aýry-aýry karz guramalarynyň we tutuş bank ulgamynyň maliýe ýagdaýyny anyklamak üçin baý maglumat binýady bardyr.

Merkezi bankda döredilen maglumat we seljeriş ulgamlarynyň esasynda karz guramalarynyň işindäki gyşarmalar we ýaramaz meýiller bada-bat ýüze çykarylýar.

Belli bir aralykdan geçirilýän gözegçiligiň netijeleri:

– çalt gözegçilik çärelerini görmek;

– kynçylykly meselesi bolan banklary ýüze çykarmak we olara ýakyndan gözegçilik etmek;

– kynçylykly meselesi bolan banklara inspeksiýa barlaglaryny geçirmegiň meýilnamasyny we maksatnamasyny kesgitlemek üçin peýdalanylýar.

Merkezi bankyň ygtyýarynda gözegçilik täsiri çäreleriniň ýeterlik derejede giň toplumy bardyr. Olar täsir etmegiň duýduryş we mejbur ediş çärelerine bölünýärler.

Anyk täsir ediş çäresini saýlap almak üç ýagdaý bilen şertlendirilýär:

1) karz guramasy tarapyndan ýol berlen düzgün bozmalaryň häsiýeti bilen;
1) düzgün bozmalaryň ýüze çykmagyna täsir eden sebäpler bilen;
3) karz guramasynyň umumy maliýe ýagdaýy bilen.

Düzgün bolşy ýaly, karz guramasynda kynçylykly meseläniň ilki ýüze çykan döwründe täsir etmegiň duýduryş çäresi görülýär. Olar operatiw gözegçilik çärelerine degişlidir.

Täsir etmegiň duýduryş çäresi aşakdakylary öz içine alýar:

– ýazmaça görnüşde ýa-da işewür duşuşygyň barşynda karz guramasyny dolandyryş edaralarynyň dykgatyna onuň işindäki ýetmezçilikler baradaky maglumaty we ondaky işleriň ýagdaýynyň gözegçilik edarasynda ynjalyksyzlyk döredýändigini ýetirmek;

– gözegçilik edarasynyň emele gelen ýagdaýy düzetmek boýunça maslahatlaryny beýan etmek;

– ýetmezçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreleriň maksatnamasyny gözegçilik edarasyna bermegi teklip etmek;

– karz guramasynyň işine we işi kadalaşdyrmak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilişine goşmaça gözegçiligi ýola goýmak.

Bank kanunçylygynyň, kadalaşdyryjy namalaryň we Merkezi bankyň görkezmeleriniň bozulan, maglumatlaryň berilmedik, doly däl ýa-da ýalňyş maglumatlaryň berlen ýagdaýlarynda Merkezi bank täsir etmegiň aşakdaky mejbury çärelerini girizýär:

– jerime salmak;

– karz guramasyndan onuň maliýe ýagdaýyny sagdynlaşdyrmak boýunça çäreleri geçirmegi talap etmek;

– öz maýasynyň ululygyny we esaslyk maýasynyň möçberini zerur bolan ululyklara laýyk getirmegi talap etmek;

– karz guramasyny üýtgedip gurmagy talap etmek;

– karz guramasy tarapyndan käbir amallaryň geçirilmegini alty aýa çenli möhlet bilen çäklendirmek;

– karz guramalary tarapyndan berlen ygtyýarnamada göz öňünde tutulan bank amallaryny geçirmek üçin harajatlary bir ýyla çenli möhlet bilen çäklendirmek;

– şahamçalary açmak üçin harajatlary bir ýyla çenli çäklendirmek;

– karz guramasynyň ýolbaşçylaryny çalyşmagy talap etmek;

– karz guramasyny dolandyrmak boýunça wagtlaýyn ýolbaşçylary bellemek;

– bank amallaryny geçirmek üçin berlen ygtyýarnamany yzyna almak.

Häzirki wagtda gözegçilik täsiri çäreleriniň laýyklylygyny we netijeliligini üpjün etmäge esasy üns berilýär. Bu gözegçilik blogynyň hünärmenleriniň inspeksiýa birligi bilen ýakyndan iş  alyp barmaklaryny talap edýär.

## 31.3. Derňew işini guramak

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň derňew işi gözegçiligiň gatnaşyk etmek arkaly geçirilýän görnüşine degişlidir.

Belli bir aralykdan geçirilýän gözegçilik ýaly, **gatnaşyk etmek arkaly gözegçilik** hem barlagyň maksadyny, wezipelerini, predmetini, guramaçylyk bloguny, usulyýet-seljeriş gurallaryny öz içine alýan ulgam bolup durýar.

Derňew barlaglarynyň maksady ýerine baryp görmek bilen, karz guramasynyň hakyky maliýe ýagdaýyny kesgitlemekden, karz berijileriň we goýumçylaryň bähbitlerine howp döredýän ýagdaýy ýüze çykarmakdan, karz guramalarynyň bank kanunçylygyny we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalaryny nähili berjaý edýändiklerini barlamakdan ybaratdyr.

Derňew barlagynyň wezipelerine aşakdakylar girýär:

– karz guramalarynyň hakyky maliýe ýagdaýyna we olaryň işiniň geljegine baha bermek;

– kanunçylygyň we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň berjaý edilişini barlamak;

– karz guramasynda hasaba alşyň we hasabatlylygyň dogry alnyp barlyşyny barlamak;

– bank töwekgelçilikleriniň derejesini, karz guramasynyň aktiwleriniň hilini barlamak;

– öz maýasynyň ululygyny we ýeterlikdigini barlamak;

– karz guramasynyň töwekgelçilikleri dolandyryş we içerki gözegçiligi guramak ulgamyny barlamak;

– karz berijileriň we goýumçylaryň bähbitlerine howp döredýän ýagdaýy ýüze çykarmak.

Görkezilen wezipeleri ýerine ýetirmek toplumlaýyn tematiki barlaglary geçirmek arkaly durmuşa geçirilýär.

Tutuş karz guramasynyň işi toplumlaýyn barlagyň predmeti, onuň işiniň aýry-aýry ugurlary bolsa tematiki barlaglaryň predmeti bolup durýar.

Barlagyň ol ýa-da beýleki görnüşini geçirmek üçin karz guramasynyň saýlanyp alnyşy:

– Merkezi bankyň her bir karz guramasyny ýylda bir gezekden seýrek bolmadyk döwürde barlamak borjy bilen;

– karz guramasynyň maliýe durnuklylygynyň derejesi bilen;

– aýratyn ýagdaýlar sebäpli ýüze çykan, mysal üçin, bankyň depozitleri ätiýaçlandyryş ulgamyna girmegi sebäpli, beýleki faktorlar bilen şertlendirilendir.

Düzgün bolşy ýaly, derňew barlaglarynyň meýilnamalary belli bir aralykdan gözegçilik etmek boýunça hünärmenleriň maslahatlaryny nazara almak bilen düzülýär.

## 31.4. Bank auditiniň esasy ugurlary

«Täjirçilik banklary we bank işi hakyndaky» kanunda bellenilişi ýaly, karz guramalarynda audit barlagynyň obýekti aşakdakylardan ybaratdyr:

maliýe hasabatynyň dogry bolmagy;

karz guramasynyň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen hökmany kadalary berjaý edişi;

dolandyryşyň hili we içerki gözegçiligiň ýagdaýy.

Şonuň bilen baglanyşykly auditorçylyk guramasy Auditor barlaglarynyň maksatnamasy we meýilnamamasy düzülende, deslapdan, karz guramasy tarapyndan ýerine ýetirilýän amallaryň (balans we balansdan daşary amallar) gurluşyny öwrenýär. Bu öwrenme maliýe (buhgalter) hasabatynyň dogrulygyny barlamagyň ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Düzgün bolşy ýaly, bu ugurlar aşakdakylara degişlidir:

– karz guramasynda buhgalter hasaba alşynyň we hasabatlylygyň umumy meselelerine;

– karz guramasynyň gaznalarynyň emele getirilişiniň we peýdalanylyşynyň dogrulygyny barlamaga;

– goýum amallaryna;
– karz bukjasyna;
– karz guramasynyň bankara bazardaky amallaryna;
– kassa amallaryna;
– nagt däl hasaplaşyklaryň guralyşyna we hasaba alnyşyna;
– daşary ýurt pulundaky serişdeler bilen amallara;
– maddy we maddy däl aktiwlere we düýpli goýumlara;
– emlägi ynanyp dolandyrmaga;
– girdejilere, çykdajylara we peýda;
– maliýe we çap edilýän hasabatyň dogry düzülişine.

Görkezilen ugurlar boýunça karz guramasynyň hasaba alyş syýasatynyň bardygy we onuň mazmuny; buhgalter hasaba alşynyň ýola goýluşynyň kanunçylyk talaplaryna we Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň talaplaryna laýyk gelşi öwrenilýär; hasaba alyşda we hasabatlylykda karz guramasynyň maliýe ýagdaýynyň dogry görkezilendigi barada pikir beýan edilýär; seljeriş işleri geçirilýär.

Karz guramasynda auditor barlagyny geçirmegiň barşynda diňe bir bellenen kadalaryň we degişli amallary hasaba almagyň kadalarynyň berjaý edilişi öwrenilmän, eýsem bu amallaryň esaslandyrylyşyny tassyklaýan resminamalaryň bardygy we olaryň resmileşdirilişiniň hili; müşderileriň hasaplaryndan we habarçy hasaplardan resminamalaryň tölegininiň dogry geçirilendigi; aktiw balans we balans däl amallar boýunça döredilen ätiýaçlyk serişdeleriniň ýeterlikdigi; buhgalter resminamalaryny saklamagyň tertibiniň berjaý edilişi hem öwrenilýär.

Auditor barlaglaryny geçirmegiň anyk düzgünleri auditoryň iş maksatnamalarynda beýan edilmelidir.

Karz guramasynda auditor barlagyny geçirmegiň hökmany ugry Merkezi bank tarapyndan bellenen hökmany kadalaryň dogry hasaplanyşyna we olaryň ýerine ýetirilişine baha bermek bolup durýar. Auditor barlagynyň bu ugry karz guramalary üçin mahsus ugurdyr, ol karz guramasy tarapyndan bank töwekgelçilikleriniň derejesini düzgünleşdirýän iş düzgüni kadalarynyň berjaý edilişi barada pikir aýtmaga mümkinçilik berýär.

Bu hili baha bermegiň netijeleriniň esasynda auditorlaryň auditor barlagy geçirilýän karz guramasynyň üznüksiz işiniň geljegi baradaky pikirlerini emele getirýär.

Görkezilen barlag aşakdaky tapgyrlary öz içine alýar:

– hökmany kadalaryň (normatiwleriň) dogry hasaplanandygyny barlamak;

– hökmany kadalaryň (normatiwleriň) ýerine ýetirilişini barlamak;

– hökmany ätiýaçlandyryş kadalarynyň berjaý edilişini barlamak;

– hökmany kadalaryň ýagdaýyna we hökmany ätiýaçlyk gaznasynyň emele getirilişine içerki bankiçi gözegçilik ulgamy tarapyndan gözegçilik edilişiniň netijeliligini öwrenmek;

– barlagyň jemleri boýunça netijeleri emele getirmek.

Soňky ýyllarda auditor barlagyny geçirmegiň barşynda karz guramasynyň dolandyrylyşynyň hilini, şol sanda bank töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamynyň hilini öwrenmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Şonuň bilen baglanyşykly auditorlar karz guramasynda karz, goýum, maýa goýum işi bölünip görkezilen bank syýasatynyň bardygy; bank töwekgelçiliklerine baha bermek, olary seljermek we düzgünleşdirmek boýunça görkeziji we usulyýet materiallarynyň bardygy we olaryň hili; Merkezi bankyň we bankiçi kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişi; karz komitetiniň we içerki gözegçilik gullugynyň işiniň netijeliligi barlanýar.

**Soraglar**

1. Bank işini düzgünleşdirmegiň zerurlygy we düýp manysy nämeden ybarat?
2. Bank düzgünleşdirmesiniň nähili görnüşleri bar?
3. Döwlet tarapyndan we öz-özüňi düzgünleşdirmek ulgamlary nämelerden ybarat?
4. Bank gözegçiligi bank işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek bilen nähili laýyk gelýär?
5. Bank gözegçiligi bankyň batmagynyň öňüni alyp bilermi?
6. Bank gözegçiligi haýsy elementlerden ybarat?
7. Töwekgelçilige gözükdirilen gözegçilik näme?
8. Merkezi bankyň ygtyýarlylandyrmak işiniň maksady we mazmuny nämeden ybarat?

9. Gündelik bank gözegçiliginiň maksady we düýp manysy nämeden ybarat?
10. Belli bir aralykdan gözegçilik guralanda Merkezi bank haýsy gurallardan peýdalanýar?
11. Merkezi bankyň barlaglarynyň maksady nämeden ybarat, ol belli bir aralykdan gözegçilik etmek bilen nähili baglanyşýar?
12. Merkezi bankyň barlaglarynyň nähili görnüşleri bar?
13. Bank gözegçiliginiň netijeliligine nähili baha berip bilersiňiz?
14. Bank auditiniň maksady nämeden ybarat?
15. Bank audliti bank gözegçiliginden nähili tapawutlanýar?

# XXXII BAP. BANK IŞINIŇ MAGLUMAT ULGAMLARY

## 32.1. Häzirkizaman maglumat ulgamlary

Bank işiniň maglumat ulgamlary maglumatlary toplamak, saklamak, işlemek, gözlemek we bermek üçin häzirkizaman hasaplaýyş tehnikasyny ulanmagyň usullaryndan we tärlerinden ybaratdyr.

Bank işiniň bankda ulanylýan maglumat ulgamlary müşderilere hyzmat etmegiň ähli görnüşlerini (hasaplaşyk-kassa, karzlaşdyrmak, goýum we ş.m.), şeýle hem bankyň dolandyryş işini (hasaba alyş, gözegçilik, seljerme, audit, meýilnamalaşdyrmak) gurşap alýar.

Maglumat ulgamlarynyň kömegi bilen müşderiler, habarçy banklar, dahylsyz banklar, şahamçalar, Merkezi bankyň hasaplaşyk-kassa merkezleri bilen hasaplaşyklar alnyp barylýar.

Häzirkizaman maglumat ulgamlarynyň hataryna maglumatlar binýadyny dolandyrmak ýa-da maglumat üpjünçiligi – dürli prosessorlar (tekstli, tablisaly, grafiki, sanly) we algoritm dilleri degişlidir.

Maglumatlar binadyny dolandyryş ulgamy belli bir tehniki gurşawa, ýagny kompýuter, lokal, korporatiw ulgama, telekommunikasiýa hyzmat ediş ulgamyna esaslanýar.

*Telekommunikasiýa hyzmat ediş ulgamlary* elektron bank hyzmatlaryny, ýagny internet-banking, kartly töleg ulgamy, «Müşderi-bank» ulgamy, «Swift» ulgamy, ýurduň bank ulgamyndaky bankara hasaplaşyklar ulgamy ýaly ulgamlaryň kömegi bilen müşderä belli bir aralykdan hyzmat etmegi guramaga mümkinçilik berýär.

**Internet-banking** bank hyzmatlarynyň Internet ulgamynyň üstünden edilmegini üpjün edýär. Bankyň Internet ulgamyndaky saýtynyň üsti bilen müşderi dünýäniň islendik ýerinde hakyky wagt düzgüninde, bankyň işgäri gatnaşmazdan, öz hasabynyň ýagdaýy barada maglumat alyp, öz töleg resminamalarynyň maglumatlaryny görüp, hasap boýunça amallaryň dogrulygyny, geleşikler boýunça kontragentiň maglumatlarynyň dogry doldurylangyny barlap, plastik kartlar bilen amallary we beýleki amallary, mysal üçin, gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirip biler.

**Kartly töleg ulgamy** ykdysady subýektleriň we töleg kartlaryny peýdalanmak bilen hasaplaşyk amallary amala aşyrylanda we şol amallar boýunça hasaplaşyklar geçirilende olaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň jemidir.

**«Müşderi-bank» ulgamy** müşderilere belli bir aralykdan maliýe maglumatyny almak we bank hasaplaryny dolandyrmak mümkinçiligini üpjün edýär. Ulgam müşderiniň öýde ýa-da edarada oturdylan şahsy kompýuterini bank serweri bilen birleşdirýär. Netijede müşderiniň bank amallary gije-gündiz amala aşyrylyp bilner. Ulgamdan peýdalanmak müşderä gündelik, goýum ýa-da depozit hasaplaryny, býujet we karzdarlar bilen hasaplaşyklary dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

«Swift» ulgamy, ulgama gatnaşyjy banklaryň arasynda uzak aralyklardan we maglumatlaryň köp möçberde bolmagynda tölegleri we hasaplaşyklary geçirmäge mümkinçilik berýär, maglumatlaryň resminamalaşdyrmazdan iberilmegini, olary geçirmegiň çaltlygyny we ýokary derejede ygtybarlylygyny, goragyny we howpsuzlygyny üpjün edýär. «Swift» ulgamynyň çäklerinde geçirilýän ähli bank amallary standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasy (ISO) tarapyndan bir ölçege getirilendir.

Ähli häzirkizaman maglumat ulgamlary aşakdaky ýörelgeleri berjaý etmegiň esasynda gurulýar:

– sazlaşykly bolmagy (ähli ulgam birmeňzeş döredilýär);

– laýyk getirilmegi we ortoganly (ulgamyň ähli funksiýalary özbaşdak bolmalydyr we ulgama bildirilýän düýpli talaplara laýyk gelmelidir);

– tygşytlylyk we dolulyk (tehnologik we ykdysady çäklendirmeler biri-birini gaýtalamaly däldir we peýdalanyjynyň talaplaryna mümkin boldugyça laýyk gelmelidir);

– açyklyk (bar bolan halkara we ýurt standartlaryna laýyk gelmelidir we beýleki ulgamlara gabat gelmelidir).

## 32.2. Elektron bank hyzmatlary

**Elektron bank hyzmatlary** bankyň adaty we adaty bolmadyk hyzmatlarynyň häzirkizaman elektron maglumat ulgamlaryny ulanmak arkaly ýerine ýetirilmegidir.

Häzirkizaman elektron bank hyzmatlary ulgamy üç derejä bölünýär:

1) bölek elektron bank hyzmatlary;

2) lomaý elektron bank hyzmatlary;

3) awtomatik hasaplaşyk palatary.

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

*Bölek elektron bank hyzmatlary:*

– töleg bank kartlaryny peýdalanmagy;

– bankomatlardan peýdalanmagy;

– söwda nokatlarynda hasaplaşyklar ulgamyndan peýdalanmagy;

– öýde we bankyň edarasynda müşderilere hyzmat etmegi;

– resminamalary işlemek we saklamak boýunça hyzmatlary öz içine alýar.

*Lomaý elektron bank hyzmatlary:*

– pul serişdelerini geçirmegi;

– pul amallaryny we müşderiniň hasabyny dolandyrmagy;

– amallara gözegçilik etmegi göz öňünde tutýar.

*Awtomatik hasaplaşyk palatalary* dünýa tejribesinde ýörite döredilen guramalar bolup, olar elektron serişdeleri peýdalanmak arkaly müşderileriň arasynda geleşikleri geçirýärler. Mysal üçin, «Swift» ulgamy; Merkezi bankyň HKM, Bankara hasaplaşyk merkezi, kliring merkezleri we ş.m.

Şeýlelikde, häzirkizaman elektron öz-özüňe hyzmat ediş bank gurallary müşderileriň hasaplary boýunça amallaryň aşakdaky doly möçberini amala aşyryp bilýärler:

– nagt pul serişdelerini bermek we depozite goýmak;
– müşderiniň hasaplarynyň arasynda serişdeleri geçirmek;
– jemagat tölegleri geçirmek;
– çekler bilen amallar;
– hasaplaşyklaryň ýagdaýy we geçirilen amallar barada göçürmeleri we beýleki resminamalary bermek;
– daşary ýurt pullaryny çalyşmak;
– lokal we halkara ulgamlaryň kartlaryna hyzmat etmek;
– hasaby açmak boýunça amallar;
– çek depderçelerini sargyt etmek;
– maglumatlary täzelemek;
– müşderä maglumat we geňeş goldawyny bermek (wideokonferensiýalar düzgüninde işleýän interaktiw kiosklar).

## 32.3. Bölek elektron bank hyzmatlary

**Bank kartlary.** Karz guramasynyň, şol bir wagtda bank kartlarynyň emissiýasyny, töleg kartlarynyň ekwaýringini amala aşyrmaga, bankiçi kadalaryň we olaryň hukuklaryny, borçlaryny we olaryň arasynda hasaplaşyklary geçirmegiň tertibini öz içine alýan hasaplaşyklara gatnaşyjylaryň kadalarynyň esasynda töleg kartlaryny ýaýratmaga haky bardyr.

**Bank kartlarynyň emissiýasy.** Karz guramasynyň manatda we daşary ýurt pulunda şahsy adamlar üçin hasaplaşyk, karz we öňünden tölenen kartlaryň emissiýasyny amala aşyrmaga (dolanyşyga goýbermäge) haky bardyr.

*Öňünden tölenen kart* emitent bolup duran karz guramasynyň adyndan hasaplaşyklary geçirilýän amallaryň ony saklaýjy tarapyndan amala aşyrylmagy üçin niýetlenendir (saklaýjy amaly geçirýär, tölegini bolsa bank geçirýär) we öňünden tölegi geçirilen karty saklaýjynyň harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň, intellektual işiň netijeleriniň) tölegini geçirmek ýa-da nagt pul serişdelerini bermek boýunça emitent bolup duran karz guramasyna talap bildirmek hukugyny tassyklaýar.

Emitent bankyň işiniň ugurlary: kartlary çykarmak we olara hyzmat etmek barada müşderi bilen baglaşylýan şertnamalary işläp taýýarlamak;

– gepleşikleri goşmak, müşderi bilen şertnama baglaşmak we zerur bolan ýagdaýynda müşderiniň (korporatiw müşderileriň) aýratyn isleglerini hasaba almak arkaly şertnamalary üýtgetmek;

– kartlary çykarmak – hasaplary açmak, kartlary atlara geçirmek, serişdeleri hasaba ýazmak;

– hasaplary alyp barmak, amallaryň buhgalter hasaba alşyny ýöretmek;

– hasap boýunça göçürmeleri yzygiderli taýýarlamak;

– müşderilere serişdeleriň galyndysy we hasap boýunça hereketler, täze önümler we hyzmatlar barada habar bermek;

– garaşylmadyk ýagdaýlary barlamak, çajbekler (yzyna gaýtarma tölegleri);

– karty bloklamak, kezzaplyk (aldawçylyk) ýagdaýlaryny derňemek;

– hereket edýän möhleti tamamlanandan soň kartlary gaýtadan çykarmak.

Bank kartlaryna hasaplaşyk-kassa hyzmatyny guramak aşakdaky yzygiderlilik görnüşinde bolup biler:

– Karty saklaýjy dukandan karz alan görnüşde zat satyn alýar we dukanda slip goýýar.

– Dukan slipi oňa hyzmat edýän banka (ýagny ekwaýrer banka) berýär.

– Ekwaýrer bank berlen slipe berk laýyklykda, karty saklaýja satylan harydyň tölegini dukana geçirýär.

– Ekwaýrer bank slipleriň (amallaryň) maglumatlaryny elektron görnüşe geçirmek bilen olardan faýl döredýär, ony prosessing kompaniýa iberýär we hasaplaşyk bankyndan degişli möçberdäki serişdäni alýar. Bu tapgyrda resminama bolup bellenen formatda döredilen we degişli derejede şifrlenen elektron faýl (žurnal) çykyş edýär.

– Prosessing kompaniýasynda kabul edilen ähli faýllary işlemegiň netijesinde şol günde töleg üçin berlen amallary sortlaşdyrmak geçirilýär we emitent banklar üçin faýllar emele getirilýär. Şeýle faýl resminama bolmak bilen, onuň esasynda hasaplaşyk geçirýän bank emitent bankdan şol bankyň kartlaryny saklaýjylar tarapyndan geçirilen ähli amallaryň möçberine laýyk gelýän serişdeleri alýar.

– Emitent bank elektron žurnallaryň esasynda müşderileriniň kart hasaplarynda debetlemegi we kreditlemegi geçirýär.

– Soňundan her bir müşderi üçin onuň hasaby boýunça göçürme düzülýär, onda belli bir döwürde (kada bolşy ýaly, bu bir aýa deň bolýar) geçirilen ähli amallar görkezilýär.

**Ekwaýring töleg kartlary.** Halkara bank tejribesinde karz guramalary (mundan beýläk – ekwaýrerler) söwda (hyzmat) guramalary bilen töleg kartlaryny peýdalanmak bilen geçirilýän amallar boýunça hasaplaşyklary amala aşyrýarlar we (ýa-da) görkezilen karz guramalarynyň müşderileri bolup durmaýan töleg kartlaryny saklaýjylara nagt pul serişdelerini berýärler.

Emitent bank kartlary çykarmak we özüniň çykaran plastik kartlaryny töleg serişdesi hökmünde peýdalanmak bilen bagly maliýe borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini kepiillendirmek bilen, onuň söwda we hyzmat ulgamynyň kärhanalary tarapyndan kabul edilmegini üpjün edýän işi alyp barmaýar. Bu işi **ekwaýrer bank** geçirýär, ol kartlara hyzmat edýän nokatlar bilen özara hereket etmek boýunça amallaryň ählisini, ýagny

– awtorlaşdyrmak baradaky talaplary işlemegi;

– kartlar boýunça berlen harytlar we hyzmatlar üçin serişdeleri nokatlaryň hasaplaşyk hasaplaryna geçirmegi;

– kartlary peýdalanmak bilen amala aşyrylan geleşikleriň bellige alnan resminamalaryny (kagyz we elektron görnüşdäki) kabul etmegi, sortlaşdyrmagy we ibermegi;

– stop-listleri (ol ýa-da beýleki sebäplere görä olar boýunça amallaryň geçirilmegi togtadylan kartlaryň sanawy) ýaýratmagy amala aşyrýar.

Banklaryň ekwaýrer telekeçiligine *gyzyklanmaklarynyň sebäplerini* aşakdakylara syrykdyryp bolar:

– nagt serişde berlendigi we söwda tranzaksiýasynyň geçirilendigi üçin durnukly hyzmat hakyny (komissiýa) almak;

– beýleki bölek hyzmatlary garşylyklaýyn satmak mümkinçiligi (mysal üçin, nagt pul berilýän nokady we pul çalşylýan nokady guramak; söwda nokatlaryna diskont shemalar boýunça hyzmatlary etmek);

– özüniň telekeçilik işlerini mundan beýläk hem ösdürmek üçin öz infrastrukturasyny ösdürmek (zähmet haky taslamalaryny, benzin, lomaý söwda we beýleki shemalary durmuşa geçirmek);

24 Sargyt № 2031

– bar bolan infrastrukturany has netijeli peýdalanmak;

– beýleki banklar bilen habarçy gatnaşyklaryny ýola goýmak.

Hukuk babatda töleg ulgamy ekwaýrer banklar bilen bölek söwda edýän täjirçilik ulgamynyň kärhanalarynyň arasyndaky şertnamalara esaslanýar.

Bank bilen täjirçilik ulgamynyň kärhanalarynyň arasyndaky şertnama, adatça, aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– dukanlaryň töleg üçin kabul edýän kartlarynyň görnüşleri (töleg ulgamlary);

– bu söwda-hyzmat firmasynyň kartlaryň kabul edilýän dukanlarynyň (hyzmat edýän nokatlaryň) sanawy;

– müşderilere harytlaryň we hyzmatlaryň tölegini kartlar bilen geçirmek mümkinçiligi hakynda maglumat berýän töleg ulgamynyň söwda nyşanyny görnükli ýerde ýerleşdirmek barada kärhananyň borçnamaçy;

– harydyň tölegi nagt däl-de, kart boýunça tölenýän bolsa, onuň bahasyny ýokary bellemezlik barada kärhananyň borçnamaçy;

– awtorlaşdyrmak usuly (ses bilen awtorlaşdyrmaly bolan ýagdaýynda esasy we ätiýaçlyk telefonlary görkezmek bilen);

– awtorlaşdyryş limiti, ýagny amalyň şondan ýokary möçberiniň awtorlaşdyrylmagy hökmany bolup durýan derejesinden iň pes möçberini;

– stop-listleri almagyň tertibi we yzygiderliligi;

– kärhananyň kartlary kabul etmek we resmileşdirmek üçin zerur bolan enjamlardan peýdalanýan şertleri;

– slipleri banka getirmegiň tertibi we möhletleri;

– amallaryň pul möçberini kärhana geçirmegiň möhletleri;

– bank tarapyndan alynýan hyzmat hakynyň möçberi we ony tutup galmagyň tertibi;

– ulgamyň kabul etmedik amallary (çajbekler) boýunça pul möçberlerini yzyna gaýtarmagyň tertibi;

– kartlary yzyna almagyň tertibi, olary banka getirmegiň usullary we gözlegdäki karty yzyna alan kassire baýrak hakynyň möçberi;

– kartlary identifikasiýa etmek, stop-listler boýunça işlemek, awtorlaşdyrmak, slipleri resmileşdirmek, enjamlar bilen işlemek, kartlary yzyna almak we ş.m. boýunça kassiriň hereketleriniň giňişleýin

tertibi (bu işler, adatça, kassir/satyjy üçin aýratyn görkeziji hökmünde taýýarlanýar).

Şertnama baglaşylandan soň bank söwda-hyzmat kärhanasyna harytlaryň we hyzmatlaryň töleginiň hasabyna kartlary kabul etmek üçin degişli enjamy berýär. Bu aşakdakylar bolup biler:

– *imprinter* – slipleri resmileşirmek üçin niýetlenen mehaniki enjam*;*

– *POS-terminal* – hakyky wagt düzgüninde prosessing merkezine çatylan elektron enjam.

**Şahsy adamlaryň bank kartlary bilen amallary.**Şahsy tarap bolan müşderi bank kartyny peýdalanmak bilen aşakdaky amallary ýerine ýetirýär:

– ýurduň çäklerinde manatda ýa-da daşary ýurt pulunda nagt pul pul serişdelerini almak;

– ýurduň çäklerinden daşarda nagt daşary ýurt puluny almak;

– ýurduň çäklerinde we onuň çäginden daşarda manatda we daşary ýurt pulunda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň, intellektual işiň netijeleriniň) tölegini geçirmek.

Hasaplaşyga gatnaşyjylaryň buhgalter hasaba alşynda töleg kartlaryny peýlalanmak bilen amala aşyrylýan amallaryň pul möçberini görkezmek üçin hasaplaşyk we beýleki resminamalary düzmäge esas tölegleriň reýestri ýa-da elektron žurnal bolup durýar.

Töleg kartlaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylýan amallar boýunça pul serişdelerini hasapdan almak (öçürmek) ýa-da hasaba geçirmek karz guramasyna tölegleriň reýestriniň ýa-da elektron žurnalyň gelip gowşan gününden soňky iş gününden gijä galman amala aşyrylýar, tersine bolanda hasaplaşyklar tölegleriň reýestriniň ýa-da elektron žurnalynyň gelip gowşan gününden görkezilen pursada çenli tamamlanmadyk hasap edilýär.

Töleg kartlaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylýan amallar boýunça resminamada aşakda görkezilýän hökmany maglumatlar bolmalydyr:

– bankomatyň, elektron terminalyň ýa-da töleg kartlaryny peýdalanmak bilen amallary geçirmek üçin niýetlenen beýleki tehniki serişdäniň identifikatory;

– amalyň görnüşi;

– amalyň geçirilen senesi;

– amalyň pul möçberi;
– amalyň geçirilen puly;
– hyzmat hakynyň möçberi (eger bar bolsa);
– awtorlaşdyrma kody;
– töleg kartynyň maglumatlary.

Töleg kartlaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylýan amallar boýunça resminamanyň hökmany maglumatlary töleg kartynyň rekwizitleri bilen şahsy tarapyň degişli hasabynyň arasynda laýyklygy, şeýle hem söwda (hyzmat) guramasynyň, nagt pullary berýän nokatlaryň (NPN), bankomatlaryň indentifikatorlary bilen, söwda (hyzmat) guramalarynyň, (NPN), bankomatlaryň bank hasaplarynyň identifikatorlarynyň arasynda laýyklygy doly kesgitlemäge mümkinçilik berýän alamatlary bolmaly.

Slip  kanuny eýesi tarapyndan kart boýunça amallaryň (nagt pul almak, harytlaryň tölegini geçirmek we ş.m.) geçirilendigini (tranzaksiýa) tassyklanýan we her bir amal boýunça doly maglumatlary bolan çek, kwitansiýa, resminama bolup durýar. Ýöne buhgalter geçirmeleri, ozalkylary ýaly, memorial orderleriň esasynda ýerine ýetirilýär, slipler bu orderleriň ýanyna goşulýar. Şonuň üçin bu resminamalara diňe bir görkezilen amallar boýunça hasaplaşyklary geçirmek (olaryň geçirilendigini tassyklamak) üçin esas hökmünde seredilmän, eýsem ilkinji hasaba alyş resminamalaryny (töleg reýestri ýa-da elektron žurnaly) düzmek üçin hem seredilip bilner.

**Bank kartlary bilen geçirilýän amallar:** hasaby açmak/üstüni dolmak, hyzmat hakyny almak, göterimleri hasaplap ýazmak, bank kartynyň kömegi bilen hyzmatlaryň tölegini geçirmek, karz bermek.

**Bank kartlary bilen amallardaky töwekgelçilikler:** amallary geçirmek üçin ýokary çykdajylar; amallarda ýalňyşlyklaryň bolmak mümkinçiligi; hakerleriň hereketi; aldawçylyk (kezzaplyk); kartyň ýitirilmegi; bankomatyň karty «ýuwtmagy»; bankomatyň karty zaýalamagy; kartdan bikanun peýdalanylmagy; karzlaşdyrma limitinden artyk alynmagy; rugsat edilmedik owerdraftyň ýüze çykmagy; soňundan ony töletdirmekdäki kynçylyklar; müşderiniň şertnamanyň şertlerini berjaý etmezligi.

**Bank kartlary bilen amallarda mümkün bolan düzgün bozmalar:**

– bank kartlarynyň emissiýasy amala aşyrylanda ýa-da kart hasaplary ýöredilende Merkezi bankyň kadalaşdyryjy namalarynyň talaplarynyň bozulmagy;

– müşderileriň goýum (kart) hasaplarynyň maksada laýyk däl (bikanun) peýdalanylmagy;

– kart hasaplary boýunça geçirilýän amallar boýunça talaplaryň bozulmagy.

Töwekgelçilikleriň öňüni alyş ulgamy her bir emitent bank we bank kartlaryny ýaýradyjy tarapyndan işlenip taýýarlanýar: şertnama yzygiderli bozulanda ýa-da owerdraftyň limiti artdyrylanda kartyň ulanylmagyny saklamak; töleg ulgamlary boýunça töleg tölemeýänleriň sanawyny düzmek we ýaýratmak; ätiýaçlyk depozitiniň bolmagy; karzlar boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ýeterlik we öz wagtynda ätiýaçlyk serişdelerini döretmek; kartyň awtorlaşdyrylmagyny togtatmak; möhleti geçirilen bergini mejbury töletdirmek; kartyň hereketini bes etmek; kazyýet çäreleri; bankomatlarda gorag ulgamlaryny oturtmak.

## 32.4. Kompýuter tehnikasynyň we maglumat tehnologiýalarynyň ösüş meýilleri we geljegi

Kompýuter tehnikasynyň we maglumat tehnologiýalarynyň ösüş meýilleri aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:

– täze bank önümlerini we hyzmatlaryny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak;

– amallary ýerine ýetirmek üçin bank tehnologiýalaryny döretmek;

– bank önümleriniň we hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak;

– zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak.

**Täze bank önümlerini we hyzmatlaryny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak** bankyň kompýuteri bilen birleşdirmek üçin ýörite klawişleri basmak bilen telefon boýunça, müşderiniň nirede ýerleşýändigine garamazdan telefon boýunça kody aýtmak we buýruk bermek bilen ýa-da öýdäki kompýuterden müşderileriň hasaplaryny dolandyrmak boýunça hyzmatlary giňeltmek, maglumat hyzmatyny

etmek üçin sargytlary ýerine ýetirmek we EHM-de ykdysady we maliýe maglumatlaryny işlemek ugry boýunça ösýär.

**Amallary ýerine ýetirmek üçin bank tehnologiýalaryny döretmek** ulgamlaýyn tehnologiýalary, maglumatlary bermegiň tizlikli protokollaryny kämilleşdirmekde we maglumatlary kompreslemekde; intellektual programma üpjünçiligini işläp taýýarlamakda, mysal üçin, müşderini karzlaşdyrmagy onuň karz taryhynyň, karz skoringiniň, maliýe ýagdaýynyň ähli maglumatlary, karz töwekgelçiligi, berilýän karzyň şertleri we möhleti we girew bilen baglanyşdyrylan awtomatlaşdyrylan programmany işläp taýýarlamakda; töleg çekleriniň şekilini işlemegi ornaşdyrmakda, doly funksiýaly bankomaty we interaktiw bank terminalyny ornaşdyrmakda jemlenýär.

**Bank önümleriniň we hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak** mahabatlandyrma işine, müşderilere öýde hyzmat edilişine, bank işgärlerini  okatmak işine multimedia serişdeleriniň girizilmegi bilen baglydyr. Wideoulgam bankyň müşderilerine bankyň wekilleri bilen telefon üsti bilen gepleşmäge, ekranda hakyky wagt düzgüninde müşderini görmäge mümkinçilik berer.

**Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak** iş ýerleri boýunça iň täze tehnologiýalary ýaýratmagyň hasabyna gazanylar. Biri-biri bilen goşulyşan ulgamlar islendik uzynlykdaky ulgamlarda iş ýerleriniň arasynda goşundylary alyşmaga mümkinçilik berer.

Kompýuter tehnikasynyň we maglumat tehnologiýalarynyň ösüşiniň kompýuter tehnikasyny we maglumat tehnologiýalaryny ösdürmegiň sanalyp geçilen ähli ugurlaryny birleşdirýän, geljegi bolan ugry bank hyzmatyny edýän awtomatlaşdyrylan şahamçalaryny döretmek bolar. Awtomatlaşdyrylan şahamçalar az ýer tutýar we az sanly işgärleri talap edýär. Olar köp şahamçaly bank üçin gowy çykalga bolup bilerler.

**Awtomatlaşdyrylan şahamçalar** aşakdakylary  öz içine alýar:

– bank hyzmatyny edýän terminallar;

– berlen bank hyzmaty amallarynyň fuksional ýerine ýetirilmegini (mysal üçin, nagt serişdeleriniň we konwertde (bukjada) töleg resminamalary depoziti) üpjün edýän bankomatlar, maglumat we interaktiw terminallar;

– front-end – bank terminallaryny dolandyrmagy, awtorlaşdyrmak üçin talaplary ugrukdyrmagy (marşrutlaşdyrmak) we termi-

nallaryň tehniki we maliýe ýagdaýyna monitoringi üpjün edýän ulgamdyr (mysal üçin, konwert depoziti durmuşa geçirlende ulgam konwertleriň berilmegini, konwert depozitiniň perdejigini açmagy, onuň artyk dolmagyny ýa-da konwertiň ýokdugyny reportirlemegi). Kähalatlarda goşmaça front-end modulyny hem peýdalanyp bolar. Şonuň ýaly modul terminallary dolandyrmak wezipesini ýerine ýetirýär, enjamyň tehniki we maliýe ýagdaýyna monitoringi amala aşyrýar, awtorlaşdyrmak üçin talaplary front-end ulgamyna berýär.

– bek-ofis birnäçe funksional amallaryň (mysal üçin, hasap ýa-da kart boýunça doly göçürmeleri) goldawyny üpjün edýän, bank ulgamynyň modullaryna (müşderileriň hasaplarynyň maglumatlar binýadyna) gözegçilik etmek ulgamydyr.

Awtomatlaşdyrylan şahamçalaryň işi bankyň kadalaşdyryjy binýady bilen üpjün edilýär, ol bankiçi we müşderiler üçin tehnologik görkezijileri, şeýle hem amallaryň (mysal üçin, bankda öz-özüňe hyzmat ediş enjamynyň üsti bilen alnan goýumlary işlemek amaly) ýerine ýetirilmeginiň tertibini düzgünleşdirýän mysaly şertnamalaryň toplumyny we jedelleri çözmegiň tertibini öz içine alýar.

Awtomatlaşdyrylan şahamçalaryň düzümine, adatça, aşakdaky terminallar girýär:

– monetleri kabul etmek üçin enjam (monetler gaýtadan sanalýar we jemi möçberi müşderiniň hasabyna ýazylýar);

– banknotlary (kagyz pullary) çalyşmak üçin enjam (banknot moneta çalşylyp bilner);

– resminamalary işlemek funksiýasy bolan bankomat (bankomat funksiýasyny, çekleri deponirlemek we kommunal hyzmatlaryň tölegini geçirmek funksiýasyny, köp möçberdäki serişdeleri deponirlemek (nagt serişdelerdäki ýa-da çeklerdäki) we beýleki funksiýalary ýerine ýetirmek);

– interaktiw terminal (hasaplar boýunça göçürmeleri düzmek we çap etmek we çek depderçelerini bermek);

– daşary ýurt pullaryny milli pula milli puly daşary ýurt puluna çalyşmak boýunça enjam;

– nagt pul berýän bankomat;

– göçürmeleri çap edýän enjamy bolan bankomat (adaty funksiýalary ýerine ýetirmek we hasap boýunça doly göçürmäni çap etmek);

– bankyň habarlaşma nokady (bank barada we onuň hyzmatlary barada telefon we wideo boýunça maglumat almak);

– telefon boýunça bank hyzmatlary (hasaplar boýunça balanslar, walýutanyň hümmeti, çek depderçelerini sargyt etmek, hasap boýunça göçürmäni sargyt etmek we ş.m.);

– maglumat terminaly (bank önümlerine ýazylmak üçin blanklar, walýutanyň şu wagtky hümmeti, biržadaky ýagdaý barada maglumat, bank we maliýe täzelikleri we ş.m.).

**Soraglar**

1. Elektron bölek bank hyzmatlary düşünjesine haýsy hyzmatlar girýär?
2. Lomaý bank hyzmatlary näme?
3. Müşderilere bank hyzmatyny etmekde kompýuter tehnikasynyň we maglumat tehnologiýalarynyň ösüş meýilleri we geljegi nämeden ybarat?
4. Awtomatlaşdyrylan şahamçalar näme we olar haýsy hyzmatlary edýärler?
5. Telekommunikasiýa arkaly hyzmat etmegiň nähili ulgamlaryny bilýärsiňiz? Mysal getiriň.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly ylmy makalasy, Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti. 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy». Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I, II tom, Aşgabat, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Turkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007 .

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. 2007.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Aşgabat, 2008.

9. Gurbanguly Berdimuhamedowyň reformatorçylyk syýasatyna berlen ýokary baha. Türkmenistanyň Prezidentiniňkide kabul edişlik. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýyl, 29-njy noýabr.

10. Halal zähmet, mähriban topraga söýgi-ýurdumyzyň abadançylygynyň we rowaçlygynyň esasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşoguz welaýatynda bolmagy. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 4-i.

11. Türkmen topragynyň ähli baýlyklary halkymyzyň bagtyýarlygyna we abadançylygyna hyzmat etmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Lebap we Mary welaýatlarynda bolmagy. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 5-i.

12. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008 .

13. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 .

14. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 2000-nji ýyl, iýun, «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2000-nji ýyl, awgust.

15. «Türkmenistanyň daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19-njy maý 1992 ý, №697-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1993.

16. «Walýuta kadalaşdyrmasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 8-nji oktýabr, 1993ý, № 891-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» nesirýaty,1995 .

17. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26-njy iýun. 1992, № 725-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1995 .

18. «Býujet ulgamy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. Aşgaba.1996, № 122-1

19. «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada» Türkmenistanyň bitewi Kanuny. Aşgabat. 2006 .

20. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny.Aşgabat, 2005.

21. «Türkmenistanyň Merkezi banky haklynda» Türkmenistanyň kanuny «Türkmenistan» gazeti 2011-nji ýylyň 4-nji apreli.

22. Karz guramalary we bank işi hakynda «Türkmenistanyň kanuny» «Türkmenistan» gazeti 2011-nji ýylyň 4-nji apreli

23. «Türkmenistanda inwestisiýa işleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 19.05.1992.

24. «Pul birligi hakynda» Türkmenistanyň kanuny, Aşgabat, 1993.

25. «Daşary ýurt puluny kadalaşdyrmak we milli puluň ýeke-täk hümmetini saklamak boýunça esasy çäreler hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 9847 belgili 30.05.2008 ý. senedäki Karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008., № 5;

26. «Türkmenistanda daşary ýurt pulunda geçirilýän amallary kämilleşdrmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 9328 belgili 27.12.2007. senedäki Karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2007., №12;

27. «Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (gymmatyny üýtgetmek) hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 27.08. 2008 senedäki 5161 belgili Permany. Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008., № 8;

# MAZMUNY


Giriş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I BÖLÜM**

**I bap. Banklaryň peýda bolmagy we ösüş taryhy**

1.1 Bank amallarynyň başlangyjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .10
1.2 Ilkinji karz edaralary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .15
1.3 Merkezi banklaryň gelip çykyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .17

**II bap. Bank işiniň ykdysady we hukuk esaslary**

2.1 Bank işiniň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .25
2.2. Bank işiniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .27
2.3. Banklaryň işiniň çygry . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .28
2.4. Bankyň wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .29
2.5. Bankyň önümi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .30

**III bap. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň esasy ugurlary we aýratynlyklary**

3.1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işiniň esasy . . . . . . . . . . . . . . . .34
3.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik bankyndan tapawudy .35
3.3.Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maksatlary we wezipeleri . . . . .38
3.4.Merkezi bankyň garaşsyzlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .42
3.5. Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .43

**IV bap. Täjirçilik banklarynyň işiniň aýratynlyklary**

4.1. Täjirçilik banklarynyň işiniň hukuk tarapy. . . . . . . . . . . . . . . . . . .48
4.2. Bankyň müşderiler bilen özara gatnaşyklarynyň aýratynlyklary . . . .52

**V bap. Täjirçilik banklarynyň girdejileri, çykdajylary we peýdasy**

5.1. Täjirçilik bankynyň girdejileri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .62
5.2. Täjirçilik bankynyň çykdajylary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .66
5.3. Göterim maržasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .69
5.4. Täjirçilik bankynyň girdejileriniň we çykdajylarynyň derejesine baha bermek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .70
5.5. Täjirçilik bankynyň peýdasyny emele getirmek we .peýdalanmak . . 72
5.6. Täjirçilik bankynyň peýdasynyň derejesine baha bermek . . . . . . . . .73

**VI bap. Täjirçilik banklarynyň likwidliligi**
6.1. Likwidlilik hakynda düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
6.2. Bank likwidliligine baha bermek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81

**VII bap. Bank töwekgelçilikleri**
7.1. Töwekgelçiligiň düýp manysy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
7.2. Amallaryň girdejililigi bilen bankyň töwekgelçiliginiň arasyndaky arabaglanyşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
7.3. Bank töwekgelçiliklerini toparlara bölmegiň ölçegleri. . . . . . . . . . . . 93
7.4. Töwekgelçilige baha bermek we dolandyryş usullary . . . . . . . . . . . 101

**II BÖLÜM**
**VIII bap. Merkezi bankyň işini guramagyň esaslary**
8.1. Merkezi bankyň wezipeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 110
8.2. Merkezi bankyň amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
8.3. Merkezi bankyň işiniň ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 118

**IX bap. Merkezi bankyň guramaçylyk-hukuk esaslary**
9.1. Merkezi bankyň gurluş ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
9.2. Ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny bölmek ýörelgesi . . . . . . . . . . . . 123
9.3. Beýleki subýektler bilen bähbitleri laýyk getirmek ýörelgesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 124
9.4. Merkezi bankyň gurluş infrastrukturasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 125

**X bap. Täjirçilik banklarynyň işini guramak**
10.1. Banklary dolandyrmagyň ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126
10.2. Bankyň serişdeleri: olaryň gurluşy we häsiýetnamasy . . . . . . . . . 129
10.3. Banklaryň passiw amallarynyň gurluşy we umumy häsiýetnamasy . . 143
10.4. Täjirçilik bankynyň goýum amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
10.5. Müşderilere açylýan goýum hasaplarynyň görnüşleri we düzgünleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
10.6. Şahsy taraplaryň goýumlary boýunça amallar . . . . . . . . . . . . . . . 154
10.7. Banklar tarapyndan bergi borçnamalarynyň çykarylmagy . . . . . . 157
10.8. Bankara karzlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159

**XI bap. Aktiw amallar, olaryň görnüşleri we ykdysady mazmuny**
11.1. Aktiw amallar düşünjesi, olaryň mazmuny we gurluşy . . . . . . . . 162
11.2. Aktiw amallaryň toparlara bölünüşi we olaryň häsiýetnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165

**XII bap. Karzlaşdyrmak ulgamy, onuň düzüm bölekleriniň häsiýetnamasy**
12.1. Karzlaşdyrmak ulgamynyň häsiýetnamasy. . . . . . . . . . . . . . . . . 172
12.2. Karzlaşdyrmagyň umumy ykdysady-tehnologik esaslary . . . . . 176

**XIII bap. Karz syýasaty we onuň düzüm bölekleri**
13.1. Karz syýasaty hakynda düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 185
13.2. Karz syýasatynyň düzüm bölekleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 186

**XIV bap. Bankyň müşderileriniň karza ukyplylyklaryna baha bermek**
14.1. Müşderiniň karza ukyplylygy düşünjesi we onuň ölçegleri . . . 190
14.2. Iri we orta kärhanalaryň karza ukyplylygy . . . . . . . . . . . . . . . . 192
14.3. Kiçi telekeçilik kärhanalarynyň karza ukyplylygyna baha bermek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 199
14.4. Şahsy taraplaryň karza ukyplylygyna baha bermek. . . . . . . . . . 200

**XV bap. Karz şertnamasynyň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 201**
**XVI bap. Karzyň yzyna gaýtarylyşyna gözegçilik we onuň gaýtarylmagyny üpjün etmek**
16. 1. Karzyň yzyna gaýtarylyşyna gözegçilik . . . . . . . . . . . . . . . . . 206
16.2. Karzyň üpjünçiliginiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 209

**XVII bap. Edara görnüşli taraplary karzlaşdyrmagyň häzirkizaman usullary**
17. 1. Owerdraft boýunça karzlaşdyrmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215
17.2. Karz ugrunyň çäklerinde birikdirilen obýektler boýunça gysga möhletli karzlaşdyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 220
17.3. Kontokorrent boýunça karzlaşdyrmak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 224
17.4. Maksatly karzlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 228

**XVIII bap. Jebislendirilen karzlaşdyrmagyň aýratynlyklary we uzak möhletli karzlar**
18.1. Jebislendirilen karzlar hakynda düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . 230
18.2. Uzak möhletli karzlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 232

**XIX bap. Şahsy taraplary karzlaşdyrmak**
19.1. Sarp ediş karzlary hakynda düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 235
19.2. Karzlaşdyryş ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 236

**XX bap. Täjirçilik banklarynyň adaty däl – lizing we faktoring amallarynyň häsiýetnamasy**
20.1. Adaty däl amallar hakynda düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 239
20.2. Lizing we faktoring amallaryna häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . 241

**XXI bap. Banklaryň nagt däl amallary, nagt pul bilen baglanyşykly kassa işini meýilnamalaşdyrmak we guramak**
21.1 Nagt pul dolanyşygyny guramak we ony meýilnamalaşdyrmak . . 247
21.2 Nagt pul dolanyşygyny çaklamak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
21.3. Nagt pul bilen işleri guramak. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 251
21.4. Nagt pullary kabul etmegiň we karz guramasynyň kassalaryndan nagt pullary bermegiň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . 253
21.5. Karz guramasynyň müşderileri tarapyndan kassa düzgün – nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik . . . . . . . . . . . 255

**XXII bap. Nagt däl hasaplaşyklary guramak we onuň görnüşleri**
22.1. Nagt däl hasaplaşyklar düşünjesi we olary guramak .......257
22.2. Nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň häsiýetnamasy.........258
22.3.Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri ....................262
22.3.1. Töleg tabşyrygy bilen hasaplaşyklar ..................265
22.3.2. Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklar ..................268
22.3.3. Çekler bilen hasaplaşyklar...........................270
22.3.4. Inkasso boýunça hasaplaşyklar .......................272
22.3.5. Töleg talapnama – tabşyryklary bilen hasaplaşyklar......274

**XXIII bap. Bankara hasaplaşyklar**
23.1. Bankara hasaplaşyklary hakynda düşünje ..............275
23.2. Bankara hasaplaşyklarynyň guralyşy ..................276

**XXIV bap. Banklaryň gymmatly kagyzlar bilen maýa goýum we araçyllyk amallary**
24.1. Banklaryň maýa goýum amallary.......................280
24.2. Banklaryň gymmatly kagyzlar bilen araçylyk amallary.....282
24.3. Bank gymmatly kagyzlar bazaryna ussat (professional) gatnaşyjynyň ornunda...........................286

**XXV bap. Walýuta amallaryny guramak we hukuk taýdan düzgünleşdirmek**
25.1. Walýuta amallarynyň toparlara bölünüşi (klassifikasiýasy) we görnüşleri.....................................290
25.2. Müşderileriň walýuta hasaplaryny açmak we alyp barmak ..292
25.3. Täjirçilik banklarynyň söwda däl amallary...............294
25.4. Daşary ýurt puluny getirmek we çykarmak .............294
25.5. Daşary ýurt banklary bilen habarçy gatnaşyklary ýola goýmak .....................................295
25.6. Konwersiýa amallary ...............................295
25.7. Harytlary we hyzmatlary eksport we import etmek bilen baglanyşykly halkara hasaplaşyklary boýunça amallar .....296

**XXVI bap. Gymmatly metallar bilen amallaryň, geleşikleriň görnüşleri we walýuta kadalaşdyrylmasy**
26.1. Gymmatly metallar bilen geçirilýän amallaryň we geleşikleriň görnüşleri..........................300
26.2. Walýuta kadalaşdyrylmasy ...........................301

**XXVII bap. Banklarda hasaba alşy guramagyň esaslary**
27.1. Buhgalter hasaba alşynyň häsiýetnamasy we karz guramalarynda buhgalter hasaby alşynyň döwlet kadalaşdyrylyşy 306
27.2. Banklarda hasaba alyş-amallar işini guramak ......................308

**XXVIII bap. Karz guramalarynyň hasaplarynyň meýilnamasy, onuň maksady, gurluş ýörelgeleri. Hasaplaryň meýilnamalarynyň esasy bölümleriniň häsiýetnamasy**
28.1. Kassa amallaryny hasaba almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311
28.2. Müşderileriň amallary boýunça nagt däl hasaplaşyklary hasaba almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 318

**XIX bap. Bank menejmentiniň esaslary**
29.1. Bank menejmentiniň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 326
29.2. Bank menejmentinde meýilnamalaşdyrmak . . . . . . . . . . . . . . 330
29.3. Bank menejmentine seljerme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 332
29.4. Bank menejmentinde düzgünleşdirmek we gözegçilik. . . . . . 333
29.5. Bank menejmentiniň hiline baha bermek . . . . . . . . . . . . . . . . 334

**XXX bap. Bank marketingi**
30.1. Bank marketinginiň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 337
30.2. Bank marketinginiň düzüm bölekleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . 341
30.3. Bank hyzmatlarynyň özüne düşýän gymmaty, bahasy we peýdalylygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 346

**XXXI bap. Bank gözegçiligini we auditi guramak**
31.1. Bank düzgünleşdirmesiniň we gözegçiligiň düýp manysy we maksady . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 351
31.2. Belli bir aralykdan gözegçilik etmegiň esasy ýörelgeleri . . . . 357
31.3. Derňew işini guramak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 360
31.4. Bank auditiniň esasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 361

**XXXII bap. Bank işiniň maglumat ulgamlary**
32.1. Häzirkizaman maglumat ulgamlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 364
32.2. Elektron bank hyzmatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
32.3. Bölek elektron bank hyzmatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
32.4. Kompýuter tehnikasynyň we maglumat tehnologiýalarynyň ösüş meýilleri we geljegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 373

**Peýdalanylan edebiýatlar** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 377

*Gurbanberdi Eýeberdiýew, Hüseýin Hajygurbanow*

# BANK IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *E.Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G.Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O.Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B.Taýharow* |

Çap etmäge rugsat edildi 25.10.2012.
Möçberi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 24,0. Şertli reňkli ottiski 33,25. Hasap-neşir listi 23,68. Çap listi 24,0.
Sargyt № 2031. Sany1400.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.